ADATY BOLMADYK

BAGYŞ EDILME

Mukaddes Kitap salgylanmalary Sinodal terjimeden alyndy

ADATY BOLMADYK

BAGYŞ EDILME

Mukaddes Kitap salgylanmalary Sinodal terjimeden alyndy

http://kitabi-knigi.com

Originally published in English as:
Extreme Devotion
© 2001 for the English Edition.
Published by W Publishing Group,

A Division of Thomas Nelson, Inc.,
P.O. Box 141000, Nashville, Tennessee, 37214

© 2010 Turkmen edition.
Translated by permission. All rights reserved.

Bu kitap...

imandan dänmäni däl-de, ölümi saýlanlara...

gorkyny däl-de, imany saýlanlara...

Dünýä mynasyp bolmadyk adamlara bagyşlanylýar.

Ýewreýler 11:38

Bu kitap dünýäniň dürli ýurtlaryndan bolan köp adamlaryň bilelikdäki tagallalary bilen döredildi. Bu kitabyň çap bolup çykmagy üçin özüniň paýyny goşan adamlara biz minnetdarlyk bildirmek isleýäris. Ýöne hemme zatdan öňürti biz Özüniň beýik söýgüsi, beýik gurbanlygy, Öz göreldesi hem taglymaty üçin Rebbimize minnetdardyrys. Biz Oňa gulluk edýäris we Onuň şöhraty üçin kitap döredýäris hem-de kitaplary çap edýäris.

Ýaşan durmuşy arkaly özüniň imany hem-de özüni pida edijiligi bilen biziň ýüreklerimize täsirini ýetiren öňki hem häzirki döwrüň ejir çekenlerine köp sagbolsun aýdýarys. Olarsyz häzirki zaman ýygnagyny göz öňüne getirmegem kyn bolýar.

GIRIŞ

Bu kitapdan Hudaýa wepaly bolan siziň tanajak adamlaryňyz pida däl-de, ýeňijilerdirler. Olaryň käbirleri Isanyň şägirtleridir, beýlekileri bolsa, häzirki döwrüň ejir çekenleridirler. Olary yzarlaýjylar rimliler hem rumynlardyr, kommunistler hem musulmanlardyr. Şeýle-de bolsa, olaryň her biri biziň üçin görelde bolup duryándyr, Mesihe adaty bolmadyk bagyş edilmäniň göreldesidir. Şu kitabyň sahypalarynda taryhyny okajak wepaly adamlaryňyz adamyň esasy özüni gorama duýgusyndan geçen yhlasa — Mesihe gulluk etmek we Ol hakda şaýatlyk etmek yhlasyna — eýediler.

* * * * *

Bizde şu kitaby döretme pikiri peýda bolanda, Amerika täze eýýamyň bosagayndan girdi. 2001-nji ýylyň 11 –nji sentýabrynda bolan wakalar dünýäniň ýüzüni üýtgedip, bizi şübheler döwrüne — köpleriň Ýygnakdan jogap gözläp başlan, Ýygnagyň Hudaýdan jogap gözläp başlan we Hudaýyň güýjüniň hökümdarlygyny gözläp başlan döwrüne — geçirdi.

Özümiz adatdan daşary kynçylyklary çeken wagtymyzda, bu kitabyň öz pikirlenşimizi giňeltmegi we edýän hereketlerimize täsirini ýetirmegi üçin biz jan çekýäris. Mysal üçin, biz özümize ýamanlyk edýänlere nähili garaýarys? Mesih nähili hereket etdi? Beýleki mesihiler nähili hereket etdiler? Eger adamlar özümize garşy gazaply hereketleri edýän bolsalar, biziň olara bolan garaýşymyz nähili bolmaly? Hudaýyň söýgüsini paýlaşanymyz sebäpli, özümizi öldürmäge taýýar bolanlar bilen Hudaýyň söýgüsini paýlaşmaga çalyşmak üçin hemme zadymyza töwekgelçilik edenimize degýärmi?

Bu kitap soraglaryň hemmesine jogap bermeýär, ýöne ol hökman siziň imanyňyzy synaýandyr. Mesihiň işi ugrunda hatda beýan etmesi-de kyn bolan üstünden gülünmelere sezewar edilen mesihiler baradaky wakalary okanyňyzda, olaryň betbagtçylygy we gören görgüleri hakda çuň pikir etmäge synanyşyň we bularyň içinden ýönekeý göz bilenem görüp bolýan gymmatlygy gözläň.

Bu doganlaryň şaýatlyklarynyň içinden parran geçýän imanda ünsüňizi jemläň. Olarda ýaşan ýa-da ýaşaýan Mukaddes Ruhuň sizde-de bardygyny boýun alyň hem-de şunuň ýaly islendik aňrybaş ýagdaýlarda şeýle çuň imanly bolmaga siziňem ukyplydygyňyza ynanyň.

Şu wakalary okanyňyzda, siz imanyň esasy jähtine hakyky baha bermersiňiz we görginiň teologiýasyna çuňdan düşünersiňiz. Oňa düşünmek üçin ilki bilen bularyň umytsyz gynamalar baradaky gürrüňler däldigine akyl ýetirmek gerekdir. Bu kitapda özleri hakda okajak mesihileriňiz, Hudaýyň wepaly çagalary, "aňrybaş mesihiler" däldirler. Elbetde, olaryň batyrlygy adatdan daşarydyr, olaryň çydamlylygyna adam akyly ýetýän däldir, olaryň Mesihe berlendiklerine käwagt akyl ýetirmegem kyn bolýar. Ýöne olaram, aslyýetinde biz ýaly, ýöne adaty bolmadyk ýagdaýlara düşen mesihilerdirler.

Hawa, olary munuň ýaly adatdan daşary bagyş edilmä nähili syrly güýç itekleýär? Görgi görmeklige olary Reb Isa Mesihe bolan imany ruhlandyrýar!

Diňe bir imanyň bolmagy ýeterlik däldir. Ezýetleriň adam üçin çekerden agyr bolmagy mümkin. Mesihe bolan iman bilen Onuň Patyşalygyny ýakynlaşdyrma islegine garylan

görgüler mesihiniň ýüregini berkidýär, çüýremez baýragy almak üçin ony özüni şatlyk hem höwes bilen pida etmeklige höweslendirýär.

Bu kitapdaky ejir çekenleriň hemmesini Hudaýa tarap ymtylyş birikdirýär. Hut şu hem, olar Hudaýyň söýgüsini başgalar bilen paýlaşanda özleriniň tutulmagyndan gorkma hem-de eýmenç gynamalary başdan geçirme duýgularyny ýeňdi.

Käwagt olaryň çeken görgülerini özleriniň eýe bolan zadynyň bahasynyň şeýle ýokarydygy bilen düşündirmek bolar. Iman özümize nähilidir bir baha düşende, ol has gymmatlyrak bolýandyr. Adam tebigatynyň hut şu jähti hem, dini azatlygy depgileýän jezalaýjy zulum astynda ýaşaýan mesihilere berkemäge kömek edýär.

Bagtyýar Awgustin bir gezek şeýle diýýär: "Adamy maksat däl-de, görgüler hakyky ejir çeken adam edýändir". Ilkibaşda "ejir çeken adam" sözi grek dilinde "şaýat" diýmegi aňladýardy.

Bu kitapda ejir çeken adamlaryň bu şaýatlygy başgalara islendik baha bilen aýtmalydyklaryna bolan ynamy arkaly Isa Mesihiň hakykylygyna we güýjüne şahsy taýdan şaýatlyk edip bilendikleri hakda gürrüň berilýär. Özüniň "Sobordaky ganhorluk" atly pýesasynda Tomas Sternz Eliot görgi gören adamy "Hudaýyň guraly, öz erkini Hudaýyň erkine tabyn eden, Hudaýyň islegini ýitirmän, gaýtam, ony tapan, Hudaýa tabyn bolmada azatlyk tapan adam hökmünde suratlandyrýar. Imany ugrunda ejir çekýän adam özi üçin hiç zady, hatda ejir çekeniň alýan şöhratynam islemeýär".

Siz şaýatlyk edip başlamak bilen otly çatryga düşýärsiňiz. Bir gezek ruhy çopan Ý. W. Hill öz ýanyna gelip: "Ruhy çopan Hill, meniň üçin doga ediň. Meni şeýtan yzarlaýar" diýen aýal hakda gürrüň berýär. Ruhy çopan Hill oňa: "Sizi şeýtan yzarlanok. Siz şeýtan özüňizi yzarlardan gaty az iş etdiňiz" diýip jogap berýär. Ähli mesihileriň maksady — Mesihiň Patyşalygy üçin şeýtan görer ýaly derejede köp zat etmekdir.

Özüňiziň mesihilik şaýatlygyňyz ugrunda nähili görnüşde bolsa-da, bir görgi göreniňizde, adaty bolmadyk bagyş etmäniň öwüşginini we ajaýyplygyny görüň.

ADATY BOLMADYK
SORAG

TÜRKIÝE: ERKAN SENGÝUL

Erkan Sengýul musulmançylykly döwlet Türkiýede öz durmuşyny Mesihe bagyş edende, köpler onuň eden hereketini öz halkyndan we halkynyň ruhy mirasyndan ýüz öwürme hasapladylar. Ol Hudaý üçin özüniň hemme zada taýýardygyny aýdanda, munuň nämäni aňladýanyny, hatda göz öňüne-de getirmändi. Näme boldy?

Erkan garaňky, çygly türme kamerasynda beýleki tussaglaryň arasynda otyrdy. Ol mesihi neşirýatyň kitaplaryny ýaýradandygy üçin ýerli polisiýa tarapyndan "yslamy kemsitmede" aýyplanylyp tussag edilipdi.

Erkan kömek sorap Hudaýy çagyrdy. Ol özüniň hiç hili erbet zat etmändigini, şol sebäpdenem, jenaýatçylar bilen bile tussaglykda bolmaga mynasyp bolmandygyny bilýärdi. Hudaý Erkanyň ýüregine: "Sen Meniň üçin hemme zada-da taýýardygyňy aýdypdyň. Sen, dogrudanam, hemme zada taýýarmy?" diýip pyşyrdady.

Hudaýyň öňünde toba edip, Erkan doga-dileg etdi-de, möňňürdi. Öz ýüreginde ol Rebbe: "Men, dogrudanam, hemme zada taýýar" diýdi. Türmede Erkan her gün üç sagatlap kameradaşlaryna wagyz edip başlady. Ol özüniň missionerlik işiniň örüsini giňeltmek üçin türmä düşmegine ýol berendigine Erkan akyl ýetirdi. Erkan şaýatlar polisiýa tarapyndan edilen basyş astynda özleriniň gol çekendiklerini boýun alýançalar, kazyda başga hiç hili jenaýat düzümi tapylmaýança, 30 günläp türmede boldy.

Tussaglyk Erkanyň wagyz etme ulgamyny giňeltdi. Onuň öňki kameradaşlarynyň köpüsi azatlyga çykanlaryndan soň, Erkanyň ýygnagyna geldiler-de, tussaglykda bolan wagtlarynda özlerine teselli beren Hudaýy tanadylar. Erkan özüni ýene tussag etmekleriniň mümkindigini bilse-de, şatlyk bilen mesihilik kitaplaryny ýaýradýar.

Mesihileriň köpüsi Hudaýyň guraly bolmak isleýändiklerini aýdanlarynda, görgüler asla öz isleýän zady däl diýip düşünýän bolmagy mümkin. Elbetde, biz diri imana eýe bolmak isleýäris, ýöne köplenç görgüler barada pikirem etmeýäris. Biz ýokarrak wezipäni almak islänimizde ýa-da ýokarrak jemgyýetiň içine çakylyk almak islänimizde, özümizi äsgermezçilik etseler öýkeleýäris. Şonda biz özümizi ret edilen, aldanan, talanan ýaly duýýarys. Ýöne ruhdan düşen wagtymyzda, dogada Hudaýy gözlemäge taýýar bolmagymyz gerek. Biz şeýle eden pursatymyzda, Hudaýa dileg etmeklik bizi üýtgedýär. Soň biz özümizi kämilleşdirme mümkinçiliklerini görüp başlaýarys. Biz umytly bolýarys. Biz görgüleriň içinde wada alýarys. Şeýdip, ahyrsoňunda, özümiziň häsirki düşen ýagdaýymyz her neneň adalatsyz, her neneň sebäpsiz ýaly bolup görünse-de, Hudaýyň maksadynyň bir bölegi bolmagynyň mümkindigine düşünip başlaýarys. Görgülere Hudaýyň gözi bilen seretmek üçin dileg edenimizde, her neneň baha talap edýän bolsa-da, Hudaýa tabyn bolmaga batyrlyk tapýarys.

"Her hili doga-dileg bilen... doga-dileg ediň.... ilçilik edýän Hoş Habarymyň syryny batyrgaýlyk bilen wagyz etmegim üçin, agzymy her gezek açanymda gerekli sözler berler ýaly, meniň üçin hem doga-dileg ediň. Hoş Habary bolmalysy ýaly batyrgaýlyk bilen bildirmegim üçin doga-dileg ediň".

Efesliler 6:18-20

1-nji gün

ADATY BOLMADYK

BIRLIK

MAWRITANIÝA: TIMOFEÝ

“Timofeý, ýalbarýaryn, oňa aýt! Olara Ýazgynyň nirede gizlenenini aýt, soň olar seni goýbererler! Men bu zatlara mundan artyk seredip oturyp biljek däl” diýip, Mawra zörledip aglady. Timofeý bilen Mawra Mawritaniýa atly rim welaýatynyň ýaşaýjylary. Olar tussaglykdan bary -ýogy birnäçe hepde öň durmuş gurupdylar.

Mawra öz adamsyny tabyn etjek bolup, onuň gözlerini esgerleriň gyzgyn demir bilen oýuşlaryna erbet gorky bilen seredip durdy. Indi ol rim hökümdary Arianyň buýrugy boýunça boýnuna ýüp dakylyp, aýagyndan asylgy duran ýerinde agzyna dykylan esginiň çekilip çykarylaryna garaşýardy. Tussag edilen wagtynda duýan gorkusynyň deregine, indi ony adatdan daşary rahatlyk gurşap alypdy.

Esgerler Timofeý öz imanyndan ýüz öwrüp, öz ýygnagyna degişli bolan Ýazgynyň niredegini aýdar diýip umyt edýärdiler. Ýöne ol diňe özüniň ýaş aýalynyň aladasyny edýärdi. Ol Mawra: “Goý, seniň maňa bolan söýgiň Mesihe bolan söýgiňden ýokary bolmasyn” diýip, öwüt berýärdi. Beýle diýmek bilen ol özüniň Halasgäri ugrunda ölmek isleýändigini habar berýärdi. Adamsynyň imany Mawra imanynda berkemeklige kömek etdi.

Timofeýiň gürlemekden boýun towlaýany sebäpli guduzlan ýaly bolan Arian Mawranyň täze dörän batyrlygyny döwmek isledi. Ol Mawrany rim dünýäsinde ulanylan gynamalaryň hemmesinden-de gazaply bolan gynama sezewar etdi. Emma Mawra ýan bermedi we Mesihden ýüz öwürmedi.

Timofeý bilen Mawra söz bilen beýan edip bolmajak görgüleri gördüler-de, ikisi bir ýerde haça çüýlenildi.

Isa Özüniň missiýasyny Özüne wepaly bolan aýratyn adamlara tabşyrmady-da, ruhy maşgalany döretdi. Ol şägirtleri ýeke bolmaly däldir diýen netijä gelip, “dogan” diýen sözi ulandy. Pawlus imana gelenleri bilelikde bir ýere ýygnanyşmaklyga we Hudaýa bilelikde sežde etmeklige çagyryp, Mesihiň missiýasyny dowam etdirdi. Mesihiler, aýratynam, synaga duçar edilenlerinde, biri-birine mätäç bolýarlar. Eger biri büdrese, onda beýlekiler ony goldamak we ruhlandyrmak üçin birigýärler. Hut şu sebäbe görä-de, Täze Äht mesihilik imanynyň derwaýys wajyplygy hökmünde görelde boýunça ýaşama borjuna seredýär. Bir adamyň imany we gaýduwsyzlygy beýlekileri birleşdirip, olary-da edil şonuň ýaly etmeklige ruhlandyryp bilýär. Munuň tersine, bir mesihi yzarlamalar labyrynyň astynda ýan berse, beýlekilerem aňsatlyk bilen ýan berýär. Taryh mesihiler jemgyýetiniň birleşigine ýokary baha berýär, ylaýta-da, yzarlanmalar wagtynda.

“... söýgüde birigip, ýürekleriniň teselli tapmagyny isleýärin”.

Koloseliler 2:2

2-nji gün

ADATY BOLMADYK
TAÝÝARLYK

HYTAÝ: RUHY ÇOPAN LI DESÝAN

Ruhy çopan Li Desýan wagyz etmäge başlan badyna, ýygnak binasynyň gapysy giňden açyldy. Hytaý milli howpsuzlyk Býurosynyň ýaragly ofiserleri otaga okdurylyp girdiler-de, ol ýerdäkileriň hemmesine haýbat atdylar, soň hem, tussag etmek üçin Lini tutup gitdiler.

— Duruň, maňa sumkamy almaga rugsat ediň — diýende, ruhy çopanyň sesi hemişekileri ýaly mylaýymdy, ýöne talap edijidi.

Ofiserler üçin bu haýyş garaşylmadyk zatdy.

— Onuň içinde näme bar? — diýip, olar sumkany garbap aldylar-da gygyryp, onuň gara syrmasyny ýyrtdylar. Sumkanyň içinde ätiýaç üçin prostyn mata bilen eşik bar eken. Li Hudaýyň Sözüni wagyz edýäni üçin tussaglyga taýýar bolup, ony mydama ýanynda göteрýärdi.

Ruhy çopan Lini köp gezekler tussag etdiler. Polisiýa ony iki gezek şeýle bir güýçli ýenjipdir welin, ol gan gaýtardy. Bir gezek özüniň Mukaddes Kitaby bilen Liniň ýüzüne urdular. Ruhy çopana sişenbe günleri ýygnanyşyk geçirýän obasyny polisiýanyň göz astynda saklaýandygyny duýdurdylar. Li wagyz edýänini bilseler özüni tussag etjekdiklerini bilýärdi, sebäbi indi hytaý raýatlaryny resmi sudsuz düzediş — zähmet lagerine ugradyp bilýärdiler.

Töwekgelçilik uludy, şonuň üçin Li diňe bir goşlaryny ýygnaman, eýsem, ýüregi bilen aklynam muňa taýýarlapdy. Ol islendik baha bilenem, Hoş Habary wagyz etmäge taýýardy. Li hatda türmede-de öz aladasyny Hudaýyň etjekdigine ynanýardy.

Taýýar bolmaklyk — bu bagyş edilmäniň alamatydyr. Bagyş edilme pida etmeklige taýýar zat däl-de, üsti ýapylan eglişikdir. Mysal üçin nikadaky bagyş edilmäni alalyň. Ol tekepbirlikden ýüz öwürmäni talap edýär we adamyň garaşsyzlyga tarap ymtylma ýolundaky güýçli päsgelçilik bolup durýandyr. Şeýle-de bolsa, hut şunuň ýaly bagyş edilme arkaly nika berkeýär. Bagyş edilme üçin pida edilmäge taýýar bolmadyk gatnaşyklar uzak dowam edýän däldir. Eglişik etmeklik mydama gatnaşyklary gowşadýar we biziň biri-birimize wepaly bolma islegimizi hem ukybymyzy ejizledýär. Edil şunuň ýaly, Mesihe bagyş edilme-de, öz bahasyny saklamak üçin belli bir baha eýe bolmalydyr. Biz her gün Mesihiň yzyna düşmekligiň köp mahrum bolmalary aňladýanyny her gün öz durmuşymyz bilen subut edip, özümiziň Hudaýa bagyş edilmämizi synamaga taýýar bolmalydyrys. Onuň her gün doga-dilegde belli bir wagtyňy geçirme bahasy bardyr. Garyplygy hem görgüleri, azar berilmeleri, hatda Mesihe bagyş edilen adam bolup galma artykmaçlygynyň hatyrasyna tussaglyga-da çydam etmäni görmek üçin ýygnagyň ýygnanyşyklaryna barma bahasy bardyr.

"Eý, söýgüli doganlar, sizi synamak üçin araňyzda ýüze çykýan ot azaryny, geň zada sataşan ýaly, geň görmän..."

1 Petrus 4:12

3-nji gün

ADATY BOLMADYK
ÝAGTYLYK

KOLORADO: REÝÇEL SKOTT

Reýçeliň ýazgy gündeliginde lapykeçligi görmek aňsatdyr, sebäbi onuň Mesihiň söýgüsini görkezmek islän adamlary ondan ýüz öwürdiler. Şeýle-de bolsa, ol ýan bermedi.

"Men Isanyň adyny aýdýandygym üçin ötünç sorajak däl. Men çydaryn. Özümiň iň gowy Dostum Isa bilen bolanym sebäpli, dostlarym duşmanym bolmaly bolsalar, onda hemme zat oňat. Men mesihi bolmaklygyň duşmanly bolmalydygyny bilýärdim, ýöne şol duşmanlar öz "dostlarym" bolar diýip pikir etmeýärdim.

Reýçel "Kolubbaýn" mekdebiniň okuwçysydy. Bir gezek onuň okaýan mekdebiniň iki okuwçysy ýanlary bilen ýarag alyp gelip, okuwçylary hem mugallymlary atdy. Hüjüm edenleriň biri Reýçelden özüniň Hudaýa ynanýan ynanmaýanyny sorady. Gyz onuň gözüne seredip, kesgitlilik bilen: "Hawa" diýdi. Ýaragly okuwçy ondan näme üçin ynanýanyny sorady, ýöne jogap bererine maý bermän ony öldürdi.

Reýçel Skott öz ekzamenini tabşyrdy, şonuň üçin onuň ýagtylygy öz mekdebiniň çäklerinden-de uzaklara, bütin dünýä nuruny saçýar. Bu ekzamenden köp wagt öň Reýçel özüni Mesihe doly bagyş etmek isleýändigini aýtdy. Ölüminden bir ýyl öň ýazan gündeligindäki ýazgylary onuň Rebbe bagyş edilenine şaýatlyk edýär: "Men Hudaýyň öz içime salan ýagtylygyny gizlejek däl. Eger munuň üçin hemme zady pida etmeli bolsamda, men muny ederin".

Iman — bu biziň Mesih bilen şahsy baglanyşygymyzyň göze görünmeýän ýüze çykmasydyr. Mukaddes Kitap adamy ýagtylyk — töwerekdäkilere täsirini ýetirýän umyt şöhleleri — bilen deňeşdirýär. Ýagtylygy çäklendirip bolmaýandygy sebäpli, Isa ýagtylyk göreldesini görkezdi. Mysal üçin, ýorganyň içinde fonarly kitap okamaklyk gije uklamazlygy gizlemäniň netijeli usuly bolýandygy gümanadyr! Biziň gizlemäge çalyşýanymyza ýa-da çäklendirjek bolýanymyza garamazdan, ýagtylyp durmaklyk — ýagtylygyň tebigaty şeýledir. Mesihiler öz imanyna laýyklykda hereket etmelidigini ýa-da ony gizlemäge çalyşmalydygyny saýlamaly bolanlarynda, hut şunuň üçin hem, olaryň durmuşynda dartgynlylyk peýda bolýar. Öz kararynda bir gezekde hemişelik berk netijä gelenler ýagty saçmagyň özleriniň ikinji "meni" bolup durýandygyna ynanýarlar.

"Siziň yşygyňyz adamlaryň öňünde şeýle bir parlasyn welin, olar gowy işleriňizi görüp, Gökdäki Ataňyzy şöhratlandyrsynlar".

Matta 5:16

4-nji gün

ADATY BOLMADYK
HUDAÝA DOGA-DILEG EDIŞ

HYTAÝ: WONG DOGAN

Milli howpsuzlyk Býurosynyň ofiseri türme kamerasyna girende, Wong dogan bir gyra çekildi. Bu zalym adam köp mesihileri yzarlap, olary tussag edipdi. Birnäçe gün mundan ozal sorag etme wagtynda, ol Wongy urupdy.

"Uýamyz Wong, size ýalbarýaryn, meniň uýam agyr syrkaw. Ol asla aýaklaryny duýanok. Siz gelip, onuň üçin Hudaýa doga edip bilmersiňizmi?"

Bu onuň ýüzlerçe Mukaddes Kitabyny we mesihilik kitaplaryny elinden alan adam dälmi? Indi ol Wongdan Hudaýa doga etmegini soraýarmy? Hudaý, dogrudanam, ol adamyň ünsüni çekmegi başarypdyr.

Birnäçe gün mundan ozal ofiser Wong dogany sorag edip, onuň üstünden gülüp otyrka, öz ejesiniň üstünden awtomobiliň geçendigi barada telefon ýazgysyny alypdy. Ofiser ejesiniň ýanynda özüniň näme bilen meşgullanýandygyny boýun alanda, ejesi hut şonuň hem betbagtçylyga alyp baranyny aýtdy. Emma ogul ejesiniň pikirini köneçillik pikiri hasaplady.

Ertesi güni ol Wong dogany sorag etmesini dowam etdirýän wagtynda, awariýa düşende inisiniň agyr ýaralanandygy baradaky habary aldy. Inisi hem, maşgala betbagtçylyklarynyň sebäbini ofiseriň Mesihe garşy işinde gördi. Ofiser, mesihileri yzarlaýjy, uýasy syrkawlanda, Wong doganyň ýanyna Hudaýa doga etmegini haýyş etmek üçin geldi.

Wong dogan munuň özüniň uzak doga eden mümkinçiligidigine — özüni yzarlaýanlara wagyz etme mümkinçiligidigine — düşündi. Hudaý ofiseriň syrkaw uýasyna şypa berdi we Wong dogan arkaly, onuň özüniň garaýyşlaryny-da üýtgetdi. Ol Wong doganyň elinden alan Mukaddes Kitaplarynyň hemmesini yzyna berdi. Indi bolsa, ol Ýygnaga kömek edýär.

Köp adamlary, aýratynam, görgüler hem agyrylar wagtynda, Hudaýa doga etmeklik özüne çekýär. Hemme zada, din bilen daşrakda baglanyşykly bolan zadada, tarap barýan ýoldaky böwetler hut Hudaýa doga etme arkaly azajykdan weýran bolýandyr. Özi üçin Hudaýa doga edilme teklibinden ýüz öwürýän adam juda seýrekdir. Mesihiniň ateiste: "Men siziň üçin Hudaýa doga edýärin" diýen sözi has täsirli jümle bolup biler. Näme üçin? Hudaýa doga etme — bu Hudaýyň üýtgediji guralydyr. Ol mydama-da täsir edijidir. Käwagt Hudaýa doga etme ýagdaýlary üýtgedýär. Käwagt ol çözgütleri çürt-kesik özgerdýär. Köplenç ýagdaýlarda bolsa, ol özüniň galtaşan adamyny üýtgedýär. Mesihileriň öňki yzarlaýjysy Tarsusdan bolan Saulyň imana gelen badyna, eden ilkinji hereketiniň Hudaýa doga etmeklik bolandygyny bize Mukaddes Kitap aýdýar. Mesihileri akyl ýetirip hem maksada okgunlylyk bilen yzarlaýan we ýok etmek isleýän Saula meňzeş adamlary Hudaýa doga etmekligiň näme edýändigini kim bilýär?

"Reb oňa şeýle diýdi: "Tur, Dogry diýen köçä bar-da, Ýahudanyň öýünden tarsusly Saul atly adamy sora; ine, ol doga edýär".

Resullaryň işleri 9:11

5-nji gün

ADATY BOLMADYK
“GÜNÄ”

MADAGASKAR: RANAWALONA I

Ranawalona, Madagaskaryň korolewasy, öz korollygynda ýaşaýan mesihileri ýigrenipdir. Onda mesihilerden nägileligi köp bolupdyr. Mesihiler Ranawalonanyň butlaryny ýigrenipdirler, mydama Hudaýa doga edipdirler, ýygnaga yzygiderli gatnapdyrlar. Olaryň aýallary päk ahlakly bolupdyrlar. Ranawalona öz esgerlerine mesihilige eýeryändir öýdülýän adamlaryň hemmesini toplap, olary sud etmekligi buýruk beryär.

Aýyplaýjy höküm okalanda, bir müň alty ýüz sany Hudaýa wepaly adamy ynam bilen: “Günäli” diýip yglan etdiler. Olar aýyplamany ret etmediler, sebäbi beýle etmeklik Mesihi ret etmäni aňladýardy. Korolewa olara Mesihden ýüz öwürmäge we butlara tagzym etmäge ýene bir mümkinçilik berdi, emma olaryň hemmesi boýun towladylar. Olaryň käbirlerini çygly garaňky ýerzemine taşladylar, galanlaryny bolsa öldürdiler. Korolewa öňküsinden-de beter gaharlandy, sebäbi öldürilen her bir mesihiniň deregine ýigrimi sany täzesi gelip, ýygnagyň hatarlaryny artdyrýardylar.

Wagtyň geçmegi bilen Ranawalona ýene on bäş mesihini öldürmegi buýruk berdi. Olary 50 metrlik ýokarlykdaky gaýadan jülgä zyňmalydylar. Korolewanyň butlaryny gaýanyň ýokarsyna çykaryp, her mesihini ýüp bilen daňyp, aşak okladylar.

“Mesihe tagzym edýärsiňmi ýa-da korolewanyň hudaýlaryna?” — diýip, esgerler kert gaýanyň üstünde asylgy duran her bir mesihiden soradylar.

Olaryň hemmesem: “Mesihe” diýip jogap berdiler. Şol sebäpli hem, ýüpi kesdiler welin, mesihiler yzly — yzyna şaglap kert gaýadan gaýtdylar. Mesihileriň käbirleri ölüme garşy uçup barýarkalar, Hudaýa nagma aýtdylar. Bir ýaş gyzy aklyndan azaşan diýip hasaplap, halas etdiler. Ondan köp wagt geçmänkä, şol gyz ullakan ýygnak esaslandyrdy.

Ýurtlaryň köpüsinde günäsizlik preumpsiýa bar, ýagny aýyplanylýan günäsi subut edilýänçä, bigünä hasaplanylýar. Adamy günäli hasaplamak üçin ýeterlik derejedäki subutnamalar bolmalydyr. Hukuksyzlyk höküm sürýän ýurtlarda Mesihe bolan imanyňy wagyz etmeklik köplenç hökümete garşy jenaýat hasaplanylýar. Mesihiler bolsa, özleriniň günäsizdiklerini subut edýänçäler, günäkär hasaplanylýarlar. Olar ýerdäki ynsan kazyýetiniň öňünde bigünä bolup durmak üçin Mesihden ýüz öwürmeli bolýarlar. Ýöne gökdäki kazyýetde munuň ýaly aýyplaýjy höküm ýeňiş bolup durýandyr. “Günäli” diýlip ykrar edilmeklik — diýmek, sizi aklamak mümkin bolmaz ýaly, Mesihe bolan imanyňa birgiden subutnama getirmekdir. Bu geň zatdyr, ýöne oýlanyp görüň, eger sizi şu gün özüňiziň mesihi bolandygyňyz sebäpli sud etseler, sizi günäkär hökmünde yglan etmäge subutnama ýeterdimi?

“Ýöne ýüregiňizde Reb Hudaýy mukaddes ediň. Içiňizdäki umyt hakynda özüňizden hasabat soran her kese, her wagt jogap bermäge taýýar boluň. Muny ýumşaklyk, saýhallylyk bilen ediň”.

1 Petrus 3:15

6-nji gün



Biz görginiň dünýädäki mümkin bolan zadyň iň erbedi däldigini bildik. Iň erbedi — Hudaýa gulak asmazlykdyr.

Wýetman ruhy çopany, imany üçin tussag edilen.

7-nji gün

ADATY BOLMADYK
ÝARALAR

IÝERUSALIM: TOMAS

Bu barada myş — myşlar ýaýrady. Tomas Mugallymyň ölümden direlendigini Ony diri gören şägirtlerden eşitdi. Hiç bolmanda, olar şeýle diýip nygtaýardylar: "Tomas: "Onuň ellerini görüp, çüý yzlaryna barmagymy goýup görsem, böwründäki rim naýzasynyň salan ýarasyna elimi goýsam, Onuň ölümden direlenine ynanaryn" " diýdi.

Tomas gudrata ýa-da nähilidir bir adatdan daşary alamata mätäç däldi. Ol diňe Isanyň bedenindäki ýaralary — Onuň görgüleriniň alamatyny — görmek isleýärdi. Isa ölümi ýeňip, şöhratlandyrylan tende ýaşaýan bolsa-da, Onuň teninde entegem ýaralar — Mesihiň tölän töleginiň bahasy baradaky ýatlama — bardy.

Sekiz gün geçenden soň, Isa ýene şägirtlerine göründi. Mugallym bilen ýüzbe-ýüz duşuşanda, Tomas özüni nähili akmak ýaly duýan bolsa gerek. Oňa beýleki şägirtler tarapyndan ýatladylan öz sözleri nähili bolgusyz ýaly bolup görnendir. Ýöne Isa munuň üçin Tomasy o diýen bir ýazgaryp durmady. Halasgär Tomasyň gözlerine seredip, ony ýaralaryna elini degrip görmeklige we ynanmaga çagyrdy.

Mesih ölümden direlenden soň, Onuň ýaralary çeken ezýetleriniň ýatlamasy bolup galdy. Isa ölümi ýeňen bolsa-da, Onuň ýerdäki bedeni ezýet çekmegini dowam etdirýärdi ahyry. Şonuň üçin Ol Özüni dünýäniň dürli ýurtlaryndaky bedenlerinde ýaralary — Mesihe bolan imanynyň we wepalylygynyň alamaty — bolan adamlar bilen deňeşdirip biler.

Ýaralar — bu biziň mugallymlarymyzdyr. Olar öz geçen agyryly sapaklarymyzy derrew özümize ýatladýar. Olara seretmegiň agyr düşýän wagtlaram seýrek bolmaýar. Olaryň göze ilgiç bolmagyny isleýänler gaty azdyr. Biziň döwrümizde yzarlanylýan Ýygnagyň ýaralary hakda mesihi ýygnaklarynyň köpüsinde az gürrüň berilýär. Bu tema şok ýagdaýyna salýar. Bu durşuna bir syrdyr. Şeýle-de bolsa, ezýetleriň hem ýaralaryň maksady bize öwretmekdir. Yzarlamalar Hudaýyň bütin dünýä babatdaky ajaýyp maksadynda wajyp roly oýnaýandyr. Şonuň kömegi bilen biz Hoş Habary eşidip hem oňa seslenip bilýäris. Isa Öz ýaralaryny gizlemedi. Gaýtam, Tomasa öwretmek üçin Ol oňa Öz ýaralaryna el degrip görmegi teklip etdi. Mesihiň ýaralary — bu biziň mugallymlarymyzdyr. Olar bize halas bolmanyň bahasyny ýatladýar. Biz yzarlanylýan Ýygnagyň başdan geçirenlerini äsgermezçilik etmeli däldiris-de, gaýtam, ondan öwrenmelidiris.

"Sen bolsa meniň taglymatymy, özümi alyp barşymy, maksadymy, imanymy, sabrymy, söýgimi, çydamymy, gören azardyr görgülerimi berk yzarladyň. Men nähili azarlara döz geldim! Reb meni hemmesinden gutardy..."

2 Timoteos 3:10-11

8-nji gün

ADATY BOLMADYK
SAÝLAW

ANGLIÝA: JON LAMBERT

"Sen nämäni saýlaýarsyň: ýaşaýşymy ýa-da ölümi? Aýt!" — diýip, Genrih VIII, ýurtda çäksiz ygtyýar berlen Angliýanyň koroly ony sorag etdi. Onuň öňünde "jenaýatçy" ýerese uýmakda aýyplanylýan grek hem latyn dili mugallymy Jon Lambertdi.

Lambert ruhanynyň edýän wagzynyň Mukaddes Ýazga gabat gelmeýändigini batyrlyk bilen paş edipdi. Lamberti sud etmek üçin Kenterberiýiň arhiýepiskopynyň, soň hem, Genrih korolyň ýanyna iberipdiler. Mukaddes Ýazgydan salgylanma getirip hem asyl nusganyň grek tekstini düşündirip, Lambert ýepiskoplar kollegiýasynyň, aklawçylaryň, kazylaryň we häkimleriň öňünde öz işiniň düýp özenini beýan etdi. Gyzgalaňly jedeller wagtynda, taraplaryň ikisi-de gezekli — gezegine ýokary çykdylar. Ahyrsoňy, bu zatlar ýüregine düşen Genrih Lamberte gutarnykly saýlaw berdi: "Bu sowatly adamlaryň delilleriniň we taglymatlarynyň hemmesi seni kanagatlandyrdymy? Sen nämäni saýlaýarsyň: ýaşaýşymy ýa-da ölümi? Aýt!" diýdi.

Lambert uludan demini alyp, ynam bilen: "Men öz janymy Hudaýyň ellerine berýärin, meniň tenime näme boljagy bolsa, siziň rehimdarlygyňyza baglydyr" diýdi.

"Sen ölmelisiň. Men ýeretikleri gorajak däl" — diýip, Genrih ýigrenç bilen aýtdy. Ýeresde günäli hasaplanylan Lamberti diriligine ýakmaklyga höküm etdiler. Ol özüniň haýal hem gynaýjy ölüminde ýan bermezek boldy. Ol yzyny üzmän: "Mesihden başga hiç kim! Mesihden başga hiç kim!" diýip gaýtalap, ellerini galdyryp doga-dileg etdi.

Häzirki döwürde biziň dürli mümkinçilikli saýlama hukugymyz doýmaz-dolmaz boldy diýen ýalydyr. Iki ýüz telewizion ulgamy biziň azatlygymyzyň "aýrylmaz" bölegi bolup durýar. Bize saýlaw gerek. Hatda gündelik talaplarymyzam bizden näme geýmelidigini, näme iýmelidigini, näme okamalydygyny ýa-da näme etmelidigini çözmekligi talap edýär. Biziň saýlawymyz düýp özeninde çäksizdir. Ýöne muňa seretmezden, eger durmuşda hakyky wajyp saýlawyň öňünde dursak, onda dogry jogap diňe: "Mesihden başga hiç kim!" diýen jogap bolmalydyr. Göklere barýan başga ýol barmy? Mesihden başga hiç kim! Ol ýeke — täk Ýoldur. Biz durmuşda özümizi doly bagyş etmegimize mynasyp bolan başga bir ilkinji derejeli zady edinip bilerismi? Mesihden başga hiç kim! Belki, ynsan ýüreginiň okgunyny başga biri kanagatlandyryp biler? Mesihden başga hiç kim! Şeýlelikde, hakykat alternatiwaly bolýan däldir. Öz durmuşyňyzda wajyp saýlawyň öňünde duranyňyzda, bu hökman bolar, siz Mesihden başga hiç kimiň öz durmuşy talaplarymyzy kanagatlandyryp bilmejekdigine şaýatlyk etmäge taýýarmy?

"... kime gulluk etjekdigiňizi saýlaň... hojalygym bilen men bolsa, Rebbe gulluk etjek".

Ýeşuwa 24:15

9-nji gün

ADATY BOLMADYK ÖZGERIŞ

RUMYNIÝA: WASILE DOGAN

Kommunistik Rumyniýada ýygnaklary ýapmaklyk we gullukçylaryny tussag etmek "halkyň her hili yzagalak düşünjelerini köki bilen ýok etme" atly ýedi ýyllyk guramanyň bir bölegi bolupdy.

Şonuň üçin Wasile dogan bilen aýaly özleriniň kiçijik öýünde köp adamly ýygnak ýygnanyşyklaryny geçirip başlanda, döwletiň nazaryndan uzak wagtlap gaça durup bilmejekdiklerine düşünýärdiler. Her agşam Wasile: "Hudaýym, eger Sen meniň kömegime mätäç bolan tussagyň bardygyny bilýän bolsaň, onda meni yzyma türmä iber" diýip, Hudaýa doga edýärdi. Aýaly bu eşiden sözlerinden ýaňa titräp gidýärdi, ýöne şeýle-de bolsa, barybir gaýgyly bolsa hem, pyşyrdy bilen: "Omyn" diýip sözüniň üstüni ýetirýärdi.

Olar ýolbaşçylaryň ýygnak agzalarynyň biriniň öýüni döküp, Wasileniň wagyzlarynyň nusgalaryny alandyklaryny eşitdiler. Ýöne bu iň gorkunjy däldi. Hemme zatdan beterem, ruhy çopanyň kömekçisi, onuň dosty hem pikirdeşi maglumat beriji bolup, Wasileni satypdyr.

Bir gün ýarygije polisiýa öýe okdurylyp girip, Wasileni tussag etdi. Wasileniň eline gandal geýdirenlerinde: "Eger birnäçe minutlyk aýalymy gujaklamaga rugsat bermeseňiz, men bu ýerden meýletin gitmerin" diýdi. Poliseýler özleriniň uzak garaşmaly bolmajakdygyna wada alyp, munuň bilen höwessiz ylalaşdylar.

Är-aýal gujaklaşyp, Hudaýa doga etdiler we şeýle bir ruhlanma bilen aýdym aýtdylar welin, bu hatda kapitana-da täsir etdi. Ahyrsoňy, Wasileni gizlin polisiýanyň paýtunynyň ýanyna alyp geldiler. Yzda bolsa, aglap aýaly ylgap gelýärdi. Wasile köp ýyllap ýitip gitmezinden öň, yzyna seredip, özüniň soňky sözlerini gygyryp: "Oglumyza we meni satan adama meniň özlerini söýýändigimi aýt" diýdi.

10-nji gün

Adaty bolmadyk özgeriş adaty bolmadyk bagyşlamany talap eýdär. Eger duşmanlarymyz şeýle güýç bilen bize garşy hereket edýän bolsa, bizem, edil şonuň ýaly güýç hem sahylyk bilen olary bagyşlamaly dälmi? Eger duşmanymyz bizi satar ýaly derejä çenli pese düşen bolsa, biz ýokary derejä ýetip, ony ýürekden bagyşlamaly dälmi? Isa ýamanlygy öz bähbidimiz üçin bagyşlamalydygymyzy aýtdy. Agyr özgerşiň ýüregimizi ýapmagy mümkin. Eger siz bagyşlama bererden juda gysyk bolsaňyz, onda özüňizem günäleriňiziň ujypsyzja bagyşlanmasyny alarsyňyz. Bagyşlamazlyga wepaly bolmak gowy däldir. Öýke — bu ýeňlişdir, onuň özüňde bolmagyna ýol bermeli däldir. Pikirlenip görüň: siz bu gün kime adaty bolmadyk bagyşlamany sowgat bermeli?

"Bize ýamanlyk edýänleriň ýazyklaryny geçişimiz ýaly, Sen-de biziň ýazyklarymyzy geç".

Matta 6:12

ADATY BOLMADYK
SOWGAT

SSRS: KAPITAN MAKAROW

“Bu näme? Saňa näme gerek?” diýip, kapitan Makarow ýaş ýigide gygyrdy.

Ýigrimi ýaşly ýigit gorky bilen söweşip, kommunist ofiseriň öňünde durdy.

“Kapitan, siz meniň ene-atamy türmä salan adamsyňyz. Bu gün meniň ejemiň doglan güni. Men oňa mydama doglan gününe gül sowgat edýärdim. Ejemiň maňa duşmanlarymy söýmegi we ýamanlyga ýagşylyk bilen jogap bermegi öwredendigi üçin men bu gülleri siziň çagalaryňyzyň ejesi üçin getirdim. Haýyş edýärin, işden öýüňize gideniňizde, bulary aýalyňyz üçin alyp gidiň-de, oňa meniň söýgim we Mesihiň söýgüsi hakda gürrüň beriň”.

Mesihileri rehimsizlik bilen ýenjişlerine we gynaýyşlaryna biperwaýlyk bilen köp gezekler seredip duran kapitan Makarow bu ýigidiň hereketine gaty haýran galdy. Onuň gözlerine ýaş aýlandy. Soň ol stoluň daşyndan aýlanyp gelip, ata kimin, ýigidi gujaklady. Makarowyň ýüregi Mesihiň beren söýgi sowdagy arkaly üýtgedi. Ol şondan soň, mesihileri tussag edip we gynap bilmedi. Tizara onuň özem tussag edildi.

Şol ýigidiň Makarowyň iş otagyna baranyna birnäçe aý geçenden soň, öňki ofiseriň özem ozal özüniň tussag eden we gynan mesihileriniň arasynda oturdy. Ol gözlerini ýaşa dolduryp, kameradaşlaryna ýigidiň ýönekeý, ýöne çyn ýürekden eden sowgady hakda gürrüň berdi. Ol özüniň ozalky yzarlan adamlary bilen bir kamerada oturmagy özüne hormat bildi.

Rehimlilik — bu çyn mesihiniň ikinji tebigatydyr. Isa töweregimizdäki adamlaryň çyn mesihini özlerine görkezilýän söýgüden, diňe bir özümizi söýýänlere däl-de, eýsem, hemmelere görkezilýän söýgüden hem biljekdiklerini aýtdy. Köplenç ýagdaýlarda nätanyş adamlara, aýratynam, duşmanymyza, rehimdarlyk edilmegi Isanyň taglymatyna laýyklykda hereket etmäniň iň gowy usulydyr. Eden hereketlerimiz özleri üçin edilen bolmasa-da, olaryň şaýatlary bolanlaryň ýürekleri Mesihiň söýgüsi bilen ýyladylar. Adalatsyzlyk bilen işden çykarylan, şeýle-de bolsa, öz başlygy üçin Hudaýa doga edýän işçi mesihini göz öňüne getiriň. Serhoş ýagdaýda awtoulag sürüp, çagasyny öldüren sürüjä bagyşlama sowgadyny berýän hasratly ene-atany göz öňüne getiriň. Dünýä rehimdarlyga düşünmeýär. Şeýle-de bolsa, rehimdarlyk dünýäni üýtgetmäge ukyplydyr. Biz rehimdarlyk edip, bagyşlama sowgat beren wagtymyzdakydan başga wagt Hudaýyň Özüne onçakly meňzeş bolmaýarys. Hudaý dünýä söýgüsini görkezmek we bize gutulyş bermek üçin Özüniň ýeke — täk Ogluny berdi. Kimdir biriniň ýüregi Hudaýyň Patyşalygy üçin açylar ýaly, siz nähili sowgat berip bilersiňiz?

“Duşmanlaryňyzy söýüň,
ýagşylyk ediň...”

Luka 6:35

11-nji gün

ADATY BOLMADYK
MISSIONER

PÄKISTAN: SALIMA WE RAHIL

"Eger öz haçyňy götermäge wada berseň, durmuşyň tikenlerden, daglyklardan we kynçylyklardan doly bolar" diýip, Päkistanda, yslamyň höküm sürýän ýerinde, ýaşaýan mesihi gyz Salima özüniň mekdepdäki jorasy Rahile öz imany hakda gürrüň berende aýtdy. Rahilem, soňrak Mesihi kabul etdi.

Rahiliň gazaba münen maşgala agzalary "musulman gyzy dinden çykarmakda" Salimany aýypladylar. Päkistanda munuň ýaly aýyplama öz yzy bilen iň ýokary jezany alyp gelip bilýär. Salimany we onuň ruhy çopanyny tussag etdiler, gyzyň ene-atasyny bolsa, poliseýler sorag etdiler we ýençdiler. Salima tussaglykda bolan wagtynda, onuň üstünden güldüler, emma bu zatlar mesihi gyzy öz imanyndan el çekmäge mejbur edip bilmedi. Türmede ol beýleki tussaglary Mesihe getirme umydy bilen olara ýuwaşjadan mesihilik nagmalaryny aýdyp berdi.

Rahil öýünden gaçyp gitdi, ýöne öýündäkiler ony tapyp bildiler. Gyza Mesihe bolan imanyndan ýüz öwrüp, Muhammede gelmeklik soňky gezek teklip edilende, ol mundan boýun towlady. Munuň üçin Rahili öz maşgalasy öldürdi.

Salima uzak dowam eden sud işini başdan geçirdi. Rahiliň maşgalasy Salimany özleriniň gyzynyň ölüminde aýyplady. Ahyrsoňunda, aýyplamalar aýryldy. Ýöne Salimanyň durmuşy hemişelik üýtgäpdi. Radikal musulmanlaryň elinden ölme gorkusy sebäpli, Salima Päkistanyň beýleki bölegine gitme kararyna geldi. Şeýle-de bolsa, ne tikenlere, ne daglara ne-de kynçylyklara onuň imanyny ýeňmek başartdy. Häzir ol missioner bolmaga taýýarlanýar. Ol: "Dagyň näderejede belent bolandygynyň tapawudy ýok, barybir Isa ony ýeňip geçmäge kömek edýär" diýýär.

Köplenç nädogry pikir edilip, missionerler haýsydyr bir ýörite bölüm, Hudaýyň iman goşunynyň biziň adymyzdan hereket edýän aýratyn otrýadydyr öýdülýär. Hakykatda bolsa, her bir mesihiniň missioner bolma çagyrylandygynda jemlenendir. Käwagt Hudaýyň nazaryndaky iň gymmatly iş goňşynyň aşhana stolunyň başynda bir käse çaý içilen wagtynda bolup geçýär. Bu missiýa bizi nirä alyp barsa-da, missiýamyzyň düýp özeni üýtgewsizligine galýar. Biz Mesihiň söýgüsini paýlaşmaga borçludyrys. Käbirleri üçin iň ýakyn dostlary bilen imanyny paýlaşmak şahsy edermenlik, hakyky gahrymançylyk bolýar. Başgalar üçin gulluk meýdany medeni kontekstiň dürlüliginde jemlenýär. Öz missiýamyzyň ýerine ýetirilişiniň görkezijisi wajyp däl-de, biziň meýillerimiz ähmiýetli bolýar. Ýeri, näme, siz Isa Mesih hakdaky Hoş Habary gürrüň bermek üçin gitmäge taýýarmy?

"Men bizi birikdirýän imana görä hereket etmegiňi Hudaýdan dileýärin. Şonda sen Isa Mesihe hyzmat etmek üçin edilmeli ýagşy işlere düşünersiň".

Filimun 1:6

12-nji gün

ADATY BOLMADYK
TÖLEG

HINDISTAN: D-R P. P. JOB.

“Men özümi edil bir elim kesilen ýaly duýýaryn” — diýip, d-r Job hasrat bilen aýtdy. Bu onuň durmuşyndaky iň agyr wagyz bolupdy. Ol ogluny jaýlaýardy. Onuň sesi hasratly duýgulardan doludy. “Ýöne men özümde galan zat bilen Mesihiň Patyşalygyna gulluk ederin”.

D-r P. P. Job Hindistandaky “Ejir çekenleriň sesi” gullugyna ýolbaşçylyk edýär we yzarlanmalara duçar edilýän wepaly mesihilere goldaw bermek üçin mesihilige duşmançylykly bolan ýurtlara syýahat edip, öz janyna töwekgelçilik edýär. Mundan başga-da, ol Hindistandaky Hoş Habary wagyz etmäniň giňişleýin kompaniýalarynda wagyz edýär we müňlerçe adamlaryň Mesihe gelişlerini görýär.

Onuň gullugy öz ýurdundaky radikal induistleri gaharlandyrýar. 1999-njy ýylda onuň awtomobiliniň aýnasyny bir daş deşip geçdi-de, doktoryň maňlaýyna degip, kellesinde ganly ýara galdyrdy. Birnäçe hepde geçenden soň, d-r Jobuň kiçi ogly Maýkl öz okaýan lukmançylyk kollejiniň golaýynda ýöräp barýarka, ýokary tizlikde gelýän “Fiat” Maýkly kakyp, soň hem, gaýyp bolup gitdi. Ýeten zeleden soň, Maýkl ölüm ýagdaýyna düşüp, birnäçe günden soň öldi. Ganhorlugy ýerine ýetiriji bolsa tapylmady.

D-r Jobuň söz berşi ýaly, ogluny ýitirmeklik onuň gullugyny saklamady. Maýklyň ölüminden soň, doktor has köp sanly Hoş Habary wagyz etme işlerini geçirip, has-da köp sanly adamlary Mesihe getirdi.

Doktor Jobuň gullugynyň bahasy ýokary — öz oglunyň janynyň bahasy — bolupdy. Şeýle-de bolsa, ol ýeke däldir. Başgalaryň gutulyş almagy üçin Ogluňy ýitirmegiň nähili bolýanyny Hudaý bilýär.

Yzarlanylýan ýygnak üçin öňe gidýän ýoluň aýlawly, uzak hem surnukdyryjy bolmagy mümkin. Iki müň ýyldan gowrak wagtyň dowamynda erbetligiň güýçleri köpleri Isa Mesihiň Hoş Habarynyň ýaýramagyna garşy çykmaga meýillendirdi. Mesihiler hökmünde biz, hatda häzirlikçe talap edilmeýän bolsa-da, töleg tölemäge taýýar bolmalydyrys. Bu Ybraýymyň durmuşyndan alnan sapakdyr. Ybraýym Yshagy gurbanlyk bemäge taýýardy, ýogsam, Yshagyň üsti bilen ak pata berilmelidi. Mesihe wepaly bolmak üçin gurbanlyk bermäge taýýar bolmaklyk bizi has güýçlendirýär. Gurbanlyk ideýasy biziň maksadymyzy kesgitleýär. Bize belli bir baha düşýän bagyş edilme biziň maşgalamyzy, goňşularymyzy we dünýämizi Mesih üçin üýtgetmäge ukyplydyr. Bagyş edilme bize özümiziň näderejede güýçli bolup biljekdigimizi görmegimize kömek edýär. Biz özümiziň gymmat hasaplaýan zadymyzy ýitirmek islemeýän bolsagam, barybir ýagdaýlaryň nähilidigine garamazdan öz wepalylygymyzy bir zadyň yramagyna ýol bermezlige dyrjaşýarys.

“Indi Men seniň Hudaýdan gorkýandygyňy bilýärin. Sen öz ýalňyz ogluňy Menden gaýgyrmadyň”.

Gelip çykyş 22:12

13-nji gün



“Rebbim, meni Öz dünýäň guraly et.
Ýigrenç bolan ýerinde söýgi ekerim ýaly et;
Öýke bar ýerde — bagyşlama;
Şübhe bar ýerde — iman;
Umytsyzlyk bar ýerde — umyt;
garaňkylykda — ýagtylyk;
gaýgyly ýerde — şatlyk ekeýin.

Eý, Gökdäki Hökümdar, maňa kömek et.
Teselli islemäýin-de, teselli bereýin;
Duýgudaşlyk duýmaýyn-da,
duýgudaşlyk bildireýin;
Söýgi görmän, söýeýin.
Çünki diňe bermek bilen biz zada
eýe bolýarys.
Diňe bagyşlamak bilen bagyşlanýarys.
Diňe özümizi inkär edip,
ebedi ýaşaýyş alýarys”.

Muk. Fransisk Assizskiý

14-nji gün

ADATY BOLMADYK
ÝYLGYRYŞ

SSRS: PAULÝUS

Garaňky düşdi. Howpsuzlyk gullugynyň ofiseri eýýäm birnäçe sagadyň dowamynda Paulýusy urup hem gynap dur. Ol haýbat atyjy äheň bilen: "Indi seni sorag etmeris" diýdi. Şol wagt mesihi gabagyny galdyrdy. "Munuň deregine seni hiç haçan gary eremeýän ýere, Sibire goýbereris. Ol ýer uly azaplaryň mesgenidir. Seniň üçin gitmeli ýerdir".

Paulýus gorkmagyň deregine ýylgyrdy: "Bütin ýer şary biziň Atamyzyňkydyr, ýoldaş kapitan. Siz meni nirä iberseňizem, men öz Atamyň ýerinde bolaryn".

Kapitan oňa gazap bilen garady: "Biz seni eliňde bar zatlaryň hemmesinden mahrum ederis".

"Kapitan, size uzyn merdiwan gerek bolar, meniň hazynam göklerde saklanýar" — diýip, Paulýus jogap berdi. Onuň jogaby kapitany soňky derejesine çenli gaharlandyrdy.

"Men seniň iki gözüň arasyndan ok goýbererin" — diýip, ol gygyrdy.

"Eger siz bu dünýäde meniň janymy alsaňyz, onda Rebbiň ýanyndaky şatlykly ýaşaýşym başlanar. Men ölümden gorkmaýaryn" diýip, Paulýus asuda jogap berdi.

Kapitan Paulýusyň ýyrtym — ýyrtym bolan eşiginden ebşitläp tutup, onuň göni ýüzüne seredip gygyrdy: "Ýok, men seni öldürmerin! Aňsat ölüme garaşma! Men seni uzak ýyllaryň dowamynda oturar ýaly, ýekelikdäki kamera saljak. Şonda sen öz dostlaryňy hiç haçanam görmersiň".

"Siz beýle edip bilmersiňiz, kapitan. Meniň ýapyk gapylardan, polat gözeneklerden hem geçip bilýän Dostum bar. Hiç kim meni Isa Mesihden aýryp bilmez" diýip, Paulýus aýtdy.

Geljegiň näbelliligine garamazdan, biz bir zada ynamly bolup bileris: Mesih kynçylyklaryň hemmesiniň içinden biziň bilen bilelikde geçýär. Şahsy kynçylyklarymyzyň içinde, ähliihalk betbagtçylyklarynyň içinde biz hiç haçanam ýeke galmarys. Gaýtam, adamlaryň biri bizi hökman oňaýsyz ýagdaýa salyp biler. Durmuş ýolunda ýoldaşlaryňyzyň siz bilen bilelikde ýeňip geçip bilmejek päsgelçilikleri hökman bolar. "Polat gözeneklerden" geçip, biziň ezýet çekýän ýüreklerimize girme ukyby diňe Isada bardyr, agyr pursatlary biziň bilen diňe Ol paýlaşyp bilýär. Onuň Öz akyldarlygy bilen bizi synaglardan halas etmezligi mümkin bolsa-da, Onuň üýtgewsiz barlygy bizi synaglaryň içinden alyp geçýär. Özüňizde sizden hiç kimiň aýryp bilmejek Dostuňyzyň bardygyny bilip ýylgyryň.

"Mesihiň söýgüsinden bizi kim aýrar? Muşakgatmy, gaýgymy, azarmy, açlykmy, ýalaňaçlykmy, howpmy ýa gylyçmy?"

Rimliler 8:35

15-nji gün

ADATY BOLMADYK PIDA

INDONEZIÝA: RUHY ÇOPAN GENDRIK PATTIWEL

Olar gynanylýan mesihi doganlarynyň daşardan gelýän seslerini eşidenlerinde, otagyň içinde biri-birine gysyldylar. Ruhy çopan Gendrik Pattiwel bilen aýaly Indoneziýada ýaşlar lagerini geçirmäge kömek etdiler, şonuň üçin indi olar özlerine ynanylan ýaşlar üçin jogapkärçilik duýdular.

Lager ruhy ösüş hem-de imanyň berkemegi üçin şatlykly wagt bolupdy. Soň lageriň üstüne çozdular.

Radikal musulmanlaryň bir topary içinde ruhy çopan Pattiwel, aýaly we okuwçylar bolan binany gurşap alyp, ellerine düşenleri derrew parçalap başlanlarynda, ruhy çopan daşary çykdy. Ganhor märeke musulmanlaryň ünsüni aýalyndan we ýaşlardan sowýan ruhy çopana topulanda, olar gaçyp bildiler.

"Isa, maňa kömek et" — bu adamsynyň dilinden aýalynyň eşiden iň soňky sözleridi.

Indiki gezek aýaly ony eýýäm tabytda gördi. Eýmenç ýaralar onuň göwresini we ellerini kesip geçýärdi. Aýaly gaharlanyp hem aşa tolgunyp, Hudaýa ýüzlenip: "Sen näme üçin meniň adamymy goramadyň?!!" diýdi.

Şonda Mukaddes Ruh oňa adamsynyň hüjüm edilmezinden birnäçe gün öň aýdan sözlerini ýatlatdy: "Eger seniň maňa ýa-da maşgala bolan söýgiň Isa bolan söýgiňden köp bolsa, sen Mesihiň Patyşalygyna mynasyp dälsiň". Ol Mesihiň Patyşalygy üçin ölmäge taýýardygyny aýdypdy.

Bu sözleri ýada salandan soň, dul galan aýal öz duýgularyna erk edip bildi. Ol öňküleri ýaly, Indoneziýanyň şol ýygnagynda gulluk edip ýör. Onuň azat ýurtlaryň mesihilerine berýän maslahaty ýönekeýdir: "Ulurak betbagtçylygyň içinde durup bileriňiz ýaly, Hudaýy has tutanýerlilik bilen gözläň".

Biz erbetlikleri gözlemeli däldiris. Erbetlikleriň özleri bizi tapýar. Isa Öz şägirtlerine synaglaryň biziň gündelik durmuşymyzyň bir bölegi bolup durýandygyny ýatladypdy. Hudaýy has tutanýerlilik bilen gözlemeklik durmuşda uly erbetlikleri gözlemekligi aňlatmaýar. Ýok, Hudaý bilen has çuň gatnaşyklary gözläniň üçin berilýän baýrak Onuň bizi gutulgysyz zada taýýarlaýandygynda jemlenendir. Biz öz durmuş ýolumyzda duş gelýän betbagtçylyklary saýlamaýarys. Ýöne biz betbagtçylyklaryň hemmesine özümizi taýýarlap bilýän Hudaý bilen gatnaşyklary saýlap bilýäris. Käbir synaglaryň Mesih ugrunda janymyzy bermegiň wajyplygyny aňlatmagy-da mümkin. Şeýle-de bolsa, hakyky pida munda däldir. Adaty bolmadyk pida mundan köp wagt öň edilmelidir. Biz öz durmuşymyza synaglar gelmezden öň, Hudaý bilen berk gatnaşyklarymyzy ösdürmek üçin özümiziň hemme derejedäki tekepbirligimizi pida etmelidiris. Eger biz Mesih bilen gatnaşyklarymyzy birinji ýerde goýmak üçin hemme zadymyzy pida edip bilen bolsak, onda iň kyn zat eýýäm yzda galandyr.

"Şoňa görä-de, eý, doganlar, Hudaýyň merhemetiniň hatyrasy üçin size ýalbarýaryn: özüňizi Onuň halajak diri we mukaddes gurbanlygy hökmünde hödürläň...."

Rimliler 12:1

16-nji gün

ADATY BOLMADYK
AGYRY

SUDAN: SUDANLY OGLANLAR

Esgerler dört sany oglanjygy urup: "Biziň yzymyzdan gaýtalaň, Alla — Hudaýdyr, Muhammet Onuň pygamberidir! Gaýtalaň diýýäris!" diýip gygyrdylar.

Dört sany sudanly oglanjyk aglaşyp, ejelerini çagyrdylar, ýöne özleriniň gutulyşy, emma Mesihden ýüz öwürmäni aňlatjak sözleri gaýtalamakdan ýüz öwürdiler. Gan olaryň gara teninden syrygyp akdy, emma olar inkär etme sözleri gaýtalamadylar.

Ulurak oglanlar bu zatlara gorky bilen seredip durdular. Çapgy bilen ýaraglanan yslam esgerleri gözleriniň öňünde wagşylyk bilen olaryň ene-atalaryny öldüripdiler. Indi olar özleriniň dört sany kiçijik dostunyň — olaryň iň kiçisi bäş ýaşyndady — ölüm halyna çenli ýenjilişiniň şaýatlary boldular.

Esgerler yslamy kabul etmeklerini talap edip, çagalary közüň üstünde ýatmaga mejbur etdiler. Mesihileriň üstüne hüjüm edilen wagtynda ogurlanylan on dört oglan bilen on üç gyz agyrydan ýaňa gygyrdylar, emma inkär etme sözlerini aýtmadylar. Gyzlar yzsyz gaýyp bolup gitdiler. Has takygy olary gul ýa-da gyrnak edip, Demirgazyk Sudana satan bolsalar gerek. Oglanlary uzak wagtlap gynadylar, emma olaryň hiç biri-de ýan bermedi. Gije uly oglanlaryň birnäçesi gaçyp bildiler. Olar özleriniň obadaşlarynyň gynanyp ölüşleri hakda gürrüň berdiler.

Hudaýyň maksadynda agyrynyň köplenç uly ähmiýeti bolýar. Gynansak-da, biziň ünsümizi özünde beýle jemläp bilýän başga duýgy ýok. Uzak dowam edýän syrkawlyk ýa-da agyr zeper ýetme zerarly bolýan fiziki agyry adamy doly ýuwudýar. Kalbyň agyrysyna-da döz gelmek agyr bolýar. Gymmatly hem söýgüli adamlarymyzy ýitirme agyrysyny ölçäp bolýan däldir. Nähili ýagdaýlar agyrynyň sebäbi bolýan bolsa-da, bizde ondan saplanmanyň iki usuly bardyr. Biz tabyn bolup bileris ýa-da imanda ösüp bileris. Agyry çekýän adamlaryň Hudaýyň rehimdarlygynyň aýratyn gullukçylary bolmaklaram mümkin. Güýçlüräk bolmak üçin türgenleşik wagtynda sportsmeniň maşklar arkaly myşsalaryny berkidişi ýaly, agyry-da, mundan beýläkki ruhy ösüşler üçin bize ýol açýar.

"Kim mesihi bolup görgi görýän bolsa utanmasyn. Ol bu at bilen Hudaýy şöhratlandyrsyn".

1 Petrus 4:16

17-nji gün

ADATY BOLMADYK
GATNAŞYKLAR

RUMYNIÝA: RIÇARD WURMBRAND

“Men kommunistlere gaty haýran galýaryn” — göräýmäge on dört ýylyny kommunistik türmede geçiren ruhy çopanyň agzyndan çykýan birgeňsi söz ýaly bolup görünýär, ýöne Riçard Wumbrand bu sözleri çyn ýürekden aýdypdy.

“Kommunistleriň köpüsi özleriniň howaýy taglymatyny goramak üçin janlaryny bermäge taýýardylar. Olar özleriniň işi üçin meniň ýygnakda duş gelen birnäçe mesihilerimden az iş etmediler”.

Ruhy çopan her bir duşmanda potensial dosty we potensial mesihini gördi. Onuň duşmanlaryna bolan söýgüsiniň kömegi bilen duşmanlarynyň köpüsi Mesihi tanady, Riçardyň özi bolsa, şaýatlyk etmäge amatly mümkinçiligi aldy.

“Meni “haram ýewreý” diýip atlandyryp, öz kitaplarymy okamagy gadagan edenlerinde, bu “haram ýewreýiň” näme hakda ýazandygy adamlary derrew gyzyklandyrdy — diýip, ol gülýär. — Men özümden öýkeleýänleriň hemmesi bilen ylalaşýaryn. Seniň aýtmak isleýän zadyň köpleri asla gyzyklandyrmaýar ahyry. Adamlar bilen öz garaýyşlaryňy paýlaşmazyňdan öňürti, olaryň ünsüni hakykata çekmek gerek ahyry. Muny etmek üçin bolsa, olaryň aňynda nämäniň bardygyny bilmek we paýhas bilen gürlemek gerek. Mundan başga-da, biz hemişe söýgi bilen gürlemelidiris”.

Ruhy çopan Wurmbrandyň sözleri haýsydyr bir beýik ideal hakda däldir, bu sözler onuň özüniň şahsy göreldesi bilen tassyklanylandyr. Ol aýaly Sabina bilen Sabinanyň bütin maşgalasynyň gyrlan ýeri bolan konsentrasion lagerde gulluk eden milletparaz ofiseri öýüne çagyrýar. Ofiser özüni olaryň bagyşlanyna we özüne bolan söýgüsine akyl ýetirende, Hudaýyň Patyşalygyny kabul etdi.

Bellik: bu jümleler 2001-nji ýylyň fewralynda Wurmbrand ölmezinden azajyk öňräk onuň beren soňky interwýularynyň birinden alyndy.

Isa bize başgalaryň biziň imanymyza öz söýgimiz arkaly, ylaýta-da, söýgimiz özümizi ýigrenýänlere gönükdirilen bolsa, düşünjekdiklerini aýtdy. Biziň duşmanlarymyza bolan garaýşymyzyň hem, öz mesihi maşgalamyzyň agzalaryna garaýşymyz ýaly ähmiýete eýedir. Biziň tankyda bolan garaýşymyz başga haýsydyr bir herekete bolan garaýşymyzdan mesihiligiň peýdasyna köp şaýatlyk edýär. Mesihilik ynamynyň şu täsirli düzgünini iş ýüzünde ulananlarynda, mesihiler özleri bilen tutuş dünýäniň arasyndaky tapawudy belleýärler. Ýigrenje bolan tebigy garaýyş — jedelleşmekdir ýa-da ýamanlyga ýamanlyk bilen jogap bermekdir. Mesihiler bolsa, özleriniň duşmanlary bilen göreşmegiň deregine, olara düşünmäge we olary bagyşlamaga çalyşýarlar. Şonuň üçin yzarlamalary öz imanyňa şaýatlyk etme mümkinçiligi we Mesihiň tabşyrygyny ýerine ýetirme mümkinçiligi hökmünde şatlyk bilen kabul etmelidir.

“Siz: "Ýakynyňy söý, duşmanyňy ýigren" diýlenini hem eşidensiňiz. Emma Men size diýýärin: duşmanlaryňyzy söýüň, özüňizi yzarlaýanlar üçin doga-dileg ediň. Özüňize gargaýanlar üçin ýagşylyk diläň, özüňizi ýigrenýänlere ýagşylyk ediň, özüňizi ynjadýanlar, yzarlaýanlar üçin Hudaýa doga okaň”.

Matta 5: 43-44.

18-nji gün

ADATY BOLMADYK

DEŇIZ SYÝAHATY

“TITANIK”: DOKTOR ROBERT BEÝTMAN

Doktor Robert Beýtman öz doganynyň aýalyna halas ediji gaýyga münmäge kömek etdi. “Gaýgy etme, Enni. Bu biziň imanymyzyň synagy bolar. Men galyp, başgalara kömek etmelidirin. Eger biz ýerde gaýdyp görüşmesek, onda hökman göklerde duşuşarys — diýen sözlerden soň, Beýtman gaýyk aşaklygyna garaňka hem buz ýaly suwa tarap goýberilende, ol aýala özüniň boýnuna daňýan ýaglygyny oklady. — Munuň bilen bokurdagyňy daň, Enni, sowuklarsyň”.

Soň d-r Beýtman heläk bolup barýan gäminiň üstünden ellä golaý adamy ýygnap, olara ölüme taýýarlyk görmelidigini aýtdy. Gäminiň heläk boljakdygy anyk bolanda, ol ýygnanyşyk geçirdi. Bu ýygnanyşyk onuň: “Reb, Saňa ýakynlaşdyk” atly nagmasy bilen tamamlandy.

Robert Beýtman Jeksonweilde, Floridada serhoş deňizçilerden doly bolan şäherde ruhy nyşana öwrülen missiýany esaslandyrdy. Adamlar onuň Jeksonweildäkiden köp ýylylyk berendigini aýtdylar. Beýtman ylahy bilim almak üçin Angliýa gidip, öwrenen zatlaryny iş ýüzünde ulanmak üçin indi Birleşen Ştatlara gaýdyp gelýärdi.

Ýöne 1912-nji ýylyň 14-nji aprelinde giç agşam onuň ýüzüp gelýän “Titanik” atly gämisi äpet buz bilen çaknyşýar. Beýtman gäminiň üstünde “Göklerdäki Atamyzy” okaýar, adamlar bolsa, onuň töwereginde durup, bu dogany gaýtalaýarlar. Orkestr bolsa, “Reb, Saňa ýakynlaşdyk” diýen sazy çaldy. Şeýdip, “Titanik” okeanyň düýbüne çümüp gitdi.

Hudaýy gülmäge mejbur edýän ýeketäk usulyň Oňa öz planlaryň hakda gürrüň bermeklik bolup duryandygyny aýdýarlar. Biz Mesihi kabul etmek bilen öz durmuşymyzdaky iň beýik syýahata ugraýarys. Bu syýahat netijeli bolar ýaly, biz gäminiň Kapitanyna — Onuň buýruklaryna — tabyn bolmalydyrys. Ol biziň durmuşy syýahatymyzy nähili etmegimizi wajyp hasaplaýan bosa, şonuň ýaly hem ýolbaşçylyk edýär, bizi özümiziň ynjyklygymyzyň we isleglerimiziň deňinden has abraýly maksada tarap alyp geçýär. Käwagt aýratyn agyr wagtlarda, Onuň kartasy könelişen ýaly bolup görünýär, bizem şonda Ol ýoldan azaşandyr diýip pikir edýäris. Garaňky çuňluklarda kert gaýalar çykyp durýar. Göze dürtme garaňky gije bizi tümlügi bilen gurşap alýar. Şu pursatda şturwaly ýene öz eliňe almaga synanyşmagyň we öz durmuş planlaryňa özüň ýolbaşçylyk etmegiň synagy gelýär. Deňze syýahat etmek — bu hemme zat gowy barýan bolsa-da, iman üçin töwekgelçilikli iş bolýar. Hudaýyň biziň durmuşymyz babatdaky maksady bizi özümiziň hiç haçan saýlamajak ugrumyzdan alyp barýar. Şeýle-de bolsa, Hudaý hemme zady bilýändir!

“Ynsanyň ýüreginde köp maksatlar bardyr; Rebbiň maslahaty bolsa berk duryandyr”.

Süleýmanyň pähimleri 19:21

19-nji gün

ADATY BOLMADYK

IMAN ÄDIMI

MÜSÜR: MESIHI ÝAŞLARYŇ ÝOLBAŞÇYSY

Ýaşlar toparynyň ýaş ýolbaşçysy: "Plan şeýle: Sekiz otuzda siz uniwersitetde ýygnanyşyga çakylygy ýaýradyp başlarsyňyz. Siz gizlin polisiýa gelip, näme edýäniňizi sorap başlamanka, çakylyklary derrew paýlamalysyňyz. Eger olary paýlap bilmeseňiz, onda nirädir bir ýere gizläň. Hudaý olary ygtybarly ellere berer" diýdi.

"Sen biziň rugsat almazdan öň çakylyklary paýlamagymyzy isleýärsiňmi?"

Lideriň daşyna ýygnanan aladaly ýigitleriň we gyzlaryň pikirinde tussag edilme baradaky pikir yş berdi.

"Hut şeýle! Biz şeýdip, öz imanymyzy görkezmelidiris. Biz ilkinji ädimi ätmelidiris, galan zatlaryň hemmesi Hudaýyň elindedir".

Müsürde mesihiler ýygnanyşyklary polisiýanyň ýiti gözegçiligi astynda saklanylýar. Olary döwletiň rugsatnamasyny alman geçirip bolmaýar. 8:30-dan köp wagt geçmänkä, ýaş lideri polisiýa çagyryp, ondan ýygnanyşyk geçirmäge rugsatnamasyny görkezmegini talap etdiler.

"Siz ýörite blank kagyzyny doldurmaly, biz bolsa, bir aýyň dowamynda siziň gelen netijäňiz barada habar beryäris" — diýip, ofiser aýtdy.

"Ötünç soraýaryn, ýöne biz eýýäm ýygnanyşyga çakylyk paýlap başladyk" — diýip, mesihi biynjalyk bilen jogap berdi.

"Siz näme üçin rugsatnama almankaňyz çakylyk paýlaýarsyňyz? Siz ilki bilen bizden rugsatnama almalydygyny bilýärsiňiz-ä. Ýöne çakylyk paýlanan bolsa, men size ýygnanyşyk geçirmäge rugsat beryärin, ýöne bu soňky gezek bolsun".

Iman bilen edilen hereket howply syýahatdaky ilkinji ädimi ýada salýar. Şol syýahaty eýýäm tamamlanlar iň kyn zadyň maksada tarap hereket etmekdedigini aýdarlar. Ýoluň "näbellilige" tarap baryandygy köpleri batyrlykdan mahrum edýär. Iman ýolunda karta bolýan däldir. Biz diňe Hudaýyň öňden görüjilik ýyldyzynyň ýagtysyna ýoly tapýarys. Ýolsuz ýerlerde edilýän bu syýahat bizi esasy uly ýoldan görünmeýän ýerlere alyp barýar. Mesihiler ýygnaga rugsat berjekdiklerine ynamly däldiler, şol sebäpdenem, oňa çakylyk paýlamak üçin olara uly iman gerekdi. Hudaý ýaş mesihileriň iman ädimine ýokary baha berip, şol agşam olary täze imana gelen üç ýüz adam bilen bereketledi.

"Iman bolsa, umyt edilen zatlara bil baglamak, görünmeýän zatlara ynamdyr".

Ýewreýler 11:1

20-nji gün



“Ikinji jahan urşy wagtynda, biz maksada ýetmek üçin özümizi pida etmäge taýýar bolmalydygymyzy gördük... Ýurdumyz öz azatlygy üçin bizden baha paýymyzy tölemegi talap edende, jogap ýekeje bolmalydyr, ýöne Reb bütin dünýäde Hoş Habary wagyz etmäniň bahasyny tölemegi bizden talap edende, biz köplenç: “Biz edip bilmeýäris. Baha juda ýokary” diýip, sözsüz jogap beräris. Biz missionerleriň mydama özüni pida etme wajyplygyna duş gelmeli bolýandyklaryny bilýäris...”

Neýt Seýnt, 1956-njy ýylda Ekwadoryň jeňňelliginde ejirli ölüm bilen ölen missioner.

21-nji gün

ADATY BOLMADYK

PERMAN

LAOS: MESIHILER

Sahypanyň aşagyndaky eýmenç gyzyl möhüriň üstünde Laosyň Kommunistik partiýanyň okrug bölüminiň emblemasy görnüp durdy. Onuň üstüne ýazylan sözler ýerli mesihiler üçin has-da gorkunç bolup eşidilýärdi.

Dokumentde: “Eger haýsydyr bir adam, tire ýa-da maşgala aldaw ýoly bilen mesihiligi ýa-da başga dinleri wagyz etmeklige çekilen bolsa, olar özleriniň öňki dinine dolanyp gelmelidirler. Başga dinleri ýaýratmak düýbünden gadagan edilýär. Tabyn bolunmadyk ýagdaýynda kanuny bozujylar ýaşaýyş şertleri agyr bolan etraplara ugradylýar. Eger haýsydyr bir obanyň ýa-da maşgalanyň başga dini wagyz edýändigi bilinse,... Kommunistik partiýanyň ýerli komitetiniň agzalary olar baradaky maglumatlary ýygnap... Laosyň milli gurluşygy Fronty bölümine iberiljek sanawy düzmeli bolarlar. Bu etrapda näçe ýaşaýjynyň Mesihe ynanýandygyny bilmek aýratyn wajypdyr” diýilýärdi. Dokumentde 1996-njy ýylyň 18-nji iýuly görkezilen we oňa milli gurluşyk Frontunyň hemişelik komiteti tarapydan gol çekilen.

Soňky döwürlerde laosly mesihiler sapançanyň astynda özüniň mesihilik imanyndan ýüz öwürýändigine gol çekmeli bolýarlar. Ateistik döwlet Laosda Isa Mesihi wagyz edýän dinden başga islendik dini-de ulanmak bolar diýip hasaplaýar.

Döwletiň edýän tagallalaryna garamazdan, Laosdaky mesihilik ýygnagy ösýär, sebäbi mesihiler töweregindäkilere özleriniň imany hakda şaýatlyk edýärler.

Häkimiýetiň talaplary Hudaýyň tabşyryklaryna garşy gelende, saýlaw etmek zerur bolýar: ýa-ha adam häkimiýetine tabyn bolmaly, ýa-da gazaply yzarlanmalara duçar bolmaga töwekgelçilik edip, Hudaýyň tabşyryklaryna esaslanmaly. Biziň töweregimizdäkiler bilen parahatçylykda ýaşamaga dyrjaşýandygymyza garamazdan, öz imanymyzyň düzgünlerini adam talaplaryna tabyn edip bilmeýäris. Mysal üçin, Birleşen Ştatlaryň hökümeti mekdebiň territoriýasynda Hudaýa doga etmegi kanuna garşy diýip yglan etdi. Şeýle-de bolsa, hökümet iş ýüzünde Hudaý bilen gepleşmek isleýän talyplara hem mugallymlara doga-dileg etmegi gadagan edip bilmeýär. Beýleki häkimiýetlerem, şuňa meňzeş talaplary öňe sürüp ýa-da has gazaply dini gadagan etmeleri ýükläp biler. Emma Hudaý olaryň häkimiýetinden ýokarydyr, sebäbi adam janynyň ýeke-täk Hökümdary Oldur. Biz saýlaw azatlygyndan peýdalanyp, adam häkimligine däl-de, Hudaýa tabyn bolmany ynam bilen saýlap bileris.

”Petrus bilen resullar olara şeýle jogap berdiler: “Ynsana däl-de, Hudaýa boýun bolmak has möhümdir.”

Resullaryň işleri 5:29

22-nji gün

ADATY BOLMADYK
KONTRABANDIST

HYTAÝ: WOÇMAN NI

Mesihilik ýygnagynyň gullukçysy Woçman Niniň ygtyýarynda bary-ýogy alty sagat bardy. Ol türme kamerasynyň gapysynda nobatçylyk edýän garawula Mesihiň ýurduň duşmany däldigini düşündirmelidi, soň bolsa, ony azatlykdaky mesihilere özlerini ruhlandyrýan haty eltip bermäge yrmalydy.

Hytaýda mesihiligi ýaýratmaklyk Mao hökümeti tarapyndan yzarlanylmaga alyp barýardy. Bu "daşary ýurt kultuny" ýaýratmagy bes etme maksady bilen missionerleriň hemmesi ýurtdan kowuldy, käbirleri bolsa öldürildi. Hytaýyň mesihilik ýygnagynyň müňlerçe gullukçylary türmelere ýa-da düzediş zähmet lagerlerine iberildi. Ýöne beýle gazaply çäreleriň bardygyna garamazdan, ýygnak öňküsi ýaly ösmegini dowam etdirdi.

Polisiýa Niniň ýygnaklara ýazan ruhlandyryjy hatlarynyň türmeden çykyp, mesihileriň ellerine düşendigini bilende, onuň kamerasynyň agzyndaky garawullary iki esse köpeltdiler we garawullary ikinji gezek onuň gapysynyň ýanyna goýmagy gadagan etdiler. Garawullary Mesihe getirmäge ýeterlik bolar ýaly wagtynyň bolmazlygy üçin nobatçylyk wagty alty sagada çenli gysgaldyldy.

Ni garawula Ata Hudaýyň söýgüsi we garawulyň göklerde ebedi ýaşamagy üçin Mesihiň Öz ganynyň bahasy bilen töleg tölemäge taýýardygyny gürrüň beräirdi.

"Kommunizm saňa iş bilen çörek berip bilýär, ýöne ol saňa ebedi ýaşaýşy berip bilmeýär. Ebedi ýaşaýşy diňe Isa Mesihiň gany berip bilýär" — diýip, Ni aýdýardy.

Bäş sagatlyk wagyzdan soň, garawul gözlerini ýaşa dolduryp, Mesihi kabul etdi. Ýene bir jan Hudaýyň Patyşalygy üçin gazanyldy, Woçman Niniň haty bolsa, sagaman azatlykdakylara ýetdi.

Görgi gören mesihileriň edermenligi biziň Hoş Habary ýaýratmak üçin abatlaýjy güýji ulanmalydygymyzy öwredýär. Olaryň ugurtapyjylygy, batyrlygy we pida edijiligi biziň kalplarymyzda Hoş Habary ýaýratma islegini oýandyrmalydyr. Mukaddes Kitaplary, Hoş Habary duşmançylyk bilen garaýan ýurtlara her kim gizlin goýberip bilmeýän bolsa-da, her kim Hudaýyň Patyşalygynyň yhlasly hyzmatkäri bolup biler. Iýmitini her kimem öz goňşusy bilen paýlaşyp bilýär, imansyz adamlara şaýatlyk etmek üçin olar bilen tanyşmaga sport ýa-da beýleki sapaklara her kimem gidip bilýär. Şaýatlygyň her bir usuly köp ýagdaýlarda özüniň howply netijelerini berip biler. Şeýle-de bolsa, biz adaty günleriň ortaçalygy bilen kanagatlanyp oturmagyň deregine, mydama töwekgelçilik etmäge taýýar bolmalydyrys. Bu gün siziň Hoş Habary ýaýradyjylyk işiňiz nähili? Dünýewimi ýa-da ortaça? Ýa-da Mesihiň adynyň hatyrasyna döredijiliklimi we işjeňmi?

"Şu maksat bilen janymy aýaman zähmet çekýärin, Mesihiň özüme täsir edýän gudratly güýjüne daýanýaryn".

Koloseliler 1:29

23-nji gün

ADATY BOLMADYK

EMLÄK

PERU: RUHY ÇOPAN SAPATA

“Peruly mesihiler özleriniň Isa edýän gulluklary üçin baýraga garaşmaýarlar. Olar ellerindäki zatlarynyň hemmesini bermäge-de taýýar” — diýp, ruhy çopan Sapata gürrüň berdi.

Ruhy çopan Sapata öz myhmanlaryna asuda dag obasynyň aňyrsynda el bilen ýasalan ak haçlaryň bir toparyny görkezdi. Olar aýaga galan kommunistleriň öldüren her bir mesihisiniň hormatyna goýlupdy.

Obadaky kiçijik öýde ruhy çopan Sapatanyň öňünde agşamara partizanlaryň öldüren ruhy çopany ýatyrdy. Ýönekeýje örtgi bilen örtülen jesediň daşyny şemler gurşap durdy. Onuň töwereginde ýakynlary ýüreklerini paralap otyrdylar.

Daşarda öldürilen ruhy çopanyň adamlary Hudaýa öwgi aýdymyny aýdýardylar. Ýagyş ýagýardy. Ol ýerdäki adamlaryň hemmesiniň köwüşleri palçyga batýardy. Partizanlar ýygnagy kül -owram etdiler, mesihileriň köpüsiniň öýlerini ýakdylar. Bu zatlara garamazdan, daýhanlar Hudaýa şatlykly mezmur aýdýarlar.

Mesihiler howpsuzlykda däldiler, sebäbi partizanlar islendik minutda gaýdyp gelip bilýärdiler. Ruhy çopanlaryň başyndan partizanlaryň ar almasy inýärdi, sebäbi olar hut ruhy çopanlar obany kommunistlere garşy öjükdirýärler öýdýärdiler.

Ruhy çopan Sapata diňleýjilere Mukaddes Kitabyň Hudaýyň elleri bilen berilýän material abadançylygy däl-de, Hudaýy gözlemäge çagyrýandygyny ýatlatdy. Ol adamlardan: “Siz köýnegi näme üçin satyn alýarsyňyz?” diýip sorady. ”Ony ulanmak üçin. Isa sizi näme üçin halas etdi we adamyň günäleri üçin Öz ganynyň bahasy bilen töleg töledi? Siziň Hudaýyň Patyşalygyna barmagyňyz üçin”.

Bizi imanymyz üçin yzarlanlarynda, diňe ýitgilerde ünsi jemläp bilýäris. Biz imanymyz zerarly, özümizden ýüz öwren öňki dostlarymyz üçin gaýgylanyp bileris. Elimizden giden telekeçilik mümkinçiligine gynanyp bileris. Özümizi ýokary jemgyýetçilik toparlaryna kabul etmän wagtlarynda, biz özümize nebsimiziň agyrmasyny duýýarys. Ýöne köp adamlar material gymmatlyklardan ýa-da ýüzleý gatnaşyklardan ýokary bolan zady-da ýitirmäge taýýar bolýarlar. Bu batyr mesihiler özleriniň bar ünsüni ýitirip biläýjek zatlarynda däl-de, Mesihe gulluk etmek üçin berip biljek zatlarynda jemleýärler. Olaryň köpüsi özleriniň ýygnaklaryny, öýlerini, işlerini, maşgalalaryny ýitirdiler. Şeýle-de bolsa, olar Mesihiň işi üçin ondan-da köp pidany etmäge taýýar. Olar özleriniň ýerdäki ýitgilerine başga adamlaryň gutulyş almaklary üçin berlen mümkinçilik hökmünde garaýarlar.

“...çünki biriniň ýaşaýşy onuň mal-mülküniň bollugyna bagly däldir”.

Luka 12:15

24-nji gün

ADATY BOLMADYK

“GORKY”

LAOS: LU

Polisiýanyň yglan edilmedik buýrugy takykdy: eger khmu taýpasynyň ýa-da beýleki taýpalaryň wekili Laosyň raýatlaryny mesihilige çekýän wagtynda tutulsa, ol haýal etmän tussag edilmelidir. Eger ol taýpadaşlaryna wagyz edýän wagtynda tutulsa, onda öldürilmelidir.

Poliseýler wagyzçy Lunyň ellerini hem aýaklaryny gandallap, masgaralap, obanyň içinden geçirdiler, soň hem, ony çukura taşladylar. Olar oňa: “Eger seniň obaňdan ýüz sany mesihi özleriniň dini pikirinden el çekse, biz seni goýberýäris” diýdiler. Ýöne obada kommunistik häkimiýetiň bähbidi üçin Mesihden ýüz öwürmäge taýýar adam tapylmady. Şol wagtda ýerli polisiýanyň başyna betbagtçylyklar indi. Polisiýa uçastogynyň başlygynyň uly ogly awtomobil heläkçiligine uçrady-da, iki aýagyny döwdürdi. Onuň kiçi ogly agyr syrkawlady. Luny ýenjen polisiýa işgäri ýürek agyrysyndan tarpa taýyn öldi. Yrymçyl polisiýa işgärleri Luny çukurdan çykaryp, oňa öýüne gitmegi tabşyrdylar. Indi olar bu obanyň beýleki mesihilerine garşy zorluk ediji çäreleri görmäge gorkýarlar.

Hudaýyň munuň ýaly kuwwatly hereketiniň şaýatlary bolan khmu taýpasynyň öňküdende köp adamy Mesihi kabul etdiler. Ozal ýygnakda ýüz adam bardy, indi bolsa ýedi ýüz boldy. Adamlar goňşularyna Isa hakda gürrüň bermek üçin goňşy obalara gitdiler. Laos hökümeti özleriniň tanamaýan Hudaýynyň jezasyndan gorkup ýörkä, Aziýanyň Günorta — Gündogaryndaky mesihiler döwlet tarapyndan gazaply jezalandyrylmadan gorkyny ýeňdiler.

Gorky adamy herekete getirýän esasy güýçleriň biridir. Gorky fond biržalaryny dolandyrýar we nebit ugrunda uruş alyp barýar. Gorkynyň döredýän energiýasy ullakan ýamanlyk üçin ulanylyp ýa-da beýik ýagşylyga gönükdirilip bilner. Professional boksýorlar köplenç gorkyny özleriniň dosty hökmünde atlandyrýarlar. Gorky olary has gowy boksýor edip bilýär. Gorky olarda taýýarlyk ýagdaýyny saklap bilýär. Ol olaryň aýgytlylygyny işjeňleşdirip bilýär. Bizi Öz işiniň has gowy söweşijisi etmek üçin Hudaý hem, öz gorkymyzy ulanyp biler. Her gezek gorky duýanymyzda, biz mümkin bolmadyk zatlary etmäge ukyply bolýarys. Näme üçin? Sebäbi öz güýjümiz üçin mümkin bolmadyk zat Hudaýyň kömegi bilen mümkin bolýar. Gorky bizi öz mümkinçiliklerimizden ýüz öwrüp, Hudaýa daýanmaga mejbur edýär. Şeýlelikde, adatdan daşary gorky bizi adatdan daşary imana getirip bilýär.

“Reb meniň nurumdyr,
Halasgärimdir; kimden
gorkaýyn?”

Zebur 27:1

25-nji gün

ADATY BOLMADYK
GYMMATLYK

SUDAN: PITER

Misden edilen el gandallaryna arapça "bakle" diýilýär. Piter olary mukaddes zat kimin saklady. Olar onuň maşgalasyna öz geçmişini we beýik ak patany ýatladyjy bolup gulluk edýärdi.

Bakleni Piteriň atasy bejeripdi, ýogsam, bu onuň öz edýän käri däldi. Gandallary dakmaga onuň atasyny musulman hojaýynlary mejbur edýärdi. Piteriň atasy Günorta Sudandan ogurlanylyp, Demirgazyga iberilipdi, şol ýerden hem, ony gul edip satypdylar.

Hojaýynlarynyň özüni surnukdyryýandyklaryna we gynaýandyklaryna garamazdan goja Mesihden ýüz öwürmändir we yslama geçmändir. Ol öz imanynda berk durupdyr, şonuň üçin hem, teninde Hudaýa wepalylygy sebäpli, urlan ugrularyň ýara yzlaryny göterip gezipdir. Ol musulman bolmandygy sebäpli, oňa haýwana garan ýaly garapdyrlar.

Goja ölmezinden azrak wagt ozal bakleni elinden çykaryp, ony Piteriň kakasyna beripdir. "Biziň maşgalamyz mydama gulçulykda bolmaz, ýöne biz gulçulygy-da hiç haçan ýatdan çykarmaly däldiris" — diýipdir.

Soňrak kakasy musulman hojaýynyndan gaçyp, azatlyga çykanda, bakleni Pitere beripdir. Häzir bakle hususylyk belligi bolup gulluk edenok-da, Hudaýyň hemme zady ýeňiji güýjüniň nyşany boldy. Bakle — Hudaýyň Piteriň maşgalasyny üç nesliň dowamynda halas eden we azatlyga getiren güýjüniň nyşanydyr.

"Meniň halkymy hiç haçan ýatdan çykarmaň. Sudandaky yzarlanylýan mesihiler üçin Hudaýa doga etmegi hiç wagt bes etdirmäň" — diýip, Piter haýyş edýär.

Ýatdan çykaryjylyk — biziň doga-dileg etmämiziň esasy duşmanydyr. Biz özümiziň töwellaçylyk ediji doga-dilegimizi aňsatlyk bilen teklip edýäris, emma, gynansakda, ýagşy niýetlerimiz dogrudanam, bu borjy ýerine ýetirip, mätäçler üçin dyngysyz doga-dileg ederden köplenç güýçli bolup durmaýar. Bütin dünýäde yzarlanylýanlar üçin Hudaýa doga etmegi size näme ýatladyp biler? Muny sagadyň siferblatynda ýelmengi duran kiçijik kagyzjygam ýatladyp biler. Her gezek günüň dowamynda sagada seredeniňizde, dini yzarlanma şertlerde ýaşaýan adamlary ýada salyp bilersiňiz. Doga-dileg etme zerurlygyny özüňize ýatlatmanyň haýsy usulyny saýlan bolsaňyzda, ony hökman ulanyň. Özleri üçin doga-dileg edilmegi, belki, şu günem, hemme zady üýtgedip biler.

"Dyngysyz doga-dileg ediň"

1 Salonikliler 5:17

26-nji gün

ADATY BOLMADYK
BATYRLYK

RUMYNIÝA: ÝAŞ GYZ

Tussaglykdaky aýallar motoryň sesini eşidenlerinde — konwoirler gelende — wagt ýarygijä ýetdi diýen ýalydy. Aýallar derrew Mesihe bolan imany üçin ölüm jezasyna höküm edilen tussagyň, 22 ýaşly ýaşajyk gyzyň daşyna üýşdüler. Olar howlugyp, pyşyrdy bilen hoşlaşdylar. Ýaş rumyn zenany aglamady we rehim edilmegini soramady.

Agşam aýallar bu ýaş gyz bilen gürleşenlerinde, onuň ýüzi söýgi bilen öwşün atýardy. "Meniň üçin bu ölüm gökdäki şähere barýan ýoldur. Ol şäheriň gözelligini kim wasp edip biler? Ol ýerde gaýgy ýokdur. Ol ýerde diňe şatlyk bilen aýdym bardyr. Hemmeler ak eşiklidirler. Ol ýerde biz Hudaý bilen ýüzbe-ýüz görşüp bilýäris. Ol ýerde adam dili bilen beýan edip bolmajak bagt näçe diýseň bardyr. Men näme üçin möňňüreýin? Näme üçin gaýgylanaýyn?" — diýip, ol aýtdy.

Ol nikalaşandy, şonuň üçin durmuşa çykmalydy, ýöne öz ömrüniň soňky gijesinde ol Gökdäki Ýigide duş geljekdigini kameradaşlaryna aýtdy.

Konwoirler kameranyň ýanyna gelenlerinde, höküm edilen gyz özüniň soňky ýoluna taýýar bolup, olara tarap ädimläp başlady. Töweregini gurşap duran konwoýlaryň ortasynda kameradan çykyp barşyna, bu gyz resullaryň iman Nyşanyny sesli aýdyp başlady. Ömür tanapyny kesen atuw sesi türmede eşidilmedi. Jellatlar ýaş gyzyň ýerdäki ömrüni kesendiris öýtdüler, aslyýetinde bolsa, olar ony ebedi ýaşaýşa, iň gowy ýere iberipdiler.

Gaýduwsyzlyk — bu bizi ýerdäki wagtlaýyn ýaşaýyşdan düşündirip bolmaýan, yhlas bilen islenilýän gökdäki geljege alyp geçýän köprüdir. Gökdäki ýaşaýşyň hakykylygyna doly akyl ýetirýänler üçin kynçylyklardan doly ýerdäki durmuşy göklerdäki ebedilik raýatlyga çalyşmak gaty aňsat bolýandyr. Gaýduwsyzlyk bize ýerde berk ýapyşýan, bize ýerde uzak wagtlap galmagy islemäge mejbur edýän zatlarymyzyň hemmesinden azat bolmaga kömek edýär. Ölümden soňky ýaşaýşa ynanmak üçin berk iman bilen batyrlyk gerekdir. Nähili-de bolsa, ýerdäki ýaşaýyş — bu ölüm pursaty gelmezinden öň bilýän zadymyzdyr. Mesihiň Özi bilen bilelikde bakyýete geçmegimize mümkinçilik berjekdigini bilip, imandan dolup, ýola düşenimizde, biz gaýduwsyz bolýandyrys. Günleriň birinde berk karara gelenimizde, biz ýaşaýşyň manysyny görüp, ölümi gaýduwsyzlyk bilen kabul edip bileris.

"...meniň üçin ýaşaýyş Mesih,
ölüm hem gazançdyr".

Filipililer 1:21

27-nji gün



“Biz serhetleriň açylmagy üçin dileg edýäris. Biz gökleriň açylmagy üçin doga-dileg edýäris”.

Wýetnamdaky yzarlanylýan ýygnagyň doga-dilegi.

28-nji gün

ADATY BOLMADYK
MISSIÝA

BUTAN: RUHY ÇOPAN NORBU PROMILA

Ruhy çopan Norbu Promila özüniň Butanyň daglarynda geçirýän ýygnanyşyklaryndan gönühoşdy. Ýygnanýanlar juda ünslüdiler we Hoş Habar üçin açykdylar. Ýöne wagyzyň ortarasynda gapydan okdurylyp girdiler-de, tagtadan ýasalan meýdança mündüler we Norbuny tutdular.

Ruhy çopan Norbu Promilany türmä saldylar we Hoş Habary wagyz etmeden el çekmäge mejbur etjek bolup, gynadylar. Onuň kellesine erbet zeper ýetdi. Ol öýüne maýyp bolup gaýdyp geldi-de, on günden soň düşen ýaralar zerarly öldi.

Ruhy çopan Promilanyň ýygnak agzalary duşmançylykly induizm bolan ýurtda onuň missiýasyny ýerine ýetirmegi dowam etdirdiler. Ruhy çopanyň ölenine köp wagt geçmänkä, olar ýygnanyşyp, dagdaky taýpalaryň arasynda Norbunyň işini dowam etdirmek üçin meýletinleri çagyrdylar. Bu üýşmeleňde bäş el galdyryldy. Ol elleriň arasynda ruhy çopanyň aýalynyň elem bardy. Ol Hudaýyň missionerçilik işini alyp barma, şol bir wagtyň özünde-de, özüniň bäş çagasyna seretme çakylygyna jogap berdi.

Ol wepalylyk bilen gulluk etdi we beýlekiler bilen bilelikde dagdaky taýpalaryň diýseň köp adamlarynyň Mesihe gelişlerini gördi. Hudaýam, Öz gezeginde onuň özüni-de, bäş çagasyny-da ýaşaýyş serişdeleri bilen gowy üpjün etdi. Promilanyň dul galan aýaly günleriň birinde özüniň adamsyny görjekdigine we özüniň Mesihe bolan wepalylygy üçin sylaglanjakdygyna berk ynanýar.

Biziň Reb üçin alyp barýan gullugymyz bu ýönekeý bir iş däldir — bu missiýadyr. Missionerçilik işi bolsa, diňe bir adamyň wezipesi däldir. Ol dolulygyna ýeketäk Mesihde we Onuň Patyşalygynda jemlenendir. Hudaý üçin zähmet çekýän missioneriň dünýäden ötmegi mümkin, ýöne missiýanyň özi hiç haçan ýok bolup gidýän däldir. Hudaýyň işi hiç haçan bes edilmeýär we gutarylman galmaýar. Ol iş tamamlanýança dowam edýändir. Öz imany üçin yzarlanmalara taýýar bolanlar bize missiýanyň manysyny öwredýärler. Olar Hudaýyň işiniň hiç wagt bes edilmeýändigine we adam janynyň ebedi ýaşaýandygyna düşünýärler. Eger biz ömrümizi gulluga bagyş etmäge taýýar bolsak, onda onuň netijeleriniň ebedi ähtimeýte eýe boljakdygyny ýatda saklamalydyrys.

"Sizde ýagşy işi başlan Hudaýyň muny Isa Mesihiň geljek gününe çenli bitirjekdigine ynanýaryn".

Filipililer 1:6

29-nji gün

ADATY BOLMADYK

GANHOR — 1-NJI BÖLÜM

BANGLADEŞ: ENDRÝU

Hoş Habarçy Endrýu ganhoryň näme sebäpden atmandygyna haýran galyp, ýere oklanylan sapança seretdi. Ganhor birden bar aýgytlylygyny ýitirip, soň hem, gorkup, ahyrynda-da gaçyp giden ýaly boldy.

Telefon jyňňyrdady. Endrýu trubkany alanda, birnäçe minut mundan ozal özüni öldürmek üçin gelen adam bilen gürleşýänine düşündi.

"Meniň seni öldürmegim üçin yslamyň ýolbaşçylary maňa uly töleg teklip etdiler. Men seni gözläp tapmak üçin tutuş Bangladeşiň içini aýlandym. Tölenen pul eýýäm meniň jübimdedi. Men atmaga taýýardym, ýöne birden barmagymy gymyldadyp bilmeýändigime düşündim, men sapançanyň gulagyny gysyp bilmedim" — diýip, ganhor düşündirdi.

Wagyzçy pikirinde Rebbi gorany üçin şöhratlandyrdy, daşyna çykaran sesi bilen: "Indi men siziň üçin näme edip bilerin?" — diýdi.

"Sen zerarly indi men elimi gymyldadyp bilemok! Maňa kömek et!"

Endrýu telefonyň ýanyndan aýrylman, özüni öldürjek bolan adam üçin Hudaýa doga etdi we oňa Hudaýyň şypa berenini eşitdi. Bu gudrata akly haýran bolan ganhor soňra Endrýu wagyzçynyň öýüne gaýdyp geldi-de, öz düşünişiçe, musulman ýolbaşçylarynyň gorkýan Isasy hakda özüne gürrüň bermegini haýyş etdi. Wagyzçy sabyrlylyk bilen Isanyň söýgüsi hakdaky Hoş Habary düşündirdi. Ol özüni öldürmek üçin gelen adama çaý teklip etdi. Kyrk minut geçenden soň, ol adam Isany öz ýüregine kabul etdi. Öňki hakyna tutulan ganhoryň gullugy şeýtanyň işinden ýokary çykdy. Ol häzir Bangladeşde missionerçilik gullugyny alyp barýar.

Missioneri öldürmäge edilen synanyşyk kinikomediýanyň bir sýužeti bolup bilerdi. Onuň baş gahrymany Endrýu diňe bir öz duşmanynyň planyny weýran etmän, eýsem, bu plany bulaşdyryp, hakyna tutulan ganhory çaýa çagyrdy. Bu çaý içişlik gahnoryň imana gelmegi bilen tamamlandy. Ýöne bu kinosýužet däl. Rebbiň bu işe gatyşjakdygy şeýtanyň planyna girenokdy. Endrýu siziň hem pida däl bolşuňyz ýaly, pida bolmady. Ýöne missioner ölen bolaýanda-da, onuň ölümi barybir şaýatlyk bolardy. Şeýtanyň hilelerinden tapawutlylykda Hudaýyň siziň durmuşyňyz babatdaky plany bozulýan däldir.

"Seniň eliňden hemme zat gelýär, Göwnüňe gelen zady amala aşyrýaň".

Eýýup 42:2

30-nji gün

ADATY BOLMADYK
HOŞ HABARY WAGYZ EDIŞ

RUMYNIÝA: SABINA WURMBRAND

Sabina Wurmbrand adamsyna tarap eglip: "Riçard, tur, Mesihiň ýüzünden bu masgaraçylygy ýuwup aýyr. Olar göni Mesihiň ýüzüne tüýkürýärler!" diýdi.

"Eger men şeýle etsem — diýip, Riçard Wurmbrand aýalyna ýiti nazar bilen seretdi — sen äriňi ýitirýärsiň".

"Men gorkak ärli bolmak islämok" — diýip, Sabina aýtdy.

Olar Rumyniýanyň Milli dini kongressinde otyrdylar. Bu kongress nemesleriň hökümdarlygy sowlup, ýurduň içine sowet goşunlary geçenden soň tizara bolupdy. Mesihi ruhy çopanlary, ruhanylar, ähli dini konfessiýalaryň gullukçylar biri-biriniň yzyndan çykyp, Iosif Staliniň we eýýäm müňlerçe mesihileri türmä taşlan täze kommunistik häkimiýetiň üstüne öwgi baryny ýagdyrdylar.

Riçard çykyş etmek üçin ýerinden turanda, köpler meşhur ruhy çopan kommunistleriň režimini we olaryň serdaryny öwýän märekä goşular diýip pikir edip tolgundylar. Emma Riçard gutulyşa tarap barýan ýeke-täk ýol hökmünde Isa Mesihi öwüp başlady. "Hemme zatdan öňürti biz kommunistik serdarlara däl-de, Hudaýa wepaly bolmalydyrys — diýip, ol ýygnaga ýüzlendi. Kongresse gatnaşyjylaryň çykyşlaryny Rumyniýanyň radiosynda berip durdular, şonuň üçin bütin ýurtdaky ýüzlerçe müň adamlar Riçard Wurmbrandyň çagyryşyny eşitdiler.

Ruhy çopanyň näme hakda gürrüň edýändigine düşünen gizlin polisiýanyň işgärleri sahna tarap ylgadylar. Ýöne sahnadan gidip, şowly gizlenmeklik Riçarda başartdy. Soňrak ol barybir tussag edilip, on dört ýylyny türmede geçirdi.

Biziň köpümize tutuş ýurduň öňünde Mesihiň tarapyny almaklyk hiç haçan miýesser etmezligi mümkin. Ýöne her birimiz nirede bolsagam, Onuň tarapyny almaklyga çagyrylandyrys. Şeýle eden wagtymyzda näçe adamyň bardygy wajyp däl-de, muny özümiziň hakyky nukdaýnazarymyzdan etmek wajypdyr. Belki, durmuşymyz öz aýdan sözlerimize bagly bolup durmaz. Eger öz pikirimizi sesli aýtsak, onda işimizi ýitirmegimizem mümkin bolup biler. Belki, ýakynlarymyz hem dostlarymyz bilen gatnaşyklarymyzy ýitireris, maşgalamyz bizden ýüz öwrer. Her neneň bolanda-da, bütin ömrüňe garaýyşlaryň bolmandygyna gynanyp ýöreniňden, olaryň ajy netijelerini çekeniň gowudyr. Siz bu gün haçan we nirede Mesihiň tarapyny alma mümkinçiliginden peýdalanjaksyňyz?

"...men... Mesihiň Hoş Habaryny ýaýratdym".

Rimliler 15:19

31-nji gün

ADATY BOLMADYK
KÄMILLIK

ÝAPONIÝA: IBARAGI KUN

Ýigrimi alty mesihiniň hemmesinem sud edip, günäli hasapladylar-da, ölüme höküm etdiler. Köp wagt geçmänkä, olary jeza beriljek ýere getirdiler. Bolgusyz ýasalan haçlar gussa bilen ýokary galyp durdy. Üç aý mundan ozal bu adamlary Kiotoda tussag edip, Mesihi wagyz etmekde aýyplapdylar. Tussag edilenleriň biriniň ady Ibaragi Kundy.

Kunuň ýaşdygyny gören başlyk, ony bir gyra çekip, öz janyny halas etmek üçin imanyndan el çekmegi teklip etdi. Oglan başlygyň gözlerine seredip, ynam bilen: "Eger siz mesihi bolsaňyz, has gowy bolardy. Şonda sizem meniň bilen bilelikde göklere gidip bilerdiňiz" diýdi.

Başlyk oglanyň yranmaz imanynyň bardygyna haýran galdy. Ibaragi: "Bu haçlaryň haýsy meniňki?" — diýip sorady.

Başlyk aljyrap, ýigrimi alty haçyň iň kiçisini görkezdi. Ýaşajyk Kun konwoýa ünsem bermän, haçyň ýanyna ylgap bardy-da, dyza çöküp, ony gujaklady. Esgerler oglany tutup, onuň ellerini hem aýaklaryny haça çüýläp başladylar. Kun agyrydan ýaňa gygyrmady. Ol Hudaý tarapyndan özüne öňden bellenilen ykbaly batyrlyk bilen kabul etdi.

1596-njy ýylyň 23-nji noýabrynda ýigrimi alty mesihiniň haça çüýlenilmegi Ýaponiýada mesihileri güýçli depginde yzarlamalaryň başyny başlady. Şondan soňky ýetmiş bäş ýylyň dowamynda imany sebäpli, milliondan gowrak ýapon mesihisi öldürildi. Şonda mesihileriň köpüsi ruhy taýdan kämil bolan on iki ýaşly oglan bolan Kunuň göreldesine eýerip, özleriniň haçyny gujakladylar.

Ruhy kämillik dogluş hakyndaky şahadatnama bilen kesgitlenilmeýär. Ýaş garaýyşlar bilen asla baglanyşykly däldir. Elbetde, ruhy kämillik — bu biziň Mesih bilen gündelik gatnaşyklarymyzdyr. Biz öz kämilligimizi imanymyzy her gün nä derejede dogry görkezýändigimiz bilen kesgitleýäris. Giň ýaýran garaýyşlaryň tersine, ruhy kämillik — bu Mukaddes Kitaby nä derejede gowy bilýändigimiz däldir. Adamlaryň köpüsi Mukaddes Kitap bilen örän gowy tanyş, şeýle-de bolsa olar ruhy kämillikden uzakdadyrlar. Hudaýyň tabşyryklaryna eýermeklik kämilligiň görkezijisidir. Biziň nä derejede ruhy taýdan ösýändigimizi bilmegimiz üçin bir sorag ýeterlikdir. Biz her gün özümizden: "Biz düýnkä seredende, Mesihe näçeräk köp meňzedik?" Jogap biziň ösüşimiziň hakyky şöhlelenmesi bolar.

"Ýaşdygyň üçin saňa hiç kim äsgermezlik etmesin. Sen hem sözde, ýaşaýyşda, söýgüde, imanda we päklikde iman getirenlere görelde bol".

1 Timoteos 4:12

32-nji gün

ADATY BOLMADYK
"ISLEG"

FILIPPIN: 10 ÝAŞLY GYZJAGAZ

"Meniň köýnegim — diýip, gyzjagaz pyşyrdady, ýöne dodaklarynyň çişi zerarly, onuň sözleri düşnüksiz eşidildi. — Haýyş edýärin, maňa köýnegimi beriň. Ony tutup göreýin".

Gyzjagazyň krowadynyň daşyny gurşap duran mesihiler gussalydylar. Içinde zeper ýeten ýeriniň köplügi sebäpli, lukmanlar ony eýýäm halas edip bilmeýärdiler. Birnäçe hepde mundan ozal mesihiler gyzjagazyň täze durmuşa gadam basandygyny, arassaja ýüregini Mesihe berendigini bellemek üçin oňa ak köýnek satyn alypdylar.

Gyzjagazyň Mesihiň yzyna eýerme kararyna gelmegi kakasynyň gaharyny getiripdi. Bir gije kakasy serhoş ýagdaýda gaharlanyp, gyzyna topulyp, ony depip urdy. Kakasy gyzyny köçäniň hapasynyň içinde ýatyp öleri ýaly, goýup gaýtdy. Ertir bilen gyzjagazyň ýygnaga gelmändigi sebäpli, mesihiler ony gözlemäge gitdiler. Olar gyzjagazy huşundan giden ýagdaýda tapdylar. Onuň egnindäki ozal ak bolan köýnegi gana hem hapa bulanypdy. Gyzjagazy lukmanyň ýanyna alyp bardylar, ýöne ýeten zeper gaty agyrdy.

Birden gyzjagaz köýnegini sorady.

"Köýnegiň zaýalanypdyr" — diýip, köýnegiň zaýalanan görnüşi gyzjagazy gutarnykly ruhdan düşürer öýdüp gorkan dostlary oňa gynanç bilen jogap berdiler. On ýaşly çaganyň tebigy häsiýeti bilen ol pyşyrdap: "Haýyş edýärin, maňa köýnegimi beriň, men ony Isa görkezmek isleýärin. Isa meniň üçin gan dökmäge taýýar bolupdy. Men diňe Isanyň meniň hem Özi üçin gan dökmäge taýýar bolandygymy görkezmek isleýärin" diýdi. Bu sözlerden köp wagt geçmänkä, gyzjagaz öldi.

Biziň ukyplarymyz Hudaýy gyzyklandyrmaýar. Biz zehinli, ugur tapyjy, baý, kwalifisirlenen, meşhur, gowuja bolup bileris. Öz ukyplarymyzy Hudaýa gulluk etmek üçin teklip etmeklik biziň Oňa özümizi doly bermäge taýýarlygymyz bilen deňeşdirilýän däldir. Öz ukyplarymyz hakda biziň özümiz pikir edip bilýäris — biz Hudaý üçin haýsydyr bir işi nähili edip bilýändigimizi görüp bilýäris. Biziň taýýarlygymyz bolsa, diňe Hudaýa mälimdir — biz diňe Hudaýyň Özüne gulluk etmegimiz üçin bizi nähili ulanjakdygyny çaklap bilýäris. Hudaý üçin peýdaly bolmaklyk islendik baha bilen Oňa tabyn bolmaga taýýar bolmaklygy aňladýar. Öz ukyplarymyza garamazdan, Hudaý biziň Özüne gulluk etmäge taýýar bolmagymyzy isleýär. Bu-da, Hudaýyň sylagydyr. Ol bize "isleg" — Özüne peýdaly bolma islegini ýa-da yhlasly höwesi — berýär.

"Çünki Hudaý Öz gönünden turýan işleri etmek üçin size gujur-gaýrat berip, sizdäki işini amal edýär".

Filipililer 2:13

33-nji gün

ADATY BOLMADYK
ÝATLAMA

SUDAN: JEÝMS JEDA

"Ot ýakar ýaly odun ýyg!" — diýip, esgerler buýruk berdiler. Ýaşajyk Jeýms Jeda esgerler özlerine nahar bişirjekdirler öýtdi. Şol gün ol radikal musulmanlaryň öz ene-atasyny, dört uýasyny we inilerini öldürişlerini erbet gorky içinde gördi. Jeýmse bolsa, diňe işçi güýji hökmünde ulanmak üçin rehim etdiler.

Ot gowuja tutaşan wagtynda, esgerleriň özüni tutmaga synanyşmasy Jeýmsi gaty gorkuzdy. Ol gaçmaga çalyşdy. Ýöne esgerler güýçlüdiler, şonuň üçin ony derrew tutup, ellerini hem aýaklaryny daňdylar.

"Saňa gowy habarym bar, ýigit, sen diri galýarsyň. Ýöne munuň üçin sen musulman bolup, bize goşulmalysyň" — diýip, esgerleriň biri gülki bilen aýtdy.

"Men musulman bolup biljek däl. Men eýýäm mesihi boldum" — diýip. Jeýms garşy çykdy.

Ýaş ýigidiň yranmaz imanynyň bardygyna gaharlanan esgerler ony oda atdylar. Olar köp eglenip durman, Jeýms barybir öler öýdüp gitdiler. Ýöne Jeýms ölmedi. Ol oduň içinden togalanyp çykyp hem kömege çagyryp bildi.

Jeýmsiň janyny halas etmek başartdy, ýöne ol bedeninde şol gün baradaky ýatlamany mydama göterer ýörer. Onuň teninde derisiniň ýamalan ýerleri, ýara yzlar galdy, bir elini ot doly maýyp etdi. Göklerde ýara yzlary hormatyň nyşany, Jeýms Jedanyň Mesihden ýüz öwürmekden boýun towlan güni hakdaky ýatlama bolar.

Adamlaryň köpüsi suwenirleriň deňinden geçip bilmeýärler. Olara aeroportdaky ýa-da demir ýol wokzalyndaky sowgat satýan dükanyň deňinden geçmek hem-de gezelenjiniň ýatlamasy boljak suwenir satyn alma pikirine özüni aldyrmazlyk kyn bolýar. Ýöne durmuşymyzdaky iň ähmiýetli duýgyny — Mesihiň öňündäki borçlarymyzy — bize näme ýatladýar? Käbirleri öz garaýyşlaryna garşy gitmezlik üçin özleriniň aýlygynyň ýa-da wezipesiniň ýokarlanmagyndan ýüz öwrendiklerini ýatlaýarlar. Beýlekileri bolsa, orta mekdepdäki klas otagyna seredip, kemsidilmäni başdan geçirmegiň nämäni aňladýanyny şu ýerde nädip ilkinji gezek bilendiklerini ýatlaýarlar. Ýene biri imandaky doganynyň mazarynyň üstündäki mermere seredende, mermer oňa öz borçlarynyň manysyny ýatladýar. Bu "suwenirler" — siziň Isa Mesihe bolan imanyňyzyň tükeniksiz wajyp ýatlamalarydyr.

"Men her gezek siz barada oýlananymda, Hudaýyma şükür edýärin".

Filipililer 1:3

34-nji gün



“Men özüm üçin Hudaýa doga edýändiklerini fiziki taýdan duýdum. Hatda men hiç zat bilmedik wagtymda-da, hat almadyk wagtymda-da, edil oduň ýanynda oturan ýaly, ýylylyk duýdum. Käwagt örän sowuk ýer bolan karserde şeýle bolýardy. Meniň gönüme kimdir biri özüm üçin doga-dileg edýän we men hakda pikir edýän ýaly bolýardy. Bu maňa goldaw berýärdi. Muny düşündirmek kyn... men özümi unutmandyklaryny duýýardym we bilýärdim. Meniň iň agyr pursatlary geçirmegim üçin şu ýeterlikdi”.

Irina Ratuşinskaýa, mesihi şahyry — 1987-nji ýyla çenli köp ýyllaryň dowamynda sowet türmeleriniň ýesiri.

35-nji gün

ADATY BOLMADYK

ADALAT

RUMYNIÝA: RUHY ÇOPAN FLORESKU

Ruhy çopan Floresku kommunistleriň öz ogluny uruşlaryna seredip oturyp bilmedi. Onuň özünem eýýäm iki hepdeden bäri ýenjip, ýatara goýmaýardylar. Kamerada näçe diýseň aýlanyp ýören alakalar onuň üstüne hüjüm edýärdiler. Rumyn polisiýasy Floreskunyň öz gizlin ýygnagynyň beýleki agzalaryny satmagyny isleýärdi. Polisiýa olary-da tussag etmekçi bolýardy.

Urgularyň hem gynamalaryň hiç hili täsir etmeýänini görenlerinde, jellatlar Floreskunyň ogluny — bary-ýogy on dört ýaşly Aleksandruny — tutup geldiler. Olar oglanjygy ýenjip başladylar. Ruhy çopana bolsa, eger mesihileriň atlaryny aýtmasa, onda oglany ölýänçä ýençjekdiklerini aýtdylar. Ahyrsoňy, özüni bilmän, olar saklanar ýaly, Floresku gygyrdy.

"Aleksandru, men olara isleýän zatlarynyň hemmesini aýtmalydyryn! Men olaryň seni ýenjişlerine mundan artyk seredip durup biljek däl" diýip, ogluna gygyrdy.

Aleksandrunyň teni göm-gökdi, bar ýerine gan öýüp durdy, burnundan hem agzyndan gan çeşme kimin akýardy. Oglan kakasyna seredip: "Eger meniň kakam dönük bolsa, men muňa çydam edip bilmerin. Özüňi sakla! Eger meni öldürseler, men Isanyň ady bilen ölerin" diýdi.

Oglanjygyň batyrlygy kommunist garawullary guduzlan ýaly etdi, şonuň üçin olar ony kakasynyň göz öňünde urup öldürdiler. Ogul diňe bir öz imanyndan ýüz öwürmezlik bilen çäklenmäm, eýsem, kakasyna-da imanda berkemäge kömek etdi.

Näme, dünýäde adalat ýokmuka? Bigünä adamlara garşy edilýän eýmenç wagşyçylyklar hakda okanymyzda, biz bu soragy özümize bermän bilmeýäris. Adamlara görkezilýän zalym görgüler hakda eşidenimizde, biziň imanymyzyň gowşamagy mümkin. Halas ediji rehimdarlygyň "gijä galýanyny" görenimizde, ruhdan düşmegimiz mümkin. Dogrudanam, bu dünýäde adalat ýokmuka? Biziň soragymyza jogap hökmünde Mukaddes Kitap: "Hawa-da, entek ýok" diýýär. Hawa, zalymlaryň käbirleriniň üstünden jeza şol ýerde inýär. Şeýle-de bolsa, Hudaýyň hemme zady başarýan eli entek bu ýeriň üstüne goýberilmedi. Döwürleriň ahyrynda şeýle bolar. Biz garaşmakdan ýadaýarys, ýöne höküm gutulgysyzdyr. Ondan gaçyp gutulmak mümkin däldir.

"Ejizlemez, ruhdan düşmez
ol, ýer ýüzünde adalaty
berkidýänçä..."

Işaýa 42:4

36-nji gün

ADATY BOLMADYK
JOGAP

KUBA: TOM UAÝT

Tom Uaýtyň kellesine gara haltany geýdirenlerinde, ol özüniň indi günüň ýagtysyny görüp-görmejegini bilmedi. Ol kubaly garawullardan: "Siz meni nirä alyp barýarsyňyz?" diýip sorady. Garawullar hiç hili jogap bermediler.

Soňky ýedi ýylyň dowamynda Tom Kuba mesihilik kitaplaryny gizlinlikde getirdipdi. Beýlekiler bilen bilelikde ol kommunistik adanyň kenarlaryna Hoş Habar kitapçalaryny uçardan oklaýardy. Ýöne ol bu materiallaryň niýetlenilen maksatlara ýeten ýetmänini barybir bilmeýärdi.

"Hudaýym! Biziň zähmetimiziň biderek däldigine bize tassyklama ber" — diýip, ol doga-dileg edýärdi.

Gaýly howa wagtynda onuň uçary Kubanyň awto ýoluna gondy. Tomy uçarman Mel Beýli bilen bilelikde tutdular. Alty hepdeläp ýekelikdäki kamerada saklanlaryndan soň, olary Kuba razwedkasynyň ofiseri, kapitan Santos bilen duşuşyga getirdiler. Olary Kubanyň döwlet howpsuzlygyny bozmakda aýypladylar.

"Biziň adamlarymyz suwa düşülýän ýerlerde we atyzlarda şunuň ýaly müňlerçe bukjalary tapdylar" — diýip, kapitan birnäçe aý mundan öň oklanylan bukjalaryň birini elinde tutup gygyrdy.

Tom zordan ýylgyrman saklandy. "Meniň doga-dilegime jogap bereniň üçin sag bol, Rebbim. Biziň işimiziň biderek bolmany üçin sag bol" — diýip, Tom pikirinde Hudaýa minnetdarlyk bildirdi.

Rebbiň Toma beren jogaby Tomuň özüne juda gymmat düşdi. Ol uzak möhletli türme tussaglygyna höküm edilip, 21 aýyny Kuna türmesinde geçirdi. Ol ýerde Tom gizlin ýygnagyň köp agzalary bilen tanyşdy we hatda Fidel Kastronyň režimininiň şertlerinde, ýygnagyň ösmegi dowam etdirýändigini bildi. Ine, Hudaý Tomuň dilegine nädip jogap berdi!

Doga-dileglere berilýän jogaplaryň nähili baha düşýändigini mesihiler bilýärlermi? Eger biz Hudaýyň öz doga-dileglerimize jogap bermegini isleýän bolsak, onda Onuň jogabyny islendik şertlerde almaga taýýar bolmalydyrys. Doga-dilege berilýän gymmatly jogap, şol jogaby alma prosesine özümiziňem gatnaşan jogabymyz bolýandyr. Biz Hudaýa öz doga-dilegimizi ýetirýäris, ýöne Oňa öz durmuşymyzy berýärismi? Biz yzarlanylýanlar we ezilýänler üçin ýygy — ýygydan Hudaýa doga edip bilýäris. Eger bizi olara iýmit bilen kömek etmeklige ýada başga kömegi bermeklige çagyrsalar näme? Eger biz özümiziň kynçylyga düşen wagtymyzda Hudaýdan kömek etmegini soraýan bolsak, onda kimdir biriniň durmuşynda jogabyň bir bölegi bolmaga hem taýýar bolmalydyrys. Sizde doga-dileg etseňizem, entek takyk jogabyny almadyk kynçylygyňyz barmy? Belki, Hudaý jogabyň bir bölegi bolmagyňyza garaşýandyr?

"Şoňa görä-de, biz diňe Hudaýyň Hoş Habaryny däl, eýsem ýüregimiziň töründen orun bermäge-de taýyndyk. Çünki bize gaty eziz bolduňyz".

1 Salonikliler 2:8

37-nji gün

ADATY BOLMADYK
ŞAÝATLAR

AMMORIÝA: ÝEDI TUSSAG

Musulmanlar ýedi ýylyň dowamynda "kapyrlary" yslama getirmäge synanyşdylar. Emma türmäniň tümlügine taşlanylan mesihiler tutanýerlilik bilen boýun gaçyrdylar.

"Muhammet — Allanyň iň beýik pygamberidir. Ol Allanyň ýeke-täk hem soňky pygamberi bolupdy" — diýip, ymamlar mesihilere nygtap aýdypdylar.

Mesihiler olary ünsli diňläp: "Siziň şahsy sud sistemaňyzda suduň anyklaýyş işleri şaýatlaryň sany boýunça kesgitlenilýär. Isa Mesihiň geljekdigi barada Musadan başlap, Ýahýa Çokundyryja çenli şaýady bolupdy. Muhammet barada bolsa, diňe onuň özi şaýatlyk etdi" — diýip jogap berdiler.

Ymamlar başga tarapdan gelmäge synanyşdylar.

"Yslam — bu Hudaýyň Özi tarapyndan taýýarlanylan dindir, sebäbi öz täsir ediş territoriýasy boýunça mesihileriň ýerinden has uludyr" — diýip, ymamlar aýtdylar.

"Eger bu dogry bolan bolsa, onda Müsüriň, Gresiýanyň, Rimiň butparazlygy hakyky din bolardy, sebäbi olaryň hökümdarlary ummasyz imperiýalara höküm sürdüler. Hökümdarlyk bilen baýlyk öz imanymyzyň hakykylygyny subut etmeýär. Käwagt Hudaýyň mesihilere ýeňiş berýändigini, käwagt hem, gynamalarda we görgülerde galdyryýandygyny biz bilýäris" — diýip, mesihiler jogap berdiler.

845 — nji ýylda Ýakyn Gündogardaky Ammoriýa şäheriniň musulmanlary mesihileri Muhammediň yzyna eýermäge yrma synanyşygyny bes etdirdiler. Ýedi mesihiniň hemmesiniňem kelleleri kesildi, olaryň jesetlerini bolsa, Ýewfrat derýasyna zyňdylar.

Isa bizi soraglaryň hemmesiniň jogaplaryny bilmeklige däl-de, Öz şaýatlary bolmaklyga çagyrdy. Siziň imansyzlara aýdyp biljek iň kuwwatly sözüňiz: "Men bilemok" diýmekdir. Elbetde, sizde jogaplar bolup biler, hatda imansyzlaryň soraglaryna we şübhelerine berip biljek iň wajyp jogabyňyzam bolup biler. Ýöne siz öz aýtjak zatlaryňyzy köplenç inkär etjekdiklerini şahsy tejribäňizde görersiňiz. Eger şaýatlyk eden wagtyňyzda, söhbetdeşiňiziň soragyna jogap berip bilmeseňiz, muny göni aýdyň. Soň bolsa, inkär etmesi mümkin bolmajak ýeke-täk zatda, özüňiziň şahsy şaýatlygyňyzda, ünsüňizi jemläň. Siziň Isa Mesih bilen şahsy gatnaşyklaryňyz we Onuň siziň durmuşyňyz üçin eden zady inkär edip bolmaýan zatdyr. Bu meselede siz esasy hünärmensiňiz. Täsir ediji şaýatlyk başgalara ýöne bir gürrüň bermegiňizden ybaratdyr.

"... Iýerusalimde, bütin Ýahudada, Samariýada, Ýeriň tä soňuna çenli Meniň şaýatlarym bolarsyňyz".

Resullaryň işleri 1:8

38-nji gün

ADATY BOLMADYK
GARAÝYŞ

INDONEZIÝA: PETRUS

Gazetleriň birine ýaňy -ýakynda beren interwýularynyň birinde indoneziýaly mesihi Petrus: "Azar bermeler köp bolsa-da, özümizde Isa bolandygy sebäpli, mesihi bolmak kyn däl" diýýär. Onuň sözleri biziň köpümiz üçin göze görnüp duran ýaly bolup görünýär. Ýöne Mesihiň yzyna eýermek üçin Petrus örän uly gurbanlyk bermeli boldy.

Radikal musulmanlaryň gazaba münen topary ýygnak binasynyň töweregini gurşady-da, penjireleri döwdi we mesihileri näletledi. Ýygnagyň ruhy çopany bolan Petrusyň kakasy, aýaly, gyzy, ýegeni we ýene bir ýygnak gullukçysy binanyň içindedi. Ruhy çopan mähelläni köşeşdirjek boldy, emma adamlar dargamadylar. Petrusyň kakasy doga-dileg edip, Hudaýdan gorag hem kömek sorajak bolup, binanyň içine dolandy.

Gana suwsan mähelle binany ýakyp, nälet baryny ýagdyrdy we daşary çykjak her kimiň üstüne hüjüm etmäge taýýar boldy. Indoneziýanyň polisiýasy nähilidir bir çäre görmekden gorkdy. Harbylaram ýokdy. Bir pursatyň içinde fanatlar hüjüme girdiler. Şeýdip, ýurtdaky ýene bir ýygnak binasy ýakyldy. Bu ýerde soňky on ýylyň dowamynda bäş ýüzden gowrak ýygnak ýok edilipdi.

Bir azrak wagt geçenden soň, bu ýere Petrus geldi. Ýygnak binasyndan we ruhy çopanyň öýünden diňe ýanan agaçlar galypdy. Onuň ýakynlarynyň jesetleri şeýle güýçli ýanypdy welin, olary tanamak mümkin däldi.

Soňrak döwlet ýolbaşçysy Petrusyň öňünde ötünç sorady-da, ondan ar almadan saklanmagy haýyş etdi. Ýöne Petrus ar almakçy däl-de, söýmekçidi. Ol öz ýurdundaky musulmanlaryň Hudaýyň Patyşalygyny kabul etmeklerini isleýärdi.

Yzarlanma köplenç özüňi goramanyň tebigy instinkti bilen ruhy garaýyşlaryň arasyndaky soňky söweş meýdany bolýar. Garaýyş biziň öz bähbidimizden ýokarydyr. Instinkt bizi özümize ýamanlyk edenlerden ar almaga mejbur edýär. Garaýyş yzarlanmalar babatdaky ruhy borçlary ýatladýar. Eger ýakynlarymyzyň öz garaýyşlary sebäpli ölüşlerini gören bolsak, onda instinktiw taýdan biziň köpümize Petrusyň garaýşy bilen ylalaşmak kyn bolardy. Ýöne Mesihiň yzyndan gitmezlik Petrus üçin boljak zat däldi. Ol nädip Mesihiň yzyndan gitmän bilsin? Petrusyň taryhy bize garaýyşlaryň öz instinktimizden ýokary bolup bilýändigini subut edýär. Ýöne meýiller yzarlamalaryň söweş meýdanynda ýeňiş gazanan Mesihiň hemme zady özüne tabyn edip bilýän söýgüsiniň kömegi bilen yzyna gaýtmany alanda, bu şeýle bolup bilýär.

"Biziň ýaýradýan Hoş Habarymyz size diňe söz bilen däl, eýsem Mukaddes Ruhuň güýji we berk ynam bilen gowuşdy".

1 Salonikliler 1:5

39-nji gün

ADATY BOLMADYK
GANHOR — 2-NJI BÖLÜM

BANGLADEŞ: ENDRÝU

Mesihi hoşhabarçysy Endrýunyň onuň öýündäki myhman otagda maşgalasy bilen naharlanyp oturanyny görende, hormatly yslam işgäri gaty gazaplandy!

Ol gazap atyna münüpdi, sebäbi ýaňy-ýakynda bu mesihini öldürmeklige ullakan baýrak belläpdi. Indi bolsa, Endrýu onuň öz öýünde oturyp, olara Isa hakda gürrüň berýär. "Bu ýerde nämeler bolup dur. Bu kapyr, Allanyň bu duşmany meniň öýümde näme işleýär?" — diýip, musulman ýolbaşçysy gaharly gygyrdy.

Diňe onuň gelni jogap bermäge het edip bildi: "Ony bu ýere men çagyrdym, sebäbi ol we onuň Hudaýy Isa siziň ogluňyzy, meniň adamymy sagaltdy!" Soň ol gaýynatasyna hemme zady gürrüň bermäge howlukdy: "Siz öz ogluňyzyň on sekiz ýyldan bäri syrkawdygyny bilýärsiňiz. Bu gün bolsa, bu mesihi Endrýu gelip, onuň üçin Hudaýa doga etdi. Ol ogluňyzyň üstüne elini goýdy, şonuň üçin indi siziň ogluňyz, meniň adamym sagaldy! Ony Isa sagaltdy!"

Onuň ogly keseliň öz bedeninden nädip gidendigini joşgun bilen gürrüň berdi. Ol soňky on sekiz ýylyň dowamynda birinji gezek agyry duýmady. Musulmanyň gahary ýeňillik duýma duýgusyna öwrüldi. Ol Mesihi kabul edip bilmedi, ýöne mesihileriň kömekçisi bolup, olaryň köpüsine türmeden we yzarlanmalardan gaçmaga kömek etdi. Ozal Endrýunyň kellesi üçin baýrak bellän adam indi ony giňden açyk gujak bilen kabul edýär.

Mesihilik — bu şahsy işdir. Ata — musulman öýüne girende, Endrýu wagyz etmedi. Ol musulmanyň aýalyny we çagalaryny Alla ynanýandyklary üçin ýazgarmady. Ol doga-dileg edip, iýmiti olar bilen paýlaşdy. Diri Hudaýyň güýjüne ozal syrkawyň ýatan boş krowady şaýatlyk etdi. Edil şunuň ýaly, bizem Hudaýyň hakykatlarynyň öz-özünden göze görnüp duranyny ýatda saklamalydyrys. Biz, Onuň ilçileri, başga adamlara Hoş Habary wagyz edenimizde, dogry edýäris. Olaryň ýüreklerini Isanyň Özi Özüne çeker. Biz bolsa, Hudaýyň kuwwatynyň subutnamalaryna özleri üçin özleriniň şaýatlyk etmegine ýol bermelidiris.

"Ýerden ýokary
göterilenimde, Men ähli
ynsanlary Özüme çekerin".

Ýahýa 12:32

40-nji gün

ADATY BOLMADYK

HAKYKAT

RUMYNIÝA: RUHY ÇOPAN KOÇANGA

“Biziň saňa etjek zatlarymyzdan gorkaňokmy?” — diýip, kommunist — polkownik gülki gatyşykly nägile äheňde sorady.

Öz gullugynyň dowamynda bary-ýogy ýekeje gezek wagyz eden ýaş ruhy çopan Koçanga özüniň ýaşamalydygyny ýa-da ölmelidigini çözme ygtyýarynyň diňe şu adamyň elindedigini bilip, polkownigiň öňünde durdy. Ol mylakatly, ýöne berk äheňde: “Gadyrly polkownik, hakykat hiç haçanam gorkýan däldir. Siziň hökümetiňiziň matematikaçylaryň hemmesini asma kararyna gelenini göz öňüne getiriň. Beýle bolsa, iki goşmak iki näçe bolýar? Iki goşmak iki barybir dört bolar. Biziň hakykatymyz hem, edil matematiki deňleme ýaly hakykydyr. Biziň hakykatymyz Hudaýyň barlygyndan, Onuň özümizi söýýän Atamyzdygyndan ybaratdyr. Hakykat Isanyň dünýäniň Halasgäridiginden, hemmeleri, şol sanda sizide, halas etmek isleýändiginden ybaratdyr. Biziň hakykatymyz adamlara güýç hem nur berýän Mukaddes Ruhuň bardygyndan, gökde ajaýyp jennetiň bardygyndan ybaratdyr. Siziň gamçylaryňyzyň we beýleki gynaýjy gurallaryňyzyň barlygyna garamazdan, mydama şeýle bolupdy we bolaram. Iki goşmak iki mydama dörtdür” — diýdi.

Koçangany ýene ýenjip başladylar. Şondan soň ony hiç kim görmedi. Ýöne göklerde ony derrew tanadylar we şatlykly garşy aldylar.

“Hakykaty aýt!” — çagalara muny kiçijikliginden öwredýärler, şeýle-de bolsa, bu jümläniň akyldarlygy tükeniksizdir. Mesih hakda şaýatlyk edenimizde, mydama aýdara zadymyz bolar ýaly, biz bary-ýogy hakykylygy özümize mälim bolan hakykaty wagyz etmelidiris. Ençe adamlar özlerine “taýýarlygyň” ýetmezçilik edýänini bahana edip, Mesih hakda şaýatlyk etmäge özlerini ýeterlik derejede taýýar däl hasaplaýarlar. Käwagt biz özümize jogabyny bilmejek ylahy soragy bererler diýip gorkýarys. Ýöne Mesihi wagyz etmek üçin ylahyýet derejesini almak hökman däl. Diňe özüňiziň bilýän zadyňyz hakda imany üçin yzanlanmalary çeken adamlaryň gürrüň berişleri ýaly gürrüň beriň. Mesih hakda şaýatlyk etmeklik daşyndan görnüşinden aňsatdyr. Biz çagalykda özleşdiren düzgünimizi saklamalydyrs. Bize Isa Mesihi wagyz etmeklik — bary-ýogy Hakykata şaýatlyk etmeklik tabşyryldy.

“Kim meni ynsanlaryň öňünde ykrar etse, Men-de ony Gökdäki Atamyň öňünde ykrar ederin”.

Matta 10:32

41-nji gün



“Adam öz imanynyň manysy hakda diňe imanyň garşydaşlary ýa-da ony yzarlaýjylar peýda bolan wagtynda pikir edýär. Ýygnak haýsydyr bir ýerese duş gelenden soň, ortodoksallygyň baýlygyna we gudratyna düşünip başlaýar. Mesihilik üçin öz baýlygynyň tükeniksizligi özüne mahsus zatdyr, şonuň üçin ol haýsydyr bir ýagdaýa gabat gelmek üçin mydama täze baýlyklary açyp bilýär”.

Uilýam Barkli “Gündelik öwrenme materialy bolan Mukaddes Kitap”

42-nji gün

ADATY BOLMADYK
BEÝLEKI MISSIONELER

RUMYNIÝA: RUHY ÇOPAN RIÇARD WURMBRAND

Otly uzakdan görnüp, wokzala golaýlaşanda, tizligini haýallatdy. Perronda duran adamlar paltolarynyň iliklerini ildirip, ýüzlerçe mesihilik kitapçalaryny aldylar. Soň olar içinde sowet harby işgärleriniň oturan wagonlarynyň äpişgelerinden kiçiräk bukjalara dolanan kitapçalary tiz-tizden oklap başladylar.

Ýaşajyk sowet esgerleri gülüşip, äpişgeden dolangy zatlary oklaýan ýaş gyzlara sykylyk atdylar, bir zatlar diýşip gygyrdylar. Esgerler owadanja rumyn gyzlarynyň harby otla näme oklaýandyklaryny bilmek üçin kitapçalary garbap aldylar. Wagona starşina giren badyna, olar kitapçalary şobada gizlediler. Soňrak olar kitapçalary okarlar we Isa Mesih hakda bilerler.

Otly ýene tizligini ýokarlandyryp, semaforyň aňyrsynda gözden gaýyp bolup gitdi, mesihiler bolsa, biynjalyk bolup, şähere gaýdyp geldiler. Poliseýler olaryň birini saklap, paltosyny açmagy talap etdi. Ol erkek kişi olara tabyn boldy, sebäbi onda hiç zat ýokdy. Onuň wokzala getiren kitapçalarynyň hemmesi indi SSRS tarapa gidip barýan otludady.

Sowet adamlaryna Mesihi wagyz etmek üçin otlularda şunuň ýaly Hoş Habary ýaýratma işi ruhy çopan Riçard Wurmbrandyň öz ýygnagynyň ýaşlaryna öwreden usullarynyň biridi. Bu "azat edijiler" diýlip atlandyrylýanlar öz ýurduny talasa-da, bihaýa işleri etselerde, adamlary öldürselerde, Riçard barybir ol esgerleri görenine şatdy. Riçard ol esgerleriň her birinde missionerçilik işiniň meýdanyny görýärdi, şonuň üçin olara gowy tohum ekmäniň usulyny gözleýärdi.

Missiýa — bu diňe bir iş däl-de, eýsem, gatnaşykdyr — adamyň durmuşa tarap barýan ugrudyr. Missioner — bu aýgytlylyk bilen bir maksatda ünsi jemlemäni durmuşa geçirýän, ony özüniň gündelik durmuşynda görkezýän adamdyr. Riçard Wurmbrand ýüregi missionerçilik bilen ýanýan adamdy. Onuň tozany ondan maksada okgunlylygy öwrenip bilen köp sanly ýaşlara geçdi. Bu manyda biziň hemmämizem nirede gulluk etsek-de, missionerdiris, Isa Mesihiň ilçileridiris. Missiýa Hudaýyň Patyşalygyny golaýlatmak üçin mydama her bir täze mümkinçiligi ulanmaga taýýar bolmagy aňladýar. Gazly suwly awtomatyň ýanynda. Dükanda. Awtobusda ýa-da otluda. Mekdepde. Eger siz Hudaýyň Patyşalygyny ýaýratma kararyna gelen bolsaňyz, siziň missionerçilik işiňiziň meýdany — gündelik durmuşdyr.

"Pursadyň amatly bolup-bolmazlygyna garama-da, Hoş Habary dyngysyz wagyz et. Günä edýänleri paş edip, olary ýazgar, sabyrlylyk bilen öwüt-ündew berip, taglymaty öwret".

2 Timoteos 4:2

43-nji gün

ADATY BOLMADYK

MIRAS

INDONEZIÝA: STENLI

Stenli uzakdaky Indoneziýa adasynda gaýykdan düşende, ruhy garaňkylygy mese-mälim duýdy. Ýerli ýaşaýjylar haýsydyr bir jady bilen yslamyň garyşdyrylan usulyny ulanýardylar. Stenli ýaňy-ýakynda Mukaddes Kitap mekdebini gutarypdy. Ol bu adanyň halkyny Mesihe getirmek üçin özüni Hudaýyň çagyran gullugyna taýýar bolupdy.

Stenli adamlary Mesihe tarap öwrülmäge we köne durmuşyndan ýüz öwürmäniň alamaty hökmünde özleriniň butlaryny ýakmaklyga çagyryp, batyrgaýlyk bilen wagyz etdi. Bir musulman öz butuny ýakdy, ýöne butuň içinde öz sežde edýän zady bar eken. Ýerli serdarlar şol sežde edilýän zadyň ýakylandygyny bilenlerinde, ýerli ýolbaşçylara Stenliniň üstünden arz etdiler. Stenlini şobada tussag etdiler. Stenliniň dosty ruhy çopan Siwi ýanyna baranda, Stenli gaty erbet urlup, koma ýagdaýynda ýatan eken. Ruhy çopan Stenliniň gözlerinden ýaşyň akýanyny gördi. Tizara batyr wagyzçy urgular zerarly öldi. Ýöne hatda missioneriň ölümi-de, onuň işini saklap bilmedi. Stenliniň öz obasyndaky adamlar onuň ölendigini eşidenlerinde, on bir musulman Mesihi özleriniň Halasgäri hökmünde kabul etdiler, elli üç obadaşy Mukaddes Kitap mekdebine gitme kararyna geldi. Olaryň ýedisi bolsa, özlerini Stenliniň wepat bolan obasyna goýbermeklerini haýyş etdiler.

Adadaky taýpanyň serdarlary Hoş Habaryň oduny öçürjek bolup, Stenliniň janyny aldylar. Ýöne hatda zorluklaryň içinde-de, Hudaýyň eli gudrat görkezmegini dowam etdirdi. Bu gün bu obada Hoş Habaryň nury ýagty nuryny saçyp dur.

"Nury söndürme" — bu dünýäden gidende, Mesihiň yzyna eýerýän her bir adam şuny etmäge çalyşmalydyr. Wepaly mesihi öz yzynda garaňkylykda ýitirilen dünýä üçin nur galdyrýandyr. Muňa "miras galdyrmak" diýilýändir. Biz beýik adamlaryň kinemotografiýada, sportda we jemgyýetçilik işleriniň beýleki ulgamlarynda özlerinden soň miras galdyrýandygyny ýygy-ýygydan eşidýäris. Ýöne köp ejir çeken mesihileriň ömri wagtyndan öň kesilýän bolsa-da, olaryň nury bütin dünýäde ýagty saçyp durýar. Olaryň iman, umyt hem söýgi mirasyny hatda ölümem söndürip bilmez. Aslyýetinde ölüm iman odunyň ýalnyny has-da köp ölçeýär, sebäbi ejir çekenleriň mirasy köplenç diri galanlara görelde bolýar.

"Siz dünýäniň yşygysyňyz. Dagyň depesinde gurlan şäher gizlin galyp bilmez".

Matta 5:14

44-nji gün

ADATY BOLMADYK
MAŞGALA

INDONEZIÝA: STENLINIŇ EJESI

Ejeli gyzyň Mukaddes Kitap mekdebini gutarmagyna bir aý galypdy. Bu şol enäniň ogly Stenli uzakdaky ada missioner bolup gitmezinden öň okan mekdebidi. Stenlini Hoş Habary ýaýradany üçin öldürdiler, ýöne onuň şaýatlygy ençeleri Mesihiň söýgüsi hakda gürrüň bermek üçin Mukaddes Kitap mekdebine girmäge we Mesihiň çagyrşyny kabul etmäge ruhlandyrdy.

Bu aýal gyzy bilen okuwy gutarandan soň, Stenliniň ölen adasyna gitme kararyna geldi. Olar özleriniň ogluny we doganyny öldüren adamlara Mesihiň söýgüsi hakda gürrüň bermek isleýärdiler. Olaryň niýetini bilen Mukaddes Kitap mekdebiniň ýolbaşçysy muňa geň galdy. Ol eneden: "Siz ölmekden gorkmaýarsyňyzmy?" diýip sorady.

Bu sorag aýaly oňaýsyz ýagdaýa salana meňzedi. "Men näme üçin ölmekden gorkmalymyşym?" — diýip, ol soraga sorag bilen jogap berdi.

Onuň Hudaýyň merhemetine bolan imany gaty çuňdy. Eger Hudaý ony öz oglunyň ölen obasyndaky gulluga saýlan bolsa, bu şeýle-de bolmalydyr. Eger Hudaý ol ýerde onuň ölmegine ýol berse, ol bu çagyryşa-da jogap berer. Ölüm ony özüniň şeýle güýçli söýýän Mesihiniň öňüne alyp barýar ahyry. Ölüm ýoldaky päsgelçilik ýa-da jeza däldir, ol diňe Hudaý bilen ebedi gatnaşygyň gapysydyr.

Ölüm bilen duşuşyk çuň howdanyň gyrasynda duran çaganyň duýgusyny ýada salýar. Biz näbellilik duýgusyndan ýygrylýarys. Agyrarmyka? Men munuň içinden geçip bilermikäm? Biz bökmek islemeýäris — öňde birgiden näbellilikler bar ahyry. Ahyrsoňunda, biz beýle etmeli däl! Şeýle-de bolsa, taryh Hudaýyň maşgala agzalarynyň ýaşaýyş bilen ölümiň arasyndaky serhetden batyrlyk bilen geçendikleri hakdaky köp wakalary bilýär. Olar özleriniň bellenilen punktyna barjakdyklaryna doly ynamly bolup ölen mukaddeslerdir. Isanyň Özi Özünden öň ýekeje-de adam aýagynyň basylmadyk şol ýerinden geçipdi. Ol ölüme barýan we yza tarap barýan ýoly ýeňip geçdi. Mesih, biziň mesihilik maşgalamyzyň Başy, ölümiň elinden gorkyny alyp, ony ynamlylyk bilen çalyşdy. Çagyryşa gulak asyň we saklanmaň. Howdandaky suw sowuk däl.

"Eý ölüm, hany seniň tikeniň? Eý, ölüler diýary, hany seniň ýeňşiň?"

1 Korintoslylar 15:55

45-nji gün

ADATY BOLMADYK
TARAPLAR

SOWET SOÝUZY: IKIÝÜZLÜLER

Lageriň başlygy Şibanow bilen elleri ýaragly iki garawul kümä girende, tussaglar aýdym aýdýardylar. Ýygnanyşyk kesildi…

“Siz näme iş edýärsiňiz?” — diýip, Şibanow sözlerini paýyş sözler bilen garyşdyryp gygyrdy. — Ruhanyçylyk ýaýradýarlar! Özüňiziň oýlap tapan Hudaýyňyza tagzym edýärsiňizmi?” Kümedäki mesihiler häzir ýaragly garawullar okdurylyp girip, gyryp başlarlar öýdüp gysylyşdylar. “Öňbaşçy, bäri çyk!” — diýip, başlyk gygyrmagyny dowam etdirdi. Birden köpçüligiň içinde Kiýew — Peçýora lawrasynyň arhimandrti Losewiç çykdy. Ol: “Pesah baýramçylygynda men gulluk etdim” — diýdi. Şibanow: “Karsere, ruhanynyň tohumy! Baryp ýatan doňakçylyga! Ýöne sen gulluk etdiň, aýdymy hemmeler aýtdylarmy? Öz Hudaýyna wepaly bolanlaryň hemmesi kümäniň sag tarapyna geçiň! Siz öz ynamyňyz üçin atylýarsyňyz. Kim diri galmak isleýän bolsa, çep tarapa geçsin. Ýaşamalydygyny ýa-da ölmelidigini her kimiň özi çözýär. Bilbiljikler, bu kurort däl-de, syrat köprüsi!” — diýip gygyrdy.

Mundan on minut ozal kümedäkileriň hemmesi bir agyzdan Hudaýa öwgi aýdymlaryny aýdyp durdular. Indi bolsa, mesihileriň öňünde ýaşaýyş bilen ölümiň arasynda saýlaw etmeklik durdy. Käbirleri sag tarapy saýlanlardan ötünç soraýan ýaly, özlerini günäli saýyp, çep tarapa geçdiler. Sag tarapda duranlar kellelerini aşak egip, Hudaýa soňky dogasyny edýärdiler.

“Siz, çep tarapdakylar, tagta sekiniň üstüne geçip bilersiňiz! Galanlar — aýaza çykyň!” — diýip, Şibanow aýtdy. Adamlar biri-birleriniň yzyndan kümeden çykdylar. Birden galýanlaryň içinden biri: “Men ikiýüzlüler bilen bu ýerde galyp biljek däl” — diýip, çykalga tarap ylgady.

Imanymyzdaky öwrülişik pursaty biz şol pursata garaşmaýan wagtymyzda gelýär, sebäbi bu pursata taýýarlanmak mümkin däl. Olary başdan geçirip, geljege sapak edip çykarmaly. Öwrülişik pursaty — bizden öz imanymyzyň berkligini görkezmegi talap edýän islendik wakadyr. Pursat kesgitleýji bolup biler: Hudaýa wepalylygy görkezmegi talap edýän kümedäki ýagdaýdaky ýaly ýaşalmaly ýa-da ölmeli. Ahlaksyz film görkezýän zaldan çykmak gerek bolandakysy ýaly, ähmiýetsizje-de bolup biler. Biziň kabul edýän kararymyz biziň ýerimiziň sag tarapdadygyny ýa-da çep tarapdadygyny kesgitleýär. Biz muňa taýýar bolsak bolmasagam, şunuň ýaly pursatlar imanymyzyň berkligini kesgitleýär.

“Meniň bilen bolmadyk Maňa garşydyr, Meniň bilen sürüni toplamadyk ony dargadýandyr”.

Matta 12:30

46-nji gün

ADATY BOLMADYK
ÝENE BIR DOGA-DILEG

ÇEHIÝA: ÝAN GUS

“Eý, merhemete baý Isa, bize taýýar bolar ýaly, batyr ruh ber. Eger beden ejiz bolsa, goý, Seniň merhemetiň onuň bilen bolsun, sebäbi biz Sensiz hiç zada ukyply däldiris. Hemme zatdan öňürti, biz zalym ölümi kabul etmäge ukypsyzdyrys. Biz doly tabynlykda we doly şatlykda Seniň üçin janymyzy berip bilerimiz ýaly, bize gaýratly batyrlygy we hakyky imany, berk umydy we hemmetaraplaýyn söýgini ber. Omyn” — diýip, Ýan Gus Konstansda ölüm jezasyna garaşyp otyrka ýazýar.

Pragadaky Karlowa uniwersitetiniň rektory Ýan Gus (1371 — 1415) indulgensiýalary satylmagyny ýazgaryp, ilkinji mesihi ýygnagyň düzgünlerine gaýdyp barmagy we hukukda dünýewi adamlaryň dini ýolbaşçylar bilen deňligini talap edip, ýygnagy kanunlaşdyrmaga çagyrdy. Özüni gorap çykyş etmegi üçin Ýan Gusa korolyň eglişik etmesi wada berlipdi. Ol ýygnak mejlisinde öz pikirini aýtdy, ýöne otda ýakyp öldürilmäge höküm edildi.

1415-nji ýylyň 6-njy iýulynda Gusy oduň üstündäki sütüne daňdylar. Aýagynyň astynda ody ýakanlarynda, Ýan Gus: “Reb Isa Mesih, Hoş Habaryň we Sözüň wagyz edilmeginiň hatyrasyna men bu eýmenç, masgaraçylykly hem wagşyçylykly ölüme kiçigöwünlilik bilen tabyn bolýaryn” — diýip, dileg etdi.

Ýalna gurşalan Gus soňky deminde: “Mesih, Diri Hudaýyň Ogly, maňa rehim et!” diýip ýüzlendi.

Ýan Gusuň ýakylmagy Çehiýada nemes zorlugyna we katolik ybadathana garşy köpçülikleýin gozgalaňy tuzurdy, çeh mesihileriniň Mukaddes Kitap taglymatyna dolanmagyna täsirini köp ýetirdi. 1434-nji ýylda gusistleriň köp ýyllyk gozgalaňy basylyp ýatyryldy.

Doga-dileg — bu iň netijeli, ýöne biziň az ulanýan zadymyzdyr. Doga-dileg — bu ruhy söweşdäki ilkinji goragymyzdyr, şeýle-de bolsa, biz köplenç oňa soňky pursatda ýüz tutýarys. Imany üçin yzarlanylýanlar doga-dileg etmäniň birinji nobatda durýandygyny aýdýarlar. Olaryň ýerdäki soňky sözleri nägilelik görkezmeýär. Olaryň soňky hereketleri garşylyk görkezmeden ybarat bolýan däldir. Gaýtam, doga-dileg etmeklik — olaryň ölümiň öň ýanyndaky uludan dem almasydyr. Bu dem alyş aýyplaýjylary aljyraňňylyga salýandyr we mesihileriň imanynyň berkligine töwerekdäkileri ynandyrýandyr. Mukaddes adamyň ölümiň öň ýanynda edýän dilegi adamlaryň arasynda Hoş Habary wagyz etmäniň özi diri galandakysyndan-da köp ýardam edýändigini taryh görkezýär. Durmuş sizi gazaply synaglardan geçmäge mejbur edende, töweregiňizdäki “ot” gitdigiçe güýçlenende, siz doga-dileg edýärsiňizmi? Beýlekiler siziň ilkinji hem soňky ýaragyňyzyň Gökdäki Ataňyz bilen gürleşmeklik bolýandygyny görýärlermi?

“Dogruçyl adamyň yhlasly dilegi güýçli hem täsirlidir”.

Ýakup 5:16

47-nji gün

ADATY BOLMADYK
"GOLDAW"

WÝETNAM: RUHY ÇOPAN HGUEN LAP MA

Wýetnamda kommunistler häkimiýet başyna geçende, ruhy çopan Hguen Lap Ma Kantodaky Mesihilik missionerçilik guramasyndan gitmekden ýüz öwürdi. Bu "jenaýat" üçin ony we bütin maşgalasyny on iki ýyllyk öý tussaglygyna höküm edip, kiçijik obadan çykma we hat alyşma hukugyndan mahrum etdiler.

12 ýyldan soň, hökümet çäklendirmeleri gowşadyp, ruhy çopan Lap Manyň hat almagyna rugsat berende, ol öz öýüne gelýän hatlaryň gaty köplügine diýseň haýran galyp tolgundy. "Ejir çekenleriň sesi" ruhy çopan Lap Manyň taryhyny we onuň bütin dünýä ýüzlenmesini çap etdi. Talyplar, öý hojalykçy aýallar, ruhy çopanlar we telekeçiler Ma dogany we onuň maşgalasyny goldap hat ýazdylar. Ruhy çopan Lap Manyň dünýäniň dürli ýurtlaryndan üç müňden gowrak hat alanyny bilende, şok ýagdaýyna düşdi.

"Men her bir haty aglap, doga-dileg bilen okaýaryn. Men her bir haty nebsewürlik bilen gaýtadan okap, onda Mukaddes Ýazgydan alnan parçanyň üstünde oýlanýaryn. Soň şol goldaw sözlerini we Ýazgydan alnan parçalary öz maşgalam bilen paýlaşýaryn. Biz bu hatlaryň gelenine begenýäris we adaty bolmadyk goldawy duýýarys. Hudaý bizi berkitdi we bize kömek etdi. Şonuň üçin biz Oňa umyt baglamagy dowam etdirýäris we gözlerimizi Isa Mesihe dikýäris. Biz Onuň yzy bilen öz haçymyzy alyp barýarys, şonuň üçin Ondan ýüz öwürmäge däl-de, Onuň ugrunda ölmäge-de taýýar. Biz dirikäk, Reb bizi ejir çekýän mesihileri köşeşdirmekde ulanýar. Hatlar bize goltgy berýär, soň bizem beýleki mesihilere goldaw berýäris" — diýip, ruhy çopan Lap Ma gürrüň berýär.

Mesihiler üçin goldaw wajypdyr. Goldawsyz olar suwsuz ylgawçy ýalydyr. Hiç kim surnukdyrýan ylgawa uzak çydap bilýän däldir. Ýoly geçenimizde biz goldawyň iki tarapa ýoldugyny bilýäris. Biz goldawy başgalara berýäris, şonuň üçin ony biz başgalardan, hatda Hudaýyň Özündenem alýarys. Kiçijik teselli ýolda ýadanlara we imany gowşanlara örän köp güýç berýär. Biz özümiz üçin doga-dileg edilmegi arkaly alýan ruhy goldawymyzyň özümizde "ikinji dem alşy" açýanyny duýýarys. Käwagt bu "ikinji dem alyş" bize imanymyz sebäpli, ýene 12 ýyllap türmede oturmak üçin gerek. Käwagt ol bize ýene bir gün ýaşamaga mümkinçilik berýär.

"Sizi örän göresim gelýär, imanyňyzy berkitjek ruhy peşgeşleri siziň bilen paýlaşasym gelýär. Men imanymyz arkaly biri-birimizi ruhlandyrmagymyzy isleýärin".

Rimliler 1:11-12

48-nji gün



“Eger siz Mukaddes Kitapda ýazylanlar üçin ölmäge taýýar bolmasaňyz, onda Mukaddes Kitap üçin pul bermäň. Sebäbi eger siz pul berseňiz, biz öňküden-de köp Mukaddes Kitaby gizlin getirýäris. Eger biz öňküden-de köp Mukaddes Kitaby gizlin getirsek, ejir çekenlerem köp bolar”.

Ruhy çopan Riçard Wurmbrand

49-nji gün

ADATY BOLMADYK

ENE

ANGLIÝA: SÝUZANNA UESLI

Sýuzannanyň 12 çagasynyň dokuzysy iki ýaşyna çenli-de ýaşaman öldi, gyzlarynyň biri maýyp boldy. Şeýle-de bolsa, Sýuzanna öz gündeliginde özüniň ähli gören görgüleriniň "ruhy hem ebedi ýagşylygy köpeltmäge" gulluk edendigini ýazýar. Ol: "Rebbim, Saňa şöhrat!" diýip ýazýar.

Onuň kakasy 1662-nji ýylda dini ýolbaşçylardan "Jemgyýetçilik ýygnanyşyklarynyň Kitabyny" ulanmagy talap edýän kanuna tabyn bolmakdan boýun towlady. "Nonkonformistler" diýlip atlandyrylan bäş müň mesihi inlis türmelerinde özleriniň imany ugrunda öldüler.

Sýuzannanyň adamsy (olam nonkonformistdi) Iňlis ýygnagynda galdy. Şol diýen etmezlik üçin onuň hojalygy otlanyldy, onuň öz ýygnagy bolsa, tabyn bolmadygy tussag edip, türmä salmagy talap edip, häkimiýete ýüzlendi. Sýuzanna eýmenç garyplygy başdan geçirdi. Päliýaman adamlar çagalaryny süýtden mahrum etmek üçin, hatda onuň sygrynyň ýelninem kesdiler. Gaharly ýygnak agzalary jaýyň üçeginem ýakdylar. Maşgala halas boldy, ýöne alty ýaşly Jon belent penjireden bökmeli boldy. Jon Uesli diri galdy. Ol ulalyp, metodist ýygnagyň esaslandyryjysy boldy. Sýuzannanyň ogullarynyň ýene biri Çarlz Uesli beýleki meşhur senalarynyň içinde tanymal "Perişdeleriň habaryna diň sal" diýen rožDestwo senasyny ýazdy.

Sýuzanna Uesli bu barada diňe: "Din — bu bary-ýogy öz islegiň deregine, Hudaýyň islegini ýerine ýetirmekdir. Jennet ýa-da dowzah, diňe şoňa baglydyr" diýýär.

"Onuň alkymy edil kakasynyňka meňzeýär". "Ol edil bir almany iki bölen ýaly, enesine meňzeýär". Gözlerimiz, gulaklarymyz, saçlarymyz we ýüzümiziň keşbi, hatda birnäçe nesliň dowamynda-da, biziň maşgala agzalarymyz bilen baglanyşygymyzy görkezýär. Edil şunuň ýaly, Hudaýyň maşgalasynyň agzalaram öz aralarynda baglanyşyklydyr. Biz, mesihiler, söýgi, umyt, şatlyk we parahatlyk ýaly, birnäçe häsiýetnamalar bilen baglanyşyklydyrys. Bu zatlaryň hemmesi bize göni gökdäki mirasdan gelýär. Bizde hatda Ueslileriň maşgalasynda bolşy ýaly, bize mesihilik imanyny geçirmäge biologiki ene-atamyz ýa-da mama, babalarymyz bolmasa-da, Hudaý bizi iýmitlendirmegi we söýmegi üçin bize ruhy maşgala berýär. Seniň ruhy kakaň ýa-da ejeň kim — saňa Mesih hakda gürrüň beren adammy? Sen kime ruhy erkek dogan ýa-da ruhy aýal dogan bolup biljek?

"Ozal mamaň Loisde we eneň Ewnikide bolan hilesiz imany ýatlaýaryn, onuň sende-de bardygyna doly ynanýaryn".

2 Timoteos 1:5

50-nji gün

ADATY BOLMADYK ÝYLYLYK

SOWET SOÝUZY: NADEŽDA SLOBODA

Oba ýaşaýjysy Nadežda Sloboda Mesih hakda Günbatar Ýewropanyň gysga radiotolkunlarynda berlen gepleşikden bildi. Ol öz ýüregini gudrat bilen özgerden Hudaý hakda dostlaryna gürrüň bermäge howlukdy. Ol ýerli hökümetiň Hudaý ýa-da mesihilik hakdaky gürrüňler üçin adamlary yzarlaýandygyny bilýärdi. Imanly adamlar akly ýerinde däl, yzagalak adamlar hasaplanylýardy.

Şeýle-de bolsa, Nadežda öz ýüreginde ýanýan ody saklap bilmän, tizara gurnak döretdi. Bu gurnak soňy bilen baptist ýygnagyna öwrüldi. Köp wagt geçmänkä, Nadeždany tussag edip, antisowet wagyzlary edeni üçin dört ýyllyk türme tussaglygyna höküm etdiler. Sud daşary ýurt radiogepleşiklerini diňlemekligi we olary gürrüň bermekligi hut şunuň ýaly atlandyrdy. Onuň bäş çagasyny internata alyp gitdiler-de, ol ýerde olary ateistik ruhda terbiýelediler. Ýöne Nadežda Hudaýyň ýakynlygyny hemişekilerinden-de has gowy duýup, tussaglykdaky ýoldaşlaryna Mesih hakda gürrüň bermegi dowam etdirdi. Oňa lagerde Mesih hakda gürrüň etmeli däldigini duýdurdylar, ýöne ol muňa gulak asmady, şol sebäpdenem, ýolbaşçylar diýen etmezegi iki aýlap sowuk ýekelikde bolunýan kamera saldylar. Gyşyň ortasydy. Nadežda sowuk beton polda ýatmaly bolýardy. Ony yzyna umumy kamera alyp baranlarynda, kameradaşlary ondan munuň ýaly eýmenç synaga nädip döz gelendigini soradylar. Ol: "Men sowuk beton polda Hudaýa bil baglap uklanymda, töweregim ýylaýardy. Men Hudaýyň ellerinde ýatdym" diýip jogap berdi.

Mesihileriň aglabasy özleriniň ruhy ýolunda edil Hudaý we Hudaýyň Sözi ýetmeýän ýaly bolan güni ýadyna salyp bilýär. Şonda ruhy öňe okdurylma olaryň ikinji tebigaty bolupdy. Öňe okdurylma hemişelik ýoldaş bolupdy. Şeýle-de bolsa, haýsy hem bir ýol bilen imanymyz wagtyň geçmegi bilen sowaýardy. Belki, biziň ruhubelentligimizi yzarlamalar sowadandyr. Ýa-da, belki, şahsy tragediýa sowadandyr. Belki-de, hiç hili üýtgeşik zat bolanam däldir — gündelik durmuş biziň ruhumyzy küteldip, biziň ünsümizi özüne çekendir. Siziň öňe okdurylmaňyzyň ýalny tüsseleýän köze öwrüldimi? Siziň öňe okdyrylmaňyz sowadymy? Hudaý bilen gatnaşygy täzeleme we ýüregiňizde täze ody ýakma mümkinçiligi bar. Hudaýdan bu gün Öz ýylylygyny siziň bilen paýlaşmagyny haýyş ediň.

"Men: "Indi Ol hakda dil ýarmaryn,
Onuň adyndan geplemerin" diýsem,
Onuň sözi süýeklerime ornaşyp,
ýüregime ot berdi.
Ony içimde saklamakdan irdim,
mundan artyk çydap bilmeýärin".

Ýermeýa 20:9

51-nji gün

ADATY BOLMADYK
GÖRÜŞ

SLONOWYÝE KOSTI KENARY: HLOÝA

Urgular hemme tarapdan ýagýan ýaly bolup görünýärdi. Hloýa kellesini goramak üçin ony elleri bien tutmaga synanyşdy. Ol hüjüm edenleriň näçedigini bilmeýärdi, görüp otursa, olar köplük ekenler. Hüjüm edenler onuň Isa bolan imanynyň üstünden gülüp gygyryşdylar. Hloýa Hudaýdan özüne güýç bermegini diläp doga etdi.

Hloýa her hepdede özüniň ata watany bolan Slonowyýe Kosti kenaryndan otuz kilometrden gowrak ýol geçip, Sepikaha atly obasyna gelýärdi. Hloýany diňe mesihileriň kiçi topary gowy garşy alýardy, sebäbi obanyň ilatynyň aglaba bölegi musulmanlardy. Radikal, duşmançylykly topara degişli bolanlar häzir wagyzçyny uryýardylar.

Hloýany keselhana alyp gitdiler-de, ol ýerde onuň köp sanly ýaralaryna melhem çaldylar. Poliseýler Hloýadan özüni kimiň urandygyny soranlarynda, Hloýa bilmeýändigini aýtdy, sebäbi ol eýýäm köp ýyllaryň dowamyndan bäri kördi.

Keselhanadan çykanyna birnäçe hepde geçenden soň, Hloýa ýene Sepikaha geldi. Ol öz janyna töwekgelçilik edip, özüniň görmeýän adamlaryna wagyz etmek isleýärdi. Hloýanyň gözleriniň görmeýändigine garamazdan, ýüregi anyk görýärdi. Onuň ýüregi bu kiçijik obanyň adamlarynyň Isa Mesihe zardygyny, imanda ösmäge teşne bolan ýaş mesihileri görýärdi. Ol her hepdede Sepikaha gelýärdi. Günleriň birinde ol ýerde görüp bilmedik adamlarynyň ýüzüni göklerde görer.

Ruhy taýdan ýitirilen adamyň ýüregini görmek üçin bürgüdiňki ýaly gözli bolmak hökman däl. Nädogry kararly bolan ýyllar adatça derrew göze görünýär — olar ýadaw ýüzlere ýazylandyr. Ruhy görüş başga adamlaryň mätäçliklerini görmek üçin ýüregimiziň "gözleri" bilen görmelidigimizi aňladýar. Ine, bolany şu. Görme ukyby — bu zatlaryň ýagdaýyny üýtgetmeklige tarap ädilýän birinji ädimdir. Siz öz töweregiňizdäki adamlaryň ýüzlerine seredeniňizde, näme görýärsiňiz? Siz olara, umuman, seredýärsiňizmi? Biziň günlerimizde liftde, aeroportda, dükanda bile durubam, bir adamyň ýüzüne ýekeje gezegem seredilmezligi mümkin. Mesihe zar bolan adamlary görýärsiňizmi? Siziň ruhy gözleriňiz töweregiňizdäki mätäç adamlary görmäge öwrenişdirilenmi? Görmek hem hereket etmek üçin ruhy görüşiňizi ösdürmegini diläp, Hudaýdan kömek soraýarsyňyzmy?

"...goý, Ol ýüregiňiziň gatyny nurlandyrsyn...".

Efesliler 1:18

52-nji gün

ADATY BOLMADYK
TYMSAL

ÝAKYN GÜNDOGAR: ÜÇ AGAÇ BARADAKY TYMSAL

Bir gezek tokaýda üç agaç garrap ölüp gitmän, haýsydyr bir abraýly maksat bilen ulanylmagy üçin doga-dileg etme kararyna gelipdir.

Birinji agaç uzakly gün zähmet çeken ýadaw malyň içinden iýmit tapýan nowasy bolmak isläpdir. Hudaý munuň ýaly sadalyk üçin agajy sylaglapdyr. Ol agaç üýtgeşik nowa — içinde Hudaýyň täze doglan Ogly ýatan nowa — bolupdyr.

Ikinji agaç gaýyk bolmak isläpdir. Onuň dogasy eşidilipdir, şonuň üçin bu ajaýyp agaçdan ýasalan gaýyk üýtgeşik ýolagçyny — Hudaýyň Ogluny — ýüzüp geçiripdir. Bu agaç Isanyň: "Sem bol, bes et" diýen sözler bilen tupany ýatyranyny eşitdi. Munuň ýaly waka gatnaşany üçin agaç: "Ýöne ýere ýaşamandyryn" diýen netijä geldi.

Üçünji agaçdan bolsa, ullakan haç — görgüleriň guralyny — ýasadylar. Ilki agaç ykbalynyň beýle bolanyna gynanýar. Ýöne şol haça günleriň birinde Nasyraly Isany çüýlediler. Şonda bu haç beýleki haçlar ýaly, nala-da, lagnat sözlerinem eşitmedi. Bularyň deregine Hudaýyň Oglunyň agzyndan bu haç söýgi sözlerini we Hudaýyň bagyşlama sözlerini — toba gelen garakça jennetiň gapylaryny açan sözlerini eşitdi.

Şol wagt agaç özüniň Isanyň haça çüýlenilmegindäki rolunyň adamzadyň halas bolmasyny üpjün edendigine düşündi.

Gündogar Ýewropanyň yzarlanylýan ýygnaklarynda üç agaç baradaky tymsaly imany ugrunda ezýet çekýänleri ruhlandyrmak üçin ýygy-ýygydan gürrüň beripdirler. Bu mesihilere özleriniň haýsy maksat ugrunda ejir çekýändiklerini görmek gerekdi. Olar özleriniň Hudaýyň şöhraty üçin ulanylmagyna taýýardyklary barada aýdanlarynda, özlerinde uly umytlar bolan bolmaly. Emma wagtyň geçmegi bilen yzarlanmalar özlerini Hudaýyň maksadyndan kesip aýran ýaly bolup görnendir. Mynasyp bolunmadyk görgüler Hudaýyň planyna nädip girsin? Ýöne haç ýasalan agaç ýaly, olar özleriniň durmuşynda Hudaýyň maksadyny ýerine ýetirmekleri üçin Onuň özlerini kemala getirýändigine düşündiler. Şu nukdaýnazardan seredende, görgüler eýýäm Hudaýyň maksadynyň siziň durmuşyňyzda bozulmasy däl-de, halas bolmanyň aýrylmaz bölegidigi görünýär.

"Diňe muňa däl, eýsem muşakgatlarymyza hem begenýäris, sebäbi muşakgatlaryň çydamy, çydamyň erjelligi, erjelligiň hem umydy döredýändigini bilýäris. Şeýle umyt bizi utandyrmaz, sebäbi berlen Mukaddes Ruh arkaly ýüregimiz Hudaýyň söýgüsinden dolup-daşýar".

Rimliler 5:3-5

53-nji gün

ADATY BOLMADYK
EJIZLIK

RUSSIÝA: MIHAÝIL ATA

“Eger sen öz ynamyňdan el çekip, haçy depgileseň, biz seni goýberýäris, eger beýle etmeseň, biz seni öldürýäris” diýip, bolşewikler aýtdylar.

Mihaýil ata bolşewik hökümetiniň eýýäm sekiz müň rus prawoslaw ruhanysyny öldürenini bilýärdi. Bu görgüleriň we agyrylaryň hemmesini görende, ol: ”Eger Hudaý bar bolsa, onda beýle betbagtçylyklaryň bolmagyna ýol bermezdi” diýen netijä geldi.

“Men ynanamok — diýip, ol pikir etdi. — Haç meniň üçin näme aňladýar? Gowusy, öz janyňy halas etmeli”.

Ýöne ol imanyndan ýüz öwürmek üçin agzyny açanda aýdan sözleri onuň özüniň aklyny haýran etdi: “Men diňe ýeke-täk Hudaýa ynanýaryn. Men haçy depgilemekden boýun towlaýaryn!”.

Patyşa geýminiň deregine, onuň egnine halta atdylar, Mesihiň tiken täjiniň deregine, özüniň deri papagyny geýdirdiler. Mihaýiliň ruhanylyk eden ybadathanasyna ozal gatnan bolşewikleriň biri onuň öňünde dyza çöküp: “Şatlan, Ýahuda patyşasy!” diýip ýüzlendi. Ony kä ýençdiler, kä-de, Hudaýyna sögündiler.

Ruhany pikirinde Hudaýa doga etdi: “Eger Sen bar bolsaň, ýalbarýaryn, meniň janymy halas et!” diýip, doga-dileg etdi. Mihaýil atany urmagy dowam etdirilen wagtyň dowamynda, ol: “Ýeke-täk Hudaýa iman edýärin” diýip gaýtalady durdy.

Onuň özüni saklap bilşi serhoş jellatlary-da juda haýran galdyrdy, şonuň üçin olar ony goýberdiler. Öýüne gelenden soň, Mihaýil ýere ýüzin ýykylyp möňňürip aglady-da: “Iman edýärin!” diýip ýüzlendi.

Mesihilik ynamynda geň zatlar näçe diýseň bar: ýaşamak üçin ölmeli; edinmek üçin ýitirmeli; güýçli bolmak üçin ejiz bolmaly. Aslyýetinde, eger öz şahsy şowsuzlyklarymyzy boýun almakdan ýüz öwürsek, onda Hudaýyň güýjüni tanap bilmeris. Betbagtçylyklara ýada kynçylyklara duş gelenimizde, ýada töweregimizdäkileriň adalatsyz görgi görşüni gyradan synlanymyzda, Hudaýyň rehimdarlygyna şübhelenýäris. Bu adamyň tebigy garaýşydyr. Ýöne Hudaý bizden, ejizlerden, el çekmeýär. Ol bize Özüniň güýji bilen şypa berýär. Biz görgülerde şatlanyp bilýäris, sebäbi görgüler bize adam güýjüniň Hudaýyň güýjüniň ornuny tutup bilmejekdigini ýatladýar. Biziň şowsuzlyga uçramagymyz mümkin, ýöne Hudaý güýçlüligine galýandyr. Siz öz ejizliginiňize nähili garaýarsyňyz? Ol size Hudaýyň güýjüni tanamaga nähili kömek edýär?

“Emma Reb şeýle diýdi: “Saňa beren merhemetim besdir, sebäbi Meniň gudratym ejizlikde kämilleşýändir”.

2-nji Korintoslylar 12:9

54-nji gün

ADATY BOLMADYK
AKYLDARLYK

IÝERUSALIM: ILKINJI GÖRGI GÖREN STEFANUS

Galp şaýatlar: "Bu adam yzyny üzmän bu mukaddes ybadathana we Mukaddes Kanuna garşy gepleýär. Onuň aýdyşyna görä, nasyraly Isa bu mukaddes ybadathanany ýok etjekmiş, Musanyň bize beren urp-adatlaryny hem üýtgetjekmiş" diýdiler.

Sinedrionyň baş ruhanysy sud edilýäne ýüzlenip: "Sen özüňi aklamak üçin näme diýip bilersiň?" diýdi.

Stefanus arkaýyn ýerinden turýar. Onuň sesiniň ýuwaşja äheňi üýtgeýär: "Zalymlar! Ýürekleri hem gulaklary sünnetsizler! Siz edil atalaryňyz ýaly, mydama Mukaddes Ruha garşy çykýarsyňyz! Siziň atalaryňyz pygamberleriň haýsyna azar bermedi? Olar ol Adylyň geljegini öňünden yglan edenleri öldürdiler. Siz-de, ine, Oňa hyýanat etdiňiz, Ony öldürdiňiz, eý, Mukaddes Kanuny perişdeleriň tertipleşdirişi ýaly alyp-da, ony tutmadyklar!"

Olar muny eşidenlerinde, gahar-gazaba münüp, Stefanusa dişlerini gyjadylar. Mukaddes Ruh bilen doly bolan Stefanus Göge seredip, Hudaýyň şöhratyny, Hudaýyň sagynda duran Isany görüp: "Men Gögüň açykdygyny, Ynsan Oglunyň Hudaýyň sagynda durandygyny görýärin" diýdi. Şonda olar batly gygyryşyp, gulaklaryny tutuşyp, hemmesi birden Stefanusyň üstüne topuldylar. Ony şäherden daşary çykaryp daşladylar. Güwäler öz geýimlerini Saul atly bir ýaş ýigidiň öňünde goýdular. Olar Stefanusy daşlap durkalar, ol Rebbi çagyryp: "Ýa Reb, Isa! Meniň ruhumy kabul et!" diýdi. Onsoň dyza çöküp, batly gygyryp: "Ýa Reb! Bu günäni olara ýazma!" diýdi. Muny aýdandan soň bolsa ol jan berdi.

(Resullaryň işleri 6:11-7:60).

Kyn ýagdaýda asudalygy saklamaklyk — bu iň akylly çykalgadyr. Bizi gaharlandyrmak aňsat: tiz ýörelýän awtoýolda kimdir biriniň awtomobilimize "ýelmenmegi", mekdepde bize erbet baha goýulmagy ýa-da işde käýinç berilmegi ýeterlikdir. Ýöne adatdan daşary kyn ýagdaýlarda sagdyn pikirden uly bolan zat talap edilýär. Hudaýdan berlen akyldarlyk talap edilýär. Ýalan şaýatlyklara we ölüm howpuna duş gelen irki ýygnak gullukçysy Stefanus hakyky akyldarlygy görkezdi. Ol lagnatlar bilen jogap berip başlamady. Ol özüni aýyplaýjylary kemsidip başlamady. Ol diňe özüniň bilýän we fariseýleriň ynanmakdan boýun towlaýan hakykatyna — Isa Mesihiň Hudaýyň Ogludygyna — eýerdi. Stefanusy ölümden soň kabul eden şol Isa sizi-de, özüňize Hudaýdan gelýän akyldarlyk gerek bolanda kabul eder.

"Eger kimde danalyk kemlik edýän bolsa, goý, ol Hudaýdan dilesin. Hemmelere biminnet we jomartlyk bilen berýän Hudaý oňa hem berer".

Ýakup 1:5

55-nji gün



“Men ölýänçäm wagyz etjek”.

Li Desýan — hökümetden rugsat alman Hoş Habary wagyz edeni üçin ýigrimi gezekden gowrak tussag edilen öý ýygnagyň hytaýly ruhy çopany.

56-nji gün

ADATY BOLMADYK
HATLAR — BIRINJI BÖLÜM

RUSSIÝA: MARIÝA

"Meniň gadyrdanlarym!

Men size Mesihiň söýgüsi bilen salam iberýärin. Meniň hemme zadym gowy we men öz üstümde ullakan ak pata duýýaryn. Men öňkim ýaly, şu ýerde ýaşaýaryn. Meni gaty gowy görýärler. Men ýerli komsomol toparyndan bir gyz bilen tanyşdym. Ol maňa: "Men siziň nähili adamdygyňyza düşünip bilemok. Bu ýerde köp adamlar sizi kemsidýärler we gönüňize degýärler, Siz bolsa barybir hemmeleri söýýärsiňiz" diýýär.

Men Hudaýyň özümize — diňe bir dostlaryňy däl-de, eýsem, duşmanlaryňyda — hemmeleri söýmelidigini aýdýanyny aýdyp, oňa jogap berdim. Ozal bu gyz maňa köp betbagtçylyklar getirdi, ýöne men onuň üçin çyn ýürekden doga-dileg etdim.

Ol menden özüni söýüp biljek bilmejegimi soranda, men ony gujakladym. Soň ikimizem aglap başladyk. Indi bolsa, biz bile doga-dileg edýäris. Ol Mesihi kabul etmeklige örän ýakyn diýip pikir edýärin.

Haýyş edýärin, onuň üçin doga-dileg ediň. Onuň ady Warýa. Gaty sesleri bilen Hudaýyň bardygyna garşy çykýanlary diňlänimizde, olar muňa, dogrudanam, ynamly ýaly bolup görünýärler. Ýöne durmuş Hudaýa dili bilen sögünýänleriň hemmesiniň ýüreklerinde Ony küýseýändiklerini görkezýär. Olaryň ýürekleri nalaýar... olar özleriniň içki boşlugyny hudaýsyzlyk bilen doldurmaga çalyşýarlar.

Men tizara hat ýazaryn. Öýüňizdäkileriň hemmesine meniň özlerini söýýändigimi aýdyň.

Siziň Mesihdäki uýaňyz, Mariýa".

Hudaý adamlary içki ruhy giňişlikli edip ýaratdy, şonuň üçin ony dolulygyna diňe Ol dolduryp bilýär. Biz mesihilige duşmançylykly garaýan adama duş gelenimizde, özümize onuň durmuşynda nähili ägirt mätäçliginiň bardygyny ýatladyp bileris. Öz duşmanlaryňyzyň gursagyndaky oýulyp duran boşlugy göz öňüne getirip görüň. Şol içki boşluk adamlaryň köpüsini ruhy gözlege çykmaga mejbur edýär. Olar ýa-ha Mesihiň boşlugy doldurma teklibini kabul etmek isläp, iman tapýarlar, ýada Mesihe garşy çykyp, kinä batýarlar. Köplenç mesihileriň barlygy Mesihe garşy çykýanlara özleriniň durmuşynda ýitirýän zadyny ýatladýar. Olar göni sizden öýkeli däldirler. Olar siziň janly beýan edýän zadyňyzdan öýkelidirler.

"Men ozal muny size gaýta-gaýta aýdypdym. Indi bolsa aglap, ýene aýdýaryn: Mesihiň haçyna duşman bolup ýaşaýanlar köpdür".

Filipililer 3:18

57-nji gün

ADATY BOLMADYK
HATLAR — IKINJI BÖLÜM

RUSSIÝA: MARIÝA

“Meniň gadyrdanlarym!

Men özümiň öňki hatymda ateist gyz Warýa hakda ýazypdym. Häzir bolsa, gadyrdanlarym, özümiziň ägirt uly şatlygymyz hakda habar bermäge howlugýaryn. Warýa Mesihi özüniň şahsy Halasgäri hökmünde kabul etdi we bu barada aç-açan şaýatlyk edýär!

Mesihe iman etmek we gutulyş şatlygyny tanamak bilen bir wagtyň özünde ol özüni örän betbagt saýýar. Ol birwagtlar ateizmi wagyz edenine gynanýar. Indi bolsa ol öz günäsini ýuwmaly diýen karara geldi.

Biz ikimiz bile hudaýsyzlaryň assambleýasyna bardyk. Men ondan seresap bolmagy haýyş etsem-de, bary biderek boldy. Warýa ikirjiňlenip durman, öňe ylgady, menem onuň yzyndan gidip, soňunyň näme bilen gutarjagyna seredip durdum. Kommunistik partiýanyň senasy umumylykda aýdylandan soň, Warýa assambleýa gatnaşyjylaryň öňlerinde çykyş etdi. Ol batyrlyk hem tolgundyryjylyk bilen ol ýere gatnjaşýanlara özüniň şahsy Halasgäri hökmünde kabul eden Isa Mesihi hakda gürrüň berdi we öňki ýoldaşlaryndan şu wagta çenli ruhy gözleriniň ýumuk bolandygy üçin ötünç sorady. Ol özüniň dowzaha tarap ugranyny we yzy bilen başgalary-da alyp gidenini özi görmändigini aýtdy.

Ol bu ýere gatnaşýanlary günäli ýollaryndan dänip, Mesihe gelmäge çagyrdy.

Hemmeler dymdylar, hiç kim onuň sözüni bölmedi. Warýa gürrüňini gutarandan soň, ”Men Mesihi yglan etmäge utanmaýaryn” diýen senany aýtdy.

Soň bolsa... soň biziň Warýamyzy ýygnadylar.

Bu gün eýýäm dokuzynjy maý. Biz bolsa, entegem ol hakda hiç zat bilemzok. Ýöne Hudaý gudratygüýçlüdir, Onuň Warýany halas etmäge güýji ýetýändir. Doga-dileg ediň!

Siziň Mariýaňyz”.

58-nji gün

Ilkinji nobatda mesihiligiňiňuly duşmanlary üçin doga-dileg etmeli. Tarsusly Saulyň durmuşy islendik öňki duşmanyň Mesihiň iň meşhur goragçysy bolup bilýändigini tassyklaýar. Ýöne doga-dilegsiz bu mümkinçilik diňe çaklama bolup galýar. Öz garşymyza çykýanlardan gorkmagyň ýa-da olary ýigrenmegiň deregine, biz Mesihe jany bilen garşy çykýan jemgyýetdäki, ýurtdaky we bütin dünýädäki adamlar üçin doga-dileg etmelidiris. Imansyzlar, hatda Hudaýa garşy durýan ateistler üçin dileg edenimizde, biz eger olaryň güýçlerini Mesihe garşy däl-de, Mesihe tarap gönükdirsek näme boljakdygyny öňünden görüp bileris. Olar täze hoşhabarçylar bolup, Hudaýyň merhemetiniň kuwwatly şaýatlygyny wagyz edijiler bolup bilerler. Siziň duşmanlaryňyzyň hiç haýsy-da, Mesihden güýçli däldir, doga-dileg bolsa, olary elýeter zonada saklaýar.

“Şoňa görä-de, kim Isa Mesihe degişli bolsa, ol täze ýaradylyşdyr. Könesi geçip gitdi, indi täzesi geldi!”.

2 Korintoslylar 5:17

ADATY BOLMADYK
HATLAR — ÜÇÜNJI BÖLÜM.

RUSSIÝA: MARIÝA

"Meniň gadyrdanlarym!

Düýn 2-nji awgustda men öz söýgüli Warýamyz bilen gürleşdim. Düýn men ony görenimde, ol hordy, ýüzi solgundy, bar ýeri göm-gökdi. Diňe gözleri Hudaýyň parahatlygy we ýerden bolmadyk şatlyk bilen nur saçýardy.

Ol hakda pikir edenimde, ýüregim gana dolýar. Ol entek çaga. Ol bary-ýogy on dokuz ýaşynda. Rebbe iman edýän adam hökmünde hem ol entek ruhy bäbek. Ýöne ol Hudaýy bütin ýüregi bilen söýýär, şonuň üçin derrew kynçylyk ýoluna düşdi.

Görgüli gyz gaty aç bolýar. Onuň türmededigini bilenimizde, biz oňa gerek zatlaryny iberdik, ýöne ol iberilen zatlardan juda az mukdaryny alypdyr.

Hawa, ezizlerim, Hudaýyň ajaýyp parahatlygyny bilmeýänler muňa düşünmeýärler... Ýöne şol parahatlygy bolanlar nähili bagtly.... Bizi, Mesihdäki adamlary, hiç hili görgüler we lapykeçlikler saklamaly däldir.

Men gözenegiň bärsinde duran ýerimden: "Warýa, sen eden işiňe ökünýärsiňmi?" — diýip soradym.

"Ýok — diýip, ol jogap berdi. — Eger meni azatlyga çykarsalar, men ýene-de Mesihiň ullakan söýgüsine şaýatlyk ederin. Men ejir çekýändirin öýtmäň. Men Rebbiň özümi şeýle güýçli söýýändigine we Öz adynyň hatyrasyna görgi görme hormatyny berenine aşa begenýärin".

Size ýalbarýaryn, onuň üçin doga-dileg ediň. Ony tizara Sibire goýberýärler. Onuň elinden zatlarynyň hemmesini we eşiklerini alypdyrlar. Ol egnindäkilerden başga hiç zatsyz galdy. Onuň garyndaşlaram ýok, şol sebäpdenem, biz onuň üçin zerur bolan zatlary ýygnamaly. Men eýýäm siziň geçen gezekki goýberen zatlaryňyzy aýryp goýdum. Warýany alyp gidenlerinde, men şol puly oňa berjek. Hudaýyň ony berkitjegine we öňünde duran synaglarynyň hemmesinden geçjekdigine ynanýaryn. Hudaýym, ony gora!

Siziň Mariýaňyz".

Mesiihilik — bu stadiondaky ýüz metrlik aralyk däldir. Bu mydamlylygyň marafonydyr. Käwagt biziň bürgütler ýaly ganat ýaýyp uçýandygymyzy, hiç hili kynçylyklary görmeýändigimizi aýdýar. Ýöne durmuşda öz öňümizde uzak hem garaňky ýoluň bolýan wagtam bolýar. Şonuň ýaly pursatlarda, diňe öňe gitsek we täze güýç almak üçin ýadamasak gowy bolýar. Bu obrazy yzarlamalar gaty gowy suratlandyrýar. Yzarlamalar wagtynda biz indiki ädimi ätmekligi we ýan bermezligi gowy öwrenýäris. Hemme zada diňe döz gelmek — bu Hudaýyň şöhraty üçin ullakan ýeňiş bolýandyr. Eger siz özüňiz üçin düşnüksiz bolan synagy başdan geçirýän bolsaňyz, diňe berk duruň we ýan bermäň. Gün geçdigiçe siz güýçli bolýarsyňyz, hatda käwagt muňa düşünmeýärsiňizem. Tizara siz ýene ganat ýaýyp uçarsyňyz.

"...Emma Rebbe umyt baglaýanlar
täzeden güýç toplarlar,
bürgütler dek ganat ýaýyp
belende galarlar,
ýüwrerler, ýöne ýadamazlar,
ýörärler, ýöne ysgyndan gaçmazlar".

Işaýa 40:31

59-nji gün

ADATY BOLMADYK
HATLAR — DÖRDÜNJI BÖLÜM

RUSSIÝA: WARÝA

"Gadyrly Mariýa!

Ahyrsoňy men Size hat ýazyp bilýärin. Biz çydap boljak ýagdaýda şäherden on bäş kilometr aralykda ýerleşýän lagere baryp ýetdik. Men bu ýerdäki durmuşy suratlandyryp biljek däl. Men özüme saglyk berýändigi, özümiň fiziki işi edip bilýändigim üçin Hudaýa minnetdarlyk bildirýärin.

Biz H. uýamyz bilen ussahanada stanokda işleýäris. Iş agyr, H. uýamyzyň saglygy bolsa gowy däl. Men hem özüm, hem onuň üçin işlemeli bolýaryn. Men ilki öz işimi gutarýaryn, soň oňa kömek edýärin. Biz gün içinde on iki – on üç sagat işleýäris. Edil sizde bolşy ýaly, bizde-de iýmit örän az. Ýöne men size bu hakda ýazmak islämok.

Siziň üstüňiz bilen maňa gutulyş ýoluny görkezeni üçin ýüregim Hudaýa öwgi aýdýar we minnetdarlyk bildirýär. Indi meniň durmuşymyň manysy bar. Men özümiň nirä barýanymy we Kim üçin ejir çekýänimi bilýärin. Men beýik gutulyşyň şatlygy hakda hemmelere şaýatlyk etme islegini duýýaryn.

Maňa mydama käýeýärler we jezalandyrýarlar, goşmaça iş berýärler, sebäbi men dymyp bilemok. Heý-de, dymyp bolarmy? Dilim gürläp durka, men Onuň beýik söýgüsi hakda her bir adama şaýatlyk ederin. Düýn erkek doganlaryň käbirleri derýanyň ýanyna baryp gelip bildiler. Gije ol ýerde ýedi erkek dogan bilen men suwda çokundyryldyk. Men bu ajaýyp güni hiç haçan ýatdan çykarmaryn! Haýyş edýärin, meniň üçin aglamaň. Meniň maksadym bu ýerde aýdyňdyr, imanymam berkligine galýar.

Hormat bilen, Warýa".

Kimdir biri muny: "Ykbal" diýip atlandyrýar. Kimdir biri: "Takdyr" diýýär. Her neneň bolanda-da, adamlaryň köpüsi özlerini belli bir maksada bagyş etmek isleýärler. Mesihiler özleriniň durmuşy babatdaky Hudaýyň planyny "çagyryş" diýip atlandyrýarlar. Biz Hudaýyň maksadyny öz şahsy durmuşymyzda ýerine ýetirenimizde, has uly jemgyýetiň bir bölegi bolýarys. Bize öz edýän hereketlerimiziň, biz näme etsegem, bize näme bolsa-da, Isa Mesih baradaky Hoş Habary wagyz etmäniň uly üstünligine gulluk edýändigini bilmek ýeterlikdir. Biz özümizi jebisleşen, gerek adamlar duýýarys. Ýagdaýlar her neneň bolanda-da, ömrümizde birinji gezek haýsydyr bir beýik zada maýa goýýandygymyzy duýýarys. Munuň ýaly maksady bolan adamy hiç zat ýeňip bilýän däldir. Siz nähili pikir edýärsiňiz, siziň durmuşyňyzda nähili beýik maksat bar?

"Indi bolsa, eý, doganlar, size şulary mälim edesim gelýär: meniň başyma inen külpetler dogrudan-da Hoş Habaryň ýaýramagyna ýardam etdi".

Filipililer 1:12

60-nji gün

ADATY BOLMADYK
HATLAR — BÄŞINJI BÖLÜM

RUSSIÝA: WARÝA

"Gadyrdanym Mariýa!

Ahyrsoňy men birnäçe setir ýazmaga mümkinçilik tapdym. Size, gadyrdanym, H. doganyňam, Hudaýyň merhemeti bilen sagdyndygymyzy we özümizi gowy duýýandygymy aýdyp biljek. Häzir biz [ýeriň ady reňklenen] bolup ýörüs.

Men özümiň soňky hatymda suwda çokundyrylandygymy ýazypdym. Men Mesihi kabul etmezimden ozal size eden ýamanlaryklarymyň hemmes üçin sizden hiç haçan ötünç soramandym. Diňe siziň rehimdarlyk bilen bagyşlamagyňyzyň arkasyndan men indi mesihi boldum. Haýyş edýärin, meni bagyşlaň.

Size özüňiziň maňa bolan enelik garaýşyňyz üçin köp sagbol aýdýaryn. Biz siziň bize goýberen zatlaryňyzyň hemmesini aldyk. Iň gymmatly zat bolan Mukaddes Kitap üçin size minnetdar. Hemmäňiz sag boluň. Hemmelere hat ýazanyňyzda, salam aýdyň we meniň üçin eden zatlarynyň hemmesi üçin minnetdarlygymy ýetiriň.

Reb maňa Özüniň mukaddes söýgüsiniň çuň syryny açaly bäri, men özümi dünýäde iň bagtly adam hasaplaýaryn. Özümiň çekmeli bolýan azarlarymy bolsa, men aýratyn merhemet hasaplaýaryn. Iman eden ilkinji günlerimden başlap, Rebbiň Özi ugrunda görgi bagtyny berenine men şat. Rebbe ahyryna çenli wepaly galarym ýaly, meniň üçin doga-dileg ediň.

Goý, Ol siziň hemmäňizi gorasyn we mukaddes söweş üçin berkitsin!

H. uýamyz bilen men Sizi ogşaýarys. Bizi [ýeriň ady reňklenen] iberenlerinde, belki, bizde size hat ýazmaga ýene mümkinçilik bolar. Biziň aladamyzy etmäň. Göklerde öz sylagymyzyň uly boljakdygyna biz begenýäris we şatlanýarys (Matta 5:11-12).

Siziň Warýaňyz".

Mundan soň Warýa hakda hiç kim hiç zat eşitmedi, ýöne onuň söýgüsi we Mesih baradaky şaýatlygy unudylmady. Bu gyzy imany sebäpli türmä salan hökümet ýaş gyzyň ömür tanapyny kesen bolsa gerek. Ýöne bu gyzyň mirasy onuň taryhyny eşidenleriň ýüreklerinde nur saçyp dur. Onuň durmuşy görgülerde dostlugyň nähili täsin güýç bilen döreýändigine inkär edip bolmajak şaýatlygy berýär. Mesih ugrundaky görgüler başga zatlara garanda, bizi Mesihe has köp ýakynlaşdyrýar. Mukaddes Kitap Mesihiň görgülerine şeýle gatnaşmany adamyň kadadan çykma derejedäki duýgyny duýmagy hökmünde atlandyrýar. Görgüleri özüň başdan geçireniňde, görgüler arkaly Mesihe ýakynlaşma hemmesinden gowy düşünýärsiň. Görgüleriňiziň özüňizi Mesihe has ýakyn edenine öz tejribäňizde göz ýetirip gördüňizmi? Bu nähili bolup geçdi?

"... Ony tanamak, direlişiniň güýjüni, görgülerine şärikligiň nähilidigini bilmek...isleýärin".

Filipililer 3:10

61-nji gün

ADATY BOLMADYK YZLAR

SUDAN: RUHY ÇOPAN OÝEREMIÝA LOGARA

Iýeremiýa Logara hiç haçan yza çekilmedi. Ol mydama aýgytlylyk bilen öňe ýöredi. Musulman esgerleri onuň ýygnagyndan alty oglany tussag edip, olary içalylykda aýypladylar. Oglanlaryň ruhy çopany bolan Iýeremiýa olaryň içaly däl-de, mesihilerdigini düşündirmäge synanyşanda, ony-da tussag etdiler.

Yslam esgerleri ruhy çopan Logaranyň ellerini, aýaklaryny daňyp, özünem ýerden ýokarda ýüpden asyp goýdular. Ony gamçy bilen ýençdiler, döşüne gyzgyn mum guýdular. Logara Isanyň bagdaky dilegini ýada saldy. Isa: "Hudaýym, eger meniň şu gün ölmegim Seniň islegiň bolsa, onda, goý, ol ýerine ýetsin" — diýip dileg edipdi. Eger Logara özüniň ýaş şägirtleriniň gözleriniň öňünde ruhy taýdan döwlen bolsa, onda şeýle edeni üçin özüni hiç wagt bagyşlap bilmezdi.

Ýöne Hudaýyň islegi bu oglanlar üçin batyrlygyň hem imanyň şaýatlygy hökmünde Logaranyň diri galmagynda jemlenendi. Logarany goýberdiler, ýöne oglanlary tussaglykda alyp galdylar. Ruhy çopan Logara oglanlary esgerlige berendirler diýip pikir edýär.

Şu wakany gürrüň berende, ruhy çopan: "Men Isanyň ölümi hakda pikir etdim. Ol bütin dünýä üçin öldi ahyry. Men öz ölümim bu oglanlaryň gutulyşynyň bir bölegi bolup biler öýtdüm, sebäbi men öz Rebbimiň göreldesine eýerdim. Men özleri üçin gören öz görgülerimiň göreldesiniň olaryň Hudaýa wepaly bolup galmaklaryna kömek etmegi üçin dileg edýärin" — diýýär.

Çagalar öz ene-atalarynyň hereketlerini nusga edip almagy, olaryň ýörän ýollaryndan ýöremegi gowy görýärler. Olar özleriniň kiçijik aýaklarynyň kakasynyň hem ejesiniň aýak yzyna düşmegi üçin ädimlerini giňden açýarlar. Olar ene-atasynyň ýoly özlerini nirä alyp barýan bolsa-da, şolaryň ýoluny gaýtalaýarlar. Edil şonuň ýaly, Isanyň yzlarynyň hem, bizi kyn ýoldan alyp gitmegi mümkin. Biz özümiziň hiç haçan saýlamajak şunuň ýaly synaglarymyz we kynçylyklarymyz arkaly Isanyň yzyna düşüp bilýäris. Ýöne eger Isanyň yzyna düşme kararyna gelen bolsak, öz ykbalymyzy saýlama hukugyndan boýun towlaýandyrys. Isanyň yzyna eýermek bilen biz öz çagalarymyza we töweregimizdäkilere takyk hem düşnükli görelde görkezip bilýäris. Biziň saýlaýan ýolumyzyň uly ähmiýeti bardyr. Siz töweregiňizdäkileriň durmuşynda we aňlarynda nähili yzlary galdyrýarsyňyz?

""Men Hudaýa sygynyp ýaşaýaryn" diýýän adam Isa Mesihiň ýaşaýşy ýaly ýaşamalydyr".

1 Ýahýa 2:6

62-nji gün

“Hudaýym, men öz durmuşymy ýeňletmegi soramok, meni güýçlüräk etmegiňi soraýaryn”.

Milletparazlaryň weýran eden Polşadaky ýewreý etrapçasynyň harabaçylygyndan tapylan ýehudy oglanjygyň sözleri.

63-nji gün

ADATY BOLMADYK ÝERLER

RUMYNIÝA: RUHY ÇOPAN RIÇARD WURMBRAND

On dört ýylyň dowamynda kommunistik türmelerde ejir çeken rumyn ruhy çopany Riçard Wurmbrand bir gezek özüniň tussaglykdaky dostundan eşiden wakasyny gürrüň berýär. Bu waka oňa iň agyr synaglardan geçmäge kömek etdi. Imandaky dogany oňa şeýle gürrüň berdi:

"Bir gezek men sirke gidenimde, aklyňy haýran ediji wakanyň şaýady boldum. Atyjy ýanyp duran şemi öz aýalynyň kellesine goýdy. Soň ol arenanyň merkezinden aýrylyp, ep-esli aralykda durup, ýaýdan peýkam atyp, onuň kellesiniň üstündäki şemi urdy.

Tomaşa gutarany ndan soň, men ol aýalyň ýanyna baryp, ondan peýkam özüne deger öýdüp gorkanyny ýa gorkmanyny soradym. Şonda ol: "Men nämeden gorkaýyn? Ol menden däl-de, şemden nyşan aldy" — diýip jogap berdi.

Ruhy çopan Wurmbrand bu wakany eşidende: "Gynamalardan gorkmak maňa nämä gerek? Olar menden nyşan alanoklar ahyry. Olar meniň bedenimi ýaralap bilerler, ýöne meniň hakyky tebigatym — bu öz içimdäki Mesih ahyry. Men göklerde Isanyň ýanynda oturdyldym, şonuň üçin olar meniň hakyky tebigatyma degip bilmeýärler. Şol akla sygmajak ýerden hem, men aşak seredip, olaryň edýän tagallalarynyň biderekligine seredip bilerin" — diýip pikir etdi.

Ruhy çopan Wurmbrand görgülerden doly ýyllary başdan geçirdi we ölümiň gözlerine ençeme gezekler garady. Şeýle-de bolsa, bu ýönekeý sapak oňa ençe gezekler kömek etdi. Ol ruhy taýdan ösdi, sebäbi ol öz tenine näme bolsa-da, özüne Isanyň ýanynda ýer taýýarlanylyp goýlandygyna ynanýardy.

Azar berilmeleriň, hatda aşa agyrylarynyň hem, öz çeni bar. Fiziki gynalmalaram, psihologiki taýdan ýetirilýän zeperlerem biziň Rebde gizlenen tebigatymyzy ýok edip bilmeýär. Içimizde göterýän zadymyzy — özümiziň iň gymmatly bölegimiz — janymyzdyr. Mesihiň Ruhy biziň içimizde ýaşaýar we janymyzy emosional hem fiziki ýaralardan goraýar. Dogry, duşmanlarymyz bize jebir berip, hatda tenimizi öldüribem bilerler. Ýöne bize kast etmek bilen olar Mesihe — biziň içimizde ýaşaýan Rebbe — el galdyrýarlar. Mesih bolsa ölmeýär. Azar berilmeler her neneň ýagdaýda diňe size degýän ýaly bolup görünýän bolsa-da, aslyýetinde, — bu ullakan suratyň diňe bir bölegidir. Biz söweşe çekilibem bileris, ýöne bu ýagşylyk bilen ýamanlygyň arasyndaky beýik söweşdir.

"Men zerarly sögülen, yzarlanan, nähak ýere her hili gybatyňyz edilen mahaly siz bagtlysyňyz!"

Matta 5:11

64-nji gün

ADATY BOLMADYK
GANATLAR

SSRS: KÜÝKI

“Men sowet lagerlerinde köp ýyllarymy geçirdim” — onuň haty şeýle başlanýar. Tekst arassaja ýazylypdyr, ýöne barybir eliniň çalaja titräni bildirýär. Bu bolsa onuň gartaşandygyna we tussaglykda köp ýyllaryny geçirendigine şaýatlyk edýär.

“Men lagerde ýeriň astynda, şahtada işlemäge mejbur boldum. Iş agyrdy, garawullarda ne rehim, ne edep bardy. Men arkamy maýyp etdim, şondan soň küýki bolup galdym.

Bir gün — diýip, ol hatyny dowam etdirýär — maňa bir oglanjyk duş geldi. Ol mydama maňa seredýärdi. Ol bir gezek: “Daýy, siziň arkaňyzda näme bar?” — diýip sorady.

Men onuň häzir öz üstümden güljegini bilýärdim, ýöne barybir: “Tüňňülik” — diýip jogap berdim.

Oglanjyk mylaýymja ýylgyrdy. “Ýok. Hudaý söýgüdir. Ol hiç kimi betgelşik etmeýär. Sizde tüňňülik däl-de, içinde perişdeleriň ganatlary gizlenip duran ýara bar. Günleriň birinde ol açylar. Şonda sizem öz perişdäňiz ýaly ganatlaryňyzda göge uçarsyňyz” — diýip, ol aýtdy.

Men bagtdan ýaňa agladym. Hatda size hat ýazyp otyrkamam, aglaýaryn” — diýen sözler bilen hat tamamlanýar.

Yzarlanylýan mesihileriň köpüsi tenlerinde gynamalaryň yzlaryny göterip ýörler. Kähalatlarda Hudaý olara, hatda päk çaganyň sesi bilenem, şol ýara yzlarynyň astynda gizlengi ak patalary ýatladýar.

Ýerde gök barada diňe ýatlama bar. Isa hatda Özüniň ölümden direlen şöhratly tenindede yzarlanmalaryň ýara yzlaryny göterip ýör. Isa ölümden direlende, şägirtlerine Öz ýaralaryny görkezdi. Tomas Onuň böwründäki we ellerindäki ýaralara elini degrip gördi. Günleriň birinde Onuň çüý yzlary bolan elleri göge baranymyzda bizide gujaklar. Ol yzlar Mesihiň görgüleriniň kömegi bilen mümkin bolan ak patalaryň söýgi bilen ýatladylmasy bolar. Ýöne biziň agyr zähmetimizden galan yzlar özümiziň täze, gökdäki tenimizden süpürilip aýrylar. Hudaýyň hatyrasyna ejirler, kemsidilmeler we adalatsyzlyk çeken adamlar özüniň her bir ýara yzyny Hudaýyň iň baý ak patalaryna çalşarlar.

“Merhumlaryň direlişi-de şuňa meňzeýändir. Çüýreýän beden jaýlanyp, çüýremejek beden dirilýär”.

1 Korintoslylar 15:42

65-nji gün

ADATY BOLMADYK
GAÝDYP GELIŞ

HYTAÝ: RUHY ÇOPAN WANG MIN TAO

“Men ýol bermerin — diýip, ruhy çopan Wang Min Tao ýapon esgerlerine aýtdy. — Men ýygnak binasynda imperatoryň portretini asmaga ýol bermerin”.

Ýaponlar mejbur edip durmadylar, ýöne birnäçe ýyl geçenden soň, häkimiýet başyna kommunistler geldiler-de, ruhy çopan Wandan ýygnak binasyna başlyk Maonyň portretini asmagy talap etdiler.

“Meniň ýygnagymda hatda Isanyň şekilem ýok. Men imperatoryň portretini asmakdan boýun towlapdym, Maonyň portretini asmakdan hem, boýun towlaýaryn” — diýip, ruhy çopan jogap berdi.

1955-nji ýylda Wan tussag edilip, iki ýylyň dowamynda gazaply gynamalar we “beýniniň ýuwulmagyna” sezewar edildi. Wagşyçylykdan surnugandan soň, ol Hytaý Halk Respublikasyna garşy ”jenaýat edendigini boýun aldy”. Ony sud etmediler. Boýun almasy bilen kanagatlanyp, ony türmeden goýberdiler.

Azatlyga çykanda ruhy çopan asudalyk tapmady. Ol öz ýanyndan: ”Men Iuda. Men Mesihi inkär eden Petrus ýalydyryn” — diýip gaýtalady ýördi. Ahyrsoňy ol ýene gizlin polisiýa gitdi.

“Men öz boýun almamdan ýüz öwürýärin. Meni näme etseňiz, şony ediň” — diýip, ol poliseýlere aýtdy.

Türmä diňe ruhy çopany däl-de, eýsem, onuň aýalynam saldylar. Wan Ming Tao kamerada diňe öz Halasgärini söýmekde aýyply bolup öldi.

Kim Petrus ýaly iň batyr adam bolup, Isany tussag etmäge gelenleriň üstüne gylyç bilen topulmak islemeýär? Şeýle-de bolsa, biziň haýsymyz görgülerden gorkup, Isany ret eden Petrus ýaly ejiz däl? Hudaý bizi özümiziň ynsanlyk ejizligimiz üçin ýazgarmaýar. Ol biziň ejizliklerimizi kabul edip, güýçli bolýançak, bizi üýtgedýär. Hudaý Petrusy imana gaýtaryp getirişi ýaly, Min Tao ýaly mesihileri-de, yzyna gaýtaryp getirip biler. Ol bize-de batyrlygy gaýtaryp berip biler. Belki, Mesihi goramadyk wagtyňyzdaky ýatlama size rahatlyk berýän däldir? Hudaýdan bu gün özüňizi dikeltmegini soraň. Ol häziriň özünde sizi batyrlyk gerek boljak indiki ýagdaýa taýýarlap başlar.

“...Hudaýyňyz Rebbe dolanyp geliň. Çünki Ol rehimdar hem merhemetli, giň gowünli, kalby söýgüden dolydyr”.

Ýowel 2:13

66-nji gün

ADATY BOLMADYK
DÜNÝÄGARAÝYŞ

RUMYNIÝA: FLORIÝA

“Rebbimiz bize Sabat gününde işlemezligi we ony mukaddes saklamagy tabşyrdy. Men bu günde işläp biljek däl” — diýip, Floriýa garawullara asudalykda aýtdy.

Tussaglary her gün işlemäge mejbur etdiler, emma Floriýa Sabat günleri işlemekden boýun gaçyrdy. Boýun gaçyrany üçin garawullar ony ýençdiler. Floriýanyň elleri bilen aýaklary işlemän galdy. Ol diňe kellesini gymyldadyp bilýärdi. Şeýle-de bolsa, ony sagdyn tussaglar bilen deň derejede sakladylar.

Beýleki tussaglar durmuşyň agyrlygyndan arz edenlerinde, Floriýa olary ruhlandyrdy. Ol: “Dünýä garaýyş — bu erbet zat. “Göge garaýşy” başarjak bolup synanyşyň” — diýip, köp gaýtalaýardy. Men şeýle pikir edýän ýeke-täk adam däldirin. Ilkinji görgi gören Stefanusy daşlanlarynda, ol göge seredip, Hudaýyň sag tarapynda duran Isany gördi. Bu onuň ýüregine rahatlyk berdi. Gökler sizide köşeşdirer”. Floriýa beýleki tussaglary “dünýä seretmezlige”, özleriniň munuň ýaly dowzahy şertlerde bolýan ýerine däl-de, “göklere seretmeklige”, Isa seretmeklige çagyrýardy.

Floriýa bilen tussaglykda bolan tussaglaryň biri-de, Riçard Wurmbrand bolupdy. Ol azatlyga çykandan soň, Floriýanyň dokuz ýaşly ogluny gözläp tapdy. Ol Floriýanyň ogluna öz kakasynyň beýleki tussaglar üçin nähili ak pata bolanyny gürrüň berdi.

Oglanjyk ýylgyryp: “Menem edil kakam ýaly, görgi görüp, Mesihdäki adamlary ruhlandyrmak isleýärin” diýip jogap berdi.

Mesihiniň durmuşda artykmaçlygy ýokdur, aýratyn abraýdanam peýdalanmaýar. Onda gowuja öýi, ajaýyp maşgalasy, berk saglygy bolsa-da, çekerden çökder gelýän durmuş ýagdaýlary bolup biler. Ýöne mesihi — bu islendik ýagdaýlara belli bir garaýşy bolan adamdyr. Yagdaýlar her neneň bolsa-da, hemme zat adamyň pozisiýasyna baglydyr. Gögüň pozisiýasy — bu synaglaryň hemmesiniň içinde adamyň öz ünsüni Hudaýda jemlemegidir. Eger biz bar ünsümizi diňe ýerdäki kynçylyklarymyzda jemlesek, onda bu biziň ünsümizi göge degişli bolan dünýägaraýyşdan sowýar. Biz sustupes hem ruhdan düşen bolýarys. Biz umydymyzy ýitirýäris. Tersine, biziň kynçylyklarymyza Hudaýyň nazaryndan seretmeklik bu zatlaryň hemmesiniň Onuň işidigine bolan ynamy getirýär. Biz Hudaýyň öňünde rahatlanýarys we Onuň öz meselämizi çözüşini görmek üçin garaşýarys. Häzir siziň durmuşyňyzda nähilidir bir kynçylygyňyz barmy? Siz öz nazaryňyzy kynçylyklaryňyzdan daşa dikip biler ýaly we ýanyňyzda Hudaýyň barlygyny duýar ýaly güýjüňizi başga tarapa ugrukdyrmagyny Hudaýdan soraň.

“Mesih Isada bolan bu pikir sizde-de bolsun”.

Filipililer 2:5

67-nji gün

ADATY BOLMADYK
ZYNJYRLAR

KUBA: TUSSAG EDILEN MESIHI

“Arza gol çek! Arza gol çek!” — diýip, ofiser ruçkany tussag edilen mesihiniň eline zor bilen berjek bolup durşuna gygyrdy.

Tussagyň öňünde duran arzada beýleki mesihilere garşy aýyplama bardy. Olary tussag etmek üçin hökümete diňe onuň goly gerekdi.

“Men muňa gol çekip biljek däl” — diýip, mesihi boýun gaçyrdy.

“Näme üçin?” — diýip, kapitan sorady-da, paýyş sözleri aýdyp gygyrdy. — Näme, sen öz adyň nähili ýazylýanyny bileňokmy?

“Zynjyrlar oňa gol çekmegime päsgel berýär” — diýip, tussag düşündirdi.

Ofiser tussagyň elinden gödeklik bilen tutup, ony onuň ýüzüniň ýanyna getirdi. “Sen zynjyrly däl-ä, samsyk” — diýip, ol gygyrdy.

“Men zynjyrly. Men asyrlaryň dowamynda janlaryny Mesihiň ugrunda beren şaýatlaryň zynjyry bilen baglangy. Men bary-ýogy şol zynjyryň ýekeje halkasydyryn, şonuň üçin men ony bozmaryn” — diýip, mesihhi aýtdy.

Tussag haýbatlara hem urgulara garamazdan, arza gol çekmekden ýüz öwürdi.

Gynanylan mesihiler eýmenç gynamalara garamazdan, özlerinden soň, adaty bolmadyk durnuklylygyň baý şaýatlygyny galdyrdylar. Olaryň güýji gahrymançylyklydyr. Olaryň sözleri pähimlidir. Olaryň rahatlygy yranmazdyr. Foma Akwinskiý: ”Gynanylanlaryň häkimiýetiň öňünde aýdan sözleri adam sözleri däldir, ýöne ynsan pikirini beýan etme däldir, olar Mukaddes Ruhuň Isanyň wagyzçylary arkaly aýdan sözleridir” — diýip ýazypdyr. Jan yzyna jan, halka yzyna halka — yzarlanmalaryň arasynda Mukaddes Ruhuň güýji bilen aýdylan sözler kuwwatly şaýatlygyň zynjyry bolup örülýär. Sizem bu ýyl ýazgysyna öz babyňyzy goşup bilersiňiz. Sizem imanlylar zynjyrynyň bir halkasysyňyz. Siz bu zynjyryň bitewiligini saklarsyňyzmy?

“Ine, bizi gurşap alan şeýle uly güwäler buludynyň barlygyna görä,... öňümizde goýlan ýaryşda sabyrly ylgalyň”.

Ýewreýler 12:1

68-nji gün

ADATY BOLMADYK
MEKDEP

LITWA: NIÝOLE SADUNAÝTE

Suduň mejlisinde Niýole Sadunaýteniň aýyplanylmasy diňlenildi-de, diňe hökümi yglan edäýmek galdy. Onuň "jenaýaty" hem, beýleki köp adamlaryň "jenaýaty" ýaly, diňe kommunistik ýurtda mesihi bolmakdan ybaratdy, ýöne gözlegçi ony içalylykdan başlap, terrorizme çenli — oýlanylyp tapylan dürli jenaýatlarda aýyplady.

Sud edilýäne soňky gezek söz berlende, kazyýet ýaş zenanyň gözýaşlar bilen rehim edilmegini ýalbaryp soraryna garaşdy. Belki, ol özüniň Hudaýa bolan howaýy imanyndanam ýüz öwrer. Emma kaza garaşylmadyk zat garaşýardy.

Niýole ýekeje-de gözýaş damdyrmady. Onuň ýüzi nur saçdy-da, ajaýyp ýylgyryşam peýda boldy. Onuň gözlerinde bolsa, ýylylyk bardy. Muny hatda ony aýyplaýjylaram duýdular.

"Bu meniň durmuşymdaky iň bagtly gün. Men sudda hakykat we adamlara bolan söýgi işi boýunça durun" — diýip, höküm edilen aýal aýtdy.

Zaldakylaryň hemmesiniň nazary oňa gönükdi. "Meniň ajaýyp kysmatym, şöhratly ykbalym bar. Suduň zalynda yglan ediljek hökümim öz dabaraly ýeňşim bolar. Men diňe adamlar üçin şeýle az iş edenime gynanýaryn. Biz biri-birimizi söýmek bilen bagtly bolup bileris. Hiç kimi söýmeýän adam betbagt bolar" — diýip, ol sözüni dowam etdirdi.

Ol kazydan gözüni aýryp, zaldaky mesihilere seretdi: "Biz ýamanlygy ýigrenmelidiris, ýöne adamy, hatda azaşan adamy-da, söýmelidiris. Muny diňe Isa Mesihiň mekdebinde öwrenip bolýar".

Mesih ugrunda yzarlanmalara duş gelenler hakda gürrüň gidende, depderleriňizi açyp, ruçkalaryňyzy alyň. Sapak başlandy. Öýlerimiziň we şäherlerimiziň otnositel howpsuzlygynda biz görgi gören mesihiler hakdaky wakalary okap bileris. Biz taryhyň sahypalaryny agdaranymyzda titreýäris. Şeýle-de bolsa, biz Isa Mesihiň mekdebine girmäge taýýarmy? Yzarlanylmalar ýoluny ýekelikde geçenler bilen egin-egne berip öwrenmäge taýýarmy? Biz durmuşda olardan alýan iman, söýgi, mukaddeslik we sabyrlylyk baradaky bilimimizi ulanmalydyrys. Diňe şonda biz başga adamlaryň durmuşynyň kömegi bilen Mesihiň görgülerini paýlaşyp we hukugymyz boýunça özümizi "mesihi", ýagny "kiçijik Mesihler" diýip atlandyryp bilýäris. Diňe şonda biz ekzamen tabşyryp bilýäris.



69-nji gün



**“Görgüler günäni ýeňip biler,
ýöne günä hiç haçan görgüleri
ýeňip bilýän däldir”.**

Ýazgy 1800-nji ýylda Foksuň “Ejir çekenleriň
sesi kitabynda” edilen.

70-nji gün

ADATY BOLMADYK
YGLAN ETME

RUMYNIÝA: RUHY ÇOPAN RIÇARD WURMBRAND

“Sen ýalan sözleýärsiň! — diýip, leýtenant Greku tussag ruhy çopan Riçard Wurmbranda gygyrdy. — Öz gizlin işiň, seniň ýygnagyňda gizlenýänler barada hakykaty aýt! Ine, şu ýerde, şu kagyzyň ýüzünde sen türmede bozan düzgünleriň hemmesini sanamalysyň!”

Wurmbrand oturyp, bozan türme düzgünleriniň hemmesini arkaýyn ýazdy. Ýazyp bolandan soň, ol jemleýji abzasy goşdy: “Men kommunistler hakda hiç haçanam erbet zatlary aýtmadym. Men özümize duşmanlarymyza bolan söýgini beren Mesihiň şägirdi. Men olara düşünýärin we olaryňam özümiň imandaky doganlarym bolmaklaryny sorap, olar üçin doga-dileg edýärin”. Soň ol ikirjiňlenip durman, dokumente gol çekdi.

Greku “arzany” okady. Ol ony soňuna çenli okanda, ýüzüniň keşbi üýtgedi. Tussag Wurmbrandyň özüni türmä salan we gynan döwlete bolan söýgüsi hakda ýazyp bilenine onuň haýran galany aýdyň görnüp durdy. “Bu adaty bolmadyk söýgä meňzeýär. Bu biziň adamlarymyzyň hiç haýsynyň saklamaýan tabşyryklarynyň biri” — diýip, Greku oýlanyşykly aýtdy.

“Gep bu ýerde tabşyryklara eýermekde däl — diýip, Riçard jogap berdi. — Men mesihi bolanymda, edil söýgüden doly täze häsiýet bilen täzeden doglan ýaly boldum. Suwuň diňe çeşmeden çykyp bilşi ýaly, söýýän ýürekden diňe söýgi çykýandyr”.

Indiki aýlaryň dowamynda Riçard daýhanyň ogluna — leýtenant Grekuwa — söýgi hakda ýene ençeme gezekler gürrüň berdi. Ahyrsoňy Greku üýtgäp, Mesihi kabul etdi!

Öz imanyňy yglan etmeklik — imanyň hakda ýöne ýere başgalar eşidip, ony kabul eder ýaly, gaty ses bilen gürlemekdir. Bu öz diýeniňi etdirjek bolmalydygyny aňlatmaýar. Bu çendenaşa gürrüňçil bolmalydygynam aňlatmaýar. Siz diňe başgalaryň Isa Mesih hakda okap bilýän açyk kitaby bolmalysyňyz. Zerur bolan wagtynda, bu kitaby höwes bilen sesli okamalydyr. Biz köplenç Isa Mesih hakda şaýatlyk etmekçi bolmaýarys. Biz hiç kimiň göwnüne degmek islemeýäris. Özümize erbet garamaklaryny islemeýäris. Ýöne özümiziň dymma şaýatlygymyz sebäpli, biz kimdir birini Mesihe getirme mümkinçiligini sypdyrýarys. Bu gün Mesihe bolan imanyňyzy yglan etmeklik siziň üçin nämäni aňladýar? Bu gün siz Hudaýyň söýgüsiniň habaryny kime ýetirmeli we düşündirmeli?

“Ýa Reb, indi olaryň howp salyşlaryna seret, gullaryňa batyrlyk bilen Öz sözüňi sözlemäge gaýrat ber”.

Resullaryň işleri 4:29

71-nji gün

ADATY BOLMADYK

BIRLEŞME

ISPANIÝA: ANTONIO HERREZUELO

Ispan inkwizasiýasynyň hökümi boýunça Antonio Herrezuelo oda ýakylyp öldürilmelidi. Ýöne onuň kalby öljegine gynanyp hasrat çekmedi. Ol başga zat üçin gaýga batdy. Antonio öz aýalynyň öz adamsyny ölüme höküm etmezleri ýaly, Mesihe bolan imanyndan dänenini eşitdi.

Antonionyň özi-de, öz janyny halas edip, öz aýaly ýaly, ömürlik tussaglyga höküm edilip bilerdi. Belki, ony günleriň birinde aklardylar. Şonda, belki, ýene aýaly bilen bile ýaşap bilerdiler. Emma ol imanyndan ýüz öwürmedi. Antonionyň agzyny jellat dyky bilen ýapmazdan öňürti aýdan soňky sözleri öz aýalyna gönükdirilendi: "Mesihe gaýdyp gel-de, bagyşlanma al! Biz ol ýerde, göklerde duşuşarys. Saňa ýalbarýaryn, dolan!" ol aýaly bilen ýerde ýene duşuşmaga umyt baglamaýardy, ýöne bakyýetde onuň ýanynda bolmak isleýärdi.

Hanym Herrezuelo adamsyny hemmelere göz edip ölüm jezasyny ýerine ýetirenlerinden soň, ömürlik tussaglykda bolmagy üçin türmä gaýtaryp alyp gitdiler. Ol öz kalby bilen sekiz ýyllap göreşdi we öz eden hereketi bilen ylalaşyp bilmedi.

Ahyrsoňy, ol öz aýdan sözlerinden boýun towlady-da, adamsynyň ýalňyşan ýygnak hakda aýdan tankydyny goldaýandygyny aýtdy. Inkwisitorlaryň haýbatlary ony gorkuzmaýardy. Kazy bu batyr aýaly otda ýakmaklyga höküm etdi.

Ol ölüp, öz adamsynyň ýanyna barmaga taýýardy. Hanym Herrezuelo ölüminiň ýakynlygyna garamazdan, asudalyk tapdy. Göklerde adamsyny görende, ol adamsyna ilki bilen imana gelendigini aýdar.

Olara göklerde duşuşmaklyk nähili gowy bolar! Mesihe bolan imany üçin görgi görenleriň we ölenleriň hemmesi Mesihiň merhemetiniň we rehimdarlygynyň maýagy kimin nur saçarlar. Erbet režimler sebäpli bölünen maşgalalar ýene birigerler. Ärler we aýallar. Gyzlar we eneler. Dostlar we dünýäniň dürli ýurtlaryndan bolan goňşular birigerler. Ýygnaklar yzarlanylýan dürli ýurtlardaky dürli denominasiýalara degişli bolan gizlin ýygnaklaryň agzalary öz bolýan ýerlerinde özlerini perişdeleriň nädip gorandyklaryna şaýatlyk ederler. Diňe şol gürrüňlerem — görgi görenleriň nesilleriniň Hudaýyň wepalylygy baradaky eden şaýatlyklary — bütin bakyýete ýeterlikdir. Olary diňlemek üçin siz ol ýerde bolarsyňyzmy? Belki, sizde-de gürrüň berer ýaly bir zat bolar?

"Mundan soň, her milletden, her taýpadan, her halkdan we her dilden bolan, hiç kimiň sanap bilmejek bir uly märekesiniň tagtyň hem Guzynyň öňünde durանyny gördüm".

Ylham 7:9

72-nji gün

ADATY BOLMADYK
REHIMDARLYK

KENIÝA: DUL AÝAL

“Bu jaýlama çäresini tamamlamazdan öň, men adamymyň ölmeziniň öň ýanynda aýdan sözlerini gaýtalamak isleýärin. Ol menden özüni öldürenlere onuň hemmeleri, şol sanda özüni öldürenleri-de, söýüp göge gidýändigini aýtmagymy haýyş etdi. Ol hemmeleriň eden zatlaryny bagyşlady, sebäbi Isa-da olary bagyşlaýar” — diýip, dul galan aýal çärä gelen müňden gowrak adama ýüzlenip aýtdy.

Aýal adamsynyň tabydynyň üstüne egildi. Onuň gözlerinde ýaş ýaldyrap durdy, ýöne sesi welin çaslydy. Aýalyň tenindäki gök tegmiller bu ýere gelenlere onuňam gazaply urulandygyna şaýatlyk edýärdi.

Är-aýal mesihidi, şonuň üçin olar kikuýu butparaz taýpasyna özleriniň imanyna garşy gelýän wepalylyk kasamyny bermekden ýüz öwrüpdiler. Munuň üçin adamsyny öler hala çenli ýençdiler, aýal bolsa, urgular sebäpli, keselhana düşdi.

Dul aýalyň sözleri onuň erkiniň güýjüne haýran galan mähelläni dymmaga mejbur etdi. 1969-njy ýylda Keniýanyň ençeme ýaşaýjylary taýpanyň däpleriniň garşysyna gidip, Mesihe wepaly bolandyklary sebäpli azar berilmeleri çekdiler.

“Men, onuň dul galan aýaly, özümiň merhum adamymyň ýanynda, siziň hemmäňize ony öldürenleriň hiç haýsyna ýigrenç duýmaýandygymy aýdýaryn. Men şol ganhorlary söýýärin. Men Mesihiň olar üçin hem ölendigini bilýänim üçin olary bagyşlaýaryn”.

Ol ýere gatnaşanlaryň hiç biri-de bu dul aýalyň aýdan sözlerini, onuň adatdan daşary bagyşlamasynyň we rehimdarlygynyň göreldesini hiç haçan ýatdan çykarmaz.

Bagyşlamak — bu Mesihe meňzeş bolmagy we beýleki adamlara Onuň rehimdarlygyny görkezmegi aňladýar. Hiç kim hiç haçan Isa Mesihden köp bagyşlan däldir. Golgotada haça çüýlenen wagtynda, Onuň egninde ýatan bütin dünýäniň günäsiniň agramy bilen hiç zat deňeşip bilýän däldir. Şonuň üçin biz logika görä, ýigrenmeli bolan adamlarymyzy bagyşlanymyzda, Isa Mesihe has-da meňzeş bolýarys. Bagyşlamaklyk bize edilen ýamanlygy nula düşürmeýär. Bagyşlamaklyk bizi düzedýär. Bagyşlamaklyk jenaýatçylary jogapkärçilikden azat etmeýär. Bagyşlamaklyk jogapkärçilikden hem-de özümiz üçin ar alma baradaky pikirleriň berýän gaýgysyndan azat edýär. Başgalaryň ýamanlyklaryny bagyşlama ukyby size Mesih üçin şöhle saçmaga mümkinçilik berýär. Beýle şöhle saçma sizde ozal hiç haçan bolan däldir. Bu gün siziň Hudaýdan gelen bagyşlamaňyzyň nury nirede öwşün atar?

“...Biri-biriňize sabyrlylyk bilen çydaň. Araňyzda öýke-kine bar bolsa, biri-biriňizi bagyşlaň. Rebbiň sizi bagyşlaýşy ýaly, siz hem bagyşlaň”.

Koloseliler 3:13

73-nji gün

ADATY BOLMADYK
ÝAGŞYLYK

RUMYNIÝA: BARTO

Barto açlykdan öldi. Birwagtlar ol partiýanyň funksioneridi, prokurorydy, indi bolsa, Kommunistik partiýa ony öz duşmany hasaplady. Ony düzediş koloniýasyndaky tussaglyga höküm etdiler. Ol juda tapdan düşdi, şonuň üçin ýene näçe wagtlap çydam edip biljekdigi hakda pikir edýärdi.

Bartonyň horlugyny görende, başga bir tussag onuň ýanyna baryp, öz naharyny paýlaşmagy teklip etdi.

"Sag bol, dostum" — diýip, Barto oňa jogap berdi. Nahary nebsewürlik bilen ýuwdandan soň, ol: "Saňa näçe ýyl berdiler?" — diýip gyzyklandy.

"Ýigrimi ýyl" — diýip, tussag jogap berdi.

"Näme üçin?"

"Men polisiýanyň gözläp ýören ruhanysyny naharladym" — diýip, ol jogap berdi. Barto onuň sesinde kinäniň ýokdugyny gördi.

"Beýle gowy işiň üçin seni kim beýle gazaply jezalandyrdy?" — diýip, Barto haýran galdy.

Tussag kiçigöwünlilik bilen jogap berdi:

"Siz meni sud edenlerinde, prokuror bolduňyz. Siz meni tanamarsyňyz, ýöne siz meniň ýadymda. Men mesihi. Mesih bize ýamanlygy ýagşylyk bilen sylaglamalydygyny aýtdy. Şol wagtda men siziň aç adamy, hatda duşmanyň bolsa-da, naharlamagyň dogry zatdygyna düşünmegiňizi isläpdim. Indi men muny size subut edip biljek".

Şol gün Barto özüniň ruhy mätäçlikleriniň fiziki mätäçliklerinden has ýokarydygyna düşünip başlady.

Ýagşylyk biziň duşmanlarymyzyň ýüreklerine tarap ýol ýasaýar. Ýagşylyk olaryň kalbynda bir zady üýtgedip bilýär. Hudaý ýagşylygy strategiýa hökmünde ulanýar, ýöne Ol bize ondan peýdalanmalydygy ýa-da peýdalanmaly däldigi babatda saýlaw berýär. Özüne garşy eden günälerimiz sebäpli, biziň mynasyp bolan zatlarymyzy indermegiň deregine, Hudaý bize ýagşylyk edýär. Onuň ýagşylygy — bu özümize ýamanlyk edenlere nähili garamalydygymyzyň göreldesidir. Ýagşylyk özüne ünsi çekýändir. Ol mynasyp bolnan ýagşylyk bolmandygy sebäpli, garaşylmadyk zat bolýandyr. Bartonyň durmuşynda bolan zat biziň duşmanymyza ýagşylyk etmegimiziň onda ruhy teşneligi oýandyryp biler. Ýagşylygymyza nähili jogap berjekdiklerine garamazdan, biz duşmanlarymyza Rebbiň göreldesine eýerip seretmelidiris. Bu gün siziň ýagşylygyňyz kime gerek?

"Ýa-da sen Hudaýyň çäksiz mähremligine, geçirimliligine, sabyr-takadyna äsgermezlik edýärsiňmi? Onuň mähribanlygynyň seni toba eltýändigine düşünmeýärsiňmi?"

Rimliler 2:4

74-nji gün

ADATY BOLMADYK

ÇAGALAR

RUSSIÝA: TUSSAG EDILEN ENE-ATALAR.

Demokratik däl ýurtlarda mesihileriň çagalary ene-atalary bilen bilelikde ejir çekýärler. Dini işleri sebäpli, eneleri ýa-da atalary tussag edenlerinde, çagalar köplenç ýetim galýarlar. Eger olaryň bagty çüwse, onda olaryň aladasyny garyndaşlary ýa-da dostlary edýärler. Ýöne köplenç olary internatlara ýa-da başga döwlet guramalaryna goýberýärler. Ol ýerde ýatmazdan öň, Mukaddes Kitaby okamaýarlar, nahardan öň bütin maşgala bolup doga-dileg etmeýärler.

Çagalaryň tussaglykdaky ene-atalaryna ýazan hatlary aýralygyň agyr pursatlarynda olaryň adaty bolmadyk edermenligini we sabyrlylygyny görkezýär. Olaryň sözlerinde birikme umydy ýaňlanýar:

"Mähriban ejemjan, goý, Hudaý saňa ak pata bersin. Biziň wagtlaýyn aýralykdadygymyz üçin gaýgylanma, ol mydamalyk dowam etmeýär ahyry. Biziň şatlygymyz tizara gaýdyp geler. Goý, bu pikir saňa teselli bersin. Ejejan, sen gaýdyp geleniňde, nähili baýramçylyk boljagyny men göz öňüne getirip bilemok. Men öý işlerini gowy ýerine ýetirýärin. Häzir gije, ertir täze gün bolar. Her bir gün şeýle haýal geçýär, ýöne men biziň tizara bile boljakdygymyzy bilýärin. Seni söýýän gyzyň".

"Mähriban ejemjan, sen gaýdyp geleniňden soň, men asla ýekelik hem agyry hakda pikir etmerin. Men senden haýyş edýärin, ejejan, aglama. Men seni söýýärin. Men seniň üçin kiçijik goşgujyk ýazdym: Seniň altyn ýüregiň bar, Ol hemişekisi ýaly ýaşajyk.

Reb seni unutmaýar, Biz — sen we men — bile bolarys".

Yzarlanmalaryň netijeleri hakda gürrüň gidende, köplenç çagalar hasaba alynmaýar. Tussaglaryň hemmesi diýen ýaly, çagasyny goýup gidýärler. Ýöne Isanyň Özüniň ençe gezek belleýşi ýaly, çaganyň imany örän wajypdyr. Eger çaga agyr ýagdaýlarda adatdan daşary edermenligi görkezip bilýän bolsa, onda biz, uly adamlar, özümizi aklap bileris. Özlerine bagly bolmadyk ýagdaýlar gitdigiçe köp öýke duýup ýörmäniň deregine, yzarlanylýan mesihileriň çagalary rehimdarlykda ösýärler. Bizem öz durmuşymyz hakda edil şunuň ýaly zady aýdyp bilerismi? Uly adamlar hökmünde biz durmuşyň özümize berýän urgulaynda ünsümizi juda köp jemleýäris. Ýöne çagalardaky ýaly imanly bolsak, biz köpräk şatlyk görüp bileris. Siz hakyky çaga imanynda nädip ösýärsiňiz? Şu günüň özünde edil çaga ýaly ynanmaga başlaň.

"Size dogrusyny aýdýaryn, kim Hudaýyň Patyşalygyny bir çaga ýaly kabul etmese, ol ýere asla girip bilmez".

Markus 10:15

75-nji gün

ADATY BOLMADYK
GARŞYLYK

RUSSIÝA: MESIHI BAPTISTLER

Bu adaty däl garşylykdy. Dünýädäki garşylyklaryň aglabasy şygarlary gygyryp aýtmaklyk, daş oklamaklyk bilen geçirilýär. 1966-njy ýylyň 16-njy maýynda bäş ýüz sowet baptisti Moskwada Kommunistik partiýanyň Merkezi Komitetiniň binasynyň ýanynda ýygnandylar. Beýleki garşylyk görkezýänlerden tapawutlylykda olar şygarlary, talaplary gygyryp aýtmadylar.

Olar bile durdular, doga-dileg etdiler we senalary aýtdylar. Georgiý Wins bilen Gennadiý Kryúçkow olaryň atlaryndan özleriniň ýygnagynyň resmi taýdan ykrar edilmegini, hökümetiň ýygnagyň işine goşulmagyny bes etmegini, imany üçin türmelere salnanlary azat edilmegini we sowet raýatlaryna wagyz etme hem-de dini bilim alma azatlygynyň berilmegini talap edýän petisiýany söwet hökümetine berdi.

17-nji maýda esgerler bilen KGB-nyň agentleri asuda ýygnagyň daşyny gurşap aldylar. Gündiz sagat bir töwerekleri birnäçe awtobus geldi. Soň esgerler garşy çykyjylary ýenjip we awtobuslara itekläp salyp başladylar. Hiç kim garşylyk görkezmedi. Munuň deregine demonstrantlar ellerini tutuşyp, has-da gaty ses bilen — hüjüm eden esgerleriň seslerinden-de gaty ses bilen — sena aýtdylar. Bu zatlaryň hemmesi adamlaryň gözleriniň öňünde bolup geçdi. Mesihileriň yranmaz imanyny görmek üçin geçip barýanlaryň köpüsi saklandylar. Saklanylan mesihileri türmä saldylar. Ýöne olar hatda türmede-de doga-dileg etmegi we sena aýtmagy dowam etdirdiler. Kommunistler bu parahatçylykly demonstrantlaryň talaplaryny kanagatlandyrmadylar, ýöne olaryň ruhunam döwüp bilmediler.

Mesihiligi şygara öwren adamlar tabynlygy zorluk bilen çalyşmaklyga töwekgelçilik edýärler. Ýöne ýagdaýlar, aslyýetinde, garşydaşdyr. Radikal tabynlyk biziň Mesihiň taglymatyna garşy çykýan zatlaryň hemmesine garşy çykýandygymyzy aňladýar. Şeýle-de bolsa, biz sowet baptistler ýaly, zorlugyň ulanylmagyna däl-de, parahatçylyga dyrjaşýarys. Imany sebäpli azar çekenler bize öz hukuklarynyň we maksada okgunlylygynyň parahatçylykly goramagyň göreldesini görkezdiler. Olar ýamanlyga ýamanlyk bilen jogap bermeýärler-de, Mesihiň tabşyryklaryna eýermesiniň netijelerini asudalyk bilen çekýärler. Eger siz radikal mesihi bolmak isleýän bolsaňyz, onda Isa Mesihiň pentlerine doly tabyn bolmalysyňyz. Hudaý durmuşyňyzyň haýsy ulgamynda sizi radikal tabynlyga çagyrýar? Radikal mesihi bolmaklyk siziň üçin nämäni aňladýar?

"Özüň oňat işler edip, olara her zatda görelde görkez. Bize garşy bolanlar biz hakda aýdara hiç bir ýaman gep tapman utanar ýaly...".

Titus 2:7-8

76-nji gün

“Görgüler däl-de, maksat adamy hakyky ejir çeken adam edýär”.

Bagtly Awgustin

77-nji gün

ADATY BOLMADYK GURALLAR

KOMMUNISTIK TÜRME: MESIHI RUHY ÇOPANY

“Näme üçin şeýle köp mesihiler diňe hepdede bir gezek sena aýdýarlar? Näme üçin diňe bir gezek? Eger dogry sena aýtmaly bolsa, onda her gün aýdyň. Eger senany nädogry aýtmaly bolsa, onda diňe ýekşenbe güni aýdyň”.

Ruhy çopan kommunistik hökümet tarapyndan öz imany üçin salnan ýeri bolan türmede birnäçe eýmenç ýyllaryny geçirdi. Ol türmä özüniň Mesihe bolan imany üçin salyndy. Ol gynamalary örän seýrek ýatlaýan bolsa-da, olar hakda köp gürrüň bermeýärdi. Munuň deregine ol Hudaýyň barlygynyň şatlykly pursatlary hakda gürrüň beryärdi. Ol we onuň Mesihdäki doganlary göni türmede Hudaýy şöhratlandyrýan ýygnagy döretdiler.

Köp wagt geçenden soň, ruhy çopan: “Türmede bolan wagtymyzda, biz her gün diýen ýaly sena aýdýardyk, sebäbi içimizde Isa ýaşaýardy. Kommunistler bize örän mylakatly daraýardylar. Olar biziň saz gurallary bilen Hudaýy şöhratlandyrmagy gowy görýändigimizi bilýärdiler, şonuň üçin hem, her bir tussaga bir gural berdiler. Ýöne olar bize mandolin ýa-da skripka bermediler, sebäbi olar örän gymmatdy. Munuň deregine olar biziň ellerimize we aýaklarymyza zynjyr dakdylar. Olar bize has erbet bolar ýaly, bizi zynjyrladylar. Ýöne biz zynjyrlaryň gaty gowy saz guraly ekendigini bildik! Biziň hemmämiz ritme salyp, jyňňardanymyzda, sena aýdyp bildik: ”Bu güni (jyňňyr, jyňňyr), bu güni (jyňňyr, jyňňyr) Reb Ýaratdy, Reb ýaratdy

Rebbi öwmek üçin nähili sesler!

Yzarlanmalary başdan geçirmedikler üçin bu sesler duranja ýitgi bolup durýar. Azatlygy ýitirme. Umydy ýitirme. Hatda ýaşaýşy ýitirme. Ýöne Mesihe bolan imany ugrunda azar görenler ýok zady görmeýärler-de, täze tapyndylara seredýärler. Özlerinde uly azatlygyň ýokdugyna gynanyp oturmagyň deregine, olar özlerinde bar bolan azajyk azatlyga begenýärler. Türmeçi kommunistler mesihilerden azatlygyň hem mertebäniň köp bölegini aldylar. Şeýle-de bolsa, bu çydamly mesihiler özlerinde galan zady — özleriniň Rebdäki şatlygyny — gördüler. Eger hemme zat barka, Reb üçin aýdym aýtmaly bolýan bolsa, onda näme üçin hiç zat galmadyk wagtynda, Oňa aýdym aýtmaly dälmişin?! Mesihilik şatlygyny ýitirmändigiňize göz ýetirmek üçin siz bu gün näme edýärsiňiz?

“Geliň, Rebbe nagma aýdalyň, gutulyşymyzyň gaýasyna heşelle kakalyň”.

Zebur 95:1

78-nji gün

ADATY BOLMADYK
GÖRELDE

KOLUMBIÝA: ÇET BITTERMAN

Kopýuşon geýen ýaragly gozgalaňçylar, "M — 19" marksist rewolýusion toparynyň agzalary, Kolumbiýanyň Bogoga şäherindäki Mukaddes Kitap terjimeçileriniň Missiýasynyň ştab jaýynda bolýan iki sany uly adamy, bäş çagany daňdylar. "Direktoryňyz nirede? Bize Wiler gerek" — diýip, serdarlyk edýän kätipleriň biri gygyrdy.

"Oňa degmäň — diýip, howlukmaç berlen jogap eşidildi. — Bu ýerde Wiler ýok".

Marksist gazaplandy-da, ony urmakçy bolýan ýaly, ýöne pikirini üýtgeden ýaly boldy: "Bolýar, beýle bolsa, biz seni alyp gidýäris. Ýör!"

Birnäçe günden soň, olaryň talaby gelip gowuşdy. "Eger siziň guramaňyz 19-njy fewrala çenli Kolumbiýadan gitmese, biz öz ýesirimizi atýarys". Gozgalaňçylar hatda ABŞ-nyň prezidenti R. Reýgana-da jaň etdiler, özleriniň talabynyň "Nýu — Ýork Taýmsda" we "Waşington Postda" çap edilmegini gazandylar, ýogsam, Çet Bitterman ölýär.

Bellenilen sene ýetip gelýärdi, şonuň üçin ýurtdaky adamlar doga-dileg etme zynjyryny döredip başladylar. Çetiň gozgalaňçylara şaýatlyk edişi ýazylan plýonkany tapmak ýerli radiostansiýa başartdy. Birnäçe wagt geçenden soň, Çetiň aýaly Brende ispan dilindäki Mukaddes Kitaby ibermeklik haýyş edilýän haty aldy.

Çet özüniň durmuşdaky maksadyna ýetdide, Hoş Habary zerur bolan ýerinde wagyz etdi. Çetiň jesedini taşlanylan awtobusuň içinden tapdylar. Kolumbiýalylar amerikaly mesihiler bilen bilelikde Çetiň boş galdyran ýerini doldurmak bilen onuň adyny hormatladylar. Indiki ýyl "Uiklif" Mukaddes Kitap terjimeçileriniň missiýanyda gulluk etmek isleýänlerden gelen arzalaryň sany iki esse köpeldi.

Telekeçilikde ýolbaşçynyň usuly hökmünde şahsy görelde meşhurdyr. Iň ýokary wezipedäki adam özüniň göreldesi bilen kompaniýanyň ilkinji derejeli zatlaryna nähili eýermelidigini görkezýär. Mesihilik babatda aýtsak, onda bu ýerde-de, şahsy göreldäň kömegi bilen ýolbaşçylyk etmek wajypdyr. Aslyýetinde muny Isa parz etdi. Ol mesihi ýolbaşçylaryň beýleki mesihilere nädip görelde bolup gulluk etmelidiklerini görkezdi. Ol ýöne bir bize Öz taglymatyny bermedi-de, onda ýaşady. Durmuşymyzy Mesihe adaty bolmadyk tabynlykda ýaşamagy biziň köpimiz isleýärismi? Eger biz şeýle bolmagyny isleýän bolsak, onda öz ykbalymyza gözegçilik etmekden ýüz öwürmelidiris. Şeýle etmegiň deregine, özümiz Mesihiň göreldesine eýerip, başgalara görelde bolmalydyrys. Adamlar siziň nähili ýaşanyňyzy görýärlermi? Olar Mesihiň yzyna eýermäniň nähili göreldesini sizden alyp bilýärler?

"Meniň Mesihden görelde alşym ýaly,
siz hem menden görelde alyň".

1 Korintoslylar 11:1

79-nji gün

ADATY BOLMADYK
TAÝÝARLYKLAR

SUDAN: SUDANLY ÇAGALAR

Sudanyň mekdep howlularyndaky garymlar adaty zatdyr. Çagalaryň ylgaşyp, gülşüp ýöreýän oýun meýdançalarynyň ortarasynda ýere ýarymy gömlen stablizatorly metal silindrler çykyp dur. Partlamadyk bombanyň ýanynda çagalara daşrak durmalydygyny duýdurýan baýdajyklar dur.

Missionerler topary Ýeý okrugynda ýerleşýän bu mekdebe kömek alyp geldiler. Sudanyň welaýatlarynyň köpüsinde bolşy ýaly, bu mekdebem, okuw esbaplarynyň we kwalifisirlenen mugallymlaryň ýetmezçiligi sebäpli, gününi zordan dolandyrýar. Bulardan başga-da, bu mekdep Sudanyň yslam döwleti tarapyndan mydama bombalama geçirilýän zonasynda ýerleşýär.

Çagalar elleri bilen mekdep howlusynyň töwereginde ýigrimiden gowrak garym gazdylar. Olar bombalaýjylaryň indiki uçuşyna şeýdip taýýarlandylar. Awiasion motorlaryň tarryldysyny eşidenlerinde, çagalar şrapnel degmez ýaly, onuň öňünden sowlup, garymlara tarap ylgaýarlar.

Birnäçeleri sagaman bitewilikde gizlenmäge ýetişýärler. Birnäçeler ýetişmeýärler. Missionerler bu çagalar üçin näme etse boljakdygyny soranlarynda, ýönekeý jogap aldylar: "Olaryň goralmagy üçin doga-dileg ediň".

Mukaddes Kitapda köp imanlylaryň agyr şertlerde ýaşandyklary, ýöne olaryň Mesihe bolan öz imanyny saklandyklary aýdylýar. Ol adamlar üçin görgüler, hatda imany ugrundaky ölümem, adaty hakykatdyr. Biziň üçin bolsa, olar Mesihiň goşunynyň batyr esgerleridirler.

Sudanly çagalar ýerdäki söweşe girmäge taýýar. Has wajyp zadam, olaryň günleriň birinde gökdäki derwezeden girmäge taýýardyklarynda jemlenendir. Olar bu ýerde duşman lageriniň howa uçuşlaryndan goranar ýaly gaçybatalga edindiler. Mesihe bolan imany bolsa, olary Hudaýyň ebedi goragy bilen üpjün etdi. Belki, partlamadyk bombanyň ýanynda oýnaýan sudanly çagalar ýaly, sizem ýaşaýşyň betbagtçylykdan bary-ýogy bir ädim aralykda ýerleşýänini bilýänsiňiz. Belki, wagtyň näbelliligine garamazdan, gowy zada umyt baglap, siz eýýäm bu ýerde öz janyňyzy goramak üçin çäreleri görensiňiz. Ýöne siz olaryň ölümden soňky ýaşaýşa taýýarlanma göreldesine eýerdiňizmi? Siz Isa Mesih bilen şahsy gatnaşyklar arkaly sowgat berlen ebedi ýaşaýşa taýýarmy?

"Kim Hudaýyň Ogluna iman edýän bolsa, onda ýaşaýyş bardyr, kim iman etmeýän bolsa, onda ýaşaýyş ýokdur".

1 Ýahýa 5:12

80-nji gün

ADATY BOLMADYK

REWOLÝUSIÝA — BIRINJI BÖLÜM

RUMYNIÝA: MESIHILER TIMIŞOARDA

Rumyn şahyry Konstantin Ionaid "Hudaý bar" atly goşgusyny ýazanda, öz sözleriniň Rumyniýanyň taryhynda nähili roly oýnajakdygyny bilmedi.

1989-njy ýylda Timişoar şäherinde mesihiler garşylyk bilen çykyş etdiler. Kommunistleriň elinde oýnatgy bolan ýepiskop reformirlenen ýygnagyň ýolbaşçysy ruhy çopan Tokeşany Hudaýyň Sözüni wepalylyk bilen wagyz edýäni üçin wezipesinden boşatdy.

Ruhy çopan Tokeş öýünden we ýygnagyndan gitmeli bolan güni, mesihiler polisiýanyň Tokeşi jaýdan çykarmagyna ýol bermezlik üçin onuň öýüniň daşyny gurşap durdular. Adam gitdigiçe köpeldi, şol sebäpdenem, tolgunyşygy bes etmek üçin goşun çagyryldy.

Esgerler ot açdylar, öldürilenler hem ýaralananlar köp boldy. Soň täsin bir zat boldy. Tutuş mähelle esgerlere garşylyk görkezmäniň deregine, bilelikde dyza çökdüler-de, doga-dileg bilen Hudaýa ýüzlenip başladylar. Haýran galan esgerler atmakdan boýun towladylar.

Şol wagt tutuş şäher ýygnandy. Ýerli ruhy çopanam, ýygnananlara opera teatrynyň balkonynda durup ýüzlendi. Ol Ioanida doganyň goşgusyny okady. Ýygnanyşanlaryň arasynda goşgy ýazylan listowka derrew ýaýrap başlady. Soň bu sözleriň sazyny bilenler aýdym aýdyp başladylar. Tizara müňlerçe adamlar "Hudaý bar!" aýdymyny aýdyp başladylar-da, ony birnäçe gezek gaýtalamak bilen dowam etdirdiler.

Bu waka kommunistik diktatory Nikolae Çauşeskunyň agdarylmagyna alyp baran rumyn rewolýusiýasy bilen gutardy.

Rewolýusiýa — bu azatlyk, şahsy mertebe ýa-da hatda Hudaýyň barlygy ýaly örän köne ideýa bolan ynamyň täzeden dikelmegidir. Bu göze görnüp duran düzgünler ezilişigiň bütin dowamynda diriligine galýar. Olar birazrak wagtlyk "gizlinlige gidip" bilseler-de, olaryň barlygy inkär edip bolmajak zatdyr. Ruhy rewolýusiýa — Hudaý hiç haçan ýitmedik bolsa-da — Hudaýyň barlygyna bolan ynamy täzeden dikeldýär. Rewolýusiýa Hudaýyň hakykaty açmagyndan başlanýar. Biziň hemmämize Hudaýyň barlygy barada esasy tassyklama bolup durýan ynamymyzy dikeltmek üçin batyrlyk zerur gerek. Batyrlyk durmuşy üýtgetmäge ukyplydyr. Özleriniň imanyna laýyklykda ýaşaýan mesihiler birigip, biz hemme zady öz içine alýan ruhy rewolýusiýanyň bir bölegi bolýarys. Ruhy rewolýusiýa siziň öz durmuşyňyzda nähili bolup görnerdi?

"Siz hakykaty bilersiňiz, hakykat-da sizi azat eder".

Ýahýa 8:32

81-nji gün

ADATY BOLMADYK
REWOLÝUSIÝA

RUMYNIÝA: ON ÜÇ ÇAGA

1989-njy ýylda Timişoarda ýüzlerçe adam bigünä wepat bolandan soň, bütin Rumyniýada demonstrasiýalar öz akymyna peýda bolup başlady. Şol garşy çykmalaryň birinde esgerleriň domonstrantlara tarap süýşmegine ýol bermezlik üçin on üç çagadan ybarat bolan topar diri päsgelçilik döretdi. Esgerler barybir atyp başlanlarynda, çagalar dyza çöküp: "Haýyş edýäris, atmaň!" — diýip gygyryşdylar.

Esgerler çagalaryň nalasyna perwaýsyz garap, ot açdylar. Şeýle-de bolsa, çagalar yza çekilmediler. Olar diňe duran ýerlerinde: "Haýyş edýäris, atmaň!" — diýip haýyş etmegi dowam etdirdiler. Şol batyr çagalaryň duran ýerinde häzir ýadygärlik dikeldildi.

Rumyniýada, aslyýetinde, rewolýusiýany çagalaryň daşyny gurşap we olara ýamanlygyň öňünde durmak üçin zerur bolan mukaddes batyrlygy berip, perişdeleriň özleriniň başlandygy hakdaky rowaýat bar.

Gozgalaňy basyp ýatyrmak üçin rumyn şäherlerine tanklar we goşunlar girizildi. Şeýle-de bolsa, ahyrsoňunda, esgerler parahatçylykly demonstrantlara tabyn boldular. Sibiu şäherinde iki wagyzçy tanklaryň üstünde durup, hemmelerden dyza çöküp, doga-dileg etmegi haýyş edenlerinde, esgerler bilen ofiserler ahyrsoňy köpmüňli mähellä goşuldylar. Bu häkimiýet edil beýlekileriň ýüreklerine düşüşi ýaly, olaryňam ýüreklerine düşüpdi. Gozgalaňy basyp ýatyrmak mümkin bolmady.

Çagalaryň kiçijik toparynyň görgi görüp ölmegi ýurda kommunistik ezijileriň tutuş neslini ýeňmekligi sowgat berdi diýlip hasaplanylýar.

Biz öz imanymyzda çagalara meňzeş bolanymyzda, içimizde Isanyň özümize beren pentlerini ýerine ýetirmäge çuň isleg döreýär. Biz edil çagalar ýaly, güýjümiziň ýetýän hemme zadyny etmäge taýýar bolmalydyrys. Rumyn çagalary demonstrantlaryň janlaryny almazlygy şowsuz haýyş etdiler, ýöne olar öz missiýalarynda yranmazdylar. Belki, siziň durmuşyňyzda-da, öz missiýaňyza wepaly bolmagyňyza howp salýan ýagdaýlar ýa-da eden hereketleriňiziň netijeleri bardyr? Özüňizi tutuşlygyňyza Mesihe bagyş etmek üçin siz nämäni pida etmäge taýýar?

"Size dogrusyny aýdýaryn, toba edip, çagalar ýaly bolmasaňyz, Gögüň Patyşalygyna asla girip bilmersiňiz".

Matta 18:3

82-nji gün

ADATY BOLMADYK

ÄDIM

MILLETPARAZLARYŇ KONSENTRASION LAGERI: MARIÝA SKOTSOBAUH

"...ýedi, sekiz, dokuz... sen! Hatardan çyk!" — diýip, nemes garawuly bir aýala gygyrdy. Komendant öten agşam iki aýalyň gaçandygy sebäpli, jeza hökmünde her onunjy adamy öldürmegi buýruk berdi.

"Haýyş edýärin, maňa rehim ediň! Meniň çagam bar" — diýip, aýal ýalbardy.

Mariýa Skotsobauh hatarda indiki bolup durdy. Mariýa ýüreginde özüne aýdylan: "Öňe çyk-da, onuň deregine özüň ölmek isleýändigiňi aýt" diýen sesi eşitdi. Ol içki sese: "Näme üçin? Ol mesihi däl. Ol ýewreý kommunisti. Faşistleri ýeňenlerinden soň, hökümet başyna kommunistler gelýärler, şonda olaram faşistlerden gowy bolmazlar" diýip jogap berdi.

Şol günüň Ejirli Anna güni bolandygy Mariýanyň ýadyna düşdi. Ses: "Şu günde Men gowy adamlar üçin ölmedim-de, erbetler, günäkärler üçin öldüm" — diýdi.

Mariýa öňe çykyp: "Onuň deregine men ölmek isleýärin" — diýdi.

Ofiser güldi: "Eger onuň deregine ölmäge akmaklygyň ýetýän bolsa, elbetde, öňe çyk. Barybir tizara onuňam nobaty gelýär" — diýdi.

Mariýany atmaga alyp barýarkalar, ol ölüme duçar bolan aýallara: "Mukaddes Kitapda Hudaý Öz halkyny müsür gulçulygyndan alyp çykanda, olaryň öňünde Onuň ot sütüni bolup ýörändigi aýdylýar. Men jesedim krematoriýanyň pejinde ýananda, onuň size Hudaýa tarap barýan ýoly görkezýän ot sütüni bolmagy üçin dileg edýärin" — diýip ýüzlendi.

Käwagt öňe ädilen bir ädim tutuş geljegi üýtgedýär. Mesihileriň durmuşy köplenç howpsuzlyk bilen näbelliligiň arasyndaky serhetde geçýär. Näbellilige tarap öňe kiçijik ädim ädýänlere mydama kömek hem Hudaýyň barlygy sowgat berilýär. Nuh. Musa. Ybraýym. Debora. Rut. Meryem. Pawlus. Mukaddes Kitap mysallarynyň sanawyny ýene uzaldybermek bolýar. Ýekeje ädim olaryň durmuşyny adaty durmuşdan adaty däl durmuşa öwürdi. Hudaý bu gün sizi iman ädimini ätmäge çalyşýarmy? Siz öz ýüregiňizde Onuň sesini eşidýärsiňizmi? Diň salyň. Gitmäge taýýarlanyň. Siziň gulak asyjylykly kiçijik ädimiňiz başga adamlara Hudaýa tarap barýan ýoly görkezip biler.

"Ynsanyň ädimleri Rebdendir; ynsan öz ýoluna nähili düşünip bilsin?"

Süleýmanyň pähimleri 20:24

83-nji gün



“Ejir çeken adam — bu Hudaýyň guraly bolan, öz islegi Hudaýyň isleginiň içinde eräp giden, şeýle-de bolsa, islegini ýitirmän, Hudaýa tabyn bolmakda azatlyk gazanany üçin ony alan adamdyr. Ejir çeken adam indi özi üçin hiç zat, hatda ejir çekeniň şöhratynam, isleýän däldir”.

T.S. Eliot “Sobordaky ganhorlyk”

84-nji gün

ADATY BOLMADYK
GIZLINLIK

RIM KATAKOMBALARY/(ÝERZEMINLERI): IRKI MESIHILER

Irki mesihiler ýeriň astyndaky doga-dilegleri, ýeriň üstündäki yzarlanylmalary bilen bellidiler. Rim imperiýasynyň tutuş jemgyýeti mesihilere garşydyr. Biziň eramyzyň 162-nji ýylynda Mark Awreliý Antoniý: "Özüni "mesihi" diýip atlandyrýan her bir adam iň ejirli ölüme mynasypdyr" diýen permana gol çekdi. Ýygnak üçin dört asyrlap diýen ýaly dowam eden adaty bolmadyk gizlinlik döwri başlandy. Ýygnak rim katakombalaryny (ýerzeminleri) döredip, göni manysynda gizlinlige gitdi.

Rimiň aşagynda ölenleri jaýlamaga hyzmat edýän zallaryň we koridorlaryň halkalary peýda boldy. Şol ýerasty giňişlikler — katakombalar — irki Ýygnagyň gizlin soborlary boldy. Mesihiler asudalykda we päsgelçiliksiz doga-dileg etmek we Hudaýy şöhratlandyrmak mümkin bolan ýerleri tapdylar.

Bu ilkinji mesihileriň nähili janypkeşlik bilen Mesihi şöhratlandyryp boljak ýerleri gözländiklerine şaýatlyk edýär. Olaryň gabyrlardaky döwlen we ýanan süňkleri özleriniň paýyna düşen yzarlanmalaryň güýçlerine, diwarlardaky gizlin ýazgylar bolsa, olaryň ýeňşine we rahatlygyna şaýatlyk edýär. Mesihiler ýeriň üstünde zalymlyklary çekendiklerine garamazdan, olar ýeriň astynda diwarlary özleriniň haç arkaly alan imanynyň alamatlary bilen bezäpdirler.

Gabyrlaryň üstlerinde: "Dünýäde we Mesihde ýeňen adam" ýa-da "Başga dünýä çagyrylan bu adam parahatlykda gitdi", ýa-da "Bu ýerde parahat ukuda asudalyk tapan Mariýa ýatyr" diýlen ýazgylara ýygy-ýygydan duş gelýärsiň. Olaryň ýeňşiniň açary gizlin däldir: bu Isa Mesihdäki hemmetaraplaýyn parahatlykdyr.

Köp adamlar bütin ömrüniň dowamynda öz imanyny gizlinlikde saklaýar. Olar diniň şahsy işdigini, Hudaý bilen belli bir adamyň arasyndaky gizlin bir zatdygyny aýdýarlar. Ýöne irki ýygnagyň mesihileri beýle hasap etmändirler. Olar özleriniň imanynda şeýle açyk bolupdyrlar welin, olary tanap yzarlamak aňsat bolupdyr. Rim katakombalary Hudaýy şöhratlandyrmak üçin gizlin ýer bolupdyr, ýöne ýokarda-da, olaryň Hudaýa wepalylygy gizlin bolmandyr. Ine, näme üçin olaryň aglaba bölegi öz imany ugrunda ejirli ölümi kabul edipdirler. Ýeriň astyndaky yzygiderli hem açyk edilen doga-dilegler ýeriň üstünde yzarlanma çeken wagtlarynda, olara rahatlyk beripdir. Belki, siziň mesihilik durmuşyňyzyň bütin dowamynda imanyňyz "gizlinlikde" galandyr? Ony yglan etmäniň wagty geldi. Netijelerine garamazdan, imanyňyzy gizlinlikde saklamaň.

"Gizlin bolup-da, belli bolmajak zat ýokdur, ýaşyryn bolup-da, üsti açylmajak zat ýokdur".

Markus 4:22

85-nji gün

ADATY BOLMADYK
YNAM

NÝU — ÝORK

"Eý doganlar, meniň başdan geçirenlerimiň Hoş Habaryň ýaýramagyna ýarandygyny bilmegiňizi isleýärin... Doganlaryň aglabasy meniň zynjyrlar bilen baglydygym üçin Rebbe ynanyp, Hudaýyň sözüni gorkusyz sözlemekde öňküsinden hem köp batyrlyk görkezýärler... Çünki Mesihiň hatyrasyna Oňa diňe iman getirmek däl, eýsem, Onuň ugrunda görgi görmek hem size berlendir" (Filipililer 1:12, 14, 29).

Eger amerikan mesihileri Hoş Habary wagyz etmekde has işjeň bolan bolsalar, onda Amerikada yzarlanmalar güýçlenerdimi? Nýu — Ýorkuň iň kyn etraplarynda işleýän "Metro minisris" Hoş Habary wagyz ediş gullugyna gatnaşyjylar muny özleriniň şahsy tejribesinde duýdular. Olar Hoş Habary wagyz etmäni geçirip, şäheriň içine näçe çuň aralaşsalar, şonça-da köp garşylyklara duş gelýärler. Gulluga gatnaşyjylaryň käbirleri uruldylar, käbirleri pyçaklandylar, käbirleri bolsa, gullugyny ýerine ýetirip ýörkä, hatda zorlandylaram. Işdeşleriň birini öldürdilerem.

Missiýanyň direktory Bill Uilsonyň üstüne birnäçe gezekler hüjüm etdiler, ony urdular we ol pyçaklanyldam. Ýöne haýbatlar ony özüniň gowy görýän adamlaryndan daşlaşdyrmady. Ol öýsüzlere gulluk edýän wagtynda, oňa ince keselem ýokuşdy.

Debi, Nýu — Ýork ştatynyň Brkulin şäheriniň iň garyp etraplarynyň birinde ýaşaýan on bäş ýaşly ýigit dürli ştatlarda azar berilmeleri çeken ýigitleriň we gyzlaryň atlaryndan şaýatlyk edýär: "Meniň mekdebimde aç-açan mesihi bolmak örän kyn. Meni mydama yzarlaýarlar we bandalaryň birine goşulmagymy talap edýärler".

Demokratik däl ýurtlaryň köpüsinde mesihileri özleriniň Isa iman edendikleri üçin däl-de, Ol hakda başgalara gürrüň berendikleri üçin yzarlaýarlar. Şol ýurtlarda yzarlamalaryň sebäbi Hoş Habary wagyz etmekdedir. Köplenç yzarlanmalar Mesihiň şaýatlarynyň has-da batyr bolmagyna alyp barýar. Bir söz bilen aýtsak, olary saklamaly bolan zat, gaýtam, öňküsinden-de aýgytly edýär. Amerikada Hoş habary wagyz etmeklik hem, edil beýleki azat ýurtlarda bolşy ýaly, mydama howpsuz däldir. Ýöne bu biziň ruhybelentligimizi söndürmelimi? Dini azatlygy bolan Birleşen Ştatlar ýaly döwletleriň ýaşaýjylary görgülere we yzarlamalara düýbünden uýgunlaşan däldirler. Bu faktyň özümizi saklamagyna ýol bermegiň deregine, biz Rebbe daýanmalydyrys-da, öňküden-de batyr bolmaga dyrjaşmalydyrys. Azat demokratik ýurduň raýaty hökmünde siz has tutanýerlilik hem açyklyk bilen öz imanyňyzy paýlaşmalysyňyz. Bu gün siz imanyňyz hakda töweregiňizdäkilere şaýatlyk edip başlaýarsyňyzmy?

"Biziň Mesih arkaly Hudaýa bolan ynamymyz şeýledir".

2 Korintoslylar 3:4

86-nji gün

ADATY BOLMADYK
WEPALYLYK

HINDISTAN: GLEDIS STEÝNZ

Gledis Stenzde ruhdan düşmäge we gaharlanmaga hemme esaslar bardy. Eger ol Hindistandan gitse, onda ony hiç kimem ýazgarmazdy. Ýöne Manoharpur şäherindäki induist fanatlary onuň adamsy bilen iki ogluny öldürenlerinde, Gledis bilen onuň on üç ýaşly gyzy Ester galmak kararyna geldiler. Ol bu sebitde heýwere kesellilere gulluk etmegi dowam etdirme aýgytlylygyndan doludy.

Gledisiň adamsy Grem bilen iki ogly, Filipp bilen Timoti, uzakdaky obalaryň birinde daşarda Jipiň içinde ýatyrkalar öldürildiler. Olar bu ýere ýerli mesihilere şaýatlyk etmäge we sapak bermäge gelipdiler. Ýöne şol eýmenç agşam, gün dogmaga ýetişmänkä, ýüzlerçe adamdan ybarat bolan induistleriň bir topary olaryň maşynyna benzin guýup, ony otlady. Soň olar ellerine ýaý bilen peýkam alyp, ýesirlere daşyna çykmaga goýman, maşynyň daşyny alyp durdular.

Gledis Gremiň induistlere wagyz etmekçi bolmandygyny aýdýar. Ol bu ýere ýerli mesihilere Mesihiň söýgüsini görkezmek üçin gidipdi. Bu betbagtlygyň netijesinde awstraliýaly missioner zenan bilen gyzy köp adamlaryň mesihilige gelendiginiň we butlary ýakyşlarynyň şaýady boldular. Howp olaryň öz missiýasyna — töweregindäkilere Hudaýyň söýgüsini görkezmegine — hiç haçanam päsgel bermedi.

Gremi, Filippi we Timotini ýatlap geçirilen çärede Gledis bilen Ester olaryň söýgüli aýdymyny aýtdylar:

"Mesihiň diriligi üçin men geljege seredip bilýän,
Onuň diriligi üçin mende gorky ýok.
Sebäbi öz geljegimiň, Oň elindedigini bilýän,
Şol sebäpden, hiç bolmanda,
Onuň diriligi üçin ýaşamak gerek".

Adatdan daşary wepalylygy hatda howpam peseldip bilmez. Ony aladalaram gowşatmaz. Ol hatda netijeleriň aladasynam etmeýär. Işe wepalylyk diňe bir zady — öz öňünde duran ýumşy — bilýär. Köp adamlar üçin öz ýakynlarynyň duşman bolan ýerli adamlaryň elinden ölmegi öz missiýasyndan el çekmeginiň lokigi sebäbi bolup bilerdi. Adatdan daşary wepalylykdan doly bolan adamlar üçin bu beýle däldir. Synaglar olary tapdan düşürip biler, ýöne olaryň öňe hereket etme karary yranmazlygyna galýar. Çekerden çökder gelýän hasratyň bardygyna garamazdan, öz missiýamyz üçin zerur bolan ruhy diňe Hudaý berip bilýär. Belki, siz şu wagt Hudaýyň işini dowam etdirmelidigini ýa däldigini özüňiz üçin çözmäge synanyşýansyňyz. Belki, sizi näme-de bolsa bir zat ýoldan sowandyr. Özünden aýrylmaz ýaly, sizi Öz işine her minutda wepaly bolar ýaly etmegini Hudaýdan soraň.

"Çünki ynsan höweslerine görä
ýaşaýanlar bu höweslerіň oňlaýan
zatlary barada pikir edýärler.
Mukaddes Ruha görä ýaşaýanlar bolsa
Onuň oňlaýan zatlary barada pikir
edýändir".

Rimliler 8:5

87-nji gün

ADATY BOLMADYK
SOWGAT

KUBA: ROZA

“Men kommunistleriň maşgalasynda ulaldym. Ol ýerde “Hudaý” sözüni aýtmagam bolmaýardy. Meniň ene-atam ateistler. Kakam Kubanyň kommunistik hökümetiniň agzasy. Ejem rewolýusiýany gorama komitetiniň kätibi. Meniň öýüme “kommunizmiň höwürtgesi” diýse-de bolýar. Ýöne enem mende Hudaýyň Sözüniň tohumyny ekdi. Men birnäçe gezek onuň bilen ýygnaga gitjek boldum, ýöne ene-atam maňa rugsat bermediler.

Bir gün men Reb Isa Mesihi öz Halasgärim hökmünde kabul etdim. Meniň durmuşym üýtgäp başlady. Hatda geýnişimem üýtgedi. Ejem muny kabul etmedi. Ozal ol meni hiç haçan urmaýardy, indi bolsa, tiz-tizden urýar. Kakam meniň mesihidigimi bilende, meniň ýa-ha Hudaýy, ýa-da özüni saýlamalydygymy aýtdy. Men Hudaýy saýladym, sebäbi diňe Onuň üçin ýaşanyňa degýändigine düşündim.

Indi men on dört ýaşymda bolsamam, öýümden uzakda okamaly bolýaryn. Men bu ýere gelenimde, ýeke-täk mesihidim, ýöne men Hudaýyň Sözüni ekdim, şonuň üçin indi biz dört bolduk. Biz gizlinlikde Mukaddesv Kitaby öwrenmek üçin agajyň aşagynda duşuşýarys. Biz ekmegi we tizara köpeljegimize umyt bilen garaşmagy dowam etdirýäris”.

Eger enesiniň täsiri bolmadyk bolsa, Roza kommunistik, ateistik ruhda terbiýelenerdi. Ol adaty bolmadyk ýetginjek, sebäbi özüne Mesih hakda gürrüň bermekden gorkmadyk enesiniň yzyna eýerdi. Indi Roza-da, öz internatynda töwekgelçilik edip, wagyz edýär we Hudaýyň Sözüni ekýär. Ol ýagdaýlara kaýyl bolup oturman, imanlylara yzly-yzyna wagyzlar edýär. Fidel Kastronyň režiminde ýaşaýan beýleki kubaly çagalar ýaly, Roza imanyň agyr netijeleriniň bardygyny bildi. Şeýle-de bolsa, hiç bir zada garamazdan, öz eken tohumlarynyň birnäçesiniň gowy topraga düşjegine ynanýar. Siz adamlarda Hudaýyň Sözüniň tohumyny ekýärsiňizmi? Eger bu şeýle bolsa, onda doga-dileg ediň-de, hasyla garaşyň.

“Gowy topraga ekilen bolsa budur: ol sözi eşidip, oňa düşünýär hem- de hasyl berýär, käbiri ýüz, käbiri altmyş, käbiri-de otuz esse hasyl getirýär”.

Matta 13:23

88-nji gün

ADATY BOLMADYK ÝEŇIJILER

RUMYNIÝA: RUHY ÇOPAN RIÇARD WURMBRAND

“Meniň aýalym syrkawlapdyr, ol goňşy otagda ýatyr — diýip, ruhy çopan Riçard Wurmbrand söze başlady. Biziň ikimizem ýewreý. Onuň maşgalasy seniň elleri çagaly ýewreýleri-de öldüreniňi öwnüp gürrüňini beren faşistik lageriňde wepat boldy. Belki, sen meniň aýalymyň maşgalasynam öldürensiň”.

Bu sözleri eşidende, ruhy çopanyň myhmany, esger, gaty gaharlanyp, gitmek üçin ýerinden turdy. Ýöne Riçard ony saklady: “Dur, gel, eksperiment geçireli. Men aýalyma seniň kimdigiňi we näme edeniňi aýdaýyn. Aýalymyň saňa käýemejekdigine we saňa, hatda, gahar bilenem garamajakdygyna ynanýaryn. Ol seni kabul eder”.

Aňk bolan myhman ýene kürsä özüni goýberdi.

Ruhy çopan dowam etdirdi: “Ine, şeýle, meniň aýalym bary-ýogy adam, ýöne ol seni bagyşlap bilýär. Isa seni näçe söýüp hem bagyşlap biler?”

Esger elleri bilen ýüzüni ýapdy: “Men nämeler edipdirin? Munça gany dökenimden soň, mundan beýläk nädip ýaşaýyn? Isa, meni bagyşla!” Ruhy çopan bilen eden bu söhbetdeşliginden soň, bu myhman durmuşyny Isa ynandy.

Riçard ýerinden turup, aýaly Sabinany turuzdy: “Bu seniň üç uýaňy, inileriňi we ene-ataňy öldüren adam — diýip, ol myhmany tanyşdyrdy. — Ol şu wagtjyk toba geldi”. Sabina ony edil öz dogany ýaly gujaklady-da, ýaňagyndan ogşady.

“Söýgi hemme zady bagyşlaýar” diýen jümle örän meşhurdyr. Mesihiler bu tassyklamanyň hakykylygyny eşitmek bilen bilmeýärler. Biz ýamanlygyň ygtyýaryna berlenimizde, ýigrenç bizi ýuwudýar. Ýöne öz durmuşymyzyň jylawyny (söýgi bolan) Hudaýa berenimizde, özümiziň erbetlik ýaly tebigy duýgylarymyzyň Oňa tabyn bolýanyny göreris. Indi biz ozal özümizi gaharlandyran ýagdaýlar sebäpli, gaharlanmagam islemeýäris. Söýgi içimizdäki Mesihiň häsiýetine garşy bolan zatlaryň hemmesini ýeňmelidir. Ahyr netijesinde bizi söýgi şeýle bir doldurýar welin, hatda şol içki özgerişlerden ýaňa iň uly duşmanlarymyzam peýda görýärler. Siz öz durmuşyňyzda öýke bilen ar alma islegini ýeňdiňizmi? Söýgi Hudaýyndan bu gün öz ýamanlygyňyzy ýeňmegini soraň.

“Häzir şu üçüsi galýar: iman, umyt, söýgi. Bularyň iň ulusy bolsa söýgüdir”.

1 Korintoslylar 13:13

89-nji gün

ADATY BOLMADYK
NÄZIKLIK

KAMBOJA: ÝETGINJEK GYZ

Otaga okdurylyp giren esgerler ýaraglaryny galgadyp, kemsidiji sözleri aýtdylar we haýbat atdylar. 1975-nji ýylda Kambojada khmerler hökümet başyna gelende, müňlerçe mesihiler öldürildi. "Patronlary tygşytlamak" üçin çagalary krokodillere berdiler".

Kiçi ýygnagyň agzalarynyň hiç haýsysam, ýerinden gozganmady. Ofiser ruhy çopanyň ýanyna baryp, onuň okap duran Mukaddes Kitabyny aldy-da, poluň üstüne oklap goýberdi. "Eger sen bu ýalan kitaba tüýkürseň, biz seni goýberýäris" — diýip, ol gygyrdy. Soň ol ýerdäkileriň hemmesine ýüzlenip: "Siziň hemmäňizem şeýdiň. Kim boýun towlasa, şony atýarys" — diýdi.

Beýleki esger erkekleriň biriniň elinden tutup, öňe itdi. "Atam, meni bagyşla" — diýip, ol Mukaddes Kitabyň düşen ýerine baryp dyza çökdi-de onuň üstüne çalaja tüýkürdi.

"Bolýar!" — diýip, ofiser ýüzlendi-de, bir aýaly görkezdi. Olam Mukaddes Kitabyň öňünde dyza çöküp, ofiseri kanagatlandyrmak üçin näçe gerek bolsa, şonça-da tüýkürdi.

Birden ýetginjek gyz ýerinden turup, Mukaddes Kitabyň ýanyna geldi. Ol gözlerini ýaşa dolduryp, dyza çökdi-de, ony köýneginiň etegi bilen mylaýym süpürdi. "Olar Seniň Sözüňi nädäýdiler? Atam, olary bagyşla" — diýip, ol aýtdy. Esger onuň ýeňsesine sapançany goýup atdy.

Goýberjekdiklerine söz berlen mesihilerem atyldylar. Olaryň eden zatlary, özleriniň janyny halas etmediler.

Gyzyň görkezen näzikligi we aýgytlylygy ol ýerdäkilere köp sanly dönüklige garanda, köp täsir edip biler. Bu wakada ýetginjek Mesihe bolan şertsiz wepalylygy görkezýär. Özüniň ejiz doganlaryna käýemegiň deregine, gyz özüniň Mukaddes Kitaba bolan näzijek garaýşy bilen olary ruhlandyrdy. Göz öňüne getiriň, eger bu ýygnakdakylaryň hemmesi Hudaýa dil ýetirmekden boýun towlamakda agzybirlik görkezen bolsalar, bu nähili güýçli şaýatlyk bolardy! Her gezek bilelikde hereket edenimizde, biz güýçli bolýarys. Mylaýymlyk hem duýgudaşlyk berklik bilen bilelikde ejiz mesihileriň size uly wepalylyk bilen birikmegine gulluk eder. Eger siz kimdir biriniň wepalylygynyň ejizliginden nägile bolsaňyz, onda ýatda saklaň, Hudaý sizi ejizler bilen birigip, olara kömek etmäge çagyrýar.

"Şeýlelik bilen, Mesihde bolmakda teselli... bar bolsa,...onda bir pikir hem söýgüde... birleşip, begenjimi dolduryň".

Filipililer 2:1-2

90-nji gün



“Mesihileriň yzarlanylmagy hakda aýtsak, gep bu ýerde adamyň hukuklarynda däldir. Bu bagyş edilmäniň şeýle bir däbidir”.

Stiw Kliri

91-nji gün

ADATY BOLMADYK
SABYRLYLYK

DEMIRGAZYK KOREÝA

“Bu sowgat — saňa”.

“Bu näme?” — diýip, missioner Demirgazyk Koreýa sapara gitmäge taýýarlanan dostundan öz uzadan düwünçeginiň nämedigini sorady.

“Ýöne bir ony alyp goý. Sen ony haçan açmagyň zerur gerekdigini duýarsyň”.

Demirgazyk Koreýada telekeçi hökmünde bolup ýören missioner öz “garawuly” uklap ýatyrka, myhmanhanadan ýuwaşja çykdy. Ol golaýdaky oba şol ýerdäki imanlylaryň kiçiräk topary bilen duşuşmaga gitdi. Olar ýaş missioneriň el goýlan ruhy çopandygyny bilenlerinde, şatlykly gygyryşyp: “Sen bizi suwda çokundyrmalysyň! Biz özümizi kimdir biriniň suwda çokundyraryna garaşdyk!”

Mukaddes Kitaby saklaýanyň üçin 15 ýyl tussaglygy almak mümkin bolan ýurtda hatda suwda çokundyrmanyň formal däbi-de, hakyky ölüme alyp baryp biljekdi.

Golaýda derýada, kölem ýokdy, şonuň üçin missioner olaryň imanynyň alamaty hökmünde, diňe mesihiler üçin Hudaýa doga etdi. Ýöne ony haýran galdyran zat, olaryň munuň bilen kanagatlanmandygydy. Olaryň ýaşulysy: “Biz çörek döwmä kyrk ýyllap garaşdyk” — diýdi.

Mesihileriň biri şobada tüwiden edilen çörek getirdi. Missioner: “Bular şu wagtjyk suwsuz çokundyryldylar, belki, Mukaddeslere degişli bolma çäresini üzümiň şiresi bolmasada geçirerler” — diýip pikir etdi. Şol wagt öz “sowgadynyň” gerek bolan pursatynda peýdaly boljakdygyny dostunyň aýdany ýadyna düşdi. Ol derrew sumkasyny garbap aldy-da, düwünçegi çykardy. Onuň içinde bir çüýşe şerap bardy. Wagtynda berlen sowgat üçin obadakylaryň hemmesi aglaşyp, Hudaýy şöhratlandyrdylar.

Biziň döwrümizdäki adamlaryň köpüsi durmuşy kalendarsyz hem sagatsyz göz öňüne getirip bilmeseler-de, Hudaýda Öz wagty bar. Ol gyssaglylygyň zalymlygy bilen çäkli däldir. Şeýle-de bolsa, Onuň wagtyna laýyklykda bagtly ýaşamak üçin biz sabyrly bolmagy öwrenmelidiris. Sabyrlylyk, hatda biz munuň tassyklamasyny görmesegem, Hudaýyň Öz işlerini edýänine bolan ynamy aňladýar. Sabyrlylyk aýra goýlan düzgünden ybaratdyr. Hudaýyň ak patalaryna garaşanymyzda, biz olary has köp gymmat hasaplaýarys. Biz garaşýan zadymyzy gymmat hasaplaýarys. Tüwüden edilen çörekli çörek döwme çäresi bolsada, ýa-da haýsydyr bir aýratyn mätäçlik bolsa-da, Hudaýyň wagty ýeňlip geçilýän däldir. Siz Hudaýyň öz durmuşyňyzdaky wagtyna nähili garaýarsyňyz? Belki, Oňa ynanmanyň wagty gelendir?

“Eý halk, elmydama Oňa bil bagla,
ýüregiňizi Onuň öňünde dök...!”

Zebur 62:8

92-nji gün

ADATY BOLMADYK
WAGYZ ETME

UGANDA: Ýepiskop Hannington

“Jellat üçin gutulyş hakda eşitmekligiň ýeke-täk mümkinçiligi — tussagyň şaýatlygydyr. Jellatlar hiç haçan ýygnaga barmaýarlar, Mukaddes Kitaby okamaýarlar. Tussag edilen mesihi bolsa, oňa hatda özüni ýençýän wagtlarynda hem, söýgi hakda gürrüň berip bilýär”. Gizlin ýygnagyň agzasynyň pikiri şeýledir.

Mesihe gulluk eden ýyllaryny gynalma howpy astynda geçiren aýal şeýle diýdi: “Ýygnagyň tutuş taryhynyň dowamynda ençe tussag edilen mesihiler özlerini gynaýanlary göklere getirip bildi. Rim türmesinde oturanda, Pawlusyň imana getiren atlary ýazylan tablisa bar. Eger Pawlus olara mümkinçilik bermedik bolsa, onda olar dowzahda bolardylar”. Ol biraz dymdy. “Eger netijesinde gynaýjylar halas boljak bolsa, onda men görgi görülmegine garşy däl”.

Ýepiskop Hannington Uganda adamhorlaryň ýanyna Mesihiň habary bilen gitme kararyna gelende, töwekgelçiligiň uludygyny bilýärdi. Ýepiskopyň ol ýere baranyna birnäçe hepde geçenden soň, adamhorlar Mesihiň habaryny inkär etdiler-de, missioneri öldürdiler. Hanningtonyň ölümiň öň ýanynda: “Duşmanlaryňyzy söýüň... gödnüňize degýänler we sizi yzarlaýanlar üçin doga ediň” diýenini adamhorlar eşitdiler.

Kakalary ölenden soň, edil şol oba ýepiskopyň iki ogly edil şol habary alyp bardy. Olar özleriniň kakalaryny öldüren taýpa Hoş Habary wagyz etmegi berk karar edindiler.

Birnäçeler Mesihiň ölümini we ölümden direlmesini özleriniň Mugallymynyň ýaşamagyny islän akyldarlaryň islenilýän zady hakykat hökmünde görkezýän oýlanylyp tapylan zady hasaplaýarlar. Ýöne Mesihiň şägirtlerini we olardan soňky nesilleriň munuň üçin görgi görmeklige taýýar bolmasyny nädip düşündirjek? Olar tussag edilen wagtlarynda öz ”ýalňyşlygyndan” boýun gaçyrarlar, göze görnüp duran ölümiň öňünde hökman olardan ýüz öwrerdiler diýip çaklamak logika gabat gelýär. Olara özleriniň ”oýlap tapmasynda” beýle öte geçmek nämä gerek? Aslyýetinde, olaryň ömürleriniň soňky minudyna çenli özleriniň jellatlaryny imana getirmäge çalşandyklaryna şaýatlyk edýän taryhy dokumentler az däldir. Olaryň adaty bolmadyk wagyz etmesi olaryň ynamlylygynyň şaýatlygy boldy: bu hem, Hudaýyň Hoş Habarydyr. Siz Hoş Habara näderejede ynanýarsyňyz? Siz ony soňky demiňize çenli ýaýratmaga taýýarmy?

“Çünki men Hoş Habara utanmaýaryn,
sebäbi ol her bir iman edene,...
Hudaýyň gutulma güýjüdir”.

Rimliler 1:16

93-nji gün

ADATY BOLMADYK
MISSIONERÇILIK MEÝDANY

ÝAPONIÝA: FRANSISKO HAWER

Ýaponiýa ajaýyp daglar bilen gurşalan, Mesihiň söýgi hem bagyşlama habarynyň Ýaponiýa ýetmegi üçin hemme zadyny pida etmäge taýýar bolan gaýduwsyz doganlaryň imany bilen bereketlenen ýurtdur.

1549 — njy ýylda Fransisko Harwer Ýaponiýa baranda, ol bu ýerde ilkinji missioner bolupdy. Onuň gulluk eden döwrüniň dowamynda, ençeme adamlar Mesihe iman getirdiler, ýygnak bolsa ösdi. Ýöne ýapon hökümeti mesihilige howp hökmünde düşündi, şol sebäpdenem, yzarlamalar başlandy. Mesihilige garşy oppozisiýa edil al-asmana galyp, mesihileri öz kölegesi bilen örtýän iti diş kimin belentlikleri bolan daglar ýaly köpeldi. Unzen şäherinde mesihileri wulkanyň gara palçygynda ýakdylar. Nagasakide olary agaç haçlara çüýlediler. 1637-nji ýylda ýapon esgerleri 30 müňe golaý mesihini ýygnap, hemmesini öldürdiler.

Mundan soň, aman galanlary gorama umydy bilen ýygnak gizlinlige gitdi. Birnäçe ýylyň dowamynda ýygnak ýitmän galmak üçin göreşdi. Hudaýyň merhemeti bilen ýygnak ýitmän galdy. Öz işine wepaly bolan missionerler gelmegini bes etdirmediler. Olar beýan edip bolmajak yzarlamalaryň bardygyny eşitdiler, ýöne Hudaýyň çagyryşy boýunça galan az sanly mesihilere gulluk etmek üçin geldiler.

Häzir Ýaponiýada 1,7 million işjeň mesihi bar. Ýygnaga her gün täze imanlylar gelýärler. Hawer we häzirki zaman missionerleri ýurdy üýtgetmek üçin oppozisiýanyň dagyny ýerinden gozgan gorçisa tohumy ýalyjak iman bolup durýarlar.

Durmuşda köp zatlar bize ajaýyp görnüşlerden lezzet almaga goýmaýar. Mesihiler imany kabul etmek islemeýän dünýewi maşgala agzalary tarapyndan oppozisiýa dagyna duş gelýärler. Mesihileriň köpüsi ateizmiň dagyny iş ornunda ýeňip geçýärler. Öz döwleti tarapyndan olaryň ýokarsynda asmana galyp duran yzarlamalaryň belentlikleri mesihileri özleriniň kölegesi bilen ýapyk ýurtlarda örtýärler. Ýöne hut Ýygnagyň häzir duş gelýän oppozisiýa dagynyň aňyrsynda ajaýyp görnüş gizlenen. Hoş Habara suwsan erkekleriň, aýallaryň, çagalaryň görnüşleri gizlenen. Iman gutulyşa zar bolan adamlaryň ýoluny azat edip bilýär. Bu hakykaty subut etmek üçin ençeme mesihiler sizden öňde yzarlamalar duçar edildiler. Siz olaryň daglary süýşürip biljek işini iman bilen dowam edersiňizmi? Bu gün siz oppozisiýanyň haýsy dagynda ünsüňizi jemleýärsiňiz?

"... Men size dogrusyny aýdýaryn, bir gorçisa dänesi ýaly-da imanyňyz bolup, şu daga: "Bu ýerden ol ýere göç" diýseňiz, ol göçer...".

Matta 17:20

94-nji gün

ADATY BOLMADYK ÝERLER

RUSSIÝA: ZOÝA KRAHMALNIKOWA

Tussaglaryň biri, öňki ruhany, Zoýany satdy. Özi azatlyga çykyp, gynamalardan gaça durmak üçin ol Zoýa töhmet atdy. Sud wagtynda, Zoýa dönügiň adyna ýekeje-de söz aýtmady. Ol diňe: "Ýahuda Mesihi satanda, dönük boldy. Şeýle-de bolsa, Getsemani bagynda Isa ony: "Dostum" diýip atlandyrdy. Bizem Isadan öwrenip, özümize dönüklik edýänlere Onuň garaýşy ýaly garamagy öwrenmeli dälmi näme?" diýdi.

Zoýa Krahmalnikowa adamlara Isa hakda gürrüň berýändigi sebäpli, alty ýylyny türmede geçirdi. Kamerada geçirilen wagt oňa Söze we ony durmuşymyzyň gazaply hakykatda ulanylyşyna aňry ýany bilen düşünmeklige mümkinçilik berdi.

"Türmede her kameranyň gapysynda "Ýahudanyň gözjagazy" diýlip atlandyrylýan äpişgejik bar. Ondan garawullar saňa her bäş minutdan seredip bilýärler. Olar örän ünsli seredýärler, barlaýarlar we görkezmeler berýärler. Bu maňa, eger kommunistler meni beýle ünsli synlaýan bolsalar, onda Hudaý bilen perişdeleriň olardan-da, ünsli synlaýandyklaryna düşünmäge kömek etdi".

Zoýa öýkä batmaklyk örän aňsat bolýardy, emma ol Mukaddes Ýazgydan sapak alyp, ony öz durmuşynda ulandy. Bu gaty agyr sapakdy, ýöne ol onuň öz durmuşyny we töweregindäkileriň durmuşyny öňküden-de ýatgylandyrmaga kömek etdi.

Goşlaryňy ýygnamazdan dowamly syýahata ugrama teklibi bize gülkünç bolup görner. Kim taýýarlyksyz syýahat edýär? Ýöne mesihiler her gün bolmalysy ýaly ruhy taýýarlyksyz ruhy syýahaty edýärler. Biz öňünden taýýarlanyp, soň zerurlygy boýunça ulanar ýaly, ýüregimizde Hudaýyň Sözüni alyp ýörmelidiris. Biziň köpümiz ruhy synaglary gaty kynlyk bilen geçirýäris, sebäbi Hudaýyň düzgünlerini öňünden öwrenmedik. Munuň üçin, ahyrsoňunda şowsuzlyk öýkesini duýýarys. Eger öz düşen ýagdaýymyzda Hudaýyň Sözüni ulanan bolsak, onda Zoýa ýaly ýeňiji bolup çykyp bilerdik. Siziň Mesihe bolan imanyňyzyň özüňizi howply ýa-da kyn ýerlere alyp barypbam bilýär. Siz syýahata taýýarmy? Ýanyňyz bilen Hudaýyň Sözünden köpräk zat almagyň aladasyny ediň, ol size gerek bolar.

"Hakykat sözüni dogry ulanyp, özüňi gowy görülýän, utanmajak işçi hökmünde Hudaýa hödürlejek bolup gaýrat et".

2 Timoteos 2:15

95-nji gün

ADATY BOLMADYK PARTIZAN

PERU: HUAN

Huany terroristik işi üçin Migel Kastronyň türmesine on bäş ýyllyk azatlykdan mahrum etmäge höküm etdiler. Huan terroristleriň nähili pikir edýändiklerini bilýärdi. Onuň özi "Öwşün atýan ýol" atly meşhur kommunistik ýaragly toparyň agzasy bolupdy. Onuň baş wezipesi başgalara nädip öldürmelidigini we ýok etmelidigini öwretmekden ybaratdy. Ol ýokary wezipäni eýeleýärdi, özem, partladyş işleriniň ýokary kwalifikasiýaly hünärmenidi. Öz işi Huana ruhlanma we beýleki adamlaryň ykbalyny elinde aýlama duýgusyny berýärdi.

Huan öz işini hatda türmede-de dowam etdirdi. Otrýada Fernando atly ýigidi çekmekligiň üstünde işlände, ol onuň marksistik "trýuklarynyň" işlemeýändigini gördi. Fernando-da öz gezeginde Huana: "Dostum, eger sen şu gün ölseň, onda bakyýetde nirede bolarsyň?" diýen soragy berip, ony oýlanmaga mejbur etdi.

Huan ençe ölümleri görüpdi, onuň özi öldüripdi, ýöne öz ölümi hakda hiç haçan pikir etmändi. Fernandonyň soragy ony biynjalyk edip başlady. Ol oňa her gün Mesihiň söýgüsi we Onuň beýik gurbanlygy hakda gürrüň bermegini dowam etdirdi. Ahyrsoňunda, Huan iman getirdi.

Fernando özüniň täze şägirdini ruhlandyrdy: "Öz durmuşyňy rewolýusiýa bagyş edişiň ýaly, ony dolulygyna Mesihe, öz Rebbiňe bagyş et".

Wagtyň geçmegi bilen Huan ruhy çopan boldy, türmedäki tussaglar bolsa, onuň sürüsi boldy. Geçmişde ol adamlary ýaragly terroristik otrýada çekýärdi. Ol türmede ýekşenbe mekdebini gurnady. Onuň ölüm getirme missiýasy adamlara ebedi ýaşaýyş almaga kömek etme missiýasyna çalyşdy.

Nämedir bir zada bolan yhlas adamy ruhlandyrýar. Bir adamda işe bolan yhlas, başga birinde maşgala bolan yhlas bolýar. Käbirleri göni mesihilik gymmatlyklaryna garşydaş bolan düzgünleri yhlas bilen goraýarlar. Mesihileri yzarlaýjylary perwaýsyzlykda aýyplamak bolmaýar. Eger dogry ugra gönügen bolsa, onda olaryň yranmaz aýgytlylygyna guwanyp bolardy. Hudaý köne durmuşy täze durmuşa öwürmek bilen meşgullanýar. Huan marksizme gulluk edendäkisi ýaly yhlas bilen adamlary Mesihe getirip başlady. Hudaý onuň azgyn yhlasyny alyp, ony Mesihe bolan yhlas bilen çalyşdy. Özüne doly wepaly bolmak üçin ýetmeýän zatlaryň hemmesini bermegini Hudaýdan sorap doga-dileg ediň. Öz Patyşalygyny ýakynlaşdyrmaga bolan ýalynly islegi sowgat bermegini Ondan soraň.

"Maňa gazanç bolan her zady Mesihiň hatyrasyna zyýan saýdym".

Filipililer 3:7

96-nji gün

ADATY BOLMADYK

ÝENE BIR ADATY BOLMADYK SAÝLAW

FILIPPIN: PITER

Piter töwekgelçilik edeniňe degýändigini duýdy. Ol filippin hoşhabarçysy bolan Maýkl daýy bilen uzakdaky obalara, adamlaryň Mesih hakda eşitmäge teşne bolan ýerlerinde, syýahat etmegi gowy görýärdi.

Obalara edilen syýahatlar başdan geçirmelerden, käwagt bolsa, howplardan doly bolýardy. Olar gür tokaýlygyň içi bilen sagatlap ýöremeli bolýardylar. Ep-esli ýyllaryň dowamynda filippin halky Täze halk goşuny, Filippin Kommunistik partiýasynyň ýaragly ganaty tarapyndan zorluklara duçar edildi. Piter bilen daýysy olara duşmajak bolup, ýygy-ýygydan gizlenmeli bolýardylar. Piter çagalary gowy görýärdi, şonuň üçin özlerini Hudaýyň söýýändigini bilenlerinde, gözleriniň ýanyşlaryny synlamaklyk oňa diýseň ýaraýardy.

Ejirli penşenbede Täze halk goşuny Maýkl daýynyň gullugynyň soňuna çykma kararyna geldi. Olar Piteri tutdular-da, eger daýysy Mesih hakda wagyz etmegini bes etmese, onda ony öldürjekdiklerini aýdyp haýbat atdylar. Piteriň ene-atasy: "Biz Maýkla öz gullugyny bes etmegi buýruk berip bilmeýäris, ýöne biz sizden oglumyzy gaýdyp bermegiňizi haýyş edýäris. Ol size hiç zat etmedi" — diýdiler.

Piter elleri arkasyna daňylgylygyna oturan ýerinde kakasynyň golaýda eşidilýän ýaly ses bilen aýdan sözlerini eşitdi: "Çünki ýaşaýyş meniň üçin Mesihdir, ölüm bolsa, gazançdyr". Bu sözler Piter üçin kakasynyň öwüdi, özüniň Halasgäriniň ýanyna gitme wagtynyň gelendigi baradaky signal ýaly bolup eşidildi. Maýkl daýy şu wagta çenli-de, dagdaky obalaryň ýaşaýjylaryna Mesihiň söýgüsiniň güýji we özüniň ýaş, ýöne Hudaýa gaýduwsyz wepaly bolan Piter atly ýegeni hakda gürrüň berip ýör.

Töwekgelçilik bolan ýerde mydama saýlawam bolýandyr. Birnäçeleri özleriniň ýerdäki baýlygyna töwekgelçilik etme kararyna gelýärler. Biržadaky üstünlik. Ylgawdaky ýeňiş. Oýun wagtynda urlan gollaryňsany. Birnäçeleri neşe ýa-da alkogol ýaly, hiç hili ebedi ähmiýeti bolmadyk gysga wagtlaýyn lezzetlere berilmek üçin janyny bermäge taýýar bolýarlar. Isa adamlary düýbünden başga saýlawy etmeklige çagyrýar. Ol Öz yzyna eýerileni üçin berilýän behişdi sylaglary almak üçin dünýewi abadançylyklara töwekgelçilik etme kararyna gelmelidigimizi aýdýar. Hudaýyň islegine eýermeklik aýlawdaky utuşdan ýa-da neşe bilen alkogolyň täsiri astyndaky ýasama keýpden gaty köp sylagy berýändir. Öz imanyňyzyň hatyrasyna töwekgelçilik edeniňz üçin siz Hudaýyň sylagyny aldyňyzmy? Näme üçin "hawa" ýa-da "ýok"?

"Biri Hudaýyň islegini berjaý etmek isleýän bolsa, onda Meniň öwredýänlerimiň Hudaýdandygyny ýa-da Özümden sözleýändigimi ol biler".

Ýahýa 7:17

97-nji gün



“Biz gowy mesihiler bolmagymyz üçin däl-de, Hudaý özümizi nähili mesihi hökmünde görmek isleýän bolsa, şonuň ýaly hem bolmagymyz, ýagny Rebbiň şöhratynyň haçyny götermäge taýýar bolan Mesihe meňzeş mesihi bolmagymyz üçin Hudaýa doga edýäris”.

Gizlin ýygnagyň Rumyniýadan gizlinlikde çykarylan hatyndan.

98-nji gün

ADATY BOLMADYK
SENA

DEMIRGAZYK KOREÝA: GOKSAN OBASYNYŇ ÝAŞAÝJYLARY

Kiçijik gara gözli gyzjagaz ejesine seretdi: ol näme karara gelerkä?

Şol gün irden gyzjagazyň ejesini, olaryň ruhy çopanyny we Goksan Demirgazyk Koreýa obasynyň başga-da 26 ýaşaýjysyny daňyp, guduzlan ýaly bolup duran kommunistler toparynyň öňünde atdylar.

Garawullaryň biri ruhy çopan Kime we beýleki mesihilere: "Mesihden ýüz öwrüň ýa-da ölersiňiz" — diýip gygyrdy. Bu sözlerden ýaňa gyzjagazyň damarlaryndaky gan sowady. Olar ondan nädip Mesihden ýüz öwürmeklerini sorap bilýärkäler? Olar öz ýüreginde Mesihiň diridigini bilýärdiler ahyry, mesihileriň hemmesi biragyzdan Ondan ýüz öwürmekden boýun towladylar.

Şonda garawul: "Mesihden ýüz öwür, ýogsam, biz siziň çagalaryňyzy asarys" — diýip gygyrdy. Gyzjagaz ejesine seretdi. Ol özüni ejesiniň nähili gowy görýänini bilip, onuň elini gysdy. Ejesi gyzyna tarap eglip, asudalyk bilen ynamly pyşyrdap: "Gyzym, bu gün biz seniň bilen göklerde görşeris" — diýdi.

Çagalaryň hemmesini asdylar.

Galan mesihileriň hemmesini uly katogyň öňünde köpri bolup ýatmaga mejbur etdiler. Kommunistler olara soňky mümkinçiligi berdiler: "Mesihden ýüz öwrüň ýa-da sizi mynjyradýarlar". Mesihiler özleriniň çagalaryny eýýäm beripdiler. Yza tarap ýol ýokdy.

Sürüji äpet maşyny otlanda, daýhanlaryň ýuwaşjadan aýdym aýdýan sesleri eşidildi: "Kalbymyň dilegini we dem alşyny eşit, seni görmek isleýärin, Hudaýym, güýçlüräk söýmek isleýäris".

Güýçlüräk sözlemek. Hudaý bizi şeýle güýçli söýendigi üçin Öz Ogluny berdi. Güýçlüräk söýmek. Mesih şeýle güýçli söýeni üçin haça gitdi. Güýçlüräk söýmek. Mesihe bolan ýekeje söýgüsi üçin mesihiler janlaryny berýärler. Özleri üçin şeýle köp zat Berene olar has köp zat bermek isleýärler. Biziň asyrymyzda, diňe hiç zatdan azajyk köpräk berilýän dünýäde mesihiler täze standartlary dikýärler. Güýçlüräk söýmek — bu ýöne bir köne senanyň sözleri däl. Bu serhetsiz durmuşyň stilidir. Her gün — bu Isa Mesihe nädip köp söýgi bermegi gözlemäniň ýoludyr. Käbir mesihileri bu ýol ölüme alyp bardy. köpräk söýgi bermeklik birnäçe mesihiler üçin haýsydyr bir öräп gymmatly zadyny pida etmekligi aňladýar. "Güýçlüräk söýmek" sözleri siziň özüňiz üçin nämäni aňladýar?

"Çünki Hudaý dünýäni köp söýýänligi üçin, Ogluna iman edenleriň hiç biri heläk bolman, ebedi ýaşaýşa gowuşsyn diýip, Özüniň ýekeje Ogluny berdi".

Ýahýa 3:16

99-nji gün

ADATY BOLMADYK

KINO

PÄKISTAN

Indi bu filme hemmeler seretmek islediler. Adamlar ol film hakda bazarda, hatda metjitde-de pyşyrdaşýardylar. "Ol näme hakda? Ol näme seredeniň üçin adamy tussag eder ýaly derejede howply filmmi?"

Hemmeler Isa Mesihiň durmuşy, gullugy, ölümi we ölümden direlmesi hakda gürrüň beryän "Isa" filmi hakda gürrüň edýärdiler. Uly ekrandaky film gutulyş planyny görkezýär, onda Isanyň taryhy janlanýar. Päkistanyň Ýakobabat şäherinde bu filmi we beýleki mesihilik materiallaryny ýaýradandyklary sebäpli, iki adam tussag edildi we ýenjildi. Ýerli mollalar olara we mesihilik materiallaryny ýaýratmaga gatnaşan başga adamlara garşy aýyplamanyň öňe sürülmegini talap etdiler. Olar hatda şäheriň musulmanlaryna garşy gazaply çäreleri görmeklige çagyrdylar. Tizara ýerli ruhy çopanyň öýi ogurlandy, mesihilik mekdebiniň ýanynda atyşyk sesleri eşidildi. Şäher aç-açan zorlugyň gyrasyna ýakynlaşýan ýaly bolup göründi.

Ýöne tizara üýtgeşmeler bolup başlady. Filme garşy aýaga galmagyň deregine, şäheriň ýaşaýjylary "günäli" kinony görmegi özleri islediler. Bu bulam-bujarlyklaryň barynyň sebäbini özleri gözleri bilen görmek islediler. Şäheriň içinde filmiň nusgalary ýaýrap başlady. Şeýdip, ahyrsoňunda, "Isa" filmi ýerli telewideniýede görkezildi. Şäher kazysy filmi görenden soň, onuň asla yslama garşy film däldigini aýtdy.

Ýerli mollalar islemeseler-de, bütin şähere Hoş Habaryň ýaýramagyna özleri ýardam etdiler. Olar ýurtdan "Isa" filminiň ýok edilmegi üçin göreşdiler, ýöne olaryň alyp baran işleri, gaýtam, mesihilik gullugyna ýardam etdi. Hudaý ýamanlygy adaty bolmadyk usul bilen ýagşylyga öwürýär. Ol Öz gullukçylarynyň işine ak pata berýär, ýöne mydama biziň göz öňüne getirişimiz ýaly etmeýär. Hoş Habara garşy çykýan ýurtlardaky mesihiler muny ajy tejribelerinde öwrenýärler, ýöne olar Hudaýyň kuwwatly hereketleriniň şaýady bolýandyklaryna şat bolýarlar. Biz muňa doly düşünmedik wagtymyzda-da, hatda göwnümize hemme zat örän erbet ýaly bolup görünýän wagtynda-da, Hudaý ýolda bize kömek edýär. Şunuň ýaly pursatlarda siz Hudaýa hemme zatdan-da köp ynanýarsyňyzmy? Hudaý, hatda biz bilmedik wagtymyzda-da, näme edýänini bilýändir

"Meniň pikirlerim siziň pikirleriňiz däl, siziň ýollaryňyz Meniň ýollarym däl" — diýýär Reb.

Işaýa 55:8

100-nji gün

ADATY BOLMADYK
BAGYŞLAMA

PERU: RIKARDO

Kagyz ýaglydy, gyralary ýyrtykdy. Gara bulaşyk setirleri okamak mümkin däl ýalydy. Ahyrynda gol durdy: Rikardo.

"Men Perudaky kommunistik söweşijileriniň lagerinden hat ýazýaryn. Öňräk men ruhlanmak üçin radiodan gepleşik gözläp otyrdym. Ýoldaşlarymyň ýigrenje ýugrulan gepleşikleri maňa ruhlanma getirmeýär. Birden men siziň "Hoş Habar marksist dilinde" atly gepleşigiňiziň üstünden bardym. Siz Isanyň beýik Mugallymdygyny, öz duşmanlaryňy söýmegi öwredendigini aýdýarsyňyz.

Bu pikir meniň kalbyma çuň kesip geçdi. Birden men şeýle bir asudalyk duýdum-da, hatda çaga ýaly agladymam. Men özüme näme bolanyna düşünmeýärin.

Meniň ene-atam ýer eýesiniň zalymlyk bilen işletmeginiň pidasy boldular, şonuň üçin men bütin ömrüme baýlary ýigrenýärdim. Ýöne öz ýüregimde bolup geçen şol özgerişden soň, men olary ýigrenmegi bes etdim. Men muny düşündirip bilemok. Eýsem, meniň ýigrenip bilmezligim mümkin zatmy?

Şonda men siziň gepleşigiňizi birinji gezek diňledim. Men örän begendim. Indi men olaryň ýekejesinem sypdyramok. Men siziň gürrüňini edýän kitabyňyzy okamak isleýärin".

Soňy bilen Rikardo otrýaddan gidip, ýygnak agzasy bolmaklyk başartdy. Iki ýyldan soň, ol özüniň öňki ýoldaşlaryna Halasgär hakda gürrüň berme umydy bilen lagere gaýdyp geldi. Şondan bäri ol hakda hiç kim hiç zat bilenok. Eger ol ölen bolsa, onda özüni öldürenlere bolan söýgüsi bilen ölendir.

Adama mahsus bolan weýran ediji duýgylaryň biri-de, ýigrençdir. Ony içinde durýan gabyny iýýän kislota bilen deňeşdirmek bolar. Ýigrençden doly adamlar özleriniň ýigrenjiniň özlerini pytradýandygyny görerler. Ýöne imanly adamda tebigy ymtylyşy ýeňýän ruhy tebigaty bar. Isa adamlara özleriniň duşmanlaryny söýmegi öwredýär. Munuň netijesinde adamlar özgerýärler. Özgeriş şeýle bir tiz bolup geçip bilýär welin, hatda iman eden adam ýyllar boýy ýygnanan ýigrenjiň nirä gidenine-de düşünmeýär! Siz öz kalbyňyzy ýigrenç bilen zäherleýärsiňizmi? Belki, size ar alma baradaky pikir rahatlyk berýän däldir? Isa Mesihe ýigrençden sagalmagyňyz üçin ýüzleniň. Bu gün göwnüňize degenleri bagyşlaň-da, ertire umyt alyň.

"Kim: "Hudaýy söýýärin" diýip-de, öz doganyny ýigrenýän bolsa, onda ol ýalançydyr. Çünki özüniň görüp duran doganyny söýmeýän adam görmedik Hudaýyny söýüp bilmez"

1 Ýahýa 4:20

101-nji gün

ADATY BOLMADYK

BAÝLYK

RUMYNIÝA: DOBROGEÝANYŇ ÝAŞAÝJYLARY.

Diktator Nikolaýe Çauşesku söwet pikirdeşleriniň mysalyna eýerip, ýurtda "kollektiwizasiýa" geçirme kararyna geldi. Zalym rumyn diktatory adamlary "ähliumumy bähbit" üçin döwlete öz serişdelerini meýletin bermäge mejbur edip bilerin öýtdi.

Fermerler, ýer eýeleri we daýhanlar hemme zatlaryny — atyzlaryny, mallaryny, ýer işleýän gurallaryny we öýlerini — ýitirdiler. Rumyniýanyň birwagtlar gülläp ösen agrar sektory doly ýok edildi, fermerler bolsa, kolhoz meýdanlarynda gözgyny aýlyk üçin işläp, döwletiň gullary boldular. Maşgalalar çörege nobata durdular. Garşydaşlyklar köpeldi. Şonuň üçin diktator soňky derejä ýüz urdy. Dobrogeýa welaýatynyň daýhanlaryň hemmesini şäher merkezine ýygnap, öz hojalyklarynyň hemmesini meýletin bermeklerini soradylar. Meýletinler tapylmanda bolsa, Çauşesku öz eli bilen on adamy atdy. Ses berilmä ýene: "Kim öz hojalygyny meýletin bermek isleýär?" diýlen sorag goýuldy.

Harby mukam çalnyp durdy. Kommunizmi şöhratlandyrýan çagyryşlar bilen şygarlar ýaňlanýardy. Adamlary tans etmäge mejbur edip, kinokamera düşürdiler, rumynlar nähili ruhubelentlik bilen sosializmi goldaýarlar. Öz emläginiň hemmesini ýitiren fermer soňrak şeýle gürrüň berýär: "Olar hemme zady alandyrys diýip pikir etdiler. Ýöne olar örän wajyp zady — biziň ruhy aýdymlar ýygyndymyzy — galdyrdylar. Şonuň üçin biz oturyp, Rebbi şöhratlandyryp aýdym aýtdyk".

Köplenç täze adamlary biri-biri bilen gowuja tanyşdyrmak üçin oýun oýnaýarlar. Ine, adam hakda hemme zatdan köp gürrüň berýän soraglaryň biri: "Siz ýaşalmaýan ada öz ýanyňyz bilen haýsy ýekeje zady alyp giderdiňiz?" adamlaryň aglabasyna bu soraga jogap bermek şeýle bir kyn bolýar welin, käwagt olara munuň ýöne bir oýundygyny ýatlatmak gerek bolýar. Ýöne rumyn halkyna oýun oýnama bagty miýesser etmedi — olar muny real durmuşda başdan geçirdiler. Olaryň döwleti olara hatda ýekeje zat edinmäge-de rugsat bermedi. Ýöne obalylar döwletiň özleriniň senalar ýygyndysyny almandygyna düşünenlerinde, bu olaryň şahsy ýaşalmaýan adasyna meňzeýän obasyna şatlyk getirdi. Adamlar senalar ýygyndysyna edil hazyna sereden ýaly seretdiler, Hudaý bolsa, adamlara edil hazyna sereden ýaly seretdi.

"Çünki siz Hudaýyňyz Reb üçin mukaddes halksyňyz. Hudaýyňyz Reb Özüniň gymmatly halky bolmagyňyz üçin ýer ýüzündäki ähli halklaryň arasyndan sizi saýlady".

Kanun taglymaty 7:6

102-nji gün

ADATY BOLMADYK
PIDA

LIWAN: MARIÝA

Musulman fanatlary onuň liwan obasyna hüjüm edip girenlerinde, Mariýa ýaňy on ýedi ýaşyndady. Mariýany: "Eger sen musulman bolmasaň, seni atarlar" — diýen gödek ses gaty gorkuzdy.

Mariýa batyrlyk bilen: "Men Hudaýy saýlaýaryn" — diýip jogap berdi. Mariýany we onuň maşgalasyny atanlaryndan soň, hüjüm edip girenler olary ölendir öýdüp çykyp gitdiler. Iki günden soň, oba "Gyzyl haçyň" işgärleri gelende, gudrat gördüler: Mariýa diri eken, onuň diňe ok degen ýeri ysmaz bolupdyr.

Boşap galma duýgusyny we lapykeçlik duýup, Mariýa doga-dileg edip, Rebbi çagyrdy. Ahyrsoňy ony täsin rahatlyk gurşap aldy, şonda ol Hudaýa şeýle wada berdi: "Her kimiň ýerde öz wezipesi bar. Men hiç haçan durmuşa çykmaryn we fiziki taýdan işläp bilmerin. Men öz durmuşymy kakamy, ejemi öldüren, meni-de öldürmäge synanyşan musulmanlar ýaly musulmanlara bagyş etjek. Meniň durmuşym olar üçin Hudaýa doga-dileg etme bolar" — diýip, ýaş gyz doga-dileg etdi.

Şondan bäri Mariýanyň Hudaýa dogalary we özüniň göni şaýatlyklary köp musulmanlary Hudaýyň Ogluna bolan imana alyp geldi. 1990-njy ýyl Liwanda on bäş ýyllyk raýatlyk urşuň iň wagşyçylykly ýyly boldy. Müňlerçe adamlar öldürildi, ýaralandy, ýüz müňlerçesi gaçgaklar boldular. Şeýle-de bolsa, Mariýanyň pidasy we şaýatlygy ençe mesihileri uruş zerarly parçalanan ýurdunda galyp, Mesihe gulluk etmäge mejbur etdi.

Hudaýa gulluk etmekdäki iň uly sylag gurbanlyklar üçin niýetlenen tabaga ýerleşmeýär. Biz öz durmuşymyza Hudaýa berlen gurbanlyk hökmünde seredenimizde, Hudaýyň Patyşalygynyň golaýlaşmagyna ýardam etme mümkinçiliginiň serhedi bolmaýar. Muňa Mariýa ýaly, yzarlananlaryň köpüsiniň durmuşy şaýatlyk edýär. Olar özlerini yzarlaýjylara gulluk edip, Hudaý üçin janlaryny gurban etmegi dowam etdirýärler. Tereza de Lizýe bir gezek şeýle diýipdir: "Başgalar ugrunda görülýän görgüler wagyz etmelere garanda, adamlary köp çekip bilýär". Mesihileriň aglaba bölegi öz janyny pida etmejek bolup, aklanmany örän aňsat tapýarlar: olar "aşa işli" we olaryň "töwereginde gaty köp zatlar bolup geçýär". Ýöne Hudaý, eger biz muny islesek, bizi täsin usul bilen Öz şaýatlary edip bilýär.

"Siziň imanyňyzyň gurbany we gullugy üstüne ganym Hudaýa hödürlenen şerap ýaly dökülse-de, men şatlanaryn, hemmäňiziň şatlygyňyza şärik bolaryn".

Filipililer 2:17

103-nji gün

ADATY BOLMADYK GAÝGY

RUMYNIÝA: ARHIMANDRIT GIUŞ

Žilýawa türmesindäki şertler kommunistik režim wagtynda aýratyn gazaplydy. Döwük penjirelerden gyşyň sowuk howasy girýärdi. Žilýadawa meshilere hiç hili duşgudaşlyk edilmeýärdi. Zalym garawullar hatda olara "aýratyn" urgularam berýärdiler.

Tussaglaryň biri bolan arhimandrit Guiş Liberti şäherinde ruhanydy. Ony türmä taşlanlarynda, ol özüniň täze "jaýyna" biynjalyk bilen seredende, tanyş ýüzi — Libertide birwagtlar bile gulluk eden adamyny — gördi. Bu Riçard Wurmbranddy. Arhimandrit: "Onuň entegem diri bolmagy boljak zat däl. Eýýäm sekiz ýylyň dowamynda ondan hiç hili habar ýok" — diýip pikir etdi. Ruhy çopanlar gujaklaşdylar. Arhimandrit öz öňünde duran eýmenç görgüleriň hemmesine döz gelmäge kömek etmek üçin özüni köne dostuna duşurany sebäpli, Hudaýa minnetdarlykdan dolup ýylgyrdy.

Ýöne ruhy çopan Wurmbrand ýylgyrmady. Munuň ýaly gullukçyny türmede görmek onuň üçin gaýgylydy. Ol ony juda alada etdi. Žilwiýa sowuga we gazaply daralma çydarmyka? Köpler ýaly, aklyndan azaşmazmyka? Sekiz ýylyny türmede geçireni üçin täze gelene nämäniň garaşýanyny bilýärdi.

Iki dost birazrak wagtlap, ümsüm oturdylar. Ahyrsoňy Riçard ümsümligi bozdy-da: "Sen gaýgylanýarsyňmy?" — diýip sorady. Arhimandritiň beren jogaby ony haýran galdyrdy: "Doganym, men diňe bir gaýgyny bilýärin: Isa Mesihe doly wepaly bolmazlyk uly gaýgydyr".

Emosional taýdan surnukma duýgusy bolmadyk görgi görenler hakdaky real wakalary okamak agyr düşýär. Tebigy garaýyş peýda bolýar: bigünä adamlaryň beýle wagşyçylykly ölüm bilen ölýändigine gaýgy hem nebsiagyryjylyk duýgusy. Ýöne bu wakalaryň gahrymanlary bizden düýbünden başgaça garaýşa garaşýarlar. Olar özleri hakdaky şaýatlyk bizi nebsiagyryjylyga däl-de, özümizi Mesihe ak ýürekden hem çuň bagyş etmä ruhlandyrar diýip umyt baglaýarlar. Elbetde, olaryň ölümi biziň ýüregimizi ýaralaýar, ýöne ýüreklerimiz öz imanymyzyň olaryň imany bilen deňeşdireniňde ujypsyzjadygyna düşünmekden hem paralanmalydyr. Ine, şu hakykatdan gaýgylydyr. Bu wakalar öz-özüňizi köşeşdirmäňize toba etme islegini döredýärmi? Bulary okanyňyzdan soň, sizde ruhy aýgytlylyk duýgusy döreýärmi? Hudaýdan özüňizde bu gün Özi üçin ýaşama aýgytlylygyny oýandyrmagy haýyş ediň.

"Gaýgylananyňyza däl-de, toba üçin gaýgylananyňyza begenýärin. Çünki siz bizden hiç bir zyýan görmän, Hudaýyň islegi boýunça gaýgylandyňyz".

2 Korintoslylar 7:9

104-nji gün



“Iman işlere garylýança, “iman” diýlip atlandyrylmagyna mynasyp däldir”.

Ketrin Marşall

105-nji gün

ADATY BOLMADYK

BAGYŞLAMA

RUMYNIÝA: DEMETER

Demeter köp ýyllap kommunistik partiýanyň gynalýan jaýlarynyň içinde ejir çekdi. Uzaga çeken tussaglyk ýyllaryň dowamynda bedeni kem-kemden gowşap başlan bolsa-da, ruhy güýçlüligine galypdy. Türmäniň başlygy Demeteriň oňurgasyna çekiç bilen urup göwün açýardy. Munuň netijesinde tussag ysmaz boldy. Demeteriň Mesihiňkä meňzeş garaýyşlaryny munuň ýaly çekerden agyr gelýän dalamalar hem yraň atdyryp bilmedi. Ahyrsoňy ony azatlyga çykardylar.

Ýigrimi ýyl geçenden soň, bir gün Demeter öz öýüniň gapysyny kimdir biriniň kakýanyny eşitdi. Gapyny açanda, ol öz öňünde özüni zalymlyk bilen ýenjip, bütin ömrüne maýyp eden türme başlygynyň duranyny görüp, akly haýran bolýar. Şeýle-de bolsa, Demeter öz imanyny görkezdi.

Demeter salamlaşmaga ýetişmänkä, öňki türme başlygy gürläp başlady: "Saňa edilen ýamanlygy bagyşlamagyň mümkin däldigine düşünýärin. Men ýigrenji hereket etdim. Ýöne, senden haýyş edýärin, meniň tobamy kabul etseň, men gidýärin".

Demeter öz öňünde duran adama haýran galma hem duýgudaşlyk bilen seredip, bir pursatlyk oýa batdy-da: "Men ýigrimi ýylyň dowamynda her gün seniň üçin Hudaýa doga etdim. Men saňa garaşdym. Men seni ýigrimi ýyl mundan ozal bagyşlapdym" — diýdi. Eger biz hemmelere, şol sanda özümize çuň hasrat hem fiziki maýyplygy berenlere-de, söýgi görkezip bagyşlamaga taýýar bolsak, onda Mesihiň söýgüsi hemme zady bagyşlamaga ukyplydyr.

Adamlaryň köpüsiniň paýyna fiziki gynamalary çekmeklik düşmeýär. Şeýle-de bolsa, adamlaryň salýan duýgy ýaralary hem, çekip bolmajak görgüleri berip biler. Erbet sözi, dostuň haýynlygyny, ajy aýrylyşmany ýada salmaklyk bizi galan ömrümize yzarlap biler. Şonda hem, gahary gizläp, göwnümize degen adamdan ar alma synagy peýda bolýar. Bagyşlamaklyk sizde tebigy taýdan peýda bolmaýar, ol Hudaýyň tebigatyndan aýra däldir. Özümizde Hudaýyň rehimdarlygyny duýanymyzda, bizem öz göwnümize degenlere bagyşlama sowgat etmelidiris. Bagyşlama göwnümize degen adamyň özümizden ötünç soran soramanyna bagly däldir. Bagyşlama — tabynlyk ädimidir, şeýle hem, iman ädimidir. Hudaýdan öz ýüregiňizi hakyky bagyşlamanyň gudraty üçin açmagyny haýyş ediň.

"Biri-biriňize sabyr-takatly boluň. Birew-birewden kineli bolsa, Mesihiň sizi bagyşlaýşy ýaly, siz hem birek-biregi bagyşlaň".

Koloseliler 3:13

106-nji gün

ADATY BOLMADYK HADYSA

RUMYNIÝA: ION LUGAÝANU

Ýaş mesihi Ion Lugaýanu sudda öz işi diňlenilenden soň, kamera gaýdyp geldi. Kameradaşlary ondan tolgunma bilen: "Ol ýerde näme boldy?" — diýip soradylar.

Ion: "Hemme zat Isanyň ejesi Meryýeme perişde görnen günündäkä meňzedi. Ol, ýaş gyz, oýlanyp ýeke özi otyr. Birdenem, Hudaýyň öwşün atyp duran perişdesi görnüp, oňa adatdan daşary täzeligi habar beryär: ol öz göwresinde Hudaýyň Ogluny göteryär!"

Hemmelere gyzykly boldy. Bu taryh suduň zalynda Iona bolan zat bilen nädip baglanyşykly bolup bilýärkä? Tussaglar ünsli diňlediler.

Şeýle edip, Ion Meryýemiň taryhynyň üsti bilen Hoş Habary aýdypdyr. "Özüne Isanyň getiren bar şatlygy üçin Meryýem günleriň birinde Onuň haçynyň astynda durup, Oglunyň ezýetler çekip, bütin dünýäniň günäsi üçin ölşüni görmek bilen töleg tölemeli boldy. Hudaý Isany direltdi, şonuň üçin indi Isa göklerde Hudaý bilen bile höküm sürýär. Meryýem göklere baran badyna, özüniň ýene Isa bilen bile boljagyny we ebedi bagty görjegini bilýärdi".

Ionyň sözleri tussaglary örän biynjalyk etdi: "Biz sud hakda soradyk ahyry".

Ion olaryň ýüzlerine seredende, onuň ýüzi şatlyk hem asudalyk bilen şöhle saçdy. Ol: "Maňa ölüm jezasyny berdiler. Eýsem, bu ajaýyp täzelik dälmidir?" — diýdi. Ion Meryýeme perişdäniň getiren täzeliginiň edil şunuň ýaly süýjüli ajy bolandygyny bilýärdi. Ol özüniň ýerdäki görgüleri gutarandan soň, Isa garaşyşy ýaly, özüne-de göklerde şatlygyň garaşýanyny bilýärdi. Ol ebedi şatlyga we Reb bilen duşuşyga sabyrsyzlyk bilen garaşýardy.

Ençe medeniýetlerde ölüm — gadagan edilen temadyr. Köplenç adamlar özlerini öz ölüminiň gutulgysyzlygyndan gorajak bolup, köp zatlara taýýar bolýarlar. Biz "öldi" sözüni ulanmajak bolup, "bizi terk etdi", "bizden gitdi" diýen ýaly jümleleri ulanýarys. Biz: "Mende beýle zat hiç haçan bolmaýar" — diýip pikir edip, wesýetnama ýazmakdan ýa-da janymyzy ätiýaçlandyrmadan boýun towlaýarys. Bize ebedi ýaşlygy wada beryän önümlerini satmak bilen korporasiýalar baýlaşýarlar. Hudaý bize ölümi äsgermezilik etmegi teklip etmeýär, ýöne ony nädip kabul etmelidigi barada maslahat beryär. Meryýemiň ýanyna gelen perişde dymmady-da, onuň haçyň öňünde hasrat çekjegini özüne gürrüň berdi. Şeýle-de bolsa, onuň hasraty beýle çekerden çökder bolmazlygy üçin oňa Isanyň direljekdigine umyt berildi. Bize, mesihilere berlen Hudaýyň ebedi ýaşaýyş wadasy öz ölümimizi hakyky durmuş taýdan we batyrlyk bilen kabul etmäge kömek beryär.

"Emma perişdelerden az-kem pes tutulan Isa Hudaýyň merhemeti bilen her ynsan üçin ölümi dadar ýaly, gören ölüm görgüsi üçin şöhrat hem hormat täjiniň geýdirilenini görýäris".

Ýewreýler 2:9

107-nji gün

ADATY BOLMADYK

GORAG

RUSSIÝA: GEORGIÝ ŽELTONOŽKO

Georgiý Želtonožko öz ýurdunyň Isa Mesihiň Hoş Habaryny wagyz etmegi gadagan edýändigini bilýärdi, şeýle-de bolsa, onuň Rebbiň parzlaryny ýerine ýetirme baradaky pikiri gadagan edilmeden güýçli boldy.

Hut şonuň üçin Georgiý öýüniň bosagasynda milisiýa peýda bolanda, haýran galyp oturmady. Georgiý özüniň wagyz edýän edebiýatyny ýaýratma gullugy barada olaryň hökman biljekdigini bilýärdi. Onuň kazyýet işine garalma güni gelip ýetende, oňa hökümet tarapyndan döwletiň kommunist aklawçysy bellenildi. Georgiň kaza: "Men aklawçydan boýun towlaýaryn. Men özümiň mamladygymy bilýärin, dogruçyl adama bolsa, gorag gerek däl" — diýip, batyrlyk bilen aýdýar. Kazy Georgiýden: "Siz özüňiziň günälidigiňizi boýun alýarsyňyzmy?" — diýip sorady.

Sud edilýän: "Ýok. Hudaýyň söýgüsi hakdaky Hoş Habary ýaýratmaklyk her bir mesihiniň borjudyr" — diýip jogap berdi. Onda kazy oňa hökümetiň elinde oýnatgy gurjakdan başga hiç zadam bolmadyk "resmi ýygnagyň" agzasy bolmagy maslahat berdi. Georgiý boýun towlady. "Bu ýygnak Hudaýyň däl-de, döwletiň tabşyryklaryny ýerine ýetirýär" — diýip, Georgiý jogap berdi.

Kazy gaharlandy. "Siz sežde etmek üçin nirede ýygnanyşýarsyňyz?!" — diýip, ol gygyrdy. Georgiý: "Hakyky mesihi nirede bolsa-da, sežde edýär" — diýip jogap berdi. Georgiý Želtonožko üç ýyllyk azatlykda mahrum edilmä höküm edildi, ýöne türmede ol özüniň wagyz etme we Hudaýy şöhratlandyrma işini dowam etdirdi. Ol mamlady. Mamla adama bolsa, gorag gerek däl.

"Dogry iş et!" — häzir meşhur şygar. Ýöne muny edeniňden, aýtmak aňsat bolýar, sebäbi Hudaýyň nazarynda dogry bolan zat köplenç dünýäniň dogry hasaplaýan zady baradaky düşünjä garşy gelýär. Nämäniň dogrudygy, nämäniň nädogrudygy baradaky jedel ýygy- ýygydan klaslarda, ussahanalarda, kazyýetdäki işe garamalarda, hatda ýygnaklarda-da peýda bolýar. Adamlar bizi hakykata eglişik etmelidigine ynandyryp bilerler. Ýüze çykan ýagdaýda nämäniň dogrudygyny kesgitleýän ýeke-täk zat Hudaýyň Sözi bolup durýandyr. Köp ýagdaýlarda töweregimizdäki adamlar biziň eden saýlawymyza düşünip we onuň bilen ylalaşyp bilmeýärler. Ýöne Hudaý bizi dogry saýlawy etmäge taýýar bolandygymyz üçin sylaglamaga wada berýär. Ýagny bizi synlaýanlar biziň dogry hereketlerimizi görmelidirler.

"Ýoluňy Rebbe tabşyr, Oňa bil bagla;
Ol dilegiňi ýerine ýetirer. Ol seniň
dogrulygyňy nur kimin, haklylygyňy
günorta çagy kimin ýalpyldadar".

Zebur 37:5-6

108-nji gün

ADATY BOLMADYK OT

SIBIR: WIKTOR BELYH

“Isanyň meniň içimde ýakan ody sibirdäki buzlary eremäge mejbur etdi. Haleluýa!!”

Bu sözleri aýdanda, ýepiskop Wiktor Belyhyň ýüzi nur saçdy. Ol özi üçin öz ýüregini Hudaýyň ygtyýaryna nädip tabyn etmelidiginiň we Oňa hatda iň agyr ýagdaýlarda-da, hökümdarlyk etmäge nädip rugsat bermelidiginiň syryny açdy. Ol ýigrimi ýylyň dowamynda kommunistik Sowet Soýuzynyň ýekelikdäki kamerasynda ýigrimi ýylyň dowamynda görgi gördi. Şonda onuň ýanyna barmaga, hatda ýakynlaryndan we dostlaryndan hat almaga-da rugsat berilmedi.

Her agşam onuň kiçijik kamerasynyň poluna samandan edilen düşekçäni taşlaýardylar. Oňa ýedi sagat ýatmaga rugsat berýärdiler, soň bolsa, düşekçäni alýardylar. Galan on ýedi sagady ol özüniň kiçijik kamerasynyň içinde aýlaw edip ýöräp geçirýärdi. Şunuň ýaly akla sygmajak gazaply şertlerde ýigrimi ýylyny geçirenden soň, ony ýene buzuň hiç haçan eremeýän ýeri bolan Zapolýarýa dört ýyllyk zähmet lagerine goýberdiler. Ol diňe Hudaýyň oduna öz kalbyndaky öýkäni we gahary eretmäge rugsat berendigi sebäpli, aman galyp bildi.

Wiktor Belyhyň düşen ýagdaýy seýrek duş gelinýän ýagdaý, ýöne Isa Mesihe bolan söýginiň ýalny ejir çekýänleriň hemmesine elýeterdir. Isa Wiktor Belyhyň ýüreginde söýgi oduny ýakdy-da, ony Wiktory şol ýyllaryň dowamynda ýyladan Hudaýyň pejinde saklady.

Ot. Bu sözüň özi täsirli obrazlary döredýär. Bu söz adamdan doly binanyň içinde ýaňlananda, howpy aňladýar. Bu söz aýazly gijede tokaýda ýatanymyzda, özünde gowulygy jemleýär. Biz “ýalynly” söýgi hakda gürrüň edenimizde, güýçli duýgular bilen baglanyşykly bolýar. Ot magdany eredip, ony demre öwürýär. Ot ýagtylyk berýär we garaňkylygy ýok edýär. Bu obrazlaryň hemmesinde bir zat galýar: ot üýtgeşme bilen deňeşdirilýär. Ot bilen duşuşykda bolşy ýaly, Hudaý bilen duşuşyk hem, durmuşy üýtgedýär. Siz Mesihiň söýgüsi bilen bolan duşuşygyň özüňizi “ýakandygyny”, goldandygyny, arassalandygyny, köşeşdirendigini, iň soňunda-da, Wiktor Belyhda bolşy ýaly, sizi-de azat edendigini aýdyp bilersiňizmi? Adamlaryň zalymlygy hiç haçanam Hudaýyň söýgüsiniň ýalnyny söndürip bilmeýär. Sizde Hudaýyň söýgüsiniň ody ýaşaýarmy?

“Çünki Hudaýymyz ıýiji otdur”.

Ýewreýler 12:29

109-nji gün

ADATY BOLMADYK

AT-ABRAÝ

IÝERUSALIM: IAKOW PRAWEDNYÝ

Iakow Prawednyý Isa Mesih ölümden direlenden soň, täze döredilen ýehudy ýygnagynyň uly preswiteri boldy. Ol şeýle ýygy-ýygydan Hudaýa doga edipdir welin, dyzynyň derisi edil düýäniňki ýaly gaty hem gabarçakly bolupdyr. Iakow butparazlaryň içinde Pawlusyň gullugyny goldapdyr, ýöne özi ýehudylaryň içinde zähmet çekipdir.

Baş ruhany we beýleki dini ýolbaşçylar Iakowy ýygnananlaryň hemmesiniň öňünde Mesihden ýüz öwürmäge mejbur etjek bolup, ony ybadathananyň üçeginiň çüňkli gümmezinde goýupdyrlar. Iakow bu mümkinçiligi adamlara Hoş Habary ýene bir gezek yglan etmek üçin ulanypdyr.

"Hemmäňiz diňläň: Isa wada berlen Mesihdir, Hudaýyň Ogludyr we biziň Halasgärimizdir! Ol Hudaýyň sag tarapynda otyr. Ol dirileri hem ölüleri höküm etmek üçin ýene geler!"

Aşakda duranlaryň käbirleri Hudaýa alkyş aýdyp we Isanyň adyny şöhratlandyryp başladylar, beýlekiler bolsa, onuň batyrlygyna we ynamlylygyna haýran galdylar. Ol, dogrudanam, dogry adam! Ýöne Iakowy şobada aşaga itdiler. Ol, elbetde, kül-owram bolmalydy.

Mähelle demini alman diýen ýaly durdy. Birden, kimdir biri: "Serediň! Ol diri!" — diýip gygyrdy. Iakow kül-owram bolmandyr, ol dyza çöküp, doga etmegini dowam etdiripdir. Şol wagt fariseýler bilen kanunçylar daş alyp, ony daşlamaga başlaýarlar. Iakow daş ýagşynyň astynda: "Hudaýym, olary bagyşla, näme edýänlerini özlerem bilenok" — diýip gaýtalady. Mähelledäkilerem, Iakowy daşlajak bolup, daş alyp başladylar. Şol wagt ruhanylaryň biri olaryň öňüne ylgap çykyp: "Siz näme edýärsiňiz? Prawednyý biziň üçin Hudaýa doga edýär, siz bolsa ony daşlaýarsyňyz" — diýip gygyrdy. Ýöne yz tarapdan başga bir ruhany gelip, ullakan hasa bilen kellesine urup, ony öldürdi.

Biziň okaýan her bir taryhy wakamyzyň aňyrsynda belli bir ýagdaý dur. Bu ýagdaýyň kiçijik aýratynlygy we duýgusy ýitirilip bilner, ýöne olary wakada beýan edilen faktlar boýunça göz öňüne getirmek aňsat. Iakow Prawednyý baradaky gürrüň onuň şahsyýetiniň düýp özenini we Isa şaýatlyk etmesindäki aýgytlylygyny şöhlelendirýär. Ony gowy tanan adamlar onuň Mesihe wepalylygy hakda şaýatlyk etdiler. Ony tanamadyklar bolsa, onuň gaýduwsyz wagyzçy bolandygyny eşidipdirler. Onuň ölümi — bu Mesihe bolan yranmaz imanyň ýene bir şaýatlygydyr. Mesihiliginiň taryhy Mesihiň yzyna eýerijileriň wepalylygyny inkär edip bolmajak subutnamalar bilen tassyklaýar. Taryh siz hakda näme diýer? Geljekki nesiller siziň imanyňyz hakda nähili taryhy gürrüň bererler?

"Munuň üçin Hudaýyň islegi bilen görgi görýänler hem ýagşylyk edip, janlaryny dogruçyl Ýaradana tabşyrmalydyr".

1 Petrus 4:19

110-nji gün

ADATY BOLMADYK
SUWDA ÇOKUNDYRYLMA

SLOWAKIÝA: ANNA — MARIÝA

Ýaş slowak mesihi gyzy Anna — Mariýa özüniň gizlin ýygnakdaky gullugy üçin birnäçe aýyny türmede geçirdi. Ony yzygiderli bir otaga alyp gidýärdiler-de, beýleki mesihiler baradaky maglumaty almak üçin garawullar ýençýärdiler.

Hudaýyň merhemeti bilen Anna — Mariýa bu zatlara döz gelmek başartdy. Ol hatda bu wagty garawula Isanyň söýgüsi hakda gürrüň bermek üçin ulanmaga synanyşdy. Garawul gülüp: "Eger sen maňa özüňiziň "gizlin ýygnak" diýip atlandyrýan toplumyňyz barada aýtmasaň, men senden bar söýgini kakyp çykararyn" — diýdi.

Anna — Mariýa muňa: "Meniň dünýäde iň gowy bolan bir Dostum bar. Onuň Özi söýgüdir. Onuň söýgüsi lezzet almaga ymtylmaýar-da, adamlary şatlykdan doldurmaga çalyşýar. Şol Dostumy tanaýandygym üçin menem diňe söýüp bilýärin. Häzir sen ýigrenji söýýärsiň, ýöne men senden Söýgini söýmegi haýyş edýärin".

Garawul aşa gazaplanyp, gyzy şeýle bir güýçli urup başlady welin, ol huşundan gitdi. Gyz özüne gelende, garawulyň çuň oýa batyp oturanyny gördi. Soň ol tussag gyza seredip, ondan: "Seniň şol Dostuň kim?" — diýip sorady. Soň Anna — Mariýa oňa Isa we Onuň näme üçin gelendigi hakda oňa gürrüň berdi.

Garawul özüniňem Onuň bilen dostlaşyp bilýän ýa-da bilmeýänini sorady. Anna — Mariýa onuň toba gelmelidigini we suwda çokundyrylmalydygyny aýtdy. "Beýle bolsa, haýal etmän, meni suwda çokundyr, ýogsam, men seni ataryn" — diýip, garawul talap etdi.

Adamlar söýenlerinde, özleriniň bu duýgusyny gizlemeýärler. Olar şol duýgy hakda maşgalasyna, dostlaryna, goňşularyna we diňlemäge taýýar bolanlaryň hemmesine gürrüň berýärler. Olar söýgä şeýle çuň batyp, söýýäni hakda gürrüň bermän bilmeýärler. Edil şunuň ýaly, suwda çokundyrylma hem, Mesih hem Onuň Ýygnagy bilen birigýändigiň, Isanyň söýgüsi hakda köpçüligiň öňünde yglan etmegiňdir. Uly adamyň suwda çokundyrylmasy şu çärä gatnaşýanlaryň hemmesi üçin, hatda ýekeje kameradaşyň üçin hem, adamyň Mesihiň yzyna eýermäge taýýardygyny, şol eýerişiň bahasy her neneň ýokary bolsa-da eýermäge taýýardygyny, aňladýar. Mesihe bolan söýgimiz bütin dünýä Onuň wepalylygyny yglan etmäge bizi mejbur edýär. Siz näme? Özüňize hiç zat howp salmanda-da, özüňiziň Isa bolan söýgiňiz hakda töweregiňizdäkilere gürrüň bermäge mydama batyrlygyňyz ýetýärmi?

"Bu wakanyň nusgasyna görä, bedeniň kiriniň ýuwulmasy däl, eýsem, Hudaýyň huzuryna päk ynsap talaby bolan çokunmaklyk hem indi sizi Isa Mesihiň direlmegi arkaly gutarýar".

1 Petrus 3:21

111-nji gün

“Söýgi ejiz bolýan däldir. Ol ikitaraplylygy talap eýdär. Ol tabşyryk soraýar. Ol adamda ýaşaýan Mukaddes Ruhuň güýjüni görkezýär”.

Ruhy çopan Riçard Wurmbrand

112-nji gün

ADATY BOLMADYK
BATYRLYK

RUMYNIÝA: ENE WE GYZ

Türmede ejesi bilen bile oturan gyzjagaza hemmeleriň nebsi agyrdy. Hatda türmäniň başlygyda: "Gyzyňa nebsiň agyrsyn. Eger Mesihe bolan imanyňdan el çekseň, ikiňizem azatlyga çykyp bilýärsiňiz" — diýdi.

Elbetde, aýaly şübheler dalaýardy. Ony öz ýygnagynyň ruhy çopanynyň tussag edilenine garşy çykyp, garşylyk görkezeni üçin salypdylar. Ahyrsoňy ol çagany azapdan dyndarmak üçin ol imanyndan ýüz öwürmäge razy boldy. Iki hepde geçenden soň, kommunistler ony münberde on müňlerçe adamyň öňünde durup, köpçüligiň öňünde özüniň imanyndan ýüz öwürýänini aýtmaga mejbur etdiler. Öýlerine gelýärkäler, ýolda gyzy uzak wagtlap sesini çykarmady-da, soňam: "Ejejan, sen bu gün Isany gynandyrdyň" — diýdi. Ejesi bu zatlary özüniň gyzyna bolan söýgüsi üçin edenini düşündirjek bolýar. Kiçijik gyzjagaz ejesine seredip, öz ýaşyna mahsus bolan ynamlylyk bilen: "Eger biz ýene Isa sebäpli türmä gitsek, onda aglamajakdygyma söz berýärin" — diýdi.

Ene öz gyzy üçin buýsançdan dolup we öz ejizligine akyl ýetirip aglady. Ol Hudaýy çagyryp, kyn karara gelmekde özüne güýç bermegini sorap, münbere gaýdyp bardy-da: "Meni gyzym üçin imandan el çekmelidigime ynandyrdylar, ýöne gyzymdaky batyrlyk meniňkiden köp. Men öz aýdan sözlerimi yzyna alýaryn" — diýdi. Olaryň ikisem, türmä gaýdyp geldiler, kiçijik gyzam beren sözünde durdy.

Ýeşuwa bilen ysraýyllylar kyn ýagdaýa düşdüler. Olar Musanyň başlan zadyny dowam etdirmelidiler, Ýeşuwa hem, ysraýyllylary mundan beýläk alyp gitmelidi. Bu howpludymy? Gürrüňsiz. Ýeşuwa geljege ätiýaç bilen seredýärdimi? Hawa. Ýeşuwada özi bilen bile boljakdygy baradaky Hudaýyň wadasy bardy, bu hem oňa şol kiçijik gyzjagaza berşi ýaly, ynamlylyk berdi. Ýeşuwa-da, kiçijik gyzjagazam, özleriniň durmuşynyň iň başyndan özlerine Hudaýyň gerekdigine düşündiler. Hudaý bize batyrlyk hem Özüniň bizi hiç haçan terk etmejekdigine bolan düşünje bilen berkemeklige buýruk berýär. Paýymyza synaglar düşende, köplenç batyrlyk bizi terk edýär. Betbagtçylyga uçranyňyzda, Hudaýyň özüňiz bilen boljakdygy hakyndaky wada ynanma kararyna geliň. Tabyn hem batyr boluň.

"Men saňa şeýle buýruk berýändirin: dözümli hem mert bol! Gorkma we dowla düşme, çünki sen nirä gitseňde, nirede bolsaň-da, Hudaýyň Reb seniň bilendir!".

Ýeşuwa 1:9

113-nji gün

ADATY BOLMADYK MASLAHAT.

ALBANIÝA: WALERIÝ NAZARUK

Dünýäde özüni ateistik döwlet diýip yglan eden ilkinji ýurt bolan Albaniýada eline haç görnüşindäki tatuirowka etmäge gorkmany üçin ýaş mesihi tussag edildi. Waleriý ilkinji el gysyp salamlaşmada özüniň Hudaýa wepalydygyny her bir adamyň bilmegini isledi. Ol özüne Hudaýyň söýgüsi hakda adamlara gürrüň berme mümkinçiligini bermändikleri bilen ylalaşmady.

Sud wagtynda kazy Waleriniň ejesine: "Öz ogluňyza aýdyň, eger ol bu ýoluny taşlasa, onda azatlyga çykyp bilýär" — diýdi.

Ene gözlerini ýaşa dolduryp, bir pursat oýlanyp durdy-da: "Waleriý, öz ejeňe gulak as. Ine, meniň saňa berjek maslahatym: imanda batyrlyk bilen dur-da, Mesihi hatda ölüm jezasy üstüňe abansa-da, inkär etme" — diýdi.

Gizlin ýygnaga ýazan hatynda bu ene: "Men özüme gaty agyr düşse-de, suda bardym. Men özümiň oglumyň ýerini eýeläp bilmändigime gynanýaryn. Sudda menden Waleriýä öz garaýyşlaryny üýtgetmegi maslahat berenlerinde, meniň muny edip bilmänim meniň üçin iň agyr pursat boldy. Dünýä bizi, ene-atasyny, oglumyzyň höküm edilmeginde aýyplap, munuň biziň täsirimiziň netijesidigini aýdýar. Hatda birnäçe mesihilerem, meniň näme üçin beýle edenime düşünmeýärler, ýöne men Isa-da şeýle düşünmändiklerini bilýärin ahyry. Sustupeslik bilen göreşenimde, Petrusyň Isa Öz janyny halas etmegi maslahat berenini ýada salýaryn. Hemme zada döz gelmäge Hudaý maňa güýç berýär. Haýyş edýärin, meniň üçin Hudaýa doga ediň" — diýip ýazýar.

Hudaý bizi söýýär, şonuň üçin Onda biziň durmuşymyz babatda beýik maksatlar bar. Mesele beýlekileriň hemmesinde-de, biziň durmuşymyz babatda planlaryň bolmagyndadyr. Şeýle et. Beýle et. Ony synanyşyp gör. Muny synanyşyp gör. Maslahatçylaryň sözleri arzan hem köpsanlydyr. Ýöne sözleriň gymmat bolýan wagtlaram bolýar. Her gezek beýleki mesihilerden ýagdaýlaryň nähilidigine garamazdan, öz durmuşymyzda Hudaýyň çagyryşlaryna eýermelidigimizi eşidenimizde, özümiz bilen takwa adamyň gürleşýänini bilýäris. Galanlaryň hemmesi, gowy niýetli bolsa-da, erbet maslahatlardyr. Ruhy gollanma almak isläniňizde, siz kime gulak asýarsyňyz? Özüňiziň ýakyn dostuňyzdan eşiden soňky ruhy maslahatyňyzy ýada salyň we ýazyň. Siz şol maslahata gowy eýerýärsiňizmi?

"Men hiç haçan Rebbimiz Isa Mesihiň haçyndan başga bir zat bilen magtanmaryn. Ol haç arkaly dünýä maňa haça çüýlenendir, men hem dünýä haça çüýlenendirin".

Galatýalylar 6:14

114-nji gün

ADATY BOLMADYK
ÜNSI JEMLEME

HYTAÝ: ME LING

“Adamlaryň öňlerinde öz ýüregimi arassalap, men Hudaýy görmegi öwrendim”.

Me Ling özüni kommunistik Hytaýdaky mesihilik işi üçin tussag edenlerinde, örän ýaşdy. Sorag edilen wagtynda, özüniň gizlin ýygnakdaky dostlaryny satmagy üçin poliseýler ony gynadylar.

Ilki Me Ling örän gorkdy-da, özüni munuň ýaly eýmenç ýere Hudaýyň getirmeginiň maksadyna düşünmedi. Ýöne soň ol birwagtlar: “Hakyky gynalma bary-ýogy bir minut dowam edýär, soň bolsa biz özümiziň ajaýyp Halasgärimiz bilen ebedi bolýarys” — diýen ruhy çopanyň aýdanlaryny ýadyna saldy.

Munuň ýaly agyr wagtda nädip aklyny ýitirmän saklap bilendigini ondan soranlarynda, ol: “Gözlerimi ýumanymda, men adamlaryň gaharly ýüzlerini we meniň janymy agyrtmak üçin ulanýan gurallaryny görmedim. Men yzyny üzmän, Mesihiň Matta 5:8-däki: “Ýüregi päkler bagtlydyr, çünki olar Hudaýy görerler” — diýen sözlerini gaýtaladym. Men, şeýle hem, ýüregimi adamlaryň öňünde gorkudan arassalanymda, Hudaýy hakykatdan görmegi öwrendim. Maňa öz öňümde geçenleriň hemmesi batyrlyk berdiler, menem galan zatlaryň hemmesi ýok bolup başlaýança, bar ünsümi Onda jemledim. Türmeçiler meniň goragym hakda bilenlerinde, men gözlerimi ýumup bilmez ýaly, gabaklarymy skotç bilen ýelmäp goýdular. Ýöne olar gijä galypdylar, sebäbi men ol wagta çenli men öz öňümde Isany görmegi eýýäm öwrenipdim”.

Biz käri uly ünsi jemlemäni talap edýän adamlara guwanýarys. Kwalifisirlenen neýrohirurg bilen olimpiýaçy atleti umumy häsiýet birleşdiryär: olar ünslerini bir ýerde jemleýärler. Ünsi jemleme endigi akyldan, atletik çalasynlykdan ýa-da harizmadan artykdyr. Öz maksadynda ünsi jemlemeseler bu adamlar duranja akyllylar, sportiw ýa-da gowy bolan ýagdaýynda gyzykly adamlar bolardylar. Olaryň üstünlikleri, esasan hem, özleriniň ünsi jemläp bilme ukybyna baglydyr. Ýerdäki zatlarda ünsi jemlemek bilen ýerdäki üstünlige ýetip bolýar, ýöne bakyýeti näme etmeli? Dünýädäki geçip barýan zatlarda ünsi jemläp, siz maksady elden giderýärsiňiz. Ünsüňizi we güýjüňizi Mesihde we Onuň Hoş Habaryny ýaýratmakda jemländigiňize göz ýetirmek üçin siz bu gün siz näme edip bilersiňiz?

“Ünsüňizi Ýerdäki däl-de, Gökdäki zatlara gönükdiriň”.

Koloseliler 3:2

115-nji gün

ADATY BOLMADYK HATLAR

GRUZIÝA: ADATY BOLMADYK ZYNJYR

“Gruziýanyň ýaşlary” sowet gazeti üç sany mesihini türmä salandyklaryny habar berdi. Olaryň jenaýaty Sowet Soýuzynyň halkynyň arasynda Isa Mesihiň taglymatyny ýaýratma maksady bolan Hoş Habary ýaýratma zynjyryny gurnamakdan ybaratdy.

Mukaddes Kitaby we mesihilik edebiýatyny çap etmäge mümkinçiligi bolmandygy sebäpli, bu mesihiler hoşhabarly hatlaryň köp sanly nusgalaryny iberip, olary alanlardan ony göçürip başgalara iberme kararyna gelipdirler. Hoş Habary ýaýratmanyň şunuň ýaly oýlanylyp tapylan usulynyň kömegi bilen müňlerçe hatlar Sowet Soýuzynyň köp welaýatlaryna baryp ýetdi. Olar çagalara aýratynam ýarady, sebäbi olara ýygnaga barmak gadagan edilipdi. Munuň ýaly hatlar bolsa, olaryň mesihilik biliminiň aýrylmaz bölegi bolupdy.

Mundan başga-da, bu hatlar şol agyr wagtda tutuş ýurduň mesihileriniň imanyny saklamaga kömek edipdi. Ýaşlar täze hem batyr bir zada taýýardylar. Olar hemmeleriň Hudaýyň söýgüsi hakda bilmegini çyn ýürekden isleýärdiler, şonuň üçin çäklendirilmelere garamazdan, olaryň eden ajaýyp ýönekeý hereketi Hoş Habaryň bütin Tbilisä, hatda ýurduň beýleki sebitlerine-de ýaýramagyna kömek etdi.

Makalanyň awtory arz edip: “Mesihiler öz hatlary bilen biziň şäherimizi doldurdylar” — diýdi. Ýönekeý haty başga birine ýazyp ibermegiň haýyşy bolan hatyň uzaklara gidýän netijeleriniň bardygyny kim öňünden aýdyp bildikä?!

Mesihilige garşy 75- ýyllap zalymlyk bilen seredendigine garamazdan, sowet hökümeti bu hatlarda howpy gördi. Ine, Hudaýyň Sözünde nähili güýç saklanýan eken. Ezilmeleri adam güýji bilen aýyrmak mümkin däl. Duýgudaşlyk edileni bilen yzarlamalar ýumşamaýar. Bular diňe mesihileriň ýüreklerinde ýaşaýan we hereket edýän Hudaýyň Sözüne tabyn bolýarlar. Hudaýyň Sözünde jemlenen güýçden ýaňa şeýtan sandyraýar. Siz Hudaýyň Sözüniň güýjüne duşmanlarymyzyň ynamly bolşy ýaly derejede ynamlymy? Eger siz Ýazgyny okanyňyzda, birwagtdan bäri titreme duýmaýan bolsaňyz, Hudaýdan özüňize ýene bir mümkinçiik bermegini soraň. Ondan size Öz güýjüni görkezmegini soraň we durmuşyňyzda Sözüň hereketini synlaň.

“Ýa Reb, Seniň sözüň göklerde ebedilik berkidilendir”.

Zebur 119:89

116-nji gün

ADATY BOLMADYK
MEÝLETIN ADAM

HYTAÝ: KWANG DOGAN

Hytaý türmesiniň garawullary fabrikdäki köpsagatlyk surnukdyryjy işden soň, kimdir biriniň hajathanany arassalamaga meýletin seslenmegini talap etdiler. Tussag aýallaryň hijisi isleg bildirmedi.

Ine, Kwang dogan öňe çykyp, hapa işi etmäge razy boldy. Bu işde ol başga ýagdaýda hiç wagt görüp bilmejek aýallaryna öz imany hakda gürrüň bermäniň ajaýyp mümkinçiligini gördi. Bu türmede geçiren ýyllarynyň dowamynda Kwang dogan ýüzlerçe aýaly Mesihe getirdi.

Kwangyň özüni Hudaýa berendigi ony tanaýanlaryň hemmesine görnüp durdy, ýöne onuň wepalylygy köp synaglardan geçmeli bolupdy. Türmä gelmezinden öň, Kwang adamsy bilen Hytaýa syýahat edip, kiçijik öý ýygnaklaryny gurnaýan hoşhabarçylar toparlaryny döretdiler.

Kommunistik hökümet Kwangyň edýän işi hakda bilende, onuň on iki ýaşly ogluny öler hala çenli ýençdiler. Ýöne bu betbagtçylygam, özüniň türmä salynmasam, bu dogany Mesihden ýüz öwürmäge mejbur etmedi. Şonuň üçin ol azatlyga çykandan soň, öý ýygnaklaryny ösdürme işini dowam etdirdi.

1974-nji ýylda kommunistler gizlin ýygnagyň agzalarynyň indi ony atlandyryşlary ýaly, "Kwang enäniň" üsti bilen mesihileriň hemmesine temmi bermegi karar edindiler. Kwangy ömürlik tussaglyga höküm edip, hajathanaň ýerine bedresi bolan ýerzeminde ýerleşdirdiler we diňe hapa tüwi bilen naharladylar.

On ýyl tussaglykda bolandan soň, ol gudrat bilen azatlyga çykdy. Ol mydama türmede bolan ýyllaryna sowgat — Mesihiň söýgüsini paýlaşmaga berlen aýratyn mümkinçilik hökmünde garady. Eger şu mümkinçilik bolmadyk bolsa, onda ol adamlar bu söýgi hakda asla eşitmezdiler.

Meýletin başlangyçlarda işlemeklik birnäçe adamlar üçin professional iş diýen ýaly boldy. Olar öz çagalarynyň okaýan mekdeplerinde çagalar üçin agşamlar geçirmek bilen kömek edýärler, mekdebiň sport komandalaryny meýletin türgenleşdirýärler. Az derejede özüne çekýän işe meýletin bolup çykmaklyk kynrak bolýar. Köplenç meýletinleri tapmak kyn bolýar. Garrylar öýleri, çagalar öýleri we mätäçlere seredilýän öýler köp adamlaryň özleriniň boş wagtyny geçirmek isleýän ýerleri däldir. Erbet yslar, sustuňy basýan atmosfera we başga amatsyz şertler meýletinleriň höwesini ýatyrýar. Ýöne siz nähili pikir edýärsiňiz, Isa Öz wagtynyň aglaba bölegini nirede geçirerdi? Meýletinler talap edilýän islendik iş gerekdir we hormatlydyr, ýöne töweregiňize ünslüje serediň, az ýörelen ýol we has kyn durmuşly adamlar bilen gatnaşyk düşmeýärmi? Şonuň üçin şunuň ýaly ýagdaý duş gelende, ilkinji bolup seslenmäge çalşyň.

"Söz bilen ýa iş bilen näme etseňiz, baryny Reb Isanyň ady bilen, Ol arkaly Ata Hudaýa şükür edip berjaý ediň".

Koloseliler 3:17

117-nji gün

ADATY BOLMADYK
AUDITORIÝA

RUMYNIÝA: RUHY ÇOPAN RIÇARD WURMBRAND.

Ruhy çopan Riçard Wurmbrandy ýeke oturylýan kamera ýerleşdirenlerinde-de, ol göze görünmeýän auditoriýa wagyz etmegini dowam etdirdi.

Gudrat bilen azatlyga çykyp, ahyrsoňy, Birleşen Ştatlara gidenden soň, ruhy çopan Riçard Wurmbrand türmede başdan geçiren zatlarynyň hemmesi barada we ýekelikdäki kamerada düzülen we ýat tutulan wagyzlar hakda birnäçe kitap ýazdy. Birnäçe ýyl geçenden soň ol hat aldy:

"Hormatly ruhy çopan Riçard Wurmbrand!

Men abadan maşgalada ulaldym, ýöne Hudaýy terk edip gitdim. Wagtyň geçmegi bilen men bu ýere, Kanadanyň türmesine düşdüm. Men Hudaýa dolanyp barmak isledim, ýöne nähili etmelidigini bilmedim, şol sebäpdenem, men doga edip: "Hudaýym, eger ýer ýüzüniň bir ýerinde, men ýaly, ýene bir ýalňyz tussag bar bolsa, haýyş edýärin, onuň näme hakda pikir edýändigini maňa bildir" — diýip, Hudaýa doga etdim. Şonda men özümiň arkaýyn garaşmalydygymy, Hudaýyň maňa jogap berjekdigini aýdan içki sesi eşitdim.

Gudrat bilen men her gije uzak bir ýerlerden gelýän ýaly bolup eşidilen wagyzlary eşitdim. Men toba geldim. Türmeden azatlyga çykanymdan soň, men mesihilik dükanynda tötänden siziň "Ýekelikdäki kameradan çykan wagyzlar" atly kitabyňyzy gördüm. Men şobada bu kitapda özümiň türmede eşiden wagyzlarymyň hemmesiniň ýerleşdirilendigine düşündim! Şol wagyzlary okanyňyz üçin size köp sag bolsun aýdýaryn!"

Ruhy çopan Wurmbrand dürli ýurtdan şol bir zat diýen ýaly gürrüň berilýän iki hat aldy. Hakykatdan, perişdeler bu wagyzlary Rebbe nalasyny ýetiren adamlara ýetirdi.

Mesihiler özlerinde imanyň ýoklugy sebäpli, perişdeleri işsiz goýýandyklaryny aýdýarlar. Biz köplenç gurply durmuşda ýaşamak we wagtal-wagtal ak pata alýandygymyz bilen kanagatlanýarys. Emma Hudaý bize garaşýanymyzdan köpräk bermek isleýär. Ol bize gowy, hatda iň gowy zatlary bermek isleýär, ýöne Ol durnuksyz iman bilen soraýan adamlara Özüniň iň gowy ak patalaryny bermän goýdy. Hudaý şeýle-de bilýän bolsa, biz näme üçin Ondan soramalymyşyk? Biz özümiziň Hudaýa baglylygymyzy görkezmek üçin iman bilen soramalydyrys. Siz soňky döwürde Hudaýyň özüňize beren zady bilen kanagatlanyp oturdyňyzmy? Beýle bolsa, imandan dolup, iň gowy zady soraň. Durmuşyňyzda Hudaýdan gelýän iň gowy zatdan başga, hiç zat bilen ylalaşmaň.

"...gazanmaýarsyňyz, çünki dilemeýärsiňiz".

Ýakup 4:2

118-nji gün



“Eger tutuş adamzat dogry adamlardan ybarat bolup, diňe bir adam günäli bolan bolsa, onda Mesih şol haçda bu ýekeje adam üçin hem görgi görmäge gelerdi. Ol her bir adamy aýratynlykda şu derejä çenli söýýär”.

Bagtyýar Awgustin

119-nji gün

ADATY BOLMADYK

“GORKAK”

TARSUS: ÝAHÝA — MARKUS

“Ol biziň bilen gitmez — diýip, Pawlus nygtady. — Ol — gorkak we gulluk üçin peýdasy ýok”.

Barnabas: “Belki, sen onuň üstüne atanak çekensiň, ýöne Hudaý çekmedi” — diýip jogap berdi.

Pawlus nygtamagyny dowam etdirdi: “Barnabas, sen meni mejbur edip bilmersiň. Men ýanyma diňe özümiň bil baglap biljek adamlarymy alýaryn. Iman ýaýratma syýahatynda oňa orun ýokdur”.

“Beýle bolsa, menem gitmerin. Seniň özüň karara geldiň. Hudaý saňa bu syýahat babatda nesihat berdi. Gel, parahatçylyk bilen aýrylyşaly. Ýygnak senden gorkýan wagtynda, Hudaýyň rehimi bilen men seniň ýanyňa baryp, ýygnaga seniň Hudaýyň Patyşalygy üçin beýik işleri etjekdigiňi görkezdim. Hudaý şonuň ýaly çagyryşy Ýahýa — Markus üçinem taýýarlady”.

Pawlus oýa batdy: “Goý, şeýle bolsun. Belki, meniň özüm muňa ynanmasam-da, sen mamlasyň, köne dostum ”. Pawlus bilen Barnabasyň ýollary şeýdip bölündi.

Şeýlelikde, Pawlus bilen Ýahýa — Markus rim türmesinde bile oturdylar. Şeýdip, Pawlus özüniň ýaş dostunyň, Mesihiň hyzmatkäriniň, hakyky mertebesini gördi. Ýahýa — Markus Markusyň Hoş Habaryny ýazdy. Ol Pawlus bilen günde türmede azap göreninde gorkak bolmady. Hatda ondan agyr wagtlarda-da, Markus ýolundan dänmedi. Muny Pawlus ölmezinden birazajyk wagt öňräk, Timoteosa ýazan hatynda tassyklady.

(Resullaryň işleri boýunça 15:35–41, we 2 Timoteos 4:11).

Hudaý iki hakykatyň birini görkezmek üçin bize kyn ýagdaýlary tiz-tizden görkezýär. Ol öz ruhy ösüşimizde näçeräk uzaga gidendigimizi özümize görkezmek üçin synaglary goýberýär ýa-da ösüşimizde özümiziň ýene haýsy ulgamlara mätäçdigimizi görkezmek üçin durmuşymyzda kynçylyklaryň bolmagyna ýol berýär. Ýahýa — Markusyň göze görnüp duran gorkakdan Mesihiň wepaly yzyna eýerijisine öwrülmegi bize ruhy ösüşiň prosesdigini görkezýär. Biz özümiziň öňki şowsuzlyklarymyzy ýada salyp, güýçlüräk bolmandygymyza gynanyp bileris. Ýöne geçmişdäki işler geljegimize otrisatel täsirini ýetirmeli däldir. Belki, Markus ýaly, size-de, özüňiziň Mesihe wepalylygyňyzy görkezmek üçin ýene bir mümkinçilik gerekdir? Ruhy taýdan ösmäge kömek edýän mümkinçilikler üçin doga-dileg ediň.

“Markusy alyp gaýt. Hyzmatymy ýerine ýetirmekde maňa kömegi deger”.

2 Timoteos 4:11

120-nji gün

ADATY BOLMADYK
WAGYZ

HYTAÝ: IKI MESIHI GYZ

“Olary atsaň, biz seni öldürmeris!”

Hytaý türmesinde ruhy çopan kommunistler bilen ylalaşyk baglaşdy, ýöne olaryň öňlerinde duran iki mesihi gyz özleriniň imanyndan ýüz öwürmekden çürt-kesik boýun towlady. Bu eýmenç wakany gören başga bir tussag olaryň ýüzleriniň solgundygyny, ýöne adatdan daşary ajaýypdygyny, tükeniksiz gaýgylydygyny, ýöne eýjejikdigini gürrüň berdi. Olar Mesihden ýüz öwrenlerinden, ölüme gitmäge taýýardylar.

Ruhy çopan özüni aklap: “Biziň üçümize ölmek nämä gerek? Eger men sizi öldürsem, olar meni azatlyga goýberýärler, menem gidip, ýygnaklar bilen işimi dowam etdirip bilýärin” — diýdi. Gyzlar ýuwaşjadan: “Siz bizi atmazyňyzdan öňürti, biz size özümiz üçin eden zatlaryňyzyň hemmesi üçin minnetdarlyk bildirmek isleýäris. Siz bizi Mesihe getirdiňiz, suwda çokundyrdyňyz we bize Mukaddes Çörek döwmäni öwretdiňiz. Goý, Hudaý size eden zatlaryňyzyň hemmesi üçin ak pata bersin. Siz bize mesihileriň käwagt ejizlik edip, gorkunç günäleri edýändiklerini, şeýle-de bolsa, bagyşlama alyp bilýändiklerini öwretdiňiz. Eger siz bize etjek zadyňyza Ýahuda ýaly ökünseňiz, gaýgylanmaň-da, Petrus ýaly toba ediň. Ýatda saklaň, biziň soňky pikirimiz ýigrenç bilen gahar hakda bolmaz-da, söýgi hem bagyşlama hakda bolar. Biz kyn pursatlary başdan geçirýäris, ýöne şatlyk bilen ölýäris” — diýip jogap berdiler.

Şeýle-de bolsa, ruhy çopanyň ýüregi eýýäm gatapdy, şol sebäpdenem, ol gyzlary atdy. Mundan soň derrew kommunistler onuň özünem atdylar.

Özlerine gutulgysyz ölümiň garaşýandygyny bilýän adamlarda öz dostlarynyň ýanyna, maşgalasynyň arasyna gaýdyp barma pikirini etmäge, amala aşmadyk arzuwyny ýada salmaga meýilli bolýarlar. Käbirleriniň gözleriniň öňünden tutuş durmuş geçýär. Emma agyr dönüklikden — özleriniň dosty hasaplaýan adamynyňelinden— wepat bolanlara munuň ýatlama mahsus bolmasa gerek. Şonuň ýaly dönük dosta bolan gahary, gazaby we ýigrenji doly ýerlikli hasaplamak bolar. Biz bagyşlamalymy? Mesihiler hökmünde biz islendik ýagdaýda, hatda ölüm bilen ýaşaýşyň arasyndakagam, bagyşlama sowgat etmelidiris. Şu wakadaky gyzlaryň dönüklige bolan garaýşy ýaly, siziň hem dönüklige bolan garaýşyňyz netijeli wagyz bolup biler. Siziň bagyşlama saýlawyňyz nädip ýakynlaryňyza Isa tarap barýan ýoly görkezip bilýär?

“Biri-biriňize mähriban, gamhor boluň, Hudaýyň sizi Mesihde bagyşlaýşy ýaly, siz hem biri-biriňizi bagyşlaň”.

Efesliler 4:32

121-nji gün

ADATY BOLMADYK
GALKAN

PÄKISTAN: TAGIR IKBAL WE RAÝMOND LULLI

“Men siziň ýüpüňizi ogşaýaryn we öz imanymdan ýüz öwürmeýärin!” — diýip, Tagir Ikbal gygyryp aýtdy. Esgerler ysmaz bolan ruhy çopany oturan kürsüsinden göterip turuzdylar-da, boýnuna halka edilen ýüpi atdylar. Häzir ol göklerde Mesih bilen bolup ýör.

Päkistanly ruhy çopan Raýmand Lulliniň öýüniň ýanynda tüpeň sesi eşidildi. Ok onuň ýanyndan geçip, kürsiniň aňyrsyndaky diwara baryp girdi. Ol bu musulman ýurdunda Mesih hakda gürrüň bermegi üçin sowgat beren ýene bir güni üçin Hudaýa minnetdarlyk bildirdi.

Raýmond Lulli Oksford uniwersitetindäki asuda professorlyk kärini goýup, ömrüniň aglaba bölegini Hoş Habar ugrunda görgi görüp, Päkistanda geçirdi. Ol: “Bir wagtlar men diýseň baý bolup, durmuşyň ajaýyplyklaryndan lezzet aldym. Ýöne hakykat baradaky bilimi ekmek üçin mümkinçilik bolar ýaly, men bu zatlaryň hemmesini şatlyk bilen goýdum. Men türmelerde oturdym, meni gamçyladylar... indi men garry hem garyp, ýöne men ruhdan düşemok. Eger Hudaýyň islegi bolsa, onda men bu işimi ölýänçäm dowam etdirmäge taýýar” — diýip ýazýar.

Tagir bilen Raýmond ýaly mesihilerde “iman galkany” düşünjesine üýtgeşik düşünmeklik bar. Olar özlerini Hudaýyň görgülerden hökman goramaly däldigine, eger görgüleri görmek zerur gerek bolsa, onda Onuň özlerine batyrlyk berjekdigine düşünýärler. Iman galkany olara agyr, hatda käwagt ölüm derejesine çenli howply bolan ruhy göreşi Mesihiň hatyrasyna ýer ýüzünde, şu ýerde, dowam etdirmäge aýgytlylyk berýär.

Birinji asyryň esgeriniň söweş esbaby bir elinde tutýan galkandan we beýleki elinde tutýan gylyçdan ybaratdy. Ěsger galkan bilen duşmana ýakynlaşyp, gylyç bilen bolsa, ony öldürip bilýärdi. Özümiziň ruhy söweş üçin gerek bolan esbabymyz hakda gürrüň edenimizde, öz “iman galkanymyzyň” bir burçda tozan basyp ýatandygy ýa däldigi hakda oýlanýarys. Hudaýyň “iman galkanynyň” kömegi bilen üpjün edýän goragynyň astyndan çykanymyzda, duşmanyň hüjümlerine ejiz bolýarys. Imansyz gorkudan we sustupeslikden gaça durmak mümkin däldir. Biz Hoş Habary gylyç hökmünde ulanmagy bes etdirýäris. Ýaşaýan ýa-da işleýän ýeriňizde Hoş Habary ýaýratmakdan sizi näme saklaýar? Size öz iman galkanyňyzy nirede götermek zerur?

“Bularyň ählisiniň üstesine-de, iman galkanyny ele alyň! Onuň bilen şeýtanyň bütin otly oklaryny öçürmegi başararsyňyz”.

Efesliler 6:16

122-nji gün

ADATY BOLMADYK
REHIMDARLYK

RUMYNIÝA: RUHY ÇOPAN RIÇARD WURMBRAND

Ruhy çopan Riçard Wurbmrand tussaglaryň mähellesiniň içinden geçip, poluň üstünde gymyldaman oturan başga bir ruhy çopanyň ýanyna bardy. Ony şu wagtjyk kamera taşladylar. Ol gaty erbet ýenjilipdir. Wurmbrand onuň bu gije ýaşajak ýa ýaşamajagyny bilmeýärdi.

Ruhy çopan Wurmbrand söýgi hem duýgudaşlyk bilen ýenjilen ruhy çopanyň ýanynda dyza çöküp durdy-da: "Doganym, sen: "Atam, olary bagyşla!" — diýen dilegi edip bilýärsiňmi?" — diýip sorady.

Ol adam özüniň çişen, ýaralanan ýüzüne elini degrende, agyrydan ýaňa tisginip: "Başaramok" — diýip ýuwaşja aýtdy.

Wurmbrand bu adama duýgudaşlyk bildirjek bolan wagtynda, ol birden ýene gürläp başlady. Ol gözlerini ýaşdan dolduryp: "Meniň doga-dilegim: "Atam, olary bagyşla" däl-de, "Atam, olary-da, meni-de, bagyşla" dogasydyr. Eger men has gowy ruhy çopan bolan bolsam, onda gynaýjylaryň arasynda imana gelenler köp bolardy" — diýip, sözüni dowam etdirdi.

Ýaralanan ruhy çopan özüni gynaýjylary Mesihe getirme mümkinçiliginiň ýitirilenine gaty gynandy. Ruhy çopanlaryň ikisi bir gün tussag edilip, özüni mesihi hökmünde atlandyrýan hukuk goraýjy organyň agzasy tarapyndan rehimsizlik bilen ýenjilen kommunistik ýaşlar soýuzynyň agzasy hakdaky wakany ýatladylar. Bu ýagdaý ýigidiň galan ömrüne ýüregini Mesihe garşy gatatdy. Şeýle etmek bilen adamlary imana getirme mümkinçiligi bolan adamyň şol mümkinçiligi ýitirildi-de, ol Rumyniýanyň diktatory boldy. Onuň ady Nikolaýe Çauşesku. Hut şol hem, geljekde sansyz-sajaksyz mesihileri, şol sanda Wurmbrand bilen onuň bu ýenjilen doganyny hem, gynamakda jogapkär bolupdy.

Ýitirilen mümkinçiliklere gynanyşymyz ýaly, hiç zada-da güýçli gynanmarys. Durmuş ýitirilen mümkinçiliklerden köplenç doly bolýar: biz çaga dogurmaga, roždestwo şapagyny garşy almaga, öýümize barýan soňky otla münmäge ýetişmeýäris. Ýöne bakyýet üçin kimdir biriniň durmuşyny üýtgetmäge berlen mümkinçiligi ýitirmekligi hiç zat bilen deňeşdirip bolýan däldir. Biz awtobusda öz ýanymyzda oturan adaty ýaly bolup görünýän adamyň mesihiliginiň taryhynda nähili roly oýnajagyny bilip bilmeýäris. Wah, biz onuň bilen gürleşen bolsadyk! Siz öz geçmişiňizde kimdir biri bilen Hoş Habary paýlaşma mümkinçiliginiň gaty köp ýitirilendigini hasaplap bilersiňiz. Ýöne siz başgalara Mesih hakda gürrüň bermäge günde peýda bolýan mümkinçiiklerden peýdalanyp, dünýäniň we özüňiziň geljegiňizi üýtgedip bilýärsiňiz.

"Pursatdan peýdalanyp, özüňizden bolmadyklar bilen paýhasly boluň".

Koloseliler 4:5

123-nji gün

ADATY BOLMADYK
ÖZÜŇI GAÝGYRMAZLYK

HYTAÝ: LÝU SÝAOBA

Lýu Sýaobo kamerada bolan wagtynda, ýurduň kommunistik ezijileriniň günäleri we ýygnaklary hakda pikir edende gaharlanýardy. Týananmen meýdanyndaky — paýtagtyň baş meýdanyndaky — garşylyk bildirme aksiýasynyň ýolbaşçysy bolanda, ol hytaý ýygnagynyň döwlet tarapyndan öz üstüne ýüklenilen borjy çäklendirmelerden azat bolmagy üçin ýürekden doga-dileg edipdi. Ol Hudaýyň merhemetli söýgüsini yglan etmek bilen parahat mesihileriň kommunistleri ýeňşini göz öňüne getiripdi. Emma hemme zat beýle bir şatlykly gutarmady.

Ol öz dostlarynyň imanda batyrlyk bilen duruşlarynyň, olara biri-biriniň yzyndan gazaply ajy soňunyň garaşýanynyň şaýady boldy. Indi bolsa, onuň özüni yzarlap tapyp tussag edipdiler. Hudaý munuň ýaly ýamanlygyň agdyklyk etmegine nädip ýol berip bildikä? Olaryň eden tagallalary adam pikiri boýunça getirmeli bolan netijelerine alyp barmady. Ol gaharlydy, ýöne soňrak Rebbiň goýberen başga bir mesihisiniň, öz kameradaşynyň, üsti bilen goldaw aldy. Onuň bilen bolan söhbetdeşlikden soň, öz günäsine düşünen Lýu Sýaobo: "Günä duýgusy bolan adam nädip Hudaýyň sesini eşidip biler? Günäli işleri edýän kommunistler bilen göreşmegiň deregine, men janymy orta goýmaly bolsa-da goýup, özümi olary Mesihe getirmeklige bagyş etmeli ekenim. Men özümi kommunistlere bolan söýgä bagyş etmeli. Eger men şeýle etmesem, onda belende çykmanyň deregine, biziň hemmämiz uçudyň düýbünde galarys" — diýip ýazýar.

Adamlar özleriniň durmuşyny Mesihe bagyş eden batlaryna, durmuşy derrew ýeňil bolar diýip pikir edýärler. Hemme zat özleriniň garaşyşy ýaly bolanda, olar muňa bolmaly zat ýaly garaýarlar. Olar "Hudaýyň islegini ýerine ýetirýärler" ahyry, şeýle dälmi? Näme üçin olaryň başlangyçlary şowsuzlyga uçramalymyşyn? Ýöne tizara durmuş ýeňil bolmagyny bes edýär. Hudaýyň çagalary özleriniň imany üçin hatda fiziki agyrynyda çekip bilerler. Mesihi bolma kararyna gelenimizde, biz Mesihde duşmanyň beýle köp ekendigini görýäris. Isa Öz ady sebäpli, bizi ýigrenjekdiklerini öňünden aýdypdy. Duşmanlarymyz tarapyndan yzarlanmalara seredişimiz biziň Mesihe näderejede meňzeşdigimizi görkezýär. Siz duşmanlaryňyzy söýüp, şol söýgini olaryň gutulmagy üçin doga-dileg etmek bilen tassyklamaga taýýarmysyňyz? Siz olara Mesih hakda gürrüň bermäge taýýarmy? Eger biz özümizi ezijilere Mesihi wagyz etmesek, muny biziň deregimize kim eder?

"Özüňize gargaýanlar üçin ýagşylyk diläň, özüňizi ynjadýanlar üçin Hudaýa doga okaň".

Luka 6:28

124-nji gün

ADATY BOLMADYK
GARŞYDAŞLYK

RUSSIÝA: KLAWDIÝA WASILÝEWNA

Sowet guramalarynyň dokumentleri Butowoda, Moskwanyň eteginde, 200 adamdan toparlara bölünip, 44 müň adamyň gizlinlikde atylanyny tassyklaýar. Şol gan dökülişik wagtynda, bir gezek Klawdiýa Wasilýewna mesihilik imany üçin atylyp, tapdan düşen bir aýala gapysyny açýar. Ol aýal esgerler indiki topary atmak üçin gidenlerinde, çukurdan çykyp bilýär. Ol özüni gizlemegi Klawdiýadan ýalbaryp soraýar.

Klawdiýa gorkup, beýle etmekden boýun towlaýar. Ol aýalyň ýene bir ölüm hökümine gol çekip, gapyny ýapyp, ony daşarda galdyrýar. Şondan soňky elli ýylyň dowamynda Klawdiýa şol aýalyň keşbini ýadyndan süpürip aýryp taşlamaga çalyşýar.

Klawdiýadan tapawutlylykda rumyn gizlin ýygnagynyň agzalary sowetleriň ýesirliginden gaçan iki nemes esgerine kömek etmek bilen ýüreklerinde parahatlygy sakladylar. Iki nemes esgeri ruhy çopan Riçard Wurmbrandyň ýygnagyndan gaçybatalga soradylar. Ikinji jahan urşunyň ahyrynda, Rumyniýada faşistik Germaniýanyň — Rumyniýanyň öňki soýuzdaşynyň — zalym hökümdarlygy berkedi. Rumyniýa Gyzyl goşun girende bolsa, nemesleri ýesir aldylar. Nemeslere kömek etmäniň we gizlemäniň jezasy atuwdy.

Esgerleriň eginlerinde entegem nemes geými bardy. Gaçany üçin olara atuw jezasy howp salýardy. Ýygnak agzalarynyň maşgalalary olary howandarlygy astyna aldylar, sebäbi olaryň işi höküm etmek däldi-de, ölüm howpy astynda bolanlara kömek etmekdi. Olar özleriniň deregine Isa bolan bolsa, Onuňam şeýle etjekdigini bilip, Germaniýanyň çagalaryna kömek ellerini uzatdylar.

Mesihiler beden gynalmalary bilen kalbyň gynalmasynyň arasynda saýlaw etmeli bolýarlar. Bu ýerdäki kynçylyklar bilen ebedi tobanyň arasyndaky saýlawdyr. Adaty bolmadyk mesihiler dünýä bilen şunuň ýaly gapma-garşylyklarda ýaşaýarlar, şonuň üçin dünýäniň olara düşünmegi kyn bolýar. Olaryň durmuşyndaky ýagdaýlaryň duýdansyz bolýan wagtlary seýrek bolmaýar. Hatda özümiziň asuda durmuşymyzda-da, biz adaty bolmadyk batyrlygy talap edýän saýlawy etme zerurlygyna duş gelýäris. Biz bakyýetde Hudaý bilen bolmakdan ýerdäki abadançylygy ileri tutýarysmy? Biz özümize gögi gazanmaklygy berýän ýerdäki durmuşa töwekgelçilik etmäge gaýrat edip bilýärismi? Öz erkiňizde bolman, sizden batyrlyk talap edýän ýagdaýlara düşeniňizde, Hudaýdan kömek soraň. Size dogry karara gelmek gerek bolan pursatynda Ol sizi zerur bolan akyldarlykdan doldurar.

"Her bir zady hüňürdemän, zeýrenmän berjaý ediň. Şonda siz egri we azgyn nesliň arasynda edil älemdäki ýyldyzlar dek parlaýan, Hudaýyň aýypsyz, päk we müýnsüz çagalary bolarsyňyz".

Filipililer 2:14-15

125-nji gün



“Çünki Mesihiň hatyrasyna Oňa diňe iman getirmek däl, eýsem, Onuň ugrunda görgi görmek hem size berlendir”.

Filipililer 1:29

126-nji gün

ADATY BOLMADYK
SAPAR

HYTAÝ: BOB FU

Hytaýly professor Bob Fu bilen onuň aýaly uzakdaky obalarda Mukaddes Kitaby öwrenme sapaklaryny gizlinlikde geçýärdiler. Ol ýerdäki ýaşaýjylaryň Hudaýyň Sözüne bolan teşneligi olary haýran galdyrmagyny bes etmeýärdi.

Ýatda galan syýahatlaryň biri awtobusda on iki sagatlap ýöremekden başlandy. Bu ýoluň dowamynda oba ýygnaklarynyň biriniň ýolbaşçysy çopany birnäçe sagadyň dowamynda Bob Funy ýagyşdan gorap, döwlen äpişgäniň öňünde durdy. Ertesi agşam olar awtobusda egrem-bugram, ýagyşyň ýuwan ýollaryndan ýörediler. Awtobus hapanyň içinde durup galdy, şonuň üçin olar traktorda, traktor hem batyp galýança, güýçli ýagşyň astynda ýörediler. Munan soň, hoşhabarçylar aýyň ýagtysyna gaýta-gaýta typyşyp we hapa ýykylyşyp, ertire çenli ýörediler.

Ertesi günüň säherinde olara uzak obada gyzgyn garşy alynma garaşýardy. Oba ýygnagy ýygnanyşyk başlanmazyndan iki sagat öň üýşüp başlady. Adamlar Hudaýa minnetdarlyk dogasyny etmek üçin wagtynda ýygnanyşdylar. Olaryň käbirleri Hudaýyň Sözüni diňlemek üçin 80 km. ýol geçip gelipdiler. Öýde asla oturgyç ýokdy, şonuň üçin ýygnak agzalary daşlaryň we töňňeleriň üstlerinde oturdylar. Bu sebitiň ýaşaýjylary aýratyn pata eýediler, sebäbi olaryň hereketlerine gözegçilik etmek polisiýa kyn bolýardy. Olar birnäçe günläp, Rebbi şöhratlandyryp bildiler.

Ýygnak agzalarynyň her biriniň bu ýygnanşyga gelen ýoly agyr bolupdy, ýöne hiç kim muny pida hasaplamaýardy. Olaryň islegi kalbynyň her bir tarjagazy Hudaýy şöhratlandyrmak islän Dawut patyşanyňky ýaly islegdi.

Ýapyk ýurtlardaky adamlar üçin ýygnak juda wajypdyr. Tersine, azat ýurtlardaky köp adamlar ýekşenbe günleri bu gün ýygnaga gitmelidigi ýa däldigi hakda pikirlenip ikirjiňlenýärler. Olarda munuň üçin wagt barmy? Ýagyş ýagýarmy? Belki, köpräk ýatanyň gowudyr? Bu gün ol ýerde näme hakda wagyz ederkäler? Her neneň utançly bolsa-da, biz ýygnagyň özüne wagt ýitirilenine degýän ýa degmeýänini kesgitlemek üçin köplenç birgiden soraglara jogap berýäris. Dawut we hytaý öý ýygnagynyň agzalary üçin Hudaý bilen duşuşma islegi hiç hili şübhe döretmedi. Mundan başga-da, olar Hudaý bilen gürleşmäge barýan ýoldaky kynçylyklara ünsem bermediler. Siz Hudaýdan Özüni şunuň ýaly şöhratlandyrmaga isleg bermegini soňky gezek haçan soradyňyz? Ondan şuny şu günüň özünde soraň-da, şu hepdede Hudaý bilen gürleşeriňiz ýaly, hökman ýygnaga barmaklygy planlaşdyryň.

"Meniň janym Hudaýa, diri Hudaýa teşne; haçan baryp, Hudaýyň huzurynda häzir bolarkam?"

Zebur 42:2

127-nji gün

ADATY BOLMADYK
KOMPOZITOR

SOWET SOÝUZY: NIKOLE MOLDOWE

Bir gün gyşda kamera serhoş garawullar okdurylyp girdiler. Tussaglaryň biriniň ady Nikole Moldowe bolup, ol şahyr hem kompozitordy, şeýle hem, wepaly mesihi hem hoşhabar hereketiniň ýolbaşçysydy. Ol özüniň antisowet hereketi hökmünde yglan edilen hereketi üçin bäş ýyl azatlykdan mahrum edilmä höküm edilipdi.

"Garnyň üstüne ýat!" — diýip, garawullaryň biri Nikole gygyrdy. Tussag özüniň ýukajyk köýneginde poluň üstünde ýatdy. Garawullar özleriniň agyr harby ädiklerinde onuň arkasynda we aýaklarynda böküp başladylar.

Garawullar gidende, kameradaşlary Nikoleniň näçeräk ejir çekenini görjek bolup, onuň ýanynda dyza çöküp durdular. Nikole olary haýran galdyryp: "Olar meniň üstümde gezip ýörkäler, kelläme täze bir sena geldi" — diýdi. Soňra ol: "Maňa diňe bir geljekki gökler hakda aýtmaklygy däl-de, indi göklere hem ebedi meýlise eýe bolmany ber" — diýip aýdym aýdyp başlady.

Nikoleni türmeden goýberenlerinden soň, milisiýa gelip, onuň öýüni dökdi-de, onuň birnäçe ýyllaryň dowamynda döreden aýdymlary ýazylan ýeke-täk depderi aldylar. Gymmatly zähmet üçin giden ýüzlerçe sagatlar bir pursatda ýitirildi. Mundan soň, Nikole täze sena ýazdy: "Men Seni maňa beren zatlaryň hemmesi üçin, öz söýen zatlarymyň hemmesi üçin we Seniň elimden alan zadyň üçin minnetdarlyk bilen şöhratlandyrýaryn. Seniň işleriň gowudyr, men Saňa daýanýaryn!"

Bu gün Nikole Moldoweniň aýdymlary öňki Sowet Soýuzynyň köp ýurtlarynda meşhurdyr.

Durmuşyň on göteriminiň bolup geçýän zatlardan, togsan göteriminiň bolsa, bolup geçýän zatlara bolan biziň garaýşymyzdan ybaratdygyny aýdýarlar. Şu nukdaýnazardan hakyky durmuş taýdan bolup geçýän wakalar däl-de, biziň olara bolan garaýşymyz wajyp bolýar. Ýagdaýlara hiç kim erk edip bilýän däldir. Şeýle-de bolsa, näme hem bolsa bir zada baş galdyryşymyz ýa-da garaýşymyz biziň öz saýlawymyza baglydyr. Durmuşyň bize sazlaşykly däl sesleriň toplumyny we minor owazlary getirýän bolmagy mümkin. Ýöne Hudaýyň kömegi bilen biz şol notalary şöhratlandyrma hem ýeňiş aýdymynda jemläp bilýäris. Öz durmuşymyzyň bulam-bujarlyklarynyň arasynda biz özümiz üçin öwgi mukamyny diňleme kararyna gelip bilýäris. Siz öz durmuşyňyzyň hakyky şertlerini nähili suratlandyrýarsyňyz? Siziň häzirki ýagdaýlara bolan garaýyşlaryňyz nähili? Mukamy çalyşmak üçin size näme etmek gerek?

"Eý, patyşalar, eşidiň!
Eý, serkerdeler, diňläň!
Men Rebbe nagma aýtjak,
Ysraýylyň Hudaýy Rebbe
bir owadan saz çaljak".

Ysraýyl serdarlary 5:3

128-nji gün

ADATY BOLMADYK
ZORLUK

ISGENDERIÝA: ÝAHÝA — MARKUS

Ýahýa — Markus Hoş Habary ýazandan soň, iman tohumyny ekip, bütin Demirgazyk Afrika we Müsüre syýahat etdi. Ahyrsoňunda, Müsürde mesgen tutup, ol ýerde ýygnak esaslandyrdy.

Biziň eramyzyň 64-nji ýylynyň 21-nji aprelinde Markus Pesah baýramçylygyna, biziň häzirki "Pesah ýekşenbesi" diýip atlandyrýan baýramçylygymyza gelenlere Mesihiň görgülerini hem ölümini ýatladyp, wagyz etdi. Hoşhabarçy ýerli riuhanylar bilen ylalaşmazlyk edýärdi, şonuň üçin olar ýerli halky Markusa garşy öjükdirmek üçin şu güni saýlapdylar.

Gozgalaňçylar ýygnagyň daşyny gabadylarda, Ýahýa — Markusy tutdular. Olar ony ýüpler hem gaňyrçaklar bilen adamlardan doly köçede süýrediler-de, şäheriň daşyna alyp çykdylar. Onuň yzynda öz gany hem teniniň bölekleri degen daşlar galypdy. Tutuş bedeni ganap durdy. Bu wagt mähelle onuň üstünden gülýärdi we heşelle kakýardy. Ol özüniň soňky sözleri bilen ruhuny öz Halasgäriniň ellerine tabşyrdy-da öldi.

Hatda Markus ölenden soňam, mähelläniň zorluga bolan teşneligi peselmedi. Ruhanylar jesedi jaýlamagyň deregine, ony ýakmaga çagyrdylar. Birden mähelläni dürli tarapa süpürip taşlan tupan turdy welin, olar Marksyň jesedini ölen ýerinde goýup gitdiler. Mundan soň, mesihileriň bir topary gelip, jesedi aldylar-da, bolmalysy ýaly edip jaýladylar.

Isa hiç haçanam harby kompaniýalary geçirmedi, hiç haçan zorluga öjükdirmedi we hiç haçan duşmançylykly sözleri aýtmady, şeýle-de bolsa, Onuň yzyna eýerijilere garşy göreşdiler we şu wagta çenli-de göreşmeklerini dowam etdirip gelýärler. Isanyň habary söýgüden, parahatlykdan we bagyşlamadan doly. Şeýle-de bolsa, dürli ýurtlaryň wezipeli adamlary we hökümet wekilleri, edil howp salýan ýaly, Hoş Habary şu wagta çenli-de gadagan edip gelýärler. Halasgärimiz bilen şeýtanyň girişen ruhy söweşine biziň hemmämizem gatnaşýarys. Gara güýçler bolsa, zorluk bilen mesihileri öldürip, Hudaýyň Patyşalygynyň ýaýramazlygy üçin ellerinden gelenini edýärler. Söweş gutaranda, siz ýeňijileriň içinde bolarsyňyzmy?

"Çünki biziň söweşimiz adamlara garşy däl-de, hökümdarlara garşy, ygtyýarlylara garşy, bu garaňky dünýäniň häkimiýetlerine garşy, ýamanlygyň Gökdäki ruhy gudratlaryna garşydyr".

Efesliler 6:12

129-nji gün

ADATY BOLMADYK
KÖMEK

RUMYNIÝA: HEMME ZADY BAGYŞLAÝAN MESIHI ZENAN

Birwagtlar rumyn ruhy çopany bilen onuň aýaly özleriniň ýurdundaky faşistik okkupasiýa wagtynda, lagerlerden gaçan sowet harby ýesirlerini gizläpdiler. Indi faşist esgerleri gaçybatalga mätäçdiler.

Olaryň öýüniň arkasyndaky kiçijik kümede üç sany nemes ofiseri gizlenipdi. Ruhy çopanyň aýaly gizlinlikde olara iýmit eltip berýärdi we gijelerine olaryň bedresini çykarýardy. Ol aýal ýewreýdi, şonuň üçin faşistleriň näme edenini — özüniň bütin maşgalasyny öldürenini — bilýärdi. Emma mesihi bolany sebäpli, ol fiziki hem ruhy kömegi berip, gaçgaklara kömek etmegiň zerurlygyny duýýardy.

Nemes kapitany bu aýalyň we onuň maşgalasynyň hereketlerine özüniň düşünmeýändigini açyk beýan edipdi: “Näme üçin sen, ýewreý zenany, nemes ofiseriniň janyny halas etjek bolup, öz janyňa töwekgelçilik edýärsiň? Men ýewreýleri gowy görmeýärin we Hudaýdan gorkmaýaryn. Men saňa bir zady dogry aýtmalydyryn, german goşuny täzeden Buharesti eýelände — bu bolsa hökman bolar — men saňa edil şunuň ýaly gaýtargy berjek däldirin”.

Munuň ýaly zalym ýüreklilik ruhy çopanyň aýalyny ýekeje pursatlygam yranmaga mejbur edip bilmedi. Ol: “Hatda iň wagşyçylykly jenaýatlaram Isa Mesihe bolan iman bilen bagyşlanylyp bilner. Mende bagyşlama ygtyýary ýok, ýöne ol Isada bar, şonuň üçin, eger toba etseň, Ol seni bagyşlaýar” — diýdi.

Ofiser oýa batyp: “Saňa düşünýärin-ä diýip biljek däl, ýöne eger adamlaryň köpüsinde ýamanlyga ýagşylyk bilen jogap berme sylagy bolan bolsa, bu dünýäde adam öldürmeler az bolardy” — diýdi.

Tizara ofiserler barybir iman etmän, Germaniýa gaçyp gitdiler, ýöne ruhy çopan bilen aýaly olara mesihiliginiň hakyky manysyny görkezip, özleriniň wezipesini ýerine ýetirdiler.

Isa bize dürli topraga tohum sepip, dürli netijäni alan daýhan hakdaky tymsaly galdyrdy. Bu tymsaldaky tohum — bu Hudaýyň Sözi. Eger Hudaýyň Sözi ýoluň üstüne däne kimin taşlanan bolsa, onda şeýtan ony almak isleýär. Tersine, gowy topragy alamatlandyrýan adamlar Hudaýyň Sözüni kabul edip oňa jogap berýärler. Hudaýyň Sözüni başga adamlar bilen paýlaşanymyzda, olaryň ýüreklerіniň nähili ”toprak” boljakdygyny biz bilmeýäris. Olar muňa nähili — otrisatel ýa-da položitel — baş galdyranlaryndada, biz olaryň jogaply hereketine täsir edip bilmeýäris. Kimdir biriniň Hoş Habara seslenmändigi sebäpli, siz adamlara Hoş Habary ýaýratma yhlasyny ýitirdiňizmi? Siz öz işiňizi etdiňiz. Galan zatlarda diňe Hudaýa bil baglamak gerek.

“Adamlara däl-de, Rebbe gulluk edýän ýaly, ýagşy niýet bilen gulluk ediň”.

Efesliler 6:7

130-nji gün

ADATY BOLMADYK

WAGYZ

RUMYNIÝA: RUHY ÇOPAN RIÇARD WURMBRAND

1991-nji ýylda Rumyniýanyň kommunistik hökümeti täze maska geýdi. Bu hökümet özüni demokratik reformalara ösüp ýetişen halkyň agdararyndan howatyr edýärdi. Hökümet halk köşeşip, ýaňy– ýakyndaky zalymlygy bagyşlar diýen umyt bilen rumyn ruhy çopanlaryny hatda jemgyýetçilik ýerlerinde duşmanyňa bolan söýgi hakda wagyz etmäge mejbur edýärdi. Hökümet öz bähbidi üçin mesihilik habaryny mekirlik bilen ulanyp bolar diýip hasaplaýardy.

Mesihi ruhy çopanlaryň köpüsi hökümetiň diňe özüni saklama islegi bilen bu azatlygy berýändigini bilseler-de, bu çagyryşa şatlyk bilen jogap berip, Hoş Habary aç-açan wagyz etdiler. Munuň bilen ylalaşmadyklaram boldy: "Näme üçin biz ezilýänlere özlerini ezýänleri söýmegi öwretmeli?". Olar bagyşlama habary halka garşy bolan hökümeti güýçlendirer diýip pikir etdiler.

Ýurtdan 25-ýyllap kowlan ruhy çopan Riçard Wurmbrand, ine, şunuň ýaly atmosfera gaýdyp geldi. Ony rumyn telewideniýesinde çykyş etmäge çagyrdylar. Ol ýerde Wurmbrand öz duşmanyňyzy söýmelidiginiň üstünde durup geçdi.

Onuň sözlerini eşidenlerinde, mesihiler özleriniň mamla däldiklerine düşündiler: "Söýgi diňe söýgi bolandygy sebäpli, özüni her hili töwekgelçilige, hatda özüniň erbet adamlar tarapyndan ulanylan bolmak töwekgelçiligine-de, özüni duçar edýär. Biz birazrak wagtlap Hudaýy ýigrenýän adamlar mundan bähbit görýän bolsalar-da, duşmanlarymyzy söýmelidigimizi öwretmegi bes etmeli däldiris. Biz Sözüň Hudaýdygyna, şonuň üçin hem, ahyrsoňunda şol Sözüň hatda Hudaýy ýigrenýän adamlaryň ýüreklerini-de üýtgetjekdigine ynanýarys".

Mukaddes Kitapda, iň soňky baba çenli, garaşylmadyk netijesi bolan wakalar örän köp. Ýamanlyk üstün çykýan we hemme zat dogry adamlara garşy duryan ýaly bolup görünýän pursatda Hudaý dogry adamlara ýeňiş sowgat berýär. Bagtymyza, Hudaý biziň durmuşymyzyňam Awtorydyr. Sýužetiň nähili ýaýbaňlanmalydygyny biz aýtmaly däl. Biziň gullukda özümizi netijesiz ulanýarlar, Hoş habary wagyz etmeklik boýunça öz gowy tagallalarymyz başgalar tarapyndan weýran edilýär diýip pikir etmegimiz mümkin. Ýöne biziň wezipämiz — Onuň habaryny wepalylyk bilen wagyz edip, kyn ýagdaýlarda özümize ýolbaşçylyk etmek mümkinçiligini Onuň Özüne bermekdir. Hudaý biziň durmuşymyzyň senariýasyny ýazmagyny dowam etdirýär, şonuň üçin hemme gowy zatlar entek öňdedir!

"Siz maňa ýamanlyk etmek isleldiňiz, emma görşüňiz ýaly, birtopar adamlary diri galdyrmak üçin Hudaý ol ýamanlygy ýagşylyga öwürdi".

Gelip çykyş 50:20

131-nji gün

ADATY BOLMADYK
ÝATLAMA

TIBET: WILÝAM SIMPSON

“Seniň ogluň öldürildi ”.

Şol gün jenap Simpson eýmenç habary aldy: onuň ogly missioner Wilýam öldürildi, onuň tibet serhedinde çagalara Hudaýyň Sözüni öwretmek üçin guran kiçijik mekdebi weýran edildi. Wilýamyň kakasy golaýda ýaşaýardy, şol sebäpdenem, bu betbagtçylygy eşiden badyna, mekdebe tarap howlugyp gitdi. Ýolda barýarka, oglunyň gullugy baradaky ýatlamalar onuň üstünden indi.

Tibetiň adamlaryna Hudaýyň Sözüni öwretmek üçin Wilýam ýylda atly alty müň km. gowrak ýol geçýärdi. Tibet şäherleriniň birinde musulman fanatlary bäş müň adamy öldürdiler, ýöne hatda bu-da ony saklap bilmändi. Wilýam: “Ähli synaglar, bar ýalňyzlyk, ýüregiň tapdan düşmegi, agyry, sowuk, uzak ýoldan soňky ýadawlyk, sustupeslikler Hoş Habara we Rebbiň bize sowgat beren beýik rehimdarlygyna şaýatlyk etmäniň şöhraty hem şatlygy bilen deňeşdirmäge mynasyp däldir” — diýip ýazypdyr.

Weýran edilen mekdepde Wilýamyň kakasy oglunyň parçalanan, poluň üstüne ýazylyp ýatan jesedini tapdy. Soňrak ol mesihilik mekdebine musulmanlar mähellesiniň çozandygyny we ony esaslandyryjyny rehimsizlik bilen jezalandyrandyklaryny bildi.

Özi missioner bolany sebäpli, jenap Simpson öz oglunyň Mesihiň yzyna eýermekde töweregindäkilere görelde bolandygyna guwandy. Onuň oglunyň jesediniň ýanynda üstüne gan dökülen bir bölek sahypa ýatyrdy. Ata ony galdyryp okady: “... Meni ýatlap...”. Mukaddes Ýazgynyň bu sözleri onuň oglunyň durmuşy nämä bagyş edilen bolsa, şony hem şöhlelendirýärdi.

Dünýäniň ähli ýurtlarynda ýadygärlikler al asmana galyp dur. Olar gahrymançylykly işleri, batyrlygy we agyr synaglar wagtyndaky özüni pida etmäni ebedileşdirýär. Adamlar her bir taryhy döwürde memoriallar hem ýadygärlikler dikdiler. Bu adam tebigatyna mahsusdyr. Biz özümiziň azatlyk ideallarymyzy, adalaty, söýgini hem abraýy gymmatbaha bilen goran adamlary unutmak islemeýäris. Bizem, Hudaýyň çagalary hem, Mesihiň we Hoş Habaryň ugrunda wepat bolan, görgi gören mesihileri öz ýüreklerimizde saklaýarys. Ol adamlary jaýlama çäresinde harby salýutlar bolmady. Olaryň mazarlarynda ýadygärlikler goýmadylar. Şeýle-de bolsa, biz olar baradaky taryhy okaýarys we olary hiç haçan unutmazlygy wada berýäris. Bu gün görgi gören mesihileri ýatlamak we olara imandaky şeýle durnuklylygy beren Hudaýa öwgi aýtmak üçin wagt tapyň.

“Men sizi her gezek ýatlanymda, Hudaýyma şükür edip...”.

Filipililer 1:3

132-nji gün



“Eger siz bize özüňiziň Mesihiň hakyky ýygnagydygyny görkezen bolsaňyz, biz derrew siziň tarapyňyza geçerdik, sebäbi biz Mesih bilen bolmak isleýäris. Ýöne siz Hakykatyň delilleri bilen gelmediňiz. Siz bizi türmä saldyňyz. Biziň janymyzy alyp bilersiňiz, ýöne imanymyzy alyp bilmersiňiz”.

Ýepiskop Ion Balanyň özüni Rumyn prawoslaw ybadathanasyna getirmäge çalşan kommunistik ýolbaşçylara beren jogaby.

133-nji gün

ADATY BOLMADYK
“NYŞAN”

KUBA: TOM UAÝT

Türmede Mesihe bolan imany ugrunda görgi görenler üçin Mukaddes Çörek döwme — bu gymmatly däpdir. Onuň türme garawullarynyň uklamazak gözleriniň öňünde geçýän wagtlaram bolýar.

Tom Uaýt bilen Mel atly uçarman kiçiräk uçarda Fidel Kastronyň režimi astynda ezilenlere Isa Mesihiň Hoş Habaryny ýetiren müňlerçe listowkalary oklap, kommunistik Kubanyň üstünden uçdy. Gök gürrüldisi başlandy, şol sebäpdenem, olar mejbury gonmaly boldular. Tom bilen Mel Kubada özlerine kommunistleriň garaşyp duran ýerine gondular. Hoşhabarçylaryň ikisinem, ýigrimi dört ýyllyk türme tussaglygyna höküm etdiler.

Toma özüniň şahsy gullugyny alyp barýan aýaly Ogeliýa bilen iki gezek duşuşmaga rugsat edildi. Ol duşuşyk otagyna sellofona salnyp berkidilen, soň hem, rezin guşakda berkidilen kiçijik paketde üzüm şiresini alyp geldi. Garawullar görmänkäler, bu çörek döwmäni beýleki tussag mesihiler bilen paýlaşyp biler ýaly, Tom pakedi kamera alyp gitdi.

Tom bilen Ofeliýa Isa Mesihi we Onuň haçda döken ganyny sylamaklygyň özleriniň nikasyny we gullugyny bitewilikde saklandygyna gowy düşünýärdiler.

Tom bilen Mel türme tussaglygynda on sekiz aý bolanlaryndan soň, satyn alyndylar. Tom bilen aýaly Ofeliýa ölýänçäler ABŞ-nyň Oklahoma şäherinde, Tomuň “Ejir çekenleriň sesiniň” işine ýolbaşçylyk eden ýerinde, Hudaýa gulluk etmegini dowam etdirdiler.

Mesih Öz şägirtlerine iki däbi — suwda çokundyrylma bilen Rebbiň Agşamyny — sylamalydygyny öwretdi. Bu däpler Oňa bolan wepalylygy — Onuň ölümini we ölümden direlmesini hormatlamagy — alamatlandyrýar. Şeýle-de bolsa, bu däpler hiç haçan manysyz dessurlara öwrülmeli däldirler. Bu däpler biziň üçin hem, Rebbiň Agşamyna gatnaşmak üçin janyna töwekgelçilik edýänler üçin gymmat bolşy ýaly gymmat bolmalydyr. Bu däp biziň döwrümizde özümizi töwekgelçilige alyp baranok. Imany ugrunda yzarlanylýanlar ilkinji derejeli zatlarynyň sistemasyny üýtgetmeli bolýarlar. Nyşanlar wepalylygyň gymmatly beýany bolýar. Mesihiliginň suwda çokundyrylma we Çörek döwme nyşanlary siziň üçin nämäni aňladýar? Indiki gezek gatnaşanyňyzda, suwda çokundyrylma bilen Çörek döwmäniň özüňiz üçin näderejede uly ähmiýetiniň bardygy hakda oýlanyň.

“Onsoň çöregi aldy-da, şükür etdi, ony döwüp, şägirtlere berip: “Bu Meniň siziň üçin berlen bedenimdir, muny Meni ýada salmak üçin berjaý ediň” diýdi”.

Luka 22:19

134-nji gün

ADATY BOLMADYK

PIDA

RUMYNIÝA

Rumyniýanyň "Jerýa" türmesinde garawullaryň pikiriçe ýazylan düzgünleri bozan tussaglaryň atlaryny ýazýarlar. Soň olaryň her biri 25 gamçy alýarlar. Bu zalym jezanyň ýerine ýetirilmeli aýratyn güni bellenildi. Şol gün ofiser kameradan kamera geçip, gamçylanmaly adamlary ýygnady.

Garawullaryň mydama çalşyp duryandyklary, tussaglaryň bolsa köplügi sebäpli, olaryň hemmesini ýüzünden tanamak mümkin däldi. Günä edeni alyp gitmek üçin garawul her gezek kamera girende, bir mesihi her gezek öňe çykyp: "Şol men" diýýär. Şeýdip, ol gaýta-gaýta başgalaryň ýerine jeza çekýär.

Şonuň ýaly gamçylamalaryň birinden soň, bu tussag eýýäm ölümiň bosagasynda ýatanda, beýlekiler ony köşeşdirmäge çalşyp: "Dogan, şatlan. Tizara hemme zat gutarýar. Sen göklerde bolýarsyň. Indi agyry bolmaýarda, diňe şatlyk bolýar" diýdiler.

Ol öwrülip, olara söýgi bilen seredip: "Goý, Hudaý maňa näme taýýarlan bolsa, şony etsin, ýöne eger Ol menden sorasa, men Ondan meni jennete alman, türmede galdyrmagyny sorardym. Gökde aýdyp bolmajak şatlygyň bardygyny men bilýärin, ýöne ol ýerde bir zat — başgalar üçin pida bolma mümkinçiligi — ýetmezçilik edýär" — diýýär.

Paýlaşmagyň deregine ýygnamaklygyň gowy görülýän bu dünýäsinde Mukaddes Kitabyň pida edijilik düzgüni geň pikir ýaly bolup görünýär. Dünýewi ideallar esasan hem: "Alyp bileniňçe al, özem başardygyňça tiz al" — diýlip beýan edilýär. Mukaddes Kitap üstünlige barýan başga bir ýoly görkezýär — başgalar üçin janyňy bermek. Bu adaty zat däldir. Bu biziň ýerdäki düşünjämiz üçin hatda özüne çekiji bolubam eşidilmeýär. Ýöne bu ýoldan ýörejek bolup görenimizde, ol durmuşyň özüne çekiji usuly bolýar. Biziň içimizde ýaşaýan Hudaýyň Mukaddes Ruhy bize özümizi başga adamlardan soň ikinji orunda goýmaga kömek edýär. Siz başga adamlaryň mätäçliklerini özüňiziň mätäçlikleriňizden ýokarda goýmaga taýýarmy?

"Bir adamyň öz dostlary üçin janyny pida etmeginden uly söýgi hiç kimde ýokdur".

Ýahýa 15:13

135-nji gün

ADATY BOLMADYK

ROWAÝAT

YSRAÝYL: GORUNYŇ TARYHY

Köne rowaýatda aýdylyşyna görä, Isa Gorun atly Öz yzyna eýerijä: "Bar, Karmil dagynda çadyr gurnup, oýlanmalarda we doga-dilegde bol" — diýipdir. Gorun Isanyň aýdyşy ýaly edipdir.

Günleriň birinde Gorun goňşy oba baryp, ýorgan sorapdyr, sebäbi öz ýorganyny alakalar iýipdir, şol sebäpdenem ol onda ýatyp bilmändir. Obalylar oňa höwes bilen ýorgan beripdirler, ýöne Gorun ýene gaýdyp gelipdir, sebäbi tizara ýene öňküsi ýaly bolupdyr. Ahyrsoňy kimdir biri: "Seniň meseläňi hemişelik çözmek üçin biz saňa pişik berjek" — diýip teklip edipdir.

Birnäçe gün geçenden soň, Gorun ýene gaýdyp gelipdir: "Siz pişik üçin birazajyk süýt berip bilmersiňizmi?" Bu mätäçligiň yzygiderli boljakdygyna düşünen obalylar Goruna sygyr berme kararyna gelýärler. Gorun ýene gaýdyp gelýär: "Maňa sygry bir zat bilen bakmak gerek". Oňa bir bölek ýer berýärler. Şonda Gorun özüne ýerde işlär ýaly işçi berilmegini, soň hem, işçiler ýaşar ýaly jaý salmak üçin gurluşyk materiallaryny soraýar.

Köp ýyllardan soň, Isa Özüniň gowy görýän şägirdi bilen salamlaşmaga gelýär. Ony semiz bir adam garşy alyp: "Sen bu ýere näme iş bilen geldiň? Sen näme satyn almak isleýärsiň?" — diýip soraýar. Indi baý täjir bolan Gorun hatda öz Mugallymynam tanamaýar.

Ýokary wezipeler, abadançylyklar, hatda howpsuzlyk üçin hem, mesihileri öz imanyndan we gullugyndan ýüz öwürmäge yrjak bolýan hökümeti bolan atabraýly döwletlerde şunuň ýaly zatlaryň bolýandygyna mesihiler şaýatlyk edýärler.

Käwagt bir zady başga görnüşde görmek, özümiz üçin nämäniň wajypdygyny özümize ýatlatmak, öz öňümizde duran maksatdan ünsümizi sowmazlygymyz üçin bize taryh gerek bolýar. Belki, bize pişik ýa-da sygyr teklip etmezler, ýöne bizi dogry ýoldan çykarmak üçin duşmanymyz dürli usullar bilen köp synaga salýar. Ol başga ýurtlara Hoş Habary wagyz etmek üçin gitmek islemez ýaly, bize öz ýurdumyzda howpsuzlyk teklip edýär. Ol biziň ünsümizi durmuşyň manysyndan sowmak we öz gullugymyzy äsgermezlik etmäge mejbur etmek üçin, hatda Hudaýyň beren ak patalarynam — ýanýoldaşymyzy, maşgalamyzy ýa-da işimizi ulanýar. Bu waka siziň durmuşyňyzdaky nämäni ýatladýar? Siziň ünsüňizi Mugallymdan näme sowup biler? Belki, siz şeýle işli bolup, öz ruhy missiýaňyzy-da äsgermezçilik edýänsiňiz?

"Habardar boluň! Horanlyk, serhoşlyk, ýaşaýşyň gaýgylary ýüregiňize ýük bolup, ol gün duýdansyzlykda üstüňize abanaýmasyn".

Luka 21:34

136-nji gün

ADATY BOLMADYK
WAGT

Bir gije bir adam uzakdaky şähere barýarka, ýolda bir zada büdreýär. Ol elini aşak uzadyp, içi daşly bir haltany galdyrýar. Syýahatçy ýerinden turup, tümlüge seredip, ony ýitiren adamy görjek bolýar. Hiç kimi görmänsoň, ol haltany uzak ýola ýany bilen alyp gitmek kararyna gelýär.

Ol adam ýolda güýmenmek üçin kiçijik daşlary ýoluň ýanyndan akýan derýa oklaýar. Jülp — jülp... bu ses içi gysyp barýan syýahatçy üçin ýönekeýje gowün açma bolýar. Şeýdip, haltada diňe iki sany daş galýar. Şähere girip, ilkinji çatrykdaky köçe çyrasynyň ýanyna barýar. Ol soňky iki daşy aýasyna goýup, olara seredende, sary ýagta öwşün atma hem ýalpyldy görýär. Ol ünsli seredýär. Kiçijik daşlaryň aslyýetinde gowher bolandygyna düşünende, onuň ökünjiniň we gynanjynyň çägi bolmandyr!

Bu taryhy ençe adamlary Mesihe getirmegi başaran akyldar tussag ruhy çopan gürrüň berdi. Ol görgüleriň kömegi bilen ýagdaýlara garamazdan, durmuşyň her bir minudyny Hudaýyň Patyşalygyny ýakynlaşdyrmak üçin ulanyp bolýandygyny bilipdir. Ol bize: "Ýitirilen puly gaýtaryp getirip bolýandyr, ýöne wagty welin, beýle edip bolýan däldir. Öz wagtyňyzy Hudaýa gulluk etmek üçin paýhasly ulanyň" — diýip, duýduryş berýär.

Her ýylda otuz iki million sekund bar. Biziň durmuşymyzyň her bir sekundy — bu Hudaýdan berlen bahasyna ýetip bolmajak sowgatdyr. Ony Hudaýyň maksadyna ýetmek üçin ulanmak gerekdir. Eger biz olary ýitirsek, onda sekundlar bize däl-de, Hudaýyň ýanyna gaýdyp barýar. Olar edil daşly düýpde ýitip giden göwherler ýaly, hemişelik ýitip gidýär. Isa hatda Özüni haça çüýlänlerinde-de, soňky deminde garakça gutulyş sowgat berdi we Öz ejesine köşeşdiriji sözleri aýtdy. Ol hatda jellatlaryna-da, bagyşlama teklip etmek bilen wagyz etdi. Göz öňüne getirip görüň, bu wagt şol günüň özünde Isa bilen jennete baran garakçy üçin nähili gymmatly wagt boldy! Siz öz durmuşyňyzyň her bir minudyny manydan doldurýarsyňyzmy? Wagtyňyzy ýitirmegi däl-de, gaýtam, nädip paýhasly ulanmalydygyny görkezmegini Hudaýdan soraň.

"Biz hikmetli ýürek ediner ýaly,
günlerimizi sanamagy bize öwret".

Zebur 90:12

137-nji gün

ADATY BOLMADYK
TÖWEKGELÇILIK

HYTAÝ: IKI ÝYGNAK GURLUŞYKÇYSY

Her hepdede iki öý ýygnagynyň gizlin ýygnanyşygyna gatnady. Olar ýadadylar we özleriniň obasynda ýygnagyň ýokdugyna sustupes boldular.

Özleriniň obasynda ýygnak bolmagy üçin doga-dileg edilip geçirilen birnäçe aýdan soň, aýallaryň biri ahyrsoňy: "Belki, Hudaý biziň özümiziň ýygnak gurmagymyza garaşýandyr. Biziň özümiz hiç zat etmek islemeýän bolsak, onda Ol näme üçin biziň tükeniksiz arzlarymyzy diňlemelimişin?" — diýdi.

Şondan soň olar töwekgelçilik etmegi karar edindiler. Bu iki aýal özleriniň ýanýoldaşlary bilen kiçijik obalarynda, Hytaýyň Ahnoý obasynda ýygnak gurdular. Eger olar öz ýygnagyny din işleri boýunça bölümde hasaba goýmasalar, onda döwlet bu binany ýer bilen ýegsan etjekdigini aýdyp haýbat atdy. Olar ony hasaba goýdular. Olaryň bagtyna, özleriniň kiçi obasy döwlet tarapyndan uly şäherlerdäki ýaly, yzgytsyz gözegçilikde bolmaýan eken. Olar hatda öňünden hat üsti bilen rugsat almanam, beýleki öý ýygnaklaryndan öz ýygnagynda wagyz etmäge ruhy çopanlary çagyrmaga-da het edip bildiler.

Aýallar ýerli keselhana baryp, sagalma umydy bolmadyk syrkawlara Hoş Habary wagyz etdiler. Olar doga-dileg edip, Hudaýdan olara şypa bermegini dilediler. Bir ýyldan soň, ýygnak iki ýüz adama çenli ulaldy.

Doganlaryň biri bize: "Biz ýigrimi günläp yzyny üzmän bir adam üçin doga-dileg etdik, ol bolsa, barybir şypa almady. Onuň maşgalasy biziň Hudaýyň gaharyny getirýändigimizi aýdyp, bize zorluk ulanjakdygyny aýdyp haýbat atdy. Şeýle-de bolsa, Hudaýyň hatyrasyna töwkgelçilik etmek gerek" — diýip gürrüň berdi.

Isa Mesihiň Hoş Habary ýönekeý hem düşnüklidir, şeýle bolmadyk bolsa, şeýtan mesihiligi köki bilen aýyrmaly dinleriň sanawynda birinji ýerde goýmazdy. Mysal üçin, buddistlerde ýapyk ýurtlarda aman galmak üçin zerur bolan gizlin ýygnaklar zynjyry ýok. Meditasiýa boýunça "Nýu eýj" akymynyň hünärmenleri özlerini yzarlaýan ýurtlarda gulluk etmeýärler we özleriniň janlaryny howp astyna salmaýarlar. Mesihilik garşydaşlyk döredýär, sebäbi duşmanyň üstünden ygtyýary bar. Şeýtan ýasama dinlere wagtyny ýitirmeýär. Siz şeýtan üçin ruhy howp bolup durýarsyňyzmy? Ýa-da ownukçyl oýnaýarsyňyzmy? Siziň imanyňyz şeýtanyň planlaryna howp salýarmy? Eger "hawa" bolsa, onda garşydaşlyga garaşyň. Ýöne özüňiziň hakykatyň bir bölegi bolup durýandygyňyza begeniň!

"Mesih Isada Hudaýyň ýoluna mynasyp ýaşamak isleýänleriň bary azar çeker".

2 Timoteos 3:12

138-nji gün

ADATAN DAŞARY
SÖÝGI

RUMYNIÝA: MESIHI ÝEWREÝLER

Ikinji jahan urşunyň soňy geldi. Nemes esgerleri sowet döwletine ýesir düşseler, onda onuň özlerini Sibirdäki lagerlere iberjekdiklerini, ol ýerde köpüsiniň öljekdiklerni bilýärdiler. Sowet goşunlary ýaňy şäheri gabap alan wagtynda, iki esger öz bölüminden gaçdylar. Olar gorkup, Buharestiň garaňky köçelerinde aýlandy ýördüler.

Esgerler köne lýuteran ybadathanasyny görenlerinde begendiler, sebäbi rumyn lýuteranlarynyň gelip çykyşlary nemesdi. Ýöne içeri girip, ybadathananyň içiniň ýewreýlerden doludygyny görenlerinde, gorkudan ýaňa doňan ýaly bolup galdylar.

"Biz ýewreýler, munuň üstesine-de biz mesihiler, şonuň üçin gaçybatalga gözleýänleriň hijisinem duşmanyň eline bermeýäris" — diýip, ruhy çopan olary köşeşdirdi.

Şol wagtlarda nemesleri gizlän islendik rumyn şobada atylýardy. Gowy ruhy çopan üçin nemesler — entek faşist geýminde bolsalar-da — bary-ýogy azaşan, Halasgäre mätäç bolan janlardy. Şonuň üçin ol edil şu wagta çenli faşistler tarapyndan yzarlanylan ýewreýlere kömek edişi ýaly, olara-da, kömek elini uzatdy. Ol esgerlere ýüzlenip: "Biz nemes okkupasiýasy wagtynda gaty güýçli görgi gördük. Munuň üçin siziň şahsy jogap beräýändigiňizi ýa däldigiňizi çözmeklik bize galmandyr. Biz size öýümizi we siz Germaniýa çenli baryp biler ýaly, raýat geýmini teklip edýäris. Biz muny Hudaýyň size bolan beýik söýgüsini hem rehimdarlygyny subut etmek üçin edýäris. Size günäleriňizden azat bolmany diňe Hudaý berip bilýär" — diýdi.

Söýgi adamlary geň hereketleri etmäge mejbur edýär. Aşyk-magşuklar özleriniň biri-birine bolan wepalylygyny subut etmek üçin hemme zada taýýar bolýarlar. Ene öz çagasyny dünýädäki hemme adamdan-da gowy görýär. Ýöne Mesih bilen mesihiniň arasyndaky söýgi diňe olaryň ikisiniň arasyndaky söýgi däldir. Bu söýgüleriň iň täsinidir, sebäbi ol diňe haýsydyr birine bolan wepalylygyň hasabyna köpelmeýär we berkemeýär. Bu tebigaty boýunça hemme adamlary öz içine almaga taýýar bolan ýeke-täk söýgüdir. Mesihe öz wepalylygymyzy görkezmek üçin biz başga adamlary mesihilik söýgüsi bilen söýmelidiris. Jogap hökmünde özümizi söýmeýän adamlary söýmäge taýýar bolmak bilen biz Mesihiň adaty bolmadyk söýgüsini görkezýäris. Göz aýlap görüň, töweregiňizde adamlar bolup, Hudaý hem, sizden şolara Öz söýgüsini görkezmegiňizi soramaýarmy?

"Duşmanlaryňyzy söýüň, ýagşylyk ediň, yzyna almagy umyt etmän karz beriň".

Luka 6:35

139-nji gün



“Hudaý bizi näçe görgi görendigimiz boýunça däl-de, näçe söýendigimiz boýunça sud edýär. Imany ugrunda türmede görgi gören mesihiler söýüp bildiler. Olaryň hem Hudaýy, hem adamlary söýüp bilendiklerine özüm şaýat”.

Imany ugrunda türmede jeza çeken öňki gizlin ýygnagyň ruhy çopany

140-nji gün

ADATY BOLMADYK
GAHRYMAN

RUSSIÝA: WANÝA MOISEÝEW

Sowet goşunynyň esgeri Iwan Moiseýew töweregindäkilere öz imany hakda gürrüň bereni üçin mydama käýinç alýardy. Onuň şaýatlygynyň kömegi bilen rotasyndakylaryň köpüsi iman getirdi. Komandir bu ýigide öz imany hakda dymmalydygyny buýruk berende, ol: "Eger bilbile saýramagy gadagan eden bolsalar, onda ol näme ederdi? Ol ýaşap bilmezdi, menem ýaşap bilmerin" — diýip jogap berdi.

Wanýany tanaýanlaryň hemmesi onuň imanynyň ýokuşagan bolandygyny aýdýarlar. Onuň özi mydama gowy iş etmäge taýýardy, beýlekileri-de şeýle etmäge çagyrýardy. Tizara esgeri yzarlap başladylar. Ol öz janyna howpuň abanýanyna düşünip, ejesine: "Men ikimiziň indi hiç haçan görüşmezligimiziň mümkindigini bilýärin,, ýöne meniň üçin aglama. Perişde maňa gökdäki Iýerusalimi görkezdi, ol ajaýyp eken. Ejejan, haýyş edýärin, biz seniň bilen gökde görşüp bilerimiz ýaly, eliňden gelenini et!" — diýip hat ýazýar.

Wanýa Moiseýew öz ýanyna perişdeleri goýbermek bilen özüni Hudaýyň gaýratlandyrýandygyna ejesini ynandyrdy. Ol perişdeler bolan duşuşyklarynyň birnäçesini suratlandyrýar: "Perişdeler aňyrsy görnüp duran görnüşde. Perişde seniň öňüňde bolsa, onuň arkasynda-da bir adam duran bolsa, perişdäniň barlygy saňa şol adamy görmäge päsgel bermeýär. Perişdäniň üsti bilen seredeniňde, hatda özüňi gynaýjynam görüp we oňa baha berip bilýärsiň".

Ahyrsoňy, Wanýa 21 ýaşynda imany ugrunda wepat boldy. Komandowaniýa esgeriň güýç ulanylyp öldürilendigini gizlemäge çalyşdy, ýöne onuň ýakynlary barybir hakykaty bildiler. Moiseýew ýaş ejir çeken boldy. Onuň gaýratly durmuşy özüni bütin Gündogar Ýewropada meşhur gahryman etdi.

Perişdeler hemme ýerde-de bar. Olar kitaplarda, şemdanlaryň üstlerinde, roždestwo bezeglerinde suratlandyrylandyrlar. Ençeme adamlar hakyky perişdeleri — Hudaýyň gökdäki ilçilerini — hiç haçan görmändiklerine gynanýarlar. Başgalar bolsa, perişdeleri asla görmeýärler. Biziň özüni kabul etmegimize mätäç bolan bu gelşiksiz adamyň perişde bolmagam mümkin. Biziň göwnümize degýän duşmanyň öz görmek isleýän perişdämiz bolmagy mümkin. Ahyrynda, ol perişde bolman, ýönekeý adam bolup çykanda-da, barybir oňa bildiren söýgimiz bizi göklere bir ädim ýakynlaşdyrýar. Siz durmuşa, Wanýa ýaly, gögüň nukdaýnazaryndan garaýarsyňyzmy? Ozal diňe duşmany gören ýeriňizde, perişdeleri gözleýärsiňizmi? Mesihiň söýgüsini görkezer ýaly adamlary gözläň.

"Myhmansöýerligi unutmaň. Çünki myhmansöýerlik bilen, perişdedigini bilmän, käbir adamlar perişdeleri myhman aldylar".

Ýewreýler 13:2

141-nji gün

ADATY BOLMADYK
NAHAR

SOWET SOÝUZY: AÇ TUSSAG

Leýtenant ýene tussagy sorag etmäge geldi. Ýöne tussag ýene onuň soragyna jogap bermek islemedi. Ol: "Bu näme üçin meni sorag etmelimişin?" — dýip pikir etdi.

Şonuň üçin ilki bolup ofisere sorag baryny ýagdyrdy: "Sen Hudaýa ynanýarsyňmy? Öleniňde saňa näme bolýar? Bu ajaýyp dünýä nädip peýda boldy?" ahyrsoňy ol gyzyklanyp başlan leýtenanta gutulyş hakda doly gürrüň berip başlady. Tussagy haýran galdyryp, ofiser şobada durmuşyny Mesihe berdi!

Ofiserem, aç tussaga öz naharyny berdi. Mesihi öz aladasyny edeni we özüni ulanany üçin Hudaýa minnetdarlyk bildirdi.

Başga bir gezek bu adam ýekelikdäki kamerada ýene örän aç bolup otyrdy. Ol Isanyň yzarlanmalara duş gelende begenmelidigini, sebäbi munuň ak patadygy hakda aýdanlaryny ýatlady. Ol derrew ýerinden turup, Hudaýy şöhratlandyryp, özüniň kiçijik kamerasynda tans edip başlady. Onuň şatlygy tizara garawulyň ünsüni özüne çekdi. Kameranyň gapysynyň deşiginden seredende, ol mesihi aklyndan azaşandyr öýtdi. Garawula aklyndan azaşanlara eglişik edijilik bilen seretmeklik tabşyrylypdy, şonuň üçin ol mesihä peýnir bilen çörek getirip berdi. Şeýdip, Hudaý onuň mätäçligini ýene bir gezek üpjün etdi. Mesihiniň bolsa kellesine: "Akmaklyk edip, üýtgedip bolmajak zat üçin gaharlanyp oturýan akyldar bolandan, Mesihde akmak bolanyň gowudyr" diýen pikir geldi.

Gynansak-da, biziň erk edip bilmejek zatlarymyz bar. Üstünlige tarap barýan ýol özümiziň nämäni üýtgedip bilýändigimizi we nämäniň özümize bagly däldigini tapawutlandyryp bilmekde jemlenendir. Mysal üçin biz başgalaryň aýdýan zatlaryna täsirimizi ýetirip bilmeýäris, ýöne özümizi kemsidýänler üçin doga-dileg etmek kararyna gelip bilýäris. Özümize bagly bolmadyk ýagdaýlaryň aladasyny etmeklik adam tebigatynyň bir bölegidir. Biz özümiziň erk edip bilmejek zadymyzy mekirlik bilen ýerine ýetirmäge çalyşýarys. Emma Hudaý biziň Özüne bil baglamalydygymyzy aýdýar. Bu taryhdaky tussag ýaly, Hudaý Özüne doly tabynlykda bolup, Öz Sözüni herekete getirmelidigimizi bize ýatladýar. Galan zatlaryň aladasyny Hudaýyň Özi edýär.

"Ynsan Ogly sebäpli adamlar sizi ýigrenip, aralaryndan kowan wagtlary, size sögüp, adyňyzy ýamana çykaran wagtlary siz bagtlysyňyz!".

Luka 6:22

142-nji gün

BEÝLEKI ADATY BOLMADYK

HATLAR — BIRINJI BÖLÜM

RIM: PLINIÝ

Ine, Mesihiň haça çüýlenenine ýüz ýyl geçenden soň, gubernator Pliniýiň rim imperatoryna mesihiligi ýaýratmak barada ýazan haty:

"Men hiç haçan mesihileriň işlerine seredilen kazyýetde bolup görmedim, şeýle hem, men derňewleriň gidişinde we gynamalar wagtynda biziň ulanýan usullarymyzy hem çäklenmelerimizi bilemok. Biz ýaşa ýa-da jynsa nähilidir bir hormat görkezýärismi? Eger mesihi dininden ýüz öwürse, biz ony barybir jezalandyrýarsymy ýa-da bagyşlaýarsymy?

Edil şu wagt men şeýle edýärin: men olary özleriniň dini barada sorag edýärin. eger olar özleriniň mesihidiklerini aýtsalar, onda men ölüm jezasyny hem ara goşup, olary sorag etmegi dowam etdirýärin. Eger olar tutanýerlilik etseler, onda olary ölüm jezasyna höküm edýärin. Olaryň tutanýerliligini jezasyz goýmaly däl diýip pikir edýärin.

Öňräk men sorag edilenden soň, özleriniň imanyndan ýüz öwren mesihileriň bir toparyny sorag etdim. Bu bolsa, maňa hakykaty gynamalaryň kömegi bilen çykaryp almanyň wajyplygyny görkezdi. Iki tussag aýal babatda-da, bu şeýledir. Ýöne men olarda diňe günäli hem çendenaşa boş pikire ynanyjylygy görüp bildim.

Şonuň üçin men dowam etdirmezden ozal seniň bilen maslahatlaşmagy makul bildim. Eger howpa duçar edilýän adamlaryň sanyny hasaba alsak, bu iş saňa ol hakda habar bereniňe juda degýän işdir. Bu ýokançly boş pikire ynanyjylyk diňe bir şäherler bilen çäklenip durman, eýsem, obalara-da ýaýrapdyr.

Şeýle-de bolsa, meniň pikirimçe, ony entek bejermek mümkin".Mesihileri mesihilikden "bejermek" aňsatmyka? Iň agyr pursat gelende mesihileriň köpüsi bejerip bolmaýan derejede Mesihe wepaly bolup çykarlarmy ýa-da olaryň ýöne bir gyzgyny azajyk galypdyrmy? Yzarlamalar — hakykaty bilmäniň gowy usullarynyň biridir. Adamyň ýüregini diňe Hudaý bilýär. Şeýle-de bolsa, yzarlamalar bize özümiziň hakyky "men"- imizi görkezýär we "Biz Mesihe dönüklik edýärismi ýa-da Oňa wepalylygymyza galýarysmy?" diýen soraga ynamly jogap bermäge kömek edýär. Eger biz Mesihe çyndan wepaly bolsak, onda Ol Özi üçin durup bilerimiz ýaly zerur bolan çydamlylygy berer. Eger biz Mesihiň Şahsyýetine garanda, dine köpräk wepaly bolsak, onda duşmanyň basyşy astynda aýgytlylygymyzyň yraň atýanyny göreris. Siz kim: Mesihdäki bejerip bolmaýan syrkawmy ýa-da siziň imanyňyz "çendenaşa boş pikire ynanyjylyk" bolup çykýarmy?

"Eger biz öz Hudaýymyzyň adyny unudan bolsak... Hudaý muny takyklamazmydy? Çünki Ol ýürek syrlaryny bilýändir".

Zebur 44:20-21

143-nji gün

ADATY BOLMADYK
HATLAR — IKINJI BÖLÜM

RIM: IRKI MESIHILER

“Siziň döken mesihilik ganyňyz — bu öz ekýän tohumyňyzdyr; ol ýerden urup çykýar-da, öňküsinden-de köpelýär”.

Irki ýygnakdaky mesihileriň sany zalym häkimiýetiň güýçli yzarlamalaryna garamazdan, mydama ösüpdir. Mesihiň ugrunda doganlary parçaladylar, paraladylar, ýakdylar we öldürdiler. Ejir çekip ölen her bir mesihi galan beýleki mesihilere öňküsinden-de köp aýgytlylyk galdyrdy. Olar öz janlary üçin gorkyny görmediler-de, Isanyň atlandyryşy ýaly, agaryp, oraga taýýar bolan ekin meýdanlaryny, Mesihi kabul etmäge taýýar bolanlary gördüler. Ine, olar yzarlamalar üçin jogapkär bolan ýolbaşçylara we kazylara näme jogap berdiler:

“Ýene-de, kazylar, adalaty görkezýän kişi bolmagy dowam etdiriberiň. Şeýle etseňiz, adamlaryň nazarynda näçe mesihini gurban etseňiz, şonça-da dogry adam bolarsyňyz.

Bizi haça çüýläň, gynaň, jezalandyryň, külümizi sowruň. Siziň adalatsyzlygyňyz — bu biziň günäsizligimiziň aýdyň mysalydyr, sebäbi munuň subutnamasy Hudaýyň biziň görgi görmegimize ýol berýändigindedir.

Siz her neneň eýmenç işleri etseňizem, mesihilere garşy her hili gynamalary oýlap tapsaňyzam, bary biderek bolar. Ýöne siz dünýäniň ünsüni çekýärsiňiz-de, dünýä biziň ynamymyzy has güýçli söýer ýaly edýärsiňiz. Siz bizi näçe köp orsaňyz, biz şonça-da tiz ösýäris.

Siziň döken mesihilik ganyňyz — bu öz ekýän tohumyňyzdyr; ol ýerden urup çykýar-da, öňküsinden-de köpelýär”.

Bu sözler köp asyrlar mundan öň ýazylan bolsa-da, şonuň ýaly zatlar biziň günlerimizde-de entek bolup gelýär. Dünýädäki kyrkdan gowrak ýurduň ilaty häzirki döwürde dini yzarlanmalara duçar bolýar. Şeýle-de bolsa, bu ýurtlaryň köpüsinde ýygnak ösýär we gitdigiçe uly batyrlyk bilen wagyz edýän imanlylary gitdigiçe köp edinýär. Yzarlanmalar öz wezipesini berjaý etmedi, mesihileriň sanyny azaltmady. Köplenç ýagdaýlarda hut yzarlamalar özlerini pida etmäge taýýar bolan adamlaryň sanynyň köpelmegine alyp bardy. Mesihiň yzyna eýerijiler Mesihi kabul etmäge taýýar bolanlaryň janlarynyň atyzlaryny garawullap duran bizi ýuwutmaga taýýar äpet wagşylaryň görnüşindäki oppozisiýany görüp bilerler. Bu oppozisiýa gorkynyň ýasama keşpleriniň, ýagny ýönekeý garantga görnüşinde hem bolup biler. Siz Mesih üçin işlemäge atyza girersiňizmi?

“Emma Men size gözüňizi galdyryň-da, ekin meýdanlaryna serediň, olar eýýäm oraga taýýar diýýärin”.

Ýahýa 4:35

144-nji gün

ADATY BOLMADYK
ÖSÜŞ

HYTAÝ: ÖÝ ÝYGNAKLARY

Şöhratlandyrma aýdymlary sowuk howany doldurdy. "Şu wagt daňdan sagat dört boldy. Olaryň hemmesi nireden gelýärler?" — diýip, birwagtda hem haýran galyp, hem şatlanyp, bir erkek kişi sorady.

"Ekin meýdany hasyldan doly, dostum. Bu gün agyr, ýöne Patyşalyk üçin gowy gün bolar — diýip, ruhy çopan jogap berdi-de ýylgyrdy. — Iş bilen meşgullanaly".

Deryanyň boýundaky mesihileriň sany aşa köp bolup çykdy. Ruhy çopan olaryň her birini ünsli diňledi, olary suwda çokundyrdy. Olaryň hersi Mesihdäki täze durmuşa elini galdyrdy. Şol gün ol kömekçileri bilen 1100 adamy suwda çokundyrdy.

Hudaý Hytaýda gaty güýçli hereket etdi. Täzeden — täze mesihiler ýygnak zallaryny doldurdylar. Alty ýyl mundan ozal Demirgazyk Şansi welaýatynyň şäherleriniň birinde öý ýygnaklaryna birnäçe ýüzlerçe adamlar barýardylar. Indi bu san ýetmiş müňe çenli köpeldi. Elli müň ilatly başga bir şäherde, mesihileriň gazaply yzarlanylan ýerinde, gizlin ýygnakda her hepdede üç müň mesihi ýygnanyşýardy.

Hytaýly ruhy çopanlaryň biri: "Häzir biz, mesihiler, öňküden-de güýçli. Olar Mesihiň baýdagyny düşürmäge näçe köp synanyşsalar, baýdak şonça-da ýokary galýar".

On ýyllyklaryň dowamynda Hytaýdaky ýygnak yzygiderli hem gazaply yzarlanmalardan gaty ejir çekdi. Hökümet ýygnagyň ösüşini saklajak bolup, biderek ýere ýygnaga garşy aşa erbet syýasaty alyp bardy. Bu gün Mesihiň ýygnagynda Hytaýyň Kommunistik partiýasyndaka garanda, ep-esli derejede adam köp!

Ösüş saglygyň alamatydyr. Sagdyn ýygnaklar hem, edil sagdyn ösümlikler ýaly ösýärler. Iýmitlendiriji serişdeler, ýagtylyk, suw we gowy toprak — ine, sagdyn ösümlige näme zerur eken. Edil şunuň ýaly, ösüş üçin ýygnaklara-da, belli bir zatlar zerur bolýar. Sagdyn ýygnagyň ösüşi üçin zerur bolan iň bir garaşylmadyk zatlaryň biri-de, yzarlamalaryň bolmagydyr. Yzarlamalar mesihileri arassalaýar we özleriniň imanynyň gymmatyna düşünmäge mümkinçilik berýär. Şu bölekdäki ruhy çopanyň getiren mysalyndaky ýaly, ýygnak näçe köp yzarlanylsa, onuň agzalary şonça-da imandaky we Mesihe wepalylykdaky durnuklylygyň şaýatlygy bolýarlar. Yzarlamalar sizde gahar döredýärmi ýa-da sizi gowulaşdyrýarmy?

"... bütin dünýäde-de miwe berip, ösüp gelýär"

Koloseliler 1:6

145-nji gün

ADATY BOLMADYK
“PERIŞDE”

RUMYNIÝA: ANŽELA KAZAKU

Anžela Kazaku ýurdy faşistler eýelän döwründe Rumyniýada ýaşaýan ýönekeý aýal bolupdy. Ýewreýler bilen mesihileriň durmuşy durşuna eýmençlige öwrülipdi. Anžela mydama işlidi — ýewreýleriň kemsidilýän ýerinden çagalary ogryn alýardy, öz şäheriniň golaýyndaky türmedäki tussag mesihilere gizlinlikde geýim berýärdi. Ol bulardan başga-da, gowy işleriň birgidenini edýärdi.

Wagt geçdi. Faşistleri ýurtdan kowdular, olaryň ýerine Rumyniýa Sowet goşuny girdi. Anžela ýene gol gowşuryp oturman, demir ýol wokzallaryny dolduryp ýören sowet esgerlerine rus dilindäki Mukaddes Kitaplary we Injil paýlamak bilen Hudaýyň söýgüsiniň habaryny ýaýratdy.

1951-nji ýylyň gyşynda Riçard Wurmbrand Tyrgu — Oknadaky türmede oturanda, örän syrkawdy. Onuň horlanan bedeni ýowuz gelen gyşyň aýazyndan ýaňa mydama titreýärdi. Beýle gyş köp ýyllardan bäri bolmandy. Her tussaga diňe bir ýorgan almaga rugsat edilýärdi, iýmit ýetenokdy, sebäbi örän galyň ýagan gar zerarly, hiç kim türmä gelip bilmeýärdi.

Hut şu şatlyksyz pursatda hem, ruhy çopan Wurmbrand içinde şeýle wajyp iýmit bilen ýyly geýim bolan posylkany alyp, olary beýleki tussaglar bilen şatlanyp paýlaşdy. Göwnüne perişde getiren ýaly bolan posylka, belki, Wurmbrandyň janyny halas edendir.

Anžela (rumynça “perişde” diýmegi aňladýar) dogan ýene Hudaýyň işi bilen meşgullandy. Adaty iş bilenmi? Belki. Ýöne Hudaý rehimdarlyk perişdesi hökmünde adaty adamlary şatlyk bilen ulanýarlar.

Köp ýyllar mundan ozal ösýän zorluk aktlary baradaky hemişelik täzeliklere jogap hökmünde awtomobilleriň bamperlerinde “gowy iş bilen” meşgullanmagy teklip edýän ýelimli kagyzlar peýda boldy. Nätanyş adama ýagşylyk etmeklik ilki seredeniňde ähmiýetsiz ýaly bolup görnüp biler, ýöne Hudaý sizi kimdir biriniň durmuşynda iň ýönekeý gowy işi kuwwatly rehimdarlyk sylagyna öwürmek üçin ulanyp biler. Käwagt kimdir biriniň “perişdesi” bolandyryn öýdüp pikir hem etmeýärsiň.

“Şeýlelik bilen, Hudaýyň mukaddes hem söýgüli saýlananlary hökmünde rehimdarlyk ýüregini, ýagşylygy, kiçigöwünliligi, ýumşaklygy we sabry geýniň”.

Koloseliler 3:12

146-nji gün



“Eger gaplaňyň tüýüni syrsaň, onda barybir çyzyklar galýar. Menem edil şeýle, meni näme etseňem, men barybir mesihi aýal. Men barybir ýygnanyşyk geçirýärin. Ilki meniň öýümde hepdede bary-ýogy bäş ýygnanyşyk bolýardy, indi bolsa, olaryň sany on ikiden gowrak”.

Imany üçin türmede oturan hanym Wotiman, wýetnamly eje

147-nji gün

ADATY BOLMADYK
ÝETERLILIK

NIGERIÝA: ROZA

"Tizräk, şkafa giriň. Özüm aýdýançam, sesiňiz çykaýmasyn. Düşnüklimi?". Rozanyň mekdebe çenli ýaşly iki çagasy gorky bilen: "Hawa, eje jan" — diýip jogap berdiler. Aýal gapyny gulplap, gijä galmazlygy üçin Hudaýa doga edip, öz gyzynyň okaýan mekdebine tarap howlukdy.

Nigeriýa döwleti tarapyndan yslamyň şerigat kanunlary yglan edilenden soň, ýurtda mesihilere garşy zorluk aktlary bolup başlady. Rozanyň uly gyzy mekdepde okaýardy, şonuň üçin Roza öz gyzynyň ol ýerde howpsuzlykda bolmajakdygyny bilýärdi. Mekdebe gelende, bu aýal öz gyzyny howpsuzlyk maksady bilen harby baza äkidendiklerini bildi. Ahyrsoňy Roza gyzyny tapdy. Soň olar özlerine şkafyň içinde garaşyp oturan iki kiçi çaganyň ýanyna gaýdyp geldiler.

Ertesi gün Rozanyň adamsy mesihilik ýygnanyşygyna gitdi. Bu Rozanyň öz adamsyny gören soňky gezegi boldy. Bulam-bujarlyklar wagtynda, musulmanlar 260 ýygnagy weýran etdiler, 460-dan gowrak mesihi öldürildi.

Adamsy ölenden soň, Roza "Resullaryň işleri" kitabyndan teselli tapdy. Onda: "Stefanusyň daşlanylyp öldürilmegine ýol beren Hudaý Petrusyň türmeden gaçmagynada ýol berdi. Hudaý hiç haçan bizi taşlamaýar, Onuň merhemeti ýeterlikdir" diýilýärdi. Bu gün Roza özüniň ejir çekip ölen adamsynyň ruhy çopançylyk eden ýygnagynda zähmet çekmegini dowam etdirýär we üç çagasyny terbiýeleýär.

Hudaýyň bizi Öz merhemetiniň gorap bilmejek ýerine hiç haçan alyp gitmejekdigini aýdýarlar. Käwagt biziň keselden, ölümden gudrat bilen saplanmanyň ýa-da yzarlamalar wagtyndaky halas edilmäniň Hudaýyň planyna girmeýändigine biz düşünmelidiris. Şeýle-de bolsa, Onuň merhemeti ýeterlikdir, Ol bizi terk etmeýär. Biz Hudaýa bil baglamalydyrys we Onuň öz wezipämizi ýerine ýetirmek üçin zerur bolan merhemeti ýeterlik derejede bermezden özümizi gulluk ýa-da iş ýerine alyp barmaýandygyna ynanmalydyrys. Käwagt Onuň pikiri bizi synagdan halas etmek däl-de, onuň içinden geçirmekden ybarat bolýar. Siz Oňa doly bil baglap bilmäge taýýar bolan pursata ýetdiňizmi? Has takygy siz özüňizde Hudaýyň merhemetinden başga hiç zat galmaýança, şol merhemetiň özüňize gerek bolan zadyň hemmesidigini aýtmarsyňyz.

"Ol maňa: "Saňa meniň merhemetim ýeterlikdir..." diýdi".

2 Korintoslylar 12:9

148-nji gün

ADATY BOLMADYK
GÖRÜŞ

INDONEZIÝA: DOMINGUS

Mukaddes Kitap mekdebiniň 21 ýaşly talybyny: "Allah akbar!" ("Alla beýikdir!) diýen ses oýardy. Otaga radikal musulmanlar kürsäp girip, ony ýençdiler. Domingus gaçmaga synanyşdy, ýöne onuň arkasyndan çapgy bilen urdular. Hüjüm edenler ony tiz öler öýdüp, gitdigiçe köpelýän ganyň içinde goýup gitdiler.

Domingus ruhunyň öz teninden çykyp barýanyny duýdy. Perişdeler ony göklere alyp gitdiler, Onuň bedeni bolsa, ýerde gymyldaman ýatyrdy (onuň özi görýär). Ol indi agyrynam, gorkynam duýmaýardy-da, diňe Mesihdäki täze ýaşaýşa garaşmada asudalyk duýýardy. Ýöne ol: "Seniň Maňa bu ýerde gulluk etme wagtyň entek gelenok" — diýen sesi eşitdi.

Soň Domingus "Tiz kömegiň" işgärleriniň seslerini eşitdi. Olar ejir çekeniň kimdigini — mesihidigini ýa-da musulmandygyny — bilmeýärdiler, şonuň üçin jesedini haýsy morga — musulman morgunamy ýa mesihi morguna — äkitmelidiginiň gürrüňini edýärdiler.

Domingus Hudaýdan güýç sorap dileg etdi. Ahyrsoňy, ol özüniň bar güýjüni jemläp, zordan: "Men mesihi" diýip bildi. "Jeset" özleriniň soragyna jogap berende, lukmanlaryň ýüzleriniň keşbiniň nähili bolanyny göz öňüne geitrmek bolar.

Häzir Domingus doly sagaldy. Ýara yzlar galdy, ýöne onuň kalby imandan we bagyşlamadan doly. Domingus indi özüniň Hudaýa has ýakyndygyny we mydama öz ýakynlary — musulmanlar, hatda öz üstüne hüjüm edenler — üçinem Hudaýa doga edýändigini aýdýar.

Zorluk edilýän we haýbat atylýan bu birahat dünýäde mesihilere geljege gorkusyz seretmeklik tabşyrylandyr. Gorky diňe ýagdaýlary ýeňilleşdirmeýärde, kynlaşdyrýar. Biz näbelli geljegi ynam bilen garşylap bilýäris, sebäbi bakyýetde özümiziň ýer bilen eýýäm üpjün edilendigimizi bilýäris. Biz özümiziň gökdäki geljegimiziň Mesih bilen bakyýetdedigini, Domingusyň aýdyň görşi ýaly, bilýäris. Biz öz duşmanlarymyzyň ýenjip ýa-da öldürip bilýän, ýöne bir ýerdäki bedenlerinden has ýokary zat bolup durýandyrys. Siziň durmuşyňyz ýerdäki bedeniňiz weýran bolandan soň hem, ebedi dowam edýär. Siziň hakyky geljegiňiz — bu ýerdekäňiz, şu ýerde boljak zatlar däl-de, bakyýetde boljak zatlardyr. Siziň geljek babatdaky gorkyňyz nähili? Siz gorkyňyzy Hudaýyň eline berip, geljegi gorkusyz garşy alyp bilýärsiňizmi?

"Reb meniň nurumdyr, Halasgärimdir;
kimden gorkaýyn?"

Zebur 27:1

149-nji gün

ADATY BOLMADYK AÝDYM

DEMIRGAZYK KOREÝA: SUNN OK LI

“Men mesihi bolýançam, bu tussaglaryň näme hakda aýdym aýdýanyny hiç haçan bilmeýärdim”.

Sunn Ok Li 1987-nji ýyldan 1992-nji ýyla çenli Demirgazyk Koreýada türme tussaglygynda boldy. Ýöne ol Günorta Koreýa gaçyp gidenden soň mesihi boldy. Ol Mesihi kabul edende, türmede gören we eşiden zatlary baradaky ýatlamalar çogup çykdy.

Bular ýönekeý zatlardy. Mysal üçin, özleriniň ölüm jezasy ýerine ýetirilen gününde aýdym aýdýan mesihiler. Şol wagtlarda ol muňa düşünmeýärdi, şonuň üçin olar dälirändir öýdýärdi. Oňa başgalar bilen gürleşmäge rugsat bermeýärdiler, şonuň üçin hem, onda mesihiler bilen gürleşmäge mümkinçilik hiç haçan bolmandy. Dogry, ol “Omyn” diýen sözi ýadynda saklapdy.

“Men ol ýerde bolanymda, mesihiniň öz imanyndan ýüz öwrenini görmedim. Ýekeje gezegem. Mesihiler dymanlarynda, ofiserler guduzlan ýaly bolup, olary urýardylar. Şol wagt olaryň ýöne bir: “Men ynanamok” diýip, ofiserleriň isleýän zadyny etmän, janlaryna töwekgelçilik edýänine düşünip bilmeýärdim. Ýenjilme güýçlenen wagtynda, olaryň senalary aýdýanyny görýärdim. Ofiserler olara: “Däliler” diýýärdiler we “elektroşokoterapiýa” otagyna alyp gidýärdiler. Haýsydyr biriniň ol ýerden diri gaýdyp gelenini men-ä görmedim”.

Aýdymlar onuň ýadynda aýratyn orun tutupdy. Belki, ejir çekip ölenleriň hut aýdymlary hem, onuň ýüregine tohum ekip, ony Mesihe alyp gelendir.

Mesihilik bilen gyzyklanýanlar mesihileriň imanynyň hakykylygyna özleri üçin baha bermek üçin ünsüni mesihilerde jemleýärler. Olary synlaýarlar. Olary göz astynda saklaýarlar. Olary ýatda saklaýarlar. Her gezek mesihiler synagdan geçenlerinde, bu sessiz synlaýjylar mesihiler ýykylarlar öýdýärler. Synlaýjylar mesihileriňem beýleki adamlar ýalydyklaryna özlerini ynandyrmak isleýärler. Ýöne mesihiler ähli betbagtçylyklaryň dowamynda ýylgyrmagy dowam etdirenlerinde, bu ýagdaý synlaýjylary petige salýar. Mesihler aglamagyň deregine, el çarpanlarynda, bu olary haýran galdyrýar. Betbagtçylyklaryň içinde Mesihiň yzyna eýerijiler aýdym aýdanlarynda, bu düşünip bolmaýan zat olary özüne çekýär. Eger şu wagt siz kyn ýagdaýda bolsaňyz, onda sizde Mesih hakda şaýatlyk etmäge deňi-taýy bolmadyk mümkinçilik bar. Özüňiziň şatlykly göreldäňiziň başgalary ruhlandyrmagy üçin doga-dileg ediň.

“Men teselliden doly, muşakgatymyz arasynda begenjim çäksiz”.

2 Korintoslylar 7:4

150-nji gün

ADATAN DAŞARY
DÖZÜMLILIK

TÜRKMENISTAN: ŞAGELDI ATAKOW

“Ony ahlak taýdan döwüň ýa-da fiziki taýdan ýok ediň!” Türkmen býurokratlary indi bu köçe wagyzçysyna çydam edip bilmeýärdiler.

Şageldi Atakowa prezidente wepalylyk kasamyny we musulmançylyk ynam nyşanyny aýtsa, Saparmyrat Nyýazowyň 2000-nji ýylyň 23-nji dekabrynda çykaran amnistiýasy boýunça azatlyga çykmagy teklip etdiler. Şageldi amnistiýadan ýüz öwürdi.

Ozal döwlet ýolbaşçylary oňa haýbat atyp, wagyz etmegi bes etmäge mejbur etdiler. ony 1998-nji ýylyň dekabrynda tussag edip, iki ýyllyk azatlykdan mahrum edilmäge höküm etdiler, ýöne prokuror hökümi “juda ýumşak” görüp, garşy çykdy. Şonda ony ýene goşmaça iki ýyl azatlykdan mahrum edilmäge höküm etdiler. Şageldi gazaply ýenjilmelerden soň, agyrydan diýseň ejir çekdi, hatda çagalaryna-da özüne degmezligi haýyş etdi.

2000-nji ýylda onuň aýaly bilen bäş çagasyny güýç bilen öýünden alyp gidip, olary uzakdaky Kaka şäherçesinde ýerleşdirdiler-de, ol ýerde “oba tussaglygynda” sakladylar.

2001-nji ýylyň fewralynda maşgalasy Atakowy görmäge gelende, ol maşgalasy bilen hoşlaşdy. Aýaly duşuşyk wagtynda, onuň ýenjilendigini, bar ýeriniň gökdügini, bagrynyň we böwreginiň agyrýandygyny, bedeniniň sarydygyny gördi. Ol zordan ýöreýärdi, ýygy-ýygydan huşuny ýitirýärdi.

Şeýle-de bolsa, Şageldi ýan bermändi. Ol tabyn bolmady, azatlyga çykmaly wagty ýakyn bolsa-da, ol ony kabul etmedi, sebäbi azatlyga çykmaklyk Mesihden ýüz öwürmäni talap edýärdi.

Adam iýmitsiz köp hepdeläp ýaşap bilýär, ýöne biz suwsuz welin uzak gidip bilmeris. Edil şunuň ýaly, biziň ruhumyzam, ruhy iýmite mätäç. Biz birnäçe günläp, aýlap, hatda ýyllabam jemgyýetsiz ýaşap bileris — ruhumyz ýalňyzlyga döz gelip bilýär. Biz parahatçylyksyz bolmanda-da oňup bilýäris, dowamly bir keseli beýlekisiniň yzyndan çekip bilýäris — ruhumyz, gamgyn bolsa-da, aman galyp bilýär. Ýöne Isa Mesihe bolan umytsyz uzak saklanmaga synanyşjak bolsak, janymyz muňa döz gelip bilmez. Biz umytsyz — Hudaýyň Öz çagalaryna beren gymmat sowgady bolmasa — ýaşap bilmeris. Eger siz mundan beýläk ýaşap bilmejekdigiňizi duýýan bolsaňyz, Hudaýdan özüňize goltgy bermegini soraň. Siz Isa Mesihe bolan berk umydyň kömegi bilen hemme zatdan geçersiňiz.

“Imanyň hasyly bolan işiňizi,
söýgüden emele gelen zähmetiňizi,
Rebbimiz Isa Mesihe baglan
umydyňyzdan dörän çydamyňyzy
Hudaýymyz hem Atamyz öňünde
dyngysyz ýatlaýarys”

1 Selanikliler 1:3

151-nji gün

ADATY BOLMADYK

WEPALYLYK

LAOS: ÝEZEKIÝA

1997-nji ýylda Ýezekiýa mesihi bolandan soň, Hoş Habary wagyz etmek we halypaçylyk boýunça okuw okamak üçin ýerli adamlaryň "mukaddes ýer" diýip atlandyrýan ýerine gitdi. Soň ol kakasynyň öýüne gaýdyp geldi. Bu ýerde ony näme üçin mesihilige geçendigine jogap talap edýän garyndaşlaryndan we obadaşlaryndan ybarat bolan otuz bäş adam garşy aldy. Ol olara: "Meniň halas bolmagym we ebedi ýaşaýşa ýetmegim üçin Isa ýeke-täk ýoldur" — diýip jogap berdi.

Ol ýerdäkiler gaharlandylar, Ýezekiýa bolsa, olary ynandyrjak bolup, şowsuz synanyşdy. Olar onuň saçyndan tutup, huşundan gidýänçä, ýüzüne urdular.

Ýezekiýany dosty öz öýüne alyp gitdi. Bu ýerde ol dört günläp urgulardan soň özüne geldi. Şeýdip, Ýezekiýa atasy öýüne hiç haçan dolanyp gelip bilmedi, ýöne ol Laos obasynyň birinden beýlekisine aýlanyp, gutulyş Hoş Habaryny ýaýratmagyny dowam etdirip ýör.

Şol gezekki urulmadan soň, Ýezekiýany ýene on gezek urdular. Käwagt ol yzy üzülmeýän görgülerden öleninem gowy görýär. Ol: "Mesihilik durmuşymda kämilleşdigimçe, mende kynçylyklary ýeňip geçmäge köp iman peýda boldy. Meniň içinden geçen synaglarym, imanymy berkitdi, şonuň üçin men görgüler içinde Rebbiň wepalylyk bilen ýanymda barýanyny görýärin. Meniň üstüm bilen otuz adamy Halasgär Isa getireni üçin Hudaýa minnetdardyryn" — diýip gürrüň berýär.

Hudaýyň Öz çagalaryna bolan wepalylygy ikitaraplylyga esaslanmaýar. Hudaý biziň ejizliklerimiziň hemmesini gaty gowy bilýär, ýöne barybir bizi söýýär. Biz ejir çeken mesihiler hakdaky wakalary Hudaýyň Öz çagalaryna bolan wepalylygynyň nurunda ünsli okamalydyrys. Ejir çekenler özleriniň taryhynyň özleri hakda däldigini bize ilki bolup ýatlatmalydyrlar. Ol wakalar Hudaý hakdadyr! Biz Mesihe dönüklik etmejek bolup, gynalmany saýlan ummasyz imanlylar hakda okaýan bolsagam, bu wakalaryň iň ajaýyp netijesi adamyň adatdan daşary wepalylygynda däl-de, şöhratly Hudaýyň adatdan daşary wepalylygynda jemlenendir. Siziň wepalylygyňyzyň yraň atmagy mümkin, emma Hudaýyň wepalylygynyň welin, soňy ýokdur. Bu gün Hudaýa Öz wepalylygy üçin minnetdarlyk bildirmäge wagt tapyň.

"Biz wepaly galmasak hem, Ol wepaly bolar. Çünki Ol Özüni inkär edip bilmez".

2 Timoteos 2:13

152-nji gün

ADATY BOLMADYK
GURŞAW

RUMYNIÝA: SABINA WURMBRAND

Ýaş ýewreý lukman zenany gaýgylydy. Bir gün agşam Sabina Wurmbrand tussag aýaly köşeşdirmäge çalşyp: "Hudaý Ybraýyma ýewreý halkynyň aýdyň geljeginiň boljakdygyny aýdyp söz berdi. Halk edil deňiz ýakasyndaky çägeler we asmandaky ýyldyzlar kimin bolar" — diýdi.

Aýal ýaşdan doly gözlerini galdyryp: "Kommunistler bizi edil deňiz ýakasyndaky çägeler kimin depgilärler. Maňa gaýdyp öz Hudaýyň hakda aýtma" — diýdi.

Birnäçe günden soň, Sabina agyr syrkawlady. Türmäniň başlygy öz ýanyna gelende, Sabina keselhanada ölüm ýassygynda ýatyrdy. Türmäniň başlygy: "Biz kommunistlerde gowy medisina hem keselhanalar bar, şonuň üçin biz seniň Hudaýyňdan güýçlüräkdiris. Bu keselhanada saňa Ol hakda söz aýtmaklyk gadagan edilýär" — diýdi. Ýöne Sabina oňa Hudaýyň bardygyny aýdyp jogap berdi. Türmäniň başlygyna beýle batyrlyk bilen garşy çykmakdan gorkmandygyna beýleki tussaglar örän begendiler.

Ertesi gün Sabina işe çykmagy buýruk berdiler. Oňa ýamanlyk etmek islediler, ýöne Hudaý gudrat bilen oňa elini goýup, doly şypa berdi. Bu şypa alyş baradaky habar bütin türmä ýaýrady. Ol ýaş lukmanyňam deňinden geçip gitmedi. Ýaş lukman giç agşam Sabinanyň ýanyna gelip: "Eger seniň Hudaýyň seniň saglygyňy dikeldip, saňa bu dowzahy çukurda beýle rahatlyk berýän bolsa, onda menem Onuň bardygyna ynanýaryn. Başga hiç bir güýjem beýle zady edip bilmezdi. Men nädip gutulyş alyp bilerin?" — diýdi.

Biz özümiziň çuň çukura düşendigimizi duýanymyzda, biziňondançykjakbolşumyza başgalaryň üns bilen seredýändiklerine ynamly bolup bolar. Mesihilik özüne gyzyklanýan tomaşaçylary — aýratynam, bizde kynçylyklar bolan wagtynda — çekýän ýaly pikir döreýär. Hudaýyň näme bolup durýandygyny kesgitlemek üçin adamlar gyrada durup, biziň imanymyzy synlaýarlar. Biz kynçylyklary başdan geçirýän wagtymyzda, olar bizi aýratyn üns bilen synlaýarlar. Ýöne eger kynçylyk wagtynda-da, biziň Halasgäre bolan iman boýunça ýaşaýanymyzy görseler, adamlar durmuşymyzda görýän şaýatlygyny inkär edip bilmezler. Siziň ýaşaýşyňyzda adamlar näme görýärler? Siziň durmuşy ýagdaýlara bolan garaýşyňyz Hudaý hakda näme gürrüň berýär? Eger gözňüňize özüňiz çukura düşen ýaly bolsa, ýatda saklaň, adamlar munuň hötdesinden gelşiňizi synlaýandyrlar.

"Emma biz özümizi Söýýän arkaly bularyň baryny ýeňenlerden üstündiris".

Rimliler 8:37

153-nji gün



“Agyr ýatlamalaryň we pikirleriň bardygyna garamazdan, mende gaýgylanmaga wagt ýok. Meniň durmuşym aşa uly şatlykdan, aşa köp söýýänlerden, aladaçyl adamlardan püre-pür. Şonuň üçin mende özümi ýigrenjiň rak keseliniň ýuwdaryna ýol berer ýaly wagt ýok. Men şatlanýaryn. Men aýdym aýdýaryn. Men gülýärin. Men baýramçylyk edýärin, sebäbi meniň Hudaýymyň şeýtanyň şu wagta çenli oýlap tapan ýamanlyk hem weýrançylyk güýçleriniň hemmesiniň üstünden höküm sürýändigini bilýärin. Has gowusy-da, Hudaýym meniň üstümdenem höküm sürýär!”

Kubada 22 ýyl azatlykdan mahrum edilmä höküm edilen ruhy çopan Aleksandr Noubl, “Men azat bolup ölerin”.

154-nji gün

ADATY BOLMADYK TALAP

HYTAÝ: ÇŽAN RONGLIANG

Çžan Rongliang — Hutaýdaky kiçiräk öý ýygnaklar toparynyň biriniň ýolbaşçysy. Topar her hepdede ýygnaga gelýän on milliona golaý adamy birleşdirýär. 1998-nji ýylda Çžan we on bäş million gizlin meshileriň wekilleri bolan beýleki öý ýygnaklarynyň ýolbaşçylary "Öý ýygnagynyň ynanjy" atly dokumente gol çekdiler. Bu dokumentde kommunistik hökümeti hasaba alynmadyk öý ýygnaklaryny yzarlamagy bes etmeklige köpçüligiň öňünde çagyrylýardy.

Bu dokumentiň çap edilenine birnäçe aý geçenden soň, Çžan bilen gol çeken beýleki ruhy çopanlaryň hemmesini tussag edip, türmä saldylar.

Birazrak wagt geçenden soň, Çžan ýedi ýylyň dowamynda "özüni gowy alyp barma" şerti bilen azatlyga goýberildi. Häzir Çžan ýurda syýahat edip, dürli ýerlerdäki ýygnaklara gulluk edip ýör. Ol hökümetiň isleýşi ýaly, "özüni gowy alyp baranok". Ol mesihilik işini etmegini dowam etdirýär we hiç ýerde-de birnäçe gijeden köp ýatmaýar.

Resul Pawlus Rimliler 13-de biziň öz hökümetimize tabyn bolmalydygymyzy aýdanda, töwekgelçiligiň bardygyny ol hemmeden gowy bilýärdi. Şeýle-de bolsa, rimliler özüni yzarlan bolsalar-da, ol hut olaryň öz şahsy hukuklaryna ýüzlenip, Hoş Habary Rimiň özüne çenli ýetirip bildi. Onuň özüniň rim raýaty hökmünde sud edilmegini talap etmegi oňa, bu özüniň soňky syýahaty bolan bolsa-da, Hoş Habary Rime çenli ýakynlaşdyrmaga mümkinçilik berdi.

Pawlus ýaly, Çžan hem, ýygnaklary yzarlamagy resmi taýdan öňe sürende, töwekgelçiligiň soňky derejesine çenli gitdi. Ençeme adamlar Mesihi tanar ýaly, ol öz azatlygyna hem janyna töwekgelçilik etdi.

Pawlusyň bilşi ýaly, hytaýly ýygnak gullukçylary-da, hökümetiň Hudaý tarapyndan goýlandygyny bilýärler. Olar, şeýle hem, Hudaýyň adalatsyzlygy ünssüz galdyrmaýandygyny bilýärler. Taryh Pawlusyň kellesini rimlileriň alandygyna şaýatlyk edýär. Edil şunuň ýaly, Hytaýdaky mesihilerem, Mesihiň hatyrasyna özleriniň häzirki höküm sürýän režim tarapyndan aňrybaş adalatsyzlygy çekýändiklerini bilýärler. Eger ýurda adalat hem Hudaýyň Sözüni getirmek üçin janyňa töwekgelçilik etmeli bolsa, onda bu ruhy çopanlar ýalylar hatda ölmäge-de taýýar. Biziň adalatyň dabaralanşyny bilmek islegimiz näderejede güýçli? Bu gün özleriniň göreldeleri bilen bizi ruhlandyrýan hytaýly meshiler üçin doga-dileg ediň. Hudaýdan Öz Patyşalygyny ýakynlaşdyrma boýunça işinde olary siziň nädip goldap biljekdigiňizi görkezmegini soraň.

"Ol dogrulygy hem adalaty söýýändir;
ýer ýüzi Rebbiň merhemetinden
doludyr".

Zebur 33:5

155-nji gün

ADATY BOLMADYK
PYGAMBERLIK

RIM: PETRUS

Üçünji gezek Isa Petrusdan: "Eý, Ýahýanyň ogly Simun, Meni söýýärsiňmi?" — diýip sorady.

Petrus gaýgylandy. Ol Mesihi üç gezek ret edipdi, indi bolsa, Isa ondan üç gezek söýgi hakda soraýar. Bu gezekde ol, edil her bir sözüň manysyny ölçeýän ýaly, haýalrak jogap berdi: "Ýa Reb, Sen ähli zady bilýänsiň, Seni söýýänimi-de bilýänsiň"

"Meniň goýunlarymy bak" — diýip, Isa üçünji gezegem gaýtalady.

Ýöne ol bu gezek: "...ýaşkaň özüň biliňi guşap, halan ýeriňe gidýärdiň, emma garranyňda elleriňi uzadyp durarsyň, seni başga biri guşandyryp, halamaýan ýeriňe alyp gider" — diýip, sözüniň üstüni ýetirdide, sözüni dowam etdirip: "Meniň yzyma düş" — diýdi (Ýahýa 21:15-19).

Petrus ýetmiş ýaşyndaka, Neron ony yzarlady. Rowaýatlara görä, dostlary ony Rimden gaçyp gitmäge yrjak bolýarlar. Ol gitmek üçin şäher derwezesine golaýlaşanda, oňa şähere girip gelýän Isa görünýär. Petrus Ony şöhratlandyryp dyza çökýär. "Ýa Reb, Sen nirä barýarsyň?" — diýip, Petrus Ondan soraýar.

"Men ýene haça çüýlenmek üçin gelýärin. Meniň yzyma düş".

Petrus yzyna öwrülip, özüniň islemeýän ýerine gidýär. Ol dolanyp baryp, Neron bilen duşuşýar. Häkimiýet özüni tussag edende, Petrus özüniň başaşak goýlup haça çüýlenilmegini talap etdi, sebäbi özüni Rebbiň çüýlenilişi ýaly çüýlenilmäge mynasyp däl hasaplady.

Bu rowaýatyň düýp özeni Isanyň ikinji gezek haça çüýlenilip bilýändiginde däl. Isa öldi we bir gezekde mydamalyk direldi. Bu rowaýat Isanyň biziň agyrylarymyza hem görgülerimize edil Özi çekýän ýaly duýgudaşlyk bildirýändigini aýdýar. Petrusda bolan bu ýagdaýda Mukaddes Kitap Isanyň irki pygamberliginiň Petrusyň haça çüýlenjegini göz öňünde tutandygyny aýdýar. Isadan başga kim Petrusyň öňünde duran görgüleri öňünden duýup bilýär? Isa görgüleriň ejirini hemmelerden gowy bilýär. Munuň nämedigini Ol bilýär, şonuň üçin agyr pursatlarda biziň ýanymyzda bolmak isleýär. Eger siziň durmuşyňyzda agyry bar bolsa, onda Isa size düşünýändir. Eger siz özüňizi erbet duýýan bolsaňyz, Isa muny-da duýup gördi. Özüňiziň şu günki dilegiňizde Oňa siziň kynçylyklaryňyzy we hasratyňyzy Öz üstüne almaga rugsat ediň.

"Ol muny Petrusa onuň nähili ölüm bilen Hudaýy hormatlajakdygyna yşarat edip aýtdy. Muny aýdandan soň, oňa: "Meniň yzyma düş" diýdi".

Ýahýa 21:19

156-nji gün

ADATY BOLMADYK
RUHY ÇOPANYŇ AÝALY

RUMYNIÝA: SABINA WURMBRAND

Rumyn tebigatynyň gözelligi bilen mesihilerdir ýewreýleriň faşistleriň hem kommunistik basybalyjylaryň ellerinden gören görgüleriniň arasyndaky gapma-garşylyk ägirt uludyr. Sabina Wurmbrand üçin gynamalar üç essedi: ol ýewreýdi, mesihidi, munuň üstesine-de, adamsy meşhur wagyzçydy.

Sabinanyň ejesini, kakasyny, üç kiçi uýasyny we dokuz ýaşly inisini faşistler konsentrasion lagerde wagşylyk bilen öldürdiler. Sabina muny bilen güni imany onuň üçin diri hem hakykat boldy.

Hudaýyň merhemetinden doly bolan Sabina: "Men olara özümiň gussaly ýüzümi görkezmerin. Men Hudaý üçin şatlykly mesihi, ýygnak üçin batyrlygyň göreldesi, adamym üçin asuda aýal bolmalydyryn" diýdi.

Sabina hiç haçan özüniň şahsy hasratyna öz ýanyndakylary goldamaga päsgel bermegine ýol bermedi. Ol özünde başga saýlaw ýok diýip hasaplaýardy. Ölüm hem ezýetler ol wagtlarda, aýratynam, gizlin ýygnagyň agzalarynyň arasynda, yzygiderli hadysa bolupdyr. Oňa, ruhy çopanyň aýalyna, köp adamlaryň nazary dikilendi. Eger ol umydyny ýitirse, başgalarda nähili umyt galýar?

Sabina Rumyniýadan gitmezinden öňürti, Hudaý oňa baýrak berdi. Onda adamsy bilen bilelikde öz maşgalasyny öldüren adamy Mesihe getirmäge mümkinçilik boldy!

Ruhy çopançylyk gullugy — bu ruhy çopan bilen onuň ýanynda el-ele berip duranlaryň arasyndaky partnýorlukdyr. Ol başga adamlaryň gatnaşygy hem goldawy bolmasa, doly bolup bilmeýär. Hudaý mesihileri jemgyýetden üzňelikde ýaşamaga we işlemäge çagyrmaýar. Gaýtam, Ol bizi dünýäniň içine gitmeklige çagyrýar. Bize öz gullugymyzda beýleki mesihileriň özümiz bilen bile ýöräp, öz akyldarlygy hem goldawy bilen kömek edeni gerek. Bizden hemme zady özümiziň etmegimiz talap edilmeýär, hatda synanyşmagymyzam talap edilmeýär. Öz işiňiz hakda pikir ediň. Siziň işdeşiňiz kim? Siziň işiňizde, öýüňizde ýa-da mekdepde täsirli şaýat bolmagyňyz üçin kim doga-dileg edýär? Gerek bolan wagtynda sizi goldajak we sizi güýçlendirjek mesihini özüňize görkezmegini Hudaýdan soraň.

"Sizi imanyňyzda berkitmek, ruhlandyrmak üçin Mesihiň Hoş Habaryny ýaýratmakda işdeşimiz, Hudaýyň hyzmatkäri bolan doganymyz Timoteosy ýanyňyza iberdik".

1 Salonikliler 3:2

157-nji gün

ADATY BOLMADYK
GÜÝÇ

INDONEZIÝA: FRIS

Frisiň kellesinden güýçli urgular inende, ol Hudaýdan diňe urgulara döz gelmäge güýç sorady. Musulmanlar onuň daşyny gabap, gezekli-gezegine ýüzüne urdular. Olaryň biri mesihi ruhy çopanynyndan dynmaga howlugyp, ullakan pyçagyny galgatdy. Pyçak ilki tenine sanjylanda, ol diňe: "Isa!" diýip gygyryp bildi. Mundan soň her gezek pyçagy sanjanlarynda, ol diňe: "Isa!" diýip iňňildedi. Bu ruhy çopanyň hiç ölmeýändigi hüjüm edenleri gitdigiçe köp alada goýýardy.

Mundan soň, musulman radikallary ýygnak binasynyň içinden oturgyçlary hem münberi çykaryp ýakdylar. Iki musulman Frisi alyp, ýalynlap duran agajyň üstüne oklady. Olar öz eden işlerinden göwnühoş bolup gaçyp gitdiler. Mundan soň Fris köp zady bilenok, ýöne bir zady bilýär: onuň kellesindäki ýekeje saçam ýanmandyr.

Çozuşdan köp wagt geçmänkä, Frisi Indoneziýanyň şu bölegindäki iň uly keselhana alyp bardylar, ýöne ol ýerde oňa hyzmat etmekden ýüz öwürdiler, sebäbi ol mesihidi. Ony başga keselhana getirenlerinde, nobatçy lukman, eger oňa bu gijeden diri çykmak başartsa-da, zeper ýeten beýnini barybir bejerip bolmajakdygyny aýtdy.

Uzak dowam eden bejergi kursundan soň, Fris täze ýygnakda wagyz edýär. Ony geň galdyryp, öz üstüne hüjüm eden musulmanlaryň biri Frisden: "Seniň Isaň kim?" — diýip soramak üçin ony gözläp başlapdyr.

Eger özüni ekspert hasaplasalar, bu kime ýaramaýar? Mehanik, matematik, gurallar, gurluşykçy, sungat, markalardan kolleksiýa ýygnamak ýa-da sport — biziň her birimizi hiç bolmanda bir ugurda ekspert hasaplamak bolar. Özümize gowy tanyş bolan bilim ulgamyndaky soraglara ýüzugra jogap bermeklik bize ýaraýar. Ýöne kimdir biri sizden: "Isa kim?" — diýip sorasa, edil "ekspert" ýaly jogap bermäge siz taýýarmy? Öz tebigaty boýunça mesihileriň hemmesi hoşhabarçy däldir. Ýöne mümkinçilik bolanda, her bir mesihi Hoş Habary wagyz edip we gutulyş planyny paýlaşyp bilýär. Eger siz bu soraga näme jogap bermelidigine ynamly bolmasaňyz, onda munuň jogabyny bilýän we size kömek edip biljek adam bilen gürleşiň.

"Ýöne ýüregiňizde Reb Hudaýy mukaddes ediň. Içiňizdäki umyt hakynda özüňizden hasabat soran her kese, her wagt jogap bermäge taýýar boluň".

1 Petrus 3:15

158-nji gün

ADATY BOLMADYK
ÝAŞLAR TOPARY

RUSSIÝA: RUHY SERGEÝ SEREBRENNIKOW

Ýerli gazetler muny "ýabanylyk" diýip atlandyrdy. Makalada ganhorluk ýa-da awtomobil heläkçiligi hakda gürrüň gidenokdy-da, Mukaddes Kitaby öwrenmek barada gürrüň edilýärdi.

Bu makala sowet kommunistik gazetinde takmynan 1960-njy ýylda peýda boldy. Onda: "Oglanjyklar hem gyzjagazlar ruhy senalary aýdýarlar. Olar suwda çokundyrylma däbini berjaý edýärler we duşmanyňa bolan söýgi baradaky erbet zelelli, haýyngylykly taglymaty saklaýarlar" — diýlip ýazylypdyr. Soň şok ýagdaýyna salýan täzelik beýan edilýär: komsomollaryň köpüsi gizlin mesihiler eken.

"Biz edil ilkinji mesihiler ýaly, özümiziň Halasgärimize ynanmalydyrys — diýip, öz ýaşlar toparynyň ruhy çopany Serebrennikow öwretdi. — Biziň üçin esasy kanun — bu Mukaddes Kitapdyr. Biz başga kanuny ykrar etmeýäris. Biz adamlary, aýratynam, ýaşlary günälerinden halas etmäge howlukmalydyrys".

Döwlet howpsuzlyk gullugynyň işgärleri ruhy çopanyň öýüni dökenlerinde, iman getiren bir gyzjagazyň: "Size söýgüli Rebbimiziň ak patasyny iberýärin. Reb meni nähili söýýär!" — diýip ýazan hatyny tapanlaryndan soň, ruhy çopany türmä saldylar.

Gazet makalalarynyň awtorlary adaty sowet ene-atalaryň çagalarynyň Isanyň yzyna eýerme kararyna gelendiklerine haýran galdylar. Žurnalistler sowet mekdebini "güýçsüzlikde" aýypladylar, ony "ýagtylykdan mahrum bolan" — diýip atlandyrdylar. Olar Ýygnagyň "perwaýsyz mugallymlaryň gözleriniň öňünden okuwçylary çekip almagy" başarandygyna haýran galdylar.

Ýöne, gep asla mugallarymlaryň perwaýsyzlygynda däl-de, ruhy çopan Serebrennikowyň we onuň ýaşlar toparynyň — "ýagtylykdan mahrum bolan" ýurtda nury öwşün atan mesihileriň wagyz eden Mesihiň söýgüsiniň we Hoş Habaryň çagyryşyndady.

Öz kiçijik nurumyň sönmegine ýol bermerin..." — diýlip, ýönekeý sazly we ýönekeý sözli meşhur çagalar aýdymynda aýdylýardy. Bu aýdymy aýdanyňdan soňam, ol ýene birnäçe günläp, kelläňde aýlanyp durýardy. Ony hatda kiçi çagalara-da aýtmak aňsat düşýärdi, ýöne oňa laýyklykda ýaşamak, ylaýta-da, ulalanyňdan soň has kyn bolýar. Bizde gün içinde nurumyzyň öwşün atmagyna we Hudaýy şöhratlandyrmaga näçe gezek mümkinçilik peýda bolýar? Birmi — ikimi? Onmy? Ýigrimimi? Anyk sanyň tapawudy ýok. Her gün durmuşda duş gelýän wakalara seslenişimiziň ähmiýeti bardyr. Kim bilýär, belki, siziň nuruňyz — bu kimdir biriniň öýüne tarap ýoly tapmagy üçin gerek bolan bar zadydyr.

"Siz dünýäniň yşygysyňyz. Dagyň depesinde gurlan şäher gizlin galyp bilmez. Çyrany ýakyp-da, gabyň aşagynda goýman, çyradanyň üstünde goýýandyrlar, şonda ol öýdäkileriň hemmesine yşyk berýändir".

Matta 5:14-15

159-nji gün

ADATY BOLMADYK

"SATUW"

RUMYNIÝA: SABINA WURMBRAND

Bir boluşlylyk aklyňdan azaşdyrýardy, Sabinanyň nerwleri tar kimin dartylyp durdy. Ýöne ofiser ýüregedüşgünçlik bilen:

— Seni gürlemäge nädip mejbur etmelidigini biz bilýäris, ýöne bu saňa ýaramaz. Bize akyl satjak bolma. Sen diňe biziň wagtymyzy alýarsyň.

Ol Sabinany mesihileriň — kimiň imandaky enesi bolan bolsa, kimi yzarlamalar içinde güýçli bolup galmaga çagyran bolsa, şolaryň hem — atlaryny aýtmaga mejbur etmek isleýärdi. Indi Sabinanyň güýçli bolma gezegi gelipdi. Onuň göwnüne bolsa, özi indiki sorag edilmä çydam edip bilmejek ýaly bolup görünýärdi.

Bu gezek aňtaýjy aýal bilen gürleşikde ýumşak hem çeýe boldy. Ol ýylgyryp:

— Hormatly hanym, siz ýaňy otuz alty ýaşyňyzda, siziň durmuşyňyz entek öňde. Ýöne dönükleriň atlaryny aýdyň — diýdi.

Sabina dymdy, ol bolsa dowam etdirdi:

— Oňaýlyrak bolaly. Hemme zadyň öz bahasy bar, näme üçin siz bize öz bahaňyzy aýtmaly dälmişiňiz? Aýtsaňyzlaň, siz näme isleýärsiňiz? Özüňiziň azatlygyňyzymy ýa adamyňyzyň? Gowy öými ýa-da ýygnak binasyny? Biz siziň maşgalaňyzyň aladasyny gowuja ederis.

Sabinanyň sesinde yhlasly garaýyş ýaňlandy:

— Sag boluň, men eýýäm özümi satdym.

— Eýýämmi? — diýip, aňtaýjy onuň sözüni böldi. — Kime we nähili baha?

— Hudaýyň Ogly ezýetler içinde meniň üçin Öz janyny berdi. Onuň kömegi bilen men jennete baryp bilýärin. Siz mundan köp töläp bilýärsiňizmi?

Biz ýetginjekler özleriniň ýetginjeklik döwründen geçip ulalarlar diýip umyt edýäris. Oňa ýigitlik ekstremalizmi mahsus diýip hasaplaýarys. Ýöne biz ulalanymyzdan soňam, bize gün bermez diýip pikir edemizok. Deň-duşlaryň basyşy. Bizi kimdir biriniň "satyn almagy" ýa-da öz gymmatyny pese düşürme meýliniň peýda bolmagy çydam edip bolmajak derejedäki tanyş duýgudyr. Ahyrsoňy, ýan berenimizde bolsa, özümizi akmak duýýarys. Ýöne biziň wepalylygymyzy gazanmak üçin Mesih iň ýokary bahany töledi. Eger her kimde bahasy bar bolsa, Isa biziň üçin Öz goýan bahasyny bir gezekde hemişelik aýtdy. Öz ganynyň bahasy bizi Onuň nazarynda bahamyza ýetip bolmaýan edip görkezýär. Siziň üçin bireýýäm töleg tölenen, şonuň üçin arzan baha satylmaň. Bu gün muny özüňize ýatladyň.

"Siz gymmatbaha satyn alyndyňyz, adamyň guly bolmaň".

1 Korintoslylar 7:23

160-nji gün



“Özüniň yzarlanan doganlaryny ýatda saklamaýan ýygnak — bu ýygnak däldir”.

Gizlin ýygnagyň agzalaryny goramak üçin aýylganç gynamalary başdan geçiren lýuteran ruhy çopany.

161-nji gün

ADATY BOLMADYK
GURALLAR

AMERIKANYŇ BIRLEŞEN ŞTATLARY

Otlynyň agdarylan ýeriniň üstünde goýy tüsse we ýolagçylaryň gana bulaşan, döwlen — ýenjilen bedenlerinden ybarat bolan deňziň janhowluna düşen gykylyklary bardy. Sandan çykan wagonlaryň ýanynda, ýaralylaryň arasynda heläkçilikde gudrat bilen aman galan hirurg iki ýana ylgap ýördi. Başagaýlykda onuň ýüki ýitirilipdir. Ol çykgynsyz ýagdaýa düşüp: "Meniň gurallarym! Meniň gurallarym! Eger gurallarym bolan bolsady!" diýip gygyrýardy.

Bu adam eline medisina gurallaryny alyp, köp janlary halas edip bilýärdi. Boş elleri bilen bolsa, ol göz öňünde adamlaryň ölýänini görüp, kömek edip bilmän ylgaýardy.

Bu günki gizlin ýygnak köplenç şol hirurgy ýatladýar. Onda bilim hem-de hudaýsyz kommunizmiň we duşmançylykly garaýan yslamyň heläkçiligine uçran köp janlary halas etme islegi bar. Oňa diňe gural ýetmezçilik edýär.

"Yzarlanylýan doganlaryňyzyň gygyrýan seslerini eşidiň! — diýip, Riçard Wurmbrand azatlyga çykyp, ABŞ-a barandan soň çagyrdy. — Olar azat edilmeklerini soranoklar, olar howpsuzlyk ýa-da ýeňil durmuşy soranoklar. Olar diňe özleriniň ýaşlarynyň, ösüp gelýän nesilleriniň, ateizm bilen zäherlenmesine garşy hereket etmäge ukyply bolar ýaly, diňe gural soraýarlar. Olar Mukaddes Kitap soraýarlar. Eger özlerinde Söz ýok bolsa, onda olar nädip ony ýaýradyp bilsinler?"

Mesihilige duşmançylykly garalýan ýurtlarda ýaşaýan mesihiler özlerini bu "gurallar" bilen üpjün edip bilmeýärler. Olar azat ýurtlardaky mesihileriň kömegine bil baglaýarlar. Yzarlanylýan mesihileriň biri: "Bize wajyp guraly beriň, biz onuň üçin ýokary baha, hatda öz janymyzyň bahasyny töläris!" — diýipdir.

Hek mugallym üçin, iňňe şepagat uýasy üçin, sabyrlylyk ene-ata üçin, traktor fermer üçin. Her adam öz kesbine we hünärine baglylykda dürli gurallary ulanýar. Kompýuter ýaly çylşyrymly zat ýa-da öz eliň ýaly ýönekeý zat gural bolup biler, ýöne şol gurallaryň hemmesi aslynda biziň durmuşymyzy üýtgedýär. Biz, mesihiler, öz ruhy gurallarymyz hakda Hudaýyň Sözünden, Mukaddes Kitapdan bilýäris. Duýgudaşlyk, bagyşlama, söýgi, paýlaşma zerurlygy ýaly gurallar we Hudaýyň bize berýän sylaglary hem zehinleri hakda hiç haçan eşidibem görmedikler näme etmeli? Bu ruhy hakykatlary altyn-gyzyl ýygnaýan açgöz kimin ýanyňda gizläp goýup bolmaýar. Öz gurallaryňyzy olara mätäç bolanlar bilen höwesli paýlaşyň.

"Olar öz iman etmedik Rebbini nähili çagyrarlar? Eşitmedik Rebbine nähili iman ederler? Wagyzçysyz nähili eşiderler?"

Rimliler 10:14

162-nji gün

ADATY BOLMADYK
SAPAR

WÝETMAN

Otlynyň tigirleriniň sesi wagondaky gaty agaç oturgyjyň üstünde oňaýsyz ýerleşen ýaş wýetnamly mesihi gyzyň horja bedeninde agyry bolup syzyldy. Ýöne onuň örän wajyp mssiýasy bardy.

Oňa özüniň Demirgazyk Wýetnamda ýolbaşçylyk edýän mesihileri üçin ruhy iýmit gerekdi. Özleriniň lideri gymmatly Mukaddes Kitaplary getirer ýaly, oňa üstünligiň ýar bolmagy üçin imanlylaryň üç ýygnagy doga-dileg edýärdi.

Öýde onuň gullugy tapdan düşürijidi. Ol sebitde ýeke-täk kämil mesihidi, onuň özi üç ýygnagy esaslandyrdy we mesihileri jana-jan edip birikdirdi. Mesihileriň her biri onuň şahsy şaýatlygynyň kömegi bilen iman getirdiler. Onuň awtomobili, hatda welosipedem ýokdy. Doga-dileg etme ýygnanyşyklaryna ol pyýada gidýärdi ýa-da aşaklygyna derýa bilen kiçijik agaç gaýykda düşýärdi.

Imany zerarly ol poliseýleriň haýbatlaryny we üstünden gülmelerini, şeýle hem, buddist ene-atasynyň ýigrenjini başdan geçirdi. Indi ol üç günden bäri otluda öz ýygnaklaryna kömek edip biläýjek mesihileri tapma umydy bilen gidip barýar. Otly Hoşimin şäherine gelip ýetdi.

Ol ýerde bu gyz Günbatarly mesihiler bilen tanyşdy, olar hem oňa Mukaddes Kitap berdiler. Olar oňa üç ýygnagyň arasynda gatnamak aňsat bolar ýaly, welosipedem berdiler. Yzyna gaýtmazdan öňürti, hemmesi bile doga-dileg edip, Hudaýdan onuň ýoluna hem gullugyna ak pata bermegini soradylar.

"Siz näçe ýaşyňyzda?" — diýip, gelenleriň biri gyz düşmekçi bolan wagtynda sorady.

Gyz ýüzündäki gara saçlaryny aýryp: "Ýigrimi iki" diýip pyşyrdady.

Wunderkindler öz ýaşyndaka garanda, aýratyn mümkinçiliklere eýe bolýarlar. Biz on bäş ýaşynda kolleji gutaran ýa-da entek on iki-de ýaşamankalar, simfoniýa ýazan, ýa-da on alty ýaşa-da ýetmänkä, sportda örän ýokary netijeleri görkezen adamlar hakda eşidipdik. Biz köplenç gözigidijilik edip, ýaşlykda ähmiýetli zatlara ýetmändigimize we şonuň ýaly atlary almandygymyza gynanýarys. Ýaş wýetnamly gyz muny başaryp bildi, ýogsam, onda öz deň-duşlaryndan tapawutlanýan nähilidir bir ukyby-da ýokdy. Onda diňe Isanyň yzyna eýerme we öz ýurdunyň adamlaryna Hoş Habary ýetirme islegi bardy. Mesih sizi Özüniň hatyrasyna yhlasly bolmaklyga çagyrýar. Hudaýyň söýgüsini ýaýratmak örän ýönekeýdir. Bu aýratyn ukyby talap etmeýär — munuň üçin diňe siziň islegiňiz gerek.

"Bu işlerde yhlasly bol. Ilerleýşiňi hemmeleriň görmegi üçin, bular bilen meşgullan".

1 Timoteos 4:15

163-nji gün

ADATY BOLMADYK
ÜNDEWLER

FRANSIÝA: FRANS RAWENNA WE MARTIN GILLÝABER

"Özüňiziň ölüm hökümiňizi eşideniňizde, ony şöhratly Patyşanyň toý dabarasyna çagyrýan çakylygy hökmünde kabul edýärsiňiz".

Ündewler kyndy, ýöne takykdy. Fransuz rewolýusiýasy wagtynda, ýazyjylar Frans Rawenna bilen Martin Gillýaber ölüm howpy astynda duran mesihilere ündewler ýazdylar. Olaryň "çaphanasy" türme kamerasydy. Olar oňa jennete girelgäniň öňünde duran daşky jaý hökmünde garapdyrlar.

"Özüňiziň ölüm hökümiňizi okap bolanlaryndan soň, özüňizden öňki ejir çekenler köpçüligine goşulyp: "Sag bol, Hudaý" — diýiň. Öwgi senalaryny aýdyň. Eliňizi daňanlarynda, resul Pawlusyň: "Diňe bir ýesir bolmak däl-de, eýsem, Isa Mesiihiň ady ugrunda ölmäge-de taýýar" diýen sözlerini gaýtalaň" — diýip, olar ýazypdyrlar.

Hökümiň ýerine ýetirilýän ýerine alyp barýarkalar ýolda garawullara Ýazgydan görgi görmäniň we Mesih ugrunda ölmegiň lezzeti hakda gürrüň beriň. "Mesihiň söýgüsinden bizi kim aýrar?" (Rimliler 8:35).

Jellada gabat geleniňizde, beýik ejir çeken Ignatiniň: "Haçan şatlykly pursat geler, men haçan öz Halasgärim üçin ölerin? Men ýene näçe garaşmaly?" — diýen sözlerini ýatlaň. Özüňizi yzarlanlar üçin hem doga-dileg etmegi unutmaň".

Rawenna bilen Gillýaberiň kelleleri kesildi. Azat ýurtlardaky mesihilere olaryň nämeleriň içinden geçmeli bolandyklaryny hatda göz öňüne getirmegem kyndyr, mesihilik yzarlanylýan ýurtlarda bolsa, ençeme adamlar her sagatda olaryň yzlary bilen barýar.

Durmuşymyzyň islendik pursatynda betbagtçylyk başymyzdan inip biler. Awtomobilde barýarkagam, köçeden geçýärkägem, özümiziň gündelik işimiz bilen meşgullanýarkagam, betbagtçylykly ýagdaýdan, keselden ýa-da zorlukdan goragly däldiris. Bu dünýäniň ýamanlygyndan doly howpsuzlykda ýaşap bilmesegem, biz Hudaýyň özümize berýän wadasy bilen ýaşap bilýäris. Özümiziň Isada bar bolan söýgimizden bizi hiç zat, düýbünden hiç zat aýryp bilmeýär. Belki, size imanyňyz sebäpli, hiç haçanam ölmek gerek bolmaz, şeýle-de bolsa, siziň düşünmezlik we başga yzarlamalara duş gelmegiňiz mümkin. Hudaýyň söýgüsi ýolda özüňize boljak zatlaryň hemmesini berklik bilen kabul etmegi size öwreder we kömek eder.

"Sebäbi, men ne ölümiň, ne-de ýaşaýşyň, ne perişdeleriň, ne hökümdarlaryň, ne-de gudratlaryň, ne şu wagtyň, ne-de geljegiň, ne belentligiň, ne-de çuňlugyň ne-de başga mahlugyň Rebbimiz Mesih Isada bolan Hudaý söýgüsinden bizi aýyrmagy başarjakdygyna".

Rimliler 8:38-39

164-nji gün

ADATY BOLMADYK
ÝENE BIR GURALLAR

EÝRAN

“Biz toýun, Ol bolsa — Küýzegär”.

Bir gezek bir mesihi adam penjiräniň öňünde durup, ýarygijäniň tümlüginde, mesihileriň duşuşýan ýerine polisiýanyň ýakynlaşýanyny aňladýan nähilidir bir hereketi görermikäm öýdüp ünsli seredip durdy. Mesihiler Eýranyň günortasyndaky şäherde gizlin ýygnanyşdylar. Duşuşygyň howpuny daşary ýurtly myhmanyň bolmagy has-da artdyrýardy, sebäbi mesihileriň daşary ýurtly adamlar bilen gatnaşmagy, eýranly polisleýleriň gazabyny döredýärdi.

Erkek doganlaryň biri ýaňy-ýakynda tussaglykdan goýberilipdi, onuň tenindäki gökler bolsa, oňa nähili daralandygynyň sessiz şaýatlarydy. Polisiýa ony bireýýämden bäri yzarlap ýören bolsa-da, onuň mesihilik işi hakda bilýän bolsa-da, ol bu işi bilen tussag edilýänçä meşgullanmagy we gullugyny ýerine ýetirmegi dowam etdirdi. Ol yhlas bilen gürleýärdi we ýygnanyşanlary her neneň baha düşýän bolsa-da, gitdigiçe Mesihe köp meňzeş bolmaklyga çagyrýardy. Olaryň hemmesi Mesihiň yzyna eýermegiň bahasynyň ýokary boljakdygyny bilýärdiler, sebäbi her biri eýýäm tussag edilen, ýenjilen, hatda öldürilen mesihileri tanaýardylar. Köp mesihiler ýöne bir yzsyz ýitip gidýärdiler.

Ýygnanyşyk uzaga çekýärdi, mesihiler bolsa, ruhlanma bilen Hudaýy şöhratlandyrýardylar. Ýygnanyşykdan soň, gören zatlaryna akly haýran bolan daşary ýurtly myhman türme diwarlarynyň içinde gören zatlaryny gürrüň beren adamdan: “Sen bu bela-beterleriň hemmesiniň içinde nädip umyt hem şatlyk ruhuny beýle saklap bildiň?” — diýip sorady.

“Meniň synaglarym bary-ýogy Hudaýyň elindäki guraldy. Hudaýyň özümi has mukaddes etmek üçin ulanýan gurallaryny tankyt eder ýaly, men kim?” — diýip, ol jogap berdi.

Gelejek adamlary özüne çekýär. Asyrlar boýy biz özümiziň geljegimizi bilýändigini aýdýan astrologlar we beýleki adamlar bilem maslahatlaşdyk. Biz wagta syýahat etme baradaky kitaplary ýazýarys, filmleri döredýäris. Biz durmuş ýolumyzda özümize nämäniň garaşýandygyny bilmek isleýäris. Ýöne toýunyň özünden näme ýasamak isleýänini küýzegärden sorap bilmeýşi ýaly, bizem Ýaradyjymyzdan geljekde biziň üçin näme taýýarlandygyny sorap bilmeýäris. Şeýle-de bolsa, biz Oňa ynanyp, Hudaýyň öz durmuşymyzdan ajaýyp hem mukaddes bir zat döretjegini bilip bilýäris. Biz özümiziň Hudaýyň elleriniň işidigimizi bilýärs. Hudaýyň, öz Rebbimiziň Döredijidigi, özümizi sungat eserine öwürýändigi ýadyňyzdamy?

“Şonda-da Atamyz Sensiň, ýa Reb,
biz toýundyrys, Sen küýzegärimiz,
Seniň eliňiň işidiris ählimiz”.

Işaýa 64:8

165-nji gün

ADATY BOLMADYK

HAÇA BOLAN SÖÝGI

RIM: ANDREÝ

“Eger sen Isany inkär etmeseň, onda haçda ölersiň” — diýip, Egeý hökümdar gaharly gygyrdy. Onuň gazaby tabynlygyndakylara düşnüklidi: bu mesihi hökümdaryň garamagyndaky grek welaýatynda mesihiligi şeýle üstünlikli ýaýratdy welin, hatda hökümdaryň aýalam Mesihe iman etdi. Şeýdip, mesihi ony Rimiň öňünde masgara etdi.

“Eger men haçda ölmekden gorkýan bolsam, onda Mesihiň haçynyň beýikligini we şöhratyny wagyz etmezdim” — diýip, Andreý jogap berdi.

“Beýle bolsa, sen şony hem alarsyň! Ony haça çüýlemeli”

Andreýi X şekilli haçyň ýanyna alyp gelenlerinde, ol gygyryp: “Ah, haç! Adamlar ony bu ýerde ýöne ýere galdyrmadylar. Men haçyň ýanyna özümiň, haçda Öleniň şägirdiniň, hem haça çüýlenilip biljekdigimi bilip, arassa wyždan bilen gelýärin. Men haça näçe ýakynlaşsam, Hudaýa-da şonça ýakynlaşýaryn” — diýdi.

Andreý haçda üç günläp asylgy durdy. Ol ezýetleri ýeňip, öz öňünde duranlara: “Bakyýetde Hudaý bilen bolup, Onuň wadalarynyň miwesini alar ýaly, Sözde we öz alan taglymatyňyzda mizemezligiňize galyň” — diýip nesihat berdi.

Andreý soňunyň golaýlap gelýänini bilip: “Ýa Reb Isa Mesih! Bu ýerde Seniň üçin haçda asylgy duran guluň ýene-de adamlaryň arasynda ýaşamagy üçin goýberilmegine ýol berme, meni Öz Patyşalygyňa kabul et!” — diýip gygyrdy. Andreý şu sözler bilen ruhuny Hudaýa berdi.

Farfor. Kümüş. Ýokary hilli altyn. Hatda platina. Biziň döwrümizde haçlary her hili gymmat materiallardan dürli görnüşlerde bezegi hökmünde taýýarlaýarlar. Diwara asylýan bezeg, awtomobil aýnasyna asylýan bezeg hökmünde taýýarlaýalar. Hemme ýere ýeten haç. Ýöne haçyň beýle meşhurlygyna garamazdan, köp mesihiler onuň nämäni aňladýandygy hakda oýlanýarmykalar? Käbirleri üçin haç — bu gynama guraly. Öýüňizde dar agajynyň ýa-da elektrik oturgyjynyň bezeg hökmünde duranyny göz öňüne getiriň. Haç bize Mesihiň ezýetli ölüm bilen ölenini ýatladýar. Mundan başga-da, ol ozal Hudaýy we Onuň adamlaryny aýra salan günäniň üstünde asylyp duran köprini aňladýar. Isa haçyň kömegi arkaly bizi Hudaý bilen ýaraşdyrdy. Indi haçyň özüňiz üçin nämäni aňladýandygy hakda oýlanyň.

“Gözümizi imanymyzyň Öňbaşçysy, Kämilleşdirijisi Isa dikeliň. Ol öňüne goýlan begenç ugrunda utanjy äsgermän, haçdaky ölüme döz gelip, Hudaýyň tagtynyň sagynda oturdy”.

Ýewreýler 12:2

166-nji gün

ADATY BOLMADYK
GUTULYŞ

NIDERLANDY: DIRK WILLEMS

On altynjy asyrda Niderlandyda ispan karolisizminiň hökümdarlygy döwründe Dirk Willems "anabaptist" diýlip yglan edilip, türmä salnypdyr. Inkwizatorlar "Otdaky ölüm" atly dekreti çap etdiler. Şol dekret boýunça-da, protestant — reformatorlary ejirli ölüme höküm etdiler. Erkekleri oda golaý duran sütüne berkidip, diriligine gowurdylar. Aýallary bolsa, inçe mazarlara dykyp, diriligine ýere gömdüler. Karl V-iň we Filipp II-niň hökümdarlygy döwründe, ýüz müňden gowrak adam imany üçin öldürildi. Olary bäbekleri suwda çokundyrmakdan ýüz öwürmekde, ýygnagy döwletden aýyrmagy talap etmekde, ahlak taýdan pese düşen ruhanylygy tankytlamakda aýypladylar. Yzarlananlar ahlak taýdan arassa we asuda adamlardylar. Dirk hem şeýle adamdy. Indi ol öz janyny gaçmak bilen halas edip ýördi.

Ol kameranyň kiçijik äpişgejiginden çykyp we öz geýminden işen ýüpünden sypyrylyp düşüp gaçdy. Türme diwarynyň ýanyndaky doňan howdanyň üstüne düşenden soň, opurylyp gitmekden howatyr edip, buza seresaplylyk bilen basdy. Ýöne türmedäki açlykda geçiren aýlary oňa şu wagt gowy hyzmat etdi: indi onuň agramy elli kg-dan köp däldi.

Gijäniň asudalygyny: "Dur! Gymyldama!" — diýip, Dirkiň bary-ýogy birnäçe minut ozal çykan penjiresinden gygyran garawulyň sesi bozanda, Dirk howdanyň aýna kimin ýerini geçdi diýen ýalydy. Azatlyk juda ýakyndady. Dirk saklanmady.

Garawul ýene gygyrdy. Indi ol buzuň üstündedi. Ol Dirkiň yzyndan derrew ylgady. Ýöne tizara şatyrdy eşidildi — garawul suwa gitdi. Onuň gygyryan sesi gorky bilen çykgynsyzlyk çyrlamasyna öwrüldi: "Maňa kömek et! Meni halas et!"

Dirk azatlyk bolan tarapa seredip, doňup galdy. Soň yzyna öwrülip, derrew ses gelýän tarapa ýöredi. Ol buzuň üstüne ýatyp, heläk bolup barýan garawula elini uzadýar. Garawul özüni howpsuzlykda duýup, ejizlän Dirki tutup alyp, ony kamera süýräp getirýär. Birnäçe günden soň, Dirk otda ýakylýar.

Hudaýa wepaly mesihiler sagdyn pikire laýyklykda ýaşamaýarlar. Olar netijesiniň nähili boljakdygyna gaty gowy düşünseler-de, akla sygmajak hereketleri edýärler. Olar, edil adaty iş edýän ýaly, mümkin bolmajak zatlary edýärler. Olaryň hereketleri hem garaýyşlary dünýä üçin şeýle bir tebigy däl bolup görünýär, şonuň üçin dünýä olara köplenç nädogry düşünýär. Birnäçe adamlar üçin Dirkiň eden adaty bolmadyk halas etme hereketi logiki däl karar ýaly bolup görünmegi mümkin. Hatda, elbetde, akmaklyk ýaly-da bolar. Şeýle-de bolsa, Dirk Mukaddes Kitap taglymatyna dogry eýerdi. Ol başga adamyň mätäçligini özüniňkiden ýokary tutdy. Biz pida edenimizde, dünýä bize mydama düşünip durmaýar, ýöne biz özümiziň ruhy taýdan dogry hereket edýändigimizi bilýäris. Siz sagdyn pikire ýygy-ýygydan esaslanýarsyňyzmy? Ýa-da siz her neneň baha düşse-de, Hudaýyň tabşyrygyna eýermäge taýýarmy?

"Rebbe bütin ýüregiň bilen bil bagla,
öz düşünjäňe daýanma".

Süleýmanyň pähimleri 3:5

167-nji gün



“Men kommunistik sistemany ýigrenýärin, ýöne adamlary söýýärin. Men günäni ýigrenýärin, ýöne günäkärleri söýýärin. Men kommunistleri çyn ýüregimden gowy görýärin. Kommunistler mesihileri öldürip bilerler, emma olaryň söýgüsini, hatda özlerini öldürýänlere-de bolan söýgüsini öldürip bilmeýärler. Mende kommunistlere — özümi gynanlara — ýekeje-de öýke ýa-da kine ýok”.

Kommunistik režimde imany üçin tussaglykda bolan tussag.

168-nji gün

ADATY BOLMADYK
HOWPSUZLYK

MÜSÜR: AHMET

“Näme üçin sen öz çagalaryňa töwekgelçilik edýärsiň?” — diýip, müsür poliseýi sorady.

Hoş Habary wagyz edeni we mesihilik edebiýatyny ýaýradany üçin Ahmedi ençe gezek tussag etdiler. Şeýle-de bolsa, ol her gezekki sorag edilme özüne Mesih hakda şaýatlyk etmäge ýene bir mümkinçiligi berýär diýip hasaplaýar.

“Çagalarymyň howpsuzlygy maňa bagly däl — diýip, ol poliseýe asuda jogap berdi. — Howpsuzlyk Hudaýdan gelýändir”.

“Sen näme üçin döwlete tabyn bolmak islemeýärsiň?” — diýip, poliseý nygtap sorady.

“Men Isa hakda gürrüň bermegimi bes etmerin, sebäbi Ol — Hakykat Ýoludyr. Isa meniň ýüregimi üýtgetdi” — diýip, Ahmet düşündirdi.

Poliseýler ondan gizlin çap edilen mesihilik edebiýaty hakda soradylar we beýleki mesihileriň atlaryny bilmäge çalyşdylar. Emma Ahmet olaryň soraglaryna jogap bermedi.

“Men olara hiç zat aýtmadym. Men Isanyň Tenini satmadym” — diýip, ol birazrak wagt geçenden soň aýtdy.

Oňa beýleki mesihileriň hereketlerini synlap, öz gören zatlary hakda polisiýa hasabat bermegi teklip edenlerinde, ol: “Bu iş meniň başarjak işim däl” — diýip jogap berdi.

Başga bir gezekde Ahmedi içi mesihilik kitaplaryndan doly bolan sumkalary bilen bile Türkiýede tutdular. Polisiýa oňa: “Eger biziň soraglarymyza jogap bermeseň we bize kömek etmeseň, biz seni döwlete garşy iş etmekde aýyplap, türmä salarys” — diýip haýbat atdy.

“Isanyň Sözi döwlete garşy çykmaklyk däl. Ol diňe Isanyň söýgüsiniň we bagyşlamasynyň şaýatlygydyr”.

Bulagaý adamlar. Bular klasda sapak wagtynda dynman gürleýän çagalardyrlar. Mekdep naharhanasynda beýleki çagalaryň pullaryny alýan garagollardyrlar. Olar gybat ýaýradýan gybatkeşlerdirler. Mesihiler ýamanlygy ekiji bolmaklyga çagyrylan däldirler. Mesih bizi parahatçylyk döredijiler bolmaga çagyrýar. Ýöne bu düzgünde bir sany kadadan çykma bar: biz şeýtana we onuň hilelerine garşy bulagaýlar bolmalydyrys. Biz öz passiwligimiz zerarly, şeýtanyň öz ünsümizden daşda galmagyna ýol bermeli däldiris. Doga-dileg etmeklik — biziň iň täsirli ýaragymyzdyr. Siziň Hudaýa dogalaryňyz şeýtanyň işlerini her näçe wagtdan weýran edýär? Bu gün işiňiz bilen meşgullanyň we doga-dilegde Isanyň ady bilen duşmanyň planlaryna garşy duruň.

“Iblisiň hilelerine garşy durup biler ýaly, Hudaýyň ähli ýaraglaryny dakynyň”.

Efesliler 6:11

169-nji gün

ADATY BOLMADYK
TABYNLYK

HYTAÝ: RUHY ÇOPAN WE ONUŇ EJESI

Ruhy çopany bir gezek sorag edip we ýenjip goýmadylar, ýöne bu gün ony aňtaýjy diňe gürleşmek üçin çagyrdy. Ol: "Meni seniň ynamyň gyzyklandyrýar, maňa on tabşyryk hakda gürrüň ber" — diýdi.

Haýran galan ruhy çopan tabşyryklar hakda gürrüň berip başlady. Ol "Ataňy we eneňi syla" diýen tabşyryga ýetende, poliseý onuň sözüni bölüp: "Gel, şunda saklanaly. Siz mesihiler öz Hudaýyňyz "Ataňy we eneňi syla" diýen tabşyrygy iň wajyp tabşyryklaryň biri hökmünde atlandyrdy diýip hasaplaýarsyňyz. Ho-o-ol ýere seret" — diýdi. Ruhy çopan yzyna öwrülende, ýüzi gök-ala bolan, elleri gandally garry aýala gözi düşdi. Bu onuň ejesidi.

Aňtaýjy syrtardy: "Seret, ejeň nähili erbet ezýet çekdi. Eger gizlin ýygnagyň syrlaryny aýtsaň, ejeň ikiňizem azat bolarsyňyz. Eger gynamalar zerarly ol ölse, onda ony sylama tabşyrygyny ýerine ýetirmedigiň bolýar, onuň ganyna sen jogapkär bolarsyň" — diýdi.

Ruhy çopan gözlerini ýaşa dolduryp, ýaňy huşuna gelip başlan ejesine ýüzlenip: "Eje, men näme edeýin?" — diýdi.

Ene soňky güýjüni ýygnap, ýuwaşja pyşyrdap: "Sen entek kiçijik oglanjyk bolan wagtyňdan bäri, men saňa Mesihi we Onuň ýygnagyny söýmekligi öwretdim. Hudaýa dönüklik etme. Men Onuň mukaddes ady üçin ölmäge taýýar" — diýdi.

Ruhy çopan ýene aňtaýjy tarapa öwrülip: "Siz mamla ekeniňiz, başlyk. Adam ilki bilen öz ejesine gulak asmaly" — diýdi.

Şübheçiller mesihiligi kemsitjek bolup: "Näme üçin dünýäde ejirler beýle köp?" — diýip soraýarlar. Olar Hudaý bigünä adamlaryň ejir çekmegine ýol berýär diýip pikir edýärler. Olar görgi görýän mesihileri özleriniň durmuşda çekýän jebirleriniň Hudaýyň olary terk edenine şaýatlyk edýändigine ynandyrjak bolýarlar. Jebirleriň Hudaýyň maksadyna girýändigi hakykatmy? Bu soraga jogap bereniňizde, Isanyň ýerdäki durmuşyna üns beriň. Isanyň haçdaky görgüsi Hudaýyň maksadynyň ýüregidi. Şol maksadyň netijesinde biz halas bolduk, Ol bolsa şöhratlandy. Eger siz Hudaýyň maksadyna laýyklykda ejir çekýän bolsaňyz, onda sizem Isanyň ýörän ýolundan — haça, gabra, ahyrynda-da, göklere tarap — barýarsyňyz. Özüňiziň günälidigiňiz hakda pikir ediň... Siz, hatda özüňiz agyry çekýärkäňizem, Hudaýyň Öz edýän işini bilýändigine ynanýarsyňyzmy?

"...eýsem, Mesihiň şöhraty görnende, uly begenç bilen şatlanar ýaly, Onuň görgülerine şärikdeş bolan derejede şatlanyň".

1 Petrus 4:13

170-nji gün

ADATY BOLMADYK
MYSALLAR

BIRLEŞEN ŞTATLAR: SOFIÝANYŇ EJESI

"1996-njy ýylda gyzymyz Sofiýa yzyny üzmän aglady, ol agyrydan ýaňa surnukdy. Ol bizi tanamaýardy we bize jogap bermeýärdi.

Sofiýa seredýän şepagat uýasyny Hudaýa dileg edenimizde biziň: "Ýa Reb, goý, Seniň isleginiň bolsun!" diýip gaýtalamagymyz ony haýran galdyrdy. Ol öz gyzymyzyň şeýle hupbatlary çekmegine ýol berýändigi üçin Hudaýdan öýkelemeýändigimize düşünip bilenokdy. Men özümiziň Onuň hyzmatkärleridigimize, Hudaýyň Öz Oglunda bize beren ägirt uly sylagyna garşy çykyp bilmeýändigimizi düşündirmäge çalyşdym.

Dört aýdan soň birinji agyry tutmada Sofiýa öldi. Şondan köp wagt geçmänkä, men "Ejir çekenleriň sesi" žurnalynda sudanly ýaş aýal hakdaky makalanyň ýanyndaky suraty gördüm. Mesihi yzarlaýjylar şol ýaş aýalyň göwsüni kesipdirler. Ol özüniň aç bäbeginiň ýanynda otyrdy. Olar bu aýaly özüniň gözüniň öňünde çagasynyň açlykdan ölüşine seredip oturmaga mejbur etmek bilen oňa akla sygmajak zulum edipdirler. Onuň bolýan ýerinden müňlerçe km. aralykda bolubam, men onuň agyrysyny duýup agladym. Men özüme edilýän nebsagyryjylygyň Hudaý baradaky pikirleri gysmagyna ýol bermejekdigimi bildim.

Bu aýal öz ýagdaýyna düşen köp aýallar ýaly, medisina kömeginden peýdalanyp bilmeýärdi, onda bizde bar bolan duýgudaşlykly gatnaşygy, goldawy, doganlyk söýgüsi ýokdy. Şeýle-de bolsa, ol şeýle köp zada döz gelipdir, diýmek, menem Hudaýyň merhemeti bilen döz gelerin.

Isanyň diridiginiň hakykatdygyny, bu dünýäniň bolsa, meniň öýüm bolman, wagtlaýyn ýaşalýan öýdügini beýan etmäge Reb Isa Mesihden şu diri habarlar gerek".

Hudaý Mukaddes Ruhy arkaly mydama ýanymyzda bolsa-da, imanda berkemegimiz üçin bize köplenç tenden we gandan bolan adamlaryň ruhy goldawy käwagt zerur bolýar. Dürli asyrlardaky ejir çeken mesihiler hakyky adamlardylar. Olaryň batyrlyk göreldesi bizi ruhlandyrýar we biziňem şonuň ýaly zady edip bilmäge ukyplydygymyza ynanmaga kömek edýär. Belki, biz olaryň gören bela-beterini görmeris, ýöne biz özümiziň gündelik durmuşymyz üçin olaryň tutanýerlilik we batyrlyk ruhyny alyp bileris. Eger iman taryhynyň haýsy hem bolsa adaty bolmadyk biri özüňizi ruhlandyran bolsa, onda ony başgalara-da gürrüň beriň. Göreldeleri başgalara geçiriň. Başgalara biziň öňümizden ýöränlerden, imandaky durmuşy görelde bolanlardan güýç almagy öwrediň.

"Hyzmatymyzyň netijesi hökmünde syýa bilen däl-de, diri Hudaýyň Ruhy bilen, daş sahypalaryň ýüzünde däl-de, ýüregiň et sahypalarynyň ýüzünde ýazylan Mesihiň hatydygyňyz äşgärdir".

2 Korintoslylar 3:3

171-nji gün

ADATY BOLMADYK
ÝUN TOWLAMA

RUSSIÝA: SERGEÝ MEÇÝOW

“Mesihilik — bu kitaplardan ýa-da wagyzlardan alyp özleşdirmeli bolan taglymat däldir — diýip, Moskwanyň Maroseýkasyndaky ýygnagyň halypasy Sergeý Meçýow aýtdy. — Isa: “Men Hakykatdyryn — diýdi. Hakykat bolsa, Mesihiň göreldesine eýermek bilen ýetilýän aýratyn ýaşaýyş obrazydyr”.

Bu 1923-nji ýylda, kommunist diktatorlarynyň Russiýada täze režime tabyn we mesihiligiň maskasyny geýen kollaborasionitleriň strukturasy bolup duryan “Diri Ýygnagy” gurnan wagtynda boldy. Sergeý ata “Diri ýygnagyň” gullukçylaryna ýazylýan wagyzlary okamakdan we Hudaýyň kommunistler tarapyndan tassyklanylyp, suw goşulan ideýasyny wagyz etmekden çürt-kesik boýun towlady. Ol ejir çekjegini bilse-de, öz ýygnagyna Hakykaty wagyz etmegi dowam etdirdi.

Kommunistler onuň ýygnagyny ýapdylar, ruhany Sergeý Meçýowy bolsa, bäş ýyllyk türmä saldylar. Şeýle-de bolsa, tussaglykda geçirilen wagt Ýygnak gullukçysyny ruhdan düşürmedi-de, gaýtam, Hakykata gulluk etmeklige has köp taýýarlady. Azatlyga çykan badyna, ol gizlin, Russiýada ýene atlandyrylyşy ýaly, ýerzemin ýygnagynda, dowam etdirdi. Ol gün içinde birnäçe sagatlap wepalylyk bilen işledi, ýöne onuň Hudaýdan ýüz öwren öňki işdeşi ony satdy. Dönüge ateizmiň esaslaryny okatmagy ynanmak bilen, ony professorlyk wezipesini berdiler.

Sergeý ata Isanyň “gowy çopanyň öz goýunlary üçin janyny pida edýändigi” hakdaky sözlerini tiz-tizden okaýardy. Ol hiç haçan öz doganlaryna dönüklik etmezligi karar edinipdi. Ýadamazakly mesihilik işi üçin Sergeý Meçýow 1941-nji ýylda atyldy. Onuň durmuşy geçdi, emma onuň aýdanlary galdy: “Hakykat biziň mätäçliklerimize laýyklykda üýtgemeýär”.

Hudaýy gabyň içine salnan roždestwo sowgady kimin almaýarlar. Ol Özüniň doly şöhraty içinde we dolulygynda gelýär, ýogsam, Ol asla Hudaý bolmaýar. Birnäçeleri eger Ol tabşyryklary özlerine ýaraýan ”dogry Hudaý” bolsa, onda Hudaýa hiç hili garşylyklarynyň ýokdugyny aýdýarlar. Olar Mukaddes Ýazgydan diňe özlerine ýaraýan zatlary saýlap alýarlar, galanlaryny bolsa, gerek däl zat ýaly edip zyňýarlar. Ýöne Hudaýyň häsiýeti bilen tebigaty adam isleglerine baglylykda özgermeýär. Biz Hudaýy öz dünýägaraýşymyza uýgunlaşdyrmaga çalşyp bileris, ýöne şowsuzlyga uçrarys. Nähilidir bir ýol bilen Hudaýyň häsiýetine we tebigatyna garşy bolýanlaryň hemmesini inkär ediň. Siz ýeresi tanap bilýärsiňizmi?

“Mesihde Öz ebedi şöhratyna çagyran bütin merhemetler Hudaýy az wagtlaýyn görgi göreniňizden soň, sizi kämilleşdirer, berkider, güýçlendirer we gurar”.

1 Petrus 5:10

172-nji gün

ADATY BOLMADYK
ASUDALYK

RUMYNIÝA

Ruhy çopan, onuň aýaly we alty çagasy ertir bilen 23-nji mezmury okap bolup bolmankalar, olaryň öýüne ellerine öýi dökmäge we ruhy çopany tussag etmäge orderi bolan poliseýler okdurylyp girdiler.

"Sen özüň nähili bela ulaşanyňa düşünmeýärsiňmi? Eýsem, sende öz maşgalaňa aýdara zadyň ýokmy? Eýsem, sen hiç hili gaýgylanaňokmy we hiç zada öküneňokmy?" — diýip, poliseýler ony ýazgardylar. Ruhy çopan: "Siz — biziň şu günki Hudaýa eden dogamyza berlen jogapsyňyz. Biz ýaňyja 23-nji mezmury okadyk. Ol mezmurda Hudaýyň öz durşmanlarymyzy bize iýmit görnüşinde taýýarlaýandygy aýdylýar. Biziň iýmitimiz boldy, ýöne duşmanymyz bolmady. Indi siz geldiňiz. Eger siz stoluň üstünde bar zatlardan isleýän zadyňyz bolsa, men şony siziň bilen paýlaşmak isleýärin, sizi Hudaýyň Özi inberdi ahyry" — diýip jogap berdi.

"Sen nädip munuň ýaly akmak zatlary aýdyp bilýärsiň? Biz seni türmä alyp gideris, ol ýerde seniň ölmegiň mümkin. Seniň mundan beýläk çagalaryňy görmezligiň mümkin". Ruhy çopan özüne mahsus bolan asudalyk bilen: "Biz şu gün ýene bir aýady okadyk: "Eger ölüm kölegeli jülgeden ýöresem-de, ýamanlykdan gorkmaryn" — diýip, sözüni dowam etdirdi.

Poliseý gygyrdy: "Ölümden hemmelerem gorkýarlar! Men bilýärin, men bilýärin! Men tussaglaryň gözlerinde gorky gördüm!"

"Itiň kölegesi dişläp, ölümiň kölegesi öldürip bilmeýär. Siz bizi türmä salyp bilersiňiz, bizi öldürip bilersiňiz, ýöne bize hiç hili erbet zat bolmaz. biz Mesihde, şonuň üçin eger ölsek, onda Ol bizi Öz dünýäsine kabul edýär" — diýip, ruhy çopan netije çykardy.

Rahatlyk. Ol hatda işewür dünýäde gülläp ösýän kompaniýanyň aksiýalaryndan-da, has gymmat bolup barýar. Bagtymyza, mesihileriň hemmesi Hudaýyň Isa Mesihdäki sylagynyň aksionerleri bolup durýarlar. Emma ençe adamlarda rahatlyk ýok. Birnäçeleri mydama biynjalyk bolup, Hudaýyň kömegini alman, rahatlyk tapmaga synanyşyp, derman içip ýörýärler. Dermanyň täsiri astynda olaryň özüni duýşy her neneň gowulaşsa-da, bu gowulaşma bary-ýogy wagtlaýyn bolýar. Soň ýene tolgunmalar bilen biynjalyk başlanýar. Tersine, Hudaýyň rahatlygy bize görgüleriň içinde-de, aňsatlyk bilen asuda bolmaga kömek edýär. Hiç hili synag sizi Hudaýa bil baglamakdan aýryp bilmez. Şu taryhdaky ruhy çopan ýaly, belanyň başyňyzdan duýdansyz injekdigine garamazdan, siz kalbyňyzdaky Hudaýyň kämil rahatlygy bilen geljek belany gaýratly garşy alyp bilersiňiz.

"Pikiri Özüňe ýönelenleri
doly rahatlykda saklaýarsyň,
çünki olar Saňa bil baglaýarlar".

Işaýa 26:3

173-nji gün

ADATY BOLMADYK
PIKIRLER

RUSSIÝA: WLADIMIR KNÝAZ

“Tizräk, knýaz! — diýip, garawul ýigidiň elinden tutup güldi. — Göreli bakaly, täze öýüň saňa nähili ýararka”. Garawullar Wladimir knýazy kaşaň Giki köşgünden garaňky türme kamerasyna getirdiler. Burçda ol tussaglaryň ölen hor adamyň üstünden odeýalony çekip alyp duranlaryny gördi. Bir ýerlerden ýenjilýäniň sesi gelýär.

Bu ýerde onuň öýünde ýaşan ajaýyp durmuşy bilen hiç hili umumylyk ýokdy. Şeýle-de bolsa, Wladimir knýaz özüne teselli hem ündew beren Mesihe bolan imanyna ýapyşyp, türmäniň adam çekerden çökder bolan şertlerinden sa-gaman geçdi. Wladimir bilen tussaglykda bile bolýan bir tussag: “Men kommunistik türmelerinden başga hiç ýerde-de beýle arassa doga-dilegleri we beýle ebedi pikirleri eşitmedim” — diýdi.

Wladimir ebedi pikirleri özüniň ajaýyp kitabynda beýan etdi. Ol: “Şahsy görgülerinden emele gelýän şatlygy ýaýradýanlar bagtlydyrlar. Başgalar üçin özünden ýüz öwürýän adam Mesihi geýýändir. Öz ýanyňyza gelmäge het edip bilmeýän adamy gözläň. Dileýäne beriň. Özüňizi itekleýänleri söýüň. Goý, meniň şatlygym hiç haçan kimdir biriniň görgüleriniň netijesi bolmasyn. Goý, meniň görgülerim mydama şatlyk sowgat etsin” — diýip ýazypdyr.

Zyndanyň şertlerinde we kommunistleriň zalymlygynda sa-gaman galan knýazda munuň ýaly “arassa doga-dilegler we ebedi pikirler” peýda bolar diýip kim pikir edip bildi?

Otrisatel pikirler bize çuň täsirini ýetirip bilýär. Eger ünsümizi görgülerde jemlesek, öýkämiz bilen kejirligimiz öňküden-de çuňlaşar. Ýöne eger kynçylyklar wagtynda, položitel pikir etsek, onda içine düşen ýagdaýlarymyzdan ýokary bolup bileris. Şonda biz diňe bir lapykeçliklerden hem sustupesliklerden gaça durup bilmän, eýsem, başgalara-da kömek edip bileris. Wladimir öz görgülerinde şatlandy. Siz synaglar wagtynda siz ýaman pikirleri etmäge meýilli bolýarsyňyzmy? Ýatda saklaň, siz durmuşyňyzda bolup geçýän zatlary gözegçiligiňizde saklap bilmeýärsiňiz. Ýöne siz olara bolan garaýyşlaryňyza gözegçilik edip bilersiňiz. Ýaman pikirli bolmaga razy bolmaň. Öz synaglaryňyza položitel garamaga öwretmegini we ýakynlaryňyza kömek etmek üçin gözüňizi açmagyny Hudaýdan soraň.

“Her hili düşünjeden ýokary bolan Hudaýyň parahatçylygy Mesih Isada siziň ýüregiňizi, pikirleriňizi gorar”.

Filipililer 4:7

174-nji gün



“Ýürek Sende rahatlanýança, birahat bolýar”.

Bagtiýar Awgustin

175-nji gün

ADATY BOLMADYK
MUKADDES

RIM: MUKADDES NIKOLAÝ

“Beýtme!” — diýip, Nikolaý tussagy öldürmek üçin jelladyň gylyjyny galdyranyny görende gygyrdy. Ony Isa Mesihe bolan imany üçin öldürjek bolýardylar. Jellat monaha haýran galyp seretdi, ýöne onuň diýenini etdi: bu adamdan düşnüksiz güýç çykýardy.

Jellat duýdansyz ýagdaýda onuň diýenine gulak asdy: “Goý, seniň diýeniň bolsun... Men bu gün entek köpleri öldürmeli. Bu garaşar”. Jellat tüýkürdi-de, Likiýa welaýatynyň Patari şäherindäki türmäniň beýleki howlusynda adam öldürmegi dowam etdirmek üçin gitdi.

Nikolaý ýygnak üçin gaty kyn bolan wagtda Mesihi batyrlyk bilen wagyz etdi. Ol Hudaýdan gorkulýan maşgalada terbiýelendi. Oňa öz daýysy uly täsirini ýetiripdi. Onuň daýysynyňam ady Nikolaýdy, ol ýepiskopdy. Nikolaýyň ene-atasy mergiden ölende, ol bar emläginiň garyplara paýlap, özi-de monastyra gidipdi. 303-nji ýylda rim imperatory Diokletian mesihileri diýseň gazaply yzarlap başlady. Şeýle köp mesihiler öldürildi welin, hatda jellatlaram ýadap, nobat boýunça işlediler.

Nikolaýy-da azatlykdan mahrum edipdiler. Ol gaty güýçli ýenjilmäni, köp gynamalary gördi, emma Isanyň Hudaýyň Ogludygyny inkär etmedi. Ol özi üçin şeýle hakykat bolan Rebbiň ölümden direlenine nädip garşy çykyp biler? Nikolaý ummasyz adalatsyzlyga garamazdan, yranmazlygyna galdy. Oňa ölüm jezasyny bermediler. Ol zyndandan yzarlamalar bes edilenden soň çykdy. Miry şäheriniň arhiýepiskopy ölenden soň, mesihiler Nikolaýyň merhum gullukçynyň ýerine geçgmegini gazandylar. Ol galan ömrüne ýetimler üçin öýler gurdy we garyp çagalary gorady. Ol gowy işleri bilen Hoş Habary ýaýratmaklyga özüni bagyş etdi. Bir gezek ol iki sany garyp gyzy jelephana satmazlyklary üçin joraba dolap, olaryň öýüne penjiresinden pul oklaýar. Şunuň ýaly gowy işler onuň durmuşynyň bir bölegi bolupdy. Likiýanyň Mirysyndan bolan Nikolaý 342-nji ýylda ölýär, ýöne adamlar ony ölenden soňam unutmadylar, onuň adyny çagalaryna dakdylar we Nikolaýy garyp çagalaryň hossary hasapladylar.

Nikolaýyň ölenine köp ýyllar geçenden soň, oňa söýgi bilen Mukaddes Nikolaý adyny goýdular. Köp çagalar üçin Roždestwonyň öň ýanyndaky gije iň jadyly gije bolýar, sebäbi olar Santa Klausa ýa-da Santa Nikolasa, Mukaddes Nikolaýa öýkünýäne garaşýarlar. Mukaddes Nikolaýyň hakyky durmuşy taryhy ençe çagalaryň göz öňüne getirip biljek gahrymançylygyndan we söýgüsinden doludyr. Öz durmuşyňyz hakda oýlanyň. Adamlar siziň Isa Mesihe bolan imanyňyz hakda bilýärmi? Ýa-da olar sizi diňe adaty bolmadyk ahlakly adam hökmünde tanaýarlarmy? Santa Klaus hakyky bolmasa-da, Mukaddes Nikolaý hakyky adamdy. Siziň özüňizi mukaddes duýmaýan bolmagyňyz mümkin, ýöne dünýä aýgytly mesihileriň real mysallary gerek. Şu gün imanyňyzy real görkezmek üçin siz näme edersiňiz?

“Rebbi söýüň, eý Rebbiň ähli takwalary; Reb sadyklary goraýandyr...”.

Zebur 31:23

176-nji gün

ADATY BOLMADYK
TAÝÝARLYK

BEÝTULLAHAM: ISANYŇ EJESI MERÝEM

“Men ilkinji çagamyzyň dogluşyny beýle göz öňüne getirmändim” — diýip, ýaş aýal burgularyň arasynda nalady. — Bu ýeriň gowuja arassadygyna sen ynanýarsyňmy?” — diýip, ol Ýusupdan sorady.

“Bilemok, ezizim — diýip, Ýusup gowşak jogap berdi. — Bize Beýtullahamda diňe şu ýer tapdyrdy. Hudaýyň bu Çagany gorajagyny biz bilýäris ahyry. Biziň şu ýerde bolmagymyzda, Onuň bir maksadynyň gizlenen bolmagy mümkin”.

Ýene bir agyryly burgy geldi. Ýusup: “Uludan dem almaga çalyş, Merýem” — diýip, maslahat berdi. Ol öl esgi bilen Merýemiň ýüzündäki derini süpürdi. “Mert bol, birnäçe minutdan hemme zat gutarar”.

Merýem: “Men öz öýümde çagalamagy nähili isleýärin. Maňa kömek edip biler ýaly, ejemiň öz ýanymda bolmagyny isleýärin” — diýdi.

“Saňa men kömek edýärin, şonuň üçin özümiz hemmesini etmeli bolýarys. Hudaýyňam şu ýerdedigini ikimizem bilýäris” — diýip, Ýusup jogap berdi. Ýusup gaýgy bilen uludan demini aldy-da: “Eger goşmaça kömek gerek bolsa, bu ýerde sygyrlar bilen goýunlaram bar” — diýip, sözüniň üstüni ýetirdi.

Burgular geçdi, Merýem soň Ýusuba ýylgyryp bakdy. Indiki burguda ol çygylyp başlady. Şondan az wagt geçenden soň, onuň Ogly dünýä indi. Oňa edil perişdäniň aýdyşy ýaly, Isa adyny dakdylar.

Käwagt biz şalaryň Şasyny dünýä indermek üçin Ýusup bilen Merýemiň gören kynçylyklaryny ýatdan çykarýarys: çaga dogrulýan palatanyň deregine mal ýatagy, Müsüre gaçyş, garyplyk we gybatlar. Şeýle-de bolsa, olar Hudaýa bolan söýgüsi sebäpli, bu zatlaryň hemmesine höwes bilen döz geldiler.

Mukaddes Kitaby okanymyzda, biz: “Eger Hudaý olary habarçy perişde ýaly, nähilidir bir alamat bilen üpjün etse, onda Hudaýyň wadalaryna ynanmak aňsat bolardy” — diýip pikir etmegimiz mümkin. Ýöne Merýem şonuň ýaly alamat görenden soňam, käwagt şübhelendi. Jebraýyl perişde Merýeme özüniň Hudaýyň Ogluny dünýä inderjegini aýdan wagtynda, bu oňa bolmajak bir zat ýaly bolup görnendir. Ol Jebraýyldan: “Men durmuşa çykmadyk bolsam, bu nädip beýle bolup bilýär?” — diýip sorady. Merýem biynjalyk bolýandygyna garamazdan, Hudaýyň wadasyna ynanma kararyna geldi. Onuň çyn ýürekden taýýar bolmagy dünýä Hudaýyň gutulyş planyny alyp geldi. Hudaý siziň şübheleriňize garamazdan, sizi taýýar bolmaklyga çagyrýarmy? Merýemiň tabyn bolşy ýaly, siziň Hudaýyň islegine taýyn bolmagyňyzyň Hudaýyň Patyşalygy üçin uly ähmiýetiniň bolmagy mümkin.

“Merýem: “Ine, men Rebbiň gyrnagy. Maňa seniň aýdyşyň ýaly bolsun” diýdi”.

Luka 1:38

177-nji gün

ADATY BOLMADYK

POEZIÝA

RUMYNIÝA: DUMITRU BAKU

Dumitru Baku 1950-60-njy ýyllarda imany üçin tussaglykda boldy. Başga-da köp imanlylary aýyplaýyşlary ýaly, kommunistik hökümet Dumitruny mesihi bolmakda aýyplady. Dumitru türmede ýigrimi ýylyny geçirdi. Ol özüniň bar boş wagtyny Hudaýa bolan söýgi hakdaky goşgulary düzmeklige bagyş etdi. Ol goşgulary sabynyň kiçijik böleklerine ýazdy, türme gürleşiginiň şertli elipbiýi bilen diwara tyrkyldadyp, beýlekiler olary ýat tutar ýaly we kameradan kamera geçer ýaly etdi.

"Biziň bedenimizi ejizleden agyry ýüreklerimizi tabyn edip bilmedi. Ýigrenjiň deregine, biz söýgüde, düşünmeklikde we akyldarlykda berkedik" — diýip, Dumitru Baku azatlyga çykandan soň, dostlaryna gürrüň berdi. Ine, Dumitru Barkunyň ýeke oturylýan kamerada düzen goşgularynyň biri (rumyn dilinden terjime):

Öten agşam kamerama Isa geldi;
Ol uzyn boýlydy; Ol gussalydy, ýöne şeýle nurludy!
Meniň şeýle gymmat saýan Aý ýagtysynyň şöhlesi
birden garaldy,
Haýran bolup, bagtdan ýaňa Oňa seredenimde,
Ol ýanyma gelip, meniň ýatýan otdan örlen düşegimiň
ýanynda durdy.
Şonda birden Onuň görgüleriniň nähili bahasynyň bolanyna düşündim.
Ellerindäki, aýaklaryndaky, ýüreginiň urýan ýerindäki
ýara yzlar görnüp durdy.
Ol ýylgyryp gaýyp boldy. Men daş poluň üstüne ýykyldym.
Soň gygyryp: "Eý, Isa, meni terk etme!" — diýdim.
Men gözenegi gysdym, tikenleri aýama girdi.
Ak pataly sylag, ak pataly ýara yzlary.

Garaňky türme kamerasy we esasy azatlygyňy ýitirmek poetik ruhlanmanyň çeşmesi bolup gulluk etmeýär. Dumitru öz görgülerini Hudaýy şöhratlandyrmak mümkinçiligine öwrüp we beýlekilere täsirini ýetirip, olaryň ünsüni Mesihe çekip bildi. Mesihiň özi üçin gören görgüleri bilen deňeşdirende, Dumitrunyň özüne bu ujypsyzja bolup göründi. Eger biziň köpümiz Dumitrunyň çeken ejirlerini çeken bolsak, onda, has takygy, göwnüçökgünli ýa-da öýke duýardyk-da, asla ruhlanma duýmazdyk. Birnäçelerimiz Hudaýyň özümiz üçin alada edýändigine şübhelenerdik. Hudaýa öwgi setirlerini ýazmaklyk kellämize-de gelmezdi. Dumitru bolsa, öz kamerasyna däl-de, Isa seretdi, şonuň üçin öwgüden doldy. Siz görgülere nähili seredýärsiňiz? Görgi görmeli bolanyňyzda, öz öňüňizde näme görýärsiňiz — öz bagtyňyz üçin päsgelçilikmi ýa-da Hudaýa gulluk etmek we Ony şöhratlandyrmak mümkinçiligini?

"Bulary ýetmezçiligimiň barlygy zerarly diýmeýärin, çünki her hili ýagdaýda baryma kaýyl bolmagy öwrendim".

Filipilil er 4:11

178-nji gün

ADATY BOLMADYK
GORAGÇY

RUMYNIÝA: ANUSA MOÝSE

1944-nji ýylda Sowet goşuny Rumyniýany basyp aldy. Ýurtda sowet hökümetiniň totalitar režimi ornaşdyryldy. Täze hökimet nemesleri faşistleri gowy görmekde aýyplap yzarlap başladylar. Anusa Moýse goňşularyna — ozal ýewreý, munuň üstesine-de, mesihi bolany üçin özüne bolan ýigrenjini gizlemedik adamlara — gaçybatalga bermekçi boldy. Ol faşist häkimiýeti döwründe gudrat bilen aman galypdy. Anusa nemes goňşularyna öz öýünde kommunistlerden gizlenmegi teklip edende, goňşulary Onuň çyn ýürekden aýdýanyna ynanyp bilmediler.

"Biz seni tas türmä iberipdik, näme, ýadyňdan çykdymy?" — diýip, goňşusy sorady.

"Elbetde, bu meniň ýadymda gowuja dur. Ýöne men mesihi, şonuň üçin Hudaý biziň öýkäni saklap ýörmegimize rugsat bermeýär. Men sizi bagyşladym, şonuň üçin size kömek etmek isleýärin. Isa sizi söýýär, menem sizi söýjek" — diýip, Ahusa jogap berdi.

Onuň söýgüsi goňşularyny haýran galdyrdy, şeýdip, oňa seredibem, olar Mesihe geldiler. Anusa Riçard hem Sabina Wurmbrandlar ýaly, ýewreý ene-atalary faşistleriň ölüm lagerlerinde ýok edilen çagalary ulaltdy.

Soňrak Anusa Norwegiýa gidip, ol ýerde imanly ýewreýleriň arasynda işjeň gulluk etdi. Hut Anusa hem, özüniň öňki ruhy çopany Riçard Wurmbrand üçin töleg tölemäge 10 000 dollar ýygnady we oňa kommunistik Rumyniýadan gidip, azatlyga çykma mümkinçiligini sowgat etdi. Anusa är-aýal Wurmbrandlaryň özleriniň ogly Mihaý bilen Günbatara gitmegini hem gurnady. Eger Anusanyň ruhy çopana we onuň maşgalasyna howandarlyk eden söýgüsi bolmadyk bolsa, onda "Ejir çekenleriň sesiniň" esaslandyryjysy kommunistik diwarlaryň içinde wepat bolup giderdi.

Reb bizi Öz yzyna eýermeklige çagyranda, biziňem Oňa tabyn bolmagymyz, özümiziň Onuň yzyna hemme ýerde eýermelidigimizi we Onuň özümizden garaşýan zatlarynyň hemmesini etmelidigimizi aňladýar. Anusanyň öz çagyrlyşyna çynlakaý seredendiginiň netijesinde ol öz duşmanlaryna söýgi hem bagyşlama bilen garap bildi. Öňki yzarlaýjylaryňy gizlemek kararyna gelmeklik ägirt uly tagallany talap etdi, ýöne Anusa muny edip bildi. Ol boýun bolma bilen bagyşlamany öýke hem ar almadan ileri tutdy-da, Mesihiň söýgüsine eýerdi. Hudaý size näme etmelidigini aýdýar? Ebedi gymmat bolan işi etmek mümkinçiligini eliňizden gidermäň.

"... duşmanlaryňyzy söýüň, özüňizi ýigrenýänlere ýagşylyk ediň".

Luka 6:27

179-nji gün

ADATY BOLMADYK
KÜÝSEG

EÝRAN: YZARLANYLÝAN RUHY ÇOPAN

“Käwagt men yzarlanylan günlerimi küýseýärin!”

Bu Günbatara gaçyp giden ruhy çopanyň sözleri. Eýranda polisiýa tarapyndan mesihileri tussag etmeklik we olara azar bermeklik adaty hadysa. Imany sebäpli, ol öýüni hem işini ýitirdi. Indi ol islän ýerinde ýaşamaga we Hudaýy şöhratlandyrmaga azatdy. Näme üçin ol yzarlanylan döwrüni küýseýärkä?

“Käwagt men şol günleri küýseýärin, sebäbi ýaşaýyşdan doludym. Her gün Isanyň ýanymdadygyny duýýardym” — diýip, ol aýdýar.

Ruhy çopan eýran — yrak urşy ýyllarynda eýran goşunlarynyň öňdäki pozisiýalarynyň golaýynda ýygnak esaslandyrdy. Ol taksiniň sürüjisidi, şonuň üçin hem, öz ýygnagyny ösdürjek bolup, pul gazanýardy. Ol ýolagçylara Hoş Habary wagyz edýärdi, şol sebäpdenem, iki ýylyň içinde ýedi milletden bolan adamlary Mesihe getirdi. Ençeme esgerler bilelikde Hudaýy şöhratlandyrmak üçin ýekşenbe günleri ruhy çopanyň ýanyna gelýärdiler. Ol mesihilige gelen öňki on bäş musulmany suwda çokundyrdy.

Ruhy çopan bilen aýaly hemme zatda diňe Hudaýa bil baglaýardylar. Özleriniň töweregine bomba düşende, olar Hudaýdan gorag sorap, doga-dileg edýärdiler. Pul ýetmezçilik edende, olar Hudaýdan üpjün etmegini sorap dileg edýärdiler. Hudaýam olara her gün jogap berýärdi.

Olaryň gullugy sylaglanyldy. Wagtyň geçmegi bilen bu ýygnagyň on agzasy ruhy çopan boldy. Ruhy çopan entek dirikä, öz gullugynyň miwesini görmäge mümkinçilik bermek bilen Hudaý ony bereketledi.

Eger siz hiç haçan söýmedik bolsaňyz, ýaraly ýürek bilen ýaşamanyň nämäni aňladýandygyna düşünip bilmersiňiz. Eger siz söýgüli adamlaryňyzy ýitirip görmedik bolsaňyz, onda hasrat çekýänlere siz doly düşünip bilmersiňiz. Eger özüň hiç haçan başdan geçirip görmedik bolsaň, başgalaryň küýsegine düşünip bilmersiň. Imany üçin yzarlanylanlar üýtgeşik küýseg hakda gürrüň edýärler. Olar yzarlanylmalary küýsemeýärler-de, yzarlamalaryň beren umumylyk duýgusyny küýseýärler. Olar gynamalary küýsemeýärler-de, şol gynamalaryň özlerine öwreden zatlaryny küýseýärler. Ahyrky netije görgüleriň özünden has wajypdyr. Eger manydan has dolup ýaşamak isleýän bolsaňyz, siz Isanyň hatyrasyna özüňizi tabynlyk bilen gurban etmäge taýýar bolmalysyňyz. Buda, görgüleriň bir görnüşidir.

“Sebäbi wagtlaýyn, ýeňil muşakgat biziň üçin juda artykmaç şöhratyň ebedi agramyny emele getirýär”.

2 Korintoslylar 4:17

180-nji gün

ADATY BOLMADYK
YGLAN ETME

RUSSIÝA: PÝOTR SIMENS

Pýotr Simens türme kamerasynyň hapa polunyň üstünde huşsuz ýatyrdy. Ol çagalara Hoş Habary aýdandygy üçin tussag edilipdi. Ony jenaýatçylykly geçmişi bolan kameradaşlary zalymlyk bilen ýenjipdiler. Munuň üçin garawullar olara režimiň gowşamagyny wada beripdiler.

Pýotr huşuna gelende, tussaglaryň biri: "Sen näme üçin biz uran wagtymyzda gygyrmadyň?" — diýip sorady.

"Siziň öz üstüme näme üçin hüjüm edeniňizi men bilmedim. Siz meni garawullardan ygtyýar almanam meni urup bilerdiňiz, şunuň ýaly-da bolýar ahyry. Eger men gygyran bolsam, onda sizi türme düzgünlerini bozanyňyz üçin karserde oturdardylar. Meniň üçin başga adamlaryň görgi görmegini islämok, sebäbi Isany söýýärin, Isa bolsa, sizi söýýär, şonuň üçin menem sizi söýýärin" — diýip, Pýotr ganap duran dodaklaryny gymyldatmaga synanyşyp jogap berdi.

Pýotryň düşündirişi öz kamerasyndaky hatda iň çuň kök uran jenaýatçylaryňam ýüregine täsir etdi. Olar özleriniň gizlin akabalary boýunça Pýotry nirä ýerleşdirselerem, garawullar näme teklip etselerem, oňa hiç kimiň degmeli däldigi baradaky habary iberdiler.

Şol türmede ölüm jezasyna garaşyp oturan tussaglar Pýotr hakda eşidip, ondan nesihat soradylar. Pýotr olara "ýok" diýmedide, duýgudaş garawulyň kömeginden peýdalanyp, ölüme garaşyp oturanlara Isanyň söýgüsi hakda gürrüň berdi. Pýotryň wagyzlarynyň kömegi bilen olardan haýsy hem bolsa biriniň, ölüm jezasynyň öň ýanynda Mesihi kabul eden bolmagy mümkin. Onuň Mesihiň söýgüsiniň diri göreldesi hiç wagt Hoş Habary eşitmedik adamlara ony kabul etmäge mümkinçilik berdi.

Sözde ägirt uly güýç bolup biler. Öz wagtynda berlen maslahat, teselli, goldaw mätäçlik çekýän adam üçin ullakan kömek bolup biler. Eger şol mätäçlik ruhy mätäçlik bolsa näme? Pýotr Simensiň sözleri özüniň Mesihe bolan söýgüsi tarapyndan aýdyldy. Şol söýgi oňa öz duşmanlary juda mätäç bolan wagtlarynda, olara Mesihiň söýgüsi hakda şaýatlyk etmäge batyrlyk berdi. Pýotr Hudaýyň çagyrşyna wepalylyk bilen eýerdi, şonuň üçin Hudaý Pýotryň aýdan sözleri arkaly onuň özi bilen bile türmede oturan köp tussaglaryň ebedi ykbalyny üýtgetdi. Kimdir biriniň sözleri sizi Isanyň ýanyna getirmedimi? Hudaý özüňizi kimdir birine Isa hakda gürrüň bermeklige çagyranda, siz Onuň çagyrşyna eýerersiňizmi? Siziň göreldäňize eýerip we sözleriňizi kabul edip, kimdir biriniň bakyýete eýe bolup biljekdigi hakda pikir ediň.

"Ýerinde aýdylan sözler kümüş gabyň içindäki altyn almalar kimindir".

Süleýmanyň pähimleri 25:11

181-nji gün



“Yzarlanmalar bizi öz öýümizden gitmäge mejbur edýär. Yzarlanmalar özümiziň hakyky gökdäki öýümize barýan ýolumyzda bize kömek edýär”.

Ruhy çopan I. Kolau

182-nji gün

ADATY BOLMADYK
LAPYKEÇLIK

GÜNDOGAR ÝEWROPA: MEŞHUR HOŞHABARÇY

"Men ýene birini imana getirip bildim".

Meşhur hoşhabarçy türme gözenekleriniň aňyrsyndan dostlaryna hat goýberýär. Bu hatda ol özüniň rahatlyk tapyp bilmeýändiginden arz edýär. Bu adam müňlerçe adamlary Mesihe getiripdi, şonuň üçin azatlykdaky dostlary-da, beýleki mesihilerem, onuň wyždanyny nämäniň horlaýanyny bilmeýärdiler.

"Men bir gezek hoşhabar ýygnakda wagyz etdim. Men şol wagza bütin ýüregimi goýupdym. Ýygnagyň ahyrynda iki ýüz adam öňe çykyp, Mesihi kabul etdi. Şonda men şatlykdan doldum, ýöne örän ýadapdym. Men ýygnakdan gaýtjak bolanymda, ýanyma bir ýaş ýigit geldi. Ol: "Ruhy çopan, maňa siziň bilen gürleşmek gerek" — diýdi. Men oňa özümiň örän ýadawdygymy, ertir irden gelmegini haýyş etdim. Ýöne şol agşam meni tussag etdiler. Meni arakesmesiz, hem gije, hem gündiz sorag etdiler. Men olaryň soraglarynyň hemmesine jogap berdim. Meniň jogap berenimiň sebäbi, olar özümi urarmykalar öýtdüm. Men gynamalardan gorkup, bäş gije, bäş gündiz saklanman gürläp bildim. Şol agşam men Hudaýa bolan söýgim sebäpli, täze durmuşy gözleýän ýetginjek bilen gürleşmek üçin artykmaç bäş minudymy bagyş edip bilerdim-ä. Men nädip Hudaýyň öňünde durup, Oňa şol gün iki ýüz adamy imana getirenimi aýdaýyn. Men ýene bir adamy imana getirip biräýrdim ahyry?!!"

Käwagt biz Hudaýyň özümize adamlara Mesih hakda gürrüň bermäge beren mümkinçiligini äsgermezçilik edýäris. Biz gowusy mundan-da, oňaýly wagt bolanda, gürrüň bereris diýip pikir edýäris. Emma başga beýle ýagdaýyň bizde bolmazlygy mümkin. Hudaýyň beren mümkinçiligini äsgermezçilik etmek bilen, bizem şu hoşhabarçy ýaly, şol pursatyň özümize ömrümizde bary-ýogy bir gezek berilýän mümkinçilik bolandygyny bilip galarys. Gynansak-da, bu pursatyň Hudaýyň Isadaky ebedi ýaşaýyş sylagyny nädip alyp bolýandygyny gürrüň bermegiňizi başga adamyň ýekeje gezek soran pursaty bolmagy mümkin. Göklerde mümkinçiligiňiz bolan wagtynda, siziň näme üçin Hoş Habary paýlaşmandygyňyzy Hudaýyň soramagy mümkin. Siz näme jogap berersiňiz?

"Özümi Ibereniň işlerini Men gündiz etmeli. Gije ýetip gelýär, şonda hiç kim işläp bilmez".

Ýahýa 9:4

183-nji gün

ADATY BOLMADYK
SYLAG

HYTAÝ: KIÇIJIK GYZ

“Men seniň bilen adaty bolmadyk sylag hakda gürrüň etmek isleýärin” — diýip, hytaýly özüniň eýjejik gara saçly gyzyna aýtdy. Ol ýakymly zady öňünden duýup ýylgyrdy. Pähimli kakasy Hudaý hakda üýtgeşik bir zat gürrüň berende, bu oňa diýseň ýaraýardy. Gyzyň kakasy Mesihi söýýärdi, şonuň üçin ony tanaýanlaryň hemmesem, onuň ýumşaklygyna we rehimdarlygyna haýran galýardylar.

Ol özüniň köneje Mukaddes Kitabyny açyp: “Şol sylag barada Filipililer 1:29-da ýazylypdyr. Ine, bu ýerde näme ýazylan: “Çünki Mesihiň hatyrasyna Oňa diňe iman getirmek däl, eýsem, Onuň ugrunda görgi görmek hem size berlendir”. Bize berlen zatlaryň hemmesine: “sylag” diýilýär. Bu aýatda iki sylag — iman hem görgüler — hakda gürrüň edilýär. Hudaýa bolan imanymyz zerarly çekýän görgülerimiz — bu bahasyna diňe gökde düşünip bolýan gymmatly sylagdyr”. Gyzy ýylgyrdy. Ol kakasyny gujaklap: “Kaka, sag bol, men düşündim” — diýdi.

Şol gyzjagaz ulalyp, on gezekden gowrak tussag edilip, imany sebäpli, ölüm halyna çenli ýenjilen Li Desýan ruhy çopanyň aýaly boldy. Ol adamsy bilen egin-egne berip, gulluk etmegini dowam etdirýär, sebäbi Hudaýyň göwnünden turýan görgüleriň sylag bolup durýandygyny çagalygyndan bäri bilýär. Ruhy çopan bilen onuň aýaly Kommunistik Hytaýda köpleri Mesihe getirdi we mydama tussag bolma howpy astynda bolup, öz gullugyny dowam etdirip ýörler.

Iman hem görgüler ädimleri bile ädilýär. Olar diňe bir aýrylmazak bolman, eýsem, biri-birini güýçlendirýärlerem. Eger bize Isa Mesihde iman sylagy berlen bolsa, biz Mesihiň yzyna eýerýäris. Mesihiň yzyna eýermek — töwekgelçilik etmegi, meşhur dünýewi ýelginine garşy çykmagy, düşünmezliklere duş gelmegi, hatda fiziki hem ruhy agyra duş gelmegi aňladýar. Iman köplenç ejirlere alyp barýar. Isanyň başdan geçiren görgülerini başdan geçirenimizde, Ony has gowy hem çuň tanaýarys. Ýene töwerek boýunça aýlanýarys, sebäbi görgüler imanymyzy güýçlendirýär. Mesihe bolan imanyňyzy kemeltmän, öz durmuşyňyzy görgülerden halas etmek özüňize başardar öýtmäň.

“Eý doganlar, dürli synaglara uçranyňyzda, muny uly begenç saýyň”.

Ýakup 1:2

184-nji gün

ADATY BOLMADYK

AWTOR.

HINDISTAN: UILÝAM KERI

— Olar beýle edip bilmezler. Näme, siz munuň nädogrudygyny bileňzokmy? — diýip, Uilýam aýtdy.

— Gulak asyň, bu şäherdäki adamlaryň köpüsi hut şeýle bolmaly diýip pikir edýär. Bu biziň dinimiziň esasydyr — diýip, döwlet ýolbaşçysy Uilýamy gaharlanyp ynandyrjak boldy.

Uilýam bir diýenini diýdi durdy:

— Heý-de, diri aýal bilen öli erkegi daňyp, olary bile ýakarlarmy?!

Başlyk ellerini ýokary galdyrdy. — Uilýam, bir adam däbi özbaşdak üýtgedip bilmeýär. Muny ýatdan çykaryň-da, öz ýygnagyňyzyň aladasyny etmegi dowam etdiriberiň — diýip, başlyk jogap berdi.

Butparaz ýurtlardaky adamlary imana "diňe Hudaýyň" getirip bilýändigini aýdanlarynda, Uilýam bu sözleri äsgermezçilik etdide, Ýygnagyň taryhyndaky iň şowly missionerçilik syýahatlarynyň birine ugrady. Ol birnäçe dili özbaşdak öwrenip, häzirki zaman missionerçilik hereketiniň çeşmesi bolan kitaby çap etdi. Ol, şeýle hem, Täze Ähti otuz dört dile, Köne Ähti bolsa, sekiz dile terjime etdi.

Uilýam Keri dört ýylyň dowamynda aýaly öli äri bilen diriligine ýakma däbine garşy göreşdi. Ahyrsoňunda, ol ýerli häkimiýetiň ýigrenjine garaman, şunuň ýaly aýaly ýakmanyň gadagan edilmegini gazandy. Keri mydama mesihilikde täzeçilliğiň awtory bolýardy. Ol özüniň üýtgeşmeler gazanma ýolunda kynçylyklardan gorkmaýardy. Ol "Hudaýyň beýik işlerine umyt baglamaga we Hudaý üçin beýik işleri etmeklige ymtylmaga" çagyran adam hökmünde meşhurdyr.

Uilýam Keriniň özi-de, hut şonuň ýaly hereket edýärdi.

Imanly adamlaryň köpüsini aşaky derejelere bölmek bolar: işjeň, işjeň däl we hereketsiz. Isa mesihileri dünýä gidip, şägirt gözlemäge çagyranda, uly okgunlylyk bilen birnäçesi seslenýär. Olar hem edil Uilýam Keri ýaly, özleriniň Hoş Habary ýaýratma işinde ýadamazak bolýarlar. Beýlekilerem seslenýärler, ýöne çekinibräk, ulaldyklaryça ýa-da has işli bolduklaryça, haýal howlugýarlar. Gynansak-da, mesihileriň köpüsi hereketsiz mesihlerdirler. Olar seslenmäni eşidýärler, ýöne ony başga biri ýerine ýetirer diýip hasaplaýarlar. Siziň Isanyň Hoş Habary ýaýratmaklyga çagyryşyna baş galdyryşyňyzy derejeleriň haýsysy gowy suratlandyrýar? Hudaýdan töweregiňizdäkiler bilen imanyňyzy paýlaşma islegiňizi täzelemegini soraň. Eger siz Hudaýdan beýik işlere garaşýan bolsaňyz, onda Onuň adynyň hatyrasyna beýik işleri etmeklige özüňiz taýýar boluň.

"Isa hem ýanlaryna gelip, olara şeýle diýdi: "Ähli ygtyýar ýerde- Gökde Maňa berildi. Şonuň üçin, gidiň-de, bütin milletleri şägirt ediň..."

Matta 28:18-19

185-nji gün

ADATY BOLMADYK
GADYMKY EJIR ÇEKENLER

RIM: HRISANF

“Oglum, sen bu Isa iman edip bilmersiň” — diýip, kakasy Hrisanfa aýtdy.

“Kaka, men bu zatlaryň hemmesiniň hakykatdygyny bilýärin. Isanyň bu dünýä men ýaly günäkärleri halas etmek üçin gelendigine ynanýaryn. Ol dünýäniň nury. Seniň tagzym edýän butlaryňda hiç hili umyt ýok” — diýip, Hrisanf jogap berdi.

Kakasy jeza berip, Hrisanfy birnäçe günläp garaňky podwalda üstünden ýapyp goýdy, ýöne ol barybir oglunyň Hudaýa öwgi aýdymlaryny aýdýanyny eşitdi. Hrisanfy imanyndan dänderjek bolup, kakasy dünýewi lezzetler bilen onuň daşyny gurşap, öýüne sazandalary we owadan gyzlary çagyrdy, emma Hrisanf berk durdy. Şonda kakasy adatdan daşary owadan bolan butparaz aýal Dariýany öýüne getirdi. Ol öz ogluna Dariýanyň Mesihi unutmaga mejbur etmegini isleýärdi. Munuň deregine Hrisanf ony-da imana getirdi, olam suwda çokundyryldy.

Birazrak wagtdan soň, Hrisanf bilen Dariýa nikalaşyp, adamlary Mesihe getirip, gullukdan lezzet aldylar. Rim esgerleri Isa tagzym edýändikleri üçin jezalandyrjak bolup, olary daňanlarynda, ýüpler olaryň ellerini saklamady. Hökümdar Hrisanfy sütüne daňyp, ony taýak bilen urmagy buýruk berdi, ýöne urgular onuň bedeninde yz galdyrmady. Şonda esgerler Hrisanfdaky Hudaýyň güýjüni görüp, onuň aýaklaryna ýykyldylar. Olaryň başlygam, özüniň mamladygyna şübhelenip, jezany dowam etdirjek bolup durmady.

Hrisanf hemmeleriň butlara tagzym edýän ýurdunda ýaşandygyna garamazdan, olara tabyn bolmady, sebäbi daşlardan ýa-da agaçlardan ýasalan hudaýlaryň şekillerine däl-de, diri Hudaýa iman edýärdi. Onuň durnuklylygynyň kömegi bilen düýnki butparazlaryň onlarçasy Mesihe imana geldi.

Hoş Habar ýazylanyndan bäri geçen ýüzlerçe ýyllaryň dowamynda, ondaky hiç zadam üýtgemedi. Emma ýüzýyllykdan ýüzýyllyga Hoş Habar adamlaryň durmuşyny üýtgedýär we Mesih gelýänçä şeýle eder. Geçmiş bilen häzirki döwrüň habary birmeňzeşdir. Egnine rim geýmini we aýagyna çepek geýen görgi gören mesihi bilen jinsi geýip, elektron poçtadan peýdalanýan häzirki zaman mesihisiniň gursagynda şol bir zat bardyr. Ruhy miras galdyranlar bilen ony alyp barmagy dowam etdirýänleriň arasynda atalar we çagalar meseleleri ýokdur. Göni şu wagt siziň ýeriňiz nirede? Öz şaýatlygyňyzyň gadymky görgi görenleriň şaýatlyklary bilen bir hatarda durmagyny isleýärsiňizmi? Şu gün Mesihdäki doly durmuşda ýaşaň-da, ertirki gün üçin miras galdyryň. Siz öz maşgalaňyza, bile işleýän kollektiwiňize, şäheriňize, hatda bütin ýurduňyza-da özgerip, Mesihe ýakyn bolmaga kömek edip bilersiňiz.

“Emma Sen, ýa Reb, ebedi galarsyň,
Sen nesilme-nesil üznüksiz
ýatlanarsyň”.

Zebur 102:12

186-nji gün

ADATY BOLMADYK
ŞÄGIRTLIK

IÝERUSALIM: ZEBEDEÝIŇ OGLY ÝAKUP

Ýakubyň kellesini kesmeli bolan adamyň, bu işi etmekden boýun towlanynda, şonda Hirodesiň olaryň ikisiniňem kellesini kesendigine taryh şaýatlyk edýär.

Jezalandyrma Isa Mesihiň haça çüýlenenine on dört ýyl geçenden soň, Pesah anna gününde ýerine ýetirilmelidi. Mesihiň şägirtleriniň biri bolan Zebedeýiň ogly Ýakup ölüm jezasynyň geçirilen jaýyna alnyp gidildi. Oňa birnäçe esger garaşyp durdy. Ýagly çyralaryň ýagtysy poluň üstündäki gan yzlaryna düşüp durdy. Bu ýerde eýýäm adam öldürilipdi. Ýakup garawulyň gözlerine seretdi, ýöne garawul aňyrsyna öwrüldi, onuň ýüreginde biynjalyk bardy. Ýakup türme kamerasynyň agyr gapysynyň arasyndaky inçejik deşikden bu garawul bilen köp gezek Isa hakda gürrüň edipdi, şonuň üçin garawulyň ýüregi açylyp başlana meňzeýärdi. Ýakubyň öňki söhbeştdeşi indi jellatdy.

Ýakup taýýarlyk bilen dyzyna çökdi. Gylyç iň ýokary nokadyna baryp ýetende, jelladyň aýgytsyzlyk bilen gymyldanyny, soňam gylyjyň Ýakuba hiç hili zeper ýetirmän, ýere gaçanyny hemmeler gördi. Jellat: "Men başaramok! Men ony öldürjek däl. Onuň Isa hakda aýdýan zatlary hakykat, şonuň üçin men Mesihiň hyzmatkärini öldürip bilemok" — diýip gygyrdy.

Hirodesiň ýşaratyna tabyn bolan esgerler jelladyň elini arkasyna daňdylar-da, ony Ýakubyň ýanynda oturdýarlar. Olaryň ikisiniňem kellesi alynýar.

Halypalyk häzir ruhy ulgamda bolşy ýaly, dünýewi ulgamda-da meşhurdyr. Görnüşi ýaly, adamlar iki adamyň arasyndaky şahsy gatnaşyklaryň seýrek duş gelýän güýjüni gitdigiçe köp görýärler. Biriniň alar ýaly zady bar. Birinde berer ýaly zady bar. Halypaçylygyň ruhy kesgitlemesi — bu Mesihiň göreldesine eýerýäniň göreldesine eýermekdir. Bir mesihi beýleki mesihä imana laýyklykda nädip ýaşamalydygyny görkezýär. Ruhy durmuşda siz kimi öz halypaňyz hökmünde atlandyryp bilýärsiňiz? Siz ondaky Mesihiň haýsy häsiýetlerini özüňize almak isleýärsiňiz?

"...men-de saňa imanymy amallarym bilen görkezeýin".

Ýakup 2:18

187-nji gün

ADATY BOLMADYK
DOGA-DILEG ETMÄNIŇ KESGITLEMESI

HYTAÝ: GYZYL GWARDIÝANYŇ ESGERI

Öňräk Hytaýdan gizlin çykarylyp, "Ejir çekenleriň sesine", ine, nähili gyzykly hat berildi:

"Men entek ýaş, özümem Gyzyl gwardiýada gulluk edýärin. Men hiç hili hudaýlara, hiç hili göklere, hiç hili dowzaha — hiç zada — ynanmaýardym. Men biziň ýurdumyzda döwletiň adamlary köne dini düşünjelerden azat edip, olary ýagty geljege alyp barýanyny bilýärdim. Bir gezek men radioda siziň mesihilik programmaňyzy eşitdim. Ilki men radiony söndürmek isledim. Kommunistler Hudaýa ynanmaýarlar ahyry. Ýöne programma gyzykly bolany üçin men ony diňledim. Soň bolsa, siziň tolkunlaryňyza gaýta-gaýta girip başladym. Indi men Mesihe ynanýaryn, ýöne mende iki soragym bar.

Birinjisi: "Hudaý kommunistik Hytaýdan bolan adamlary Öz Ýygnagyna kabul edýärmi? Siz öz gepeşigiňizde ýygnak hakda gürrüň edýärsiňiz, ýöne Hytaýda mesihilik ýygnagy ýok. Hudaý ýygnaksyz Özüne kabul edip bilýärmi?"

Bu ýaş esger Hytaýda resmi bolmadyk ýygnaklaryň nähili köpdügini bilmeýärdi. Ol ýygnagyň bina däl-de, Mesihi söýýänleriň toplumydygyny hem bilmeýärdi. Soň ol ikinji soragyny berýär: "Siz maňa doga-dileg etmegi öwredersiňizmi? Siz her programmaňyzy doga- dileg etmek bilen başlaýarsyňyz we tamamlaýarsyňyz. Menem doga- dileg etmek isleýärin, ýöne nädip etmelidigini bilemok".

Bu esger hiç haçan ýygnakda bolmandyr, ýöne ol özüniň doga- dileg etmäniň manysyna düşünýändigini ýazýar: "Günüň ahyrynda "Omyn" diýmek üçin uzak gün Hudaý bilen gepleşmek gerek".

Doga- dileg etmeklige berlen nähili ajaýyp kesgitleme!

Doga- dileg etmeklik tebigaty boýunça hiç kimde-de, tebigy taýdan peýda bolmaýar, sebäbi bu adatdan daşary hadysadyr. Hudaý bize Özi bilen gürleşme teşneligini berýär. Ilki biz dogry gürleýändigimize şübhelenip, Hudaýa çekinip ýüzlenýäris. Ýöne näçe köp doga- dileg etsek, doga-dileglerimiz şonça-da tebigy bolýar. Bu ýaş ýigidiň kesgitlemesi boýunça doga- dileg etmeklik durmuşyň hemme ulgamlaryna degişli bolup, biziň bar durmuşymyzy Hudaýa doga- dileg etmeklige öwürýär. Siz özüňiziň doga- dileg etme durmuşyňyzda nähili ösýärsiňiz? Siziň doga- dileg edeniňize köp wagt geçdimi? Şu günden başlap, Hudaýdan Özi bilen gürleşmäge adatdan daşary islegi bermegini we doga- dileg etmekligi durmuşyňyzyň tebigy bölegine öwürmegini haýyş ediň. Soňra doga- dileg edip başlaň. Goý, siziň bütin durmuşyňyz doga- dileg etmeklige öwrülsin!

"Munuň üçin, her bir takwa adam... Saňa doga-dileg etsin..."

Zebur 32:6

188-nji gün



“Türmeden öň biz Hudaý hakda eşitdik. Türmede bolsa, biz Hudaýyň barlygyny duýduk”.

Imany üçin türme tussaglygyna höküm edilen hytaý öý ýygnagynyň ýolbaşçysy ruhy çopan Sze. Ol açlygam, syrkawlygam, mejbury işledilen ýeri bolan kömür şahtasyndaky partlamanam başdan geçirip gördi.

189-nji gün

ADATY BOLMADYK
AKYLSYZLYK

RUSSIÝA: ANNA ÇERTOKOWA

Köşeşdiriji köýnekler Anna Çertokowa üçin hakyky ezýetdi. Ony geýdirip, içinde ellerini gizläp, bedenine berk daňyp goýanlarynda, ol muny halamaýardy. Sanitarlar üçin Anna azajyk duýgudaşlyga-da, mynasyp bolmadyk haýwandan gowy däldi.

Anna on ýylyny SSRS-iň psihiatriýa keselhanalarynyň birinde geçirdi. Ol däli däldi. Kazynyň ony ol ýere goýbermeginiň sebäbi, onuň mesihidigindedi. Annanyň Mesihi ret etmekden ýüz öwürmegi kazynyň pikiriçe aklyňdan azaşmaklykdy.

Psihiki taýdan syrkawlaryň töweregini gurşap alandygy sebäpli, Anna özüniň psihiki taýdanda sagdynlygyna şäbhelenýärdi. Töweregindäkiler gahardan ýa-da gorkudan ýaňa nalanlarynda, ol uzakly giije pikirinde Hudaýa ýüzlenýärdi. Ol hiç haçan gaharlanmaýardy.

Anna kazyýetde-de, keselhanada-da, imandan el çekmekden ýüz öwürdi. Düşünip biläýjek psihiki syrkawlara Anna hatda şaýatlyk edip, Mesihiň söýgüsiniň göreldesem bolmaga çalyşdy.

"Hemmäňize Rebbimiz Isa Meishiň ady bilen salam iberýärin. Bizi ajaýyp Mesihde kämil etmegi hem-de işlerimiziň hemmesini ýola goýmagy üçin men Hudaýa doga- dileg edýärin. Hemmeleriň ýüreklerini ýaradan we ölümlileriň hemmesiniň işlerini öwrenýän Hudaýyň meniň ateizmiň butparazçylygy bilen edýän jedelimde Kazy bolup, höküm bilen adalaty Özüniň jemlejegine berk ynanýaryn".

Käwagt mesihiler özleriniň sabyrlylygyny we çydamlylygyny synaga salýan aklyňdan azaşdyryjy ýagdaýlara düşýärler. Agyr ýaşaýyş şertleri, gulak asmazak çaga. Islendik ýagdaýa seretmezden biz Hudaýa ynanyp bilýärismi? Eger kaýyl bolma ukybynyň syryny bilsek, başararys. Mukaddes Kitap bize daşky ýagdaýlar özümize täsir eden wagtynda, içimizdäki kanagatlanma duýgusynyň agalyk etmelidigini öwredýär. Biz ýagdaýlara dälde, Hudaýa bil baglamalydyrys. Ýogsam, bizem edil öz ýagdaýlarymyz ýaly, bulam — bujarlykda bolmaga töwekgelçilik edýäris. Annadan sapak alyň. Hudaýdan ýagdaýlara garamazdan, kaýyl bolmagyň syryny açmagyny haýyş ediň.

"... her hili ýagdaýda baryma kaýyl bolmagy öwrendim"

Filipililer 4:11

190-nji gün

ADATY BOLMADYK IŞ

RUMYNIÝA: KARL LUKMAN

Karl lukman gizlin polisiýa işe gaty kynçylyk bilen girdi. Oňa gowy teklipnama berlipdi, gowuja iş tejribesi bardy, şeýle-de bolsa, işe alma usullary uzaga çekiji hem ýadadyjydy. Terjimehal belgileriň barlagy jime-jikdi, şonuň üçin lukmany "mesihilik" baglanyşyklarynyň bardygy baradaky myş-myşlar sebäpli, ony işe almakdan tas ýüz öwrüpdiler. Şeýle-de bolsa, Karl bu aňsat bolmadyk prosesden geçip, gizlin polisiýadaky gullugyna başlady. Täze iş ýerinde onuň mesihidigini hiç kim bilmeýärdi.

Karl lukmanyň maşgalasyndakylar onuň kommunistik režim bilen hyzmatdaşlyk etme kararyna düşündiler. Onuň ýygnagynyň agzalary biri-biriniň yzyndan ondan ýüz öwrüp başladylar. Ozal ýakyn gatnaşykda bolan adamlary-da şeýle etdiler. Hemmeler ol kommunist bolandyr öýtdüler. Onuň hakyky maksady barada pikirem etmediler: Karl lukman ruhy çopan Riçard Wurmbrandyň yzyny tapmaga umyt baglaýardy. Resmi hökümet maşgalasyna ruhy çopanyň ölendigini habar berdi. Döwlet howpsuzlyk gullugynyň lukmany hökmünde Karl türmelere we kameralaryň hemmesine baryp bilýärdi. Ahyrsoňy, kameralaryň birinden Riçardy tapmaklyk oňa başartdy.

Karl muny günbatar dünýäsiniň mesihilerine habar berdi. Indi olarda ruhy çopan Riçard Wurmbrandyň diridigi barada subutnama bardy. 1956-njy ýylda N. Hruşýow bilen D. Eýzenhaueriň arasynda bolan gepleşikde dünýäniň dürli ýurtlaryndan bolan mesihiler Wurmbrandyň azat edilmegi baradaky talaby öňe sürdüler. Ahyrsoňunda, ol on müň dollara satyn alynma bilen goýberildi.

"Eger ýörite meni tapmak üçin gizlin polisiýa işe giren lukman bolmadyk bolsa, onda men azatlyga hiç haçanam çykmazdym. Men, şol durşuma türmede ýa-da türme gonamçylygynda galardym" — diýip, R. Wurmbrand soňrak ýazýar.

Ýörite döredilen rowaýatyň örtügi astynda ýaşaýan agentler — kinorežissýorlaryň söýgüli sýužetidir. Olaryň missiýasy ştabyň görkezmesini ýerine ýetirende, özleriniň başdan-aýak düşýän başdan geçirmelerinden ybarat bolýar. Dünýäniň hemme zatlar üçin ýapyk bolan ýurtlaryndaky käbir imanlylar hem, edil şunuň ýaly başdan geçirmelerden doly bolan durmuşda ýaşaýarlar. Olaryň durmuşy köp adamlaryň dünýägaraýyşlaryny we ýüreklerini üýtgedýär. Olar öz missiýasy hakda hemmelere gürrüň bermäge het etmeýärler, ýöne Isa Mesihiň Patyşalygynyň ýaýramagynyň hatyrasyna islendik mümkinçilikden berk ýapyşmga we töwekgelçilik etmäge taýýar bolýarlar. Biz nirede bolsagam, nähili şertlerde ýaşasagam, Hudaý bizi Özüniň "gökdäki ştabynyň" komandasy astynda ýaşaýn ruhy agentleri bolmaklyga çagyrýar. Biz her gün ýumuşly — Hudaýyň söýgüsini wagyz etme ýumşy bilen — ýöräris. Hudaý bu ýumşy ýerine ýetirenimizde, bize hiç hili howpsuzlyk wadasyny bermeýär, ýöne çüýremejek baýragy wada berýär.

"Her niçik-de bolsa, käbirlerini halas etjek bolup, her kese her zat boldum".

1 Korintoslylar 9:22

191-nji gün

ADATY BOLAN
GÖRGI GÖRÜŞ

RIM: POLIKARP

Polikarp resul Ýahýanyň şägirdidi. Ol gartaşandan soň, hökümetiň yzarlamalaryndan halas boljak bolup, gaçgak bolmaly boldy. Bir ýerde ony tanap, garawullara habar beröärler. Rim esgerleri Polikarpy tapan wagtynda, ol çörek iýip oturan eken. Ol esgerlere özi bilen çörek iýmäge çagyrýar.

Esgerler bilen çörek iýip bolandan soň, Polikarp doga- dileg etmek üçin özüne bir sagat bermeklerini haýyş edýär. Garawullaryň başlygy rugsat berýär, ýöne soň ökünýär, sebäbi Polikarp şeýle bir gyzgyn doga- dileg edipdir welin, hatda garawullaram özleriniň günälidigini boýun alypdyrlar. Polikarpy gubernatoryň ýanyna alyp barýarlar. Ol hem, ony bazar meýdançasynda oda ýakmagy buýruk beröär, ýöne mundan ozal gubernator Polikarpa Isadan ýüz öwrüp, öz janyny halas etmäge mümkinçilik berýär. Polikarp bu teklipden boýun towlap: "Men Mesihe 86-ýyl gulluk etdim. Ol maňa ýagşylykdan başga hiç erbet zat etmedi. Men nädip Rebbim hem Halasgärime garşy çykyp, Oňa dil ýetireýin" diýýär.

Polikarpy sütüne daňyp, ot ýakýarlar. Ýalyn batyr mesihiniň daşyny gurşaýar, ýöne gudrat bilen onuň ýekeje tüýünem ýakmaýar. Gubernator mesihini gylyç bilen öldürmegi buýruk beröär. Polikarpyň soňky Hudaýa dogasy şeýle boldy: "Mesihiň meniň janymyň ölümden direlmegi üçin gören görgüsini paýlaşyp bilendigim üçin Hudaýa öwgi aýdýaryn".

Polikarp "işjeň garrylyk" jümlesini täze manydan doldurdy. Polikarp togsana golaý ýaşynda duşmanlary özüniň Mesihe bolan imany hakda näme pikir edýändigine perwaýsyz garaýan ýaşyna ýetipdi. Ýöne ol düýbünden başgaçady. Ýaşlaryň arasynda duşmana paýhassyzlyk bilen hüjüm edýänleri bar. Adamlaryň köpüsi ortada bir ýerlerde bolýarlar. Biz töweregimizdäkileriň öz imanymyz hakda näme pikir edýändiklerine üns bermeýän ýaşa çenli-de ýaşaman, ýigitlik ýalnynyň ruhubelentligini ýitirýäris. Bagtymyza, Isa bizi nähili bolsak, şol durşumyza-da, kabul edýär. Bu gün öz imanyňyza siňdirip bilen wepalylygyňyzyň baryny siňdirme we sizi ertirki uly iman üçin Özüniň ösdürmegine rugsat ediň.

"Eý doganlar, biz siz babatda elmydama Hudaýa şükür etmäge borçludyrys. Beýle etmegimiz ýaraşyklydyr. Çünki siziň imanyňyz gitdigiçe ösýär".

2 Salonikliler 1:3

192-nji gün

ADATY BOLMADYK
HYZMATKÄR

PÄKISTAN: ZEBA

“Gurhanyň şu aýatlaryny gaýtala!” — diýip, Zeba hojaýyny buýruk berdi.

“Men bu aýatlary gaýtalajak däl. Men mesihi. Men mydama mesihi bolaryn” — diýip, hyzmatkär gyz jogap berdi.

Zebanyň maşgalasy garyplykda ýaşaýardy, şonuň üçin ol baý musulman maşgalada işlemäge mejbur bolýardy. Zeba ol ýerde işlände, maşgalabaşy ony yslama getirmäge synanyşdy-da, Gurhandan aýatlary ýat tutmaga ony mejbur etdi. Zeba üç gezek: “Men mesihi” — diýip boýun towlady. Her gezegem ony urdular. Şondan soň, hojaýyny Zebany ogurlykda ýalandan aýyplady. Zebany tussag etdiler. Zebanyň ejesi gyzyny goramak üçin musulman maşgalasyna baranda, ony diýseň duşmançylykly garşy aldylar. Onuň üstüne gygyryp: “Sen kapyr! Siziň ikiňizem, şonuň üçin özüňem, gyzyňam kapyr, ölüme mynasypsyňyz” diýdiler. Olar Zebanyň ejesiniň üstüne hüjüm edip, üstüne benzin guýup otlaýarlar. Zeba ejesini gaýdyp görmedi. Bu betbagtçylyga garamazdan, Zeba Mesihe iman etmegini bes etdirmedide, suwda çokundyryldy.

Häzir Zeba ýaly mesihiler üçin “Ejir çekenleriň sesi” olara hünär öwrenmekleri we gazanç etmek üçin musulman maşgalalaryna işe barmazlyklary üçin, gazanyp, maşgalalaryny eklär ýaly, tikinçilik mekdebini açdy. Kalbyndaky agyra garamazdan, Zeba ýüreginde kine saklanok we öz ýurdundaky adamlara öz imany hakda gürrüň bermegi arzuw edýär. Ol Mukaddes Kitap mugallymy bolmak isleýär”.

Diňe bar bolan zatlaryň hemmesi başaşaklygyna düňderilende, Hudaýyň Patyşalygyna ýetilip bolnar. Adam jemgyýetiniň gurluşy bilen deňeşdireniňde, Hudaýyň iýerarhiýasy düýbünden başgaça gurulýar. Ol ýerde zehinli, owaldan hem baý, dünýäde ygtyýara eýe bolan adamlar däl-de, sadaja hyzmatkärler ykrar edilmä eýe bolýarlar. Zeba dünýäniň nazarynda hiç zadam däl, ýöne ol Patyşalyk üçin ummasyz gymmata eýedir. Hyzmatkäriň üýtgeşik bir zehine eýe bolmanam biler. Hyzmatkär başgalaryň nazarynda uly gymmata eýe bolmasa-da, Hudaýyň nazarynda onuň bahasyna ýetip bolýan däldir. Dünýäniň tersine gidip ýaşamak nämäni aňladýar? Hudaýyň hyzmatkäri bolmak bilen siz munuň nämedigini öz tejribäňizden bilersiňiz. Özüňizi hyzmatkäriň derejesine çenli kiçeldip, Hoş Habary ýaýratmak üçin özüňize bagly bolan zatlaryň hemmesini etmäge taýýarmy?

“Siziň araňyzda beýle bolmasyn. Araňyzda kim uly bolmak isleýän bolsa, beýlekileriň hyzmatkäri bolsun”.

Matta 20:26

193-nji gün

ADATY BOLMADYK
GÖRÜŞ

HYTAÝ: ÇAN ŞEN

Mesihilik imanyna gelmezden ozal Çan Şen kartçy, heleýbaz we ogry hökmünde şöhratlanypdy. Onuň gözi tutulanda, goňşulary günäli durmuşda ýaşany üçin ony hudaýlaryň jezalandyrandygyny aýtdylar.

1886-nji ýylda Çan missionerleriň keselhanasyna barmak üçin ýüzlerçe mil geçdi. Ol ýere baransoň, ony lukman kabul etdi. Oňa kömek etdiler, görşi azajyk gowulaşdy. Ol ýerde Çan Mesih hakda birinji gezek eşitdi. Çany bejeren lukman: "Bizde Mesihi beýle şatlyk bilen kabul eden müşderi hiç haçan bolmandy" — diýip gürrüň berýär.

Çan özüni suwda çokundyrmaklaryny haýyş edende, missioner Jeýms Webster: "Öýüňe gaýdyp bar-da, goňşularyňa özüňiň üýtgändigiňi aýt. Eger sen mundan beýlägem, Isa gulluk etseň, men baryp, seni suwda çokundyraryn" — diýdi.

Webster bäş aýdan soň Çany görmäge baranda, onuň şaýatlygynyň kömegi bilen imana gelen mesihileriň ýüzlerçesini gördi. Soň ol uly höwes bilen täze hoşhabarça suwda çokundyrmany öwretdi.

Birazrak wagtdan soň, Çanyň görşi ýene erbetleşdi. Emelsiz ýerli lukman ony öňki görşündenem mahrum etdi, ýöne bu ýagdaý Çany saklamady, şonuň üçin ol obalara aýlanyp, Hoş Habary wagyz etmegini dowam etdirdi. Käbir adamlar bu maýyba tarap tükürýärdiler we ony ýigrenýärdiler, ýöne beýleki ýüzlerçe adamlar onuň üsti bilen Mesihe gelýärdiler.

Ihetuan gozgalaňy turanda, mesihiler Çany gowakda gizlediler. Gozgalaň turzanlar goňşy şäherde elli sany girewine adam alyp, eger Çan wagyzçy öz ýanlaryna gelmese, onda olary öldürmäge taýýarlyk görjekdiklerini aýtdylar. Muny eşidende, Çan: "Men başgalar üçin şatlyk bilen ölerin" — diýdi. Üç günden soň, Çanyň kellesini kesdiler, beýleki girewine alnan mesihileri goýberdiler.

Düýpden üýtgemeklik — bu Hoş Habaryň manysydyr. Isa bize özümiziň köne durmuşymyzy hemme zady başdan başlama mümkinçiligine çalyşmagy teklip edýär. Serediň, Ol Çany nähili üýtgetdi: günäler içinde diňe özi üçin ýaşan adam, özüni dolulygyna Mesihe bagyş etdi. Durmuşymyz her neneň weýrançylykly bolan bolsada, biz Hudaý bilen gatnaşyklarymyzy täzeden dikeldip bilýäris. Hut şonuň üçin hem, biziň şahsy şaýatlygymyzda şeýle güýç bardyr. Üýtgän durmuş — gutulyşyň degerli subutnamasydyr. Biz öňki gürleýşimiz ýsly gürlemeýäris. Biz özümizi öňki alyp barşymyz ýaly alyp barmaýarys. Bu gün Mesihiň siziň durmuşyňyzy nädip üýtgedendigi hakda eşitmek gerek.

"... öňki ýaşaýşyňyza degişli bolup, aldawçy höwesler bilen çüýrän köne ýaradylyşy egniňizden çykaryň. Pikirleriňiziň ruhunda täzeleniň. Çyn dogrulyk hem mukaddeslikde Hudaýyň meňzeşliginde döredilen täze ýaradylyşy geýniň".

Efesliler 4:22-24

194-nji gün

ADATY BOLMADYK

ÝÜK

KOLUMBIÝA: HUAN

Kolumbiýada Hoş Habaryň ýaýramagyny neşe söwdasy-da, raýatlyk urşy-da saklap bilmeýär.

Huan bilen aýaly Mariýa Kolumbiýadaky Kaliniň demirgazygyndaky oturymly ilatyň arasyndaky missionerlerdir. Kalä Kolumbiýanyň Rewolýusion ýaragly güýçleri (KRÝG) — çepçi partizançylyk toparlary — gözegçilik edýär. Kolumbiýaly ruhy çopanlaryň köpüsi KRÝG tarapyndan özlerine bildirilýän duşmançylygy duýup, bu etrapdan gitdiler. Şeýle-de bolsa, üç ýyl mundan ozal Huan KRÝG-nyň elli adamdan ybarat bolan topary bilen duşuşanda, olara Hoş Habary wagyz edýär, şonda olaryň ýigrimisi Mesihi kabul edýär. "Olar sapançalaryny epistollara (çeper esere) öwürdiler" — diýip, Huan gülýär.

Şol wagtdan başlap, Milli azat ediş goşuny şol sebitlerde ýerleşen mesihilik ýygnaklarynyň üstlerine hüjüm edip gelýärler. Öňräk ýigrimiden gowrak ýygnak ýapyldy, köp ruhy çopanlar janlaryny halas etmek üçin gaçyp gitdiler. Partizanlar ýygy-ýygydan gelip, olardan ýygnagyň zekatlaryny bermegini talap edip duryarlar. Olar ruhy çopanlary öldürýärler. Huan bu sebitde galan ýeke-täk ruhy çopandy. Ol daşardan hiç hili kömek almaýar.

Şeýle-de bolsa, Huan bilen aýaly bu ýerde galyp, gullugy dowam etdirmegi makul bilýärler. Olar: "Eger biz Hudaýyň Sözüni wagyz edýändigimiz üçin ölmeli bolsak, onda ölmäge taýýar, ýöne ýygnagy terk edip gitjek däl" — diýýärler.

Huan özleriniň başdan geçirýän kynçylyklary aýtmaýşy ýaly, başga ýerlere gidenleri-de ýazgarmaýar. Ol diňe Hudaýyň edýän zatlary we öz gullugy hakda gürrüň bermek isleýär. Onuň aňy howplardan doly däl-de, Kolumbiýa halkyny Mesih bilen nädip tanyşdyrmalydygy baradaky pikirden doly.

Isa agyr ýükleri ýetirilen ýük ýüklenilýän haýwanlary birnäçe gezek ýatlap geçýär. Haýwan ýüküň agramy bilen göreşmeýär, sebäbi ol aşa agyr bolmaýar. Hoş Habaryň ýüküni götermeklik — bu ýerdäki aladalaryň agramyndan ýüküň ýetmek bilen bir zat däldir. Hoş Habaryň ýüki — öz ruhy talaplaryňa akyl ýetirmekdir. Huanam, "ýük" göterýär, ýöne onuň ýüki ýeňil. Mesihden görelde alyp, biz özümizi azaşan janlaryň ugrunda ýükli etmelidiris. Bu ýük ýeňildir, sebäbi biz ony Oňa beryäris. Biz Hoş Habary özümiz üçin saklap goýmaly däldiris. Siz haçan hem bolsa bir wagt Mesihi wagyz edeniňiz üçin ýigrenildiňizmi? Belki, siz öz garşydaşlaryňyza tabyn bolmak hakda pikir edensiňiz? Goý, azaşan janlar üçin ýük göterýän Isa size ýene bir gün çydamagyňyza kömek etsin.

"Çünki Meniň boýuntyrygym ýumşakdyr, ýüküm ýeňildir".

Matta 11:30

195-nji gün



“Eger biz mesihiler Hoş Habary ýaýratmagy bes edip, mümkin bolan çäkleri ýeňip geçmäge çalyşmasak, onda töweregimizdäki araçäkler ýapylar. Eger mundan beýlägem, “sessiz şaýatlyk etmegi” dowam etdirsek, onda şaýatlyk başa barmaz, mesihiligem”.

Reý Torn — yzarlanylýan ýygnagyň missioneri

196-nji gün

ADATY BOLMADYK
HOŞHABARÇY

HYTAÝ: RUHY ÇOPAN LI DESÝAN

“Men ölýänçäm wagyz ederin”.

Milli howpsuzlyk býurosynyň (MHB) ofiserleri öýe okdurylyp girenlerinde, ruhy çopan Li Desýanyň wagyz edip başlanyna ýaňy birnäçe minut bolupdy. Olar ruhy çopany daşary süýräp alyp çykardylar-da, ýygnaga gelen beýleki hytaýlylar bilen bile ony urdular.

Polisiýa uçastogynda hoşhabarçyny gan gaýtaryp başlaýança ýene urdular. Soňra ofiserler ruhy çopanyň ýüzüne öz Mukaddes Kitaby bilen urup başladylar. Ahyrsoňunda ony gana bulaşdyryp, huşsuz diýen ýaly ýagdaýda, kameranyň beton polunyň üstüne taşladylar.

Sekiz sagatdan soň, ruhy çopany azatlyga çykaranlarynda, ol derrew öz gullugyny dowam etdirdi. Indiki gezek ol wagyz edip otyrka, MHB-nyň ofiserleri öýe okdurylyp girenlerinde, olaryň sany ýedidi. Olar gykylyplaşyp, ruhy çopany itekläp başladylar. Ýygnanyşykda Günbatardan hem myhmanlaryň bardygyny görüp, olar gaýyp bolup gitdiler-de, tizara has köp düzümde gaýdyp geldiler. Olar Lini tutup, onuň kellesini diwara urup başladylar.

“Siz näme üçin ony urýarsyňyz? — diýip, daşary ýurtlularyň biri gygyrdy. — Hytaýda dini azat wagyz etmeklik yglan edildi ahyry!”

MHB-nyň işgärleri daşary ýurtlularyň hemmesini hem-de öýünde ýygnanyşyk bolup duran aýaly polisiýa uçastogyna alyp gitdiler. Görüp otursalar, şol aýalyň ogly ýygnanyşygyň bolýanyny habar beripdir.

Bu hüjümden soň, ençeme ýygnanyşyklar obada bes edildi, ýöne Ýygnak ýitmedi. Indi bu ýerde san taýdan kyrkdan gowrak bolan kiçi toparlaryň ýygnanyşyklary geçirilýär. Täze adamlar her hepdede Mesihe gelýärler.

Duşmanlar ýygnagyň ytgyýaryny basyp almaga synanyşanlarynda, ýygnak simap ýaly, öňküsinden-de ownuk böleklere bölünýär. Demokratik däl döwletlerdäki mesihiler Günbatardaky töwereginde birnäçe “sotok” territoriýasy bolan maýdaýygnagyň nämedigini, olara gitdigiçe köp mesihileriň barýandygyny hiç haçanam bilmezlikleri mümkin. Köp sanly öý ýygnaklaryndan ybarat bolan hytaý ýygnagynyň biri agzalarynyň sany boýunça günbatarly maýdaýygnaklaryň hemmesini bilelikde alanyňdakysyndan köp bolýar. Biziň Hoş Habary ýaýratmak üçin päsgelçilik diýip düşünýän zadymyz, aslynda, ýagşylyk bolup biler. Size garşylyk görkezenlerinde, juda tiz ýan berýärsiňizmi? Hoş Habary ýaýratmakda siz has tutanýerli hem ugurtapyjy bolup bilýärsiňizmi?

“...Hoş Habarymyň umydyndan gymyldaman, imanda esasly berk dursaňyz...”

Koloseliler 1:23

197-nji gün

ADATY BOLMADYK
GÜÝÇ

BANGLADEŞ: IDRIS MIAH

Aby mesihi bolmak üçin erbet ýeri saýlady. Biz onuň öýüniň daşyny gabap, özüni daşary kowjak hem ýakjak bolduk.

Biz ýakyn baranymyzda, onuň kimdir biri bilen gürleşýänini eşitdik. “Ol kömege çagyrmaga ýetişäýdimikä?” — diýip pikir etdik. Soň biz onuň bütin oba üçin doga-dileg edip, Isadan etjek bolan zatlarymyz üçin bagyşlamagyny soraýanyny eşitdik. Bu bizi has-da gaharlandyrdy, şonuň üçin ýigrimi bäş adam bolup, Idrisi tutmak üçin onuň öýüne girmäge dyrjaşyp başladyk. Ýöne ol ýerde nähilidir bir göze görünmeýän güýç bardy. Şol güýç bizi içeri salmady, şol sebäpdenem, biz gorkup gaçyp pytraşdyk.

Men öýe gaýdyp gelenimde, uklap bilmedim. Men diňe Abunyň Hudaýa eden doga-dilegi hakda pikirlendim. Ahyrsoňy, gije sagat üçde men yzyma onuň öýüne bardym-da, ondan maňa Isa hakda gürrüň bermegini haýyş etdim. Biz üç sagatlap gürrüň etdik. Ondan soň men Isadan özümi bagyşlamagyny sorap, durmuşymy Onuň eline berdim. Men öýe ylgap baryp, özüme näme bolanyny aýalyma gürrüň berdim. Soň aýalymam, çagalarymam mesihi boldular”.

Bary-ýogy birnäçe gün geçenden soň, Idris Miah bilen bize bu wakany gürrüň beren bangladeşli mesihi özüniň mesihilik durmuşynda ilkinji synaga duş geldi. Ony işden çykardylar, çagalarynam mekdepden çykardylar. Şeýle-de bolsa, ol özünden şatlygyň aýrylmandygyny, sebäbi indi ýüreginde Isanyň ýaşaýandygyny aýdýar.

Biz durmuşymyzda bolýan zatlary özümiz saýlap bilmeýäris, ýöne bolýan zada nähili garamalydygyny we nähili hereket etmelidigini saýlap bilýäris. Şonuň üçin Abu ýaly, howpuň bosagasynda duranymyzda, biz nämäni saýlaýarys? Biz Mesih ýaly, gabahatçylygy doga-dileg etmek bilen kabul edýärismi ýa-da dowla düşüp, gorkarysmy? Beýleki adamlar her neneň jan çekseler-de, bizi gaharlanmaga ýa-da gaýgylandyrmaga mejbur edip bilmeýärler. Hemme zat biziň özümize baglydyr. Edil şunuň ýaly edip, yzarlamalaryň ýa-da azar bermeleriň bardygyna garamazdan, Mesihiň yzyna eýermede biziň deregimize hiç kim belli karara gelip bilmeýär. Munuň näme bilen gutarjagyny kim bilýär? Bu gün başyňyzdan inen synaga dogry jogap tapmaga kömek etmegini Hudaýdan soraň.

“Çagyramda maňa jogap ber, eý dogry Hudaýym! Darygamda giňlik ber”.

Zebur 4:1.

198-nji gün

ADATY BOLMADYK

"GUL"

WIRJIN ADALARY: LEONAR DOBER

Leonar Dober öz-özünden Isanyň haçyny aşa kyn hasaplaýandygyny ýa-da hasaplamaýandygyny sorady. Ol Isanyň Getsemani bagyndaky dileginiň: "Meniň isleýşim ýaly däl-de, Seniň isleýşiň ýaly bolsun" — diýen ýaly sözler bilen gutaranyny ýada saldy. Leonaryň wezipesi özüne ýerine ýetirip bolmajak ýaly bolup göründi, ýöne ol öz islegini däl-de, Hudaýyň islegini ýerine ýetirýärdi.

Hudaý Leonar Doberi Karib deňziniň Wirjin adalarynda ýaşaýan gullara Hoş Habary wagyz etmäge çagyrdy. Isanyň söýgüsini şol erkekler we aýallar bilen paýlaşmak üçin ol olaryň ýanynda ýaşamagy hem işlemegi karar edindi. Gulçulyk durmuşy baradaky pikir onda gorky hem ýürek bulanmasyny döretdi. Özüne nähili garajakdyklaryny göz öňüne getirmekligiň özi ony gaty gorka salýardy. "Ýöne Mesih meniň üçin haçda höwes bilen öldi. Oňa gulluk etmek üçin hemme zadyňy berseňem bolýar" — diýip, ol pikir etdi.

Doberi özüniň öňki mesihi dostlary hemmelerden beter yzarladylar. Olar onda gullara gulluk etme çagyryşynyň bardygyna şübhelendiler we onuň üstünden aç-açan güldüler, ýöne missioneri pikirinden el çekmäge yrmagy başarmadylar. Ol XVIII asyryň 30-njy ýyllarynyň ahyrlarynda Wirjin adalaryna bardy.

Gubernatoryň öýünde gul bolandan soň, gulluk etmäge gelen gullaryndan juda uzakda boljakdygy hakda pikir etdi, şonuň üçin şäherdäki öýden gidip, gijelerine gullar bilen gürrüň edip biläýjek ýerinde ýer kümede ýerleşdi.

Dober gulluk eden üç ýylynyň içinde Mesihe on üç müňden gowrak adamy getirdi.

Mesihdäki akmaklar. Dünýä imany radikal ýaly bolup görünýän adamlary hut şeýle atlandyrýarlar. Şonuň ýaly adamlar bir geňsi bolup görünýärler. Dober XVIII asyryň "Mesihdäki akmagy" bolupdy. Isa Mesihe beýleki gullary çekmek üçin ol gul kimin ýaşamagy makul bildi. Ol hemme zady etmäge, hatda Mesihe gulluk etmek üçin soňky damja söýgüsini bermäge-de taýýardy. Hudaýyň Doberi çagyran zadynyň ondan başga hiç kim üçin manysy ýokdy, diňe onuň üçin manysy bardy. Sizi erbet talaplary ýerine ýetirmekden boýun gaçyrandygyňyz üçin işden çykardylarmy? Eger Hudaý sizi maşgalaňyzda, ýygnakda ýa-da ýygnanyşykda Özi üçin radikal bir zat etmäge çagyrsa, siz Oňa tabyn bolmalysyňyz. Goý, başgalar sizi aklyndan azaşan hasaplabersinler, ýöne Isa siziň Özüne wepalydygyňyzy biler.

"Biz akylymyzy ýitiren bolsak, bu Hudaý üçindir, eger-de akylymyz başymyzda bolsa, siziň üçindir".

2 Korintoslylar 5:13

199-nji gün

ADATY BOLMADYK
ÖWGI

GADYMY BABYL: DANYÝEL

Penjire açyk dur, şonuň üçin ondan meýdançada okalan buýrugyň sesi gelip dur: "Kimde-kim patyşadan başga birine tagzym etse, şol ýolbarsly çukura taşlanyljakdyr".

Danyýel penjiräni giňden açyp goýdy. Goňşy jaýyň tekiz üçeginiň üstünde Danyýeli tanaýan we ýigrenýän iki sany patyşa maslahatçysy durdy. Olar Danyýeliň penjiresine üns berip seretdiler. Olara gözi düşende, Danyýel hormat bilen başyny atdy. Olaram mekir ýylgyryp, oňa baş atmak bilen jogap berdiler.

Danyýel otagyň penjireleriniň hemmesini yzly-yzyna açdy. Görüp otursa, penjireleriň hersiniň ýanynda bir syngylar duran eken. Şonda Danyýel hemmeler özüni görüp biler ýaly, dyza çöküp, Hudaýy şöhratlandyryp başlady. Munuň üçin ony derrew patyşanyň garawullary tutdular.

Esgerler Danyýeli getirenlerinde, Darýuş payşa gaýgylandy. Ol alada galdy. Patyşa özüniň gowy hasaplaýan adamy Danyýeli azat etmek hakda pikirlenen bolsa-da, patyşanyň kararyny ýatyrmak mümkin däldi.

"Ony alyň!" — diýip, patyşa iki garawula buýruk berdi. Soňra ol Danyýeliň gözlerine seredip: "Mundan soň patyşa Danyýeli getirip, ýolbarsly çukura taşlamagy buýurdy. Patyşa Danyýele: "Goý, seni wepalylyk bilen gulluk edýän Hudaýyň halas etsin" (Danyýel 6:16) diýýär. Esgerler Danyýeli ýolbarsly çukuryň ýanyna alyp gidenlerinde, patyşa onuň yzyna düşüp gitdi. Danyýel ýekeje-de söz diýmän, diňe patyşa baş egip, ýolbarsly çukura tarap ýöredi.

Danyýel çukuryň ortasyna baryp, dyza çökdi-de, Hudaýy şöhratlandyryp başlady.

Adaty bolmadyk tagzym etme — bu şöhratlandyrmanyň bir görnüşi däldir. Bu aýratyn usul ýa-da aýratyn däp däldir. Ol döwrebap saz bilen häzirki zaman şöhratlandyrma aýdymlarynyň janköýerleriniň arasyndaky jedellerde döremeýär. Aslyýetinde, onuň biziň Hudaýy şöhratlandyryşymyz bilen örän az umumylygy bardyr. Adaty bolmadyk tagzym edilme biziň haçan we nirede tagzym edýändigimiz bilen kesgitlenilýär. Eger iň agyr wagtda tagzym etmek islesek, onda bu adaty bolmadyk tagzym etmek bolýandyr. Eger biz töweregimizi duşmanlarymyz alyp durka, Hudaýa öwgi aýdymyny aýtmak isleýän bolsak, onda bu adaty bolmadyk tagzym etme bolýandyr. Danyýel kimin biz ýagdaýlaryň özümize Hudaýa haçan we nirede tagzym etmelidigini görkezmegine ýol bermeli däldiris. Biz iman bilen hemme ýerde we islendik wagtda ýaşamaga taýýar bolmalydyrys. Siz şu gün Hudaýa adaty bolmadyk tagzym bilen sežde etmäge taýýarmy?

"Patyşa Danyýele: "Goý, seni wepalylyk bilen gulluk edýän Hudaýyň halas etsin" diýdi.

Danyýel 6:16

200-nji gün

ADATY BOLMADYK
BOÝUN GAÇYRMA

DEMIRGAZYK KOREÝA

“Olar ýalbarmagy bes etmediler, ýöne men ony olara berip bilmedim. Men mesihileriň paýlaşmalydygyny bilýärin, ýöne men ondan aýrylyp bilmedim” — diýip, ýüzünde gussa bolan bir erkek kişi özüne gymmatly bolan zady söhbetdeşine görkezmek üçin elini uzatdy.

“Men aslynda ony bermek isledim, ýöne başarmadym. Görýärsiňizmi, öýde, Demirgazyk Koreýada adamlar Mukaddes Kitaby almak üçin elli ýyllap Hudaýa doga-dileg edendiklerini maňa aýtdylar. Ýöne men olara özümiňkini bermedim, sebäbi meniň özümem ýigrimi ýyllap doga-dileg etdim. Ony maňa ýaňy ýakynda Günorta Koreýada bir ruhy çopan sowgat berdi”.

Ol hiç bolmanda ýekeje Mukaddes Kitaby almak üçin dileg edýän Hudaýyň Demirgazyk Koreýadaky mätäç çagalaryny ýatlap, uludan demini aldy. Ol öz Mukaddes Kitabyny bagryna basdy. Bu adam uly kynçylyk hem janyna töwekgelçilik etmek bilen ýapyk kommunistik döwletden gaçyp, indi Günorta Koreýada azat ýaşap ýördi.

Demirgazyk Koreýada Mukaddes Kitap gyt. Hökümetiň ony ýer bilen ýegsan edendigi sebäpli, Hudaýyň Sözi imanlylar üçin gyzyldan gymmat. Bir erkek kişi Mukaddes Kitaby Hytaýyň serhedinden geçirmäge synanyşanda tutulan wagtynda, ony demir çybyk bilen ölýänçä urdular. Gynansak-da, şunuň ýaly ýagdaýlar az däl.

“Men ol adamlary unudyp bilemok — diýip, ol uludan dem aldy. — Men olara öz Mukaddes Kitabymy görkezenimde ýüzlerinde peýda bolan gözigidijiligi ýatdan çykaryp bilemok. Meniň olara juda nebsim agyrýar”.

Mukaddes Kitaby köplenç içgileriň aşagyna goýulýan zat ýa-da telewizoryň pulty üçin oňaýly ýer hökmünde ulanýarlar. Daşy gaty bolan Mukaddes Kitap hat ýazmak üçinem oňaýly. Süýjiniň wazasy bilen bile duran Mukaddes Kitap kofe stoljygyny “bezeýär”. Her ýylda bu kitap dünýäde iň meşhur kitaplygyna galýan bolsa-da, ony hiç kim jany-teni bilen okamaýan ýaly bolup dur. Mukaddes Kitaby kemsidýärler we äsgermezçilik edýärler, onuň hakyky gymmatyny ýatdan çykarýarlar. Eger Mukaddes Kitaby almak üçin 20-ýyllap doga-dileg eden bolsak, onda oňa başgaça serederdik. Hudaýyň bahasyna ýetip bolmajak Sözüne bolan söýgiňi janlandyrmak üçin siz näme edip bilýärsiňiz?

“Seniň tabşyryklaryňdan keýp alýaryn, olary söýýärin”.

Zebur 119:47

201-nji gün

ADATY BOLMADYK
DUÝGUDAŞLYK

RUSSIÝA: LÝUBA GANEWSKAÝA

Sowet türmesinde Lýuba Ganewskaýany yzygiderli urdular. Ýöne ol arkasynda gamçy tutup duran gözegçä ýylgyryp seretmäge çalyşýardy.

"Sen nämä ýylgyrýarsyň?" — diýip, bir gün ol sorady.

"Men sizi özüňiziň özüňizi aýnada görşüňiz ýaly görmeýärin. Men sizi birwagtlarky boluşyňyzda — arassa ýürekli, buýra saçlyja çagalygyňyzda — göz öňüne getirýärin. Biziň ýaşymyz deň ahyry. Çagalykda biz dost bolubam bilerdik" — diýip, Lýuba jogap berdi.

Lýuba özüniň gynaýjysyna başgaça seredip biler ýaly, Hudaý onuň gözlerini açdy. Lýuba onuň türme gullugyndan ýadandygyny gördi. Lýubanyň urulmadan ýadaýşy ýaly, ol hem, ony urmakdan ýadapdy. Ol bu aýala beýleki mesihileriň işi hakda gürrüň bermäge mejbur edip bilmändigi sebäpli keýpsizdi.

"Ol saňa diýseň meňzeş — diýip, Hudaý Lýubanyň ýüregine çawuş çakdy. — Siziň ikiňizem, rollaryňyz örän tapawutlanýan bolsa-da, durmuşyň şol bir dramasynda oýnamaga duçar edildiňiz. Siziň ikiňizem betbagt. Senem, seniň jellatlaryňam, gözýaşlaryň bir jülgesinden geçýärsiňiz".

Lýuba ol adama Hudaýyň gözi bilen seredende, oňa başgaça garap ugrady. Ol oňa gürlemegini dowam etdirdi: "Men sizi umyt edişim ýaly görýärin. Birwagtlar mesihilere sizden-de beter azar beren adam ýaşap geçipdir. Onuň ady tarsusly Saul bolupdyr. Ýöne ol Mesihiň resuly we Onuň ýygnagynyň mukaddesi boldy". Lýuba köşeşen konwoýre bu iş bilen meşgullanmaga özüni nämäniň mejbur edenini we özüne hiç hili ýamanlyk etmedik adamlary urmagyň göwnüne ýaraýan ýa-da ýaramaýandygyny sorady. Türmedäki günler öňküsi ýaly haýallyk bilen geçýärdi, ýöne gözegçi indi Lýubany urmaýardy-da, diňe ony ýençýän kişi bolýardy. Köp wagt geçmänkä, ol Lýubadan Saul hakda gürrüň bermegini sorady. Şeýdip, özüniň mährem aladasy bilen Lýuba jellady Hudaýyň Patyşalygyna getirdi.

Ýerdäki görüşe astigmatizm, ýakyndan gowy görmeklik, glaukoma we ş.m. ýaly keseller päsgel berýär. Görüşimiziň korrektirleýji linzalaryň kömegi bilen gowulaşyp bilşi ýaly, ýüregimiziň gözleride, ruhy taýdan itergi berilmeden şypa alyp biler. Ykbalyň akymyna taşlanylan biz başga adamlarda diňe erbetlik görýäris-de, ýagşylygy görmeýäris. Emma durmuşy gögüň nurunda görmek isleýänlere ruhy görşi sowgat berýär. Şeýdip, biz özerkli başlygyň ýa-da beýleki göwne degijiniň hem, bary-ýogy adamdygyna, oňa-da agyryly bolýandygyna we onuňam söýgä mätäçdigine düşünip başlaýarys. Biz gorkuzylan gyzy ýa-da duýgudaşlyga mätäç bolan oglany görmek üçin gozgalaňçy ýetginjegiň gelşiksiz maskasyna siňe seredip bileris. Siz başgalara gögüň gözleri bilen garaýarsyňyzmy? Ruhy görüş siziň ruhy durmuşyňyzy nädip üýtgedip biler?

"Men — Reb seni dogrulyk bilen
çagyrdym...
Kör gözleri açmak...üçin...."

Işaýa 42:6,7

202-nji gün



“Goý, meni asaýsynlar, ýöne öz Rebbime dönüklik etmerin”.

Salima — on dokuz ýaşly, imany zerarly gazaply yzarlanylan päkistanly mesihi gyz.

203-nji gün

ADATY BOLMADYK

HORMAT

RUMYNIÝA: WALERIÝA GAFENKU

Waleriýa Gafenku we onuň maşgalasy kakasyny ýitirdi hem-de kommunistik jellatlaryň ellerinden görgi baryny gördi. Şeýle-de bolsa, öz maşgalasyna şeýle köp betbagtçylyk getiren kommunistler hakda hiç haçan erbet zatlary aýtmady. Beýle köp görgüleri görübem, ol öz jellatlaryndan nädip arz edip bilmedikä?

Şawul patyşa Dawuda gaharlananda, ol Dawuda daş atdy, ony näletledi we etmedik jenaýatlarynda aýyplady. Dawudyň esgerleriniň biri Sawuly öldürip bilýärdi, emma Dawut ony saklady. Dawut özüni Şawulyň näletlemegine ýol berdi, sebäbi ol Hudaýa gulak asýardy. Dawut özüniň Şawulyň aýyplaýan zatlarynda günäli däldigini bilýärdi.

Kommunistler aslyýetinde biz şeýle bolmasagam, bizi jenaýatçylar we halk duşmanlary hökmünde atlandyrýarlar. Biz diňe mydama töweregimizdäkilere mukaddes durmuşyň we Mesihiň yzyna gyşarnyksyz eýermäniň göreldesini görkezip bilmezlikde günäkärdiris. Biziň kommunistlere bolan garaýşymyz ýigrenç däl-de, içki taýdan täzelenme bolmalydyr. Biziň seçýän mukaddeslik şöhlämiz ýamanlygy çym-pytrak edýändir. Grek dilindäki "teos" — Hudaý — sözi "saçylmagy, şöhle saçmagy, ýylpyldamagy" aňladýan sözden gelip çykýar.

Gafenku türmede ençeleri Mesihe getirdi. Ol ölýänçä, özüne şeýle köp görgüleri görkezen adamlar hakda ýekeje erbet söz aýtmakdan boýun gaçyrdy.

Duşman hormata mynasypmy? Bu barada pikir etmek aňsat bolsa gerek. Yzarlanylýan ýygnak Hudaýyň bizi Özüne ýakynlaşdyrmak üçin, hatda duşmanlarymyzy-da ulanyp bilýändigini aýdýar. Şu manyda biz duşmanlarymyzyň öz durmuşymyzda oýnaýan roluna hormat goýup bileris. Duşmanlarymyzy aýyplamak bilen biziň Hudaýyň maksadyny sylamazlyk etmegimiz mümkin. Eger olaryň özüňize daraýyşlary üçin olary näletleýän bolsaňyz, onda saklanyň-da, Hudaýyň şu ýagdaýyň siziň durmuşyňyzda bolmagyna näme üçin ýol berendigi hakda pikirleniň. Hudaý özüňize nämedir bir zady öwretjek bolan wagtynda, siz Onuň işini ýeňilleşdirýärsiňizmi ýa-da kynlaşdyrýarsyňyzmy? Eger bu şeýle bolsa, onda siz öz mätäç bolan zadyňyzy öwrenýänçäňiz, şu ýagdaý gaýtalanar durar.

"Başgalaryň üstünden höküm çykarmaň, siziň-de üstüňizden höküm çykarylmaz. Iş kesmäň, size-de iş kesilmez. Bagyşlaň, siz-de bagyşlanarsyňyz".

Luka 6:37

204-nji gün

ADATY BOLMADYK

MYŞ-MYŞLAR

HYTAÝ: YZARLAMALAR BIZIŇ ÜÇIN ENDIK EDILEN ZAT

“Günbatarda adamlaryň Hytaýda mesihileriň yzarlanylmasynyň ýokdugy hakda gürrüň edýändikleri biziň gulagymyza gelip ýetdi” — hytaýly mesihileriň bir toparynyň ýazan haty şeýle başlanýar.

“Bu ýerde ýüzden gowrak tussag edilen dogan bar. On sekiz ýaşyna ýetmedik köp mesihi ýaşlar polisiýanyň güýçli basyşy astynda otyrlar. Bizi dersli çukurlara zyňýarlar, elektroşoka urduryarlar. Olaryň köpüsi dik durup bilenoklar, olar diňe emedekleýärler. Birnäçeleri çydap bilmän, imandaşlarynyň salgylaryny we atlaryny aýdýarlar. Olar suduň öňünde duryarlar, hiç zat aýtmadyklary bolsa, subutnamanyň ýeterlik däldigi üçin goýberýärler. Yzarlanmalar biziň üçin endik edilen zatlardyr. Köp ýagdaýlarda bizi sorag edýärler-de, mesihilik işini bes etdirmelidigini aýdyp çykaryarlar. Biz bolsa, ýene wagyz etmek üçin öýümize dolanyp baryarys.

Ýetginjekleriň käbirleri özlerini Hudaýa doly bagyş etmäge we gullugy özleriniň esasy işi etmäge dyrjaşýarlar. Öýlerinden kowlanlar bolsa, özlerini bütin ömrüne yzarlajak howpuň bardygyna garamazdan, jahankeşde wagyzçylar bolmak isleýärler. Biz olaryň aladasyny edýäris, sebäbi eger olar biziň bilen Hoş Habary wagyz etseler, onda biziň bilen kowlanlar hem bolarlar diýip gorkýarys.

Biz Hoş Habar üçin ýokary baha töledik. Biz köp gan hem gözýaşlary dökdük, köp janlary pida etdik hem-de ýelleriň we ýagşyň içinde batyrlyk bilen gezdik”.

Hytaýda mesihileriň yzarlanylmagynyň bes edilendigi baradaky myş-myşlar aslyýetinde nädogry. Aslynda bu myş-myşlar yzarlanylýan mesihileri özleri üçin juda zerur bolan doga-dileglerden we goldawlardan mahrum etmek üçin duşmanyň ulanýan ýaragy bolup biler. Köplenç gözümize özümizde bir zadyň ýokdugyny aýtsak, bu, dogrudanam, şonuň ýaly bolýan dek bolup duryar. Yzarlamalar we yzarlanylýanlar hakdaky şaýatlyklardan daşda durup, biz yzarlamalaryň ýokdugyna ynanyp bileris. Ýöne biz faktlary näçe uzak gizlänimiz bilenem ýa-da olara garşy çykanymyz bilenem, faktlar üýtgemeýärler. Bu gün dünýäden demir tuty bilen ýapylan ýurtlarda biziň doganlarymyzy yzarlaýarlar. Eger bu bize mälim bolsa, muňa bolan garaýşymyz nähili bolýar? Siz doga-dileg edersiňizmi? Gulluk edersiňizmi? Pida edersiňizmi? Birazrak wagtlap doga-dileg ediň we bu mätäçlige nähili seslenjekdigiňiz hakda pikirleniň.

“Tussagdakylary, özüňiz hem olar bilen bile tussagda ýaly ýada salyň. Horluk çekýänleri, özüňiz horlanýan ýaly ýada salyň”.

Ýewreýler 13:3

205-nji gün

ADATY BOLMADYK

SORAG

RIM: PTOLEMEÝ

“Sen mesihimi?” Bu soragy oňa üç gezek berdiler. Üç gezegem ol: “Hawa” — diýip, berk jogap berdi. Şeýdip, ol ýene üç mesihi bilen görgi görüp ölen adam boldy. Bu zatlaryň hemmesi biziň eramyzyň 150-nji ýylynda boldy. Hökümdar Ubrikde mesihilere ýekeje-de rehim ýokdy.

Ptolemeýi diňe Isa Mesihe bolan imany arkaly gutulyşy wagyz etmekde aýypladylar. Ol wagtlaryň ýalany hem hudaýsyzlygy onuň üçin ýigrenjidi. Şonuň üçin Ubrik ondan mesihidigini soranda, ol aldap bilmedi. Ptolemeýde saýlaw ýokdy: ol adalatyň tarapynda bolmalydy. Şonuň üçin ol batyrlyk bilen: “Hawa!” — diýdi. Munuň üçin ony gandallap, uzak wagt ýençdiler.

Ptolemeýi ýene Ubrigiň ýanyna suda getirdiler. Oňa ýene: “Sen mesihimi?” — diýen soragy berdiler.

Agyry bilen ezýetler hakykaty üýtgedip bilmeýär. Ptolemeý ýene-de: “Hawa!” — diýip jogap berdi.

Ptolemeýiň tussag edilenini eşiden bir garry adam oňa rehim etmegini sorap, Ubrigiň ýanyna barýar. “Onuň ýaly mugallymy öldürmek nämä gerek? Bu size ýa-da imperatora näme peýda getirýär? Ol kanuny bozmady. Ol diňe özüniň mesihidigini boýun aldy”.

Bu adamyň hereketine haýran galan Ubrik: “Senem mesihimi?” — diýip soraýar. Garry adam: “Hawa, men mesihi” — diýip, batyrgaý jogap berýär.

“Onda öz mugallymyňa goşulyp bilersiň”.

Tizara Ubrigiň ýanyna şu haýyş bilen ýene bir adam gelýär. Ubrik ondanam: “Sen mesihimi?” — diýip soraýar.

Şeýdip, Hudaýyň üç çagasy “hawa” diýeni üçin öldürildi.

“Sen mesihimi?” Sorag diýseň ýönekeý, göni hem şahsy. Hakykaty açmak üçin “hawa” ýa-da “ýok” diýmek ýeterlikdir. Onda näme üçin onuň jogaby ýönekeý däl-kä? Mesele mesihileriň nähili jogap bermelidigini bilmeýändiginde däl-de, töweregimizdäkileriň bu soragy bize tiz-tizden bermeýändigindedir. Biziň durmuşymyz barada başgalar gyzyklanyp, durmuşymyzy nämäniň beýle edýändigini sorary ýaly üýtgeşik däldir. Biz Ptolemeýden soralan soragy bize juda az adamyň berýändigini boýun almalydyrys. Bu hakyky kynçylykdyr. Siziň ýaşaýyş obrazyňyz soňky gezek haçan işdeşiňizde, dostuňyzda ýa-da goňşyňyzda bilesigelijilik döredip, olaram sizden imanyňyz hakda soradylar? Siz jogaby bilýärsiňiz — indi başgalar şol soragy berer ýaly ýaşaň.

“Siz ýeriň duzusyňyz, emma duz tagamyny ýitirse, ol näme bilen duzlanar?”

Matta 5:13

206-nji gün

ADATY BOLMADYK
ÝYLGYRYŞ

RUMYNIÝA: MILAN HAÝMOWIÇ

Sowuk hem garaňky türme kamerasy garaňkylykda Isanyň nurunyň ýagtylyk saçmagyna hyjuw bilen jan çekýän mesihilerden doludy. Şonuň ýaly ýesirleriň biri-de, Milan Haýmowiç atly ýewreýdi.

Bir gezek Milan meşhur alym, ýöne Hudaýa ynanmaýan kameradaşy bilen jedelleşip başlady. Milanyň intellektual hem medeni derejesi professoryňkydan pesdi, ýöne ol oňa Isa hakda gürrüň bermäge jan çekdi. Professor: "Isa iki müň ýyl mundan öň ölüp gitdi. Siz Onuň bilen gürleşýändigiňizi nädip aýdyp bilýärsiňiz?" — diýip, ony ýazgardy.

Milan: "Bu, elbetde, dogry, Ol iki müň ýyl mundan ozal öldi, ýöne Ol ölümden direleip, indi biziň bilen ýaşap ýör" — diýip jogap berdi.

Şonda professor Milana degişmekçi boldy: "Bolýar, siz Onuň özüňiz bilen gürleşýändigini aýdýarsyňyz. Beýle bolsa, Onuň ýüzi nähili?"

Milan: "Käwagt Ol maňa ýylgyryp seredýär" — diýip jogap berdi.

"Nähili ýalan söz — diýip, professor güldi. — Onuň nähili gülýänini maňa görkeziň. Milan razylaşdy. Onuň saçy syrylan, gözüniň astynda gara töwerek bar, özem süňk bilen deri. Onuň dişem ýok, egninde türme geými bar. Onuň ýüzünde şeýle ajaýyp mylaýym ýylgyryş peýda boldy welin, hapa ýüzi öwşün atdy. Onda şeýle köp rahatlyk, kanagatlanma hem şatlyk bardy!

Ateist professor başyny egip: "Hawa, siz Isany görüpsiňiz" — diýip boýun aldy.

Ýylgyryş — bu ynamy, rahatlygy we kanagatlanmany beýan etmäniň ynsanlyk beýan ediş usulydyr. Agyry we jepalar, hatda jan berjek wagtyňda ýylgyrmaklyk Hudaýyň bardygynyn adatdan daşary subutnamasy bolup biler. Eger Isa Mesih, Hudaýyň Ogly, hakykatdanam, biziň ýüreklerimizde ýaşaýan bolsa, onda ýüzümiziň keşbi özümiziň Hoş Habary bilýändigimize şaýatlyk etmelidir. Ýygnakda biz köplenç edil merhumy jaýlama çäresindäki ýaly aýdym aýdýarys — pikirimiz bolsa, öz sözlerimizden müňlerçe km. uzakda bolýar. Siziň ýüzüňiz özüňiziň Isa bilen baglanyşygyňyz hakda näme diýýär? Siz ýolda duş gelen adamyňyza şonuň bilen şaýatlyk edýärsiňizmi? Siz ýüregiňizde öwşün atýan Mesihiň şatlygyny töweregiňizdäkilere görkezýärsiňizmi? Ýa-da siz, belki, öz aladalaryňyz sebäpli gaşlaryňyzy çytýansyňyz, dodagyňyzam çişip durmy? Hudaýdan özüňizi şatlykdan dolduryp, dünýä nähili sessiz habary ýetirýändigiňize akyl ýetirmäge kömek bermegini soraň.

"Umytda şatlanyň. Muşakgatda çydamly boluň. Doga-dilegde erjellik ediň".

Rimliler 12:12

207-nji gün

ADATY BOLMADYK MESELE

ÝAHUDA: J. OSWALD SMIT

Reb Isa Mesih Özüni diňlemek üçin töwereklerdäki obalardan gelen bäş müň adamy naharlanda, belli bir meýilnama eýerdi. Agşam düşüp gelýärdi, şonuň üçin şägirtleri Isadan adamlary gije öýüne goýbermegini soradylar. Emma Isada başga maksat bardy. Ol adamlara otyň üstünde hatar-hatar bolup oturmalydygyny aýtdy-da, soňam, eline çörek alyp, ony bereketläninden soň, şägirtlerini hatarlaryň arasyna goýberdi. Şägirtler hatarlara aýlanyp, hemmelere bir bölek çörek berip çykdylar.

Wagyzçy J. Oswald Smit: "Şägirtler yzlaryna gaýdyp, hatarlaryň arasynda ikinji bölegi almagy hemmelere teklip etdilermi?" — diýip soraýar. Ýok! Eger olar şeýle eden bolsalar, onda yzky hatarda oturanlar aýgytlylyk bilen garşylyk görkezerdiler. Olar: "Näme üçin öňdäki hatarlarda oturan adamlar biz birinji bölegi almankak, ikinji bölegi alýarlar?" — diýerdiler.

Olarda munuň üçin esas bolardy. Biz Isanyň ikinji gezek geljegi hakda gürrüň edýäris. Köpler entek Onuň birinji gezek gelendigi hakda eşitmediler. Näme üçin käbirleri hemmeler bir gezek hem eşitmänkäler, Hoş Habary ikinji gezek eşidýärler? Bäş müň adamdan ybarat bolan mähelledäkileriň hemmesi birinji bölegi alýançalar, hiç kim ikinjini almady" — diýýär.

Mesihileriň köpüsi missionerleriň aýaklary degmedik ýurtlara gitmekden gorkýarlar. Tanyş territoriýada galmak has aňsat. Ýöne Isa Özüniň wepaly şägirtlerine Hoş Habary "ähli halklara", aýratynam, Isanyň ady entek agzalmadyk ýerlerde wagyz etmelidigini buýruk berdi. Smit bäş müň adamyň "naharlanmasynyň" hakyky düşündirilişini teklip edýär. Bu düşündiriş hem, bize Hoş Habary ýaýratmak barada gürrüň gidende, öz usullarymyzyň dogrudygyna şübhelenmäge mejbur edýär. Näme üçin işçi resurslary we maddy kömek eýýäm Hoş Habary eşiden adamlara bellenilýär? Aslynda, şol ýurtlaryň köpüsine dini aşa düşme howp salýar, şol wagtda beýleki halklara özleriniň ene dilindäki Mukaddes Kitabyň ýönekeý terjimesi ýetmezçilik edýär. Siziň kömegiňiz terezиniň tabagynyň deňagramly bolmagyna kömek edermi? Siziň durmuşyňyz geljekde Hoş Habary wagyz etme işine düýpli täsir edip bilermi?

"Çünki Hudaý dünýäni köp söýýänligi üçin, Ogluna iman edenleriň hiç biri heläk bolman, ebedi ýaşaýşa gowuşsyn diýip, Özüniň ýekeje Ogluny berdi".

Ýahýa 3:16

208-nji gün

ADATY BOLMADYK
GIREWINE ALNAN ADAM

ANGLIÝA: BILL WE JON

Bir gezek iňlis portlarynyň birinde Bill bilen Jon gäminiň yz tarapynda rumyn baýdagyny gördi. Bu Rumyniýada kommunistik diktaturanyň höküm sürýän ýyllarynda bolupdy.

Olar gysgajyk gürleşenlerinden soň, özleriniň Hoş Habary wagyz etmek üçin mümkinçilik alandyklaryna düşündiler. Soňra hem Mukaddes Kitaply düwünçegi alyp, borta mündüler. Olar gäminiň otuz bäş adamdan ybarat bolan komandasynyň ýygnanyşan jaýyna bardylar. Bill bilen Jon özleriniň näme üçin gelendiklerini düşündirdilerde, rumyn dilindäki Mukaddes Kitaplary paýlap başladylar. Ekipaž olary ünsli diňledi. Deňizçileriň aglaba bölegi Ata Hudaý we Onuň Ogly Isa hakda eşitmän ekenler.

Bill bilen Jon öz ýanlaryndaky Mukaddes Kitaplaryň hemmesini paýlap bolanlaryndan soň, iki sany eginlek deňizçi Billiň elinden berk ýapyşyp, ony kürsüde oturtdy. Olar ötünç sorap, iňlis dilinde Billiň öz ýanlarynda galýandygyny, Jonuň bolsa, komandanyň agzalarynyň hemmesi üçin Mukaddes Kitaby getirmelidigini zordan düşündirdiler.

Mukaddes Kitap üçin girewine alnandygyny bilende, Billi aglajagynam, begenjeginem bilmedi. Hiç haçan ýerine ýetirilmedik wadalary bermeklik adaty işe öwrülen ýurtda ýaşaýandyklary sebäpli, deňizçiler hiç kime ynanmaýardylar.

Jon ýygnak binasyna ylgap gidip, derrew rumyn dilindäki Mukaddes Kitapdan sumkany dolduryp geldi. Komanda Mukaddes Kitaby minnetdarlyk bilen kabul etdi-de, "girewine alnan adamy" goýberdiler.

Hemmelere gürrüň beriň. Ine, Isa bize Öz Hoş Habaryny näme etmegi buýruk beräýän eken. Biz nirä barsak-da, näme edýän bolsak-da, Isa baradaky Hoş Habary ýaýratmagyň wajyplygyny ýatda saklamalydyrys. Biziň Hoş Habary paýlaşmaga taýýarlygymyz bizi gämi duralgasyna-da, Hudaýa ynanmaýan ýakyn goňşularymyzyň saçagynyň başyna-da alyp baryp biler. Islendik ýagdaýda-da biz Hudaýyň Sözüni ruhy taýdan öli bolanlar bilen paýlaşmaga taýýar bolmalydyrys. Siz Isa hakda gürrüň berme yhlasyny duýýarsyňyzmy? Siz öz missiýaňyzy ýerine ýetirmeli wagtyňyzyň çäklidigine düşünýärsiňizmi? Bu işi siziň deregiňize başga biri ýerine ýetirer diýip, ýene bir mümkinçiligi elden gidermäň. Hoş Habary ýaýratmaga ýardam etmek üçin bu gün siz näme edip bilersiňiz?

"Şeýlelik bilen, iman eşitmek arkaly, eşitmek hem Hudaýyň sözi arkaly bolýandyr".

Rimliler 10:17

209-nji gün



“Biz Sudanyň hökümeti üçin doga-dileg edýäris, şeýle hem, onuň üçin Hudaýa minnetdarlyk bildirýäris. Onuň syýasaty we mesihilige garşy edýän urşy — terrory, haýbatlary, tussag etmeleri — üçin minnetdarlyk bildirýäris. Şu gadagan etmeleriň netijesinde ýurtda mesihilik ýygnaklary ösdi. Serediň, şunuň ýaly ýagdaýlarda Hudaý bize nämeleri etmäge rugsat berdi! Serediň, näçe adam Mesihe gelýär!”

Sudanly mesihi

210-nji gün

ADATY BOLMADYK
ÇAPÇY

HYTAÝ: KATI LI

Gelen adamlar gartaşan hytaýly aýalyň öýüne ýuwaşjadan we bildirmän girdiler. Olary tutynyň ýanyna çenli alyp bardylar, mundan soň olar gowaga meňzeş iki otaga alyp barýan garaňky tunneliň içi bilen on metrden gowrak emedekläp geçdiler.

Otaglaryň birinde on dokuz ýaşly Kati Li kiçijik hem irki döwür çap edilýän stanokda işleýärdi. Eger ony tapaýsalar, onda ol galan bütin ömrüne gizlenmäge mejbur bolýar.

Gizlin çap edýän maşynda kitaplaryň we kitapçalaryň uly mukdary taýýar edilende, Hytaýyň Jemgyýetçilik howpsuzlyk Býurosy (JHB) daýhanlary sorag edip başlady. Çaphana barada bilýän adamlar gizlin polisiýa bilen hyzmatdaşlyk etmek islemedi. Mesihiler tarapyndan hyzmatdaşlygyň ýoklugyna gaharlanan JHB-nyň işgärleri gartaşan aýalyň öýüne baryp ýetýänçäler, obadaky öýleri yzly-yzyna döküp başladylar. Gowagy tapdylar, stanogy bolsa, döwlet haýryna geçirdiler. Şeýle-de bolsa, gizlin çaphananyň işgärlerine gaçmak başartdy.

Şu wagta çenli-de, Kati Li bilen onuň işdeşleri polisiýadan gizlenmeli bolýarlar. Olary tapaýsalar, ýa-ha türmä salarlar, ýa-da ölüm jezasyny bermeklerem mümkin. Olar indi hiç haçan öz garyndaşlaryny we dostlaryny görmeýärler. Şeýle-de bolsa, Katiniň şaýatlyklary öz çap eden kitaplarynda we kitapçalarynda ýaşaýar. Şu güne çenli-de, bu kitaplary müňlerçe mesihiler okaýar.

Hoş Habary ýaýratmagy haýallatmak mümkin. Ony wagtlaýyn saklamagam mümkin. Ýöne Hudaýyň Patyşalygy mydama öňe süýşýär. Ol hiç haçanam saklanmaýar. Mesih Öz şägirtlerine Beýik tabşyryk berdi. Şol wagtdan başlap, Patyşalygy ösdürýänleriň sany duşmanlar tarapyndan görkezilýän garşydaşlyklara garamazdan dyngysyz ösýär. Köpler Hoş Habary ýaýratmaklygy doly saklamaga çalyşdylar, ýöne bu olara başartmady. Siz öz gullugyňyza päsgel beriýändiklerini duýýarsyňyzmy? Öňden görülmedik ýagdaýlar sebäpli, öz işiňiziň saklanmagy mümkin ýaly bolup görnüpdimi? Ýatda saklaň, Hudaý sizden ýüz öwürmedi. Siz Oňa wepaly bolsaňyz, Hoş Habary ýaýratma işiňiz dowam eder.

"Sizde oňat işe başlan Hudaýyň Mesih Isanyň gününe çenli muny bitirjekdigine ynamym bar".

Filipiler 1:6

211-nji gün

ADATY BOLMADYK
“BAÝLYK”

GÜNORTA — GÜNDOGAR AZIÝA: HMONG TAÝPASYNYŇ MESIHILERI

“Olar bu adamlarda Mukaddes Kitaby tapandyklary üçin biriniň agzyna pyçak salyp bokurdagyny kesdiler, beýlekisiniň agzyna gaýnag suw guýdular. Olar bütin maşgalany suwa gark etdiler”.

Günorta Aziýanyň hmong taýpasynyň mesihileri özleriniň şaýatlyklaryny wideoplýonka ýazdyrmaga razy boldular. Olar Günbatardaky mesihileri ruhlandyrmak islediler.

Mesihi aýallaryň biri: “Kommunistik häkimiýet taýpanyň şeýle köp adamlarynyň mesihi bolandyklary sebäpli, howp abanýan ýaly duýgyny duýdular. Olar mesihileri erbet ruhlara tagzym etmäge gaýdyp barmaga mejbur etjek bolup, olary urýarlar” — diýip gürrüň berýär.

“Ýerli polisiýa bize mesihi bolmagy gadagan edýär. Olar bizi gözenegiň aňyrsyna taşlama, hatda öldürme haýbatyny hem atýarlar. Ýöne Mesihiň ugrunda ölmek gerek bolsa, biz muny etmäge taýýar” — diýip, aýal gürrüňini dowam etdirýär.

Bu wepaly mesihiler özleriniň yzarlanmalaryny batyrlyk bilen çekýändiklerini dünýäniň bilmegi üçin özlerini has uly howpa-da duçar etmäge taýýar. Hmong taýpasy Günorta — Gündogar Aziýada iň köp sanly taýpa bolup, mesihiligem onda gaty tiz ýaýraýar. Hmong, şeýle hem, has köp yzarlanylýan etniki toparlaryň biri.

Beýleki aýal öňki aýalyň sözleriniň üstüni: “Men özümiziň güýçli bolup galýandygymyz üçin Hudaýa minnetdarlyk bildirýärin. Men yzarlanmalaryň diňe Mesihe bolan imanymyzyň synagydygyna ynanýaryn. Yzarlanmalaryň kömegi bilen biz hakyky baýlygyň nämedigine akyl ýetirýäris. Synaglar kümüş bilen altyny arassalaýarlar. Biziň ahyryna çenli wepaly bolup galmagymyz üçin dileg ediň”.

Polat gyzdyrylan wagtynda, öňküsinden-de berkleşýär. Ony adatdakydan ýokary gyzgynlyk bilen gyzdyrýarlar, oňa gerek şekili berip urýarlar we sowadýarlar. Metaly kemçiliklerden arassalamak we berkär ýaly sowatmak bilen bu prosesi gaýta-gaýta gaýtalaýarlar. Beýlekileriň ýigrenji bizi gyzdyranda, yzarlanmalar çekiji urup, Hudaýyň barlygyna bolan ynam hem sowadanda, kemçiliklerimiz ýitip gidýär-de, imanymyz berkeýär. Siz öz durmuşyňyzda gyzdyrma prosesini başdan geçirdiňizmi? Oňa ýekeje-de daýanmaň. Hmong taýpasyndaky öz doganlaryňyzdan öwreniň. Duşmanlaryňyz özleriniň ýigrenjiniň kömegi bilen siziň has güýçli bolýandygyňyza düşünmeýärler.

“Çünki ot bilen synalýan hem bolsa, pany altyndan gymmatly bolan imanyňyzyň synalmagy Isa Mesih görnende öwgä, şöhrata hem hormata öwrüler”.

1 Petrus 1:7

212-nji gün

ADATY BOLMADYK
ÝENE BIR KONTRABANDIST

GÜNDOGAR ÝEWROPA: MIHAÝ

Mihaýyň "Folkswagen" furgony haýaljakdan serhet punktyna golaýlaşdy. Ol tolgunyp: "Hudaýym, serhetçiler almaz ýaly, Öz Sözüňi gora" — diýip, gysgajyk dileg etdi.

Serhetçiler oňa awtofurgondan düşmegi berklik bilen buýruk berdiler-de, adaty soraglary berip başladylar: "Sizi biziň ýurdumyza näme alyp geldi? Siz bu ýerde kimdir biriniň ýanyna barýarsyňyzmy? Eger barýan bolsaňyz, onda kimiň ýanyna barýarsyňyz? Ýaragyňyz barmy?"

Mihaý soraglaryň her birine pikirlenip jogap berdi. Serhetçileriň biriniň öz furgonynyň oturgyjynyň astyna seredip ýörenini gözüniň gyýtagy bilen görende, Mihaýyň ýüregi hasda çalt urdy. Dowamly garaşma, soraglar we tolgunmalar Mihaýy gaty ýadatdy. Şeýlede bolsa, onuň jogaplaryna kanagatlanan serhetçiler oňa özleriniň ýurduna girmäge rugsat berdiler, onuň gymmatly ýüki bolsa, olaryň gözlerinden diýseň ygtybarly gizlenip saklanyldy.

Birnäçe ýyllaryň dowamynda bu ýaş oglan Gündogar Ýewropanyň kommunistik ýurtlaryna Mukaddes Kitaby we hoşhabar edebiýatyny gizlinlikde geçirdi. Onuň ýüküni hiç haçanam tapmadylar. Mihaý adaty bolmadyk maksadyna düşünmek aňsat bolmadyk adaty adamdy. Onuň aýaklary ýokdy, aýaklaryny buduna çenli diýen ýaly aýrypdylar, ýöne ol bu fiziki ýetmezçiliginiň Hudaýyň Patyşalygyny ýakynlaşdyrma işinde özüne päsgel bermegine ýol bermezligi berk karar edindi.

Resul Pawlus ýaly, Mihaý hem, özüniň fiziki ejizliginde Mesihiň güýjüniň kämil boljakdygyny bilýärdi. Özüne ýörite protez edenlerinden soň, Mihaý olaryň boşlugyny edebiýatdan dolduryp, ýola düşdi.

Gulluk barada gürrüň gidende, Hudaý hemmelere deň mümkinçilik berýär. Mihaý öz ýetmezçiliginiň özüne Hudaý bilen bilelikde Onuň işini ýerine ýetirmäge kömek edip biljekdigine düşünýär. Her bir päsgelçilik aýratyn gulluk üçin mümkinçilik bolup biler. Siz nämäni özüňize Hudaýyň Patyşalygy üçin peýdaly bolmaga ýol bermeýän kemçilik hasap edýärsiňiz? Bu barada Hudaýyň nukdaýnazarynda pikir ediň we Onuň siziň betbagtçylygyňyzy Özüniň hem siziň bähbidiňiz üçin nädip ulanyp bilýändigini görersiňiz.

"Ýöne iň üstün gudratyň bize däl-de, Hudaýa degişlidigi bilinsin diýip, bu genji hazynany toprak gaplarda saklap ýörüs".

2 Korintoslylar 4:7

213-nji gün

ADATY BOLMADYK
ÝENE BIR HAZYNA

TÄJIGISTAN: "SONMIN GREÝS" ÝYGNAGYNYŇ AGZALARY

Ýekşenbe günüdi, şonuň üçin hem, Täjigistanyň paýtagty Duşenbedäki "Somin Greýs" ýygnagynyň agzalary ýekşenbe ýygnanyşygyna gelipdiler. Ýurt indi sowet kommunistik režimden saplanan bolsa-da, radikal musulmanlar mesihilik işine aç-açan garşylyk görkezýärler. Kommunistik režimiň başlan yzarlamalaryny indi başga güýç dowam etdirýär.

Çagyrylan ruhy çopan wagzyny gutarypgutarmanka, ýygnak binasynda partlama gümmürdedi. Bomba! Hudaýy şöhratlandyryp duran adamlar özleriniň janlaryny halas etmek üçin bir pursatda pytrady. Olar girelgeden çykjak boldular, ýöne birden bu ýerde ikinji bomba ýarylyp, olaryň ýoluny ýapdy. Ýygnak binasy jesetden doldy we gana boýaldy.

Garry aýal polda ýatyrdy, ol gymyldap bilmeýärdi. Onuň ýaňyja okap duran Mukaddes Kitaby indi gana boýalyp, ýanynda ýatyrdy. Mukaddes Kitap aýalyň partlamanyň öň ýanynda üç aýady bellän ýerinde açyk durdy. "Ýöne iň üstün gudratyň bize däldi, Hudaýa degişlidigi bilinsin diýip, bu genji toprak gaplarda saklap ýörüs. Biz her tarapdan gysylýarys, ýöne owranmaýarys. Biz çäresiz ýagdaýdadyrys, ýöne çykalgasyz däldiris. Kowalanýandyrys, ýöne terk edilen däldiris. Ýere urlandyrys, ýöne ölen däldiris" (2 Korintoslylar 4:7-9).

Radikal musulmanlar özleriniň ideýasynyň hatyrasyna bigünä adamlary pida etse bolar diýip hasapladylar. Emma her bir imanlynyň ölümi gymmatlyk kimin öwşün atdy. Olaryň ölümi Hudaýa wepalylygyň şaýatlygy boldy. Duşman garry aýalyň tenini — onuň köne "toprak gabyny" ýok edip bildi, ýöne onuň ruhy göge gidende, içki hazynasy bütin dünýä öwşün atdy. Şunuň ýaly pursatlarda biz duýdansyz wepat boljakdygymyza akyl ýetirýäris. Şeýle-de bolsa, biz ölümden gorkmaly däldiris. Galyberse-de, duşmanyň bize edip biljek iň erbet zady — bu biziň ýerdäki tenimizi ýok etmekdir. Siziň fiziki teniňiz hakyky "men"-iňiz däldir. Ruhy hazynaňyza hiç kimiň kast edip bilmejekdigini bilip, bu gün köşeşiň.

"Isanyň ýaşaýşy tenimizde aýan bolsun diýip, Onuň ölümini hemişe tenimizde göteýäris. Çünki biziň ölümli tenimizde Isanyň ýaşaýşy hem aýan bolsun diýip, biz — ýaşaýanlar Onuň hatyrasyna ölüme tabşyrylýarys".

2 Korintoslylar 4:10-11

214-nji gün

ADATY BOLMADYK

BAŞLANGYÇ

ABŞ: RIÇARD WE SABINA WURMBRAND

1967-nji ýylyň asuda güýz günüdi. Är-aýal özleri üçin täze ýurt bolan ýurtda — ABŞ-da — kiçijik aşhana stolunyň başynda özleriniň kiçijik çap ediji maşynyň öňünde otyrdylar. Ýaňy ýakynda Riçard Wurmbrand rumyn gizlin ýygnagynda gulluk edendigi sebäpli, sowuk, garaňky türme kamerasynda tussaglyk möhletini geçirdi. Aýaly Sabina bolsa, zähmet lagerinde mejbury düzediş işinde işledi.

Indi är-aýal özlerine Hudaýyň beren tabşyrygynyň üstünde oýlanýardylar. Olar bütin dünýädäki kommunistik ýurtlardaky yzarlanylýan mesihileriň synaglary we ýeňişleri hakda gürrüň bermek isleýärdiler. Rumyniýanyň gizlin polisiýasy Rumyniýadan gidenden soň, kommunistik diktatura şertlerinde gören we başdan geçiren zatlaryny gürrüň berseler, onda özlerini ýok etjekdiklerini aýdyp, är-aýala haýbat atdy, emma gorkuzmaklyk bu gaýduwsyz är-aýaly saklap bilmedi. Olar görgi görýän Mesihiň Teniniň, azat dünýädäki ençe mesihileriň äsgermezçilik eden we unudan sesi bolmalydylar.

Görlen, başdan geçirilen we çekilen görgüler kagyz ýüzüne aňsat geçdi. Şeýdip, "Ejir çekenleriň sesiniň" birinji neşiri peýda boldy. Olar özleriniň gullugyna jübüsindäki birnäçe ýüz dollar we yzarlanylýan ýygnaga nädip kömek edip biljekdiklerini bilmek isleýän birnäçe ýüzlerçe mesihileriň salgylary bilen başladylar.

Ýekelikde oturylýan kamerada peýda bolan pikir amala aşyp, indi maksady yzarlanylýan ýygnaga kömek etmek bolan bütindünýä guramasyna çenli ösüp ýetişdi. "Ejir çekenleriň sesiniň" şondan soňky millionlarçasy otuzdan köpräk dillerde ýer şaryna ýaýrady.

Haýsydyr bir uly bolmadyk zatdan başlaň. Köplenç ýagdaýlarda Hudaýa gulluk etme maksatlary hut şunuň ýaly peýda bolýar. Hudaýyň Patyşalygyny ýakynlaşdyrma işinde nirede, nädip we haçan başlajagyňyz wajyp däl, esasy zat başlamakdyr. Ençeler ýeňlerini çermäp, işe başlamagyň deregine, haýalýagallyk edip ýörýärler. Biz özümize haçan hem bolsa bir wagt — çagalar ulalyp, öýden gidenlerinden soň, ahyrsoňy kreditlerimiziň hemmesini töläp, bergilerimizden dynyp, zekat bermäge mümkinçilik bolanda — Mesihe gulluk etjekdigimizi aýdýarys. Her gezek Hudaýa gulluk edip başlajakdygymyzy aýdanymyzda, öz çagyrylyşymyzyň düýp özenine atanak çekmeýärismi? Hudaý sizi näme etmeklige çagyrýar? Ol sizi muny etmäge çagyranda, siziň näme etmegiňizi isleýär? Indi siz öz çagyrylyşyňyza laýyklykda ýaşap başlamak üçin näme edýärsiňiz?

"Pursatdan peýdalanyp, özüňizden bolmadyklar bilen paýhasly boluň".

Koloseliler 4:5

215-nji gün

ADATY BOLMADYK
WEPALYLYK

GRESIÝA: TIMOTEOS

Timoteos ýaş bolan bolsa-da, Pawlus ony hemmelere görelde bolmaklyga höweslendirdi. Timoteos özüniň şol çagyrylyşa laýyklykda ýaşap biljekdigini subut etdi.

Timoteos Listradandy, ýagny Pawlusyň birinji missionerçilik syýahaty wagtynda onuň bilen bile baran şäherleriniň birindendi. Timoteosyň kakasy grekdi, ejesi bilen mamasy bolsa, suwda çokundyrylan, ýaş Timoteosyň imanly bolmagyna güýçli täsir eden ýewreýdi. Olaryň Hudaýa bagyş edilmede Timoteosa görelde bolandyklaryny Mukaddes Kitap gürrüň berýär. Pawlus Timoteosa bagyş edilen mesihi bolma güýjüni gören bolsa gerek. Şeýlelikde, Pawlus Silas hem Luka bilen özüniň syýahatyna ugranda, Timoteosy hem, Makedoniýa ýany bilen alyp gidýär.

Pawlus Timoteosy özüniň ruhy ogly hasaplaýardy. Efesdäki ýygnakda ruhy çopan gerek bolanda, ol ýerde öwretmek we imanlylary ruhlandyrmak üçin Pawlus Timoteosy galdyrýar. Timoteos durmuşda we gullukda Pawlusyň ýanynda boldy. Belki, ol hatda Rimde resulyň kellesi kesilen güni onuň bilen bile bolandyr, sebäbi ölüm jezasy berilmezinden öň Timoteosdan öz ýanyna gelmegini sorapdy.

Pawlusyň ölüminden soň, Timoteos ýygnak ýolbaşçylygyny kabul etmek üçin Efese dolanyp bardy. Ol Efesdäki ençe adamlary baý edýän butlara tagzym etmäni ýazgarmagy dowam etdirdi. Imperator Domisian Rim imperiýasyndaky mesihileri yzarlamagyň ikinji tolkunyny turzup başlanda, butparazlar batyrlaşdylar. 98-nji ýylda Timoteos daşlanylyp öldürildi, ýöne ol özüne Pawlusyň öwredişi ýaly, ahyryna çenli Mesihe wepalylygyna galdy.

Hiç kim biziň mesihilik durmuşynda ýekelikde ýaşamagymyza garaşmaýar, hiç kim bizi şeýle etmeklige çagyrmaýar. Bu asla mümkin däl. Pawlusyň Timoteosa öwredişi ýaly, biziň her birimize ýol görkezjek we Mesih üçin nämedir bir zat edip biljek güýjümiziň bardygyna ynanar ýaly adam gerek. Biz öz ýygnagymyzda, toparymyzda, maşgalamyzda we mekdepde özümize görelde görkezýän adamlary synlap ösýäris. Hatda özümiz töweregimizdäkilere täsirimizi ýetirip başlanymyzda-da, barybir durmuşyň oýun meýdançasynyň çyzygynyň aňyrsynda bildirmän duryan, bize janköýerlik edýän, bizi ruhlandyrýan we has köp wepalylyk görkezmegi öwredýän birine mätäç bolýarys. Imanda size kim görelde bolup gulluk edýär? Size Mesih üçin ýaşamagy öwrenmäge kim kömek edýär. Ýakynlaryňyzdan biri dostuňyz ýa-da ruhy çopan şol adam bolup biler. Şol adamlaryň öz durmuşyňyza täsirini ýetirip bilýändikleri üçin Hudaýa minnetdarlyk bildiriň.

"Sen bolsa kimlerden öwrenendigiňi bilýänligiň üçin, öwrenen, doly ynanýan zatlaryňa bagly gal".

2 Timoteos 3:14

216-nji gün



“Mende Hudaý Öz akyldarlygynda her nesilde ejir çekmäniň bolmagyna ýol berýär diýen pikir peýda boldy, sebäbi ejir çekmezden Mesihiň ölümi has köpräk ýuwlup gidýär... Biz ejir çekenlere seredenimizde, birinji ýüzýyllygyň Golgotasyny wagtyň geçmegi bilen örtýän garaňkylyk aýrylýar-da, biz haça çüýlenilen Rebbi görýäris”.

Mark Galli

217-nji gün

ADATY BOLMADYK ÝÜZLER

RUMYNIÝA: TUSSAG EDILEN RUHY ÇOPAN

“Mesihileriň ýüzlerinde Isany görmeklik diýseň aklyňy haýran ediji zatdyr. Olaryň ýüzleri öwşün atýar. Kommunistik türmelerdäki mesihileriň ýüzlerinde Hudaýyň şöhratynyň öwşün atmagy gaty uly ýetilen netijedir. Biz ýuwunmaýarys — men eýýäm üç ýyldan bäri ýuwunamok — ýöne gat basyp giden hapanyň astynda-da, Hudaýyň şöhraty şöhle saçýar. Olaryň ýüzlerinde mydama ýeňişli ýylgyryş bar” — diýip, tussaglykda oturan ruhy çopan ýazýar.

“Men özümi boşadyşlary ýaly, kommunistik türmelerden boşadylan beýleki mesihileriň köpüsini tanaýaryn. Şolardan soralyşy ýaly, ýollarda meni-de geçip barýan käbir adamlar saklap: “Size näme boldy? Siz şeýle şadyýan görünýärsiňiz. Siziň şadyýanlygyňyzyň sebäbi nämede?” — diýip soraýarlar. Şonda men olara öz Halasgärimiň hatyrasyna kommunistik türmelerde köp ýyllap görgi görenimden soň, şadyýanlyk duýgusynyň peýda bolandygyny aýdyp jogap berdim.

Adamlar muňa düşünip bilmediler, sebäbi olar özleriniň durmuşy kynçylyklaryndan aňryny görüp bilmeýärler. Olar Mukaddes Ruhda bolmagy we Hudaýyň barlygyny duýmagy öwrenmediler. Köp adamlar: “Siz meniň durmuşym hakda näme bilýärsiňiz? Adamym meni urýar ýa-da aýalym meni iýip barýar, ýa-da çagalarym meni gabra saljaklar” — diýip pikir edýärler. Durmuşda material kynçylyklar we ruhy tolgunmalar näçe diýseň bar. Ýöne olar şeýle wajypmy? Olar Isany tanamadan gelýän şatlyk bilen deňeşdireniňde nämejik?”

Isanyň beryän zadyny hiç kim alyp bilmez. Ol bize öz kalbymyzda ýaşaýan Mukaddes Ruhuň şatlygyny sowgat beryär. Şonuň üçin ýagdaýlar agyr, durmuş garaňky bolsa-da, şatlyk barybir öwşün atýar. Hatda kommunistik türmede bolup, üç ýylyň dowamynda siňen iň gara hapa-da, mesihiniň şatlygyny gizläp bilmez. Bizi betbagtçylyk şadyýan etmeýär. Biz özümizde hasrat bolandygy üçin şatlanmaýarys. Biz öz betbagtçylygymyzda-da, Mesihiň biziň bilen galýandygyna şatlanmagy dowam etdirýäris. Siz şatlyk duýgusyny ýitirdiňizmi? Düşüniň, hiç kim siziň eliňizden şatlygyňyzy alyp bilmez. Eger durmuşyňyzda şatlyk ýetmezçilik edýän bolsa, diýmek, siz ýagdaýlaryň zulumy astynda ondan boýun towlansyňyz. Hudaýdan Özündäki şatlygy şu gün dikeltmegini soraň.

“... gönüňiz galkynar, hiç kim şatlygyňyzy sizden almaz”.

Ýahýa 16:22

218-nji gün

ADATY BOLMADYK
ŞYPA ALYŞ

PÄKISTAN: ASIF

Päkistan köçeleriniň birinde maşyn kakanda, Asifiň aýagy döwüldi. Agyrydan ýaňa halys tapdan düşende, ol öz aýagyna kimdir biriniň eliniň goýlanyny duýdy. Ol gabagyny galdyranda, Isadan şypa bermegini diläp, doga edip oturan aýaly görýär. Asif musulman bolany üçin muňa gaharlanýar. Emma birden onuň bedenine birgeňsi güýjüň akymy gelip başlaýar. Gyşaran aýak dogurlanýar we süňk ýerine gelýär. Tizara onuň özi ýöräp, öýüne gidip bilýär.

Özüne şypa beren bu "Isa" hakda köpräk bilmäge çalşyp, ol Isanyň görkezen gudratlary hakda şol aýalyň beren Mukaddes Kitabyndan okaýar. Asif Mukaddes Kitaby okamagyň netijesinde ýüze çykan soraglary bilen öz metjidindäki molla ýüzlenýär. "Sen näme birden Isa bilen gyzyklanyberdiň?" — diýip, molla gülýär. "Men nädip Onuň bilen gyzyklanmaýyn? Ol maňa şypa berdi ahyry!" — diýip, Asif jogap berýär.

Metjitdäki beýleki musulmanlaryň kömegine daýanan molla Asifi bir otaga salyp, oňa zäher içmegi teklip edýär. Olar Mesihi kabul etmezden öň ölse, Asif jennete düşýär diýip hasaplaýardylar. Asif Isadan kömek sorap başlaýar. Birden ýiti ýagtylyk tozan basyp giden otagy ýagtyltdy. Şol gün Asif Hudaýa wada berdi: "Meniň ömrüm Seniňkidir, eý, Isa! Men ýerde ýaşap ýörkäm, Saňa gulluk ederin".

Asifiň maşgalasy ondan ýüz öwürdi. Özüniň täze tapan Dosty Isa Mesih hakda adamlara gürrüň bereni üçin ony köçelerde ençe gezekler urdular.

Käwagt Hudaýyňgüýjüneynanmazymyzdan öňürti, bize Onuň güýjüni duýmak gerek bolýar. Aslyýetinde imanlylaryň köpüsi din hakda belli bir aralykdan gürlemäge razy bolýarlar, ýöne şahsy ruhy duýgular bilen iş salyşmak islemeýärler. Şahsy tejribäni hiç kim inkär edip bilmeýär. Indiwidum — bu şu meseledäki ýeke-täk ekspertdir. Hudaý bilen duşuşmak Onuň güýjüni tanamagy we Onuň barlygyny duýmagy aňladýar. Mukaddes Kitap şahsy tejribesinde Hudaýyň güýji bilen köp imansyzlar hakdaky mysallary getirýär. Käbirleri Oňa tagzym edip başladylar. Beýlekileri bolsa, Ondan ýüz öwrüp, munuň netijesinden ejir çekdiler. Islendik ýagdaýda-da, Hudaý bilen duşuşandan soň, adam öňküligine galmaýar. Hudaý ikirjiňlenýän ýürege ýüzlenip: "Men bardyryn, şonuň üçin saňa Öz howandarlygymy teklip edýärin. Sen bolsa, öz bilşiň ýaly hereket et" — diýýän ýaly bolýar. Hudaý Özüniň bardygyny size nädip görkezdi? Siz şol wakany kim bilen paýlaşyp bilýärsiňiz?

"Sen hakda gulagym bilen eşidipdim,
Indi Seni öz gözlerim bilen gördüm".

Eýýup 42:5

219-nji gün

ADATY BOLMADYK ŞARLAR

DEMIRGAZYK KOREÝA: GÖKDEN GELEN HABAR

“Ene, seret, men näme tapdym!” — diýip, kiçijik koreý gyzy begenç bilen aýtdy. Ol elinde özüniň ozal tutup görmedik zadyny tutup durdy. Enesi kütelişen gözleri bilen garady, emma agtygyny begendiren zadyň nämedigini görmedi. Ol gyzjagazyň ejesini çagyrdy: “Seretsene, çaga näme tapdy?”

Garry aýalyň gyzy otaga girip, ejesiniň gasynly elinden tapylan zady aldy. Ol şara ýazylan sözleri okap başlady. “Reb Isa sizi söýýär. Doganlaryňyz sizi unutmadylar. Çünki Hudaý dünýäni söýýänligi üçin Özüniň ýeke-täk Ogluny berdi”.

Garry aýal şatlykly gygyrdy: “Bu Mukaddes Ýazgydan ahyry! Olar bize Mukaddes Kitap aýatlaryny howa şaryna ýazyp goýberipdirler! Haýyş edýärin, yzyny okasana!”

Şara Demirgazyk Koreýanyň ýaşaýjylaryny goltgy bermek üçin goldaw sözleri ýazylypdy. Onda Günbatarly mesihilerden habar we okyjyny ýaradylyşdan başlap, haça hem Isa Mesihiň ikinji gezek gelmesine çenli alyp barýan alty ýüzden gowrak aýat bardy. Soňky on ýylyň dowamynda şunuň ýaly “Mukaddes Kitap şarlarynyň” köp müňlerçesi Demirgazyk Koreýa uçuryldy.

“Ejir çekenleriň sesi” missiýasy ezilýän halka Hudaýyň Sözüni we hoşhabar hatlaryny ýetirmäniň ajaýyp usulyny döretdi. Zebur 19:2-de: “Gökler Hudaýyň şöhratyny yglan edýär, gök gümmezi Onuň elleriniň işinden habar berýär” diýilýär.

Hudaý biziň aklymyzyň hem ýüregimiziň Mukaddes Ýazgynyň ruhlandyryjy sözlerinden doly bolmagyny, olaryň şol howa şarlary ýaly, biz hemme zatdanda beter mätäç bolan wagtymyzda, biziň aňymyza uçup girmegini isleýär. Ýöne Mukaddes Ýazgynyň aýatlary ýüregimizde bolmadyk bolsa, onda Hudaý ýüregimizi aýatlardan dolduryp bilmeýär. Her neneň geň bolsa-da, azat jemgyýetde ýaşanymyzda, biz özümizi edil Demirgazyk Koreýa ýaly awtoritar döwletde, Hudaýyň Sözüne tarap barýan ýol ýapyk bolan ýurtda ýaşaýan ýaly alyp barýarys. Biz edil özümizde Mukaddes Kitap ýok ýaly, yzygiderli hem ýygy-ýygydan okamaýarys. Belki, Hudaýdan Öz Sözüniň ýapyk aňyňyzyň serhetlerinden geçmegini soramanyň wagty gelendir. Özüňiziň Mukaddes Kitaby gündelik okamak üçin taýýarlan gün tertibiňizde wagt galdyryňda, Öz Sözüne ymtylyşyňyzy täzelemegini Hudaýdan soraň.

“Ýazgylaryň hemmesi Hudaýyň ylhamy bolup, Hudaý adamy her bir oňat iş üçin taýyn, kämil bolar ýaly, öwretmek, käýemek, ýola getirmek, dogrulykda terbiýelemek üçin peýdalydyr”.

2 Timoteos 3:16-17

220-nji gün

ADATY BOLMADYK
HAKYKAT

PÄKISTAN: NADIÝA NAIRA MASIH

On bäş ýaşly Nadiýa Naira Masih wepaly mesihi. Ol öýünde ýaşanda, her gün şapak dogan wagtynda, Hudaýa doga-dileg edýärdi we Mukaddes Kitaby okaýardy. Ene-atasy ajy 2001-nji ýyldan bäri gyzyny görmedik bolsalar-da, özüni ogurlan adamyň öýünde onuň şeýle etmegi dowam etdirýändigine diýseň umyt baglaýarlar.

Musulman Maksut Ahmet Nadiýany ogurlady. Maksudyň ejesi, şol wagtlar Nadiýanyň maşgalasynyň dosty, ony öýden aldaw bilen çykaryp, içinde Maksut, onuň ýaragly iki dogany we dosty bolan maşyna mündürmäge kömek etdi. Şondan soň Nadiýany görmediler.

Ýaş gyzlary ogurlamaklyk Päkistanda örän seýrek duş gelýän hadysadyr. Ýöne jenaýat mesihilere garşy edilen bolup, polisiýa para teklip edilen bolsa, onda polisiýa adatça jenaýaty gözlemeli däl ýerinden gözleýär. Nadiýanyň ogurlanylyşy hem, hut şeýle bolan bolsa gerek. Ýerli polisiýa gyzyň ogurlanmagy baradaky işi diýseň haýal alyp barýar.

Nadiýanyň öýüne onuň bilen nikalaşandygyny tassyklaýan dokumendi goýberdiler. Ol dokumentde, şeýle hem, Nadiýanyň resmi taýdan mesihilikden ýüz öwrüp, musulmançylyga geçendigi bellenilýär. Nadiýa entek ýetginjek. Bolan zatlara gaharlanýan, agyr ýitgini başdan geçirýän bolsalar-da, Nadiýanyň ene-atasy barybir Maksudy ýigrenmeýärler. Olar özleriniň gyzyny Hudaýyň gaýtaryp berjekdigine ýa-da onuň adamsyny imana getirmäge güýjüniň ýetýändigine ynanýarlar.

Ynam — bu adamyň hiç haçan hem, doly düşünip bilmejek zadydyr. Onda ynamdan başga hiç zat galmaýança şeýle bolýandyr. Nadiýanyň ene-atasy ynanmagyň nämedigini bilýärler. Olar Nadiýanyň dolanyp geljekdigi ýa-da gelmejekdigi barada bilýärler. Şunuň bilen bilelikde olar Nadiýany öýe gaýtaryp getirmegi Hudaýyň başarýandygyna berk ynanýarlar. Tapawut diýseň uly. Eger olar nähilidir bir takyk netijä ynansalar, ýöne olaryň garaşyşy ýaly bolmasa, onda olaryň ynamy yraň atardy. Ýöne olar Hudaýyň tükenmez güýjüne hem Onuň bu işe goşulma mümkinçiligine ynandylar. Eger Hudaý Öz akyldarlygynda gyzyň öýüne gelmegine ýol bermese, olar barybir Oňa bil baglarlar. Siz netijä baglylykda Hudaýa diňe şertli ynanýarsyňyzmy? Siz netijä garamazdan, Oňa ynanýarsyňyzmy?

"Eý, patyşahym, eger bizi ýanyp duran küreden halas edip biljek Hudaý bar bolsa, bu biziň gulluk edýän Hudaýymyzdyr, Ol bizi seniň eliňden halas eder. Ýöne Ol bizi halas etmese-de, eý, patyşahym, şuny bilip goýgun, biz seniň hudaýlaryňa gulluk etmeris, seniň diken altyn heýkeliňe sežde etmeris".

Danyýel 3:17-18

221-nji gün

ADATY BOLMADYK
YNAMLYLYK

RIM: ÝUSTIN

- Eger seni öldürseler ýa-da ölüm jezasyny berip kelläni kesseler hem, jennete düşjekdigiňe ynanýarsyňmy? — diýip, Rustik, şäher ýolbaşçysy sorady.

- Men bu zatlara sezewar bolsam-da, Isanyň özüme söz beren zatlaryny aljakdygyma ynanýaryn. Onuň ýaşaýyş sowgadynyň ahyryna çenli wepaly bolup galanlarda bolýandygyny bilýärin — diýip, Ýustin jogap berdi.

- Diýmek, sen ol ýerde nähilidir bir sylag alaryn öýdýärsiň-dä? — diýip, ol haýran galdy.

- Men öýdemok-da, bilýärin. Men muňa ynanýaryn — diýip, Ýustin jogap berende, jogap berk äheňde ýaňlandy.

Rustik gahar bilen arkasyny kürsä berdi:

- Sen hudaýlara gurbanlyk bermäge razy bolmalysyň.

Ýustin mizemezligine galdy:

- Ýekeje akyylly adamam hudaýsyzlaryň ýanyna gidip, özüniň Hudaý bilen aragatnaşyklaryna ysnat getirmez.

Rustik üçin bu juda öte geçme bolupdy:

- Eger sen tabyn bolmasaň, rehimsizlik bilen jezalandyrylarsyň.

- Men Onuň üçin ölsem, gorkar ýaly zadyň ýokdugyny bilýäris. Munuň ýaly ölüm özümiň dynmagymdyr we Mesih bilen bile boljakdygymdyr diýip hasaplaýaryn — diýip, Ýustin jogap berdi.

Ýustiniň ýanynda bolan beýleki mesihiler ony goldadylar:

- Islän zadyňyzy ediň, biz mesihiler, şonuň üçin hem, butlara gurbanlyk bermeýäris.

Şonda Rustik öz talaplaryny ýerine ýetirmekden boýun towlan mesihilere çykarylan hökümi okady:

- Kanuna laýyklykda hudaýlara gurbanlyk getirmekden boýun towlan we imperatoryň buýrugyna gulak asmadyk adamlary gamçylamak gerek, soň bolsa, kellesini kesmek arkaly öldürmeli.

Ýustin öz jellatlaryna: "Siz bizi öldürip bilersiňiz, ýöne bize hakyky zelel ýetirip bilmersiňiz" — diýdi. Bu akly çaşan adamyň sözlerimidi? Belki, ol gutulgysyz ölümiň öňünde pikiriň aýdyňlygyny ýitirendir? Ýok, ol ynamlydy: Isa Mesih oňa ebedi ýaşaýşy sowgat berdi. Ýustin özüniň ýerdäki ýaşaýşynyň ahyry hakda pikir edende, gökdäki öýüniň gözelligini gördi. Sizde näme köp: ýerdäki ýaşaýşy ýitirme gorkusymy ýa-da gökde ebedi ýaşajakdygyňyza bolan ynammy? Ölüm — bu şübhe üçin wagt däldir. Size hiç zat haýbat atman durka, özüňize berlen şu soraga jogap beriň.

"Bedeni öldürip, jany öldürip bilmeýänlerden gorkman, eýsem, dowzahda hem teni, hem jany ýok etmäge gudraty bar bolan Hudaýdan gorkuň".

Matta 10:28

222-nji gün

ADATY BOLMADYK

AWTOR

ANGLIÝA: JON FOKS

Mukaddes Magdalina kollejiniň mugallymy Jon Foks: "Olar özlerini Seniň ruhanylaryň diýip atlandyrýarlar, ýöne aslyýetinde özlerine we öz ygtyýaryna tagzym edýärler. Olara Hudaý bilen adamyň arasynda Isa Mesihden we Onuň Sözünden başga hiç hili araçynyň gerek däldigine düşünmäge kömek et" — diýip doga-dileg etdi.

Kimdir biri Jonuň dilegini eşidip, şobada muny kollejiň ýolbaşçylaryna ýetirýär. Jony döwlete we ýygnaga garşy gozgalaňçylykly niýetiniň barlygyndan aýypladylar. Jon öz pikirinden ýüz öwürmekden boýun towlanda, ony uniwersitetden kowdular. Mundan soň, Jon başga iş aljak bolanda, çynlakaý kynçylyga duş geldi. Bir gün tapdan düşen we açlykdan surnugan Jon ýygnakda dileg edýär. Şol wagt onuň öňünde ozal özüniň hiç haçan duşmadyk bir adamy peýda bolup, eline birazak pul berýär. Ol adam: "Gam çekme, tizara işiň özi seni tapar" — diýýär. Birnäçe günden soň, Jon hat-sowat öwrediji işini alýar.

Genrih VIII häkimlik eden döwründe, Jon ýaly mesihilere eglişik edýärdiler. Emma häkimiýet başyna Mariýa I gelenden soň, ol döwletiň dini buýruklaryny perwaýsyz bolanlaryň köpüsine ölüm jezasyny berdi. Onuň hökümdarlyk eden bäş ýylynyň içinde üç ýüzden gowrak adam öldi. Jon bilen onuň göwreli aýaly, tussaglykdan zordan aman galyp, Angliýadan Belgiýa gaçyp gitdi. Imany üçin ölenleriň atlaryny ebedileşdirmek üçin Jon "Foksuň ejir çekenleriniň kitaby" atly kitaby ýazýar.

Yzarlamalar hakda okamak bir başga, olary başdan geçirmek bolsa, düýbünden başga zat. Ençe adamlar wepaly mesihiler hakda okaýarlar-da, olaryň barlyklaryna guwanýarlar. Emma olaryň özlerinde şahsy iman tejribesi bolmaýar. Olar ejir çekenleriň batyrlygyna guwansalar-da, onuň çeşmesi — Isa Mesih bilen şahsy baglanyşyk — hakda pikir etmeýärler. Olar Hoş Habary okaýarlar, ýöne imanly boljak bolup jan çekmeýärler. Ejir çekenler başgalary, hatda özlerine azar berenleride, Mesihe bolan imana çagyryp ýaşadylar we öldüler. Olar indi sizi şu wakalary okan wagtyňyzda mesihilik gaýduwsyzlygyna çagyrmaýarlarmy? Ýatda saklaň, olaryň imanyna ýöne ýere guwanmaklyk juda az zatdyr, siziň özüňize Mesihe bolan şahsy wepalylygyňyzda belli bir derejede synagdan geçmek garaşýar.

"Çünki Hoş Habar bize wagyz edilişi ýaly, olara-da wagyz edildi, ýöne eşiden sözlerini iman bilen utgaşdyrmandyklary üçin, onuň olara peýdasy bolmady".

Ýewreýler 4:2

223-nji gün



“Hasylly mesihilik durmuşy üçin türme päsgelçilik däldir”.

Ruhy çopan Riçard Wurmbrand

224-nji gün

ADATY BOLMADYK

JEZA

ANGLIÝA: JON WIKLIFF

225-nji gün 1428-nji ýylda Angliýanyň sowuk ertirinde, gonamçylygyň içinde birnäçe adam aýlanyşyp ýördi. Olaryň biri, baý ruhany geýmini geýen adam, mazarlaryň birini görkezip buýruk berdi: "Ol şu ýerde. Ony gazyp çykaryň. Onuň soňuna çykmanyň wagty geldi".

Pil gaty bir zada degende, erkekler ýeriň içinden tabydy çykaryp alanlarynda, ruhany: "Açyň!" diýdi.

"Jenap, ol bu ýerde eýýäm elli ýyldan bäri ýatyr! Ondan zat galan däldir!" — diýip, mazary gazyjylaryň biri garşy çykdy.

Klerika sandyrap gitdi, ýöne gaharyny gizlemäge çalyşdy. "Beýle bolsa, hemmesini tutuşlygyna ýakarys!".

Bu adamy näme beýle gaharlandyrdyka? Biriniň ölenine elli ýyl geçenden soň, onuň mazaryny gazdyrmak oňa nämä gerek bolduka? Diri ýeretikleri ýakan ýaly, ony köpçüligiň öňünde ýakmagynyň sebäbi 1376-njy ýylda Jon Wikliff "merhemete esaslanýan häkimiýet" taglymatyny çap edipdi. Onuň çendenaşa batyrgaý taglymatyny: "Bütin dünýädäki mesihileriň durmuşyna ýolbaşçylyk etmek üçin Hoş Habardan başga hiç zat gerek däl" — diýip düşündirmek bolýardy.

D. Wikliff, şeýle hem, Mukaddes Kitaby iňlis diline terjime edip, terjimäni kitapçalarda çap edip, gizlinlikde ýaýratmaga başlady. Ol 1384-nji ýylda ölýänçä, işini dowam etdirdi. Bu Reformasiýadan 133 ýyl öň bolup geçdi.

"Külüni derýa sepip goýberiň. Biz indi Jon Wikliff we onuň taglymaty hakda hiç zat eşitmeris" — diýip, ruhany buýruk berdi.

Ýene bir ýüz ýyl geçenden soň, Angliýada iňlis dilindäki Mukaddes Kitaby okamaga rugsat berilýär.

Ybadathananyň ruhanylary Jon Wikliffden galan zatlardan — topragyndan we taglymatyndan — galan zatlardan dynmak üçin ellerinden gelen zatlaryň hemmesini etdiler. Şeýle-de bolsa, Jonuň ýakylan jesediniň külüniň her bir bölejigi Ýewropada Hudaýyň Sözüne bolan täze teşneligi döretdi. Wikliffiň taglymatynyň garşydaşlarynyň eden tagallalary diňe bir biderek bolman, eýsem, Mesihiň işine ýardam hem berdi. Öz duşmanymyzyň — şeýtanyň — hem, mesihilikden saplanmak üçin tagalla baryny edýändigini biz köp görýäris. Şeýle-de bolsa, onuň jan çekmesi biderek bolup, garşydaş netije gazanýar. Hudaý yzarlamalaryň imanlylary ruhlandyryp, olary has uly wepalylyga höweslendirmegine ýol berýär. Siz öz şahsy yzarlanmaňyzyň Hudaýyň maksadynda öz roluny oýnamagyny isleýärsiňizmi? Tiz wagtdan siz özüňize azar berijileriň size bolan ýigrenjiniň özüňizi has güýçlendirýänini, olaryň aýdýan näletiniň size Hudaýyň ak patasyny getirýänini görersiňiz.

"Diňe munuň bilen hem däl, eýsem, muşakgatlar bilen-de magtanýarys, çünki muşakgatyň çydamy, çydamyň tejribäni, tejribäniň hem umydy emele getirýändigini bilýäris ".

Rimliler 5:3-4

225-nji gün

ADATY BOLMADYK

EJIR ÇEKME — 1-NJI BÖLÜM

RIM: KARP

“Meniň ilkinji hem esasy adym — mesihi. Adamlar maňa Karp diýýärler”.

“Imperatoryň permanlary hakda bilýärsiňmi? — diýip, prokonsul gaharly sorady. Hemmeler Rimiň gudratygüýçli hudaýlaryna tagzym etmeli, şonuň üçin men saňa olara gurbanlyk bermegi tutanýerlilik bilen maslahat berýärin”.

“Men mesihi, şonuň üçin hem, özümi halas etmek üçin gelen Hudaýyň Ogly Mesihi sylaýaryn. Men butlara gurbanlyk berjek däl. Olar gowy bolan ýagdaýynda, hakyky arwahlaryň ruhlaryny alamatlandyrýar. Meniň olara gurbanlyk getirmegim boljak zat däl” — diýip, mesihi jogap berdi.

“Ýöne Sezar gurbanlyk bermegi buýruk berdi”.

“Diriler ölülere gurbanlyk bermeýärler”.

“Sen hudaýlary öli hasaplaýarsyňmy?”

“Olarda ölmäge mümkinçiligi bolar ýaly, hiç haçanam adam bolmandylar we ýaşamandylar. Olara tagzym edýänler ýalňyşýarlar”.

“Men saňa juda köp gürlemäge rugsat berdim, ýöne sen hudaýlary we imperatory kemsidýärsiň. Sen gurbanlyk getirersiň ýa-da ölersiň!”

“Men gurbanlyk berip biljek däl. Men butlara hiç haçanam gurbanlyk bermändim, mundan beýläk hem bermen”.

Prokonsul Karpy asyp, onuň derisini sypyrmagy buýranda, Karp: “Men mesihi! Men mesihi! Men mesihi!” — diýip gygyrdy.

Şu taryhdaky prokonsula bolşy ýaly, Mesih baradaky söz oňa düşünmeýänler üçin manysyzdyr. Şonuň üçin olar özleriniň düşünmeýän zatlaryna garşy çykmalydyrys diýip pikir edýärler. Belki, olar näbellilikden gorkýandyrlar. Belki, tekepbirlik olara Hudaýyň Hoş Habaryna ynanmaga rugsat edýän däldir. Mesihilik bilen ylalaşmaýanlaryň köplenç ýagdaýda hakykaty iman bilen kabul etmäge ukyply bolmaýandygyna düşünmelidiris. Siz Hoş Habara garşy çykýanlar üçin doga-dileg edýärsiňizmi? Mesihi yzarlaýanlar üçin doga-dileg edeniňizde, Mukaddes Ruhdan olara Mesih hakdaky söze düşünmäge kömek etmegini haýyş ediň.

“Çünki haçyň sözi heläk bolanlar üçin akmaklyk, biz — gutulanlar üçin bolsa Hudaýyň gudratydyr”.

1 Korintoslylar 1:18

226-nji gün

ADATY BOLMADYK
EJIR ÇEKME — 2-NJI BÖLÜM

RIM: PAPIL

Prokonsul gana boýalan Karpyň ýanynda duran Papile üns berdi. Ol: "Seniň çagalaryň barmy?" — diýip sorady.

"Elbetde, Hudaýa şükür, meniň köp çagam bar".

Mähelläniň içinden biri gygyryp: "Ol özünde mesihilik ynamy boýunça ruhy çagalarynyň bardygyny aýdýar" — diýdi.

Prokonsul muny eşidende gaharlandy: "Sen näme üçin çagalaryň bardygyny aýdyp, maňa ýalan sözleýärsiň?" — diýip gygyrdy.

"Men hakykaty aýdýaryn. Her obada, her şäherde meniň ruhy çagalarym bar".

Prokonsulyň gahary sowaşmady: "Eger sen rim hudaýlaryna gurbanlyk bermeseň, Karpyň güni seniňem başyňa geler! Näme diýersiň?"

Papil: "Men Hudaýa ýaşlygymdan bäri gulluk edip gelýärin. Men hiç haçan butlara gurbanlyk bermedim. Meniň aýdyp biljek iň beýik hem ajaýyp zadym — bu men mesihiligimdir" — diýip jogap berdi.

Prokonsul ony-da Karpyň ýanynda asyp, gynaýan demir gurallar bilen derisini sypyrmagy buýruk berdi. Papil iň eýmenç paralanma edermen esger kimin döz gelende, agzyndan ýekeje-de ses çykmady.

Karp bilen Papiliň adaty bolmadyk dözümliligini görende, prokonsul olary diriligine ýakmagy buýruk berdi. Papili sütüne çüýlediler. Oduň ýalny alawlap başlanda, ol doga-dileg edip, janyny Hudaýa berdi.

Mesihiler öz imanyny goramaly bolanda, näme aýtmalydygynyň aladasyny edýärler. Şunuň ýaly mümkinçilik peýda bolanda, biz pikirinde ekzameniň soraglaryny gaýtalaýan talyplar ýaly taýýarlanýarys: "Eger maňa Üçbirligiň tebigatyny düşündirmegi teklip etseler ýa-da menden hiç haçan Hoş Habary eşidip görmedik adamlaryň gutulyşy hakda sorasalar, näme jogap bererkäm? Meryemiň göwreliliginiň arassalygyny men nädip gorarkam?" Hakykaty aýtsak, Mesihe bolan iman hakda şahsy şaýatlygymyzdan gowy hem dogry sözleri tapmak mümkin däldir. "Meniň aýdyp biljek iň beýik hem ajaýyp zadym — bu men mesihiligimdir". Imansyz adamy onuň özi bilen Isanyň söýgüsini paýlaşmagy ýürekden islemegiňizden başga hiç zadam beýle köp ynandyryp bilmez.

"Eý doganlar, men size Hudaýyň güwäligini wagyz etmäge gelenimde, söz we akyl artyklygy bilen gelemok".

1 Korintoslylar 2:1

227-nji gün

ADATY BOLMADYK
EJIR ÇEKME — 3-NJI BÖLÜM

RIM: AGAFONIKA

Karpy sütüne çüýlänlerinden soň, ýalynlar daşyny gurşap alanda, ol gaty ses bilen: "Ýa Reb Isa Mesih, Hudaýyň Ogly, men günäkäri Öz ölşüň ýaly ejir çekip ölmeklige mynasyp saýanyň üçin Saňa şöhrat bolsun!" — diýip gygyrdy. Şunuň ýaly ses bilen ol janyny Hudaýa berdi.

Karp doga-dileg eden wagtynda, onuň ejesi Agafonika öz oglunyň öňünde Hudaýyň şöhratynyň açylanynyň şaýady boldy. Gökler açylyp, Agafoniýa näz-nygmatlar bilen bezelen saçaklar, Isa Mesihiň Özüniň bolsa, görnükli ýerde oturany göründi. Onuň ýüregi atygsady, ol gökden özüne gönükdirilen çagyryşy eşitdi. Ol ýerinden atylyp turup: "Bu saçak meniň üçin hem taýýarlanyldy. Maňa şöhratly agşamlyga gatnaşmak gerek" — diýip gygyrdy.

Münberlerden mesihileriň öldüriliş çäresine gatnaşýanlaryň sesleri geldi: "Öz çagaňa, öz ogluňa rehim et!"

"Onuň aladasyny eder ýaly Hudaýy bar. Ol Hudaý biziň hemmämiziňem aladamyzy edýär. Özüm hakda aýtsam, onda menem Onuň bilen bolmak üçin gitjek" — diýip, Agafonika jogap berdi.

Ol kellesindäki ýaglygyny aýryp, özüni-de sütüne çüýlemeklerini talap edip, oda tarap gitdi.

Mähelläniň içinde agy sesleri bilen gykylyklar eşidildi: "Bu zalym hem adalatsyz höküm!"

Oduň şatyrdysyndan gaty gygyrjak bolup, Agafonika: "Rebbim, maňa kömek et, men Seniň ýanyňa howlugýaryn" — diýip gygyrdy. Şeýdip, ol öz Rebbine goşuldy. Rebbiň 165-nji ýylydy.

Zynjyrlaýyn edilen hereket. Bu bir janyň beýleki jany emele getirýän garaşylmadyk netijesidir. Munuň ýaly zady öňünden görmek mümkin däl. Hemme zat Papile edermenlik ýoluny görkezen Karpdan başlandy. Bu olaryň ikisinem, imany üçin paralanlarynda boldy. Olaryň adaty bolmadyk ejir çekijiliginden ruhlanan üçünji aýal Mesih üçin meýletin ölmek isläp, imana tarap ylgady. Bu gün biz zynjyrlaýyn hereketi bir janyň beýleki jany, beýleki janyň hem üçünji jany has uly wepalylyga ruhlandyrýan ýerleri bolan talyplar şäherçelerindäki, obalardaky, şäherlerdäki we ençe kontinentleriň ýygnaklaryndaky iman galkynyşlarynda görýäris. Öz ýygnagyňyza ýa-da toparyňyza wepalylygyňyzdaky zynjyrly hereketiň bir halkasy bolanyňyzdan bäri näçe wagt geçdi? Täzelenmäniň özüňizden — zynjyryň iň wajyp halkasyndan — başlanmagy üçin dileg ediň.

"...bizi direlt, biz Seniň adyňy çagyrarys".

Zebur 80:18

228-nji gün

ADATY BOLMADYK
GAÇGAK

HYTAÝ: LO LÝU

Özüne üns çekmezlige çalşyp, Lo Lýu öz yzyndan hiç kimiň gelmeýändigine ynamly bolmak üçin we özüni hiç kim tanamaz diýip umyt bilen töweregine seredip, köp adamly hytaý köçesinden barýardy. Ol öz suraty asylan, ýüzüne tussag etmäge eden kömegi üçin 600 dollardan gowrak pul sylagy wada berlip ýazylan ýene bir plakatyň deňinden geçdi.

Lýu on ýedi ýaşyndaka, Hudaýa gulluk etmek üçin öýünden gitdi. Ol hasaba alynmadyk öý ýygnaklaryny döretmäge ýardam berýän — kommunistik hökümetiň nazarynda bikanun bolan — jemgyýeti esaslandyrdy. Şu gullugynyň kömegi bilen ol öz ýurduna gizlin ýol bilen Mukaddes Kitap getirýän daşary ýurtly mesihiler bilen gatnaşyklary ýola goýdy.

Polisiýa ony tussag edende, onuň gullugy on ýyla golaý hereket edipdi. Ol intensiw sorag edilmelerden geçmeli boldy. Bir gezek ony şeýle bir güýçli urdular welin, ol birnäçe sagatlap huşuny ýitirip ýatdy. Lýu şondada, özüniň egin-egne berip işleşen mesihiler baradaky maglumaty polisiýa bermedi.

Ol polisiýa öz işi hakda hiç zat gürrüň bermedi. Lýunyň garşysyna görkezer ýaly aýyplamasy bolmany üçin birnäçe aý geçenden soň, ony azatlyga çykardylarda, gizlin polisiýanyň gözegçiligi astynda sakladylar. Köp wagt geçmänkä, onuň gizlin ýygnak gullukçylarynyň ýene bäşisini tussag etdiler. Onuň ujypsyzja emläginem elinden aldylar. Bu gezek Lýuny bäş ýyllyk zähmet lagerine höküm etdiler.

Öz möhletini geçireninden soň, ol ýene özüni gizlin ýygnagyň gullugyna doly berdi. Şondan bäri bu aýal gözlegde. Islendik pursatda tussag edilme howpunyň mydama abanyp durýandygyna garamazdan, Lýu Mesihiň hatyrasyna gaçgak bolup ýaşamagy dowam etdirýär-de, Mesihe bolan söýgi "jenaýatyny" edip, şol söýgini başgalar bilen paýlaşmaga dyrjaşyp ýör.

Göz öňüne getirip görüň, siz mesihiler yzarlanylýan ýurtda ýaşaýarsyňyz. Eger ähli mesihileri tussag etmeklige order berlen bolsa, şol sanawda siziň adyňyz bolardymy? Töweregiňizdäkilere siziň imanlydygyňyz we başgalara bolan gowy garaýyşlaryňyz görünýärmi? Çagalaryňyzyň ene-atalary siziň imanly adamdygyňyzy görýärlermi? Işdäki kärdeşleriňizde siziň Mesihe bolan imanyňyzyň inkär edip bolmajak şaýatlygy barmy? Maşgalaňyzyň imansyz agzalary siziň imanlydygyňyzy polisiýa habar berip bilýärlermi ýa-da, belki, olar siziň gatnaşyklaryňyzyň we hereketleriňiziň "bagyş edilen" mesihiniň hereketleri bilen gabat gelmeýändigini bilýändikleri sebäpli, imanlydygyňyzy bilmeýärleremmi? Siz nähili pikir edýärsiňiz? Size näme etmek gerek?

"Şeýlelikde, her kişi özi üçin Hudaýa jogap berer".

Rimliler 14:12

229-nji gün

ADATY BOLMADYK
BAGYŞLAMA

PÄKISTAN: SAFINA

Ýuwaşja hem eýjejik gyz bolan Safina Päkistanda doguldy. Ol özünde — aýallarda we mesihilerde — durmuşdaky mümkinçilikleriniň çäklidigini we örän ujypsyzdygyny çagalygyndan bäri bilýärdi.

Şonuň üçin baý musulman maşgalasy Safinany öýde nahar bişirmek we arassaçylygyna seretmek üçin işe alanda, ol birazajyk pul gazanyp, özüniň garyp maşgalasyna kömek edip biljekdigine çäksiz begendi. Safinanyň gözelligi, mylaýymlygy we gowy hereketleri hojaýynyň oglunyň ünsüni özüne çekdi. Ol bu gyza öýlenmek hakda ene-atasy bilen gürrüň edip başlady. Diňe Safinanyň mesihiligi päsgel berýärdi. Oglanyň ene-atasy oňa yslama geçmegi teklip etdi, emma ol çürt-kesik boýun towlady. Gitdigiçe güýçlenen basyşlardan soň, ol öz maşgalasyna puluň diýseň zerur gerekdigine garamazdan, işi taşlama kararyna geldi.

Ýaş ýigit Safinanyň öz aýaly bolmajakdygyna düşünip, zalym karara geldi. Ol ony güýç bilen ýatylýan otaglaryň birine süýräp salyp zorlady.

Munuň ýaly eýmençlige duş gelenden soň, Safina şobada işini taşlady. Şonda baý maşgala bu gürrüňiň ýaýraryndan heder edip, gyzyň ogurlyk edendigini polisiýa habar berip, oňa garşy aýyplama ýöňkeme kararyna geldi. Safinany tussag etdiler. Ol türmede-de zorluga duçar boldy. Ondan bäri birnäçe ýyl geçdi, ýöne Safina şu wagta çenli-de, özüne edilen zatlary ýatlap, utanç duýgusy bilen göreşip ýör. Ol Hudaýa bil baglaýar we özüne ýamanlyk edeni bagyşlap biler ýaly, Hudaýdan öz kalbyna şypa bermegini soraýar.

Biz durmuşda dine eýeryänlere seredip, din hakda köp zatlary bilýäris. Bu Safina we hakyky Hudaýa tarap nädogry ýoldan barýan maşgala hakdaky taryhdyr. Bu maşgalanyň dini maşgala agzalaryny manipulýasiýa etmeklige, agzynçylyga, aldawçylyga we adalatsyzlyga meýillendirdi. Bu zatlaryň hemmesine garamazdan, Safinanyň Hudaýy — söýgi Hudaýy — ony zähmetsöýerlige, pida edijilige we dözümlilige höweslendirdi. Size dinleriň hemmesiniň birdigini aýdanlarynda, seresap boluň. Muny aýdýanlar bizi gözegçi bolmaklyga, adamlaryň öz maksatlaryna şaýatlyk edýän miwelerine ünsli seretmäge meýillendirýär. Goý, dürli dinler barada okaýan zatlaryňyz sizi aldamasyn. Olara eýeryänleriň durmuşyna ünsli serediň.

"Siz olary miwelerinden tanarsyňyz. Tikenden üzüm ýa gyzgandan injir ýygylýarmy? 17 Şonuň ýaly-da her bir oňat agaç oňat miwe berýändir, erbet agaç bolsa erbet miwe berýändir".

Matta 7:16-17

230-nji gün



**“Şeýtanyň urgusy näçe güýçli bolsa,
biz onuň ýeňlişine şonça-da şatlanarys.
Goý, gelibersin!”**

Sudanly mesihi

231-nji gün

ADATY BOLMADYK
“PENAHANALAR”

BANGLADEŞ: ENDRÝU

Endrýunyň gullugynyň kömegi bilen 749 sany Mesihe iman eden mesihiler suwda çokundyryldy. Mundan başga-da, ol 3 000-de gowrak Mukaddes Kitabyň we 137 000 hoşhabar kitapçalaryny ýaýratmaklyga gatnaşdy.

Endrýu imana gelen musulmanlara nähili howpuň abanýanyny bilýärdi, şol sebäpdenem, olara gaçybatalga bolup gulluk edip biljek penahanalary gurdy. Mesihilik maşgalalary we bütin ýurtdan bu ýere adamlar gelýärler, ýöne olar bu ýere dynç almaga we howpsuzlyk üçin gelmeýärler. Täze imana gelenlere bu ýerde ertirden agşama çenli şägirtçiligi hem Hoş Habary wagyz etmekligi öwredýärler.

Programmany geçip gutaranlaryndan soň, olary özlerini hiç kimiň tanamaýan obalaryna iberýärler. Ol ýerde olar missionerçilik işleri bilen meşgullanýarlar. Bu mesihiler yzarlanmalardan gaçyp, özlerine has howply ýagdaýlarda işlemegi öwretmekleri üçin gelýärler. Olar özleriniň ýeke däldiklerini bilýärler. Olaryň ýüzlerçe doganlary Bangladeşiň dürli künjeklerinde Isa Mesihi yglan etmek üçin bu gizlin mekdebi eýýäm geçdiler.

Endrýunyň işi howply. Ony polisiýa ençe gezekler tutdy, onuň täsir ederinden gorkýan radikal musulmanlar ony ýençdiler. Onuň maşgalasyna mydama haýbat atýarlar. Endrýunyň gullugy Mesihe iman eden öňki musulmanlara howpsuz penahana bermekden ybarat, ýöne bu gulluk howpsuz däl. Bu onuň maşgalasy we onuň bilen bile bu gullugy alyp barýanlaryň hemmesi üçin gündelik töwekgelçilikdir. Şeýle-de bolsa, Endrýunyň okuwçylary ebedi ýaşaýşy alýarlar we şonuň ýaly mümkinçiligi sowgat etmegi öwrenýärler.

Gaty köp hasyly ýekelikde ýygnamaga çalyşýan fermeri göz öňüne getiriň. Ol her neneň yhlas bilen işlese-de, ol möwsümiň ahyryna çenli bu işiň hötdesinden gelip bilmeýär. Isa ýalňyşan janlary orak üçin taýýar bolan ekin meýdany bilen deňeşdirýär. Bu ekin meýdanda bir adam edip gutarardan iş aşa köp. Şeýlelikde, bizi Endrýunyň Bangladeşdäki penahanalarda ulanýan strategiýalary ulanmaklyga çagyrýarlar. Biz başgalara Mesihe şaýatlytk etmegi öwretmeli. Başgalary mesihilige getireniň ýeterlik däldir. Biz öz gezeginde indiki şägirtleriň terbiýeçileri boljak şägirtleri taýýarlamalydyrys. Siz ýekelikde işleýän fermer dälmi? Siz başgalara-da, Hudaýyň ekin meýdanynda işlemegi öwredýärsiňizmi?

“Şonda, Isa şägirtlerine şeýle diýdi: “Hasyl bol, ýöne işçi az. Munuň üçin, Öz hasylyny ýygmaga işçi iberer ýaly, hasyl eýesi Rebbe ýalbaryň””.

Matta 9:37-38

232-nji gün

ADATY BOLMADYK
TUTANÝERLILIK

AZERBEÝJAN: RUHY ÇOPAN ROMAN AWRAMENKO

Ruhy çopan Roman Awromenko bilen aýaly üç ýylyň dowamynda Ismaillahda, Azerbeýjanda, yhlas bilen işlediler. Ýöne olar bu şähere gelenlerinde, olary tussag etdiler-de, eger missionerçilik işinde tutaýsalar, onda şäherden çykarjakdyklaryny aýtdylar.

Ýekşenbe günleri olaryň ýygnagyna ona golaý agza gelýär, ýöne olar başgalara Isa Mesihiň Hoş Habaryny janypkeşlik bilen wagyz edýärler. Ýerli häkimiýet şäher ýaşaýjylaryny gaty gorkuzandygy sebäpli, Awramenkonyň maşgalasy ýaşaýyş jaýy kireýine alyp bilmedi. Şonuň üçin olar ýaşamak hem ýygnanyşyk etmek üçin özleri jaý gurmaly boldular.

Awramenko özüniň täze öýünde ýygnanyşyk geçirip başlanda, adam örän azdy, ýöne kem-kemden yzygiderli gelýänleriň sany artdy. Bir gün olaryň öýüne molla gelip, olaryň yslam ýurdunda mesihilik ýygnanyşygyny geçirmäge haklarynyň ýokdugyny aýtdy.

Ruhy çopan Awramenko yslamyň gullukçylaryny doga-dileg etme ýygnanyşygyna çagyrmagy makul bildi. Olaryň biri çakylygy kabul etdi, ýöne birazrak wagtdan soň, mesihileri Gurhany depgilemekde aýyplap, ýerli mejlise ýygnagyň ýapylmagyny sorap ýüzlendi. Mundan soň ýerli häkimiýetiň wekilleri ýygnak agzalarynyň öýlerine baryp, olary gorkuzdylar. Olaryň käbirleri "jemgyýetçilik tertibini bozany" üçin 10 gije-gündiz saklanyldy. Köp ýygnak agzalarynyň yzarlanmasyna we olary gurşap alan gorka garamazdan, ruhy çopan Roman imanyň dikeljek gününiň gelerine ýürekden ynanýar. Gelip, ýygnaga gatnaşmak isleýänleriň hemmesi üçin onuň öýi açyklygyna galýar.

Durmuşda biz birnäçe ýagdaýlardan gaça durmaga çalyşýarys. Synag hem şolaryň biridir. Köplenç biziň göwnümize durmuş durşuna kynçylyklardan ybarat ýaly bolup görünýär. Ýöne Mukaddes Kitap durmuşyň aladasyz bolmaly däldigini öwredýär. Çagalykda biz gitdigiçe agyrlaşýan meseleleri çözmekden boýun towlaýarys. Biz ýan berýäris, ýöne ýigitlik ýaşyna ýetmek bilen dözümli, erjel bolmagy we elimizi sowatmazlygy öwrenýäris. Imanda ýigitlik ýaşyna ýetmek bilen bolsa, tutanýerliligiň gymmatyny bilýäris. Siz ýigitlik ýaşyna ýetdiňizmi? Sizde gulluk etme höwesini ýitirmek, sizi azdyrmak we sizi eglişik etmäge mejbur etmek aňsatmy? Hudaýa özüňiziň "ulalmaga" taýýardygyňyzy aýdyň.

"Kämil hem doly bolup, hiç bir ýetmeziňiz bolmaz ýaly, çydam işiňi kämil etmelidir ".

Ýakup 1:4

233-nji gün

ADATY BOLMADYK
SAÇ SYRMA

ABŞ: GILLEPSI SEÝILGÄHI

Köp ýagdaýlarda adamlar özleriniň dünýäniň dürli ýurtlaryndaky doganlaryna kömek etmek üçin köp zat bermäge taýýar bolýarlar. ABŞ-nyň Demirgazyk Korolina ştatyndaky Şarlota şäheriniň ýedinji klasynyň sosiologiýa mugallymy Park Gillepsi ejir çekýänlere kömek etmek isläp, öz saçyny beren — ilkinji adam bolsa gerek.

Mekdepde mesihilik guramasynyň wekilleriniň Sudandaky yzarlanylýan mesihiler hakdaky çykyşyny eşiden Parkyň okuwçylary imany üçin azar berilýän gaçgaklara kömek etme maksady bilen dolup-daşdylar. Okuwçylaryň göçgünli dyrjaşmalary, hatda olaryň mugallymlarynam haýran galdyrdy. Ýedinji klaslaryň mätäç sudanlylar üçin ýorgan-düşek ýygnamaklyk baradaky göçgünli isleginden dörän hereket wagtyň geçmegi bilen bütin mekdebi, ahyrsoňunda-da tutuş şäheri gurşap aldy. Gillepsi WBTV telekanalyna jaň edip, sudanly ejir çekýänlere kömek etmek üçin çagalaryň başlan aksiýasy hakda gürrüň berdi.

Sudana goýbermek üçin töleg tölemek meselesi ör boýuna galanda, ýorgan-düşekler eýýäm klaslary dolduryp durdy. Gillepsi WBTV beren interwýusynda eger ýorgan-düşekleri goýbermäge pul tapylsa, onda saçyny syrjakdygyny aýdýar. Ýaýlymda bu waka hakda gürrüň berlenden soň, tizara zekatlar gelip başlady.

Şeýdip, özüniň hiç haçan görmedik adamlaryna bolan söýgüsi sebäpli, Gillepsi saçyny syrdy. Bu adaty bolmadyk saç syrmany görmek üçin bütin mekdep ýygnandy, WBTV-nyň reportýory bolsa, bu wakany wideoplýonka düşürdi. Amerikalylara köplenç başga ýurtlarda ýaşaýan mesihilere kömek etmek üçin özleri hiç zat edip bilmeýän ýaly bolup görünýär, emma Park Gillepsi beýle däldigini subut etdi.

Park Gillepsiniň we okuwçylarynyň hereketleri duýgudaşlykda oýlap tapyjylygyň, hereketiň we üstünligiň döreýändigini öwredýär. Park bilen okuwçylary– hatda kellesindäki saçynyň iň soňky gylyna çenli berip, töleg tölemäge taýýar boldular. Duýgudaşlyk — bu görgülere bildirilýän tebigy hereketdir, ýöne diňe duýgudaşlyk etmeklik ýeterlik däldir. Biz meseleleri döredijilikli çözmek arkaly öz duýgudaşlygymyzy işjeňleşdirmelidiris. Soňra biz hereket edip, baha tölemäge taýýar bolmagy, Hudaýyň işinde üstünlik gazanmagy borç edinmelidiris. Siz şu prosesiň haýsy etabynda dursuňyz? Siz döredijilikli pikirlenme arkaly öz duýgudaşlygyňyzy eýýäm amala aşyryp başladyňyzmy? Siz hereket etmegi borç edindiňizmi? Indi siz baha tölemäge taýýarmy?

"Isa märekäni görüp, olara haýpy geldi..."

Matta 9:36

234-nji gün

ADATY BOLMADYK
ÝENE BIR JEZALANDYRMA

PÄKISTAN: AÝUB MASIH

“Hatda bu kameranyň diwarlaram, maňa öz Rebbim Isa Mesihi söýmäge päsgel berip bilenok” — diýip, Aýub Masih türmeden hat ýazýar. Soňky bäş ýylyň dowamynda ol ýalan aýyplama boýunça tussaglyk jezasyny çekdi.

Päkistanda köplenç mesihileri yslamy esaslandyryjy Muhammede dil ýetirmekde ýalandan aýyplaýarlar. Musulman kanuny boýunça dil ýetirmeklik — bu ölüm jezasyna höküm edilýän jenaýatdyr. Käwagt Aýub musulman dosty bilen gürrüň edip, garşylykly meseleleri ara alyp maslahatlaşýardylar we bu babatda degişýärdiler. Bir gezek gürrüň Ruşdi şahyryň yslama garşy hasaplanylýan adaty bolmadyk kitaby — “Şeýtanyň goşgularyna” syrykdy. Aýub ol hakda makala ýazdy.

Munuň üçin Aýuby tussag edip, Muhammede dil ýetireni üçin ony ölüm jezasyna höküm etdiler. Mundan köp wagt geçmänkä, onuň obasyna gürpbasdy edilip, on iki mesihi maşgalanyň hemmesi-de öýlerinden çykaryldy. Aýub öz günäsini boýun almady-da, suduň kararyndan arz etdi. Ol bäş ýylyň dowamynda türmede jogaba sabyrlylyk bilen garaşyp oturdy.

Häzir Aýub Multon şäherindäki merkezi “Sahiwal” türmesinde otyr. Ol özi azatlyga çykandan soň hem, öz janynyň howp astynda boljakdygyny bilýär, sebäbi molla Aýuby öldürene on müň dollar sylag belläpdi. 1998-nji ýylyň başynda oňa kast edildi.

Häzirki döwürde musulman döwletlerinde yslama garşy bolan dini temalardaky gürrüňler mesihileri bolşy ýaly, musulmanlary-da, ölümli ahyra alyp baryp biler. Günä üçin berilýän jezanyň ruhy ölümdigini bize Mukaddes Kitap aýdýar. Mesihsiz biziň her birimize ruhy ölüm garaşýar. Emma, bagtymyza, Mesih Özüniň ölümi bilen Özüne iman edýänleriň hemmesi üçin, hatda musulmanlar üçinem, töleg töledi. Isa Mesih Özüni haça çüýlänlerinde, jelladyň eliniň astynda biziň ýerimizi eýeledi. Onuň gurbanlygynyň arkasyndan biz göklerde Hudaý bilen ebedi bile ýaşamaklygy gazandyk. Bu gün öz ölüm hökümiňiziň ýatyrylandygy we Kazy tarapyndan aklanylandygyňyz üçin Hudaýa minnetdarlyk bildiriň. Musulman ýurtlaryndaky Mesihi kabul etmän, ölüme barýan adamlar üçin doga-dileg ediň.

“Sebäbi günäniň muzdy ölüm,
Hudaýyň sylagy bolsa, Rebbimiz Mesih
Isada ebedi ýaşaýyşdyr”.

Rimliler 6:23

235-nji gün

ADATY BOLMADYK

LOGIKA

SUDAN

“Şuny aýt, ýogsam, ölersiň!” — diýip, demirgazyk sudanly esger gygyrdy. Gürrüň musulman ynam nyşany hakda barýardy. Ýesir alnan mesihi onuň gözlerinde ýakyp barýan ýigrenji görüp: “Bu janköýeriň hasabynda näçe jan barka?” — diýip pikir etdi. Esger onuň bokurdagyna ullakan pyçagy diredi.

Logika: “Aýt! Muny seniň mejbur edilendigiň üçin edýändigiňi Hudaý bilýär. Barybir ynanmaýan birnäçe sözüňi aýtmakdan boýun towlap, janyňy bermek nämä gerek?” — diýýärdi.

Başga bir tarapdan hem, ol Mukaddes Kitabyň sözde güýjüň bardygyny aýdýanyny bilýärdi. Ol adamyň Mesihe bolan imanyny aýtmagyň kuwwatly şaýatlyk bolýanyny ýada saldy. “Ýöne dil ýetirme kasamy-da, kuwwatly bolup biler” — diýip, ýesir pikir etdi. Onuň göwnüne bu iki pikir öz kellesinde çaknyşýan ýaly boldy. Logika Mesihe bolan söýgi bilen göreşýärdi.

Sudanly mesihiler şunuň ýaly saýlawyň öňünde tiz-tizden durmaly we öz dostlaryny hem maşgala agzalaryny Mesihe bolan imany üçin öldürýänlerini görmeli bolýarlar.

Ejir çekenler öz ruhuny Hudaýa dil ýetiriji aýdymlary aýdyp we Hudaýy gynandyrmak bilen hapalamak islemän, musulman ynam nyşanyny aýtmakdan boýun towladylar.

Olaryň özleriniň ykbalyny ýeňilleşdirme meýli öz kalbynda ýaşaýan Mesih bolan bolsa, Onuň beýle aýdymy aýtmajagyna ynanmakdan ybaratdyr, şonuň üçin olara Mesihiň göreldesine eýermek we munuň netijeleri bilen ylalaşmak gerek. Haçdan düşme mümkinçiliginden peýdalanmadyk Mesih hem, ölümi saýlady. Hudaýa wepaly bolan bu adamlar özleriniň Mesihde eýýäm ölendiklerini bilýärdiler, şol sebäpdenem, özleriniň kalbynda ýaşaýan Mesihiň ýüregini agyrtmak islemediler.

Biz loguka bilen imanyň arasyndaky garşydaşlyga ýygy-ýygydan duş gelýäris. Logika bizi razylaşmaga meýillendirýär, emma iman welin, sagdyn pikire garşy ýoly görkezýär. Logika diň salmak bilen biz öz garaýyşlarymyzy unudyp, başgalaryň pikirine eýerýäris. Biz kynçylyklardan gaça durmak üçin öz kalbymyza ýat bolan aýdymy köp aýdýarysmy? Belki, wezipe basgançagynda öňe gitme islegi bize ikiýüzlülik etmäge mejbur edýändir. Adalatsyzlygy görende, işimizi saklamak we has ýokary wezipäni ýa-da has oňaýly ýeri almak üçin, logika dymmalydygyny aýdýar. Eger siz pikiriň sesine juda köp diň salandygyňyzy duýýan bolsaňyz, Hudaýdan Öz sesini eşidip bilmegiňizi haýyş ediň. Kyn hem howply ýagdaýlarda eglişiksiz hereket edip bileriňiz ýaly, Hudaýdan iman soraň.

“Sebäbi men Hudaý üçin ýaşar ýaly, kanun arkaly kanuna öldüm. Mesih bilen birlikde haça çüýlendim”.

Galatýalylar 2:19-20

236-nji gün

ADATY BOLMADYK

ÝENE BIR KONTRABANDISTLER

UKRAINA: SERHEDIŇ AŇYRSYNDAN GELEN MUKADDES KITAP

Sowet serhetçileri özleriniň serhetdäki uçastogyna patrul aýlawyny etdiler. Gije asudady, sowukdy. Agşam gar ýagypdy. Nirelerdedir bir ýerlerde şol deňdäki rumyn tarapynda ot görünýärdi. Ukrain obasy tarapdan itiň üýrýän sesi gelýärdi. Narýady paýlan wagtynda, döwlet serhediniň komandiri esgerleri ýene bir gezek hüşgärlige çagyrdy, sebäbi goňşy uçastkada serhedi bozmaga synanyşyk edilendigi bilnipdi. Kimdir biri serhetden aňry gitmäge synanyşypdyr ýa-da rumynlar kontrabanda taşlamagy niýet edinendirler. Bu diňe bir geýim bilen aýakgap däl-de, dini edebiýatam, şol sanda, Mukaddes Kitabam bolup bilerdi.

Fonaryň şöhlesi täze ýagan garyň üstünde saga-çepe ritmiki usulda ylgaýardy. Birden, ol kontrol guşaklykda aýak yzlaryny ýagtylandyrdy. Aýak yzlary! Rumyniýa tarap ugurda! Ýekeje pursady-da elden bermän, serhetçi jürlewigi dodagyna ýetirdi. Uzyn, çirkin howsala signaly ýaňlandy. Tizara narýad geldi. "Bärik! Bärik! — diýip, esger dört aýak yzy bilen olary alyp gitdi. — Olar uzaga gidenoklar!"

"Ýöne sen olaryň yzyndan Rumyniýa tarap kowalap bilmersiň" — diýip, seržant garşy çykdy.

Garaňkylykda howsala signaly ýaňlananda, dört rumyn mesihisi doňup galdy. Olar serhetçileriň sesleriniň kem-kemden daşlaşýanyny dartgynlylyk bilen diläp oturdylar. Olaryň hemmesi ýeňillik bilen demini aldylar. Toparyň ýolbaşçysynyň signaly boýunça olar özleriniň gizlin ýygnakdaky doganlaryna alyp barýan gymmatly ýüküni — Mukaddes Kitaby — göterip, olar Ukraina tarap ýollaryny dowam etdirdiler. Olar garyň üstüni hapalap, serhetden geçdiler. Yzlar serhetçileri kelebiň ujuny ýitiren ýaly etdi.

Mukaddes Kitapda duşmanymyzyň Hoş Habaryň ýaýramagyna zelel ýetirjek bolup, dürli mekir usullary ulanýandygy aýdylýar. Onuň bilen deňeşdireniňde biz, Hoş Habary "dünýä ýetirjiler" möjek üçin bigünä aw ýaly bolup görünýäris. Emma Isa bize möjekleriň arasyndaky goýunlara abanýan howpuň bardygyny duýdurýar. Biz duşmana mekirlik etmek üçin inçe strategiýany we akylly taktikany ulanmaly. Şeýtanda güýç bar, ýöne Hudaý gudratygüçlüdir. Ol size duşmany ýeňmäge kömek eder. Hudaýyň ýeňişli planlaryny ýerine ýetirmek üçin akyldarlyk hem batyrlyk soramak siziň wezipäňizdir. Sizde nähilidir biri çynlakaý mesele barmy? Özüňiziň indiki ädimiňizi planlaşdyrmakdan öňürti, dileg edip, Hudaýdan akyldarlyk soradyňyzmy? Oňa ynanyň, Ol duşmany nädip ýeňmelidigini bilýär, sebäbi her ýyl, hatda ýüzýyllyklardan we müňýyllyklardan bäri Ol şeýle edip gelýär.

"Ine, Men sizi möjekleriň arasyna goýunlar ýaly ýollaýaryn, şonuň üçin ýylanlar ýaly akylly, kepderi ýaly sada boluň".

Matta 10:16

237-nji gün



“Indi Mesihiň ýerde ýoklugy sebäpli, Ol Öz Teniniň, Ýygnagyň, özüniň görgülerinde Mesihiň görgülerini görkezmegini isleýär. Biz Onuň Teni bolandygymyz sebäpli, biziň görgülerimiz — bu Onuň görgüleridir”.

Jon Paýper “Hudaýyň islegi”.

238-nji gün

ADATY BOLMADYK
HATLAR

WÝETNAM: LIN DAO

Lin Dao ejesi bilen türmäniň ýanyna baranda, näme etjekdigini özi gowy bilýärdi. Ol hemme zat güýçli duýgy bilen gurşalan kiçijik gyzjagazyň hyjuw bilen eden işi ýaly bolup görünmelidi.

Liniň kakasy Wýetnamdaky gizlin ýygnagyň ruhy çopanydy. Lin ýedi ýaşyndaka, polisiýanyň dört ofiseri olaryň öýüne okdurylyp girip, onuň kakasyny barlap başladylar. Olar gyzjagazyň mekdep şkafynyň içinde gizlän Mukaddes Kitaplaryny gözlediler. Onuň kakasyny tussag etdiler-de, düzediş işlerine höküm etdiler.

Olary kakasyndan aýra salyp duran metal gözenegiň ýanyna baranlarynda, Lin özünde mümkinçiliginiň bardygyna düşündi — gözenekde deşik bardy. Lin derrew özünde mümkinçiliginiň bardygyna düşündi. Lin derrew deşikden geçip, kakasynyň boýnuna bökdi-de, ony berk gujaklady. Konwoirler oňa geň galyp seretdiler, ýöne degmediler. Galyberse-de, kiçijik gyzjagaz nähili zelel ýetirsin?

Lin şeýle etmek bilen kakasy papiros kagyzyň ýüzüne Mukaddes Ýazgydan salgylanmalar hem wagyzlar ýazar ýaly, oňa kiçijik ruçka berip bildi. Şol "papiros wagyzlary" kameradan kamera syýahat edip, köp tussaglary imana getirdi.

Lin Dao töwekgelçilikden gorkmaýar. Ol öz kakasynyň ýolundan ýöräp, Hoş Habaryň wagyzçysy bolmak isleýär. Ol kommunistik Wýetnamda imanyňy paýlaşmagyň nähili howpludygyny şahsy tejribesinden bilýär, ýöne adamlara däl-de, Mesihe tabyn bolmak isleýär.

Köplenç adamlar bir ses eşitmegiň deregine, iki ses eşidýärler. Bu bolsa, olara Mesih baradaky şaýatlygynda üstünlikli bolmaga mümkinçilik bermeýän sebäpleriň biri bolýar. Ünsi bir ýere jemlemezden, tabynlyk bolmaýar. Biz ýürekde Hudaýyň mydama özümizi belli bir ýagdaýda gönükdirýän sesini eşitmelidiris: "Şu adama şaýatlyk et". Ýöne munuň bilen bilelikde biz özümize aklama sesini pyşyrdaýan öz sesimizi eşidýäris: "Häzir däl. Soňrak". Hudaýdan diňe Özünde ünsi kuwwatly jemläp we diňe Onuň sesini eşidip bilýän ýürek soraň. Siz bu gün nähili sese gulak asýarsyňyz?

"...adyňdan gorkar ýaly, ýüregimi
ýeke Özüňe bagla".

Zebur 86:11

239-nji gün

ADATY BOLMADYK
GÜÝÇ

BANGLADEŞ: ABDULLA

Abdulla Mesihi kabul edende, maşgalasy elinde baryny edip, ony öz gelen kararyndan el çekmäge mejbur etmäge çalyşdy. Onuň kakasy öýüniň ýanynda metjit gurdurypdy ahyry, özem obasynda, bütin Bangladeşde hormatlanylýan adamdy.

Höre-köşe bilen Abdullany yslama gaýtaryp getirmek başartmanda, maşgalasy zorluga ýüz urdy. Ilki olaryň özleri ogluny urup başladylar, ýöne urgularyň kömek etmeýänini görenlerinde, ony has güýçli hem zalymlyk bilen urmaga kömek etmeklerini sorap, goňşularyna ýüzlendiler. Ýöne Abdulla Mesihe bolan imanyna berk ýapyşdy. Ahyrsoňunda ejesi ony naharlamagyny bes edip, onuň tabagyna diňe kül goýdy. Abdulla Hudaýdan güýç sorap, yranmazlygyna galdy.

Ahyrsoňy maşgala molla çagyryp, olaryň pikiriçe ogullaryny eýeläп "jyny" ýigitden kowmagy üçin yslam däbini ýerine ýetirtdiler. Molla olaryň öýüne gelip, ýigidiň üstünde musulman dogalaryny okady. Ol aýdym aýtdy, oglanyň üstüne elini goýdy, tans etdi we ýüzlendi. Abdulladaky Mukaddes Ruh mizemezdi. Bäş sagatdan soň, ysgyndan düşen molla öz synanyşyklaryndan boýun towlady.

"Abdullanyň ruhy meniň ruhumdan güýçli — diýip, ol gitmänkä aýtdy. — Abdullany ýolundan çykaryp bolmaýar, oňa şol kuwwatly ruhy başgalar bilen paýlaşmagy gadagan edibem bolmaýar". Abdulla dört aýyň içinde 27 musulmany imana getirdi-de, hemmesinde Mesihiň Ruhuny ýakdy.

Potensial energetiki krizis meselesini çözmäge synanyşyp, häzirki zaman inženerler diňe akkumulýator energiýasyny ulanýan awtomobilleri konstrirleýärler. Ýöne mesele awtomobiliň akkumulýatoryna gaýtadan zarýad bereniňde, onuň energiýa çeşmesine barmagynyň gerek bolýandygyndady. Häzirlikçe bu ideýa diýseň täze bolup, akkumulýatora zarýad berýän awtostansiýalarda bar bolan gurallar örän az, olaryň arasyndaky aralyk bolsa, ýeterlik derejede uzak. Energiýa çeşmesi bolmasa, awtomobil güýçsüz bolýar. Edil şunuň ýaly, Mukaddes Ruhuň güýjüni alman şaýatlyk etjek bolýanlar hem, güýçsüz bolýarlar. Hudaýyň Sözüni okamakdan başga-da, biz öz gullugymyz üçin akyldarlyk, gorag we güýç soramalydyrys. Mesihiň güýjünden dolmagyň we şol güýjüň öz üstüňiz bilen hereket etmegine ýol bermegiň deregine, siz öz güýjüňize daýanyp, Mesih üçin işlemäge çalyşmaýarsyňyzmy?

"... Ýöne Mukaddes Ruh üstüňize inende, güýç-kuwwat alyp...".

Resullaryň işleri 1:8

240-nji gün

ADATY BOLMADYK
HUDAÝYŇ SÖZÜNE DAŞARY SÖÝGI

GOLLANDIÝA: ÝAŞ HYZMATKÄR GYZ

XVI asyrda korol Filipp II Mukaddes Ýazgyny özbaşdak öwrenmek islänleriň hemmesine azar berdi. Şol döwürde Mukaddes Kitaby öwrenmegiň üstünde tutulanlary otda ýakdylar, suwa gark etdiler, bölekleýdiler ýa-da diriligine ýere gömdüler.

Korolyň inkwizatorlary Mukaddes Kitaby okaýan ýa-da okamaýandyklaryny biljek bolup, Brýugge şäheriniň häkimininiň öýüni dökmäge geldiler. Gözleg wagtynda olar nemes dilindäki Mukaddes Kitaby tapdylar. Ol ýerdäkileriň hemmesi öýde bu kitabyň bardygy barada hiç zat bilmändiklerini nygtap aýtdylar. Şonda ýaş hyzmatkär gyz bir ädim öňe çykyp: "Ol meniň kitabym. Ony men okaýaryn" — diýdi.

Häkim ony gorajak boldy: "Bu dogry däl, ol okap bilmeýär!".

Ýöne hyzmatkär öz diýenini tutdy durdy. "Bu hakykat, bu meniň kitabym. Ony men okaýaryn, ol meniň üçin janymdan-da gymmat zatdyr!" — diýdi.

Gyzy ölüm jezasyna höküm edip, ony şäher diwarynyň içine salyp, daşyna daş ördüler. Ölümiň öň ýanynda şäher ýolbaşçylarynyň biri oňa ýüzlenip: "Sen şeýle ýaş, näme sen eýýäm ölübermelimi? Sende halas bolmaga mümkinçilik bardy ahyry!" — diýdi.

Ol: "Halasgärim meniň üçin öldi. Menem Onuň üçin ölmäge taýýar" — diýip jogap berdi.

Soňky kerpiji goýmankalar, oňa ýene: "Ýüz öwür! Ýekeje söz aýtsaň, sen diri galarsyň" — diýip teklip etdiler.

Ol diňe özünde ýekeje isleginň — Isa bilen bile bolma isleginiň bardygyny aýdyp: "Eý Rebbim, meni öldürýänleri bagyşla!" — diýdi.

Kimdir biri üçin Mukaddes Kitap köp ýyllaryň dowamyndan bäri meşhur bolmagyny bes etmeýän ýöne bir kitapdyr. Başgalar üçin bolsa, ol diňe nikalaşma dabarasynda we merhumy jaýlama çäresinde ulanylýan maşgalanyň keramatly zadydyr. Emma köpler üçin Mukaddes Kitap mukaddes hem ruhlandyrylan Hudaýyň Sözüdir. Imanly adamlar Mukaddes Kitaba iň gowy görýän adamynyň ýa-da dostunyň haty ýaly seredýärler. Olar Hudaýyň Sözüniň hakykatynda näme görýärler? Ony okamak üçin janyna töwekgelçilik etmäge olary näme mejbur edýär? Jogaby Hudaýdan haýyş ediň. Eger hakykat siziň üçin syrlygyna galýan bolsa, onda, goý, Öz Sözüne gowy düşünip bileriňiz ýaly, Hudaý siziň gözleriňizi açsyn. Hudaýyň kömegi bolmasa, Mukaddes Ýazgydaky sözler diňe kagyz ýüzündäki harplar bolup galar. Olary diňe Hudaý direldip biler.

"Gözlerimi aç, kanunyňda ajaýyp zatlar göreýin".

Zebur 119:18

241-nji gün

ADATY BOLMADYK
ŞAÝATLYK

DEMIRGAZYK KOREÝA: NÄBELLI ENE WE OGUL

“Näme boldy?” — diýip, ogly özleriniň Demirgazyk Koreýadaky öýüniň bosagasyndan gorkup girende, ejesi sorady.

“Şu gün men dostum bilen bile gelýärkäm, bizi polisiýanyň iki ofiseri saklady. Olar dostumy ýykdylar-da, ony mesihi bolmakda aýypladylar. Dostum hatda goranjagam bolmady. Poliseýler onuň ýeňsesine sapança diränlerinde-de, dostumyň ýüzi asudady. Ol meniň ýüzüme seretdi. Ol ýeke agyz söz aýtmasa-da, onuň näme diýýänini men bildim. Ol meniň öz ynanýan zadyna ynanmagymy isledi. Ol ümsümjekden: “Olara ak pata ber” — diýdi. Ony mesihi bolany üçin tutdular. Men bolsa, hatda mesihileriň kim bolýandyklarynam bilmeýärin. Men hiç zada düşünemok.

Ogly gürrüňini gutarýança garaşandan soň, ejesi ony gujaklap: “Men bolsa düşünýärin” — diýdi. Şondan soň ejesi ogluna Halasgär Mesih, Onuň gudrat bilen dogluşy, Onuň haçdaky ölümi arkaly mümkin bolan gutulyş hakda gürrüň berdi. Oglunyň howpsuzlygyň aladasyny edeni üçin oňa Mesih hakda gürrüň bermändigine gynansada, oňa ikinji münkinçiligi bereni sebäpli, Hudaýa minnetdar boldy. “Mesihe azar berijiler seniň dostuňy tutanlarynda, Hudaý ýüregiňe umyt tohumyny ekdi”.

Häzir şol oglan Demirgazyk Koreýa Mukaddes Kitaby gizlinlikde getirýär we öý ýygnaklaryny döredýär.

Ejesi bu oglan doglan wagtynda, oňa fiziki ýaşaýşy berdi, ýöne ejesi ikinji gezek doglup, ebedi ýaşaýyşy almaga kömek etme mümkinçiliginden peýdalanmaga howlukmady. Fiziki ýaşaýyş sönýär, emma Hudaýyň ebedi ýaşaýyş sowgady hiç haçan sönýän däldir. Biz özümiziň gowy görýän adamlarymyz bilen Hudaýyň Sözüni paýlaşanymyzda, Hudaý olara ebedi ýaşaýyşy teklip edýär. Siz gowy görýänleriňiz bilen gutulyşyň manysyny paýlaşma mümkinçiligini ýitirmediňizmi? Hudaýdan bu oglanyň ejesine berşi ýaly, size-de ikinji mümkinçiligi bermegini soraň. Täze mümkinçiligini almak üçin betbagtçylygyň bolaryna garaşyp oturmaň.

“Sebäbi, siz pany tohumdan däl-de, Hudaýyň diri, müdimi galýan sözi arkaly pany bolmadykdan gaýtadan doglansyňyz”.

1 Petrus 1:23

242-nji gün

ADATY BOLMADYK

SENA

DEMIRGAZYK KOREÝA: ELIZABET PRENTISIŇ SENASY

“Men özümi boşap galan ýaly we hiç kime gerek däl ýaly duýýaryn” — diýip, Elizabet Prentis arz etdi. Ol iki aýagyna erk etme mümkinçiligini ýitirip, söz bilen beýan edip bolmajak görgüleri gördi, ýöne özüniň Mesihe bolan imanynyň arkasyndan, töweregindäkilere ruhlanma getirýän ýylgyryş ýüzünden hiç haçan aýrylmady.

Elizabeti gaýgy gurşap aldy. “Hudaýym, meniň ysgyndan düşen kalbyma kömek et, ýalbarýaryn” — diýip, ol sorady. Bir gün ol ruhlanmadan doly bolan senanyň sözlerini ýazdy:

“Saňa bolan söýgüden uly söýgi ýokdur!
Eý, Rebbim, sessiz dilegime gulak as.
Her pursatda maňa
Özüňe bolan uly söýgi ber...
Ýerdäki baýlyga teşne boldum, bagt gözledim;
Indi Seniň aýaklaryňa iman bilen ýykyldym...
Meni hasrat, zähmet gorkuzanok.
Hudaýyň gullukçylary bize parahatlyk getirýär.
Indi olar bilen aýdym aýdýaryn:
Saňa bolan köpräk söýgi ber...”

Elizabet bu senanyň häzirki zaman mesihilerine nähili teselli berjekdigi, olarda nähili täsir galdyrjakdygy hakda pikirem etmedi. Kum Ir Senanyň kommunistik diktaturasy günlerinde, gizlin doga-dileg etme duşuşygyna ýygnanan otuz sany mesihi tutulanda, hökümet olary köpçüligiň öňünde jezalandyrma kararyna geldi. Şonda mesihiler ölümiň öň ýanynda Hudaýy şöhratlandyryp, sena aýtdylar. Bu Elizabet Prentisiň “Saňa bolan köpräk söýgi ber” diýen senasydy.

Isa bize gaýgylanmagy gadagan etmeýär. Ol käwagt bize aglamagyň wajypdygyny bilýär. Ýöne Ol bizi gaty gowy görýär, şonuň üçin biziň ajy gözýaşlara boglup oturmagymyzy islemeýär. Ol hasratyň bizi arassalap, Öz keşbine ýakynlaşdyrmagyna näçe wagt gerek bolsa, şonça-da dowam etmegine rugsat berýär. Haçanda, gözünümize biz mundan artyk çydap bilmejek ýaly bolanda, birden öz durmuşymyzyň gowulyga tarap öwrülendigi görünýär. Biziň güýçlüräk boljak günümizem geler, şonda ýer ýüzi ýeňil ýaly bolar. Ölüme höküm edilen Demirgazyk Koreýaly mesihiler ýaly, bizem, ahyrsoňunda, görgülerde şatlanmagyň nämäni aňladýandygyny bileris. Siz hasratyň öz durmuşyňyzy doly özgerdýändigini duýduňyzmy? Ol siziň Mesihe bolan söýgiňizi köpeltdimi?

“Her zatda Hudaýyň gullukçylary hökmünde özümizi maslahat beryäris... Gaýgyly bolsak-da, hemişe şatdyrys”.

2 Korintoslylar 6:4,10

243-nji gün

ADATY BOLMADYK

AMMAR

RUMYNIÝA: RUHY ÇOPAN RIÇARD WURMBRAND

Ruhy çopan Riçard Wurmbrand agyr demir gapyny açyp, ullakan beton otaga girdi. Ol topbak-topbak bolup, polda ýatan kitaplara seretdi. Ol uludan ýylgyryp, gözlerine ýaş aýlady-da, olaryň birini ýerden galdyrdy: bu rumyn dilindäki çagalar üçin Mukaddes Kitapdy.

Ol tolgunmany ýeňip: "Men häzirki bu ammaryň ýerleşen ýerinde bolupdym. Men hut şu ýerde otuz fut ýeriň astynda — ýekelikde oturylýan tussaglykda — bolupdym. Bu wagtyň dowamynda men Güni-de, Aýy-da, ýekeje gezegem görmedim. Meni her gün uryardylar. Indi bu ýerde Mukaddes Kitaplary we meniň kitaplarymy saklaýarlar. Hudaý mundan gowusyny edip bilmedi!" — diýdi.

1989-njy ýylda Rumyniýada kommunistik gurluş ýok edilende, "Ejir çekenleriň sesiniň" işgärleri bankrota düşen kitap dükanyny we ullakan çap ediş stanogyny döwletden satyn aldylar. Olar Riçard Wurmbrandyň müňlerçe kitaplaryny we Mukaddes Kitaplary çap etdiler, ýöne olary saklamak üçin olara wagtlaýyn jaý gerek boldy. Buharestiň täze häkimi olara Çauşeski köşgüniň ýanyndaky ammary — Riçardyň birnäçe ýylyny tussaglykda geçiren we öz mähriban Rumyniýasyna gulluk etmegini sorap dogadileg eden ýerini — teklip etdi.

Riçard türmede bolan wagtynda, oňa özüni azatlyga hiç haçan hem çykarmajakdyklaryny, şol sebäpdenem, indi onuň Hudaý üçin hiç zat edip bilmejekdigini aýdypdylar. Indi gynama ýeri gulluk ýerine öwrülipdi.

Wanil, ýag, şeker, un kakao — ine, ajaýyp şokoladly torty taýýarlamak üçin gerek bolan esasy önümler. Eger bu zatlaryň hemmesini resept boýunça garyşdyrsaň, onda ajaýyp tagamly tort çykýar. Ýöne, eger bu önümleriň islendik birini, mysal üçin wanili, aýratynlykda alsak, onuň tagamy süýji däl-de, ajydyr. Hudaý — bu şeý aşpezdir. Ol ajaýyp tagam taýýarlamak üçin biziň durmuşymyzdaky bölekleri garyşdyrýar. Her bir aýratynlykdaky başdan geçirmeler ajy bolýandyr, ýöne olary beýlekileriň hemmesi bilen garyşdyrsak, onda durmuşymyz Hudaýyň ýaradany bolup çykýar. Häzir siz agyr ýagdaýlary başdan geçirýärsiňizmi? Hudaýyň sizdäki bolýan zatlary başga wakalar bilen garyşdyryşyny görmek üçin garaşyň. Oňa ynanyň, garaşyň we synlaň.

"Biz ähli zatlaryň Hudaýy söýýänleriň, Onuň maksadyna görä çagyrylanlaryň bähbidi üçin birlikde işleýändigini bilýäris".

Rimliler 8:28

244-nji gün



“Siziň başgalara kömek etmek mümkinçiligiňiz gönüden-göni siziň öz gören görgüleriňize baglydyr. Tölenen töleg näçe ýokary bolsa, başgalara şonça-da, köp kömek edip bilersiňiz. Töleg näçe pes bolsa, siz şonça-da az peýdaly bolup bilersiňiz. Egniňize agyr synaglar, betbagtçylyklar, yzarlanmalar, dawalar düşende — eger Mukaddes Ruha öz kalbyňyzy Isa tarap gönükdirmäge rugsat berseňiz — durmuş başga akymda — Mesihiň akymynda akar”.

Hytaýda imany üçin tussag edilen hytaýly mesihi Woçmen Ni.

245-nji gün

ADATY BOLMADYK
WEPALYLYK

RUMYNIÝA: RUHY ÇOPAN RIÇARD WURMBRAND

Ruhy çopan ýekşenbe mekdebindäki on iki okuwçysyny töweregine ýygnap, belent haýadyň ýanynda durdy. Haýadyň aňry tarapynda giden çukur bardy, onuň aňyrsynda bolsa, gowaga girilýän girelge bardy. Gowagyň girelgesiniň öňünde äpet ýolbars iki baka ýöreýärdi.

Ruhy çopan çagalara ýüzlenip: "Siziň ata-babalaryňyzy imany sebäpli, ine, şunuň ýaly ýolbarslaryň öňlerine taşlapdyrlar. Ýatda saklaň, sizem şonuň ýaly jepa çekmeli bolarsyňyz, sizi ýolbarslaryň öňlerine oklamazlar, şeýle-de bolsa, siz şu haýwanlardan-da, köp esse erbet bolan adamlaryň elinden görgi görmeli bolarsyňyz. Indi belli karara geliň, Mesihe wepaly bolmaga kasam edýärsiňizmi?" — diýdi.

Okuwçylar biri-birleriniň ýüzlerine seretdiler, soňra bolsa, ruhy çopana seretdiler. Olaryň öňlerinde Riçard Wurmbrand, gizlin ýygnakdaky gullugy sebäpli, on dört ýylyny türmede geçiren adam durdy. Rumyniýada ol soňky hepdesini geçirýärdi, sebäbi onuň özi we maşgalasy üçin töleg tölenipdi, şonuň üçin olar birnäçe günden soň, ýurdundan gitmelidi.

Riçard ýekşenbe mekdebiniň bu okuwçylarynyň kommunistleriň elinden görgi görjekdigini ýa-da görmejegini bilmeýärdi, şeýle-de bolsa, olarda iň agyr synaglara döz gelip biläýjek imany döretmek isleýärdi. Şonuň üçin ol ýolbarsy görkezmek üçin okuwçylaryny haýwanat bagyna alyp gitdi.

Çagalyk ýaşyna garamazdan okuwçylar özleriniň ruhy çopanynyň nämäni göz öňünde tutýanyny bilýärdiler. Okuwçylaryň hemmesi gözlerine ýaş aýlap: "Biz Mesihe wepaly bolmaga wada beryäris" — diýip, berk jogap berdiler.

Riçardyň bu çagalara beren sapagy öz wagtynda berlen sapak boldy. Olar, belki, oňa göni duş gelen däldirler, ýöne wagtyň geçmegi bilen ejir çekmäniň nämedigine düşünendirler, bu mysal hem, olara wajyp bolan durmuşy karara gelmäge kömek edendir. Olar Mesihe wepaly bolmaga öňünden wada berdiler. Karara öňünden gelmeklik — bu yzarlanmalar wagtyndaky üstünligiň açarydyr. Biz özümiziň kime wepaly bolmalydygymyzy wepalylygymyz synaga salynmazdan öň bilmelidiris. Has jogapkärli pursat — bu öz mümkinçiliklerimizi ölçäp we garaýyşlarymyzy kesgitleýän wagtymyz däldir. Bu öňden emele gelen garaýyşlarymyzy durmuşa ornaşdyrýan wagtymyz däldir. Öz başlygyňyz, äriňiz ýa-da aýalyňyz, maşgalaňyz, hökümet agzalaryňyz garaýyşlaryňyzy we pikiriňizi üýtgedip bilmezleri ýaly edip emele getirdiňizmi?

"Bizi siz bilen birlikde Mesihde berkiden, wezipä bellän Hudaýdyr".

2 Korintoslylar 1:21

246-nji gün

ADATY BOLMADYK
ŞAÝATLYK

ERMENISTAN: WARFOLOMEUS

Astigas patyşa gazaba münüpdi: "Sen meniň süýtdeş doganymy, aýalymy we çagalarymyň käbirlerini ýoldan çykardyň. Sen hudaýlarymyza tagzym etmäge päsgel berdiň. Ybadathanalaryň gullukçylary seni öldürmegi talap edýärler. Eger sen Isany wagyz etmegi bes edip, biziň hudaýlarymyza gurbanlyk bermeseň, onda eýmenç ölüm bilen ölersiň"

Resullar özleriniň ýollaryna dargaşanlarynda, Bartolomeus Hoş Habary wagyz etmek üçin Likaoniýa, Siriýa, Orta Aziýa we Hindistana gitdi. Ol Ermenistanyň paýtagtyna baryp ýetdi. Bu ýerde köpler Mesihi kabul etdiler. Bu ýerde Bartolomeusy tutup, patyşanyň ýanyna suda getirdiler.

"Men bu işleri etmedim-de, adamlary hakykata getirdim. Men diňe ýeke-täk hak Hudaýa tagzym etmelidigini wagyz etdim. Men imanym hem wyždanym ýraň atandan bu şaýatlygy öz ganym bilen berkiderin".

Patyşa dergazap boldy. Bartolomeusy Hoş Habary wagyz etmegi bes etdirmäge mejbur etmek üçin ol ony gynamagy buýruk berdi. Şeýle-de bolsa, Bartolomeus barybir dymmak islemedi, hakykatdan ýüz öwürmegi-hä, asla-da islemedi. Şonda derisini sypyryp başlanlarynda, akla sygmajak jepalary çekip durşuna, ol töweregindäkileri ýeke-täk hak Hudaýa we Onuň Ogly Isa Mesihe öwrülmäge çagyrdy. Ahyrsoňy, patyşa Bartolomeusyň kellesini kesmegi buýruk berdi. Ony dymmaga mejbur etdiler, emma onuň şaýatlygy ýaşamagy hem-de onuň söýgüsi we Isa Mesihe bolan wepalylygy hakda gürrüň bermegini dowam etdirdi.

Belki, ejir çekenleriň taryhyny eşidende, olar hakda okanlarynda, kimdir biriniň olaryň durmuşyna ýeňliş hökmünde seredýän bolmagy mümkin. Olaryň köpüsi, Bartolomeus ýaly, özleriniň yzarlaýjylarynyň ellerinden öldüler ahyry. Isa-da, kanundan çykma däldi. Onuň ölümden direlmesine garşy çykýanlar, wagtyndan öň ölendigi sebäpli, Ony gullugy pajygaly usulda kesilen ajaýyp Mugallym hasaplaýarlar. Aslyýetinde, ölüm şeýtanyň ýeňşiniň alamaty bolup hyzmat edýärmi? Isanyň ýagdaýynda däl. Isanyň ölümi — bu Hudaýyň günäniň üstünden gazanan gutarnykly hem yzyna gaýtaryp alyp bolmajak ýeňşidir. Ejir çeken mesihileriň ýagdaýynda, olaryň gaýduwsyz ölüminiň arkasyndan alan şaýatlyklarymyz olar diri bolandakysyndan has köp adamy imana getirdi. Öz ölümiň bilen Hudaýy ýaşaýan wagtyňdakydan köp hormatlap bolar.

"Doganlarymyz Guzynyň ganynyň saýasynda, eden güwäliklerиniň sözüniň saýasynda ony ýeňdiler, ölüm derejesine çenli jan söýgüsinden el çekdiler".

Ylham 12:11

247-nji gün

ADATY BOLMADYK
YGLAN EDILMELER

RIM: RESUL PAWLUS

Pawlus öz şägirdi Timoteosa: "Imanyň oňat göreşini alyp bar. Ebedi ýaşaýşa ýapyş. Sen muňa çagyrylyp, ençeme şaýadyň öňünde imany oňat ykrar edensiň" (1 Timoteos 6:12) — diýip ýazýar. Ol göreşiň nämedigini bilýärdi.

Pawlus özüniň Korintoslylara hatynda özüniň başdan geçirmeli bolan zatlaryny suratlandyrýar: "...agyr çydamlarda, muşakgatlarda, mätäçliklerde, çykgynsyz ýagdaýlarda, taýaklanmalarda, tussaglarda, aýaga galmalarda, azaplarda, ukusyzlyklarda, orazalarda... öli ýaly bolsak-da diridiris; jeza çeksek-de, öldürilen däldiris. Gaýgyly bolsak-da, hemişe şatdyrys; garyp bolsak-da, köpleri baýadýandyrys; hiç zady ýok ýaly bolsak-da, ähli zada eýediris" (2 Korintoslylar 6:4-10).

Pawlus ölüm jezasynyň berlerine garaşyp türmede otyrka, ol filipililere hat ýazýar: "Çünki meniň üçin ýaşaýyş Mesih, ölüm hem gazançdyr. Bedende ýaşajak bolsam, bu maňa hasylly zähmet çekmäge pursat bolar. Şeýlelikde, haýsysyny saýlajagymy bilmeýärin. Her iki tarapa-da çekilýärin. Men aýrylmagy, Mesih bilen bolmagy arzuw edýärin, bu has gowudyr. Ýöne meniň bedende galmagym siziň üçin has gerekli. Men galjagymy açyk bilýärin. Ýene ýanyňyzda bolmagym bilen, men sebäpli Mesih Isada bolan magtanjyňyz artar ýaly, imanda ilerlemegiňiz, şatlanmagyňyz üçin, baryňyz bilen galaryn" (Filipililer 1:21-25).

Birnäçe ýyldan soň bolsa ol Timoteosa: "Men oňat söweş alyp bardym, ýaryşy bitirdim, imany goradym" (2 Timoteos 4:7). Pawlus 64 ýaşynda, imperator Neronyň buýrugy bilen öldürildi — ol Isa bilen bile bolmak üçin gitdi.

Eger bize ezýetler ýa-da yzarlanmalar wagtynda gullugy dowam etmäge ruhlanma gerek bolsa, ýöne bir Pawlusyň durmuşyna seredäýmeli. Pawlusyň surnukdyryjy ýoly derrew kynçylyklardan başlandy. Ol "Resullaryň işleri" kitabynda suratlandyrylan, saçyňy syh-syh etdirýän san-sajaksyz wakalary başdan geçirmeli boldy. Şeýle-de bolsa, ol öz betbagtçylyklarynyň baryny Isany tanama şatlygy we Ol baradaky Hoş Habary ýaýratma bagty bilen deňeşdirip bolmaýar diýip hasaplaýar. Eger siz öz gullugyňyzyň soňky aýlawyny ylgaýansyňyz diýip hasaplaýan bolsaňyz, onda Pawlusyň ruhlandyryjy sözlerine gulak asyň, şonda sizde ikinji dem alyş açylar.

"Men bulary hiç zat hasap etmeýärin, janymy özüm üçin gymmat bilmeýärin; döwrümi, Hudaýyň merhemetiniň Hoş Habaryna güwä geçmek üçin, Reb Isadan alan hyzmatymy bitirsem bolýar".

Resullaryň işleri 20:24

248-nji gün

ADATY BOLMADYK
SUWDA ÇOKUNDYRYJY

ÝAHUDA: ÝAHÝA ÇOKUNDYRYJY

Ýahýa Çokundyryjy adalaty goramak üçin her bir mümkinçilikden peýdalandy. Hirodes patyşa öz aýalyndan aýrylyşyp, doganynyň aýalyna öýlenende, Ýahýa gorkmady. Ol beýle etmek bilen Hudaýyň kanunyny bozandygyny Hirodese aýtdy. Bu ýazgarmasy üçin Hirodes Ýahýa aşa gaharlandy. Hirodes, şeýle hem, ondan gorkýardy, sebäbi adamlar Ýahýany pygamber hasaplaýardylar. Hirodes Ýahýadan dynmak isleýärdi, ýöne halkyň nägileligini döretmejek bolup, oňa el galdyryp bilenokdy. Ýöne öz aýaly Hirodeýanyň täsiri bilen ol muny etdi.

Ýahýa türmede oturan wagtynda, Isanyň, dogrudanam, özüniň geljegini öňünden yglan eden Mesihidigine göz ýetirjek bolup, Onuň ýanyna habarçylaryny iberýär. Isanyň, dogrudanam, Şol ekendigine göz ýetireninden soň, Ýahýa öz wezipesiniň ýerine ýetenini bilip köşeşdi. Mesih geldi, şonuň üçin Ýahýa özüne indi näme bolanda-da, tapawudynyň ýokdugyny bildi. Indi diňe Isanyň ähmiýeti bardy.

Hirodes patyşanyň doglan güni mynasybetli bolan baýramçylykda Hirodeýanyň gyzy Hirodes üçin we myhmanlar üçin tans etdi. Tansy gaty gowy gören Hirodes gyza näme islese berjekdigini aýdyp ant içmäge howlukdy. Gyz ejesi Hirodeýanyň aýtmagy bilen tabakda Ýahýa Çokundyryjynyň kellesini getirilmegini isleýändigini aýdýar. Hirodes gaty gynandy, ýöne myhmanlaryň ýanynda boýun towlap bilmän, Ýahýanyň kellesini çapmagy buýruk berdi.

Biz ejir çekenleriň batyrlygyna guwanyp, olaryň edermenligini wasp edýäris, ýöne olar biziň özlerine guwanmagymyz üçin ýaşamadylar we ölmediler. Olaryň her biriniň durmuşdaky maksadyny gözden sypdyrmaz ýaly, biz olaryň eden zatlaryna juda güýçli guwanmaly däldiris. Ejir çekenler Isany garalamak üçin däl-de, Ony şöhratlandyrmak üçin iman ugrunda öldüler. Olaryň durmuşy bolsa, bizi teniň we ganyň öňünde dyza çökmäge däl-de, Rebbi has köp hormatlamaga ruhlandyrmalydyr. Biziň özümizden has köp ýüz öwürmäge edýän dyrjaşmamyz bize şöhrat getirmeli däldir. Siziň wepalylygyňyz öz adyňyzyň mesihilik şöhratynyň zalynda ýazylmagy üçin däldir. Wepalylygyňyz Isany, diňe Ony, şöhratlandyrmalydyr.

"Ol ulalmaly, men bolsa peselmeli".

Ýahýa 3:30

249-nji gün

ADATY BOLMADYK
REGISTRATOR

RUMYNIÝA: FLORIKA

Flarika şübheli bolup, bar umydyny ýitiripdi. Eýýäm bir hepdeden bäri tussaglar aýallary türmeden alyp gidýänlerini görýärdiler. Olary türmäniň howlusyna ýygnap, familiýalaryny okanlarynda, olary nirä alyp gidýändiklerini hiç kim bilmeýärdi.

Günleriň birinde Florika öz adyny aýdanlaryny eşidende, Hudaýyň islegi nähili bolsa-da, şoňa daýanma kararyna geldi.

Tussaglaryň öňündäki stoluň aňyrsynda oturan maýor Florika ýüzlenip: “Biziň bu ýerde Hudaýdan güýçlüräkdigimizi sen bilmelisiň. Hiç bolmanda, seniň Hudaýyň saňa kömek etmäge synanyşýança şeýle bolar. Sen muňa göz ýetirdiňmi? Men kommunistik jemgyýetde Hudaýyň gerek däldigine düşüneriňe wagt bolandygyny göz öňünde tutýaryn. Ol saňa-da gerek däl. Eger seni haçan hem bolsa bir wagt bu ýerden boşatsalar, soňky birnäçe ýylyň dowamynda biziň nähili üstünlikleri gazananymyzy görersiň. Bu diňe başlangyjydyr” — diýdi.

Florika stoluň üstünde ýatan kagyzlara seredip: “Siziň ygtyýaryňyzyň bardygyny görýärin. Siziň stoluňyzyň üstünde meniň ozal görmedik, ýöne meniň ykbalymy çözüp biläýjek dokumentler ýatyr. Emma Hudaýda Öz sanawy bar. Biziň her birimiz janymyzyň barlygy üçin Oňa borçludyrys. Şol sebäpdenem, Ol meni bu ýerde galdyrsa-da, azatlyk berse-de, men kaýyl bolup, Onuň islegini kabul ederin” — diýip jogap berdi.

Üç günden soň Florikany boşatdylar.

Çagalar mekdebe baryp başlanlaryndan soň, klas tagtasynyň nähili kuwwatly güýje eýedigini görýärler. Mekdep okuwçylarynyň pikiriçe, mugallym diýen etmezek okuwçylaryň atlaryny tagta ýazsa, bu olar üçin juda agyr jeza bolýar. Çagakak biz özümizi ynjydýanlaryň atlaryny düzgüni bozujylaryň sanawynda boldurjak bolup jan çekýärdik. Biz şeýle bolan ýagdaýynda, olar jezadan gaçyp bilmejekdiklerine ynanýardyk. Biz bu çaga ynamynyň bir bölegini ýitirmedikmi? Häzirki döwürde ýamanlygyň dünýä şeýle güýçli ýaýramagy bizi ýadadany sebäpli, biz indi Hudaýyň “atlary ýazýanyna” ynanmaýarysmy? Mukaddes Kitap bütin dünýäniň Hudaýa hasabat berjekdigini aýdýar. Şonuň üçin ýamanlyk jezasyz galýan ýaly bolup görnende, ruhdan düşmäň, Hudaý Öz suduny geçirer.

“...Ýöne her agyz baglanyp, bütin dünýä Hudaýyň hökümine sezewar bolar...”

Rimliler 3:19

250-nji gün

ADATY BOLMADYK
REWOLÝUSIONERLER

RIM

Ilkinji mesihiler rewolýusionerlerdi. Butlara tagzym edip, şeýle etmekden boýun towlaýanlary "hudaýsyzlar" diýip atlandyrýan jemgyýetde mesihiler Rimiň bitewiligine howp salýan radikal güýç bolupdy. Olar köplügiň hukuklaryny ykrar etmeýärdiler, şonuň üçin rim hökimetine abanýan howp hasaplanylýardylar. Olary şeýle bir ýigrenýärdiler, şol sebäpdenem, olaryň ölüm jezasy diňe bir gündelik hadysa bolman, eýsem, bu jezany adaty bolmadyk yhlas bilen ýerine ýetirýärdiler.

Köpleriň gutulyş alyp bilmekleri üçin mesihiler Mesihiň gaýdyp gelmeginiň üsti bilen gelen soňky sudy we dünýäniň özgerenini yglan eden rewolýusionerler bolupdylar. Olar Isa Mesihiň rim imperatoryna garanda has uly ygtyýara eýedigini yglan edýärdiler. Şol sebäpdenem, rim hökümeti özlerini "mesihi" diýip atlandyrýanlary sudsyz hem derňewsiz öldürmelidigi hakynda perman çykardy. Imperatoryň güýjüne şübhelenmäge het edip bilen bu "gozgalaňçylara" hatda kazynyň öňünde özüni aklamaga-da mümkinçilik bermediler. Rim imperiýasy mesihiler yzarlanan üç döwri bilýärdi. Bu döwürler biri-birinden eýmençdi.

Imany üçin parçalananlary "ejir çeken" diýen sözi bilen atlandyryp başladylar. Soňrak bu sözi kazynyň we imperatoryň öňlerinde gowuja okadylan esgeriň tutanýerliligi bilen öz imanyna şaýatlyk edýänler babatda-da, ulanyp başladylar. Olar işine seredilen wagtynda edilen şaýatlygy üçin ölmedik bolsalar-da, olary "ejir çekenler" ýa-da "toba edijiler" diýip atlandyrýardylar. Olar özleriniň garaýyşlaryny özgetrmediler. Ejir çeken bolmaklyk — gazaply ýagdaýlara garamazdan, Mesihe bolan imanyň şaýady bolmagy aňladýar. Mesihiň her bir şaýady — bu döwrebap rewolýusionerdir.

Geçmişdäki ejir çekenlerem, häzirki biz ýaly, ruhy urşuň esgerleri bolupdylar. Isa haçda ölmek bilen erbetligiň güýjüni çym-pytrak edende, bu söweş başlanypdy. Onuň ölümi jynlary ýaragsyzlandyrdy. Ejir çekenler häzirem söweşip, şol urşy alyp barmagy dowam etdirýärler, ýöne fiziki ýarag bilen däl-de, ruhy ýarag bilen. Şahsy ykrar etme — bu olaryň esasy ýaragydyr. Olar duşmanyň territoriýasyna– mysal üçin, diktatorlyk edilýän döwletlere — barýarlar-da, batyrlyk bilen Mesihiň şeýtany ýeňenini yglan edýärler. Olaryň iň uly gymmatlygy — ýaşaýyş däl-de, Isa hakdaky şaýatlykdyr. Olar öz garaýyşlaryny saklajak bolup, janlaryny bermäge-de taýýardyrlar. Siz hut nirede söweşe başlaýarsyňyz? Siz öz şaýatlygyňyzyň ýaragyny ulanmaga taýýarmy?

"Imanyň oňat göreşini alyp bar. Ebedi ýaşaýşa ýapyş. Sen muňa çagyrylyp, ençeme şaýadyň öňünde imany oňat ykrar edensiň".

1 Timoteos 6:12

251-nji gün

Tabşyryk

Men Rebden öz ýakynyma kömek etmegini,
Hem Hoş Habary uzak ülkere äkitmegini,
Ejizleri köşeşdirmegini soradym,
ýöne Ol maňa:
“Eger Meni söýýän bolsaň, onda Meniň
ellerim bol” — diýdi.

Men Rebden öljekleriň ýanlaryna barmagyny,
Hem köçedäki ýetimiň ýanyna barmagyny,
Ýesiri baryp görmegini soradym,
ýöne Ol maňa:
“Eger Meni söýýän bolsaň, Meniň aýaklarym
bol” — diýdi.

Men Rebden garyplaryň aladasyny etmegini,
Hem aglaýan her bir çaga seretmegini,
Her kimiň mätäçligini görmegini soradym,
ýöne Ol maňa:
“Eger Meni söýýän bolsaň, Meniň gözlerim
bol” — diýdi.

Men Rebbe: ”Saňa gulluk etmek isleýän,
Ýöne nädip başlajagymy bilemok” — diýdim.
“Söýgi — ine, jogaby” — diýip,
aýtdy Ol maňa.
“Eger Meni söýýän bolsaň, Meniň ýüregim
bol” — diýdi.

G. Şiri Westfoll

252-nji gün

ADATY BOLMADYK
ÇYDAMLYLYK

PATMOS: RESUL ÝAHÝA

Özüni ýagda gowursalar-da, ölmeýäni näme etmeli?

Resul Ýahýa hakda gaty kän rowaýatlar bar. Aýtmaklaryna görä, rim imperatory Domisian resuly ýagda gaýnatmagy buýruk beripdir, emma Ýahýa gazanyň içinden wagyz etmegini dowam etdiripdir. Başga bir gezekde ony zäher içmäge mejbur edýärler, ýöne Markus 16:18-de wada berlişi ýaly, bu oňa zyýan ýetirmändir. Şonuň üçin şol wagtlarda, biziň eramyzyň 95-nji ýylynda, Efesdäki ýygnaga ýolbaşçylyk edip ýören Ýahýany Patmos adasyna sürgün etdiler.

Ýahýa bu zatlaryň hemmesinden aman geçdi, sebäbi entek özi üçin Hudaý tarapyndan bellenilen zatlaryň hemmesini ýerine ýetirmändi. "Ylham" entek ýazylmandy, ol indi ýazylmalydy.

Patmos adasyndaky gowakda Ýahýa görnüş görýär. Şol görnüş hem, ýuwaş-ýuwaşdan "Ylham" kitabyna — ýygnagyň taryhynda Hoş Habary ýaýratmanyň herekete getiriji güýji bolan kitaba — öwrüldi. Bu — Mesih geljek wagtynda boljak wakalaryň pygamberligidir. Ýahýa Mesihiň ikinji gezek gelşi hakda ýazdy we bu waka begendi. Bu kitap hatda häzirem, imanlylary Rebbiň şöhrat içinde ikinji gezek gelmegine garaşmaga ruhlandyrýar.

Imperator Domisiniň ölenine iki ýyl geçenden soň, Ýahýa sürgünden Efese gaýdyp geldi. Mesihiň iň ýaş şägirdi şeýle köp zatlary başdan geçirip, iň köp ýaşan şägirt bolup, Mesihiň ýygnagyna ýarym asyrdan gowrak wagtlap batyrlyk bilen gulluk edenden soň, parahatlykda segsen ýaşynyň içinde öldi.

Hudaýa edýän gullugyňdan ýaşyňa görä dynç alşa gitmek mümkin däl. Ýahýadan soraň. Mesihileriň ömrüniň ortaça dowamlylygy gaty bir ýokary bolmadyk wagtynda, Ýahýa segsen ýaşa çenli ýaşady. Ol bu wagtyň dowamynda öz borjuny yhlas bilen ýerine ýetirdi. Belki, siz özüňizi gaty garry hasaplap, özüňiziň deregiňize Hudaý ýaşrak birini ulanyp bilerdi diýip hasaplaýansyňyz. Ýa-da siz ýaş, öýlenmedik ýa-da durmuşa çykmadyk bolup, özüňizden durmuş gursaňyz Hudaý üçin peýdaly boljak — bolmajakdygyňyzy soraýansyňyz. Size bahana tapyp, gitmäge ýol bermegiň deregine, Hudaý sizde köki bilen aýyrmasy kyn bolan ruhy durnuklylygy ösdürmek isleýär. Hudaýa edýän gullugyňyzda Ondan özüňize indiki ädimleri açmagyny soramagy şu günden sorap başlaň.

"Isa degişli biri hökmünde muşakgatda, sabyrda, patyşalykda şärikdeşiňiz bolan men, doganyňyz Ýahýa Hudaýyň Sözi, Isanyň güwäligi sebäpli Patmos diýen adadadym".

Ylham 1:9

253-nji gün

ADATY BOLMADYK
TABYN BOLMAZLYK

ÝERIHO: RAHAP

Ýeşuwa iki içalyny Ýerihony görmek üçin iberende, olar Rahap atly lolyçylyk edýän aýalyň öýünde gizlenýärler. Rahabyň öýi Ýerihonyň şähere çagyrylmadyk myhmanlardan goraýan şäher diwarlarynyň gapdalynda gurlandy. Patyşa şähere ysraýyl içalylarynyň girenini eşidende, olary derrew tutmagy buýruk berdi.

Rahap patyşa tabyn bolman, içalylary gizledi. Ol hatda olaryň janyny halas etmek üçin ýalanam sözledi. Soňrak, şol agşam, Rahap içalylary şäherden gizlin çykarmak üçin olary uzyn ýüp bilen penjireden aşak sallady.

Rahap Ysraýylyň Hudaýy hakda az bilýärdi, ýöne ol Onuň halkyna kömek etmäge taýýardy. Ol özüniň butparaz hökümdarlaryna tabyn bolman, öz janyna-da töwekgelçilik etdi. Şu eden işiniň kömegi bilan ol Ýeşuwanyň halky şäheri eýelände aman galdy.

Şuňa meňzeş ýagdaýa biz Resullaryň işleri 9:25-de-de duş gelýäris. Pawlus iman edenden soň, birnäçe gününi sinagogalarda wagyz edip, Şamda şägirtler bilen geçirdi. Pawlusda bolup geçen üýtgeşmelere haýran galan ýewreýler ony öldürme kararyna geldiler. Şägirtler ony ölüm howpundan goramak üçin şäher derwezesine barman gideri ýaly, Pawlusy diwardan sallap düşürdiler.

Käbir mesihiler awtoritar ýurtlarda döwlet häkimiýetine tabyn bolmazlygyň sebäbi yzarlamalarda diýip hasaplaýarlar. Resmi ybadathana girmekden boýun towlaýan hytaýlylar özleriniň duçar edilýän gazaply gynamalaryna mynasypmy? Yslam ýurtlaryndaky mesihilige geçýän musulmanlar daşlanylyp öldürilmäge mynasypmy? Birnäçe tekstleri dürlüçe düşündirmek mümkin bolsa-da, bir zatda mesihileriň hemmesiniňem pikiri bir bolýandyr: biz hudaýsyz häkimiýetiň özümizi Hudaýyň kanunyny bozmaga mejbur etmegine ýol bermeli däldiris. Elbetde, bu mesihilere döwlete tabyn bolmazlyk etmegine hukuk bermeýär. Tabyn bolmazlyk diňe biz Mesihe wepalylyk etmek bilen hereket edýän kanunlary ýerine ýetirmäniň arasynda saýlaw etmeli bolanda aklanylyp bilner.

"... bu bar häkimiýetler Hudaý tarapyndan gurlandyr".

Rimliler 13:1

254-nji gün

ADATY BOLMADYK

ALDAW

DEMIRGAZYK KOREÝA: GARRY AÝAL

“Bir gün mugallym maňa adaty bolmadyk oýny oýnajakdygymyzy aýtdy. Ol maňa biziň ene-atalarymyzyň öýde gizlemegi başaran aýratyn kitaby hakda pyşyrdap gürrüň berdi. Biz olar uklaýançalar garaşmalydyk, soň şol kitaby tapyp, ony gizlinlikde baýrak almak üçin mekdebe alyp barmalydyk. Men öýe gelen badyma derrew kitap gözlemäge başladym”.

Men ertesi gün klasa Mukaddes Kitap alyp baran on dört çaganyň biridim. Bizi açyk reňkli lentalar bilen sylagladylar, soň biz klasyň içinde marş bilen ýöränimizde, beýleki okuwçylar ellerini çarpyp durdular.

Şol gün men özümiň nädip gyzyl lenta utup alanymy tizräk ejeme gürrüň bermek üçin öýe ylgap gitdim. Emma ol öýde-de, ammarda-da ýokdy. Men garaşdym, emma ejemem, kakamam gelmedi. Men gorkdum. Özümem gaty ajykdym, gün bolsa, eýýäm batyp barýardy. Men aglap, kürsiniň üstünde uklap galypdyryn.

Ertesi gün öýe polisiýanyň ofiseri gelip, indi meniň döwletiň howandarlygy astynda boljakdygymy aýtdy. Men şondan soň, öz ene-atamy hiç haçanam görmedim”.

Bu wakany Demirgazyk Koreýadan bolan bir garry aýal gürrüň berdi. Ol özüniň howlukmaçlyk bilen şeýle hereket edendigi üçin özüni bagyşlap bilmeýärdi. Ol şunuň ýaly betbagtçylygy başdan geçirenleriň köpden biridi.

Şeýtan biziň ýanymyza özüni meşhur karikaturalarda şekillendirişleri ýaly, gyzyl eşik geýip, çarşak bilen ýaraglanyp gelmeýär. Şeýle etse, ony tanamak örän aňsat bolardy. Biz oňa şu wakadaky gyzjagaz ýaly, birazrak başga keşpde ýygy-ýygydan duş gelýäris. Köplenç duşmanyň wekilleri häkimlige eýe bolmak isleýän adamlar bolýarlar. Telekeçilikdäki partnýorymyzyňsüýji wadalarynyňözümize nähili täsir edýänine serediň. Uniwersitetiň adyndan söz beren professoryň talyba nähili ygtyýarynyň bolýanyny göz öňüne getiriň. Bu taryhda çaga duşmanyň düzgün boýunça oýnamanyny bildi. Biz ynanjaňlygy unudyp, nirede duş gelsek-de, duşmandan seresap bolmalydyrys. Siz duşman üçin aňsat oljamy? Sizi gapyllyga salmak aňsatmy?

“Bu geň zat däl, sebäbi, şeýtanyň özi-de nur perişdesiniň keşbine girýär. Şonuň üçin onuň gullukçylary-da dogrulyk gullukçylarynyň keşbine girse, bu uly bir zat däldir, olaryň soňy işlerine görä bolar”.

2 Korintoslylar 11:14-15

255-nji gün

ADATY BOLMADYK

TUSSAG

WÝETNAM: TO DIN TRUNG

To Din Trung kho taýpasyna wagyz etmek üçin öz welosipedinde ýüzlerçe kilometr çarkandakly hapa ýoly geçdi. Bu altmyş sany wýetnam taýpalarynyň biri bolup, olara Hoş Habary wagyz etmeklik döwlet tarapyndan gadagan edilipdi. 1995-nji ýylda ol kho obasyna baranda, poliseýler ony welosipedinden çekip düşürip ýençmäge başladylar. Olaryň biri muny wideoplýonka düşürdi.

Wagyzçyny gözenegiň aňyrsyna taşlap, sud bolýança, alty aýlap ol ýerde sakladylar. Ol "Rebbi gije — gündiz söý" diýen çagalar üçin ýazylan aýdymy aýdany üçin ony has köp tussaglyk möhletine höküm etdiler.

Ahyrsoňunda halkara mesihilik guramalarynyň Wýetnam hökümetine eden basyşynyň arkasyndan Trungy möhletinden üç aý öň goýberdiler. Oňa öýe wepaly aýaly bilen iki sany kiçijik çagasy garaşýan bolsada, ol azatlyga çykmak islemedi, sebäbi onda azaşan janlara wagyz etmäge ajaýyp mümkinçiligi bardy. Hökümet oňa näme edip biljekdi? Ol şeýle-de, türmededi.

Trungyň eden tagallalarynyň kömegi bilen Kwan Hgaýiniň golaýyndaky türmedäki köp tussaglar Mesihe imana geldiler. Wagyzçy özi üçin nähili köp mesihileriň doga-dileg edýänini bilip, ömrüni durşuna Hudaýyň Patyşalygynyň golaýlaşmagyna bagyş etme kararyna geldi. Trung türmedäki wagyz etme gullugyny dowam etdirmek üçin wagtyndan öň azatlyga çykarylmakdan boýun towlady.

Ozal Trung döwletiň tussagydy. Ol zalymlyk bilen gynamalaryň nämedigini bilýärdi. Şeýle-de bolsa, türmede meýletinlik bilen galyp, Isa Mesihiň tussagy boldy. Döwlet ony döwmäge synanyşdy. Emma öz Jenaby — Isa — her gezek onuň güýjüni täzeden dikeltdi. Döwlet onuň habaryny ýatyrmaga çalyşdy. Emma Isanyň kömegi bilen onuň habary her bir türme kamerasynda ýaňlandy. Bu dünýäniň aladalary hem betbagtçylyklary tarapyndan gul edilen bolsaňyzam, Mesihiň ygtyýary astynda azatlykdan lezzet almanyň nämäni aňladýanyny Trung bize ýatladýar. Belki, siz özüňizi agyrlaşýan ýagdaýyň ýesiri ýaly duýýansyňyz. Isa özüňizi azatlyga çykarmaga rugsat ediň, Ony öz durmuşyňyzyň hakyky Hökümdary ediň.

"Şu sebäpli, siz özge milletler ugrunda Mesih Isanyň bendisi bolan men Pawlus...".

Efesliler 3:1

256-nji gün

ADATY BOLMADYK

RUHY ÇOPAN

SUDAN: RUHY ÇOPAN LUKA

Günorta Sudandaky gullugyna dolanyp barmak üçin gaçgaklaryň lagerinden girjek bolanda, bäş çagasynyň her biri we aýaly bilen hoşlaşmak ruhy çopan Luka juda agyr düşdi. Ol öz maşgalasyny üç aýdan soň görýärdi, sebäbi onuň gullugy raýatlyk urşy we yslam häkimiýetiniň hüjümleri sebäpli weýran bolan etraplarynda geçmelidi.

Lukanyň ýygnagyna gelýänleriň özlerinde ýygnak binasy ýokdy, sebäbi Sudandaky ýigrimi ýyl dowam eden raýatlyk urşy sebäpli, gaty köp öýler harabaçylyga öwrülipdi. Her hepdede olar gabygyna oýulyp ullakan haç çekilen äpet bir agajyň kölegesinde ýygnanyşýardylar. Ýygnanyşyk bolan wagtynda, mesihiler ýerde oturýardylar ýa-da ruhy çopan Luka Çekilen haçyň öňünde durup wagyz eden wagtynda dik durýardylar.

Eger ruhy çopan Luka öz maşgalasy bile galan bolsa, onda ol her gün özüne gymmat bolan adamlaryny görüp bilerdi. Ynsanperwer missiýanyň işgärleri Lukasyzam, öýsüz-öwzarsyz sudanlylaryň aladasyny edip, olary azyk bilen üpjün etmegi dowam etdirip durardy. Eger Luka ýola düşmese, onda onuň ýerini kim eýelär?

Luka ozal ýygnak bolmadyk ýerde wagyz edýär. Ol Hudaýyň urşuň boş galdyran ýurdunda duz hem nur bolmaklyga eden çagyryşyna seslendi. Ruhy çopan Luka öz maşgalasyny terk etmek gaty agyr düşýär, käwagt çydar ýaly bolmaýar. Şeýle-de bolsa, Hudaý gitdigiçe ösýän adaty bolmadyk "agajyň astyndaky ýygnak" bilen onuň pidasyny sylaglady.

Hudaýa gulluk etmeklik bizi köplenç söýýänlerimizden aýra salýar. Otuz ýaşynda Öz gullugyna başlanda, Isanyň Özem mähriban şäherindäki tanaýan we söýýän adamlarynyň hemmesini terk etdi. Eger biz Hudaýyň özümiz üçin taýýarlan maksadyny ýerine ýetirmek isleýän bolsak, onda köplenç näbellilige gitmäge taýýar bolmalydyrys. Syýahatymyz bizi özümize ýakyn bolan adamlardan, öýümizden, amatlyklardan we howpsyzlykdan mahrum edip bilýän bolsa-da, bizi Mesihiň söýgüsinden aýyrmak mümkin däldir. Onuň söýgüsi biziň mydamalyk hemramyzdyr, şonuň üçin hiç haçan ýeke bolýan däldiris. Siz öýüňizi küýseýärsiňizmi? Maşgalaňyzy, dostlaryňyzy küýseýärsiňizmi? Eger siz durmuşyňyzda Hudaýyň islegini ýerine ýetirýändigiňize ynamly bolsaňyz, onda öz çagyrylyşyňyzdan el çekmeli dälsiňiz. Mesih mydama ýanyňyzda bolar.

"Mesihiň söýgüsinden bizi kim aýrar?"

Rimliler 8:35

257-nji gün

ADATY BOLMADYK
TELEWAGYZÇY

WÝETNAM: KBE DOGAN

Kbe doganyň çagalary ony telewizorda birinji gezek görenlerinde begendiler. Ýöne diktor olaryň kakasynyň jenaýatçydygyny aýdan badyna, şatlyklaram gaýyp bolup gitdi. Diktor Kbeniň wetman döwletine garşy edilen köp jenaýatlarda günäkärdigini tassyklady.

Kbe doganyň "jenaýaty" hasaba alynmadyk öý ýygnaklarynyň toparlarynda geçirilen ýygnanyşyklar wagtynda Hoş Habary wagyz etmekden ybaratdy. Hökümet kemsitmek hem töweregindäkileri onuň bilen gatnaşyk etmekden seresap bolmaga mejbur etmek üçin wagyzçyny telewizorda görkezdi. Radio bilen telewideniýe polisiýada Kbeni sorag edişlerini gürrüň berdiler we görkezdiler. Ýöne bu Hoş Habaryň ýaýramagyna diňe ýardam etdi. Bu Kbeniň ençelere Mesih hakda gürrüň berip bilen münberi boldy. Göni kameranyň öňünde aňtaýjy Kbeni imany hakda sorag etdi, şonda ol diňleýjileriň we tomaşaçylaryň hemmesine Mesih hakda gürrüň berip bildi. "Olar meni telewizorda görkezdi, şonuň üçin indi adamlar köçede meni tanaýarlar. Goňşularym menden: "Sen näme üçin maşgalaňdan gidýärsiň?" — diýip soraýarlar. Men bolsa, maşgalamyň aladasyny Hudaýyň edýänini, ekin meýdanynda hasylyň ýetişendigi, işçiniň bolsa azlygy üçin maňa gitmegiň gerekdigini aýdyp jogap beryärin" — diýýär.

Kbeni masgara etme synanyşygynyň onuň gullugyna zelel ýetirmändigini görende, polisiýa eger wagyz etmäge ýene het edip biläýse, onda tussag etjekdigini aýdyp haýbat atdy. "Adymyzyň Ýaşaýyş Kitabynda ýazylandygyna, telewideniýede görkezilen ýüzümiň bolsa, gullugymda kömek edýändigine aýalym begenýär. Polisiýa Hoş Habary ýaýratmaga kömek edýär. Olar ýygnagy ýapyp bilerler, ýöne şaýatlygymyzyň ýaýramagyny saklap bilmezler" — diýip, Kbe aýdýar.

Mesihileri otda ýakybam, gandallabam, türme kameralarynda saklabam ýada sürgüne iberibem bolýar. Mesihiler ölübem bilerler, emma Hoş Habar welin, ýaşamagyny dowam etdirer. Kbe Hoş Habaryň ýaýramagynyň ýygnak binasynada, ýygnaga-da, belli bir mesihä-de bagly däldigini ýatladýar. Ýygnak binasyny ýapyp bolýar. Ýygnagy dargadyp bolýar. Imanly adamy tussag edip ýa-da öldüribem bolýar. Siziň mesihilik baradaky düşünjäňiz belli bir ruhy çopan, ýygnak binasy ýa-da gulluk bilen baglanyşyklymy? Eger şu daşky alamatlar bolmasa, siziň imanyňyz (demokratik däl döwletlerde bolşy ýaly) mundan beýlägem gülläp ösermi? Çäklendirmeleriň hemmesine garamazdan, Hudaýyň Sözi galýar we ebedi ýaşaýar! Kbeniň edişi ýaly, siz öz imanyňyz hakda şaýatlyk etmegi dowam etdirmäge güýç taparsyňyzmy?

"Meniň ýaýradýan Hoş Habaryma görä... Men bu Hoş Habar ugrunda, jenaýatçy ýaly, zynjyrlar bilen baglanyp görgi görýärin".

2 Timoteos 2:8-9

258-nji gün



“Hudaýyň hyzmatkäri bolma mümkinçiligi mydama we hemme ýerde bardyr. Duşmanlar ýekeje zady üýtgetmäge ukyply däldirler. Ruhy taýdan bizde diňe bir Ýolbaşçy bar. Ol biziň ädimlerimizi gönükdirýär”.

Kiçijik uçardan kommunistik ada hoşhabar kitapçalaryny oklany üçin tussag edilen kuba türmesiniň tussagy Tom Uaýt.

259-nji gün

ADATY BOLMADYK

LUKMAN

RUMYNIÝA: LUKMAN MARGARETA PESKARU

Rumyniýadaky her bir türmede sorag edilen wagtynda, jellatlara ölüme alyp barmaýan agyryny nädip döredip bolýanyny maslahat berýän lukman bolýardy. Emma Gippokratyň kasamyny ýürekden kabul eden birnäçe lukmanlar kommunistleriň edýän zatlaryny ýazgaryýardylar.

Şonuň ýaly lukmanlaryň biri-de, Margereta Peskaru atly owadan mesihi zenandy. Türmä girelgäniň öňünde medisina işgärlerini gaty çynlakaý barlaýardylar, ýöne lukman Peskaru öz şahsy azatlygyna töwekgelçilik edip, tussaglaryň mätäç bolan dermanlaryny türmä birnäçe gezek gizlinlikde getirdi. Onuň özüni bagyş etmesi köp janlary halas etdi.

Bir gün ol inçe keseller saklanylýan türme keselhanasynda işläp otyrdy. Ol wagtlarda kommunistler adamy ynamyndan ýüz öwürmäge we kommunizme wepalylyga kasam etmäge mejbur etmek üçin islendik serişdeleri ulanmaklyk pugsat edilen "gaýtadan terbiýeleýjileriň" kömegine ýüz tutýardylar.

Şol "gaýtadan terbiýeleýjiler" rehimsizdiler. Mesihileriň ençesi olaryň ellerinden öldüler. Lukman Peskaru türme keselhanasyna inçe keselliler bilen "işlemäge" başlamak üçin "gaýtadan terbiýeleýjileriň" gelenini eşidende, şol wagtlar akla sygmajak hereketi etdi. Ol düzediş — zähmet guramalarynyň ýolbaşçysyna ýüz tutup, ejiz tussaglaryň tarapyny tutdy. Munuň netijesi garaşylmadyk zat boldy: ýokary wezipeli adam lukman Peskarunyň haýyşyny kanagatlandyrdy.

Şeýdip, wagtlaýyn bolsa-da, kommunistik Rumyniýada "gaýtadan terbiýeleýjiler" tussaglary gynamaklaryny bes etdirdiler.

Synanyşyk. Bu öňe ädilen ädimi duran ýeriňi depgiläp durmakdan tapawutlandyrýan zatdyr. Synanyşmak. Bu eger garaýyşlary Isa Mesihiň Hoş Habarynda jemlenen bolsa, onda mesihileriň etmäge borçly bolan zadydyr. Synanyşdym. "Men synanyşdym" diýmeklik — bu mesihileriň şowsuzlygy kabul edýän ýeke-täk usulydyr. Eger biz synanyşmasak, hiç haçanam bilmeýäris ahyry. Biz işde, öýde ýa-da ýygnanyşygymyzda Hoş Habary ýaýratma synanyşygyny gaty aňsat ret edýärismi? Biz synanyşyk üstünlik getirmez diýip pikir edýäris. Biz garşy çykmanyň juda güýçli boljakdygyna özümizi ynandyrýarysmy? Ýöne synanyşmasak, elbetde, biz bilmeris. Şu günden başlap, islendik ýagdaýda-da, Mesihe tabyn bolmaga başlamaga siz taýýarmy?

"...kanundan çykýan hem bolsam, patyşanyň ýanyna giderin. Goý, ölsem öleýin".

Ester 4:16

260-nji gün

ADATY BOLMADYK

OBOÝLAR

KOREÝA: ROBERT J. TOMAS

1863-njy ýylyň iýulynda Robert J. Tomas bilen aýaly Günorta Koreýada birinji missionerler bolmak üçin bu ýurda gitdiler. Olaryň bu ýere baranyna köp wagt geçmänkä, Robertiň aýaly öldi. 1866-njy ýylda Tomas Günorta Koreýadaky wagyzçylyk gullugynyň birnäçe aýynyň dowamynda koreý dilini öwrendi. Ol "General Şerman" atly amerikan gämisinde häzirki Demirgazyk Koreýanyň paýtagtynyň ýerleşýän ýerine Tedongan deryasynyň akymy bilen barýardy. Ýöne "Şerman" saýa batýar. Koreý esgerleri ýaldyrap duran uzyn pyçakly borta münýärler.

Tomas özüni öldürjek bolýandyklaryny görende, esgerlere koreý dilindäki Mukaddes Kitaby uzadyp: "Isa, Isa" diýýär. Onuň kellesini kesýärler.

Tomasyň ölenine 25 ýyl geçenden soň, kimdir biri şu etrapda kiçiräk myhmanhana tapýar. Onuň zalynda bolsa, örän täsin oboý bardy. Oboýlara koreý iýeroglifler çap edilendi. Myhmanhananyň eýesi ýazylan zatlary ýitirmejek bolup, şol kitabyň sahypalaryny diwara ýelmändigini düşündiryär. "Diwarlary okamak" üçin myhmanhananyň eýesem, ençe myhmanlaram zala gelýärler. Diwarlarda Tomasyň özüni öldüren ganhorlara uzadan Mukaddes Kitabynyň sahypalary ýelmenendi.

Bu ýerde kommunizm höküm sürýän bolsa-da, ýygnak diri. Robert J. Tomasyň "Wagtlaýyn missiýa" diýlip atlandyrylan gullugy Demirgazyk Koreýada, Hudaýyň Sözi diňe bir diwarlara ýelmenmän, eýsem, adamlaryň ýüreklerinde-de gizlenilen ýerde, entegem dowam edip gelýär.

Göz öňüne getirip görüň, ýazda siz bakja ekdiňiz, tomusda bolsa, ýaşamak üçin başga ýere gitdiňiz. Pomidorlaryň, burçlaryň, gawunlaryň gämiklerini ekmäge, otamaga we suwarmaga sarp eden wagtyňyz we hyzmatyňyz göwnüňize ýitirilen ýaly bolar. Biziň Mesih hakdaky şaýatlygymyz barada-da, şuny aýtmak bolar. Ýöne bu ýagdaýda alnan hasyl bir sebet pomidordan has ýokarydyr. Eger öz hyzmatymyzyň miwesinden lezzet alyp bilmesek, onda agyr zähmetimiziň gymmatynyň bilinjegine we hasyl getirjegine ynanmak bize aňsat bolmaz. Ýatda saklaň, hemme zady Hudaý ösdürýär. Ol biziň başlan işimizi, bizi başga ýere göçüren ýagdaýynda-da, dowam eder. Başga biri ösdürer ýaly, siz nähili bakja galdyrmakçy?

"Men ekdim, Apollos suwardy, ýöne ösdürýän Hudaýdyr. Şoňa görä, ekende, suwaran-da hiçdir, diňe ösdürýän Hudaý ähmiýetlidir".

1 Korintoslylar 3:6-7

261-nji gün

ADATY BOLMADYK
ÇYDAMLYLYK

RIM IMPERIÝASY: BLANDINA

Blandina Hudaýyň güýjünden doly bolan hyzmatkär bolany üçin ony gezekli-gezegine gynan adamlar ahyrsoňy ýadadylar-da, çekildiler. Gynamalar Blandinany diňe güýçlendirýän ýaly bolup göründi. Ol batyrgaýlyk bilen: "Men mesihi; biz utanamyzok" — diýdi durdy.

Blandinanyň yzarlanylan wagty rim imperatory Mark Awreliý Antoniýanyň hökümdarlyk eden döwrüne (biziň eramyzyň 161-170 ýyllaryna) düşdi. Bu edil mesihileriň yzarlamalaryň ýyl ýazgylaryny işjeňlik bilen dokumentleşdiren wagtynda boldy. Bu hakyky wakalary ebedileşdirmegiň maksady olarda wepalylygyň we çydamlylygyň mysalyny tapyp biljek mesihileri ruhlandyrmakdy.

Blandinany dardan asdylar, ýöne söz bilen beýan edip bolmajak agyrylary çekip durşuna hem, ol gynamalarynyň şaýatlaryny ruhlandyrdy. Hatda şunuň ýaly gynamalaryňam, batyr aýaly Mesihe bolan imanyndan dänderip bilmändigini görenlerinde, ony Blandinanyň göreldesiniň imanda berk durmaga kömek eden Pontik atly on bäş ýaşly oglan bilen bilelikde arena ýolbarslaryň öňüne okladylar. Blandina gaýgylanmady-da, edil toý meýlisine çagyrylan ýaly, ýola düşýänine şatlandy hem begendi".

Blandinany iki gezek aç ýolbarslaryň öňlerine okladylar, emma olar oňa degmediler. Ol her gezekde türmä zelel çekmän gaýdyp geldi. Bu batyr zenany "ýolbarslara iýmit bolmaga taşladylar, gamçyladylar, ýabany öküz şahlary bilen iki baka oklar ýaly, ony tora salyp asyp goýdular, ýalaňaç edip, gyzaryança gyzdyrylan metal oturgyçda oturtdylar". Şeýle-de bolsa, ol diri galdy we töweregindäkileri imanyna berk ýapyşmaga çagyrdy. Jellatlar Balandinany imanyndan ýüz öwürmäge mejbur edip bilmejegini bilenlerinde, ony gylyç bilen öldürdiler.

Mesihilik şaýatlygy bilen baglanyşykly bolmasa-da, biziň üçin gynaýjy synag bolýan ýagdaýlaram bolýar. Agyr häsiýetli çagany terbiýelemek. Işdäki çydam edip bolmajak işdeş. Aňsat bolmadyk är — aýallyk gatnaşyklary. Mundan artyk dartgynlylyga çydap bilmejek, şol sebäpdenem, ýan berme islegini duýýan wagtlarymyzam bolýar. Ýagdaýlara garamazdan Hudaý Özüniň bizi çagyrýan zatlarynyň hemmesini etmäge güýç bilen sabyrlylyk berýär. Hudaý Blandina gynamalara çydamaga güýç berdi. Ol bizi ene-atalyk borçlaryny ýerine ýetirmekde kömek gözlemeklige iterip, işdeşimiz bilen düşünişmäge ýa-da öz pikirimizçe, çözmesi mümkin bolmadyk meseleleri çözmäge kömek edip bilýär. Biz Isanyň adyny çagyrmak bilen Onuň şaýady bolup bileris. Wakalaryň gidişine garamazdan, Hudaý mydama sabyrlylyk, hatda şatlygam, sowgat berip, ýanymyzda bolýar. Siz durmuşyň haýsy ulgamynda diňe rehimdar Hudaýdan gelýän adaty bolmadyk çydamlylygy talap edýärsiňiz?

"Mukaddesleriň nurdaky mirasyndan paý almaga size başarnyk beren Hudaýa, Ata begenç bilen şükür etmegiňiz üçin doga edýäris".

Koloseliler 1:11-12

262-nji gün

ADATY BOLMADYK

OGRY — 1-NJI BÖLÜM

RUSSIÝA: NIKOLAÝ HMARA

Nikolaý Hmarany ogurlygy üçin tussag edip, on ýyl iş kesdiler. Hmara mesihileri synlanda, olaryň beýleki tussaglar ýaly däldiklerine haýran galýardy. Görüp otursa, mesihilerem adaty adamlar eken, ýöne olar jebirlere garamazdan, şatlanýardylar, gaýgyly pursatlarda senalar aýdýardylar. Ellerine bir döwüm çörek düşende bolsa, olar ony çöreksizler bilen paýlaşýardylar. Hmaranyň çydam edip bilmeýän adamlary bilen gürleşenlerinde, olaryň ýüzleri öwşün atýardy.

Bir gezek iki mesihi Hmaranyň ýanynda oturdy-da, ondan özi hakda gürrüň bermegini sorady. Hmara olara özüniň gaýgyly taryhyny gürrüň berdi-de, sözüni: "Men bir gutaran adam" — diýip jemledi.

Mesihileriň biri ýylgyryp, Hmaradan: "Eger biri altyn ýüzügini ýitirse, ýitginiň gymmaty nähili bolýar?" — diýup sorady.

"Bu nähili sorag? Altyn ýüzük — altyn ýüzük bolýandyr-da. Eger biri ony ýitirse, başga biri tapar".

"Gaty gowy jogap — diýip, mesihi ýylgyrdy. — Indi maňa aýtsaňyzlaň, gutaran adamyň bahasy näçe bolýar? Ogry, zynahor ýa ganhor bolsa-da, gutaran adamyň bahasy — adamyň bahasy bolýar. Onuň Hudaýyň Ogly ony halas etmek üçin şonuň hatyrasyna göklerdäki mesgenini taşlap, haçda ölmek üçin geler ýaly bahasy bardyr".

Mesihi talaňça: "Sen ýoldan çykan bolsaňda, Hudaýyň söýgüsi seni tapyp bilýär" — diýdi. Muny eşidenden soň, Hmara öz durmuşy hakda oýlanyp, tizara Mesihi kabul etdi.

Gymmatlyk nähili ölçenýär? Adatça bir zadyň gymmaty oňa sarp edilen wagtyň, puluň ýa-da adam emosiýasynyň gymmatlylyk ölçegi bilen ölçenilýär. Şeýlelikde, adamyň öz zadyna, güýmenjesine ýa-da gatnaşyklaryna bolan garaýşy şol zatlaryň özi üçin nähili gymmatynyň bardygyny görkezýär. Mysal üçin iş geými bilen täze baýramçylyk geýmine bolan garaýyşlaryň dürlüligine serediň. Ýa-da kagyz bulgur bilen hrustal bokal üçin edilýän alada serediň. Gymmat zat ýitirilende ýa-da gowy görýän adamymyza kimdir biri zelel ýetirende, eýsem, gözýaş dökülmeýärmi? Ine, adamlaryň nähili gymmaty bar... siz näme? Mesihi Nikolaý Hmara şeýle düşündirdi: adamlar Hudaý üçin şeýle uly gymmata eýe bolandyklary sebäpli, Hudaýyň Ogly Isa Gökleri terk edip, şu gutaran hem gozgalaňçy jandarlar üçin haçda öldi. Hudaý olary şu derejede söýýär. Sizi söýýärler, sizi gymmat görýärler. Şatlanyň we bu Hoş Habary ýanyňyzdaky "söýýänlerňize" aýdyň.

"Hudaý bize bolan söýgüsini, biz entek günäkärkäk, Mesihiň biziň ugrumyzda ölmegi bilen görkezdi".

Rimliler 5:8

263-nji gün

ADATY BOLMADYK

OGRY — 2-NJI BÖLÜM

RUSSIÝA: NIKOLAÝ HMARA

Nikolaý türmä ogry bolup geldi, ol ýerden bolsa, mesihi bolup çykdy. Azatlyga çykandan soň, ol Russiýadaky gizlin ýygnaga goşuldy.

Birazrak wagtdan soň, onuň ýygnagynyň ruhy çopanyny tussag etdiler. Polisiýa onuň ýygnagyny sataryna, mesihilik edebiýatynyň we pul serişdeleriniň alynýan çeşmesini görkezerine umyt baglap, ony gynady, emma ol olara hiç zat aýtmady. Şonda Nikolaý Hmarany tussag etdiler. Ony ruhy çopanyň ýanyna getirip, oňa: "Eger berlen soraglara jogap bermeseň, biz Hmarany seniň gözüň öňünde gynarys" — diýdiler.

Ruhy çopan bigünä doganynyň görgi görşüne seredip durup bilmedi. Ýöne Hmara ruhy çopana ýüzlenip: "Iuda bolma. Men Mesihiň adynyň hatyrasyna ejir çekmäge taýýar" — diýdi. Nikolaýy zalymlyk bilen ýençdiler, şonuň üçin ol öz çydamlylygy bilen ruhy çopana has-da uly berklik berip, ejir çekeniň ölüminde öldi.

Hmaranyň taryhy — bu Hudaýyň Patyşalygy bilen şeýtanyň patyşalygynyň arasyndaky gapma — garşylyk sapagydyr. Mukaddes Kitap bize ogurlyk edýänleri, adam öldürýänleri we weýrançylyk edýänleri şeýtanyň patyşalygynyň agzasy hökmünde ykrar etmegi öwredýär. Hmaranyň ýagdaýynda bolsa, duşman onuň bedenini weýran edip, ahyrsoňy, ony öldürdi. Ýöne Isanyň Patyşalygy ýaşaýyş — mümkinçilik serhetlerinden daşda bolan ýaşaýyş bilen baglanyşyklydyr. Şeýtmek bilen Isa Hmara täze ýaşaýyş berip, öňki ogrudan dogry adamy emele getirdi. Iki patyşalyk öz arasynda duşmançylyk edýär, şonuň üçin biziň durmuşymyz söweş oljasydyr. Hudaýa wepaly bolan iki adam özüne Hudaýyň Patyşalygyna tarap barýan ýoly görkezende, Hmara erbetlik patyşalygyna "dönüklik" etdi. Siz töweregiňizdäkileri Hudaýyň Patyşalygyna getirmek üçin näme edýärsiňiz?

"Ogry diňe ogurlap öldürmek, heläk etmek üçin gelýändir. Emma Men olarda ýaşaýyş bolsun, gurply ýaşaýyş bolsun diýip geldim".

Ýahýa 10:10

264-nji gün

ADATY BOLMADYK
TERJIMELER — 1-NJI BÖLÜM

ANGLIÝA: DUL MESIHI AÝAL

Alty sany erkek kişini we bir dul aýaly ybadathana garşy agyr jenaýat edendikleri üçin suda alyp geldiler. Olar öz çagalaryna iňlis dilinde Rebbiň dilegini we On Tabşyrygy öwredipdirler.

1519 ýylda latyn dili Mukaddes Kitaby öwretmeklik rugsat edilýän ýeke-täk dildi. Emma ýönekeý adamlar iňlis dilinde gürleýärdiler. Mesihiler Mukaddes Ýazgynyň parçalaryny gizlinlikde iňlis diline terjime edip, terjimeleri bir öýden beýlekisine geçirdiler. Indi olary tutanlaryndan soň, köpçüligiň öňünde ýakmalydylar.

Tussag ýedi sanydy, ýöne kazynyň rehimi diňe dul aýala ýylgyryp bakdy, şol sebäpden hem, ony goýberdiler. Onuň ýekedigi, öýünde bolsa, çagalarynyň bardygy sebäpli, muňa hiç kim garşy çykmady.

Garawul Saýmon Morton dul aýaly elinden tutup alyp barýarka, aýalyň plaşynyň ýeňiniň içinde şakyrdy eşitdi. Ol onuň ýeňiniň içinden öz çagalaryny okadýan Mukaddes Kitap terjimelerini çykardy. Ol şu wagtjyk ölüm jezasyndan saplanan bolsa-da, çagalary Hudaýyň Sözüniň hakykatyny bilmeli diýip hasaplaýandygy sebäpli, terjimelerden el çekmekden çürt-kesik boýun towlady. Indi onuň bellisi bolupdy. Alty erkek bilen gaýduwsyz dul aýaly diriligine ýakdylar.

Biz çylşyrymlylygy boýunça banklardaky howpsuzlyk sistemalarynyň köpüsi bilen deňeşip bilýän signalizasiýanyň öý sistemalarynyň elektron eýýamynda ýaşaýarys. Biziň emlägimiz, elbetde, biz onuň üçin töwekgelçilik ederimizden juda gymmatdyr. XVI asyrda ýaşan mesihiler üçin bolsa, Mukaddes Ýazgy uly gymmata eýedi. Bu taryhdaky batyr dul aýal ýaly, olar hatda Mukaddes Ýazgynyň aýry bölekleri üçinem, janyňy bereniňe degýär diýip hasaplaýardylar. Döwürler üýtgän bolsa-da, Hudaýyň Sözüniň gymmaty üýtgewsizligine galýar. Biz mundan beýläk-de, Hudaýyň Sözüniň bahasyna ýetip bolmaýan zatdygyny — onuň üçin janymyzy bermäge mejbur boljakdygymyz näbelli bolsa-da, — öz durmuşymyz bilen görkezmelidiris. Başgalar siziň Mukaddes Ýazgyny şeýle güýçli ýa-da şeýle az gymmat hasaplaýanyňyzy bilýärlermi? Olar Hudaýyň Sözüniň siziň durmuşyňyzda nähili gymmata eýedigini bilýärlermi?

"Seniň agzyňdan çykan kanun maňa müňlerçe altyn-kümüşden gowudyr".

Zebur 119:72

265-nji gün



“Mesihi missionerlerini hökman satmak we yzarlamak gerek, sebäbi olar imperializmiň ýaragy bolup gulluk edýän mekir möjeklerdirler”.

Demirgazyk Koreýanyň kommunistik döwletiniň halka açyk ýüzlenmesi.

266-nji gün

ADATY BOLMADYK
TERJIMELER — 2-NJI BÖLÜM

ANGLIÝA: WILÝAM TINDEÝL

“Ýöne, jenap Tindeýl, siz adamlara diňe Mukaddes Kitapda bar bolan Hudaýyň kanuny boýunça ýaşandan, özleriniň düşünýän ybadathana kanuny boýunça ýaşamagyň aňsatdygyny boýun almalysyňyz” — diýip, teologiýanyň doktory kinaýaly aýtdy.

Wilýam Tindeýl gaharlandy: “Ruhanylar bilen olaryň kanunlary meniň perwaýymada däl. Eger Hudaý maňa ýaşamak gerek diýip hasaplaýan bolsa, onda tizara azalyň yzyndan barýan daýhanam, Mukaddes Ýazgyny olardan gowy biler!”

Bu sözler wagyzçy bilen resmi ybadathananyň arasyndaky duşmançylygyň sebäbi boldy. Tiz wagtdan Tindeýl Angliýadan gaçyp, materige gitmeli boldy. Bu ýerde ol özüniň Täze Ähtiň iňlis diline “gizlin” terjime etmesini gurady.

Köp ýyllaryň dowamynda W. Tindeýliň çap eden kiçi göwrümli Hoş Habarlaryny Angliýa nemes gämileriniň bortundaky pagta daňylarynyň içinde we başga-da mümkin bolan ýollar bilen gizlin getirdiler. Ýöne W. Tindeýli Genri Fillips atly “dosty” tutdurdy. Soňra ol ýeresde aýyplanyldy.

Hut türmede ölüm jezasyna garaşyp otyrka, Wilýam Tindeýl Köne Ähtiň iňlis diline terjimesini tamamlapdyr diýip hasaplaýarlar. Ony 1536-ýylyň oktýabrynda otda ýakdylar. Tindeýl ölüminiň öň ýanynda: “Rebbim! Korolyň gözlerini aç” — diýip dileg etdi.

Hudaý onuň gözlerini açdy. Tindeýliň ejir çekip ölenine üç ýyl geçenden soň, monarhiýa Mukaddes Kitabyň iňlis dilindäki birinji terjimesini çap etmäge rugsat berdi. Ýakow korolyň Mukaddes Kitap terjimesi 75 ýyl geçenden soň çykdy. Ýakow korolyň häzirki Mukaddes Kitap terjimesi 90% Tindeýliň işine meňzeş.

Duşmançylyk — bu-da şowsuzlyk däldir. Käwagt ol göni garşydaşlygy aňladýar. Hatda gowy niýetli işdeşlerimizem, biziň gullugy görşümiz bilen ylalaşman bilerler. Olaryň tankydy bizi gapyllyga salyp, öz çagyrylyşymyza şübhelenmägede mejbur edip biler. Hudaý Tindeýle berşi ýaly, bize-de, gulluk üçin belli bir görnüş berende, biz özümizde üstünlige nähili mümkinçiligiň bardygyna nähili seredýändigimize garamazdan, şol görnüşe wepaly bolmalydyrys. Tankyt biziň ruhubelentligimizi weýran etmeli däldir, ol bizi diňe öz gören görnüşimizi wepalylyk bilen kämilleşdirmäge mejbur etmelidir. Hudaý size gulluk üçin görnüş berdimi? Tindeýl ýaly, siziň belli bir wagta çenli öz işiňiziň netijelerini görmezligiňiz mümkin, belki, siz olary asla görmersiňiz. Sizi ýazgarmaklaram mümkin. Barybir öz maksadyňyzdan yza çekilmäň, Hudaý bolsa size tankyda döz gelmäge kömek eder.

“Çünki men Seniň hatyraň üçin ryswalyga uçradym, ýüzümi utanç gaplady”.

Zebur 69:7

267-nji gün

ADATDAN DAŞARY

BATYR ÇAGALAR

DEMIRGAZYK KOREÝA: ŞENG LI WE HONG ÝUN

Demirgazyk Koreýada kommunistler çagalara eger ýurtdan gaçmaga synanyşsalar, onda olara eýmenç ykbalyň garaşýanyny aýdýarlar. Ýöne çagalar eger özlerine gaçma bagty miýesser etse, onda kömek almak üçin özleriniň haçyň şekili bolan öýi gözlemelidiklerini bilýärler. Demirgazyk Koreýadan gaçmagy başaran iki çaga Hytaýa gelip, ol ýerde ýygnak tapmagy başardy. Olar ruhy çopana özleriniň taryhyny gürrüň berdiler.

"Meniň adym Şeng Li. Biziň ene-atamyz meniň we uly gyz doganymyň gözümiziň öňünde açlykdan öldüler. Ýalu derýasy doňanda, bize beýleki kenara geçmek başartdy. Biz beýleki kenara geçenimizde, uly gyz doganym: "Sen birazajyk şu ýerde dur. Meniň özüm birneme öňräk gideýin" diýdi. Ol dolanyp gelmedi". Şengu bary-ýogy alty ýaşyndady.

Hong Ýun, on bir ýaşly oglan: "Men Demirgazyk Koreýa gaýdyp baryp, başgalara Mesih hakda gürrüň bermek isleýärin" — diýdi-de, özlerine ýaş aýlap aýdym aýtdy:

"Ýa Reb, bize Hoş Habaryň sesini ber.

Bir wagtky güýçli söýen söýgüli doganlarym üçin.

Olaň bary nirede? Reb olary gözleýär.

Ýa Reb, bizi olaň, söýgüli koreý doganlarymyzyň ýanyna iber,

Ýa Reb, bizi olaň, söýgüli koreý doganlaryymyzyň ýanyna goýber.

Olar nirede bolsalar-da, goý, gül ýaly açylsynlar".

Birnäçe aýdan soň, Hong Ýuny ogurladylarda, güýç bilen Demirgazyk Koreýa alyp gitdiler. Belki, ol indi özüni ogurlanlara şaýatlyk edýändir.

Edermenlik — bu ol talap edilýän ýagdaý peýda bolýança, adamlaryň pikir hem etmeýän häsiýetleriniň biridir. Aýgytly pursatda onuň barlygy ýa ýoklugy göze görünýär. Häsiýet barada-da şony aýtmak bolar — belli bir ýagdaýlarda onuň güýçlüdigi ýa däldigi hökman aýdyň bolýar. Hut şonuň üçin häsiýet bilen edermenlik — meňzeş etmesi kyn bolan iki zatdyr. Bagtymyza Isa Mesih bizi özümiziň has mätäç bolan wagtymyzda, ýasama bolmadyk edermenligi we yranmaz häsiýeti berýär. Biz hemme zadymyz gül ýaly bolan kişi bolup bileris, ýöne bizi diňe Isa batyr edip bilýär. Belki, adamlaryň arasynda biziň çirksiz abraýymyz bardyr, ýöne hiç kim seretmedik wagtynda görünýän häsiýeti bize diňe Isa berip bilýär. Siz indi hut nirede häsiýeti we edermenligi görkezip bilýärsiňiz?

"Petrus bilen Ýahýanyň gaýratyny görenlerinde... olar geňirgenişdiler, olaryň Isa bilen bile bolandyklaryna göz ýetirdiler".

Resullaryň işleri 4:13

268-nji gün

ADATY BOLMADYK
ÝENE BIR NUR

PÄKISTAN: ZAHID

Zahid Päkistanda musulman mollasydy. Ol mesihileri ýygnak edýän wagtynda tutup, olaryň Mukaddes Kitaplaryny ýakýardy. Günleriň birinde ol Mukaddes Kitaplaryň birini özüne galdyrdy-da, mesihiligiň ýalandygyna göz ýetirjek bolup, ony okap başlady.

"Men Mukaddes Kitaby mesihilik ynamynyň garşysyna ulanyp bilerim ýaly, çaprazlygy gözlemek üçin okap başladym — diýip, Zahid gürrüň berýär. — Birden ýiti şöhle meniň otagymy gaplap aldy. Şonda men öz adymy tutup çagyrýan sesi eşitdim. Ýagtylyk tutuş otagy gurşady".

"Zahid, sen näme üçin Meni yzarlaýarsyň?" — diýip, Ses sorady.

Men örän gorkdum. Men näme etjegimi bilmedim. Men gorkudan ýaňa sandyrap durşuma, özüme zor salyp: "Sen kim?" — diýip bildim.

"Men — ýol, hakykat hem ýaşaýyşdyryn" — diýip, ses jogap berdi.

Ýagtylyk bilen Ses yzly-yzyna üç gije peýda boldy. Dördünji gije men dyza çöküp, Isany öz Halasgärim hökmünde kabul etdim".

Zahid mesihiligi kabul edenden soň, yslamyň dönügi hökmünde tussag edildi. Iki ýylyň dowamynda türmede ony gaty erbet horladylar-da, ahyrsoňy ölüm jezasyna höküm etdiler. Zahidiň boýnuna halkany salanlarynda, ol öz jellatlaryna ýüzlenip, Isanyň ýol, hakykat hem ýaşaýyşdygyny aýtdy. Ol özüniň soňky demini öz watandaşlary bilen Hoş Habary paýlaşmak üçin ulandy.

Ölüm jezasy ýerine ýetiriljek bolup durka, habar gatnadyjy jezanyň ýatyrylýandygy baradaky habar bilen ylgap geldi. Tizara Zahid azatlyga çykaryldy. Ölüm jezasynyň näme sebäpden ýatyrylanyny hiç kimem bilmeýär, ýöne Zahid häzir Päkistana jahankeşdelik edip, adamlar bilen Hoş Habary paýlaşýar.

Ölümden ýekeje gyl aralykda duran adamlar seslerini goşup, şol bir zat barada şaýatlyk edýärler. Olar özleriniň ömrüni uzaltmak bilen Hudaýda özleri babatda belli bir maksat bolandyr diýen netijä gelýärler. Gynansak-da, telewizion interwýularda onuň takyk haýsy maksat bolandygyny olar seýrek aýdýarlar. Olar özleriniň durmuşy baradaky Hudaýyň maksadynyň nämedigi bilen, umuman, gyzyklandylarmy? Aslyýetinde, Hudaýda biziň her birimiz üçin birmeňzeş maksat bar. Ol biziň özümiziň Ony tanamagymyzy we başgalara-da, Özüni tanamaga kömek etmegimizi isleýär. Mesihiň öňünde kiçelip, Onuň adyny yglan etmek üçin käbirimize Zahid ýaly, Mesih bilen üýtgeşik duşuşygy başdan geçirmek gerek bolýar. Siz haçan hem bolsa bir wagt ýeriň ýüzüne belli bir sebäp bilen gelendigiňizi duýupdyňyzmy? Bu Hudaýy tanama we Ony tanamaga başgalara kömek etme sebäbidir.

"Isa oňa şeýle diýdi: "Men — ýol, hakykat we ýaşaýyşdyryn, Mensiz hiç kim Ata baryp bilmez".

Ýahýa 14:6

269-nji gün

ADATY BOLMADYK

GÜÝÇ

RIM: WINSENT

Onuň goşaryndaky we topuklaryndaky inçe ýüpler gitdigiçe güýçli çekilip, agyrylary has-da güýçlendirdi. Rim mesihisi Winsent öz elleriniň we aýaklarynyň bogunlardan çykarylanyny duýdy.

Rim imperatory Desiý Winsentiň daňylgy duran sütüniniň ýanynda durdy. Ol ýaş mesihä: "Sen juda gynanyp ölersiň" — diýdi.

"Imanyň üçin ejir çekip ölmekden hormatly zat ýokdur. Men gökleri görýärin, ol ýerde seniň butlaryň ýok" — diýip, Winsent yňňyldady.

Desiý maýyp edilen mesihini gynamagy güýçlendirmegi buýruk berdi. Agyrydan ýaňa halys bolan Winsent imperatora: "Sen diňe meniň barybir ölmeli bolan tenimi ýok edip bilersiň. Meniň içimde başga Winsent ýaşaýar, oňa seniň hiç hili ygtyýaryň ýokdur. Ol Winsenti sütüne daňmagam, öldürmegem mümkin däldir" — diýdi. Esgerler ony sütünden aýryp, eşiklerini çykardylar-da, aýna döwükleri bilen örtülen poluň üstüne okladylar. Winsent gana bulaşyp öldi. Wagt geçenden soň, garawullar onuň gana boýalan aýna döwükleriniň üstünde edil al-elwan gülli düşekde ýatan ýaly bolup ýatanyny gürrüň berdiler.

Häzirki zaman medeniýetinde güýç ideýasy wezipe hem häkimiýet bilen baglanyşyklydyr. Güýç hormatly, sözi geçýän, wezipeli adamlaryňky. Ýöne ýokary wezipeleri eýelän, içki güýçden mahrum bolan adamlaryň öz wezipelerini ýerine ýetirmekde peýdasyz hereketleri edendiklerine taryh şaýatlyk edýär. Ýöne Hudaý biziň özümize Mukaddes Ruhuň barlygynyň berýän içki güýjümize seredýär. Görgüler — Onuň mekdebidir, şol mekdepde hem, Ol bize güýçli bolmagy öwredýär. Biz özümiziň pikir edişimizden-de köp çydam etmäge ukyplydyrys. Biziň edermenligimiziň çägi ýokdur. Siz öz görgüleriňiziň özüňizi ejizledendigini duýup bilersiňiz. Hudaýdan görgüleriň özüňizi nädip güýçli edip bilýänini görkezmegini soraň. Hudaýdan güýç alyň, şonda siz özüňiziň pikir edişiňizden-de, güýçli bolup biljekdigiňizi görersiňiz.

"Onuň şöhratly gudratyna görä, bütin sabyr, çydam üçin, her hili güýç bilen güýçlenmegiňiz üçin dileg edýäris".

Koloseliler 1:11

270-nji gün

ADATY BOLMADYK
ESGERLER

RIM IMPERIÝASY: KYRK SANY WEPALY ADAM

320-nji ýylda imperator Konstantin din azatlygyny yglan edip, Rim imperiýasynda mesihiligi kanunlaşdyrdy. Emma onuň bilen bile hökümdarlyk edýän Lisiniý mesihilere azar bermegini dowam etdirdi.

Lisiniý öz goşunyndaky her bir esgeriň rim hudaýlaryna gurbanlyk bermegini talap edip başlanda, Gromyň goşunyndan bolan kyrk sany batyr esger muny etmekden ýüz öwürdi. Olaryň harby ýolbaşçysy Liziý gamçylamagy, gaňyrçak bilen ýaralamagy, ahyrsoňunda-da, gandallamagy buýruk berdi. Esgerler bu buýruga tabyn bolmakdan boýun towladylar we diri Hudaýa tagzym etmekden ýüz öwürmediler. Şondan soň olaryň eşiklerini çykaryp, özlerinem buz ýaly köle taşladylar.

Öz imanyndan ýüz öwrenlere ýyljajyk hammam garaşýar. Bu esgerler özleriniň sanynyň azalmazlygy üçin doga-dileg etdiler. Gün batyp barýarka, olaryň biri sowuga döz gelip bilmän, ýyly hammama tarap ylgady. Kyrk wepaly hem batyr esgeriň Mesihe öwgi aýdýanyny görüp duran garawul imanyndan ýüz öwren esgere juda gaharlandy. Onuň gahary garaýşa, garaýyş hem şahsy imana öwrüldi. Soň ol egnindäki geýimlerini çykaryp, Liziýanyň ezýet berýän esgerleriniň "Mesihiň kyrk batyr esgeri" bolup galmaga beren wadasynda durup bilmekleri üçin özüni buz ýaly köle oklady.

Kyrk esgeriň hemmesi şol gün bile öldüler. Gyzgyn hammam üçin imanyndan dänen esgerem öldi.

Mesihilik jemgyýeti bir jan bolup hereket edýän wepaly şahsyýetlerden ybaratdyr. Mesihilik şäherçesindäki, mesihilik guramasyndaky, ýygnagyndaky ýa-da mesihi maşgalasyndaky mesihiler jemgyýeti — bu üns bermezlik mümkin bolmadyk güýçdür. Biz mydama bile bolanymyzda güýçli bolýandyrys. Mukaddes Ýazgynyň her bir sahypasynda Hudaý bizi wepalylaryň jemgyýetine — Hudaýa wepalylaryň maşgalasyna — goşulmaga çagyrýar. Mukdarda güýjüň bardygyny aýdýan belli düzgüniň tersine, mesihilik jemgyýeti öz agzalaryny imana çagyrýar. Şu wakadaky ýaly, güýçlüleriň imany ejizleriň güýçsüzliginiň üstüni örtýär. Siz mesihilik jemgyýetiniň bir bölegi bolup durýarsyňyzmy? Ýygnagyňyz, maşgalaňyz ýa-da bir bölegi bolup durýan haýsydyr bir başga mesihilik topary siziň söýgiňizi we bahasyna garamazdan, islendik ýagdaýda oňa wepaly boljakdygyňyzy bilýärmi?

"Mesih Isanyň oňat esgeri bolup,
meniň bilen bilelikde görgi gör".

2 Timoteos 2:3

271-nji gün

ADATY BOLMADYK
GÖZELLIK

LENINGRAD: AIDA SKRIPNIKOWA

“Türmede Mukaddes Kitapsyz ýaşamak hemmesinden-de beter kyn boldy”.

Aida Skripnikowa owadan ýaş aýaldy. Ol ýigrimi ýaşynda Leningradyň köp adamlary çatryklaryna çykyp, özüniň Isa bolan söýgüsi, Ony Rebbi hem Halasgäri hökmünde tanandan soň duýýan şatlygy hakda gürrüň beryän aýatlary paýlap başlady. Tizara ony jemgyýetçilik düzgünini bozany üçin tussag edip, bir ýyllyk türme tussaglygyna höküm etdiler.

Aidanyň 27 ýaşy dolanda, ol özüniň Hoş Habary ýaýratma kararyna gelendigi sebäpli, eýýäm dördünji möhletini dynypdy. Ol beren interwýularynyň birinde: “Biz bütin ömrümiziň manysyny düzýän Mesih hakda dymyp bilmeris” diýende, ýalan sözlemedi.

Aidanyň türmede dördünji gezek bolany has kyn boldy. Garawullar ony imanyndan dänmäge mejbur etjek bolup — gynamalardan başlap, “süýji durmuşy” wada bermeklige çenli — serişdelreriň hemmesini ulandylar. Ýöne Mukaddes Kitapsyz ýaşamak onuň üçin hemmesinden-de beter kyn boldy. Dostlary oňa Mukaddes Kitap berdiler, ýöne garawullar ony alyp goýdular. Mukaddes Ýazgyny bermegi talap edeni üçin Aida on gije-gündizini karserde geçirdi. Şeýle-de bolsa, ol soňrak Täze Ähti aldy-da, ony gözüniň göreji ýaly saklady.

Aidany, ahyrsoňy, azatlyga çykaranlarynda, ony tanar ýaly däldi. Gözüňi gamaşdyryp barýan gözellik ýitipdi, ol öz ýaşyndan on ýaş uly görünýärdi. Ýöne Hudaýa bolan söýgi ony has-da gelşikli edip, onuň ýylgyryşynda öwşün atmasyny dowam etdirip durdy.

Dükanlaryň hemmesinde derä timar bermek üçin ulanylýan kremler gök önümlerden köp. Kosmetiki bölüm daşky gözelligimizi döretmäge niýetlenilen serişdelerden doly. Ejir çekenler bolsa, bize daşky däl-de, içki gözelligi aýap saklamalydygyny öwredýärler. Biziň içimizdäki “men” — bu garramakdan, gynamalardan gorkmaýan ýüzdür. Bu mydama Mesihiň keşbine golaýlaşýan bölekdir. Belki, siz ýerdäki serişdelerden peýdalanyp, başgalarda täsir galdyrmak isleýänsiňiz. Emma Hudaý siziň içiňizdäki “men” adamlary has geň galdyrmaga ukyply diýip hasaplaýar. Siz daşky keşbiňize üns berşiňiz ýaly, içiňizdäki “mene-de” şeýle güýçli üns berýärsiňizmi? Içiňizdäki “men” garrylyk gün-günden ýakynlaşdygyça, gözelleşýärmi?

“Bezegiňiz... Hudaýyň ýanynda has gymmatly bolan ýumşak, ýuwaş ruhuň bozulmaz bezegi, ýüregiň gizlin ynsany bolsun”.

1 Petrus 3:3-4

272-nji gün



Men güýç soradym –
Hudaý bolsa, meni taplamak üçin kynçylyk berdi.
Men akyldarlyk soradym –
Hudaý maňa çözmesi gerek bolan meseleleri berdi.
Men gurplylyk soradym –
Hudaý maňa akyl bilen işlär ýaly myşsa berdi.
Men edermenlik soradym –
Hudaý maňa ýeňip geçmesi gerek bolan howp berdi.
Men söýgi soradym –
Hudaý maňa mümkinçilik berdi.
Men islän zatlarymyň hiçisinem almadym –
Men özüme wajyp bolan zatlaryň baryny aldym.
Hudaý dilegime jogap berdi.

Hindi mesihisi Maýkl Jobanyň, 1999-njy ýylyň iýunynda kakasynyň hoşhabarçylyk işi sebäpli, ar almak üçin öldürilen lukman talybyň maşgalasy.

273-nji gün

ADATY BOLMADYK

“TAGLYMAT” — 1-NJI BÖLÜM

ANGLIÝA: DOKTOR ROLAND TEÝLOR

Hadliniň ýaşaýjylary doktor Roland Teýlordan ýepiskop Winçesterskiniň we lord kansleriň ýanyna gitmezligi haýyş etdiler. Doktor Teýloryň taglymatynyň ýepiskopy gaharlandyranyny bilýärdiler.

Angliýada iňlis dilindäki Mukaddes Kitaby ýaýratmaga rugsat berilenine ýigrimi ýyl töweregi geçipdi. Doktor Teýlor öz ýygnagyna gelýänlere Mukaddes Kitaby özbaşdak okap, onuň tabşyryklaryny ýerine ýetirmegi öwredýärdi. Munuň tersine zalym korolewa Mariýa I-iň döwründe dini ýolbaşçylar ybadathana däplerini berk ýerine ýetirmeklige çagyrýardylar.

Ýepiskopyň kemsitmelerine we aýyplamalaryna Roland: “Men mesihi. Ybadathana garşy erbet zat edemok. Aslyýetinde, siziň öz aýyplamaňyz özüňizi ýeretik edýär. Mesih adamzadyň günäsi üçin bir gezekde mydamalyk öldi. Bu ýeterlikdir. Siz we siziň däpleriňiz hiç zady üýtgedip bilmez” — diýip jogap beripdi.

Şondan soňky iki ýylyň dowamynda Teýlor tussaglykda boldy. Ol özüniň otda diriligine ýakyljakdygy baradaky habary asudalyk bilen kabul etdi. Ol özüni Hadliniň üsti bilen jeza beriljek ýere alyp gitjekdiklerine, ýene özüniň imandaky doganlaryny görüp biljekdigine begendi. Doktor Roland Teýlor 1555-nji ýylyň gyşynda ejir çekip öldi.

Söýgi ençe dillerde gürleýär. Adamlara söýgi habaryna düşünmek üçin oňa düşnükli dilde eşitmek gerek. Erkekleriň käbirleri özüniň aýalyna bolan söýgüsini beýan etmek üçin düşege ertirlik naharyny getirýärler. Başga birleri bolsa: “Men seni söýýärin” diýmek üçin gül sowgat berýärler. Biz öz duýgymyz hakda gürrüň bermäge özümize kömek eder diýen umyt bilen söýgi sözleri ýazylan otkrytkalary satyn alýarys. Ýöne Isa Özüniň söýgi diliniň tabynlykdygyny aýdýar. Hut tabynlyk arkaly hem, biz Oňa bolan söýgimizi bildirýäris. Isa tabyn bolmak bilen biz Oňa öz söýgimizi beýan edýäris. Isanyň söýgi dilinde gürlemelidigini öwredeni sebäpli, Roland Teýlor ejir çekip öldi. Ol Mukaddes Kitaby okap, onuň tabşyryklaryny berjaý etmelidigini öwretdi. Isa Mesihe Özüni söýýändigiňizi subut ediň hem-de şeýle etmek bilen doktor Teýloryň adyny hormatlaň.

“Isa oňa şeýle jogap berdi: ”Kim Meni söýýän bolsa, sözümi tutar“”.

Ýahýa 14:23

274-nji gün

ADATY BOLMADYK
“TAGLYMAT” — 2-NJI BÖLÜM

ANGLIÝA: DOKTOR ROLAND TEÝLOR

Doktor Roland Teýlor otda ýakylmazyndan öňürti ajaýyp sözleri ýazdy:

“Men aýalym bilen çagalaryma aýdýaryn: “Hudaý sizi maňa berdi we Hudaý sizi menden, meni-de sizden aldy. Goý, Hudaýyň ady şöhratlansyn!” Ol islendik atadan we ärden wepaly hem söýýän adam boldy. Oňa, Halasgärimize ynanyň: Ony söýüň, Oňa ynanyň, Ondan gorkuň we Oňa tabyn boluň. Oňa doga-dileg ediň, Ol kömek etmäge söz beripdi ahyry. Meniň ebedi ýaşajakdygym we hiç haçan ölmejekdigim üçin meni öli hasaplamaň. Men biziň ebedi öýümize ilkinji bolup gidýärin, siz bolsa, meniň yzymdan baryň”.

Hadlidäki gadyrdan dostlarym we meniň wagyzlarymy diňlänleriň hemmesi, men size diýýärin, men siziň ýanyňyzdan öwreden taglymatym üçin arassa wyždan bilen gidýärin. Şol taglymat üçin meniň doga-dileg edişim ýaly, sizem meniň bilen bilelikde Hudaýa minnetdarlyk bildiriň. Men sadaja zehinimiň ýetdigiçe, Hudaýyň kitabyndan, merhemetli Mukaddes Kitapdan alan sapaklarymy beýlekilere berdim, şonuň üçin men ýa-da gökden gelen bir perişde size öz alanyňyzdan başga Hoş Habary wagyz etse, onda, goý, Hudaýyň lagnaty şony wagyz edýäniň üstünde bolsun!

Bu ýerden ebedi halas boljakdygyma ýekeje-de şübhelenmän belli bir umyt bilen gitmek bilen Hudaýa, Gökdäki Atama we hakyky Halasgärim Isa Mesihe minnetdarlyk bildirýärin”. Roland Teýlor.

Çagalykda hemmelerden köpräk ýatda galan mugallymyňyzy ýada salyp bilýärsiňizmi? Belki, ol nähilidir bir üýtgeşik atyr sepinendir. Belki, ol ýylçyr kellesini birhili üýtgeşik sypalandyr. Olardaky nämedir bir zat siziň ýadyňyzda galandyr. Ýöne biz ulalanymyzda, mugallymlar biziň ýadymyza başga bir sebäpler boýunça düşüp başlaýar. Olaryň öwreden zatlary — özümiziň hiç haçan ýatdan çykarmajak sapaklarymyz — biziň ýadymyzda bolýar. Biz özümize Hudaýyň Sözüni birinji gezek öwreden adamy mydama ýadymyzda saklaýarys. Biz mugallymlaryň Hudaýyň söýgüsi we Onuň gutulyşy hakda gürrüň berip, biziň bilen paýlaşan hakykatlaryny ýatdan çykarmaga özümize rugsat berip bilmeýäris. Şonuň üçin eger kimdir biri bilim ýa-da ylmyň ady bilen bize başga zady öwretse, Hudaýyň hakykatlary bizi gorar we galp zady tanamaga kömek eder. Olar diňe bir ýatlamalar däldir. Olar — siziň iň gymmatly hususyýetiňizdir.

“Meniň tabşyryklarymy saklap ýaşa; öwredenimi gözüň göreji ýaly gora”.

Süleýmanyň pähimleri 7:2

275-nji gün

ADATY BOLMADYK MAŞGALA

KAMBOJA: HAÝEM WE ONUŇ MAŞGALASY

Komboja jeňňelliginde Haýem bilen maşgalasyna özlerine mazar gazmagy buýruk berip, ellerine pil berdiler. Olar mesihileri "rewolýusiýanyň duşmanlary" hasaplaýan gyzyl khmerleriň girewine alan adamlarydy.

Khmerler Haýem bilen onuň maşgalasyna soňky gezek dyza çöküp doga-dileg etmäge rugsat berdiler. Haýem esgerleri toba gelip, Isany öz Halasgäri hökmünde kabul etmäge ynandyrjak bolup başlady. Haýemiň özüniň ölümiň öňünde durandygyna garamazdan, onuň sesi ýüreklerine baryp ýeten jellatlary oňa bolan duýgudaşlyk aljyratdy. Haýem khmerler bilen gepleşip durka, ogullarynyň birine tokaýa gaçyp gitmek başartdy. Esgerler onuň yzyndan ylgadylar, ýöne Haýem olary aýgytly saklap, tokaýyň gyrasyna özi ýöneldi "Oglum, sen bu tokaýda gizlenmek bilen ogurlajak birnäçe günüňi bu mazaryň başynda tizräk Mesihiň ýanyna jennete mydamalyk gitmek üçin öz maşgalaňa goşulma mümkinçiligi bilen, heý, deňeşdirip bolarmy?" — diýip, ata sorady. Bir pursatdan soň, şahalar şykyrdady-da, olaryň içinden Haýemiň ogly çykyp, kakasynyň ýanynda dyza çökdi.

Haýem esgerlere seredip: "Indi biz ýola taýýar" — diýdi.

Ýöne esgerleriň hiç biri sapançanyň gulagyny çekmäge het edip bilmedi. Şol wagt komandir esgerleri gorkaklykda aýyplap, mesihileri özi atdy.

Maşgalalaryň birnäçesi adatdan daşary berkligi bilen meşhur bolýar. Beýlekileri özleriniň adatdan daşary baýlygyna guwanýarlar. Özleriniň adatdan daşary zähmetsöýerligi bilen töweregindäkileriň sylagyny gazanýan maşgalalaram bar. Hudaý bu zatlaryň hemmesini ulanyp bilýän bolsa-da, Onuň abraý gazanma düşünjesi düýbünden başga zatdan ybaratdyr. Maşgalany Hudaýyň Patyşalygy üçin näme peýdaly edip biler? Adatdan daşary tabynlyk. Maşgala mikroawtobusynyň göwrüminiň däl-de, maşgalanyň Mesihe bolan wepalylygynyň ähmiýeti bardyr. Hudaý maşgalany ene-atalaryň çagalaryna Mesihe tabyn bolmanyň göreldesini görkezmeli ýeri hökmünde döretdi. Haýemiň taryhy üýtgeşik bolsa-da, bizem durmuşda şonuň ýaly tabynlyk görkezip bileris. Siz öz maşgalaňyzyň wepalylygyny nähili häsiýetlendirip bilersiňiz? Kimiň maşgalasy size adaty bolmadyk maşgalanyň göreldesi bolup gulluk eýdär?

"Hudaýyň islegini kim berjaý etse, şol Meniň doganym, uýam we ejemdir".

Markus 3:35

276-nji gün

ÝALANYŇ ADATDAN
DAŞARY ULANYLYŞY

RUSSIÝA: UNIWERSITETIŇ TALYBY

Ateist professor gapynyň ýokarsynda asylgy duran Len· niň portretine ýylgyryp seretdi-de, stoluň üstünde duran uly suwly grafiniň ýanyna bardy. Ol poroşokly paketjigi alyp, ony haýallyk bilen grafiniň içine guýdy — suw gyzardy.

"Ine, bar gudrat şu — diýip, professor ateizmiň esaslary boýunça leksiýasyny başlady. — Isa ýeňiniň içinde şuňa meňzeş poroşogy gizläp, gudrat bilen suwy şeraba öwren kişi boldy. Ýöne men Isadan-da, köp zady edip biljek — men şeraby ýene suwa öwrüp bilýärin".

Ol başga bir poroşokly paketjik çykaryp, ony gyzyl suwuklygyň içine guýdy. Ol durlandy. Ýene bir paketjik — suw ýene gyzyl.

Talyplaryň biri şübheçillik bilen kellesini ýaýkady. Ahyrsoňy, ol saklanyp bilmedi: "Siz bizi haýran galdyrdyňyz, professor. Ýöne siz bizi ynandyrybam bilersiňiz. Munuň üçin sizden haýyş edýärin: öz şerabyňyzy içiň!" Professor uludan güldi: "Men muny edip biljek däl. Poroşok zäherli ahyry".

Talyp: "Ine, Isa bilen siziň araňyzdaky tapawut şundan ybaratdyr. Ol Öz şeraby bilen adamlara şatlyk sowgat berdi, siz bolsa, öz şerabyňyz bilen olary zäherleýärsiňiz". Gaharlanan professor auditoriýadan ylgap çykyp gitdi. Talyby rektoryň ýanyna çagyrdylar-da, munuň ýaly sözleriň öz yzy bilen çynlakaý jeza alyp gelmeginiň mümkindigini duýdurdylar. Bu waka baradaky myş-myşlar örän uzaklara ýaýrap, köpleri imanynda berkitdi.

Uniwermaglaryň köpüsi alyjylaryň talabyny gowy kanagatlandyrmaga çalşyp, olara alan harytlaryny çalyşmaga rugsat berýär. Adamlar uly ölçegdäkilerini kiçirägine çalyşmak ýa-da kiçiräklerini ulyragyna çalyşmak, ýa-da bir reňki başga bir reňke çalyşmak, garaz, has syratly, özüne çekiji ýa-da ýöne bir kanagatlanmak üçin satyn alan zatlaryny getirýärler. Ruhy durmuşda-da, köp adamlar kanagatlanan alyjylar bolmak üçin Hudaýyň hakykatyny başga bir zada çalyşýarlar. Ýöne olaryň hemmesine lapykeçlik garaşýar. Hudaý siziň duşmanyň ýalanyny aňyrsy bilen görmegiňizi isleýär. Islendik baha bilen bolsa-da, Hudayň hakykatyny saklaň.

"Olar Hudaýyň hakykatyny galplyga çalşyp...".

Rimliler 1:25

277-nji gün

ADATY BOLMADYK
ÝALBARMA

INDONEZIÝA: DELORES

Garry Delores ylgamakdan ýadap aglady: "Rebbim, ýalbarýaryn, bize, Öz çagalaryňa, rehim et!" Beýleki mesihiler bilen bilelikde Deloresem, hüjüm eden adamlar artilleriýa snarýadlary bilen öz ýaşaýan obasyny oka tutup başlanda, janyny halas etmek üçin obadan gaçyp gaýtdy. Ol özüne gödeksi hasa bilen kömek edip, kert dag gaýalaryndan, howpsuz ýer tapýança, ädimme-ädim ýokary galdy. Ol özi ýaly zorlukdan gaçmaga mejbur bolan ýüzlerçe adamlar bilen bilelikde gaçgaklaryň wagtlaýyn lagerinde ýerleşdi.

Delores — on üç müň adadan ybarat bolan Indoneziýadaky millionlarça mesihileriň biri. Indoneziýa — bu dünýäde köp sanly musulman ilaty bolan ýurtdur. Musulmanlar bilen mesihiler köp ýyllaryň dowamynda parahatçylykda ýaşadylar. Ýöne fanatik meýli bolan musulman toparlary adalarda jehat yglan etdiler. Indi musulmanlar bilen mesihileriň arasynda parahatçylyk ýok.

Parahatçylykly demonstrasiýa wagtynda, Mesihiň adynyň hatyrasyna ýygnanyşan mesihiler gubernatoryň rezidensiýasynyň ýanynda "Men hemme zadymy berýärin" diýen aýdymy aýtdylar. Olar döwletden duşmançylykly musulmanlaryň ellerinden bigünä mesihileriň ençesiniň ölenini ykrar etmegi talap etdiler. Mesihileriň parahatçylykly demonstrasiýasy aýdym aýtmagyny dowam etdirip durka, musulmanlaryň topary ýene bir oba çozup, ony boşatdy. Öň gülläp ösen köp ýygnanyşyklardan diňe kül hem daş üýşmeleňleri galypdy.

Delores — Indoneziýadaky yzarlanylýan we Hudaýdan gutulyş soraýan sansyz — sajaksyz mesihileriň biridir. Ylham Hudaýyň suduna we adalatyna teşne bolan görgi görenleriň ummasyz sany hakda gürrüň edýär. Ýöne muny diňe olar soramaly däldirler. Biz dirilerem, öz sesimizi olaryň ýürekden çykýan haýyşyna goşmalydyrys. Bizi, amatlyklaryň içinde ýaşaýanlary, olardan tutuş dünýä tapawutlandyrýan bolsa-da, biz olara kömek edip bileris. Diňe doga-dileg etmek gerek. Biz olaryň howpsuzlygy we halas bolmagy üçin dileg edenimizde, ýüreklerimizi ejir çekýänler bilen birikdirýäris. Siz Delores hem beýleki indoneziýaly mesihiler üçin dileg edersiňizmi? Siz Hudaýdan olary özleriniň ýerdäki syýahatynda gorap, biziň olaryň halas bolmagyny soraýan ýalbaryşlarymyzy eşidersiňizmi?

"Olar batly ses bilen gygyryp şeýle diýýärdiler: "Eý mukaddes, hakyky Baýar! Sen haçana çenli Ýer ýüzünde ýaşaýanlary höküm edip, biziň ganymyzy olardan aljak däl?"

Ylham 6:10

278-nji gün

ADATY BOLMADYK
DOGA-DILEG ETME

ŞWEÝSARIÝA: MIHEEL SATLER

Höküm Mihael Satleri haýran galdyrmady — onuň dilini kesip, soňam, ýeretik hökmünde oda ýakmalydylar. XIV asyrdy. Mihael anabaptistlere — çagalary suwda çokundyrmakdan boýun towlamak, ýygnagy döwletden aýyrmak, ilkinji mesihileriň etikasyna dolanmak ýaly täzeäht ýygnagyny dikeltmäge çalyşýan mesihileriň hereketine — degişlidi. Ýöne Ýewropanyň dini hem jemgyýetçilik guramalary anabaptistleri hereket edýän ybadathana abanýan howp hasaplaýardylar.

Märeke aňkaryp, bazara ýygnanyp başlady. Jezalandyrmany gözi bilen görenleriň biride, höküm edileniň ýanynda durup, Mihaele jelladyň zalym ölümi taýýarlaýşyny synlap duran ýigrimi ýaşly Klaus fon Greýfnekdi.

Mihael jelladyň dilini ýaralandygyna garamazdan, gaty kynlyk bilen: "Ýa Reb, bu ýigidiň gözlerini aç..." diýip, dileg etdi.

Klaus duýdansyzlykdan ýerinden böküp turdy: ýazgarylan ýeretik onuň üçin doga-dileg etdi.

Jellat Mihaeli daňanda, ol mähellä ýüzlenip: "Hudaýa iman ediň!" diýdi. Ol gözlerini ýumup, doga-dileg edip başlady. Jellat Mihaeli sütüne daňyp, ýüzüniň ýanyna ody alyp bardy. Höküm edileniň elindäki ince ýüz ýananda, ol ellerini göge galdyryp: "Atam, janymy Seniň elleriňe berýärin" — diýip ýüzlendi.

Höküm edilen adamyň özi üçin eden dilegi Klausy şeýle bir tolgundyrdy welin, hatda Klaus onuň ölümi hakda şaýatlyk ýazdy. Şol şaýatlygyň ahyrynda Klaus: "Goý, Hudaý şunuň ýaly batyrlyk hem sabyrlylyk bilen Özi hakda şaýatlyk etmäge kömek etsin" — diýip ýazdy.

Doga-dileg etme — bu mesihiniň gizlin ýaragydyr. Doga-dileg etmeklik sessiz şaýatlyk ýa-da adamyň Mesihe bolan imany hakdaky birinji gürrüňi bolup biler. Höküm edileniň dilegini eşidende, Klaus saklanyp pikirlendi. Edil şunuň ýaly hem, restoranda nahary iýmezimizden öňürti Hudaýa iýmit üçin minnetdarlyk bildirip doga-dileg edýänimizi töweregimizdäkiler görseler, bu olary saklanyp, Hudaýy ýada salmaga mejbur edip biler. Eger bize adamlaryň ünsüni çekmek we olary hiç bolmanda bir pursatlyk Mesihe çekip bilsek, diýmek, biziň borjumyzyň ýerine ýetdigi bolar. Mihaeliň şahsy göreldesiniň Klausyň durmuşyny üýtgedişi ýaly, biziň doga-dileglerimizem durmuşlary üýtgedip, töweregimizdäkileri Hudaýa wepaly bolmaga ruhlandyryp biler. Ýöne Hudaý siziň etmedik dilegiňizi kabul edip bilmeýär. Şu gün duş gelen adamyňyz üçin dileg etmek üçin wagtyňyzy gysganmaň. Näme boljagyny kim bilýär?

"Her hili doga we dileg bilen, hemişe Ruhda doga ediň".

Efesliler 6:18

279-nji gün



“Mukaddes Kitapda “missioner” sözi ýok-da, “şaýat” sözi bar”.

Ekwadorda Hoş Habary auka taýpasyna wagyz etmäge synanyşanda, ejir çeken mesihi missioneri Jim Elliot (Elizabet Elliotyň “My Savage, My Kinsmen” kitabyndan parçalar).

280-nji gün

ADATY BOLMADYK
GOLÝAZMALAR

ITALIÝA: ÝEWSEWIÝ

Rimde mesihileri gazaply yzarlamalar biziň eramyzyň 303-nji ýylynda, Diokletian imperatoryň hökümdarlygy döwründe başlandy.10 ýylyň dowamynda olary tokaýlardan we gowaklardan gözlediler, oda ýakdylar, ýabany haýwanlaryň öňlerine taşladylar, zalymlyk bilen gynadylar. Mesihiligi ýok etmäge çalşyp, Diokletian oňa garşy gönükdirilen resmi kanun çykardy. Ine, onuň permanlarynyň birnäçesi:

"Resmi wezipeleri eýeleýän mesihileri işden çykarmaly;
Mesihileriň garşysyna bildirilýän aýyplamalaryň hemmesini goldamak we kabul etmek zerur;
Imany üçin mesihileri gynamaly;
Mukaddes Ýazgyny ellerinden almak we derrew otda ýakmak wajypdyr;
Mukaddes Ýazgyny bilmeklik ýok edilmelidir;
Mesihileri raýatlyk hukuklarynyň hemmesinden mahrum etmek gerek;
Ýeipskoplary we beýleki ýygnak ýolbaşçylaryny tussag etmek we hudaýlara gurbanlyk getirmek zerurdyr".

Bu wagtda ýaş ýyl ýazgylaryny ýazyjysy Ýewsewiý irki ýygnaga garşy edilen zalym jenaýatlaryň hemmesini ýazdy. Şol wagtlarda meşhur bolan teolog hem ýygnak ýolbaşçysy Pamfiliý onuň üçin ullakan ruhlanma bolupdyr. 308-nji ýylda Pamfiliý tussag edilip, agyr gynamalara duçar edilýär, ýöne bu ol eýýäm Ýewsewiýiň durmuşyna düýpli täsir edenden soň boldy.

Ýewsewiý: "Ybadat öýüni düýp esasyna çenli weýran edişlerini, Mukaddes ýazgyny oda atyşlaryny, ýygnagyň ruhy çopanlarynyň çem gelen ýerlerde gizlenişlerini öz gözlerimiz bilen gördük" — diýip ýazýar..

Biziň eramyzyň 309-njy ýylynda Pamfiliýe ölüm jezasyny berdiler. 264 — 340 ýyllarda bolsa, Ýewsewiý "Ýygnak taryhyny" ýazdy.

Soňrak Ýewsewiýi mesihiligi ýaýratmaga gatnaşany üçin tussag etdiler. Şeýlede bolsa, ony diri galdyrdylar. Ol özüniň geljekki ýygnaga ýazýan hatynyň üstünde işlemegi dowam etdirmegi üçin Hudaý ony gorady. Imperator Konstantin imana gelen wagtlarynda, Ýewsewiý Kesariýanyň ýepiskopy bolup, oňa öz täsirini ýetirip bildi. Ýewsewiýň işleri irki ýygnagyň başdan geçiren ezýetlerini görer ýaly, geljekki nesilleriň gözlerini açdy. Onuň mesihi gullukçylarynyň durmuşy we ölümi hakdaky şaýatlygy mesihi gahrymanlaryň ummasyz mirasyny bize ýatladýar. Eger bu gün biz yzarlanan ata-babalarymyzyň iman, edermenlik we tükeniksiz söýgi göreldesinde öwrensek, olaryň şaýatlyklary-da, edil gören görgüleri ýaly, biderek bolmaz. Bu gün siz geljekki nesli has uly wepalylyga ruhlandyrmak üçin näme edýärsiňiz? Öz mirasyňyzy galdyrmaga kömek etmegini Hudaýdan soraň.

"Gelip, Onuň dogrulygyny we muny edenligini dogjak halka yglan eder".

Zebur 22:32

281-nji gün

ADATY BOLMADYK

PENA

SAUD ARABYSTAN: ÄR — AÝAL

Är-aýal nebite baý bolan Saud Arabystana geldiler-de, köp wagt geçmänkä, ony özleriniň täze öýi hökmünde atlandyryp başladylar.

Olar Mesihe bile doga-dileg etmek üçin beýleki daşary ýurtly işçiler bilen duşuşýardylar. Muhammediň ruhy paýtagtynda mesihilik ynamyny wagyz etmeklige jenaýat hökmünde baha berilýärdi. Şeýle-de bolsa, är-aýal tussag edilmäge, ýurtdan çykarylmaga, hatda ölüme-de töwekgelçilik edip, Hudaýa wepalylyk bilen tagzym etdiler.

Olar köp ýyllap asuda ýaşadylar. Ýöne günleriň birinde Saud Arabystan polisiýasynyň işgärleri olaryň öýüni dökdüler. Polisiýa işgärleri olary özleriniň dini işleri hakda sorag etmek üçin uçastoga alyp gitdiler. Ýadynda beýleki ýerli mesihileriň salgylary bolan kompýuter olaryň elinden alyndy. Olar beýlekileriňem başyna şu gün düşer diýip gorkdular.

Adamsy türmede galdy, aýalyndan bolsa aýyplamany aýryp boşatdylar. Ol adamsyny türmeden boşatma işinde kömek etmegini sorap, beýleki döwletleriň hökümetine birnäçe hat ýazdy, emma ynjyk nebit berijiler bilen gatnaşyklary bozmajak bolup, ýüze çykan ýagdaýa hiç kim goşulmak islemedi. Är-aýal biri-birini hiç bolmanda ýekeje gezek görşüp biljekdiklerini bilmeýärdiler. Bu waka Saud Arabystanda mesihileriň gizlinlikde yzarlanylýandygynyň köp mysallarynyň biridir. Bir gün bu ýurtdaky adam hukuklaryny bozmak baradaky hakykat dünýä aýan bolar.

Saud Arabystanyň döwleti dünýäde iň köp mukdardaky ölüm jezasyny ýerine ýetirýär. 1999-njy ýylda bu ýurt ýurtda adam hukuklarynyň bozulýanyny gizlemek üçin 1 mln. dollar sarp etdi. Ýöne döwletiň muny mydama gizlin saklamaga güýji ýetmeýär. Saud Arabystanyň türmesinde ejir çekýän mesihileriň sesleri eşidilip, jemgyýetiň olara şu nesil ýaşap ýörkä seslenmegi üçin biz doga-dileg etmelidirs. Mesih gaýdyp gelende, Mesihi we Onuň yzyna eýerijileri kowýanlary Isanyň sudundan hiç zadyň gorap bilmejekdigini biz bilýäris. Ýöne biz bu gün näme etmeli? Doga-dileg etmeklik — ine, biziň birinji ädimimiz. Duşman güýçli, ýöne Hudaý ondan-da güýçli. Siz imany sebäpli türmede görgi görýänleriň goralmagy üçin dileg edýärsiňizmi?

"Çünki belli bolmajak gizlin zat ýokdur, bilnip üsti açylmajak ýaşyryn zat ýokdur".

Luka 8:17

282-nji gün

ADATY BOLMADYK
TABYN BOLMAZLYK

RIM IMPERIÝASY: TEBIAN GOŞUNY

Biziň eramyzyň 286-njy ýylynda imperator Maksimian Tebian goşunynyň 6666 esgerine burgund powstanslary bilen söweşmek üçin Galliýa ýöriş etmegi buýruk berdi. Bu goşunyň her bir agzasy wepaly mesihidi.

Alplardan kynlyk bilen geçenden soň, Maksimian aýgytly söweşden öň, rim hudaýlaryna gurbanlyk bermegi talap etdi. Emma Tebian goşunynyň esgerleri Hudaýa ysnat getirmekden ýüz öwürdiler. Olaryň tabyn bolmazlygy imperatory gaharlandyrdy, şonuň üçin ol her bir onunjy esgeriň kellesini kesmegi buýruk berdi. Bu goşundakylary özleriniň garaýşynda az aýgytly edip bilmedi. Şonda imperator özüne wepaly bolan esgerlere goşun hatarlarynyň içinden ýene bir gezek geçip, ýene her bir onunjyny öldürmegi buýurýar. Esgerler edil söweşdäki ýaly, abraý bilen öldüler. Öz ýoldaşlarynyň durnuklylygynyň we yranmazlygynyň şaýatlary bolan beýleki esgerler, öňküden-de beter tabyn bolmazlyk görkezdiler. Imperator gaharlanyp, Tebian goşunynyň ähli esgerini öldürmegi buýruk berdi.

Tabyn bolmazlyk — iň agyr harby jenaýatdyr. Şeýle-de bolsa, Tebian goşunynyň esgerlerinde başga saýlaw galmady, sebäbi Hudaýa tabyn bolmazlyk has uly günädi. Adamlar güýjüň kömegi bilen ýolbaşçylyk edýärler. Ýöne hökümdarlyga eýe bolana güýç bermäge diňe Hudaý ukyplydyr. Mukaddes Kitapda Hudaýyň tabşyryklaryna garşy gelýän talaplary edende, takwa adamlaryň dünýewi hökümdarlyga tabyn bolmandygy baradaky mysallar näçe diýseň bar. Ýewreý göbekeneleriniň we Musanyň ene-atasynyň faraonyň buýrugyna gulak asmandyklaryny ýada salyň. Ýat hudaýlara gulluk etmekden boýun towlan Danyýel bilen onuň dostlaryny ýada salyň. Olaryň göreldesi, edermen rim esgerleriniň göreldesi ýaly, bize dünýewi häkimligi ykrar etmelidigini, ýöne Hudaýyň häkimligini hemme zatdan ýokary tutmalydygyny ýatladýar. Ynsan buýruklary Hudaýyň tabşyryklaryna garşy bolanda, biz garşy durmaga taýýar bolmalydyrys.

"Emma Petrus bilen Ýahýa olara şeýle gaýtargy berdiler: "Size Hudaýa gulak asandan artyk gulak asmak Hudaýyň ýanynda dogrumydyr? Özüňiz oýlanyp görüň!"

Resullaryň işleri 4:19

283-nji gün

ADATY BOLMADYK

ERK ETME

RIM: SEBASTÝAN

Sebastýan her gün imperator köşgüniň zallarynda gullugyny alyp barýardy. Söweşlerde görkezen gahrymançylygy üçin ol imperator gwardiýasynda ýokary wezipä mynasyp boldy. Ol Rime barandan soň, butparazlykdan saklandy. Ol bütin ýüregi bilen diri Hudaýa gulluk etmek isledi.

Imperator Diokletian adaty bolmadyk salykatly durmuşda ýaşaýan Sebastýan hakda eşidende, onuň bilen duşuşyp, onuň ynamy hakda bilmek isledi. Onuň bilen özara gürrüň edenden soň, ol Sebastýany şäheriň daşyna çykaryp, peýkamdan ýaý atyp öldürmegi buýruk berdi. Esgerler buýrugy ýerine ýetirip, onuň jesedini meýdanda goýup gaýtdylar. Soň Sebastýany bolmalysy ýaly jaýlamak üçin mesihiler geldiler. Olar ony ýokary galdyranlarynda, olaryň biri: "Ol entek diri!" — diýip gygyrdy.

"Ýuwaş! — diýip, beýlekisi pyşyrdady. — Ony howpsuz ýere äkideli".

Sebastýany alyp gitdiler-de, ýaralaryny bejerdiler. Sebastýan sagalandan soň, şaýatlyk etmek üçin ýene imperatoryň öňüne bardy. Köşkdäkileriň hemmesi Sebastýanyň ölümden direlendigine aňk boldular. Imperator ýene Sebastýany tutup, öldürmegi buýruk berdi... Onuň jesedini ýene mesihiler tapdylar-da, bu gezek ýerzeminde jaýladylar.

Seksual taýdan saklanmazlyk. Paýyş sözlülik. Ogurlyk. Aldawçylyk. Hilegärlik. Arakhorluk. Mesihileriň özlerine berýän kesgitlemesi biziň näme etmeýändigimize bagly bolýar. Elbetde, Hudaýyň Öz adamlaryna meşgullanmaga rugsat bermeýän köp zatlary bar. Ýöne Sebastýan diňe bir beýleki esgerler bilen deňeşdireniňde, salykatly bolany üçin ejir çekmedi. Ol döwürlerde onuň ýöne bir gowy adam bolany üçinem öldürip bilýärdiler. Ol özüniň hakyky imany sebäpli ejir çekip öldi. Bizem erbetliklerden saklanyp, Hudaýyň tabşyryklaryny ýerine ýetirmelidiris. Gulak asyjy bolmalydyrys. Hudaýa tagzym etmelidiris. Söýmelidiris. Gulluk etmelidiris. Öz imanyňyzy etmeýän zadyňyz bilen däl-de, edýän zatlaryňyz bilen kesgitläň. Sizi diňe gowy adam bolandygyňyz üçin tanaýarlarmy? Ýa-da diňe bir gowy adam bolman, çyn imanly bolanyňyz üçin tanaýarlarmy?

"Men Seniň sözüňi berjaý etjek bolup, aýaklarymy her hili ýaman ýoldan çekdim".

Zebur 119:101

284-nji gün

ADATY BOLMADYK
AZATLYK

MORAWIÝA: PAWEL GLOK

Pawel Glok kyn ýagdaýa düşdi. Ol anabaptist garaýyşlary sebäpli, türmä salyndy, ýöne gaçmazlyga beren wadasy üçin garawul oňa has köp azatlyk berdi. Oňa odun getirmäge, köwüş bejermäge, ownuk-uşak işleri etmäge rugsat berdiler, ýöne ol nätanyş birini görende, özüniň "azatlygy" hakda bilmezleri ýaly, gizlenmelidi.

Türme garawullarynyň özüne bolan garaýşy onuň özüni-de haýran galdyrdy. 1527-nji ýylda Klaus fon Greýfnek Şweýsariýada başga bir anabaptistiň — Mihael Satleriň — ejir çekip ölenineň şaýady bolupdy. Satler ölümiň öň ýanynda özi üçin doga-dileg edende, Klaus juda tolgunypdy. Bu ýigrimi ýyl mundan ozal bolupdy. Megerem, şonda Klausyň ýüregine adalatsyz yzarlanylýan anabaptistlere bolan duýgudaşlyk aralaşan bolsa gerek.

Pawlusyň ýitirere zady ýokdy. Onuň aýaly bilen çagasy eýýäm ölüpdi. Morawiýada onuň diňe imandaky doganlary galypdy. Ýöne Pawel gaçma meýlinden saklanýardy. Eger ol gaçan bolsa, oňa şeýle gowy gatnaşykda bolan Klausda çynlakaý kynçylyklar boljakdy, tussagdaky anabaptistlere geljekde gaty berk seretjekdiler. Pawlus islendik her neneň ýagdaý bolanda-da, sözüniň eýesi bolup galma kararyna gelipdi.

Soňy bilen Hudaý ony dogruçyllygy üçin sylaglady. 1576-nji ýylda Pawlusyň saklanylýan türmesi ot aldy. Şonda Pawel bilen beýleki tussaglar ody öçürmäge kömek etdiler. Munuň üçin olary anabaptistleri yzarlan dini fanatlar garşy çykyp ýetişmänkä, azatlyga çykardylar.

Ejir çekenleriň tussag edilişi baradaky wakalar golliwud filmleriniň, ýagny ugur tapyjy gahrymanlary ýerasty geçelgeleri gazyp gaçmak üçin gizlin ýollary taýýarlaýan filmler üçin material bolup hyzmat edip bilmeýär. Bu sýužetdäki esasy zat tussagyň nädip gaçyp bilýändigi baradaky sýužet däldir. Pawel Glok ýalylar hatda özlerinde gaçmaga mümkinçilik peýda bolanda-da, muny etmeýärler. Olar her bir ýagdaýy Hudaýyň şöhraty üçin ulanmaga, islendik ýagdaýda Rebbe gulluk etmek üçin ulanýarlar. Pawlus bilen Silasyň türmeden gaçmazlyk kararyna gelmekleri bilen türme garawulyny we onuň maşgalasyny Mesihe getirişini ýada salyň. Özüňizi yzarlaýan kynçylyklardan we meselelerden nädip gaçmalydygynyň aladasyny etmek bilen başagaýmysyňyz? Eger şu pursatda Hudaýyň pikiriçe özüňiziň hut bolmaly ýeriňizde duran bolsaňyz näme? Belki, Hudaý size gaçmanyň ugruny tapmaklygy däl-de, sabyrlylygy öwretmek isleýändir.

"Onsoň olary öýüne äkidip, öňlerine saçak ýazdy, Hudaýa iman getirdik diýip, bütin öý-içersi bilen şatlandy".

Resullaryň işleri 16:34

285-nji gün

ADATY BOLMADYK
ŞAÝAT

PÄKISTAN: ŞERAZ

Hat bary-ýogy bir setirden ybaratdy: "Musulmanlaryň arasynda wagyz etmegi bes ediň!" ýöne ony ýetirme usuly haty alanlarda has uly täsir galdyrmalydy: kagyz Mukaddes Kitap kollejiniň talyby Şerazyň gana bulaşan jesedine berkidilendi. Şerazyň jesedini Päkistanyň Lahor şäherindäki öz ýygnagynyň esasy derwezesiniň öňüne taşlapdylar.

Şeraz bu hatdaky buýruga gulak asmandy. Ol hemme ýerde öz günäleri üçin ölen Halasgäriň söýgüsi hakda wagyz etdi. Ol öz işleýän ýerindäki işçilere, mekdebinde, maşgalasynda wagyz etdi.

Şeraz ölmezinden bir hepde öň ene-atasyna we üç uýasyna kömek etmek üçin fabrige işlemäge gitdi. Işde ol musulmanlar bilen jedele girdi, olaram muny baryp, özleriniň başlygyna aýtdylar. Şol gün Şerazy soňky gezek diri gördüler.

Şeraz töwekgelçilik edýänini bilýärdi. Töweregindäkiler bilen imany hakda gürrüň edendikleri sebäpli, başga-da köp mesihileri öldüripdiler. Başga birlerine bolsa, Allany kemsitmekde aýyplama ýöňkäp, gözenegiň aňyrsyna taşladylar. Ýöne Şeraz diňe öz howpsuzlygy üçin Hoş Habary wagyz etmesini bes edip bilmedi. Şerazyň ölüminden soň, onuň ýygnagynyň agzalary hatdaky haýbatdan gorkup durmadylar. Olar musulmanlaryň arasynda Isanyň söýgüsini we yslamyň gul edenlerine halas bolmany teklip edip, musulmanlaryň arasynda wagyz etmegi dowam etdirdiler. Olar töwekgelçilik edýändiklerini bilýärler, ýöne imany sebäpli, özleriniň başyndan hem, Şezaryň gününiň injekdiginden heder etmän, wagyz etmeklerini dowam etdiräýärler.

Has täsirli şaýatlyk — bu çyn ýürekden edilýän şaýatlykdyr. Başgalara özleriniň durmuşyny Isanyň üýtgedip bilýänini gürrüň bermek üçin bize halas bolmanyň teologiki wajyplygyny öwrenmek gerek däl. Isa diňe öz gözlerimiz bilen görüp, gulaklarymyz bilen eşiden zatlarymyza şaýatlyk etmegimizi soraýar. Biziň öz tejribämiz — bu Isa Mesihe iman etmäniň kuwwatly delilidir. Sizde bolup geçen zada hiç kim garşy çykyp bilmez. Siz öz imanyňyz hakda şaýatlyk edip başlamazdan ozal ikirjiňlenýärsiňizmi? Siz bir zady nädogry aýtmakdan ýa-da haýsydyr bir soraga jogap berip bilmezlikden gorkýarsyňyzmy? Ýöne bir öz durmuşyňyzda bolup geçen zady gürrüň beriň. Şahsy durmuşyňyz bilen yhlasyňyz sizi Mesihiň şowly şaýady eder.

"Çünki görenimizi, eşidenimizi sözlemezlik biziň üçin mümkin däl".

Resullaryň işleri 4:20

286-nji gün



“Isa biziň gitmelidigimizi aýtdy. Ol hiç haçan biziň dolanjagymyzy aýtmady”.

Näbelli adam

287-nji gün

ADATY BOLMADYK

ÇOZUŞ

SAUD ARABYSTAN: MESIHILERIŇ YZARLANMAGY

“Sanawda meniň adym barmyka?” — diýip, Saud Arabystanyň Jidda şäherindäki her bir mesihi dini polisiýa mesihileriň öýlerini döküp, içinde bu etrapdaky her bir mesihi baradaky maglumat bolan şahsy kompýuteri ellerinden alandan soň her bir mesihi pikir etdi. ”Men indiki bolarmykam, meniň gapymy kakarmykalar?“

Prabu Isaak mutawa (dini polisiýa) öýüne baran birinji adam bolupdy. Isaak Hindistanyň raýaty, ýöne Saud Arabystanda yslamdan başga dini ulanmak bolmaýar. Hatda haçyň bolmagy-da, jenaýat bolup durýar. Mutawa saudly raýatlaryň mesihiler bilen gatnaşygyny ýygy-ýygydan görýändikleri baradaky habarlardan ýaňa biynjalyk boldy. Halkara kanunçylyk normalaryny äsgermezçilik edip, Isaaka öz ýurdunyň ilçihanasyna ýüz tutmaga rugsat edilmedi. Polisiýa hatda onuň aýalynam sorag edip, oňa öz ýurdunyň hökümet wekilleri bilen duşuşmagy gadagan etdiler.

Mundan soň, ýene bir mesihi, Eskinder Mengis, ýagny ady Issagyň kompýuterinde bolan mesihi, tussag edildi. Ondan soňky Wilfredo Kalýuaga bolupdy. Kalýuaganyň tussag edilenine köp wagt geçmänkä, ony hamala “gyzgynlyk urgusyndan” bejermek üçin hassahana geçirdiler, ýöne onuň endamy urgy yzlaryndan we ýaralardan — zalymlyk bilen gynamanyň yzlaryndan doludy.

Saud Arabystan Hoş Habar üçin ýapyk ýurt, ýöne bu musulman ýurtda işleýän edermen mesihiler öz tanyşlarynyň we işdeşleriniň arasynda iman tohumyny ekip başladylar. Ýumuş agyr we töwekgelçilik ýokary, ýöne Hoş Habary wagyz etmeklik Hudaýyň Patyşalygynyň ýakynlaşmagyna ýardam edýär.

Saud Arabystanda ýaşaýan mesihiler öz atlarynyň dini polisiýanyň gara sanawyna düşerinden gorkýarlar. Ýöne olaryň kompýuterleri ellerinden alynmazyndan, mesihileriň özleri nyşana sanawyna girizilmezden öň olaryň atlary has wajyp sanawda peýda bolupdy. Mukaddes Kitapda halas bolanlaryň hemmesiniň atlary ýazylan Ýaşaýyş Kitabynyň bardygy ýazylypdyr. Atlary Ýaşaýyş Kitabynda ýazylmadyklar ebedilik heläk bolýarlar. Eger siz Isa Mesihi öz Halasgäriňiz hökmünde kabul eden bolsaňyz, onda adyňyz iň ganym duşmanyňyza mälim bolsa-da, gorkmaň, sebäbi ol hemmesinden öňürti, Mesihiň sanawynda ýazyldy!

“Ýeňen ak egin-eşikler geýer. Men onuň adyny ýaşaýyş kitabyndan öçürmerin, Atamyň hem Onuň perişdeleriniň öňünde adyny ykrar ederin”.

Ylham 3:5

288-nji gün

ADATY BOLMADYK
JEZA

OWGANYSTAN: MISSIÝANYŇ IŞGÄRLERI

Taliban — Owganystandaky häkimiýeti basyp alan radikal musulman hereketiniň ady indi bütin dünýä meşhurdyr. Talibanyň dolandyrýan ýurdunda mesihiligi wagyz etmek jenaýatdy.

Köpýyllyk urşuň weýran eden bu ýurduna girizilen haýyr-sahawat guramalary mesihilik kitaplary bilen beýleki materiallary-da getirdiler. Köp ýurtlarda ynsanperwerlik kömegi — bu Hoş Habar üçin ýeke-täk açyk gapydyr. Ýöne owgan hökümeti mesihilik materiallaryny derrew aldylar.

Talibanyň ýolbaşçylary çagalary mesihilik taglymatynyň täsirine düşendikleri üçin aýyplamadylar. Olary ene-atalary dogry terbiýeläp bilmändiler. "Daşary ýurtly mesihileriň tussag edilmegi ene-atalar çagalaryna sereder ýaly, olaryň nämeler bilen meşgullanýandyklaryny biler ýaly, olaryň hemmesi üçin sapak bolmalydyr" — diýip, nogsanlyklary aýyrmak we ýagşylyklary ýaýratmak ministriniň orunbasary aýtdy.

Resmi düşündirişler 2001-nji ýylda ynsanperwer missiýalaryň sekiz işgäri, şeýle hem, mesihilik guramalarynda hakyna tutulyp işleýän köp sanly owganlar tussag edilenden soň peýda boldy. 2001-nji ýylyň noýabryndan başlap, daşary ýurtlulary musulmanlaryň arasynda Isa Mesihiň Hoş Habaryny wagyz edendikleri üçin sud edip başladylar. Köp ýagdaýlarda ölüm jezasy berildi. Owgan işgärlere yslama gaýdyp gelmäge mümkinçilik berildi. Eger olar mundan boýun towlasalar, onda olary dinden çykan hökmünde sud etdiler.

Missiýalaryň iki işgäriniň — ABŞ-nyň iki raýatynyň — taryhy dünýä giňden belli boldy. Olara berlen adalatsyz jezany ilki seredende tragediýa hökmünde atlandyrmak bolar. Ýöne tragediýa ýaly bolup görnen zat Hudaý tarapyndan has wajyp maksada ýetmek üçin ulanylan bolup biler. Isanyň durmuşyna serediň. Ilki seredende, Isanyň ölümi bolup biläýjek zatlaryň iň erbedi ýaly bolup görünýär. Şeýle-de bolsa, Hudaý Isanyň adalatsyz jezalandyrylmasyny bize gutulyş sowgat bermek üçin ulandy. Musulman ýurdundaky mesihileriň adamlara Hoş Habary ýetirmek üçin ölmäge-de taýýardyklary baradaky habar bütin dünýä ýaýrap, azaşan janlary Mesihe getirdi we missionerleri janlaryny aýaman zähmet çekmeklige ruhlandyrdy. Siz adalatsyz ýagdaýlardan ejir çekýärsiňizmi? Belki, bu Hudaýyň size niýetlän aýratyn sylagydyr.

"Reb ählimiziň etmişimizi oňa ýükledi".

Işaýa 53:7

289-nji gün

ADATY BOLMADYK

“ÇUKUR”

RUMYNIÝA: ŽENÝA KOMAROW

Köpek agyzzyrygyny çekip, öňe okduryldy, onuň gorkunç dişleri syrtaryp durdy. “Tut!” — diýip, lageriň gözegçisi Nudnyý gygyrdy.

“Ýa Reb, maňa rehim et!” — diýip, mesihi tussag Ženýa Komarow ýalbardy. Ol garawulda duran itleriň tussaglary çeýnäp öldürýändiklerini bilýärdi, şonuň üçin Hudaýdan özüni halas etmegini sorap, dileg etdi.

Ullakan owçarka oňa tarap okduryldy, ýöne birden saklandy. Komarowdan iki ädim aralykda ol ýumlugyp, uwlap başlady, ýöne hüjüm etmedi.

Tussaglar ýarym aç işleýärdiler, şonuň üçin Komarow iýilýän kökjagaza elini uzadanda, Nudnyý onuň üstüne iti küşgürdi. Indiki birnäçe günüň dowamynda Komarow: “Rebbim, men açlykdan, ezilmeden we agyrydan ýaňa tapdan düşdüm. Haýyş edýärin, bu zatlaryň soňuna çyk. Goý, men öleýin-de, rahatlyk tapaýyn ýa-da Sen Ylýasa gudrat görkjezişiň ýaly, gudrat görkez” — diýip, dileg etdi. Her gün tussaglary ullakan elektrostansiýanyň gurluşygyna güýçleriniň ýetmejek işlerine alyp barýardylar. Komarow Nudýa howatyr edip seredýärdi: ol itli waka üçin ar almazmyka? Bir gün Nudnyý Komarowyň ýanyna geldi. Ol itsizdi. Komarow Hudaý öz dilegine jogap berendir, şonuň üçin ölüm pursaty gelendir diýip pikir etdi, ýöne ol mesihini aşhana alyp bardy-da, aşpeze: “Oňa iýer ýaly bir zat ber, ýogsam, ol eýýäm gutaryp barýar” — diýdi. Komarow gitjek bolan wagtynda, aşpez oňa beýleki mesihi tussaglar üçin çörek berdi.

“Seniň üstüňe köpegi goýberenimi ýatdan çykar — diýip, Nudnyý Komarowa aýtdy. — Näme üçindir şol ýagdaý maňa rahatlyk berenok”.

Komarow gudraty üçin Hudaýa minnetdarlyk bildirdi.

Adamlaryň ençesi Danyýel we ýolbarsly çukur baradaky taryha meňzeş zatlary başdan geçirip gördüler. Olaryň azar çeken ýagdaýlary Danyýele garaşan ejirli ölümi ýada salýar. Danyýeliň taryhy ýeňiş bilen gutarýar. Ol agyr ýagdaýlary ýeňip geçdi, sebäbi özüni Hudaýyň halas etjegine ynanýardy. Bizem öz janymyza howp salýan, ýöne özümiziň erk edip bilmejek ýagdaýlara düşmegimiz mämkin. Hudaý bizi gorkunç hakykatdan halas edip, parahatçylyk sowgat berip bilýär. Biz diňe öz kynçylyklarymyzyň “ýolbarsly çukurynyň” hötdesinden gelmäge Hudaýyň güýjüniň ýetjekdigine ynanmalydyrys. Siz nähili howp salyjy ýagdaýa düşdüňiz? Hudaýdan Özüniň aladaçyl barlygynyň alamatyny görkezmegini haýyş ediň. Onuň özüňizi azat edip biljekdigine ynanyň.

“Meniň Hudaýym perişdesini iberip, ýolbarslaryň agzyny baglady. Olar maňa zeper ýetirmediler, çünki Hudaýyň huzurynda men bigünä saýyldym ”.

Danyýel 6:22

290-nji gün

ADATY BOLMADYK
“ÝÜZLENMELER”

INDONEZIÝA: MESIHI GYZJAGAZ

Indoneziýa obalarynyň birinde metjidiň öňünde bir märekäniň daşyny jehadyň ýaraglanan ak geýimli esgerleri gurşap durdy. Olar mähelläniň üstüne sowuk suw sepýärdiler. Bu dini ýuwunma şol adamlary mejbury ýagdaýda yslama getirmäge taýýarlygyň bir bölegidi. Olar özleriniň ýa-ha yslama öwrülmelidiklerini ýa-da hemmesini janlaryndan mahrum etjekdiklerinji bilýärdiler.

Kiçijik gyzjagaz öz ynamy üçin aglaýardy: ol bu däp öz elinden imanyny alar öýdýärdi. Gyzjagaz teninde nämäniň bolup geçendigine garamazdan, Mesihe bolan imanyň adamyň ýüreginde galýanyny bilmeýärdi. Ol, şeýle hem, beýleki erkeklere we aýallara hem çagalara garaşyşy ýaly, özüne-de sünnetlenmäniň garaşýanyny bilýärdi. Mejbury sünnetleme täze dine öwrülmäniň jemleýji däbidi. Gyzjagaz bütin durky bilen yslama geçmäge garşy çykyp, ýüregi bilen Hudaýdan kömek sorap dileg etdi.

Bir wagtlar Indoneziýa çydam meýdanydy. Bu ýurtda beýleki islendik ýurtdaka seredende, musulman köp bolan bolsa-da, hiç hili kynçylyk ýüze çykmaýar diýen ýalydy. Musulmanlar, mesihiler we buddistler biri-birine hiç hili ýigrenç duýman goňşulykda ýaşap, egin-egne berip işleýärdiler.

Indi hemme zat üýtgäpdi. Radikal musulmanlar ýurda jehat (mukaddes urşy) alyp gelipdiler, şonuň üçin hem bir mesihi olaryň nyşanasyna öwrülipdi. Köpler janlaryny halas etjek bolup, musulman ynam nyşanyny gaýtalaýarlar, ýöne olar diňe Hudaýyň gutulyş berýänini bilýändikleri üçin ýüreklerinde diňe Oňa ýüzlenýärler.

Adamlar bizi daşky taýdan üýtgetjek bolýarlar, ýöne biri içki taýdan diňe Hudaý üýtgedip bilýär. Mesihe gelmezimizden öňürti biz özümizi dünýäniň standartlaryna uýgunlaşdyrjak bolýarys. Beýle etmek bilen biz özümizdäki hakyky “meni” ýitirýäris. Bizi özümiz nähili bolmaly däl bolsak, şonuň ýaly adam bolmaga mejbur etjek bolýarlar. Ýöne Hudaý adamy özgerdende, adam mydamalayk özgerýär. Indi bize özümizdäki köne “mene” gaýdyp barmaga mejbur etmek mümkin däl. Bu wakadaky gyzjagaza täsirini ýetirişleri ýaly, töweregimizdäkiler bize-de täsirini ýetirip biler, hatda nämedir bir zada mejbur edibem biler. Emma bizi Mesihden köp özgerdip bilen adam bolmaz. Siz Mukaddes Kitapda ýazylan özgermäni başdan geçirip gördüňizmi?

“Size dogrusyny aýdýaryn, toba edip, çagalar ýaly bolmasaňyz, Gögüň Patyşalygyna asla girip bilmersiňiz!”

Matta 18:3

291-nji gün

ADATY BOLMADYK
MYLAKATLYLYK

SOWET SOÝUZY: PÝOTR

Ölümden direlen Halasgär iki şägirdi bilen Iýerusalimde soňky günlerde bolan wakalar hakda gürleşip, Emmausa barýardy. Ol şägirtlerine Hudaýyň Mesih baradaky maksady hakda gürrüň berdi. Emma şägirtleri Ony tanamadylar. Ýoldaşlar şähere gelip ýetenlerinde, Isa ýoluny dowam etdirjek ýaly bolup göründi. Näme üçin? Eýsem, Ol gürrüňi dowam etdirmek üçin galmak islemeýärdimi?

Sowet Soýuzynda ýaşan Pýotr üçin Isanyň hereketlerinde Onuň edepliligi görnüp durdy. Isa Özüniň islenilýän myhmandygyna ynamly bolman, çagyrylmasa-da barmak islemedi. Pýotr öz ýüregine-de, ýuwaşjadan kakyp, Özüni Pýotryň ýüregine salaryna garaşýan Halasgär hakda eşidende, aňk boldy. Isanyň kiçigöwünliligi Pýotry haýran etdi, şonuň üçin ol Oňa kalbynyň gapysyny giňden açdy. Şeýdip, Isa Pýotryň Halasgäri hem Rebbi boldy.

Pýotr imana gelmegiň nähili ähmiýetiniň bardygyny bilýärdi. Ol üýtgedi. Hudaý ony hasaba alynmadyk gizlin ýygnaga işlemäge goýberdi. Bu ýerde ol beýleki ýygnak agzalarynyň durmuşyny we gullugyny synlap işini öwrendi. Imanda gitdigiçe ösýän mesihiler şaýatlygy ösdürmekde we gündelik durmuşda imanda ýaşamakda onuň üçin görelde boldular. Pýotr mesihilik edebiýatyny gizlin daşap, köp gezekler gitdi. Ol diňe bir okuwçy däl-de, eýsem, başgalary Mesihe alyp barmak üçin mugallym hem bolmak isläp, gitdigiçe batyrlaşdy. Ony yzarladylar, tussag etdiler we gözenegiň aňyrsyna taşladylar. Onuň şondan soňky ykbaly diňe Hudaýa mälim.

Rumyn ruhy çopany Riçard Wurmbrand bir gezek: "Biz jany Mesihe getirenimizden soň saklanmaly däldiris. Bu işiň diňe bir bölegidir. Mesih üçin gazanylan her bir jan başga janlary tutujy bolmalydyr. Russiýalylar diňe bir iman getirmän, eýsem, gizlin ýygnagyň "missionerleri" hem boldular. Olar Mesihiň işinde erjel hem batyr boldular" — diýipdir. Pýotr ýaly adamlar başgalary halas edip başlamak üçin nädip şeýle derejede ösüp biler? Bir adam Pýotra nädip mesihi bolmalydygyny görkezdi, başga biri bolsa, imanda nädip ösmelidigini görkezdi. Adamlara özleriniň Mesih üçin has-da köp zady edip biljekdiigini görkezmek wajypdyr. Siziň ösüp barýan imanyňyz başgalar üçin görelde bolup hyzmat edýärmi? Hudaý sizi diňe bir okuwçy däl-de, eýsem, mugallym bolmaga-da çagyrýarmy?

"...Rebbimiz hem Halasgärimiz Isa Mesihiň merhemetinde, biliminde ösüň".

2 Petrus 3:18

292-nji gün

ADATY BOLMADYK
ÝATLAMALAR

KUBA: TOM UAÝT

Tom Uaýtyň uçary Kubada — mesihilik dünýäsinden üzňelikde bolan adada — Tom Uaýtyň uçary partlamazyndan öň Tom bilen onuň uçarmany köp aýlaryň dowamynda onuň üstüne hoşhabar kitapçalaryny oklady. Indi Tom 24 ýyl türme tussaglygyna höküm edilip, "Kombinado — del — Este" türmesinde otyr. Bu ýerde ol ynamdar adamlardan Kuba ýygnagynyň nähili ýagdaýdadygyny bildi. Ýygnak yzarlamalaryň garşysyna gidip ýaşapdyr.

Tom türmede köp kubaly mesihiler bilen oturanyny hormat hasaplady. Türmedäki režimiň ýerine ýetirilmegine jogapkär bolan kapitan Santos Tomy ýeke oturylýan kamera geçirýär. Indi Tom lapykeçlik bilen göreşip, öz ýüreginiň şol kamera ýaly boş bolmagyna ýol bermeli däldi.

Poluň üstünde ýatmak mümkin däldi, ol örän sowukdy. Ýeke-täk dynç alma mümkinçiligi beton diwara mańlaýyňy goýup durmakdy.

Içki göreş wagtynda, Tom mesihi aýdymlary aýdýardy. Ol bar güýjüni jemläp, türmede oturan beýleki ruhy doganlarynyň güýçleri hakda mydama pikir etmäge çalyşýardy. Ol birwagtlar ejir çekenler hakdaky kitapdan okan ruhlandyrmadan doly bolan şaýatlyklary ýatlamaga çalyşýardy. Şol kitaby Tom ýetginjekkä, oňa ejesi alyp beripdi.

Şeýdip, Hudaýyň güýjüniň we yzarlanylýan kubaly ýygnagyň imanlylarynyň we köp wagt öň okalan kitabyň — "Foksuň ejir çekenleriniň kitabynyň" — kömegi bilen Tom bu agyr wagty geçirip bildi.

Bizden öň kimdir biriniň şonuň ýaly synagy geçendigini bilenimizde, synaglara döz gelmek bize aňsat düşýär. Şahsy göreldäniň güýji bize kömek edýär. Başga biriniň başdan geçiren zady hakda okanymyzda ýa-da eşidenimizde, öz şahsy ýagdaýymyza has paýhasly baha berip bilýäris. Nämedir bir zady ýekelikde başdan geçirmeli bolanymyzda, biz Tomuň ýekelikdäki tussaglygyny ýada salýan ýagdaýa düşýäris. Şunuň ýaly wagtlarda beýleki edermen mesihileriň şaýatlyklary biziň üçin iň gowy goldaw bolýar. Ejir çeken mesihileriň durmuşynyň suratlandyrylmalary bizi edil imandaky gandan hem tenden bolan doganlarymyzyň özleri ýaly höweslendirýär we ruhlandyrýar. Siz hasrat çekýärsiňizmi? Ýalňyzlykdan saplanyň-da, imandaky doganlaryňyzyň şaýatlyklaryna ýüzleniň. Bu gün olaryň Hudaýa bolan söýgüsinden we batyrlygyndan güýç alyň-da, ertire umyt baglaň.



293-nji gün

“Köp yzarlama — köp ösüş!”

Köp ýylyny öz imany üçin türmede geçiren hytaý öý ýygnagynyň ruhy çopany Semýuel Lemiň gowy görýän jümlesi.



294-nji gün

ADATY BOLMADYK
ÝENE BIR MISSIONER.

HINDISTAN: EMI KARMAÝKL

1931-nji ýylyň 24-nji oktýabrynda Emi Karmaýkl: "Hudaýym, Senden haýyş edýärin, meni nähili ulanmak isleseň, şonuň ýaly hem ulan. Maňa Saňa gulluk etmäge kömek etjek zatlaryň hemmesini et" — diýip, dileg etdi. Emi Hindistanda missionerçilik gullugyny alyp bardy we butparaz ybadathanalardaky jelepçilikden halas eden ýaşajyk köp gyzlarynyň ejesi boldy. Ol doga-dileg etmäge we boljak zatlaryň hemmesinde Hudaýa bil baglamaga endik edinipdi.

Şol gün ol birazrak wagtdan soň ýykylyp, aýagyny döwýär. Bejergiler wagtyndaky kynçylyklar sebäpli, Emi mydamalyk maýyp bolup galdy-da, şondan soňky ýigrimi ýylyny öz otagynda geçirdi. Ýöne Emi öz ýarawsyzlygy baradaky pikirlere wagtyny sarp edip oturmady. Ol bar güýjüni hem energiýasyny edebi döredijiliginde jemledi. Ol ruhlandyrma gullugyny alyp bardy-da, dünýädäki köp dogry adamlara gulluk etdi. Emi krowatda ýatan ýerinde, müňlerçe hatlar ýazdy, on üç prozaly kitabyň we ençeme ajaýyp goşgularyň awtory boldy.

"Seniň näme, ýaraň ýokmy?
Ýaraňam? Ýara yzyňam?
Şonda-da, Hojaýyn nädip hyzmatkär bolýar,
Deşilen aýaklar Meniň yzymdan gelýär;
Ýöne seniň aýaklaryň bitin:

Ol ýarasyz, ýara yzsyz bolanyň yzyna düşüp, uzak gidip bilermi?" — diýip, Emi ýazdy. (Emi Karmaýklyň kitabyndan).

Emi maýyp boldy, ýöne bu ony Hudaýa has ýakynlaşdyrdy. Ol öz Halasgäri bilen süýji gatnaşykda boldy. Özündäki ýara yzynyň kömegi bilen Halasgäre has gowy düşündi. Betbagtçylyk çeken adamlar biri-biri bilen has berk gatnaşykda bolýarlar. Olar ýakynlygy şobada duýýarlar. Ene-atasy aýrylyşan çagalar biri-birine başgalara garanda has gowy düşünýärler. Bu Mesih babatda-da dogrudyr. Biz görgi görenimizde, Mesih bilen has başga derejede gürleşip başlaýarys. Onuň öz ýaralarymyz hakda bilýänini duýýandygyna haýsydyr bir ýol bilen has aýdyň düşünýäris. Ýaralaryňyz Isa bilen gatnaşyklaryňyzda size näme öwredýär? Siz ýaralaryňyza özüňizi Oňa has köpräk ýakynlaşdyrmaga rugsat berýärsiňizmi?

"Hudaý ezilenleri azaplaryndan gutarýar, Muşakgatlylara Özüni eşitdirýär".

Eýýup 36:15

295-nji gün

ADATY BOLMADYK

KOD

RUMYNIÝA: RUHY ÇOPAN RIÇARD WURMBRAND

Özüniň ýerzemindäki kamerasynda ýalňyzlykdaka, ruhy çopan Hudaýa: "Sen erbetlere hem gowulara gün bilen ýagyş berýändigiňi aýtdyň. Beýle bolsa, men kim? Gowumy ýa-da erbet?" — diýip arz etdi.

Hudaý onuň ýüregine gürledi: "Sen düýbünden başga zat, sen Hudaýyň çagasy. Hudaýyň çagasy güne ýa-da ýagşa garaşmaýar. Onuň özi ýagtylyk sowgat bermeli. Sen garaňky dünýädäki ýagtylyksyz, sen şöhle saçmalysyň. Özüňde ýok zat üçin arz edip oturmagyň deregine, sen näme üçin şony başgalara sowgat bermeli dälmişiň? Seniň töweregiňdäki kameralarda näçe janlar bar!"

Ruhy çopan Wurmbrand: "Men ýeke oturylýan kamerada oturyp, kimdir birine gutulyşa barýan ýoly nädip görkezip bilerin?" — diýip, dileg etdi.

"Gowuja pikirlen" — diýen jogap geldi.

Riçardda pikir peýda boldy. Ol diwara urdy, soň jogap hökmünde diwaryň urlanyny eşitdi. Şondan soň, ol gapdalyndaky iki diwar tarapky kameralarda oturan tussaglara Morzyň elipbiýini öwredip başlady. Tizara dürli kameralardaky tussaglar Riçard bilen gürleşip bildiler, Riçard hem, olara Hoş Habary öwredip başlady. Beýleki tussaglaram öz gezeginde, habary goňşy kameralarda oturanlara geçirdiler.

Şeýle etmek bilen Hudaý ilki seredende umytsyz ýaly bolan ýagdaýy bütin türmä Hoş Habar ýaýratmagyň peýdaly usulyna öwürdi.

Köp ýyl geçenden soň, Riçard kimdir biriniň rumyn türmesindäki diwar kakma arkaly Mesihe bolan imana gelendigi barada gürrüň berenini eşitdi.

Gussaly hakykaty eşitmek aňsat däl. Ruhy çopan Wurmbrand öz düşen ýagdaýyna baha berende, onuň adatdan daşary ýakymsyz ýagdaý bolandygyny gördi. Şeýle-de bolsa, görgüler ony täze açyşlara alyp bardy. Ol mesihiligiň ýaşaýşa bolan gatnaşygynyň ýalňyzlykda gussaly ýaşamakdan has wajyp ekendigine düşündi. Täze pikir bilen ýaraglanan Riçard hakykata başgaça baha berip başlady. Ol gürläp bilmeýärdi, ýöne Morzyň koduny ulanyp, diwary kakyp bildi. Ol hatda Hoş Habary — özüniň hakyky söýgüsini — paýlaşybam bildi. Ýakymsyz ýagdaýlaryň daşymyzda köpelip başlanyny görenimizde, biz özümiziň olara bolan gatnaşygymyza gözegçilik etmegi unutmaly däldiris. Biz Mesih ýaly, görgüleri görmäge taýýar bolmalydyrys. Biz olaryň özümizi ýeňmegine ýol bermeli däldiris. Biz olara döz gelip bileris. Siz öz düşen ýagdaýlaryňyzy Hudaýyň şöhraty üçin gulluk etmäge mejbur etjek bolup, olara ýeterlik derejede üns berýärsiňizmi? Siz iman adamymy?

"Mesihiň biziň hatyramyza tende görgi görşi ýaly, siz hem şol pikir bilen ýaraglanyň... ".

1 Petrus 4:1

296-nji gün

ADATY BOLMADYK
ZÄHMET

DEMIRGAZYK WÝETNAM: DA DOGAN

Özüniň gysga tolkunly radioprýomniginde mesihilik programmalaryny ilkinji gezek eşiden wagtynda, Da dogan Demirgazyk Wýetmanyň Kommunistik partiýasynyň wepaly agzasydy. Ilki ol geçmişiň manysyz yrymçyllygy hökmünde Hoş Habary inkär etdi, ýöne ony iki ýyllap diňländen soň welin, Mesihe garşy durup bilmedi. Ol öz ýüregini ýesir eden Hudaýa bolan söýgüden ýaňa şatlandy we tizara goňşularynyň köpüsini Mesihe bolan imana getirdi.

Emma onuň şatlygy uzaga çekmedi. 1998-nji ýylyň 29-njy dekabrynda Danyň hoşhabarçylyk işi edenine gazaplanan wýetnam polisiýasy onuň öýüni dökdi we wagyzçyny konwoý bilen alyp gitdi. Onuň aýaly bilen dört çagasynda ony düzediş — zähmet lagerine alyp gidişlerine seredip durmakdan başga alaç galmady.

Lagerde Dany kerpiç zawodynda işlemäge mejbur etdiler. Her gün ol iki müň kerpiç daşamalydy. Eger Da bu borçnamany ýerine ýetirmese, onda ony zalymlyk bilen uryardylar. Ol munuň ýaly agyr zähmete döz gelip bilmerin öýtdi, emma 2000-nji ýylyň 15-nji oktýabrynda ony tussaglykdan boşatdylar. Azatlyga çykarylandan soň, Da öý tussaglygynda saklanyldy. Oňa öz imany hakda şaýatlyk etmegi gadagan etdiler. Oňa: "Sen ýaňyja zähmet lagerinden geldiň, näme, ol ýere ýene gitmek isleýärsiňmi?" — diýdiler.

Ýöne Da özüniň "Söýgi gullugyna", ýagny Hudaýa wepalydy, şonuň üçin hem, öz işini dowam etdirdi. Ol töweregindäkilere gaýta-gaýta Mesih hakda gürrüň berdi. Hiç hili haýbatlar ony gorkuzmady.

Her gün işe gitmegi gowy görýän adamlar seýrek duş gelýär. Ýöne Hudaýyň hasyl ýygymyna gatanaşýan adamlarda zähmete düýbünden başgaça garaýyş bolýar. Hudaýyň işi hiç haçan içgysgynç bolmaýar. Oňa gijä galmak hiç haçanam mümkin däldir we ol hiç haçan gutarýan däldir. Öňümizde duran wezipäni ýerine ýetirerimiz ýaly, Hudaý bize güýç, agyr pursatlar gelende bolsa, sabyrlylyk berýär. Näme üçin mesihiler beýle agyr zähmet çekýärler. Gazanç üçinmi? Sylaglar, ýeňillikler ýa-da başga artykmaçlyklar üçinmi? Ýok, Hudaýa gulluk etmek üçin hemme zadymyzy bermäge bizi hut söýgi mejbur edýär. Eger siz Mesihi söýýän bolsaňyz, Oňa şatlyk bilen gulluk edersiňiz. Ol bu gün sizi Özi üçin näme etmeklige çagyrýar?

"Imanyň hasyly bolan işiňizi,
söýgüden emele gelen zähmetiňizi,
Rebbimiz Isa Mesihe baglan
umydyňyzdan dörän çydamyňyzy...
dyngysyz ýatlaýarys".

1 Salonikliler 1:3

297-nji gün

ADATY BOLMADYK
HAÝYŞ

DEMIRGAZYK KOREÝA: MISSIONER MYHMAN

Myhmanhananyň foýesinde daşary ýurtly "telekeçiniň" duranyny görende, oglan ylgap, onuň ýanyna geldi-de, elinden tutdy. Alada galan daşary ýurtly elini aýyrjak boldy, ýöne ol oglanyň gizlinlikde barmagy bilen öz aýasyna haçyň şekilini çekýänini duýdy. Bu ýygnak bilen gatnaşygy ýola goýma mümkinçiligi üçin dileg eden missioner adamdy. Ol çöp ýaly hor bolan oglanyň ýüzüne seredip, derrew düşündi: "Demirgazyk Koreýada ýygnak diri!"

Ertesi gün missioner oglan bilen gizlinlikde duşuşdy. Ol oglanyň kakasynyň mesihi ekendigini bildi. Köp ýyllar mundan ozal onuň kakasyny tussag edipdirler, maşgala bolsa, hökümetiň yzarlamalary zerarly, köp ezýetler çekipdir. Gün görmek üçin olar gedaýçylyk edip, gurakçylyk zerarly adamlar açlykdan ölen wagtlarynda, iýmit diläpdirler.

Missioner özüniň näme kömek edip biljekdigini soranda, oglanyň öz maşgalasy üçin iýmit dilejegine ynanmaly bolupdyr. Ýöne oglan düýbünden başga zat — özüniň köp ýyllardan bäri ýygnan ondan birini almagyny, özüni suwda çokundyrmagyny we Mukaddes Çörek bölmäni öwretmegini, şeýle hem, Mukaddes Kitap bermegini — haýyş edipdir.

Oglanyň haýyşy daşary ýurtly adama aglar derejä çenli täsir edipdir. Ol oglanyň akyldarlygyna göz ýetirdi: material kömek oňa bir ýa-da iki gün kömek ederdi, ruhy kömek bolsa, ony bakyýet bilen duşuşyga taýýarlaýar.

Bir zat islemek we bir zada mätäç bolmak — adamlaryň köpüsi üçin düýbünden dürli zat bolýar. Köplenç olar özleriniň mätäç bolan zatlaryny islemeýärler. Hut şonuň üçin hem, adamlaryň aglabasy lapykeçlige düşýärler. Bu oglanyň mysalynda biz islegimiz bilen mätäçligimiz dogry gelende, näme bolýandygyny görýäris. Ol özi juda mätäç bolan zadyny — Isa Mesihi — isledi. Islegiňiz talabyňyza garşy bolmadyk wagtynda, göwnühoş boluň. Siziň hemme zatdan beter pula mätäçdirin diýip pikir etmegiňiz mümkin, ýöne puluň diňe talaplaryňyzyň birnäçesini kanagatlandyrýanyna tizara düşünersiňiz. Bu gün siz pula mätäç, ýöne köp wagt geçmänkä, düýbünden başga zadyň wajyplygyna düşünersiňiz. Siziň mätäçlikleriňiz bilen islegiňizi birwagtda diňe Isa kanagatlandyryp bilýär.

"Meniň Hudaýym ähli hajatyňyzy Mesih Isadaky şöhratly baýlygy bilen doldurar".

Filipililer 4:19

298-nji gün

ADATY BOLMADYK
GARŞYLYK GÖRKEZME

NIGERIÝA: SARATU TURUNDU

"Men gaçmaryn. Men garşylyk görkezmäge taýýar".

Saratu Turundu otuz bäş ýaşyndady. Ol entek durmuşa çykmandy. Ol çagalary gowy görýärdi, şonuň üçin öz çagasynyň bolmagyny isleýärdi, emma Hudaý onuň bu baradaky dilegine jogap bermedi.

Saratu özüni Hudaýa we ýygnaga bagyş etme kararyna geldi. Ol özüniň ýygnak maşgalasyny bütin ýüregi bilen kabul etdi. Ol ýekşenbe mekdebinde ders bermegi diýseň gowy görýärdi. Çagalar bilen gürleşmeklik we olara Mesihe tarap barýan ýoly görkezmeklik Saratuny aýdyp bolmajak şatlykdan doldurdy. Ol özüniň Mesihsiz hiç haçanam bagtly bolmajakdygyny bilýärdi.

Ýöne onuň mähriban şäherin Kadunidäki fanatik musulmanlar mesihilere azar berýärdiler. Saratu beýleki obalardaky azar çeken mesihiler, ekstremistleriň olaryň jaýlaryny hem emläklerini ýakyp, özlerinem, maýyp edendikleri we öldürendikleri hakda az eşitmändi.

Şonuň üçin musulmanlaryň mähellesi kadunly mesihileriň üstlerine çozanda, Saratu Mesihi goramak üçin aýaga galma kararyna geldi. Erkek doganlary gyzdan özleri bilen bile tokaýa gaçmagy haýyş etdiler. Ýöne ekstremistleriň guduzlan mähellesi öz söýgüli ýygnak binasyny otlanlarynda-da, Saratu gaçmakdan boýun towlady. Ol diňe öz öýünde poluň üstünde dyza çöküp, doga-dileg etdi. Musulmanlar öýe benzin guýup, ony otladylar. Saratu dostlarynyň we ýakynlarynyň ýadynda özüni bilýänleriň hemmesine söýgi sowgat beren mährem hem duýgudaş bolup, mydamalyk galdy. Saratu öz Halasgärini söýüp öldi.

Adam güýjünden ýokary bolan güýç hakdaky gürrüňler bizi haýran galdyryşy ýaly derejede ruhlandyrýaram. Öz çagasyny maşynyň astyndan çykaryp halas etmek üçin ýanyp duran awtomobili göteren ene hakdaky waka bizi diýseň haýran galdyrýar. Juda seýrek ýagdaýlarda adamlar adaty bolmadyk hereketleri etmäge ukyply bolýarlar. Iman hem, adama ozal mümkin bolmadyk zady etmäge güýç berip bilýär. Saratu öz ýygnagynda Mesihiň goragyna aýaga galma kararyna geldi. Megerem, ol ozal beýle zady etmäge özüniň güýji ýeter öýden däldir. Ýöne Hudaý oňa kömek etdi. Siz haçan hem bolsa bir wagt öz pikiriňizçe başaryp bilmejek zadyňyzy edip gördüňizmi? Imanda berk durmaga kömek edip bilme ukybyny bereni üçin Hudaýa minnetdarlyk bildiriň.

"... ýöne dikeler, çünki Hudaý ony dikeltmegi başarýandyr".

Rimliler 14:4

299-nji gün

ADATY BOLMADYK

AR ALYŞ

ISPANIÝA: BARTOLOME MARKES

“Ar almagyňyzy ýalbaryp soraýaryn…”

Ispanýaly ejir çekip ölen Bartolome Markesiň ölümiň öň ýanyndaky hatyny okanlar hatdaky ar alma çagyryşyny görenlerinde, haýran galdylar. Soňrak olar munuň ar almak üçin gan döküşik etmeklige çagyryş däl-de, köpräk adam Isanyň gany bilen ýuwlar ýaly etmäge çagyryş ekendigine düşündiler.

“Maňa ýamanlyk edenlere ýagşylyk etmek üçin mesihilik aryny almagyňyzy sizden haýyş edýärin — diýip, Markes imanlylara hat ýazypdyr. — Men sizi özümiň tizara barjak ýerimde — göklerde görerin diýip umyt edýärin”.

1939-njy ýylda ispan kommunistleri beýleki ruhy çopanlar bilen bilelikde Markesi-de öldürdiler. Onuň aýalyna we mesihi doganlaryna ýazan haty şatlyk habarydy.

“Birnäçe sagatdan soň, men bagtlylaryň söz bilen beýan edip bolmajak şatlygyny görerin! Mesih ugrunda yzarlanylýanlaryň ölümi nähili aňsat. Hudaý maňa öz mynasyp bolmadyk hormatymy edýär, ýagny men Onuň söýgüsinden lezzet alyp ölýärin”.

“Meniň ýüregim urup durka, ol saňa bolan söýgi bilen urar. Meni ýygnagyň, ýurduň we maşgalanyň beýik ideallaryny goranym üçin ýazgaranlarynda, meniň üçin gökleriň derwezesi açyldy. Häzir has-da güýçlenen söýgimiziň ýatlamasy hökmünde, senden haýyş edýärin, janyň gutulyşyny öz esasy borjuň hasapla. Şeýle bolanda, biz göklerde birigip bileris. Ol ýerde bizi hiç kim aýra salyp bilmez” — diýip, ol öz söýgüli zenanyna hat ýazýar.

Mesih ugrunda görgi görýänler diýseň giň şekili görmäge ukyply bolýarlar. Mukaddes Kitapda adamlaryň şahsy durmuşy hakda gürrüň berýän wakalar näçe diýseň bar. Şol durmuşlar uly şekiliň — Hudaý bilen ýamanlygyň arasyndaky söweşiň — bir bölegi bolup durýar. Has giňden garaýyş bize yzarlamalaryň we görgüleriň aňyrsynda şeýtanyň duranyny görmäge kömek edýär. Şonuň üçin biz özümizi yzarlaýjylardan ar almaly. Merkese meňzeş ejir çeken mesihiler şeýtanyň mesihileriň üstüne edýän çozuşlary üçin hüjüm edýänleriň özlerini Mesihe getirmekden güýçli ar almanyň ýokdugyny bize ýatladýarlar. Totalitar döwletleriň we režimleriň ýolbaşçylary üçin Hudaýa dileg ediň. Hoş Habary ýetirme mümkinçiligi bolan missionerleri we beýleki adamlary goldaň.

“Parahatlyk Hudaýy haý diýmän, şeýtany aýaklaryňyzyň astynda mynjyradar”.

Rimliler 16:20

300-nji gün



“Ýygnagy yzarladylar, ony mydama-da yzarlarlar. Hemmeler bize seredýärler. Eger biz imanda, umytda we söýgüde ölsek, bu halklaryň taryhyny üýtgedip biler. Eger biz söýgüde we umytda öz imanymyzy gorap bilmesek, tutuş halklaryň Mesihden ýüz öwürmekleri mümkin”.

Hytaýda we Demirgazyk Koreýada gulluk eden missioneriň sözleri.

301-nji gün

ADATY BOLMADYK
GOŞULMA

RUMYNIÝA: IOANNA MINDRUS

Ioanna Mindrus öz hereketleri bilen köpleri haýran galdyrdy. Ol batyrgaýlyk bilen polisiýanyň ofiseriniň ýanyna baryp: "Hudaýyň saýlan halkyndan Mesihiň alty şägirdi bu ýerde görgi görýär. Men olar bilen bile ezýet çekmek isleýärin" — diýdi. Köp wagt geçmänkä, ol kamerada şol gün tussag edilen beýleki adamlar — ýewreý ruhy çopan, onuň aýaly we imany ugrunda tussag edilen beýleki dört tussag — bilen bile aýdym aýdyp oturdy.

Rumyn hökümeti faşistik Germaniýa bilen soýuzdaş bolup, ýewreýleri yzarlady we öldürdi. Bu ýewreý jübütini — ruhy çopan Riçard Wurmbrand bilen onuň aýaly Sabinany — bütin ýurt boýunça köp adamlar tanaýardylar we gowy görýärdiler.

Sud bolan güni birnäçe dini ýolbaşçylar Wurmbrandlary goradylar. Şeýle etmek bilen olar olary azatlyga çykarmaga ýardam ederis öýdýärdiler. Ýöne işe garalyp başlanan badyna, asmanda köp sanly sowet uçarlary peýda boldy, şonuň üçin suduň zalyndakylary tussaglar bilen bilelikde bombadan gaçybatalga bolan ýere geçirdiler. Şol ýerde Wurmbrandda özi bilen tussaglykda bolanlar we kazylar üçin doga-dileg etmäge mümkinçilik boldy. Onuň eden dilegi imana hem toba gelinmegine gizlin çagyryş boldy. Howp geçenden soň, sud täzeden başlandy, şeýdip, gudrat boldy.

Ol ýerde, bombadan gaçybatalgada, Hudaý kazylaryň ýüreklerine täsir etdi, şeýdip, Wurmbrandlary boşatdylar. Kazy: "Gürpbasdy edilende, polisiýa alty adamy tussag etdi, meniň öňümde bolsa, ýedi adam dur. Nähilidir bir ýalňyşlygyň bolany görnüp dur. Iş bes edilýär" — diýdi.

Bu aýyplanylan ýewreýler aklanylan ýeketäk iş bolupdy.

Bu akla sygjak zat däl. Bu bolup biljek zat däl. Hudaý biziň durmuşymyza giren badyna, Onuň ädimlerini bilmezlik mümkin bolmaýar. Käwagt ýagdaýlar şeýle bir ýerbe ýer bolýar welin, hatda şübheçil adamlaram, bizi kimdir biriniň ýa-da nämedir bir zadyň goraýanyny boýun alýarlar. Biziň aladamyzy Edýäni adamlar "Gudratygüýçli" ýa-da "goraýjy perişde" diýip atlandyrýarlar, ýöne biz mesihiler muny Gökdäki Atamyzyň edýänini, Onuň gerek bolan wagtynda, biz üçin gudrat görkezmäge güýji ýetýän we aladamyzy edýänini bilýäris. Size Hudaýyň öz durmuşyňyza we ýakynlaryňyzyň durmuşyna goşulmasynyň şaýady bolma bagty miýesser edipdimi? Öz durmuşyňyza goşulýany üçin Hudaýa minnetdarlyk bildirmäge birazrak wagtyňyzy bagyş ediň.

"Maňa ýaşaýyş berdiň, merhemet etdiň, Aladaň janymy gorap saklady".

Eýýup 10:12

302-nji gün

ADATY BOLMADYK
GORAG

UKRAINA: WERA ÝAKOWLEWA

Wera Ýakowlewanyň ýaşaýan ukrain şäherindäki köp mesihileri imany üçin eýýäm Sibiriň zähmet lagerlerine sürgün edipdiler. Indi oňa-da nobat gelip ýetdi. Lagerdäki şertler oňa gaty gowy mälimdi, şonuň üçin ol özüniň ol ýerde gün görüp bilmejekdigini bilýärdi.

Eýýäm birinji günlerden garawul onuň Mesih hakda şaýatlyk edýänini gördi, şol sebäpli-de, buzuň üstünde aýak ýalaňaç duruzyp jezalandyrdy. Ol özüniň gündizki borçnamasyny ýerine ýetirmedik wagtynda, ony ýençdiler-de, "agşamlyk nahary" diýilýän suwly çorbadan mahrum etdiler.

Bir gün agşam sustupes hem aglap halys bolan Wera ýeke bolmak üçin türmäniň howlusyna çykdy. Ol gadagan edilen zona geçeni üçin tussaglaryň duýduryşsyz öldürilýän çyzygyndan geçeninem duýmandr.

Birden ol ses eşitdi: "Eý, seniň ejeň mesihimi?"

Edil şol wagt ejesi hakda pikir edip duran Wera haýran galyp we gaty gorkup, zordan özüne gelip, gyryk sesi bilen: "Siz näme üçin soraýarsyňyz?" — diýdi.

Garawul: "Sebäbi men eýýäm on minutdan bäri seni synlap durun, ýöne atyp bilemok. Men elimi gymyldadyp bilemok. Elim sagdy, men ony uzak gün gymyldatdym. Şol sebäpdenem, seniň üçin dileg edýän ejeň bardyr diýip çakladym. Yza ylga, men başga tarapa seredeýin" — diýip jogap berdi.

Ertesi gün Wera ýene şol garawuly gördi. Garawul ýylgyryp, eilini göterdi-de: "Men ýene ony gymyldadyp bilýärin" — diýdi.

Biz, elbetde, hereket etmek isleýäris. Howpsuzlyk bize töwekgelçilige garanda köpräk ýaraýar. Biz kynçylygy däl-de, oňaýlylygy saýlaýarys. Barybir betbagtçylyga uçranymyzda bolsa, şübhelerden we gorkudan tizräk saplanmak isleýäris. Şeýle-de bolsa, Oňa edilýän gullugyň öň hatarynda bolanymyzda, biz Hudaýyň özümize goragyny teklip edýänini unudýarys. Hudaýyň howandarlygy öýde dolanýan ýorganymyzy däl-de, söweş galkanyny köpräk ýatladýar. Soňky gezek haçan öz imanyňyzda şeýle uzaga gideniňizde, size diňe Hudaýyň goragyna bil baglamaly bolupdyňyz? Belki, siz öz janyňyzy goramak bilen şeýle meşgul bolup, Hudaýa nädip daýanmalydygynam ýatdan çykaransyňyz? Belki, siz şeýle seresap bolup, Reb üçin töwekgelçilik edýän dälsiňiz? Netijesi nähili bolsa-da, şaýatlyk — bu ýöne bir "töwekgelçilik" däldir. Bu — imandyr.

"Ol aýypsyz gezýänlere galkandyr we takwalarynyň ýollaryny goraýandyr".

Süleýmanyň pähimleri 2:8

303-nji gün

ADATY BOLMADYK
ÇÖZGÜT

RUMYNIÝA: RIÇARD WE SABINA WURMBRAND

Daşary ýurtda özüňe gutulyş ýoluny satyn almaga we ýurtdan gaçyp gitmäge entek giç däldi. Ruhy çopan Wurmbrand bilen aýalynyň öňünde aňsat çözgüt duranokdy: gaçmaly ýa-da galmaly.

"Eger biz türmä düşsek, munuň uzak ýyllara çekmegi mümkin. Biziň oglumyza näme bolar?"

Ýöne olar özleriniň ýygnagynam taşlamak islemediler. Ýygnak agzalary olaryň güýjüne we goldawyna baglydylar, şol sebäpli-de, äraýal ýurtdan gitme meýli sebäpli, özlerini günäkär duýýardylar. Dosty olara perişdäniň Lota: "Janyňy halas et, yzyňa seretme" — diýen sözlerini ýatlatdy.

Ruhy çopan özünden: "Bu Hudaýyň jogabymyka? Biz öz janymyzy halas etmek üçin gaçmalymy?" — diýip sorady.

Aýaly oňa başga bir aýady okap berdi: "Çünki kim janyny halas etmek islese, ony ýitirer, ýöne kim janyny Meniň we Hoş Habaryň ugrunda ýitirse, ony halas eder" (Markus 8:35).

Jedel öý ýygnagynyň gizlin ýygnagy bolýança, agşama çenli, dowam etdi. agşamky ýygnanyşyga elli mesihi gatnaşdy. Ýarygije hemmeler bilen bilelikde dyza çöküp duran bir aýal: "Sen, gitmek hakda pikir edýän adam, ýatda sakla, Gowy Çopan Öz sürüsini terk etmedi. Ol onuň bilen soňuna çenli boldy" — diýip gygyrdy.

Bu mylaýym aýal ruhy çopanyň we aýalynyň şübheleri hakda hiç zat bilmeýärdi, ýöne olar hemme zada düşündiler. Olar öz ýygnagyna gulluk etmek üçin galdylar-da, birazrak wagtdan soň, ýygnagy bilen bile türmede ejir çekdi.

Wurmbrandlar ýaly, bizem öz kararlarymyz üçin d edip, Mukaddes Kitapdan jogap gözlemelidiris beýleki mesihileriň maslahatlaryna gulak asmalydyrys. Wurmbrandlar ýaly bizem, Hudaýyň kararynyň nähilidigini bilmezimizden öň, ony ýerine ýetirmäge taýýar bolmalydyrys. Bu esaslaryň esasydyr. Biz özümiziň näme etmelidigimizi soramazdan öňürti, doga-dilegimzi berk "hawa"-dan başlaýarys. Bize öz durmuşymyza üns bermän, hususylyk duýgusyndan saplanmalydyrys. Biz diňe şonda hakyky ýaşaýşy tapyp we Hudaýyň islegini doly kabul edip bilýäris. Eger haýsydyr bir kararyňyz babatda Hudaý pikiriňizi üýtgetmek islese, siz barybir Oňa muny etmäge rugsat bermez ýaly derejede öz durmuşyňyza güýçli gözegçilik edýärsiňizmi?

"Çünki kim janyny halas etmek islese, ony ýitirer, ýöne kim janyny Meniň we Hoş Habaryň ugrunda ýitirse, ony halas eder".

Markus 8:35

304-nji gün

ADATY BOLMADYK
DOGLAN GÜNLER

RUSSIÝA

“Bu gün meniň doglan günümmi ýa seniň?” — diýip, ýaş mesihi gyz gözlerini süzüp sorady.

“Bu gün seniňki — diýip, kakasy jogap berdi. — Meniňki geçen hepdede boldy”. Kommunistik ýurtlarda ýaşaýan mesihiler üçin doglan günler beýleki mesihiler bilen duşuşmak üçin gowy bahanady. Käbir maşgalalar aslynda gizlin ýygnagyň ýygnanyşygy bolan doglan günleri bellemek üçin her hepdede ýygnanyşýardylar.

Ýaşlar bu “agşamlyklary” özleriniň Hoş Habara wepalylygyny berkitmek üçin ulanýardy. 1966-njy ýylda üç rus oglanyny we dört gyzy otluda mesihilik aýdymyny aýdany üçin tussag etdiler.

Sudda ýaşlaryň ýedisem Hudaýa dileg etmek üçin dyza çökdüler. Olar: “Biz özümizi Hudaýyň ellerine tabşyrýarys. Imanymyz sebäpli görgi görmäge ýol bereniň üçin biz Saňa minnetdar” — diýip, kazynyň we şaýatlaryň ýanynda doga-dileg etdiler.

Mundan soň, suduň zalyndaky mesihileriň hemmesi ýerlerinden turup, bu ýaşlar tussag edilmegine sebäp bolan aýdymy aýtdylar. Olar: “Öz ýaşlygymyzy Mesihe bagyş edýäris” diýip aýdym aýtdylar.

Kommunistler ýygnagyň ösüşini saklap we mesihilere ýygnanyşyga barmagy gadagan edip bilmediler. Bir gazet üç gezek gözenegiň aňyrsyna salnan ruhy çopan hakda gürrüň berdi. Ol azatlyga çykan badyna, ýekşenbe mekdebiniň duşuşygyny gurnap başlady. Olar ezýet çekdiler we Hudaýyň ýygnagyna gulluk etmegiň hatyrasyna höküm edilen bolmaga taýýardylar.

Biziň myşsalarymyzyň güýçlüräk bolmagy üçin olary maşklaryň we agyr zähmetiň kömegi bilen çekdirmeli we ösdürmeli. Iman hem, dartgynlylyga we agrama duçar bolanda berkeýän myşsadyr. Görgüler imanymyzyň myşsalaryny dartgynlaşdyrýar. Biz synaglar wagtynda, dartgynlaşýarys we “özümize zor salýarys”. Ýöne şeýle etmek bilen biz güýçlüräk bolýarys. Demokratik däl döwletlerdäki ýygnaklar görgüleriň kömegi bilen adaty bolmadyk güýji görkezýärler. Siz öz imanyňyzyň myşsalaryny dartgynlaşdyrman, ösüp bilmersiňiz.

“Mesihde Öz ebedi şöhratyna çagyran bütin merhemetler Hudaýy az wagtlaýyn görgi göreniňizden soň, sizi kämilleşdirer, berkider, güýçlendirer we gurar”.

1 Petrus 5:10

305-nji gün

ADATY BOLMADYK
MANIFEST

RUSSIÝA: NÄBELLI TUSSAG

Dul aýal dört çagasyndan ikisiniň elinden tutup, gynalyp öldürilen adamsynyň jesediniň ýanynda durdy. Onuň adamsy türmede öldi. Onuň bedenindäki yzlar ölüminiň haýal hem gynaýjy bolanyna şaýatlyk edýärdi.

Gelenler özleriniň başyndan hem, şunuň ýaly günüň injegini bilseler-de, merhumy jaýlamaga ýüzlerçe adamlar geldiler. Ol iman getirenine bary-ýogy üç aý geçenden soň öldi, şol sebäpli-de, bütin ýygnak onuň agysyny aglaýardy.

Merhumyň patasy geçirilýän öýüň daşyna ummasyz uly mähelle ýygnandy. Onuň göreldesi köpleri ruhlandyrdy we imanyny berkitdi. Şol gün segsen adam, şol sanda ýaňyja-da, komsomol guramasynyň agzalary bolan birnäçe oglanlar hem gyzlar, köpçüligiň öňünde Mesihi kabul etdiler.

Mesihiler bütin şäheriň üstünden geçip, derýa boýuna gitdiler. Ol ýerde ýygnak ýolbaşçylary täze imana gelenleri suwda çokundyrdy. Indi mähelläniň sany bir ýarym müňe ýetdi.

Köp wagt geçmänkä, milisiýa geldi. Olar diňe ýygnak gullukçylaryny tussag etmekçi boldular, sebäbi mähelläni durşuna tussag etmek mümkin däldi. Tutulanlary häkimlige öňünden duýdurmazdan köpçülikleýin çäre geçirmekde aýypladylar. Mesihiler Hudaýdan özlerine ýygnak geçirmäge rugsat bermegini sorap, dyza çöküp, dileg etdiler. Soňra olaryň hemmesi hatarlara düzülip gysylyşyp durup, milisiýany suwda çokundyrylmanyň dowam edip duran ýeri bolan derýa tarapa geçirmediler. Mähelle diňe bu çäre tamamlanandan soň dargady. Milisiýa özlerinde yrymçyl gorkyny döreden çäräni bozmaga het edip bilmedi: tertibe gözegçilik edenler öz ata-babalarynyň hem, imanly adamlar bolanyny ýada saldylar..

Täze imana gelen adamyň pida edijilikli göreldesi ençeleri Hudaýa özüni bagyş etmäge we batyr bolmaga ruhlandyrdy.

Bu taryhda gürrüňi edilen görgi gören mesihi Isa Mesihe öýküńdi. Onuň göreldesiniň arkasyndan müňlerçe adamlar özleriniň imanyny has batyrlyk bilen görkezip başladylar. Biziň Mesihe bolan imanymyz hem, hemmeler üçin göze görünýän bolmalydyr. Ýöne bir siziň durmuşyňyzy synlamak bilen başgalar Mesihe gulluk etmegi öwrenip bilýärlermi? Olar özleriniň şahsy imanyny yglan edende, size öýkünmek isleýärlermi? Gadymky butparazlykdan galan ruhanynyň owadan sözlüligi ýa-da dini däpleri iman bilen çalyşmaz ýaly, seresap boluň. Isa ýaly bolsaňyz, başgalaram yzyňyza düşer.

"Hudaýdan görelde alyň"

Efesliler 5:1

306-nji gün

ADATY BOLMADYK
ŞYGYRLAR

SSRS: GIZLIN ÝYGNAK

“Mukaddes Kitap aýatlary, hatda şeýtan aýdanda-da, hakykylygyna galýar”.

Öňki SSRS-däki kommunistik ideologlar ýekeje-de özüne hormat goýýan adam ynanmaz ýaly, Mukaddes Kitabyň üstünden gülme kararyna geldiler. Bu maksady amala aşyrmak üçin fransuz ateisti Leo Taksiliň “Gyzykly Mukaddes Kitap” we “Gyzykly Injil”, şeýle hem, 1930-njy ýyldaky giň ateistik kompaniýanyň guramaçysy, Ýemelýan Ýaroslawskiý lakamy astynda gizlenip ýören Mineý Gubelmanyň “Ynanýanlar we ynanmaýanlar üçin Mukaddes Kitap” atly kitaplary millionlarça tiraž bilen çap edildi.

Bu kitaplarda Hudaý ýaňsylanylýardy, Isa Mesih ýerdäki gullugy we mesihilik ynamynyň dürli jähtleriniň üstlerinden gülünýärdi. Ýöne tankyt çendenaşa bolany sebäpli, okyjylaryň ençeleri ony çyny bilen kabul etmediler. Bu kitaplaryň tekstlerinde Mukaddes Hatyň garşydaşlyklydygyny “subutnamasy” hökmünde Ýazgynyň şeýle köp aýatlary ýerleşdirilipdi welin, yzarlanylýan ýygnaklaryň agzalary kitap dükanlarynyň tekjelerinde peýda bolan badyna, olaryň tutuş tiražlaryny satyn aldylar. Olarda getirilen aýatlar ruhy açlyk çekip ýörenler üçin şatlyk iýmiti boldy. Bu zatlaryň hemmesem, hudaýsyz döwlet tarapyndan kanuny esasda çap edilipdi.

Ylýas aç bolanda, gargalar ony naharladylar. Hudaý edil şonuň ýaly edip, kommunistik ýurtdaky Özüniň aç çagalaryny doýurmak üçin döwlet çaphanalaryny ulandy.

Neşirçiler özleriniň kitaplaryny ýene çap etmeklerini haýyş edýän hatlary alanlarynda begendiler. Köp wagt geçmänkä, ýene-de çap ediji maşynlar işe girişdi welin, Mukaddes Kitaby tankyt edýän kitaplaryň täze tiražlary peýda bolup başlady. Neşirçiler şol hatlaryň Mukaddes Kitap gadagan edilen şertlerde Hudaýyň bahasyna ýetip bolmajak Sözüni ýaýratmak isleýän mesihileriň hatlarydygyny bilmedilerem. Mesihiler Mineý Gubelman — Ýaroslawskiniň Hudaýy ýaňsylan ýerlerini okamadylar.

Mukaddes Kitaby demokratik däl ýurtlara girizmek wajypmy? Ejir çekip ölenleriň taryhlaryny okaň-da, özüňiz baha beriň. Islendik ýygnakda ýa-da islendik dükanda Mukaddes Kitaby satyn almak mümkin bolan ýurtda ýaşap, ruhy açlyk çekýänleriň duýgularyna hakyky baha berip bolmaýar. Azat ýurtlarda kofe stollarynyň üstünde, edil sergidäki ýaly, dürli Mukaddes Kitaplaryň tutuş toplumy duryan wagtynda, ýapyk ýurtlardaky mesihiler öz ýygnagynda paýlaşmak üçin hiç bolmanda birini almagyň arzuwyny edýärler. Bu adalatlylykmy? Hudaýym, bizde Mukaddes Ýazga bolan açlyk oýar we bize ruhy açlykdan ýaňa tapdan düşenlere Sözi getirmäge kömek et! Bu gün siz Hudaýyň Sözi gadagan edilen ýurtlarda Mukaddes Kitabyň ýaýramagyna ýardam berip biljekdigiňiz hakda pikir ediň.

“Sözleriň damagyma nähili süýji!
Agzyma baldan hem süýji!”.

Zebur 119:103

307-nji gün



“Isa bilen dostluk gymmat duryýandyr. Diňe iman halas edýär, ýöne halas ediji iman hiç haçan ýeke bolýan däldir. Oňa Mesih ugrundaky uly pida etmeler hemralyk edýär”.

Ruhy çopan Riçard Wurmbrand

308-nji gün

ADATY BOLMADYK
ŞAÝATLYK

SUDAN: KUWA BAŞIR

“Eger men ölemde, öz yzym bilen gelýän mesihilere görelde galdyryp bilsem, bagtly bolardym”.

Sudanly ýaş ruhy çopna Kuwa Başir eýmenç, ýöne garaşylýan täzeligi eşidende, Mukaddes Kitap mekdebindäki nobatdaky sapaga taýýarlanyp otyrdy. 1987-nji ýyldy. Sudan döwletiniň musulman goşunlary Mawy Nil etrabyny gabap alypdy.

Mundan köp wagt geçmänkä, Başiri başga dine ynanýanlaryň hemmesini yslama getirme kararyndan doly bolan musulman esgerleri tutdular. Ony ýedi günüň dowamynda urdular, ýöne barybir Mesihe bolan imanyndan ýüz öwürmäge mejbur edip bilmediler. Ahyrsoňunda, oňa gaýdyp ýaşlar bilen sapak geçmezligi we ýygnaga barmazlygy buýruk berip goýberdiler. Ýöne bu haýbatlar Başiri gorkuzmady. Ol yslamçylaryň öz kalbyna hiç hili zelel ýetirip bilmejeklerini bilýärdi.

Ikinji gezek tussag edip, sorag edenlerinde, Başir: “Men gorkusyz ölmäge taýýar, Isa meniň üçin haçda ölüpdi ahyry” — diýdi. Ol özüni tussag edenlere we imanyna şaýatlyk edeni üçin öldürjekdigini aýdyp haýbat atanlara Hudaý hakda şaýatlyk etmegini dowam etdirdi. Jellatlar Başiriň eline kislota guýdular, sebäbi olar bu şikesiň oňa yslamy kabul etmekden boýun towlanyny mydama ýatlatmagyny isleýärdiler.

Ýöne Başiriň imany gowşamady. Häzir onuň ýanan, maýyp elleri sudan — efiopa serhetlerinde, Başiriň Hudaýa gulluk etmegini dowam etdirýän ýerinde, özüniň ýerleşýän Bonza lagerindäki beýleki gaçgaklara diri şaýatlyk boldy.

Ejir çekenler bize özleriniň pajygaly ölümi arkaly seslenýärler — bu olaryň habarydyr, biz ony öz durmuşymyzda her gün paýlaşmalydyrys. Bizem edil olar ýaly, Hudaýyň rehiminiň diri şaýatlygy bolmalydyrys. Biziň Mesihe bolan imany ugrunda ejir çekip ölenleriň hataryna hiç haçan goşulmazlygymyz mümkin. Ýöne bizde her gün Onuň üçin ýaşamaga mümkinçilik bar. Kimdir biri bir wagtlar: “Bizi öldürmedik zat, güýçli etdi” diýipdir. Biz ýaşap, başgalara Hudaýyň rehimi hakda gürrüň bermek üçin görgüleri başdan geçirýäris. Siziň durmuşyňyzda görgülerden yz galdymy? Utanmaň. Goý, sizdäki yzlar öz şaýatlygyňyz bolsun. Goý, olar siziň mizemez imanyňyzy görýänleriň hemmesine siziň taryhyňyzy gürrüň bersin.

“Kim mesihi bolup görgi görýän bolsa utanmasyn. Ol bu at bilen Hudaýy şöhratlandyrsyn”.

1 Petrus 4:16

309-nji gün

ADATY BOLMADYK
ÝAŞ MISSIONERLER

RUMYNIÝA

Sowet goşunlary Rumyniýa girip, ýurdy basyp alan bolsa-da, rumyn çagalary sowet esgerleriniň ýanyna gyzgyn, türkana ýylgyryş bilen barýardylar.

Esgerler olara hoşniýetlilik bilen garaýardylar, kellelerini sypalaýardylar. Her kim Russiýada ýa-da Ukrainada goýup gaýtmaga mejbur bolan öz çagasyny ýatlaýardy ahyry.

"Alyň, süýji iýiň" — diýip, bir esger iň kiçijiklerine gysymyny dolduryp, şokolad hödür etdi. Çagalar hem seýrek görülýän nygmaty nebsewürlik bilen garbap aldylar.

"Sag boluň — diýip, çagalar jogap berdiler. — Bizde-de, siziň üçin sowgat bar". Soň olar sumkalaryndan hoşhabar kitapçalaryny we rus dilindäki Täze Ähti çykardylar.

"Bu näme?" — diýip, esger düşünmän sorady.

"Bu Hoş habar baradaky kitap" — diýip, çagalar şokolady iýip durşuna jogap berdiler. Esger kitapçalaryň gatlaryny agdaryp başlanda, olaryň dini materiallardygyna düşündi. Ol munuň özi üçinem, çagalar üçinem howpludygyny bilýärdi. Ol çuň biynjalykdan doly nazaryny çagalara dikdi. Eger bu materiallary oňa uly adamlar beren bolsa, onda ol olary tussag etmeli bolardy. "Çagalar näme erbet zat edip biler?" — diýip, esger pikir etdi.

Bu çagalaryň ýüzlerçe kitapçalary paýlap, Gyzyl goşundaky ençe esgerlere Hudaý bilen ýaraşmaga kömek edendikleri onuň kellesinede gelmedi. Bu çagalar şeýtan bilen "uruş" alyp barýan başga "goşuna" degişlidiler.

Ulular howpsuz wagyz edip bilmedik wagtlarynda, çagalar giňden açyk duran gapylardan Hoş habar bilen bile girip bilýärdiler.

Optimizm bilen pessimizmiň arasyndaky tapawut — bu "başararyn" bilen "başarmarynyň" arasyndaky tapawutdyr. Elbetde, Hoş habar üçin ýapyk bolan ýurtlardaky mesihiler ýapyk gapylara duş gelýärler. Käbir ýurtlarda Mukaddes Kitaby saklamaklyk türme tussaglygyny aňladyp biler. Ýöne azat Amerikada "ýygnagyň döwletden aýra bolmagy" köplenç juda gaty gidýär. Käwagt mesihileriň etmeli däl zatlaryna aşa üns berilmegi olary Hudaýa gulluk etme mümkinçiligini ýitirmäge mejbur edýär. Ýapyk gapylar açyk gapylardan gowy görünýär. Mysal üçin missionerler awtoritar ýurtlara asla baryp bilmeýärler, ýöne ol ýerde professional işçileri kabul edýärler. Missioner hünärmenem bolup biler. Diktatura şertlerinde ýaşaýan ýerli mesihi gullukçylaryna goldaw bermegem bolar. Gapylar açyk. Diňe giriň.

"Diläň, size berler; agtaryň, taparsyňyz; gapyny kakyň, size açylar".

Matta 7:7

310-nji gün

ADATY BOLMADYK
MEKDEP OKUWÇYLARY

SUDAN

Agajyň kölegesinde agaç böleklerіniň üstünde oturan 230 sany mesihi okuwçy ýokarsynda eýmenç gürrüldi eşidenlerinde, iňlis dili sapagyna başlajak bolup otyrdylar. Mekdep howlusynyň üstünden uçar uçup geçdi. Partlamalar ýaňlandy: yslamçylar Russiýada öndürilen bomba oklaýjy äpet uçardan bäş sany bomba okladylar.

Gorkan çagalar çyrlaşyp gaçyp başladylar. Iki bomba guran çukura düşdi, ýene biri ýarylmady.

Ýöne çüýden doldurylan iki bomba göni gorkup barýan okuwçylaryň ortasyna düşdi. Partlama juda kuwwatly boldy. Ýetirilen zyýan bolsa — akla sygmajak mukdarda boldy.

9:15-de bomba oklaýjy uçar gaýyp bolup gidenden soň, gorkunç hakykat göze göründi. Çagalar aglaşyp hem ganlaryny akdyryşyp, mekdep howlusynyň içinde başagaý bolup ýördiler. Olaryň on iki klasdaşy, ýagny 9-16 ýaş arasyndaky çagalar, wepat boldular. Roda Ismail, ýagny okuwçylaryň gaty gowy görýän ýaş mugallymy hem, mekdep harabaçylygynyň içinde öli ýatyrdy.

Ýene ýedi çaga betbagtçylykdan soňky birnäçe günüň dowamynda dünýäden ötdi, üçüsi bolsa maýyp bolup galdy.

Ýöne eýýäm ertesi gün okuwçylar hemişekileri ýaly, mekdebe geldiler. Muňa aňk bolan mekdep müdiri olara öýlerine gitmegi tabşyrdy: "Men biziň haçan sapaklary dowam etdirjekdigimizi, umuman, dowam etmelimi ýa-da etmeli däldigini bilemok".

Onuň ýanyna on ýaşly bir oglan gelip: "Haýyş edýärin, dowam ediň. Biz okamak isleýäris. Eger Hudaýyň islegi bolsa, onda bu gün biz ölmeris" diýdi.

Päsgelçilik. Biziň her birimiz durmuşymyzyň belli bir etapynda onuň öňünde ikirjiňlenip durduk: ýol bermelimi ýa-da gitmegi dowam etdirmelimi? Bu wakadaky okuwçy ýaly, Isanyň yzyna düşüp barýan mähelle günleriň birinde bu ýoluň howpdan doludygyna düşündi. Haýran galan mekdep müdiri ýaly, mähelläniň içindäkileriň ençesi Mesihe gulluk etmegi haçan dowam etdirjegini we umuman, dowam etdirmelimi ýa-da däldigini bilmän, öýlerine gitdiler. Ýöne Petrus bilen beýleki şägirtler galdylar. Oglanyň çyn ýürekden çykan haýyşy Petrusyň jogaby bilen goşulyp ýaňlanýar: "Dowam etdiriň". Yza çekilme meýlini duýan wagtyňyzda, dowam etdiriň. Mesihe gulluk etme aşa kyn ýaly bolup görnende, dowam etdiriň. Siz wepalylyk ýolundaky päsgelçilikleriň öňünde oýandyňyzmy? Hudaýdan ýoly dowam etdirmäge güýç bermegini haýyş ediň.

"Simun Petrus Oňa şeýle jogap berdi: "Ýa Reb, biz Seni terk edip, kime baraly? Ebedi ýaşaýyş sözleri Sende ahyryn".

Ýahýa 6:68

311-nji gün

ADATY BOLMADYK

DIRI GALAN ADAM

DEMIRGAZYK KOREÝA: ÝEKE-TÄK ŞAÝAT

Ol kem-kemden özüne geldi, gözleri tüssä öwrenişdi. Ol ruhy çopany çagyrdy, ýöne oňa hiç kim jogap bermedi. Ol gorkup, derrew adamlaryň jesetleriniň we daşlaryň aralaryndan çykjak bolup başlady.

Şol ertir ol 190 sany koreý mesihilerinden ybarat bolan topar bilen bilelikde, binanyň içine polisiýa kürsäp girip, ol ýerdäkileriň töweregini gurşap alyp, olary şäheriň merkezine alyp gitjek bolanda, ýygnak binasynyň içinde sežde edip durdy. Olaryň ýanyna ýurduň diktatorynyň hut özi Kim Ir Sen geldi. Olaryň öňlerinde serdar durdy. Ol meýdançanyň ortarasyna baryp, çyzyk çyzdyrdy. Soň bolsa, ýaşamak isleýänlere Mesihi ret edip, çyzygyň beýlesine geçmegi buýruk berdi. Hiç kim ýerinden gozganmady. Şonda Kim Ir Sen mesihileri dinamit şaşkalary bilen bile şahta taşlamagy buýruk berdi.

Partlamada ölmän galan, öz ýygnak agzalaryny köşeşdirýän hem ruhlandyrýan, ruhy çopan, ine, nämäni ýatlaýar. Ol diňe özüniň ölmän galanyna düşünende: "Näme üçin, Hudaýym? Näme üçin Sen meniň beýlekiler bilen bile ölmegime ýol bermediň?" — diýip ýüzlenýär.

Hudaý onuň ýüregini rahatlykdan doldurdy, şonuň üçin ol Hudaýa wepaly adamlaryň pajygaly ölümi hakda şaýatlyk etmek üçin kimdir biriniň galmalydygyna düşündi. Bu Kim Ir Seniň we onuň režiminiň mesihileriň üstlerine eden gazaply hüjümleriniň biridi. Gahrymançylykly waka baradaky habar şobada mesihileriň arasyna ýaýrap, köplere batyrlyk berdi. Demirgazyk Koreýada ol hakda şu wagta çenli-de gürrüň edýärler.

2001-nji ýylyň sentýabrynda Nýu-Ýorkdaky bütindünýä söwda Merkezindäki terroristik hüjüm wagtynda gulluk eden ýangyna garşy işleýänler şu taryhdaky mesihi ýaly, lal şaýat bolup galmaýarlar. Olara näme sebäpden diňe özleriniň ölmän galandyklaryna, beýlekileriň bolsa, wepat bolandyklaryna düşündiriş tapmak kyn bolýar, ýöne olar kimdir biriniň galyp, başgalaryň janyny halas etjek bolup, özleri wepat bolanlar hakda gürrüň bermelidiklerini bilýärler. Isa haçy başdan geçirmedi-de, ony ýeňdi. Ol diňe bir gazaply synagy başdan geçirmän, eýsem, ony ýeňdi.

Ol şägirtleri bütin dünýä ýaýradyp biler ýaly, olara Hoş Habary gürrüň bermek üçin ölümden direlen tende gaýdyp geldi. Isa başgalaryň ýaşaýşa eýe bolmagy üçin öldi. Emma Ol häzir diri — Ol ölümden direlip, dünýä gutulyş sowgat berdi.

"Mesih Isa günäkärleri gutarmak üçin dünýä geldi" diýen söz takyk, her taýdan kabula laýyk sözdür".

1 Timoteos 1:15

312-nji gün

ADATY BOLMADYK
GYZ

TÄJIGISTAN: MUNIRA

“Munira, sende ýaşamagy ýa ölmegi saýlamaga 5 minudyň bar. Sen kimi saýlaýarsyň: öz maşgalaňymy ýa-da Isany?”

Munira köp aýlaryň dowamynda öz imanyny gizlemäge çalyşdy. Ol öz maşgalasyny diýseň gowy görýärdi, şonuň üçin maşgalasynyň göwnüne degmek islemeýärdi. Ýöne kakasy gyzyny durmuşa çykarma kararyna gelende, ol oňa özüniň Mesihe bolan söýgüsi hakda gürrüň berýär.

Munira öz imanynda mizemezdi. Ol: “Men Isany saýlaýaryn” — diýdi. Gyzynyň yslamyň däplerinden ýüz öwrendigi bilen kakasy ylalaşyp bilmedi. Ol gyzyny uzak wagtlap urdy. Ýöne şol wagt bu işe Hudaý goşuldy. Bir mesihi dosty gyza wagtlaýyn howpsuz gaçybatalga tapyp berdi. Munira: “Men öýden gaýdanymdan soň, Hudaý maňa Öz islegini bildirdi. Uzak wagtlap doga-dileg edenimden soň, men özümiň maşgalama dolanyp barmalydygyma düşündim” — diýdi.

Gyzy öýüne gaýdyp barandan soň, kakasyndan başga hemmesi begendi. Diňe kakasy guduzlan ýaly bolup: “Ýok bol! Meniň gyzym üç aý mundan ozal öldi!”

Munira kakasynyň aýagyna ýykylyp aglady: “Meniň Hudaýym özümiň seniň ýanyňa gaýdyp gelmelidigimi aýtdy. Sen meni ursaň-da, öldürseň-de, men seniň ýanyňdan gitjek däl”.

Kakasy saklanyp bilmän, Munirany gujaklady. Tizara ol onuň täze kabul eden imany bilen ylalaşdy, hatda oňa Mukaddes Kitap mekdebine gitmäge-de rugsat berdi.

Käbir okyjylary özleriniň okaýan wakalary şeýle bir özüne çekýär welin, olar soň näme bolandygyny biljek bolup, öňe seredýärler. Olar yzly-yzyna baplary geçirýärler-de, kitabyň ahyryna seredýärler. Olara özleriniň gowy görýän gahrymanynyň ýeňýän ýeňmeýänini bilmek gerek bolýar. Olar hemme zady özleriniň isleýişleri ýaly bolanyny ýa-da bolmanyny bilmek isleýärler. Gynansak-da, öz durmuşyň taryhyny öňünden okamak mümkin däl. Bizem, edil Munira ýaly, her gün bir bapdan okamaly bolýarys. Minura ýaly, bizem, ahyr netijesinde lapykeç bolmaýarys. Siz tabynlygyň özüňizi nämä alyp barjakdygy babatda tolgunýarsyňyzmy? Hudaýyň mundan soň nämäni planlaşdyrýandygyny bilmek isleýärsiňizmi? Siziň iň gowy edip biljek zadyňyz bu gün tabyn bolup, ertirki güni Hudaýa tabşyrmakdyr.

“Şonuň üçin, ertiri gaýgy etmäň, çünki ertir öz gaýgysyny özi eder. Her günüň derdi özüne ýeterlikdir”.

Matta 6:34

313-nji gün

ADATY BOLMADYK
ÝOLDAŞ

MÜSÜR: ORIGEN

"Olar biziň goşlarymyzy ýakdylar, ýöne ýüregimizdäki Isany ýakyp bilmezler".

Origen adaty on sekiz ýaşly ýigitdi. Ol biziň eramyzyň II asyrynda, mesihilik ýygnagy rim hökümdarlarynyň ellerinden ejir çekip ýören wagtynda, Müsürde mugallymdy. Origen gyzlaryň yzyna düşmäge wagt ýitirmedi, deň-duşlarynda täsir galdyrmaga çalyşmady. Ol imany ugrunda görgi gören mesihileri ruhlandyrmaga çalyşdy. Hatda olary ölüm jezasyny bermäge alyp barýarkalaram, ol olary gujaklamak üçin ýanlaryna barýardy. Ol imanlylara göwünlik bermek üçin türmelere barýardy. Köp wagt geçmänkä, tussag edilen mesihilere duýgudaşlyk edeni üçin Origeniň özem howply ýagdaýa düşdi. Origeniň öýüne garawul goýuldy. Onuň duşmany köpeldi. Oňa bolan ýigrenç artdy. Ony öz ýaşaýan şäherinden gitmäge mejbur etdiler. Ýigidiň janyna ölüm howpy abanýardy, şol sebäpdenem, ol öýden-öýe göçýärdi. Köp sanly duşmanlary bilen bilelikde Origeniň ençe dostam bardy. Birnäçe mesihiler Mukaddes Ýazgyny göçürmäge oňa kömeklerini teklip etdiler.

Origeniň aklyňy haýran edýän durnuklylygy öz duşmanlarynyň birnäçesini imana getirdi. Şeýle-de bolsa, ol barybir tutulyp, gözenegiň aňyrsyna taşlanyldy, gynaldy we öldürildi. Bu zatlaryň hemmesi onuň imandaky durnuklylygy üçindi.

Yzarlanylýanlaryň dosty bolmaklyk nämäni aňladýar? Adamlar birmeňzeş görgi görýändikleri üçin dost bolmaýarlar. Gaýtam, olar yzarlanylýan doganlary bilen düýbünden tapawutlanýan ýagdaýlarda bolsalaram, biri-biri bilen dost bolup bilýärler. Aralyk janlar doga-dileg edip bilmeýär, muny diňe Mesihe bolan şahsy wepalylyk edip bilýändir. Çyn ýürekden edilýän goldaw, Hudaýa dileg we alada biziň ýüreklerimizi we durmuşymyzy birikdirýär. Siz Origen ýaly, Mesih ugrunda görgi görýänlere goşulmaga taýýarmy? Biz yzarlanylýanlar bilen dostlugymyza utanmanam, şol dostluk sebäpli, öz üstümize abanýan howpa özümizi saklamaga ýol bermänem bilmeýäris. Biz dileg edip, özümize ýüzlenýän ejir çekenleriň seslerini eşidenimizde, hakyky doganlar hökmünde olaryň ýalbarmalaryna seslenerismi?

"Isa degişli biri hökmünde
muşakgatda, sabyrda, patyşalykda
şärikdeşiňiz bolan men,
doganyňyz Ýahýa...".

Ylham 1:9

314-nji gün



”Onuň bilen hemme ýerde-de gowy. Ol meniň ýanymda bolanda, garaňky ýerzeminde-de, nur parlaýar. Men Ondan özüm nirede gerek bolsam, şol ýerde hem, ýagny adamyň gowy ýaşap biljek ýerinde däl-de, meniň hasyl getirip biljek ýerimde bolmagyny haýyş etdim. Ine, meniň çagyrlyşym şu.“

Ruhy çopan P. Rumatçik — Sowet Soýuzynda imany ugrunda bäşinji gezek tussaglykdaky ýazan hatyndan

315-nji gün

ADATY BOLMADYK
ÝENE BIR AKLAWÇY

GERMANIÝA: DITRIH BONHÝOFFER

On dört ýaşly Ditrih Bonhýoffer ýygnak gullukçysy bolmak isleýändigini aýdanda, onuň baý maşgalasy ýygnagy tankytlamaga başlady. Ýöne Ditrih ýygnagy resmileşdirjekdigini aýtmak bilen jogap berýär.

Ditrih soňy bilen "Teologiýanyň gudraty" diýlip atlandyrylan "Mesihilik jemgyýeti" atly kitabyny ýazanda, 21 ýaşy dolupdy. Ylahyýetiň professory we ýazyjy Ditrih Bonhýoffer özüniň bar ömrüni ýygnagyň meselelerine bagyş etdi.

1933-nji ýylda Adolf Gitler Germaniýanyň häkimligini basyp alandan soň, ýygnak Gitleriň antisemit talaplaryna tabyn bolup, ýewreý gullukçylaryna el goýmagy gadagan etdi. Diňe D. Bonhýoffer bu karara garşy açaçan çykyş edip, ony ýatyrmagy talap etdi.

Bonhýoffer özüniň leksiýalarynda we çap edilen makalalarynda faşistleri tankytlady we "pidalaryň adyndan garşy çykmandygy we olara kömege barmaga mümkinçilik tapmandygy üçin" ýygnagy ýazgardy.

1943-nji ýylyň aprelinde Bonhýoffer Berlinde "ýaragly güýçlere garşy gönükdirilen ýykgynçylykly işi üçin" tussag edildi. Ýöne ol türmede-de ýazmagyny dowam etdirdi.

1945-nji ýylda Bonhýofferi Flossenburgdaky zähmet lagerine geçirdiler. Ol ýerde ony 9-njy aprel güni başga 6 tussag bilen bilelikde asdylar. Jeza ýerine ýetirilen wagtynda bar bolan lager lukmany Bonhýofferiň ölümiň öň ýanynda dyza çöküp, dileg edendigini aýtdy. Soňrak ol onuň ýaly, Hudaýa güýçli tabyn adamy görmändigine şaýatlyk etdi.

Aýtmaklaryna görä, hiç kimi goramaýan adam perwaýsyz bolup galýar. Faşistik Germaniýada-da şeýle boldy. Erbetlik taryhyň kenaryna tolkun yzyna tolkunyň baryp urlușy ýaly bolup urlup, Bonhýofferiň ýeke çykýan sesini basanda, ýygnak dymdy. Eger şaýady bolýan kynçylyklarymyz babatda dymsak, özümizi hakykatyň goragçysy hökmünde atlandyryp bilerismi? Eýsem, awtoritar döwletlerde öz doganlarymyza garşy edilýän gazaply jenaýatlar hakda dil ýarmazlyk biziň olar bilen ylalaşýandygymyzyň alamaty bolmaýarmy näme? Hakykaty hem adalatyň goragçysy öz imanynda dogruçyl bolmalydyr. Bonhýoffer ýaly, bizem hereketlerimiziň netijelerine taýýar bolmalydyrys. Beýle bolmasak, onda daş ýürekli perwaýsyz adamlar bolmaklyga töwekgelçilik edýäris.

"Meniň adym üçin hemmeler sizi ýigrener. Ýöne kelläňizden bir gyl hem kemelmez. 19 Siz çydamak bilen, janyňyzy halas edersiňiz".

Luka 21:17-19

316-nji gün

ADATY BOLMADYK
ÝARAG

RUMYNIÝA: SABINA WURMBRAND

Daňdan sagat bäşde gapy gaty kakyldy. Hemmeler derrew düşündiler: öýi dökmäge geldiler. Sabinanyň adamsy eýýäm türmededi, şonuň üçin maşgala munuň nämäni aňladýanyny daş gulakdan eşitmeli bolmandy. Üstesine-de, ene-ata özleriniň ýaşajyk oglunyň ykbaly üçin juda alada galýardylar. Näme, ejesinem äkiderlermikä? Içeri rumyn polisiýasy okdurylyp girende, Sabina öz ykbalyny we maşgalasynyň ykbalyny Hudaýyň ellerine berip, ýuwaşjadan dileg etdi.

Garşy çykma sabyr edip bilmeýän äheň bilen poliseý aýala ýüzlenip: "Sabina Wurmbrand? Siziň ýarag gizleýändigiňiz bize mälim. Ol nirede?". Sabina jogap berip ýetişmänkä şkaflardaky we tekjelerdäki zatlar ýere uçup düşüp başlady. Hökümet wekilleri: "Eger ýaragyň nirede gizlenilenini görkezmeseňiz, biz bu ýerdäki zatlaryň hemmesini çym-pytrak ederis!"

Sabina asuda bolmaklyga çalşyp: "Bu öýde bar bolan ýeke-täk ýarag şu ýerde" — diýip jogap berdi-de, olaryň aýagynyň astyndaky Mukaddes Kitaby ýerden galdyrdy.

"Görkezme bermek üçin biziň bilen gidersiňiz" — diýip, ofiser jogap berdi.

Sabina Mukaddes Kitaby stoluň üstüne goýdy-da: "Haýyş edýärin, maňa Hudaýa dileg etmäge rugsat ediň. Soňra men siziň bilen gitjek" — diýdi.

Sabinany polisiýa alyp baranlarynda, ol öz "ýaragyny" — Mukaddes Kitaby — ýitirenine gynandy, ýöne bu kitabyň sözleriniň öz ýüreginiň çuňlugynda gizlenendigine, ony hiç kimiň alyp bilmeýändigine begendi.

Mukaddes Ýazgyda Hudaýyň ýaraglar hökmünde atlandyrylýan ýekeje ýarag bar. Pawlus Efeslilere hatda mesihilere goranmak üçin gerek zerur bolan ýaragy sanaýar: tuwulga, sowut, guşak, gylyç we gorag aýakgaby. Ýöne ol hüjüm etmäge niýetlenilen diňe bir ýarag — Hudaýyň Sözi — bu esasy ýaragdyr. Gadymky esgeriň öz gylyjyna daýanyşy ýaly, biz özümize howpsuz ýol gurmak üçin Mukaddes Ýazgynyň ikiýüzli gylyjyna daýanmalydyrys. Gynansak-da, ruhy söweşde juda köp mesihi goragsyz bolup galýarlar. Olar Sabina ýaly, Hudaýyň Sözüni ýat tutmaýarlar, şonuň üçin ondan güýç alyp bilmeýärler. Pida bolujy bolmaň. Eliňize gylyjy eýýäm şu gün alyň.

"Gutulyş tuwulgasyny, Hudaýyň sözi bolan Ruhuň gylyjyny alyň".

Efesliler 6:17

317-nji gün

ADATY BOLMADYK
BAGYŞLAMA

RUMYNIÝA: DIANA WE FLORIÝA

Kakasyny imany sebäpli türmä salanlarynda, Diana bary-ýogy on dört ýaşyndady. Diana bilen uýasy Floriýa maşgalany eklemelidiler, şol sebäpdenem, fabrikde işlediler. Ýöne kakasynyň tussag edilenine köp wagt geçmänkä, olary fabrikden işden kowdular.

Uýalar çykgynsyz ýagdaýa düşdüler. Öýde olaryň syrkaw ejesi bilen dört sany jigisi bardy. Şonuň üçin bir ýaş ýigit işe Diana üçin rugsatnama almaga söz berende, Diana şatlykdan ýaňa uçaýjak boldy. Gyz özüniň "rehimdary" bilen duşuşanda, ol oňa şerap içiräär-de, aldawa salýar. Ol oglan oňa birazajyk pul beräär, şeýdip, olaryň duşuşygy adaty zada öwrülýär. Işe rugsatnama alynmak hakda soň gürrüňem edilmedi, ýöne Diana çykgynsyz ýagdaýda bolany sebäpli, oglandan pul aldy. Ol bu hereketleri özüni akla sygmajak ezýetleri berään bolsa-da, özüni satmagyny dowam etdirdi. Köp wagt geçmänkä, oňa uýasam goşuldy. Indi olar özleriniň masgaraçylygyny bilelikde gizläp başladylar. Emma günleriň birinde olaryň syry açyldy. Diana ejesiniň gözüne seredip: "Eýsem, sen bizi bagyşlap bilermiň?" diýip sorady.

Ene gyzlaryna söýgi hem teselli sözleri bilen jogap berdi: "Siz öz hereketleriňiz sebäpli, masgaraçylyk duýýarsyňyz, bu şeýle-de bolmalydyr. Ýöne hut masgaraçylygyňa hem günäňe akyl ýetirmeklik sizi nurly dogrulyga alyp barýar. Ýatda saklaň, esger diňe bir haça çüýlenilen Mesihiň böwrüni dilmedi, ol günäkärler Onuň ýüregine girip, bagyşlanma alyp biler ýaly, ony açdy".

Günäňe ökünmek bilen özüňe nebsiňi agyrtmak — dürli zatdyr. Görgi görýän köp adamlar özlerine bolan nebsagyryjylygy duýýar. Olar özleriniň şowsuzlygynda başgalary höwes bilen günäkärleýärler. Bu wakada özleriniň kakasyny aýyplamak gyzlar üçin nähili bahana bolardy! "Eger ol mesihi bolmadyk bolsa, ony tussag etmezdiler, bizem şeýle ýagdaýa düşmezdik". Olar ejesiniň ýanyna baranlarynda, utanýandyklary we eden işine ökünýändikleri ýürekdendi. Görgüler sizde özüňize bolan nebsagyryjylygy döredýärmi? Hüşgär boluň, munuň sizi gulak asmazlyga alyp barmagy mümkin.

"Çünki Hudaýyň islegi boýunça gaýgylanmaklyk gutulyş üçin ökünçsiz tobany emele getirýändir. Dünýäniň gaýgylary bolsa, ölümi emele getirýändir".

2 Korintoslylar 7:10

318-nji gün

ADATY BOLMADYK

“JENAÝATÇY” — 1-NJI BÖLÜM

SAUD ARABYSTAN: RUHY ÇOPAN UOLLI, FILIPINLI GULLUKÇY

Ol Saud Arabystanda gözlenilýän jenaýatçylaryň sanawynda birinji durdy. Ony ogurlyk edeni, adam öldüreni ýa-da zorluk edeni üçin gözlemediler-de, ýurduň paýtagtynda gizlin ýygnagyň ruhy çopany bolany üçin gözlediler.

Ruhy çopan Uollini yzarladylar, öýünden alyp gidip, polisiýa bölümine alyp bardylar. Ol ýerde depgiler bilen ýumruklar onuň üstüne indi. Gamçy bilen ruhy çopanyň aýalaryna hem dabanlaryna urdular. Urgular bes edilende, onuň elleri bilen aýaklary badamjanyň reňkindedi. Uollä turmagy buýruk berdiler, ýöne ol: “Turup bilemok. Maňa dyza çökmäge rugsat ediň” — diýip jogap berdi. Ýöne oňa rugsat etmediler.

Ruhy çopan Uolli özüni uranlarynda Hudaýa dileg etdi. “Çünki... seni saklamak barada Ol Öz perişdelerine buýruk berer. Aýagyň daşa degäýmesin diýip, olar seni ellerinde göterer” (Zebur 91:11-12). Uolli agyrydan üstün çykyp, özüni gynaýjylaryň öňlerinde dikeldi. Şunuň ýaly urgulardan soň, onuň durup bilenine olar haýran galdylar.

“Men Hudaýyň perişdeleriniň ellerinde durdum — diýip, birazrak wagt geçenden soň, Uolli gürrüň berdi. — Olar perişdeleri görüp bilmediler, ýöne men ol ýerde perişdeleriň bardygyny we özüme turmaga kömek edýändiklerini duýdum”.

Käbir adamlar özleriniň goraýjy perişdelerini işlemelisinden artyk işlemäge mejbur edýän ýaly bolup görünýär. Olar ruhy çopan Uolli ýaly, mydama özleriniň doga-dileg etme şaýatlygynyň we batyr ruhunyň kömegi bilen Mesihe gulluk etmäge taýýar bolýarlar. Şonuň bilen bilelikde Hudaýyň Patyşalygyny ýaýratmak üçin hiç zat etmeýän mesihiler özlerine tabşyrylandygy sebäpli, köp boş wagtlary bolýan goraýjy perişdeleri göz öňüne getirmek bolar. Käwagt Mesihe wepaly bolup galmagymyz üçin bize Hudaýyň perişdeleriniň ellerinde durmak gerek. Biz öz iş ýerimizde şunuň ýaly Hudaýa gulluk etmegiň göçgünli isleginden gaça durýarysmy? Öýdemi? Mekdepdemi? Mesihe bolan imanyňy goramak agyr ýa-da mümkin däl ýaly bolup görnende, Hudaýdan özüňizi tutar ýaly perişdeleri goýbermegini soraň, ýöne yza çekilmäň.

“Çünki... seni saklamak barada Ol Öz perişdelerine buýruk berer. Aýagyň daşa degäýmesin diýip, olar seni ellerinde göterer”.

Zebur 91:11-12

319-nji gün

ADATY BOLMADYK
ÝOLBAŞÇYLYK

FILIPPI: PAWLUS BILEN SILAS

"Menden haýyş edip: "Makedoniýa gelip, bize kömek ediň" — diýip soradylar" — diýip, Pawlus gürrüň berdi.

Silas: "Sen munuň Hudaýdan gelen görnüşdigine ynanýarsyňmy?" — diýdi.

"Hut şeýle".

Silas ýylgyryp: "Beýle bolsa, Hudaý bilen ýola düşeli!" — diýdi.

Olar Filippä baranlarynda, şäherde belli bolan baý aýaly imana getirdiler, bir ýaş gyzdan bolsa, arwahlary kowdular. Olar Hudaýa dogry düşünip, Onuň görkezmelerini takyk ýerine ýetirdiler.

"Anha, olar!" — diýip, jahankeşde wagyzçy mesihileri gözleýän mähellä baş bolup barýan erkek kişi gygyrdy. Pawlus bilen Silas näme bolanyna düşünip düşünmänkäler, olary süýräp, şäher kazysynyň ýanyna alyp barýarlar-da, Hoş Habary wagyz etmek bilen halky gozgalaňa çagyrmakda aýypladylar. Şäher kazysy olaryň geýimlerini çykaryp gamçylamagy, ondan soň hem, türmä salmagy buýruk berdi.

Şol agşam gana bulaşan, endamlary gökala bolan we aýaklary gandallanan Pawlus bilen Silas özlerini Hudaý "barmaly däl ýere" goýberdi diýip pikir edip bilerdiler. Olar Hudaýyň ýolbaşçylygyna ynandylar. Olar Hudaýyň özlerini terk etmändigini, tizara gudratly gutulyşy görkezjekdigini bilýärdiler.

Silas bilen Pawlus özleriniň mundan soňky syýahatlarynda hem, Hudaýa tabyn bolmagy dowam etdirdiler.

Hudaýyň öz durmuşymyz babatdaky islegi düýşümize girýän bolsady! Köçelerdäki afişalar ýaly, öňümizde diňe Onuň planlary giňden açyk duran bolsady! Eger näme etmelidigimizi özümize aýdýan sesi eşitsek, bu has-da gowy bolardy. Eger munuň ýaly göni usullar iman elementlerini aradan aýyrmaýan bolsa, bu zatlaryň hemmesi gaty gowy bolardy. Öz durmuşymyzdaky ugry kesgitlänimizde, edil karta daýanýan ýaly, Özüne daýanmagymyzy Hudaý isleýär. Pawlus bilen Silas Filippide özlerine näme boljakdygyny bilmeýärdiler. Olar diňe özlerine Hudaýyň aýdan ýerine barýandyklaryny bilýärdiler. Siziň Hudaýyň özüňizi nirä iberýänini bilmezligiňiz mümkin, ýöne siz Ol nirä çagyrsa, Onuň yzy bilen gitmäge taýýarmy? Hudaýa doly ynanmagy öwrenýänçäňiz, Oňa doly tabyn bolup bilmersiňiz.

"Meni Öz hakykatyňda gezdir, maňa öwret; çünki Sen meniň halasgär Hudaýymsyň; men bütin gün Saňa umyt baglaýaryn".

Zebur 25:5

320-nji gün

ADATY BOLMADYK
“JENAÝATÇY” –2-NJI BÖLÜM

SAUD ARABYSTAN: RUHY ÇOPAN UOLLI

“Ýa Reb, bu gün agşam islendik zadyň bolmagy mümkin, ýöne, ýalbarýaryn, olaryň janymy almagyna ýol berme” — diýip, ruhy çopan Uolli Hudaýa dileg etdi.

Urgular dowam edip duran wagtynda, filippin ruhy çopany Uolli özüniň saudly gynaýjylary üçin Hudaýa dileg etdi. Biziň tenimiziň özümize degişli däldigi, onuň Mukaddes Ruhuň ybadathanasydygy baradaky aýat onuň ýadyna düşdi.

“Maňa Öz ybadathanaň bolmaga rugsat bereniň üçin Saňa minnetdar. Hudaýym, men Saňa duşmanyň weýran eden we kemsiden ybadathanasy gerek däldir diýip pikir edýärin. Saňa öz şöhratyňy şöhlelendirýän we Seniň ajaýyplygyňdan doly ybadathana gerek. Hudaýym, men öz tenimiň doly dikelmegi üçin ýalbarýaryn. Bu jellatlar her näme etseler-de, meniň doly şypa alanymda, Seniň Özüňi has-da köp şöhratlandyrmagyňy ýalbaryp soraýaryn. Goý, adamlar jellatlaryň meniň bedenime edenlerinden ýekeje-de yz görmesinler” — diýip, doga-dileg etdi.

Ruhy çopan Uolliniň arkasyna we aýaklaryna gamçy ala-mula edipdi, elleriniň süňkleri we aýaklarynyň dabanlary döwleni üçin ol olary gymyldadyp bilmeýärdi. Ahyrsoňy, olar gynamaga güýçleri galmandan soň, mesihini kamera okladylar.

Birnäçe sagadyň dowamynda Uolli doga-dileg etdi, soň hem, uka gitdi. Bu uky wagtynda ol Hudaýyň barlygyny we Onuň şypa beriji galtaşmasyny duýdy. Ukudan oýananda, ruhy çopan öz elleriniň we aýaklarynyň doly sagalanyny görüp, haýran galdy. Ol urgudan galan agyrylary duýmady. Uolli aňk boldy — Hudaý oňa şypa beripdi.

Ruhy çopan Uolli özüniň şypa almagy üçin doga-dileg edende, juda öte geçmänmidi? Ol özüniň batyrgaý haýyşynda öz bähbidini gözleýji bolmandymy? Ýok. Uolli hiç hili erbet zat etmedi. Ruhy çopan Hudaýyň diňe öz bedeniniň Onuň ybadathanasydygy baradaky sözlerine bil baglady. Muny ýygy-ýygydan ýatlap durmaklyk biziň her birimiz üçin peýdaly bolsa gerek. Ýöne eger Hudaýyň Sözüni bilmeýän bolsak, onda biz Onuň Sözüne daýanyp bilmeýäris. Kyn pursatda ruhy çopan Uolli Mukaddes Ýazgynyň ruhlandyryjy aýadyny ýada saldy, sebäbi ol ony öwrenmäge wagt sarp edipdi. Şunuň ýaly gynamalary başdan geçiren mesihileriň köpüsi bir pursatda berilýän şypa almadylar. Şeýle-de bolsa, Hudaý netijesine garamazdan, biziň şaýatlygymyzy ulanýar. Gerek pursatynda siz Hudaýyň Sözüni ýada salmaga ukyplymy? Siz Mukaddes Ýazgynyň diňe bir tekstini däl-de, eýsem, onuň manysynam bilýärsiňizmi? Hudaýa Öz Sözüne daýanmaga taýýardygyňyzy aýdyň.

“Siz diri Hudaýyň ybadathanasysyňyz”.

2 Korintoslylar 6:16

321-nji gün

“Men bu ýerde Isanyň: “Oňa ynanýan adamyň... ebedi ýaşaýşa gowuşmagy üçin...” (Ýahýa 3:16) diýen sözleri hakda oýlanýaryn”.

Men jenaýatçylaryň arasynda. Adamlaryň haýwana öwrülýäni sypaýyçylyk bilen aýdylan zat. Haýwanlaryň günäsi ýok ahyry. Ýöne türmede töweregimi gurşap alan adamlar arwahly garaňkylygyň haýwanlaryň ýetip bilmejek çuňluklaryna baryp ýeten.

Bu jenaýatçylaryň arasynda ýaşandan, mal ýatakda ýaşanyň aňsatdyr. Olaryň her bir sözi gödek söz, edýän her bir yşaraty ýüregiňi bulandyrýar. “Olaryň bogazy açyk gabyrdyr... Olaryň agzy gargyşdan, ajylykdan doludyr” (Rimliler 3:13-14).

Ine, şu görnüşde Hudaýyň adaty bolmadyk söýgüsi öwşün atýar. Dogrudanam, imany bolan — hatda şu adamlar ýalylaram — ebedi ýaşaýşy alyp bilýärler. Hoş Habary alyp barmagym üçin Hudaý meni olaryň ýanyna iberdi.

Mesihi tussagyň haty

322-nji gün

ADATY BOLMADYK
ZÄHMET RUGSADY

EÝRAN: KURORT ŞÄHER

“Indi biz zähmet rugsadynda, ezizim — diýip, eýranly ruhy çopan aýalyna aýtdy. — Haýyş edýärin, bize polisiýanyň ünsüni çekip biläýjek hiç zat etme. Zähmet rugsadyny bozmak nämä gerek?”

Ýöne ruhy çopanyň aýaly Isa Mesihiň dymyp bilmeýän şaýadydy. Ol musulmanlara müňlerçe Mukaddes Kitap bilen “Isa” filminiň bäş müňden gowragyny paýlady. Tizara olar özleriniň dynç almaga gelen kurort şäherindäki söwda merkezine barma kararyna geldiler. Olar dürli harytlara seretmek üçin aýrylyşdylar, ýöne ruhy çopan bellenilen ýere gelende, aýalynyň ullakan mähellä Isa Mesihi wagyz edip duranyny görýär.

Golaýda polisiýanyň ýokdugyna göz ýetiren ruhy çopan derrew aýalyny alyp çykyp, ony maşyna mündürýär. “Ezizim, biz bu ýerde zähmet rugsadynda. Biz bu ýerde Hoş Habary ýaýratmak bilen meşgullanmarys öýdüpdim” — diýip, ol gaharly aýtdy.

Aýaly onuň gözlerine seredip: “Bu dükanda entek Isa hakda bilmeýän köp adam galdy. Eger olar ölüp, dowzaha düşseler, onda sen günäkär bolarsyň” — diýip, aýaly aladaly jogap berdi. Utanan ruhy çopan maşynyny yza öwrüp, söwda merkezine gaýdyp geldi. Onuň aýaly derrew içeri girip, Mukaddes Ýazgy bilen “Isa” film kassetasyny paýlap başlady.

Şol wagt onuň ýanyna bir aýal geldi. “Men size şeýle minnetdar — diýip, ol tolgunyp, gözleriniň ýaşyny süpürdi. — Men Mukaddes Kitaby almak üçin bäş ýyldan bäri doga-dileg edip gelýärin. Ine, indi Hudaý meniň dogama jogap berdi!”

“Hudaýyň sözüni wagyz et. Pursat amatly bolsun, bolmasyn, taýýar bol...”

2 Timoteos 4:2

323-nji gün

ADATY BOLMADYK

OGAP

DEMIRGAZYK AFRIKA: TÄZE IMAN GETIREN MESIHI

“Näme üçin siz bu ýygnanyşyklary dowam etdirýärsiňiz? — diýip, gizlin polisiýanyň agenti düşünmän sorady. — Öz edýän işleriňizi bilinmän galar, goňşularyňyzam sizi satmaz öýdýärsiňizmi?”

Bir ýigit ýaňy-ýakynda mesihi bolupdy, ýöne ol Mesihe eýýäm 20 adamy getirmäge ýetişipdi. Olar özlerine Hudaýyň duşuşmak we ýygnanyşyk etmek üçin ýer bermegini diläp doga etdiler.

Demirgazyk Afrikaly mesihiler üç hepdäniň dowamynda bir öýde duşuşdylar. Olaryň duşuşyklary gizlindi, şonuň üçin tussaglyga alyp barybam bilýärdi. Goňşulary olaryň aýdym aýdýan seslerini eşidip, muny gizlin polisiýa ýetirdiler. Ýaş mesihini üç gezek sorag etmek üçin alyp gitdiler.

“Sen yslama garşymy?” — diýip, ofiser üçünji gezekki sorag etmede sorady.

“Ýok — diýip, mesihi jogap berdi. — Bizde yslam bilen hiç hili umumylyk ýok. Biz Isa tagzym edýäris”.

“Siz biziň ýolbaşçylarymyza garşy çykyş edýärsiňizmi?!!”

“Ýok, jenap. Biz ýolbaşçylar üçin Hudaýa doga edýäris, sebäbi bize şeýle etmegi Isa buýruk berdi”.

“Näme üçin siz, goňşularyňyz üstüňizden arz edip bilmez ýaly, duşuşmaga başga ýer tapaňyzok?”.

“Eýsem, biz şeýle edip bilýärismi? Bizde gerek bolan rugsatnama ýok”.

Ofiser stolunyň çekmesine seredip, ol ýerden bir blank çykardy. Ol oňa bir zatlar ýazyp, ony mesihä uzatdy. Bu dokument başga hiç kimiň ulanmaýan ýygnak binasynda ýygnanyşmaga mesihilere hukuk berdi. Ajaýyp ýygnak binasynda ýygnanyşmaga berlen rugsatnama olaryň Hudaýa berlen dogasyna berlen jogap boldy.

Doga-dileg jogapsyz galmaýar. Hudaý biziň her bir dilegimize mydama jogap berýär. Ýöne Onuň dilegimize berýän jogaby biziň garaşýan jogabymyz bolman biler. Käwagt Ol: “Garaş” — diýip jogap berýär. Şonda biz Ol gidibermelidigini aýdýança, sabyrlylyk bilen garaşmalydyrys. Käwagt: “Ýok” diýen jogaby eşidenimizde, lapykeç bolýarys. Biziň haýyşymyz Onuň islegine garşy bolýar ýa-da Onuň üçin wagt şowsuz saýlanylan bolýar. Emma kä halatlarda Ol: “Bolýar” — diýip jogap berýär. Biziň haýyşymyz dolulygyna ýerlikli. Biz ruhy taýdan taýýar bolup, dogry wagty saýladyk. Bu gün Hudaý siziň doga-dilegiňize nähili jogap berdi?

“Seni çagyrdym, çünki Sen maňa jogap berersiň, eý Hudaý; maňa gulak as, sözümi eşit”

Zebur 17:6

324-nji gün

ADATY BOLMADYK
AÝGYTSYZLYK

EÝRAN: RUHY ÇOPAN RUBAK

Wagt ýarygijeden geçipdi. Tussag ýadady. Eýýäm onuň eýran türmesindäki 28 günlük ýekelikdäki tussaglygynyň ýarymy geçipdi, şonuň üçin ol galan möhlete çydam etmäge kömek bermegini sorap, Hudaýa doga etdi. Kameranyň gapysyny kakanlarynda, ol tapdan düşüpdi we gaharlydy.

“Ruhy çopan — diýip, garawul ýüzlendi. — Men seniň bilen Isa hakda gürrüň etmek isleýärin”.

“Bar git — diýip, ruhy çopan gyryk sesi bilen aýtdy. — Men seniň bilen gürleşmek islämok”.

“Ýöne sen meniň bilen gürleşäýmeli. Sen ruhy çopan ahyry” — diýip, garawul aýtdy.

Ýaş eýranly garawulyň köp soragy bardy. Ol mesihilik bilen yslamyň arasyndaky tapawut, Allanyň agram salýan talaplary bilen Gökdäki Atanyň söýgüden doly çagyryşynyň arasyndaky tapawut hakda bilmek isleýärdi. Ruhy çopan mundan artyk boýun towlap bilmedi.

Erkekler dört sagatlap gürrüň etdiler. Mesihi musulmana mesihilik ynamy, Isanyň ölümi arkaly günäden halas bolma we onuň Isa Mesihi nädip kabul edip biljekdigi hakda gürrüň berdi.

Ertesi günüň daňdany olar bilelikde Hudaýa doga etdiler. Garawul Isany kabul edende, onuň ýaňagyndan gözýaş akdy. Ruhy çopanam gözüne ýaş aýlap, Hudaýyň Patyşalygyndaky doganyny gujaklady.

Garawul täze ýaşaýşa eýe bolanda, ruhy çopan öz ýüreginiň nähili üýtgändigini duýdy. Ilki bilen sustupeslik ýitdi. Ol özüni tussaglyga getirenleriň, öz ýurdunyň musulmanlarynyň hemmesine bolan söýgi duýdy. Şu wakadan soň, onuň ýygnagy uly galkynyşa eýe boldy.

Bir nesliň beýleki nesilden miras alan mebeli gaty bir owadan bolmaýar, ýöne onuň bilen baglanyşykly bolan geçmişiň ýatlamalary bu ýetmezçiligiň üstüni ýapýar. Birwagtlar ataňky bolan aýratyn oturgyç aýratyn ýatlamalary hakydaňa getirýär, şonuň üçin biz ondaky tegmilleri we köneligiň hem lagşamanyň alamatlaryny görmeýäris. Çyzylan kedr şkafy birwagtlar ýakynymyzyň birine degişli bolany üçin bahasyna ýetip bolmajak adatdan daşary hazyna bolýar. Hudaý hem, edil şunuň ýaly usul bilen gowy görmeýän adamymyza bolan söýgini berip bilýär. Ol ujypsyz zatda gymmatlyk görmäge bize kömek edýär. Onuň söýgüsi Özüniň siziň günäleriňizi edişi ýaly, başga adamyň günäleriniň üstüni örtüp bilýär. Synanyşyp görüň we göz ýetiriň. Hudaýdan başga adamlara Öz gözi bilen seretmäge we öz pikiriňizçe söýmek mümkin bolmadyk adamlary söýmäge kömek etmegini soraň.

“Özüne garşy bolanlary ýumşaklyk bilen ýola getirmelidir. Hakykatyň bilimine ýeter ýaly, Hudaý olara, belki, bir toba ýoluny açar”.

2 Timoteos 2:25

325-nji gün

ADATY BOLMADYK
MISSIONER

GÜNBATAR IRIAN: STENLI ALBERT DEÝL

Gamyş peýkamlar yzly-yzyna Stenli Albert Deýliň tenine deşip girdi. Ol hem, olary yzly-yzyna çekip çykaryp, dyzyna goýup döwdi. Onuň ýaralarynyň köpüsinden gan akdy. Ýaliniň gygyryşýan esgerleri ak erkek kişiniň ýa-da olaryň atlandyryşy ýaly, *duongyň* **ölmezekliginden gorkdular.**

Birwagtlar Ýaliniň beýleki obasynda ony öldürmäge eýýäm synanyşypdylar. Onuň peýda bolmagy olary gorkuzypdy, sebäbi ak gelmişekler adata öwrülen butlary ýakýandyklaryny we tokaýdaky sežde edilýän ýerleri weýran edýändiklerini bilýärdiler. Şol wagt Deýle peýkam atypdylar, ýöne *duong* gaçyp, öz ýaralaryny bejermegi başarypdy.

1960-njy ýyllarda Deýl Günbatar Irianiň (häzirki Indoneziýanyň) daglaryna ýerli ýaşaýjylara Isanyň söýgüsi hakda gürrüň bermäge gelipdi. Indi bolsa, gygyryşýan we peýkam atýan ýüzlerçe esgerleriň yzarlaýan bu adamy peýkam tenine çümen badyna, olary çykarýardy. Ýalilere ak adamyň ruhunyň adatdan daşary güýje eýe bolýanyny ozal duýdurypdylar. Şeýle-de bolsa, Deýl barybir wepat boldy. Altmyşdan gowrak döwlen peýkam onuň aýagynyň ýanynda tümmek bolup durdy. Ak adamyň ölendigine göz ýetiren esgerler onuň jesedini parçaladylar, sebäbi onuň direlerinden gorkýardylar.

Ýaliler özleriniň jülgesindäki hoşhabarçylyk işiniň soňuna çykandyrys öýtdüler, ýöne bar zat beýle däldi. Deýl ölenden soň, obada başga mesihiler peýda boldular. Ozal ony peýkam bilen atan esgerleriň köpüsi mesihi boldular. Ölümsiz duong indi Isanyň golaýynda öz ganhorlary — indi bolsa doganlary bilen teselli tapýar.

Ýaliler Deýliň ýerdäki bedenini ölümsiz hasaplan bolsalar-da, aslyýetinde, onuň jany ölümsizdi. Deýliň yzyndan giden missionerler ýalilere bakyýeti kabul etmäge kömek berdiler. Olar bu taýpa Hudaý hakda gürrüň berdiler. Bir pursatlyk pikir edip görüň, geçen hepdede nähili wakalar, adamlar we zatlar siziň wagtyňyzyň köp bölegini aldy? Elbetde, gündelik durmuş bizi bakyýet üçin azajyk ähmiýeti bolan zatlar — hapa joraplar, telefon jaňlary, himçistka we nahar taýýarlama — bilen iş salyşmaga mejbur edýär. Ýöne Deýliň taryhy bize öz durmuşymyzdaky birinji derejeli zadyň bakyýet üçin ähmiýetli bolmalydygyny ýatladýar. Siz durmuşyňyzyň haýsy bölegini bakyýete bagyş edýärsiňiz? Eger siz Hudaýyň özüňize beren tabşyrygyny ýerine ýetirmeseňiz, onda ony siziň deregiňize kim eder?

"Şeýle hem ebediligi ynsanyň
ýüregine saldy...".

Wagyz kitaby 3:11

326-nji gün

ADATY BOLMADYK
ÝENE BIR GOŞGY

RUSSIÝA: ALEKSANDR ZESEPA

Gyzyl goşunyň esgeri Aleksandr Zesepa söweşde wepat bolanda, onuň geýminiň jübüsinden ýazgy tapdylar:

"Meni diňle, Hudaýym, hiç haçan entek Seniň bilen gürleşmändim.

Emma indi özümi Seniň bilen salamlaşýan ýaly duýýaryn.

Çagalygymdan bäri, maňa Seniň ýokdugyňy aýdýanlaryny bilýärsiň.

Men bolsa, samsyk ýaly, olara ynandym.

Men hiç wagt Seniň ýaradanlaryň hakda oýlanmadym.

Ýöne bu gün agşam, öz çukurymdan seredip,

ýyldyzlaryň ýylpyldysyna guwandym.

Şonda birden bu ýalanyň zalymlygyna düşündim.

Hudaýym, maňa eliňi uzadarmyň?

Men Saňa gürrüň bersem, Sen maňa düşünersiň.

Meniň üstüme nuruň ineni gudrat dälmi?

Bu dowzahy gijede Seni görenim gudrat dälmi?

Ozal Seniň dostuň bolmadyk bolsamam.

Men baramda, Sen meni öýňe salarmyň?

Hudaýym, men aglaýan! Hudaýym, Rebbim, maňa näme bolýanyny Sen görýärsiň.

Bu gije gözüm açyldy.

Hoş gal, Hudaýym. Men gidýärin, dolanjagym gümana.

Bir hili geň, dogry dälmi, ýöne men indi ölümden gorkamok".

Ejir çekip ölenler baradaky wakalar bize Hudaýyň wepalylygyny, Onuň parahatlygyny, söýgüsini we goragyny görkezýär. Ýöne bu wakalarda diňe bir ejir çekip ölenleriň özleri hakda däl-de, olaryň duşmany hakda hem gürrüň berilýär. Mesihilige gelen kommunistler baradaky wakalaram, Onuň mylaýymlygy, hatda Özünden ötünç soraýan barypýatan günäkäri-de bagyşlama islegi Hudaýyň sabry hakda gürrüň berýär. Aleksandryň goşgusynda hakykata "gözleri açylyp", toba gelen günäkärleriň hemmesiniň adyndan haýyş ýaňlanýar. Onuň haty bize Isanyň Kimdigini tanatmaga we bizi gutulyş gözläp, Onuň ýanyna getirmäge dyrjaşýan söýgä baý Hudaýa gulluk edýändigimizi ýatladýar. Ine, ejir çekip ölenleriň hatlarynyň güýji nämede eken. Siziň durmuşyňyz töweregiňizdäkilere näme hakda gürrüň berýär?

"Ol biziň üçin sabyr edýändir, çünki Ol hiç kim heläk bolman, hemmeleriň toba gelmegini isleýär".

2 Petrus 3:9

327-nji gün

ADATY BOLMADYK

HOWP

OWGANYSTAN: ERIK WE ÝEWA BARENDSEN

Adamlar Ýewa bilen onuň adamsy Erikden kömek hem derman almak üçin ençe km. ýollary söküp geldiler. Olaryň Owganystanyň paýtagty Kabuldaky sadaja öýi müňlerçe owganlar — hem mesihiler, hem musulmanlar — üçin umyt çeşmesi boldy. Är-aýal soranlaryň hemmesine özleriniň Isa Mesihe gulluk edýändiklerini aýtdylar.

1980-nji ýylda Erik bilen Ýewa gysga wagtlaýyn zähmet rugsadyny alyp gitdiler, ýöne indi özleriniň öýüne öwrülen ýurduna, ýagny urşuň harabaçylyga öwren ýurduna dolanyp geldiler. “Siz nädip gaýdyp gelip bildiňiz? Siz gorkaňzokmy? Bu örän howply ahyry” — diýip, olardan soradylar.

Erik bilen Ýewa howpa seretmediler, olar diňe gulluk üçin bar bolan san-sajaksyz mümkinçilikleri gördüler. Olar bu ýurtda özlerini öldürip biljek adamlary görmedilerde, Mesihe iman edip biläýjek adamlary gördüler. “Maňa diňe bir uly howp mälim. Ýeke-täk howp — bu Hudaýyň isleginden daşda bolmakdyr” — diýip, Ýewa köplenç jogap berýärdi.

Olar Owganystana özleriniň üç hem bäş ýaşly çagalary bilen bile geldiler. Olaryň gelenine köp wagt geçmänkä, öýlerinde üstlerine hüjüm etdiler. Ene-atany pyçakladylar, çagalar bolsa ýetim galdy. Olar öldürilmezinden birnäçe gün ozal Ýewanyň ejesi görnüş görýär. Ol Erik bilen Ýewany göklerde gördi. Perişdelerem, olaryň başlaryna altyn täç geýdirdi. Ol öz mähribanlarynyň ölendigini eşidende we olaryň agysyny aglanda, şol görnüş oňa güýç berdi.

Musulman ýurtda işjeň mesihi bolmak — bu iň howply perspektiwalaryň biridir. Ýöne Ýewa bilen Erik howpa başgaça düşündiler. Kabulda bolmagyň örän howpludygyny dostlary aýdanda, Erik bilen Ýewa başga islendik ýerde bolmagyň özleri üçin has howpludygyny duýdular. Olar bu ýurtda gulluk etmegiň özleriniň çagyrlyşydygyny bildiler. Olar Hudaýyň özleri babatdaky isleginiň hut şunda hem jemlenendigini bildiler. Kimdir biri Hudaýa gulak asmadan boýun towlamak bilen Onuň goragyny ýitirmeklige töwekgelçilik edýändigimizi aýdypdyr. Hudaýyň isleginden daşarda bolmak — bu siziň goýbermäge het edip bilmejek ýalňyşlygyňyz bolmalydyr. Öz howpsuzlygyňyz üçin Hudaýyň islegine gulak asman, näçe wagtdan özüňizi has uly howpa alyp barýarsyňyz? Adaty bolmadyk tabynlyk howpa başgaça seretmäge kömek edýär.

“Çünki başlangyçdaky ynamy soňuna çenli berk saklasak, bu Mesihe şärik boldugymyzdyr”.

Ýewreýler 3:14

328-nji gün



“Haçyň ýok ýerinde täç hem ýokdur. Bu akyldarlygy kitaplardan öwrenip bolmaýar, şonuň üçin adamlar adatça onuň manysyna düşünmeýärler. Bu baý ýaşaýyş oňaýlykly durmuşda bolýan däldir. Eger günebakar çigidini arassalap, ýag etmek üçin üwemeseň, adamlar onuň ýakymly ysyny duýup bilmez. Eger üzüm hoşalaryny gapda mynjyratmasaň, olar şerap bolmaz”.

Näbelli hytaýly mesihi

329-nji gün

ADATY BOLMADYK
ÝAPYŞYŞ

HYTAÝ: LU IN

“Mebelleri agdar-düňder ediň-de, öýden Mukaddes Kitap gözläň!” — diýip, komandir gygyrdy. Öz öýüni esgerleriň döküşlerini synlap duranda, Iniň gözlerine ýaş aýlandy.

“Tapdym!” — diýip, gyzyl gwardiýaçylaryň biri Mukaddes Kitaby garbap aldy-da, ony komandire uzatdy. Li In batyrlyk bilen onuň elinden Hudaýyň Sözüni çekip aldy.

“Bu kitapda meniň öz Rebbim hem Halasgärim Isa Mesih hakda bilmeli zatlarymyň hemmesi bar, şonuň üçin men ondan aýrylmaryn” — diýip, ol Mukaddes Kitaby gursagyna berk gysyp, aýgytly aýtdy.

“Ony daşary alyp çykyň — diýip, komandir gygyrdy. — Göreli bakaly, ol kitabyna uzak wagtlap ýapyşyp durarmyka?”

Dört gyzyl gwardiýaçy Ini süýräp köçä çykardy-da, urup başlady. Olar bu zenany ýere ýykyp, üstünden güldüler we üstüne tüýkürdiler. “Sen entegm, öz mifiňe ynanýarsyňmy?” — diýip, komandir onuň üstünden güldi.

Çişen, gana bulanan dili bilen Lu In entegem Mukaddes Kitaby gursagyna gysyp durşuna, öz imany baradaky şaýatlygy gaýtalady durdy.

Şonuň üçin bir esger tüpeňiň polat şompolyny garbap alyp, zenany urdy-da, elleriniň süňklerini çym-pytrak etdi. In mundan artyk Mukaddes Kitaby eli bilen saklap bilmedi. Gaty erbet agyry sebäpli, ol huşundan gitdi. Mukaddes Kitap ýere düşdi, esger hem ony alyp, komandire berdi.

In dogan diňe 20 ýyl geçenden soň, “Ejir çekenleriň sesi” missiýasynyň işgärinden Mukaddes Kitap aldy. Şonda bu zenanyň gözleri ýaşdan doldy. Maýyp edilen eli bilen ol Hudaýyň Sözüni garbap aldy-da, ony gursagyna gysdy soň hem: “Bu gezek men seni hiç kime bermen” — diýdi.

Ençe adamlar güýjünde baryny edip, ýalana ýapyşýarlar. Olaryň ateistlerdiginiň, agnostikleridiginiň, buddistlerdiginiň ýa-da krişnaitlerdiginiň tapawudy ýok — öz taglymatyna wepalylyk olary Hakykaty tanamaga ýakynlaşdyryp bilmeýär. Olaryň ýürekden ýapyşmaklary we ynamy Hakykatyň ýoklugynyň öwezini dolduryp bilmeýär. Munuň tersine, mesihilerde özleriniň pikirini ugrukdyrýan Hudaýyň Sözi bar. Olar Hudaýyň Sözüniň Hakykatdygyny bilýärler. Biziň, hatda kuwwatly güýçler özümize garşy gönükdirilen bolsa-da, Mukaddes Kitaba perwaýsyzlyk bilen garamaga hakymyz ýokdur. Siz öz durmuşyňyzda pul ýa-da wezipe ýaly, gymmatly zatlara ýapyşyşyňyz ýaly, Hudaýyň Sözüne-de berk ýapyşýarsyňyzmy? Beýleki zatlaryň hemmesini ýitiren ýagdaýyňyzda-da, islendik baha bilen Hudaýyň Sözüne berk ýapyşyň.

“Rebbiň sözleri sap sözlerdir”.

Zebur 12:6

330-nji gün

ADATY BOLMADYK

RUH

HYTAÝ: MIÇŽUN MÝAO

Hytaýyň zähmet lagerindäki şertler aýylgançdy. Ujypsyzja iýmit bilen aýazly gyş lagerde epidemiýanyň ýaýramagyna alyp bardy. Gyşyň başynda ol ýerde on üç müň tussag bardy, ýaz gelende bolsa, iki ýüz elli adam galypdy.

Miçžun Mýaony Hoş Habary wagyz edeni we öz ynamyndan el çekmekden ýüz öwreni üçin lagere iberipdiler. Ol beýleki tussaglara wagyz edip başlanda, bäş ýyllyk möhleti üç esse köpeldildi.

Bir gün gazaply gyş wagtynda, garawullar Miçžun Mýao ölendir öýtdüler. Onuň tapdan düşen bedeninden jany çykan ýaly bolup görünýärdi, ýöne onuň ruhy diridi, şonuň üçin ol doga-dileg etmegini dowam etdirýärdi. Ony morgda ýeke galdyranlarynda, ol öwşün atyp duran ýüzli, ak geýimli perişde gördi. Perişde oňa golaý gelip, üstüne üfläp goýberdi. Miçžun keseliň öz bedeninden çykyp, tenine ýyly gelip başlanyny duýdy. Ol dyza çöküp, Hudaýa minnetdarlyk dogasyny etdi. Miçžun morgdan çykyp, türme lukmanynyň ýanyna bardy. Lukmanyň ýüzi üýtgedi. Ol ruh görýändirin öýtdi. "Gorkma, bu men, Miçžun Mýao — diýip, mesihi ýuwaşjadan aýtdy. — Hudaý maňa saglygymy gaýtaryp berdi. Ol meni saňa Özüne tarap barýan ýoly görkezmegim üçin iberdi".

Lukman hormat bilen tagzym edip: "Seniň Hudaýyň hakykatdanam bar. Ol seni gabyrdan gaýtaryp getirdi" — diýdi. Şol agşam lukman Mesihi öz Halasgäri hökmünde kabul etdi.

Görmek — diýmek ynanmakdyr. Biz Hudaý hakda gürrüň edip bileris. Biz Isa hakda okap ýa-da diňläbem bileris. Ýöne biz şu wakadaky lukman bilen bilelikde: "Hudaý bar" diýip biler ýaly, öz imanymyz arkaly Ony tanamalydyrys. Hytaýyň zähmet lagerindäki lukmanyň Mesihe gelme mümkinçiligi ujypsyzjady. Ýöne hakyky gudrat bilen ýüzbe-ýüz bolandan soň, lukman Miçžun Mýaonyň doga edýän Hudaýyna iman etdi. Käwagt biz öz ýakynlarymyzyň hem imana gelmegini isleýäris. Biz olaryň Hudaýy tanamaklary üçin doga-dileg etmelidiris. Olar Ony Öz ýaradan zatlary arkaly-da tanap bilerler. Olar töweregindäkileriň özlerine bolan söýgisi arkaly Hudaýyň hereket edişini görüp bilerler. Miçžun Mýaoda bolup geçen gudrat ýygy-ýygydan bolmaýan bolsa-da, öz azaşan ýakynlaryňyzyň özleriniň durmuşyny üýtgedip biljek diri, söýýän Hudaý bilen duşuşmaklary üçin doga-dileg ediň.

"Olar... Filipusyň ýanyna gelip: "Eý aga, biz Isany görmek isleýäris" diýip, ondan haýyş etdiler".

Ýahýa 12:21

331-nji gün

ADATY BOLMADYK
"YLALAŞYK"

GÜNORTA ÝEWROPA: TUSSAGLAR

Garawullar kamera girip, wagyzçyny tutanlarynda, diňleýjileri bolsa, poluň üstüne zyňanlarynda, wagyzçy özüniň birinji pikirini ýaňy esaslandyryp başlapdy.

"Sen wagyz etmegiň gadagandygyny bilýärdiň. Sen jezalandyrylýarsyň!" — diýip, olaryň biri arlady. Garawulyň damarlak elleri ony ebşitläp tutdy-da, kameradan "çykaryp", koridor bilen aşaklygyna süýräp gitdi. Günorta Ýewropda ýerleşýän ýurtlaryň birindäki türmede oturan tussaglar özleriniň dostuny kommunist garawullaryň "urulýan otaga" alyp gidenini bildiler. Olar gapynyň uly güpürdi bilen ýapylanyny eşitdiler. Birazrak wagtdan soň, otagdan boguk ses bilen yňňyldylar eşidilip başlandy. Bu garawullar olaryň dostuny rehimsizlik bilen ýençdiler.

Kameranyň gapysy açylyp, garawullar içeri wagyzçyny itekleýänçäler, bir sagada golaý wagt geçdi. Tussaglar wagyzçynyň geýimleriniň gana bulaşanyny, ýüzündäki urgy yzlaryny gördüler. Ol hemmeleriň ýerindedigini ýa däldigini barlaýan ýaly, öz kameradaşlaryna göz aýlady.

"Doganlarym, — diýip, wagyzçy töweregindäkilere ýüzlendi. — Biziň sözümizi şeýle gödeklik bilen bölenlerinde, men nämede saklanypdym?" — Soňra wagyz dowam etdi.

Türme tussaglygyndaky mesihiler Hoş Habary wagyz edeni üçin nähili töleg tölemeli boljagyny bilýärdiler, şeýle-de bolsa, köpler muňa taýýar bolýardylar. Birnäçeleri, hatda ýaş mesihilerem, hiç hili teologiki bilimi, gulluk tejribesi bolmasa-da, türmede höwes bilen hem dilewarlyk bilen wagyz edýärler.

"Bu ylalaşykdy — diýip, soňy bilen wagyzçy ýazýar. — Biz wagyz edýärdik, bizi bolsa uryýardylar. Biz wagyz edenimize begenýärdik, olar bolsa bizi uranyna, şonuň üçin hemmeler göwnühoş bolýardy".

Berlen wadalary we öz üstüňe alnan borçlary ýerine ýetirmek hökman bolmadyk, maşgalalar aňsatlyk bilen bozulyp, nika seredende, aýrylyşmalar köp bolan ýurtda mesihiler islendik töleg bilen bagyş edilmäniň manysyny dikeltmelidirler. Eger hiç zat aňlatmaýan bolsa, onda wadanyň nähili gymmaty bar? Biziň Mesihe bagyş edilmämiziň netijeleri arzan bolýan däldir. Ol bize dünýä standartlaryna laýyklykda ähmiýetli üstünlige ýetme mümkinçiliginiň bahasyna düşüp biler. Belki, dostumyzdan we meşhurlygymyzdan mahrum eder. Belki-de, maşgalamyzdan, şahsy howpsuzlygymyzdan, käbirlerini bolsa, janyndanam, mahrum edip biler. Bagyş edilmede baha bolmalydyr. Tussaglar muňa gowy düşünýärdiler. Mesihiň baýragy hem, "ylalaşygyň" bir bölegidir. Siz Hudaý bilen baglaşan "ylalaşygyňyzdaky" borçlaryňyzy ýerine ýetirýärsiňizmi?

"Seniň sabryň bar. Meniň adym ugrunda dert çekdiň, ýadamadyň".

Ylham 2:3

332-nji gün

ADATY BOLMADYK
ÇAGYRYLYŞ

RUMYNIÝA: KAPITAN REK

Esli gün yzyny üzmän, komminist garawullar tussag ruhy çopany imany sebäpli urdular, soň bolsa, ýene urmak üçin saglygyny dikeltjek bolup, ony gowuja naharladylar. Olara doly ölýänçä däl-de, çalajan bolýança yzygiderli urmaklyk buýruk berlipdi. Olar ruhy çopanyň ezýet çekmegini isleýärdiler.

Bir gün nobatdaky urgy wagtynda, kapitan Rek oňa: "Men hudaý. Meniň seniň üstüňden ygtyýarym bar. Saňa janyňy sowgat beribem, seni öldüribem bilýärin. Gökde Bolýan bolsa, seniň janyňy saklamalydygyny ýa däldigini çözmeýär. Hemme zat diňe maňa bagly. Eger men islesem, sen ölýärsiň, eger islesem ýaşaýarsyň. Men — hudaý!" — diýdi.

Ruhy çopan asudalyk bilen: "Siz nähili çuň sözleri aýdanyňyza düşünmeýärsiňiz. Siz adam öldürýän jellat bolup ýaradylmadyňyz. Siz Hudaý öz ýüregiňizde ýaşar ýaly, Onuň keşbinde ýaradyldyňyz. Siziň ýaly yzarlaýjylar bolanlaryň köpüsi, resul Pawlus ýaly, zalymlygyň masgaraçylykdygyna düşündiler. Ol has hormatly ulanyşa eýe bolup biler. Ynanaýyň, kapitan Rek, siziň hakyky çagyrlyşyňyz hudaý bolmak däl-de, Hudaýa meňzeş bolmakdyr. Sizde jelladyň däl-de, Hudaýyň häsiýeti bolup biler" — diýdi.

Rek mesihiniň sözlerini eşitmedik kişi boldy-da, ony urmagyny dowam etdirdi. Ýöne tussagy kamerasyna goýbereninden soň, özüniň çagyrlyşy hakda pikir etmegini bes edip bilmedi. Ahyrsoňy, Rek kiçigöwünlilik bilen Mesihi ýüregine kabul etdi.

Her bir gurçuk, eger dogry ulalsa, aslynda kebelege öwrülýär. Eger onuň ösüşinde nähilidir bir bozulma bolsa, ol aslynda öwrülmeli däl zadyna öwrülýär. Biziň hakyky ynsanlyk çagyrylyşymyzam şeýledir — Isa Mesih bilen şahsy gatnaşygy ýola goýmak we Mesihiňkä meňzeş häsiýeti özümizde terbiýelemekdir. Mesihsizem biz köp üstünlikler gazanyp, hormata mynasyp bolup bileris. Biz ajaýyp adamlar — telekeçilikdäki şowly adamlar, söýýän ene ýa-da wepaly ata — bolup bileris. Ýöne biz hakyky çagyrylyşymyzy ýitirsek, onda hiç haçanam, başda kim bolup ýaradylan bolsak, şol hem bolup bilmeýäris. Gurçuk bolmak gyzykly zat. Ýöne kebelek gözellikde we sypatda ondan has ýokary bolýar. Belki, siz hakyky çagyrylyşyňyz hakda pikirem etmän, ýerdäki üstünlige ýetensiňiz?

"Bizde işleýän gudratyna görä, her haýyşymyzdan, oýlanyşymyzdan has ýokary zatlary etmegi başarýan Hudaýa..."

Efesliler 3:20

333-nji gün

ADATY BOLMADYK
ÇÄKLENDIRILME

BABYL: ŞADRAK, MEÝŞAK, ABEDNEGO

"Bu ýagdaýda özümizi senden goramagyň geregi ýok. Eý, patyşahym, eger bizi ýanyp duran küreden halas edip biljek Hudaý bar bolsa, bu biziň gulluk edýän Hudaýymyzdyr, Ol bizi seniň eliňden halas eder. Ýöne Ol bizi halas etmese-de, eý, patyşahym, şuny bilip goýgun, biz seniň hudaýlaryňa gulluk etmeris, seniň diken altyn heýkeliňe sežde etmeris". (Danyýel 3:16-18).

Patyşanyň üç ýigide bolan gahary alawlady. Olar onuň diken butuna sežde etmekden ýüz öwürdiler. Munuň ýaly jenaýat üçin otda ýakma arkaly jeza berilýärdi. "Peji gyzdyryň! — diýip, patyşa buýruk berdi. — Men pejiň ýedi esse güýçli gyzdyrylmagyny isleýärin". Iň güýçli esgerler gelip, ýigitleriň ellerini daňdylar. Peçde ot şatyrdaýardy, onuň diwarlary gyzaryp gitdi-de, eräýjek ýaly bolup göründi. "Olary içine oklaň" — diýip, patyşa buýruk berdi.

Ýigitleri pejiň içine oklanlarynda, ot şeýle güýçlüdi welin, hatda esgerleriň egnindäki plaşlar ýandy. Şol pursatda ýesirler gözden gaýyp boldular, sebäbi ýalyn şeýle güýçli bolany sebäpli, pejiň içine seretmek mümkin däldi.

Nebukadnesar patyşa ýalnyň şatyrdysyna seretmegi dowam etdirdi. Ol birdenem, haýran galmadan ýaňa doňup galdy. "Emma men oduň içinde gezip ýören, eli-aýagy çözülen dört adamy görýärin. Olara hiç hili zeper ýetmändir we olaryň dördünjisiniň keşbi hudaýlaryň biriniňkä meňzeýär" diýdi (Danyýel 3:25).

Birden Nebukadnesar ýeke-täk hak Hudaý bilen deňeşdirende, özüniň nähili ujypsyz ekendigine düşündi.

Ýagşylyk bilen ýamanlyk söweşe başlanda, ýekebara göreş deň bolmaýar. Ýagşylygyň duşmany güýçli. Ýöne Hudaý gudratygüýçli. Şeýtan güýçli, ýöne Hudaý ondan-da güýçli. Şeýtan özüniň erbet buýruklaryny ýerine ýetirmekleri üçin özüniň arwahlaryny bütin dünýä iberýär. Ondan tapwutlylykda diňe Hudaý hemme ýerde bolup bilýär — Ol dolulygyna hemme ýerde we mydama bolup bilýär. Muňa garamazdan, duşmanyň ýetirýän zeleli bize garşy hereket edýänleriň täsirine duçar bolanymyzda, has-da gowy göze ilýär. Şol pursatda duşman gorkunç, eýmenç, hemme zady ýuwudyjy ýaly bolup görünýär. Şol sebäpdenem, biz wagtlaýynça Hudaýyň güýjüniň tükeniksizdigini ýatdan çykarýarys. Duşmanyň pejiniň içinde bolanyňyzda, termometre seredýärsiňizmi? Ýa-da siz ünsüňizi Hudaýyň güýjünde jemläp, oda garşy durmaga güýç tapýarsyňyzmy?

"Çünki şunuň ýaly halas edip biljek başga hiç bir hudaý ýokdur"

Danyýel 3:29

334-nji gün

ADATY BOLMADYK
EL ÇARPMA

ANGLIÝA: TOMAS HAUKER

Owadan keşplu Tomas Hauker özüniň Mesih bilen şahsy gatnaşyklarynyň bardygyna garşy çykmaýar. Muny ýeres hasaplap, ony otda ýakmaklyga höküm etdiler.

Jeza ýerine ýetirilmezinden birnäçe gün öň Tomasyň türmedäki kamerasyna dostlary geldi. Olaryň biri: "Men Hudaýyň Özi ugrunda otda ýakylyp öldürilýänlere aýratyn merhemet edýändigini, şonuň üçin olaryň ýalna çydap bilýändiklerini eşitdim. Kazylaryň saňa bolan beýle gazaplylygyna döz gelmek kyn düşýär, ýöne senden haýyş edýärin, bize Hudaýdan özüňe aýratyn merhemetiň berleniniň alamatyny görkez" — diýýär.

Tomas birazrak pikirlenip oturandan soň: "Eger gorkunç agyra çydam edip bolýan bolsa, men ölümiň öň ýanynda elimi göge galdyryp, size bildirerin" — diýýär.

Jeza berilmeli güni güwläp duran märekäniň içinde hemmeler Tomasyň beren sözi hakda gürrüň etdiler. Ony sütüne daňanlarynda, ol odun örýän adamlar bilen arkaýyn gürleşdi. Soň ol gözlerini ýumdy, soň ot ýakdylar.

Tomas oduň töweregindäkiler bilen gürleşmegini dowam etdirdi, ýöne tizara oduň şatyrdysy onuň sesini basdy. Hemmeler Tomasyň ölendigine ynandylar. Birden ol ellerini ýokary galdyryp, öz Hudaýyna tarap uzatdy-da, üç gezek gaty el çarpdy. Märekäniň içinde ses ýaňlandy, soň oduň içinde gark bolup barýan Tomuň ruhy teninden aýryldy.

"Mundan artyk çydap biljek däl". Ownuk-uşak kynçylyklarda — çaga aglanda, gapynyň tutawajy döwlende, işi zerur ýerine ýetirmeli bolandygy sebäpli, giç agşama çenli oturmaly bolanymyzda — nägilelik bildirýänimizi biz köplenç bilmeýäris. Biziň hemme zady taşlasymyz gelýär. Biz köplenç öz kynçylyklarymyzy çişirýäris, ýöne olary ýeňme mümkinçiliklerimize kembaha garaýarys. Aslyýetinde, Hudaý biziň durmuşymyza güýjümiziň ýetmejek hiç bir zadyny goýbermejekdigine wada berdi. Tomasyň sessiz şöhratlandyrmada galdyrylan we oduň üstünden gazanylan ýeňşi alamatlandyran elleri munuň ýeterlik subutnamasydyr. Belli bir ýagdaýda mundan artyk çydam edip bilmejek ýaly bolsaňyz, Tomasy ýada salyň. Hudaýyň bizi hiç haçan terk etmeýändigini-de ýada salyň. Siziň nämä güýjüňiziň ýetýänini, nämä ýetmeýänini Ol anyk bilýär.

"Sebäbi biz görünýän zatlara däl-de, görünmeýänlere seredýäris..."

2 Korintoslylar 4:18

335-nji gün



“Eý, Hudaý, meniň ezýetlerimi, ýadawlygymy, gözýaşlarymy, küýseglerimi, açlygymy, sowukdan çekýän jepalarymy, kalbymda ýygnanan bar awylyklarymy al! Rebbim, gije-gündiz bize azar berip gynaýanlara-da rehim et! Olara Hudaýyň söýgüsiniň sowgat berýän şatlygyny we bagtyny bilme merhemetini eçil!”

Workutdaky, Sibirdäki, zähmet lagerinde tussaglykda bolýan mesihi aýalyň hatyndan.

336-nji gün

ADATY BOLMADYK
REFORMATOR

GERMANIÝA: MARTIN LÝUTER

1517-nji ýylyň 31-nji dekabrynda Martin Lýuter Germaniýanyň Wittenbergindäki ýygnak binasynyň gapysyna Mukaddes Kitap ynamynyň 95 sany postulatyny ýazyp ýelmedi. Şol pursatdan başlap, ol galan ömrüne ölümden ýekeje gyl aralykda boldy. Howpa seretmezden Lýuter şol wagtlardaky ýygnakda agdyklyk eden taglymatlaryň garşysyna gidip, iman bilen halas bolma baradaky Mukaddes Kitap taglymatynyň kanunylygy hakda jedelleşme mümkinçiliginden hiç haçan gaça durmandyr.

Lýutere Uormsdaky maslahata barmazlygy näçe gezek duýduran bolsalar-da, ol: "Meni çagyrandyklary sebäpli, men ol ýerde özüme garşy näçe arwahyň, Uormsadaky öýleriň üstlerini basyryp duran näçe çerepisanyň söweşjegini bilsemem, Isa Mesihiň ady bilen gitme kararyndan doly" — diýip jogap berdi.

Lýuterden öz taglymatlaryndan el çekmegi soranlarynda, ol: "Mukaddes Ýazgy, Hudaýyň Sözi, meniň ynsabymy şeýle bir guşap aldy we ýesir etdi welin, men hiç haçan el çekmerin we çekibem bilmerin. Öz ynsabyňa garşy gitmeklik kanuny ýa-da päk ahlakly zatdyr öýdemok. Men bu meselede berk tutanýerlidirin. Bu meniň soňky sözüm. Goý, Hudaý maňa rehimdar bolsun!" — diýdi.

Ol özüni öldürmek isleýänlerden gaçyp hem-de gizlenip ýörende, Mukaddes Kitaby nemes diline terjime etdi. Lýuteriň üstüne mydama howp abanyp duran bolsa-da, ol altmyş üç ýaşa çenli ýaşap, öz ajalyna öldi.

Adamlar haýsy hem bolsa bir zat üçin ýygnagy tankytlamaga taýýar bolýarlar. Edil brodweý tomaşasyny resenzirleýän ýaly, ýygnak agzalary ýygnaklara edil teatr tomaşasyna baha berýän ýaly — sazy juda gaty, wagyz juda gysga, jaýyň içi sowuk, oturgyçlar oňaýsyz — diýmek bilen muňa höwes bilen baha berýärler. Lýuter resmi ýygnagyň taglymatyny goldamaýan bolsa-da, tankytçy däldi. Ol resmi ýygnagy ýazgarýardy. Bu bolsa, tankytdan Mukaddes Ýazgydan daşlaşan ýygnagy Hudaýyň Sözüne gaýdyp gelmäge çagyrma bilen tapawutlanýar. Munuň tersine, tankyt diňe garaýyşlara ýa-da adamyň ileri tutýan zadyna degip geçýär. Siz Mesihiň Tenine höwes bilen gulluk edýärsiňizmi ýa-da Hudaýyň Ýygnagyny tankytlaýarsyňyzmy?

"Hudaýyň sözüni wagyz et... doly sabyr, taglymat bilen käýe, ýola getir, öwüt-ündew et".

2 Timoteos 4:2

337-nji gün

ADATY BOLMADYK
AT GÖTERIJI

RIM: IGNATIÝ

“Eger adamyň ýaşaýşy Isa Mesihdäki ýaşaýyş bolmasa, onda ol mydamalyk ölümdir”.

Ignatiý, Antakiýanyň ýepiskopy

Ignatiý resul Ýahýanyň şägirdidi. Ol imperator Traýany butparazlykda köpçüligiň öňünde aç-açan ýazgarýar. Traýan bolsa, bu utandyryjy hereketi üçin Ignatiden ar almagy kasam edýär. Ignatini sud edilende, oňa imperatoryň özi ýolbaşçylyk edip, ony ýabany haýwanlara berip, tike-tike etmäge höküm edýär. Jezanyň ýerine ýetiriljek ýerine, Rime barýan ýolda Ignatiý rimli mesihilerden özüne rehim edilmegini soramazlygy haýyş edip hat ýazdy. Ol: “Maňa Mesihiň ýanyna barmaga ýol beriň” — diýip ýazdy.

Ignatini Rime getirdiler. Ony ýolbarsly çukura alyp barýarkalar, ol başga bir mesihä: “Söýgüli Isa, Halasgärim meniň ýüregime şeýle çuň siňdi welin, eger ony böleklere bölseň, şol böleklerіň her birinde Onuň ady ýazylgy durar” — diýdi.

Ignatiniň jezalandyrylmasyna gatnaşmak üçin köp adam ýygnanda, ol mähellä batyrgaýlyk bilen ýüzlenip: “Men Hudaýyň tohumy. Meniň özümiziň Ýaşaýyş Çöregimiz bolan Mesihiň arassa çöregi bolmagym üçin meni bu haýwanlaryň dişleri üweýär” — diýdi.

Ol bu sözleri aýdyp bolmanka, onuň üstüne aç ýolbarslar ylgady. Ignatiý özüniň Teoforos (“Hudaýyň adyny göteriji”) adyny ödedi. Ol ahyryna çenli dilinde Halasgär Hudaýyň adyny göterdi hem-de ahyryna çenli “Dünýä özüni Hudaý näderejede söýýän bolsa, şol derejede-de mesihileri ýigrenýär” diýen ýönekeý hakykatdan teselli tapdy.

Nikadaky adata görä, aýal adamsy bilen birligiň nyşany hökmünde, adamsynyň adyny götermeli bolýar. Indi olar iki däl-de, bir bolýar. Är-aýal durmuşy bile ýaşanlarynda, diňe bir olaryň familiýasy bir bolmaýar. Olarda umumy dostlar we gyzyklanmalar hem peýda bolýar. Olaryň biri beýlekisiniň pikirini tamamlap bilýär. Käbirleri hatda daşky sypatda-da, biri-birine juda meňzeş bolýarlar, sebäbi olaryň ýakynlygy şeýle dowamly hem berk bolýar. Edil şunuň ýaly, “mesihi” ýa-da “kiçijik Mesih” adyny göteryänleriň ýakynlygy gitdigiçe berkleşip, olar Halasgär bilen bir bolýarlar. Siz Mesihiň adyny götermäge mynasypmy? Mesihiň adyny götermeklik Ignatini görgi görmäge, gulluga hem Mesihdäki ýaşaýşa ruhlandyryşy ýaly, sizi-de ruhlandyrýarmy?

“Çünki men Seniň adyň bilen tutuldym, eý, Reb, Hökmürowan Hudaý!”.

Ýermeýa 15:16

338-nji gün

ADATY BOLMADYK
ÝENE BIR SORAG

ABŞ: BIZ TAÝÝARMY?

“Biz bu soragy berip bilmeýäris. Biz onuň jogabyny bilmeýäris!”

Režisýor “Stefanusyň ynam synagy” atly çagalar wideofilminiň üstünde işleýärdi. Bu filmde yzarlamalar hakdaky taryhy bilmek üçin bir oglanjyk gadym döwre syýahat edýär. Ol Rimi otlamakda aýyplanylan mesihileri ýolbarsly çukura taşlaýyşlaryny görkezýän sahnany taýýarlady. Şonda sahnanyň awtory: “Men Stefanyň: “Eger Hudaý ýolbarsly çukurda Danyýeli goran bolsa, onda näme üçin rim Kolizeýindäki mesihileri goramady?” — diýip soraýanyny ýazyp biljek däl” — diýip, pikire batýar.

Näme sebäpden Hudaý Öz çagalarynyň birini goraýar-da, müňlerçesiniň ölmegine ýol berýär? Režisýor oýlanyp: “Mesele jogapda däl-de, soragda. Biz “näme üçin?” diýip soramaly däl-de, “biz taýýarmy?” diýip soramaly” — diýip jogap berýär. Danyýel wagşy ýolbarslaryň arasynda ölmäge taýýardy. Mesihiler imperator Neronyň günlerinde-de, ölmäge taýýardylar. Olaryň biriniň diri galmagy, beýlekileriniň bolsa, diri galmandygy kalplarynyň ýagdaýyny üýtgetmeýär. Görgülerimiziň ahyry däl-de, tabynlygymyz öz şaýatlygymyz bolup gulluk edýär.

Nebukadnesar patyşa Şadrak, Meýşak we Abednego dagyny gyzgyn peje oklamak kararyna gelende, olar oňa şeýle jogap berdiler: “...biziň gulluk edýän Hudaýymyz, Ol bizi seniň eliňden halas eder. Ýöne Ol bizi halas etmese-de, eý, patyşahym, şuny bilip goýgun, biz seniň hudaýlaryňa gulluk etmeris”. (Danyýel 3:17-18).

Bu gün köpler: “Näme üçin?” — diýip soraýarlar. Biz düşündirilmeýän pajygaly ýagdaýlar baradaky jogapsyz soraglar eýýamyna girdik. Dünýä öz soraglaryna jogap berilmegini ýalbaryp soraýar, ýöne hiç bir jogabyň hiç hili agyryny aýryp bilmejekdigini biziň hemmämizem bilýäris. Biz belli bir adamyň düşen pajygaly ýagdaýynyň sebäbini bilsegem, ýürekdäki ýaralar bu sebäpli bitmeýär. Munuň deregine biz Danyýeliň dostlaryndaky ýaly imana mätäçdiris. Olar Hudaý özlerini goramanda-da, barybir Onuň hemme zady özleriniň bähbidi üçin edýändigine bolan ynamy ýitirmejekdiklerini aýtdylar. “Näme üçin?” — diýip soramagyň we rehim dilemegiň deregine, biz her bir düşünjeden ýokary bolan dünýä üçin ýalbarmalydyrys.

“Her hili düşünjeden ýokary bolan Hudaýyň parahatçylygy Mesih Isada siziň ýüregiňizi, pikirleriňizi gorar”.

Filipililer 4:7

339-nji gün

ADATY BOLMADYK

MIRAS

ABŞ: ENN HATÇINSON

“Çagalar, poluň üstüne ýatyň!” — diýip, Enn Hatçinson gapa peýkamyň gelip sanjylanyny eşidende gygyrdy. Soň olar özleriniň öýüniň daşyny gaban indeýsleriň seslerini eşitdiler. Peýkamlar hemme tarapdan uçup geldi, penjiräniň ýanynda aýak sesleri eşidildi. “Men bu gün Seni görerin, Rebbim” — diýip, Enn aýtdy.

Enn Hatçinson batyr aýaldy. Ol 23 ýaşanda, özüniň puritan garaýyşlary üçin eýýäm türmede üç gezek oturypdy. Ýygnanyşyklarda puritanlar Hudaýyň Sözüni eşitmek isleýärdiler, sebäbi ol wagtlarda mesihileriň az sanlysynda iňlis dilindäki Mukaddes Kitap bardy. Olary yzarladylar, şonuň üçin olar okeanyň aňyrsyndan gutulyş gözlediler.

Enn bilen adamsy Wilýam 1634-nji ýylda dini azatlyk gözläp, Amerika geldiler, ýöne öz öýünde dini ýygnanyşyklary geçireni üçin olary hatda Amerikada-da yzarladylar. Enniň gullugyny goldaýan adamlary tussag etdiler we ses berme hukugyndan mahrum etdiler.

46 ýaşynda on sekizinji çagasynda göwreli bolan Enni dört aýlyk tussaglyga höküm etdiler. Hatçisonlaryň maşgalasyny şäherden kowanlaryndan soň, olar dostlary bilen Rod — Aýlendde täze şäher we ýygnak esaslandyrdylar.

Enn Hatçinsonyň ilkiaçyjylyk ruhy şöhratlandyrma ideýasynyň amerikan idealy bolmagyna ýardam etdi, ýöne betbagtçylyk geldi: Enn bilen onuň bäş çagasy indeýsleriň elinden öldi. Ol ýaşaýşy ýaly, batyrlyk hem iman bilen öz Halasgärine duşdy.

Azatlyk hiç haçanam mugt bolýan däldir. Onuň üçin mydama tölemeli bolýar. Isa Mesih iman azatlygy üçin iň ýokary bahany ilki bolup töledi. Ol haçdaky ölümi bilen biziň üçin Hudaýa barýan ýoly açdy. Biziň günäden halas bolmagymyz üçin tölegi diňe Ol töläp bildi. Onuň ölümi we ölümden direlmesi hakyky azatlygy dikeltdi. Şondan bäri hem, köp mesihiler hemme adamlaryň Mesihdäki azatlygy bilme hukugyny goldamak üçin pida etmeli boldy. Enn ýaly mesihiler Amerikada iman azatlygy baradaky arzuwy hakykata öwürdiler. Öz ýurduňyzdaky geljekki nesil özüňiziň eýe bolan dini azatlygyňyzdan peýdalanar ýaly, siz nähili baha tölemäge taýýar? Şol azatlygy geljekki nesil üçin nädip saklamalydygyny görkezmegi Hudaýdan soraň.

“Seniň işleriňi bir nesil beýleki nesle taryplar we Seniň gudratly işleriňi yglan eder”.

Zebur 145:4

340-nji gün

ADATY BOLMADYK
KONTRABANDISTLER

DEMIRGAZYK KOREÝA: KIK

“Haç gözle” — diýip, obadaşy Kik atly ýaş koreý ýigidine aýtdy.

Demirgazyk Koreýadan Hytaýa gaçanlaryň arasynda ýokarsynda haç bolan öý gözlemelidigi baradaky myş-myşlar ýaýrady. Kik haçly jaý tapdy, ol ýerde oňa iýmit bilen eşik berdiler. Mundan başga-da, ol bu ýerde Mesih bilen täze gatnaşyklary tapdy. Ýygnak agzalary üç aýyň dowamynda Kike imanda halypaçylyk etdiler. Kik Demirgazyk Koreýa gaýdyp baryp, watandaşlaryna Isa hakda gürrüň bermegi makul bildi. Kik dosty bilen bile ýurduna tarap ýola düşdi. Serhetde serhetçiler Kikiň dostunyň sumkasyndan Mukaddes Kitap tapdylar. Olar ony şol ýerde demir hasa bilen urup öldürdiler. Kike bolsa, gaçmak başartdy. Birnäçe aýdan soň ol Demirgazyk Koreýada gizlin ýygnagy esaslandyrdy.

Köp wagt geçmänkä, Kik imanlylaryň köpelip barýandygy üçin özüne ýene Mukaddes Kitabyň gerekdigine düşündi. Dostunyň öz ýurduna Mukaddes Kitaby getirjek bolup, janyny bereni onuň ýadyndady. Kik Mukaddes Kitap getirmek üçin Hytaýa gitme kararyna gelende, mesihiler onuň howpsuzlygy üçin biynjalyk boldular. Ýöne özüne köp ýyllar mundan ozal: “Haç gözle” — diýlip berlen maslahat Kikiň ýadyndady.

Biziň döwrümizde haçyň keşbiniň garşydaşlyk döretmegi mümkin. Ençe adamlar din hakda gürlemäge taýýar, ýöne haç olary özlerini oňaýsyz duýmaga mejbur edýär, hatda kemsidýärem. Howpsyzlykda bolmak üçin haç gözlemelidigini Kike aýdypdylar. Mesihileriň haç alamatynyň astynda ýygnanyşýandyklaryny bilýändikleri sebäpli, duşmanlaryňam şol nyşany gözleýändiklerine Kik düşünmedi. Olar mesihileriň duşmany bolandyklary üçin haç hem olaryň duşmany boldy. Biziň ruhy duşmanlarymyz haça ýiti ýigrenç, gorky hem sulhy almazlyk bilen garaýarlar. Haç sizde şeýle güýçli şatlyk, umyt hem minnetdarlyk duýgusyny döredýärmi? Duşman hüjüme taýýarlanyp, uklaman haça seredýär. Siz deň derejede haçy goramada, söýmede we oňa gulluk etmede ünsüňizi jemlediňizmi?

“Çünki size ençeme gezek aýdyşym ýaly, häzir-de aglap aýdýaryn, köp adamlar Mesihiň haçyna duşman bolup gezýär ”.

Filipililer 3:18

341-nji gün

ADATY BOLMADYK
BIRLIK

MOLUKKU: NUS REÝMAS

“2001-nji ýylyň 11-nji sentýabrynda äpet uçarlaryň bütindünýä söwda Merkezine baryp urlanyny görenimde, bu mende ajy ýatlamalary döretdi” — diýip, Indoneziýa hoşhabarçylyk birleşiginiň General kätibi gürrüň berýär.

“Bir ýyldan gowrak wagt mundan ozal dişine çenli ýaraglanan, özleriniň Usama bin Laden bilen baglanyşyklydyklary habar berlen ýüzlerçe musulmanlar Molukku adasyna çozdular. Olaryň wezipesi bu adada ýaşaýan mesihileriň hemmesinden dynmakdy. Çozuş wagtynda alty müňden gowrak adam öldürildi we atyşygyň hem otlamalaryň bes edilmeýändigi sebäpli, bäş müň adam öýlerinden gaçyp gitdiler. Musulmanlar meniň maşgalamyň 38 agzasyny öldürdiler” — diýip, Reýmas ýatlaýar.

2001 nji ýylyň 22-nji oktýabrynda “Mesihilik şu gün” žurnalyna beren interwýusynda Reýmas 1 Salonikliler 5:18-däki: “Ähli ýagdaýda şükür ediň. Çünki Hudaýyň Mesih Isada siz baradaky islegi şudur” — diýen sözleri ulanmagyň özüne nähili agyr düşenini gürrüň berýär. Agyry şeýle güýçlüdi welin, ondan indi hiç haçan saplanmak mümkin däl ýaly bolup göründi. Ýöne Hudaýyň rehimdarlygyna daýanyp, Reýmas Hudaýa gulluk etmegi dowam etdirmäni berk karar edindi: “Diňe şonda men aýak üstüne galyp, ýagdaýy düzedip bildim. Hiç kim erbetliginiň bolaryna garaşmaýar, ýöne ol bolýar”. Indi Reýmas dürli konfessiýalaryň mesihi ýolbaşçylarynyň duşuşyklarynda çykyş edýär. 2001-nji ýylyň 11-nji sentýabryndaky weýrançylykdan soň, amerikan jemgyýetiniň ähli gatlaklarynyň biri-birini goldamak we doga-dileg etmek üçin ýygnanyşlary ýaly, Indoneziýanyň köp mesihi ýolbaşçylary doga-dileg etmek we doganlyk gatnaşyklary üçin Hudaýa doga-dileg etmäge birigýärler. Reýmas: “Ozal munuň ýaly zat hiç haçanam bolmandy” — diýip ýylgyrýar.

Biz entek munuň ýaly zatdan, adam mertebesiniň weýran edilen duýgusyndan geçip görmedik. Weýran bolan ekiz — minara. Sibir ýarasy. Pentagonyň ýaralaryny ýapyp duran amerikan baýdagy. Biz entek munuň ýaly zady görmedik. Biziň adamlarymyz doga- dileg edýärler. Biziň ýygnaklarymyz hyryn-dykyn. Aýrylyşmalar baradaky dokumentler güýçsüz edilýär. Ýok, munuň ýaly zady entek biz görmedik. Jynslary we medeniýetleri aýra eden diwarlar ýykyldy. Garaňkylygyň hany bizi sögüşdirjek boldy. Söýginiň Rebbi adamlary töweregine ýygnaýar. Munuň ýaly zady biz entek göremizok. Aýdylan we edilen zatlaryň hemmesinden soň, biz bir zady bilýäris: eger biz ýene bir gezek munuň ýaly zadyň içinden geçmeli bolsak, onda bilelikde geçeris.

“Doganlaryň bile ýaşamagy, gör,
nähili gowy, nähili ýakymly!”

Zebur 133:1

342-nji gün



“Däliremeklik, maşgalam üçin birahat bolmaklyk, dyngysyz dartgynlylyk — bu zatlaryň hemmesi meni öldürýär. Ýöne dälireýändigime ýa-da sagdyn aklymda galýandygyma garamazdan, men Hudaýyň özüme iberýän zatlarynyň hemmesini çaganyň öz kakasyny elinden alşy ýaly kabul edýärin. Gorkaklyk aklanylan däldir. Psihiatrik keselhanada men adamyň azatlygyny dolulygyna saklamak Hudaýyň islegidir diýip, köp pikir etdim”.

Imany üçin Russiýanyň psihiatrik keselhanasyna salnan Şimanowyň Hudaýa eden doga-dileginiň sözleri.

343-nji gün

ADATY BOLMADYK
“ÝITGI”

ÇEHOSLAWAKIÝA: ZAWARSKIÝ DOGAN

Ahyrsoňy lapykeçlik çydap bolmaýan boldy. “Meniň bar wagtym gulçulyk zähmetine gidýär! — diýip, çeh dogan Zawarskiý arz etdi. — Gün içinde on sagatlap men gowuja baha satylýan sebetleri örýärin. Men munça ýyllap ruhy çopançylygy näme üçin okadym? Kommunizme gulluk edýän bagty ýatanlar häzir ýygnakda ýokary wezipeleri eýeleýärler. Olar wagyz edýärler, ündew berýärler, sürini bakýarlar. Men bolsa, görgi görýärin!...”

“Sen näme arz edýärsiň? — diýip, başga bir tussag sorady. — Hudaý seniň wagyzlaryňa ýa-da ylahy sözleriňe mätäç däl. Kommunistik oýunçy gurjaklaryň özleri bu işi edip bilýärler. Ýöne olar Halasgäriň görgülerini paýlaşyp bilmeýärler. Bu el goýlanda bermesi gerek bolan iň esasy wadadyr. Eýsem, sen hiç haçan Mesihiň görgüleri hakda wagyz etmediňmi? Şu wagt islendik wagzyň iň ähmiýetli bölümini ýerine ýetirmäge mümkinçilik bereni üçin Hudaýa minnetdarlyk bildir”.

Munuň ýaly sözlerden soň, ruhy çopan tussaglygyndan ýa-da uzyn işçi gününden arz etmedi. Azatlyga çykandan soň, Zawarskiý ruhy çopan bolup işläp bilmedi, ol örän syrkawdy, hökümedem rugsat bermedi. Ýöne dostlary düşekde ýatan ruhy çopany görmäge gelenlerinde, ruhdan düşen hem depgilenen adamy görmediler-de, ýüzi Halasgäriň şöhlesi bilen öwşün atyp duran adamy gördüler. Ol öz janynyň ýitirilmändigini ýa-da ogurlanmandygyny aýtdy. Ol Isa Mesihe Öz haçyny götermäge kömek etmek üçin janyny şatlyk bilen berdi.

Sahylyk bilen berme mümkinçiligine eýe bolmak üçin adamlary telekeçilikde bilgeşleýin zelel çekmäge näme meýillendirýär? Mesihileri ýurdundan gidip, butparaz ýurtlara barmaga näme itekleýär? Adamlar ölseler-de, synaga ýan bermezlige näme itekleýär? Mesihiň Şahsyýetine bolan adaty bolmadyk wepalylyk. Olar her bir şahsy ýitgide ruhy gazanjy görýärler. Olar elinde baryny edip, Hudaýyň Patyşalygyny ýakynlaşdyrmak üçin özleriniň gapjygyna, planlaryna ýa-da oňaýlyklaryna zelel ýetirmäge taýýar. Siz özüňiziň Hudaýa bolan adatdan daşary wepalylygyňyzy nädip beýan etjek? Mesih ugrundaky ýerdäki ýitgiler gökdäki gazanjy aňladýar.

“Hawa, ugrunda bar zadymy ýitiren Rebbim Mesih Isany tanamagyň artyk gymmaty üçin her zady zyýan saýýaryn, Mesihi gazanjak bolup, syr-süplük saýýaryn”.

Filipililer 3:8

344-nji gün

ADATY BOLMADYK
ÝENE BIR REWOLÝUSIONER

PERU: MARIÝA — ELENA MONÝANO

Täze imana gelen gyzyň ozal özleri ýaly janypkeş rewolýusioner bolandygy olary aýratyn gazaplandyrdy.

Mariýa — Elena Moýano Peruda rewolýusiýanyň bolmagyny ýürekden isledi. Ol ýaragyň kömegi bilen daýhanlary bagtly etmek isledi. Soň ol Isa Mesihe duşdy-da, özi üçin başga rewolýusiýany — ýüregindäki söýginiň rewolýusiýasyny — açdy. Ol rewolýusion göreşde yza çekildi-de, Limdäki iň uly harabaçylygyň wise-premeri boldy. Ol açlara iýmit paýlamak, syrkawlaryň hem ýetimleriň aladasyny etmek bilen ilatyň iň garyp gatlagy üçin haýyr-sahawat işlerini gurnady.

"Biz mesihileri rewolýusionerler, "rewolýusiýanyň ot öçürijileri" diýip atlandyrýarlar, sebäbi biz olaryň ýakýan oduny öçürýärmişik — diýip, ol gürrüň berdi. — Olar halkyň iýere hiç hili zadynyň bolmazlygyny isleýärler. Beýle etmek bilen olar halk ýaraga ýapyşar diýip umyt edýärler. Ýöne biz terrora ýüz urmaly däldiris. Biz Mesihiň söýgüsi bilen adalatsyzlyga we wagşylyga garşy durmalydyrys-da, mätäçlere kömek etmelidiris".

Mariýa özüniň görgi görjegini bilýärdi, ýöne ol Mesihiň şöhratyny paýlaşmazdan öňürti, Onuň görgülerini paýlaşmalydygyny-da bilýärdi. Radikallar adatdan daşary gazap bilen hüjüm etdiler. Olar garyplara niýetlenilen azyk saklanylýan ammary partlatdylar. "Käwagt men gorkýaryn — diýip, Mariýa aýdýar. — Ýöne men özümiziň zorluga ýüz urmaly däldigimiz baradaky pikirimde yranmazdyryn. Terrorizmi ýeňmek kyn, ýöne ýeňmek bolýar". Mariýanyň üstünlik gazanýanyna, ýöne ony saklap bilmeýändiklerine gazaplanan partizanlar 1992-nji ýylyň 1-nji fewralynda ony öldürdiler.

Mesihiň garşydaşlary taktikanyň anygyna ýetjek bolup durmadylar. Limadaky terroristler ýaly, olar Mesihiň yzyna eýermekden adamlary gorkuzmak isläp, düýbünden garaşylmadyk netijelere alyp barýan işlere ýüz urdular. Ysraýyl kanunçylary ýaly, peruan partizanlary adamlaryň wepalylygyny basyp aljak bolýarlar. Kanunçylar adamlary ruhy açlykdan gyrjak boldular, terroristler olary fiziki açlykdan gyrjak bolýarlar. Şeýle-de bolsa, Iýerusalimde-de, Peruda-da, adamlar barybir Isa Mesihiň rewolýusion taglymatyna eýerdiler. Mesihe garşylyk näçe güýçli bolsa, ol şonça-da, Oňa ýardam edýär. Sizem, gullugyňyzam garşydaşlyklara duş gelip bilersiňiz, ýöne Hudaýyň Patyşalygynyň ýaýramagyna gulluk etseňiz, sizi ýeňmek mümkin bolmaz. Oppozisiýa köplenç özi bilmezden siziň peýdaňyza hereket edip biler.

"Şeýlelikde, fariseýler: "Görüň, hiç zada peýdaňyz degmeýär, ine, ähli dünýä Onuň yzyna eýerdi!" diýişýärdiler"

Ýahýa 12:19

345-nji gün

ADATY BOLMADYK
SUBUTNAMA

RUSSIÝA: RUHY ÇOPAN ÝURIÝ

Kapitan kiçijik ýygnak binasynyň içinden geçip barşyna diwarda asylgy duran haça tarap kellesini atyp goýberdi.

- Bu ýalan, şeýle dälmi? — diýip, ol sorady. — Bu adatça siziň ýolbaşçylaryňyzyň garyplary aldawa salmak we baýlardan pul almak üçin ulanýan aldawy. Çynyňyzy aýdyň, biz bu ýerde ýeke däl. Boýun alyň, siz hiç haçanam Isa Mesihiň Hudaýyň Ogludygyna ynanmandyňyz.

Ruhy çopan Ýuriý haça seredip ýylgyrdy:

- Elbetde, men muňa ynanýaryn. Bu hakykat.

- Meniň bilen oýun etjek bolma! — diýip, kapitan gaharly gygyrdy. Ol gabyndan sapançany çykaryp, ony ruhy çopanyň bedenine diredi.

- Eger sen munuň ýalandygyny boýun almasaň, men seni ataryn.

- Men muny boýun alyp biljek däl, sebäbi şeýle etsem, ýalan sözlärin — diýip, ruhy çopan Ýuriý asuda jogap berdi. — Biziň Rebbimiz Hudaýyň Ogludyr. Meni atmak bilen siz hiç zady üýtgedip bilmersiňiz.

Kapitan sapançany poluň üstüne oklap goýberdi-de, gözüni ýaşa dolduryp, onuň elinden berk ýapyşdy. Ruhy çopan haýran galmadan ýaňa doňup galdy.

- Bu hakykat! — diýip, kapitan gygyrdy. — Bu hakykat! Menem ynanýaryn. Men bu garaýyş üçin adamlaryň ölmäge taýýardygyna özüm göz ýetiryänçäm ynanmadym. Wah, sag boluň! Siz meniň ynamymy berkitdiňiz. Indi menem Mesih ugrunda ölüp biljek. Nädip ölmelidigini bolsa, siz maňa görkezdiňiz.

Ynamy üçin ejir çekýän her bir dinde-de bar. Biz öz ynamymyz üçin ölmäge taýýardygymyzy aýdýarys. Olar öz ynamy üçin ölmäge taýýar. Mesihi bolup ejir çeken adam nädip öz ynamyny musulman ekstremistine garanda, has ynandyryjy edip subut edip biler? Musulmanlaryň ölmäge taýýarlygy özleriniň ynamynyň hakykylygyny biziň mesihiligiň hakykylygyny goramaga taýýarlygymyzdan köp subut etmeýär. Özüniň hakyky Hudaýdygyny diňe Hudaý subut edýär. Biz diňe hakykaty tassyklarys. Ýöne Hudaý — bu hakykatdyr. Onuň Öz Ogly hakdaky şaýatlygy biziň Ol baradaky şaýatlygymyzdan has ýokarydyr. Başgalar size Isa üçin nähili ölmelidigini görkezip biler. Ýöne muny edeniňe degýän degmeýänine bolan doly ynamy diňe Hudaý berip bilýär.

"Biz adamlaryň güwäligini kabul edýän bolsak, Hudaýyň güwäligi ondan uludyr, çünki bu Hudaýyň Öz Ogly hakynda beren güwäligidir".

1 Ýahýa 5:9

346-nji gün

ADATY BOLMADYK
MINNETDARLYK

NIDERLANDYÝA: GANS

Gans Antwerpenede Mukaddes Kitaby çynlaýak öwreniji hökmünde meşhurdy. Hatda ol özüniň dynç günlerini-de, täze imana gelenlere öwüt bermäge bagyş edýärdi. Ýöne katolikler Gansda we onuň ejesinde howp gördüler. Olar anabaptistler bolany sebäpli, olaryň garaýyşlary özlerini katolikleriň nazarynda ýeretik edýärdi.

1577-nji ýylda suduň ýolbaşçysy öz kömekçileri bilen Gansy hem beýleki mesihileri tussag etdi, ýöne Gansyň ejesine welin, gaçmak başartdy. Gansy öz garaýyşlaryndan ýüz öwürmäge mejbur etjek bolup gynadylar, ýöne ol gazaply gynamalara garamazdan, ýan bermedi. Gans Antwerpen galasynyň ýeke oturylýan porsy kamerasyndaky tussag wagtynda maşgalasyna we dostlaryna goldaw beriji hat ýazdy. Ine, şolaryň biri:

"Meniň eziz ejemjan, men bedenim barada aýtsam, sagdyn. Ruhum babatda aýtsam bolsa, Özüniň Mukaddes Ruhy arkaly maňa berýän güýji üçin Rebbe minnetdar, meniň garaýyşlarymam yranmazdyr. Bu wagşy möjekleriň biziň janymyza ygtyýary bolmaz ýaly, olara garşy durmaga diňe Ondan güýje garaşýarys".

Birazrak wagtdan soň, Gansy suda getirdiler. Ol ýerde ol ybadathana durgunlylygyna garşy çykyş etdi. Ony otda ýakmaga höküm etdiler. Ejir görüp ölen mesihiniň ýitmän galan haty öz janyny gorany we halas edeni üçin onuň Mesihe minnetdar bolandygyny subut edýär.

"Hudaý beýikdir. Hudaý mähremdir. Öz görgülerimiz üçin Oňa minnetdardyrys". Bu biziň eşitmäge endik edinen doga-dilegimiz däldir. Bu jümläniň özi gulagymyza ýaramaýar, şeýle-de bolsa, ol görgüler üçin minnetdarlyk bildirmegiň öz ýüregimize nähili garşy durýandygyny bize ýatladýar. Biz synag üçin minnetdarlyk bildirenden iýmit bereni üçin höwes bilen Hudaýa minnetdarlyk bildirerdik. Ýöne Gans ejir çekeniň ýürekden çykýan doga-dilegine öwrülen görgüleri üçin minnetdarlyk bildirýän hatynda özüniň minnetdarlygyny bildirýär. Görgüler ony mydama nähili adam bolmak islän bolsa, şonuň ýaly adam hem etdi. Siz Mesih üçin nähili adam bolmak isleýän bolsaňyz, şonuň ýaly hem adammy? Siz hemme zat, hatda özüňizi bu ýeňşe getirmek üçin zerur bolan ullakan görgüler üçinem, Hudaýa minnetdarlyk bildirmäge taýýarmy?

"... Rebbimiz Isa Mesih arkaly bize ýeňşi yhsan eden Hudaýa şükür!"

1 Korintoslylar 15:57

347-nji gün

ADATY BOLMADYK
ÇAGYRYŞ

PAPUA — TÄZE GWINEÝA: JEÝMS ÇALMERS

“Siziň arañyzda adamhorlara Injil eltip berjek ýigit barmy?” — diýip, ýaş Jeýms Çalmersiň ýygnagyna ýazan hatynda missionerleriň biri soraýar. Jeýms hem şol ýigit bolmagy berk karar edindi.

1866-njy ýylda Çalmers we onuň ýaş aýaly günorta deňizlerine tarap ýüzüp barýarkalar, Rarotonga adalarynyň ýanynda gämi heläkçiligine uçradylar we şol ýerde mesgen tutdular. On bir ýyldan soň olar Papua — Täze Gwineýa bardylar. Bu ýerdeki Suau kannibal obasynda olar gyzgyn garşy alyndy.

Çalmers kenar ýakalaryna gidip başlady. Bir gezek onuň daşyny ýerli ýaşaýjylar gurşap alyp, tomagawka bilen pyçagy sowgat bermegini talap etdiler, ýogsam, aýaly bilen bile öldürjekdiklerini aýdyp haýbat atdylar. Çalmers gorkman, öz diýeninde durdy, şonuň üçin ýerli ýaşaýjylar onuň tutanýerliligine hormat etdiler. Ertesi gün olar hatda ondan ötünjem soradylar, birneme wagtdan soň bolsa, dostlaşdylar.

1879-nji ýylda Jeýmsiň aýaly öldi. Ol dünýäsi boşap galan ýaly boldy. Soňra ol dostuna: “Töweregimizde Hudaýy tanamaýan müňlerçe ýabanylar barka, men rahatlanyp bilmerin” — diýdi.

1901-nji ýylyň 7-nji aprelinde Çalmers, Oliwer Tompkins we olaryň kömekçilerinden ybarat bolan topary Goaribari adasyna ugradylar. Ertesi gün irden ol Tompkins bilen bile gämiden kenara düşdi. Ýerli ýaşaýjylar olary ullakan binanyň ýanyna alyp bardylar. Olar içeri girip-girmänkäler, öldürdiler-de, şol günüň özünde iýdiler.

Nähili gaýgyly! Çalmers ýaly adamlar hakdaky wakalary okanymyzda, biziň tebigy hereketimiz duýgudaşlyk bildirmek, hatda ökünjem bolýar. Nähili maksatsyz ömrüňi zaýa etmeklik! Ýöne munuň ýaly adamlara biziň has ünsli seretmegimiz gerek. Çalmers özüniň ýerdäki ömrüni köp adamlara baky ýaşaýyş hakda gürrüň bermeklige bagyş etdi. Ol etmäge taýýar bolan pidasyny bolgusyz ýalňyşlyk hasaplamady. Biz nämä çekinýäris? Eger biziň ýerdäki görgülerimiz şöhraty hem gökleriň öwşünini heläk bolanlara tarap hiç bolmanda bir ädim ýakynlaşdyrýan bolsa, onda hiç zadyň biderek ýere ýitirilmedigidir. Görgüler Hudaýyň siz we beýleki adamlar babatdaky maksadynyň aýrylmaz bölegi bolýar. Başgalara göklere barmaga mümkinçilik bermek üçin siz ýerdäki agyryny çekmäge taýýarmy?

“Şonuň üçin siziň ugruňyzda görýän muşakgatlarym zerarly ruhdan düşmäň diýip, sizden haýyş edýärin. Meniň muşakgatlarym size şöhrat gazandyrar”.

Efesliler 3:13

348-nji gün

ADATY BOLMADYK KAPITULÝASIÝA

INDONEZIÝA: SUTARSI SELONG

Bir erkek kişi indoneziýaly aýaly tutup, ýüzüne gygyrdy: "Allah Akbar — diý. — Diňe şuny aýt!" ýöne ýaş Sutarsi Selong özüniň hak Hudaýyny kemsitmekden ýüz öwürdi.

Erkek kişi gazaplanyp, sapançany göni onuň agzyna saldy. Gyzyň gözleri ulaldy, ýöne barybir dymdy. Erkek kişi sapançanyň gulagyny gysdy welin, ok Sutarsiniň çep ýaňagyny deşip çykdy. Ol yranyp gitdi, ýöne soň ýene göneldi. Guduzlan musulmana okuň ýaralamasy az bolýan ýaly, naýza bilen onuň ýüzüni dildi.

Sutarsi Selong Indoneziýanyň hoşboý ysly adalarynda musulman fanatikleriniň "Laskar jehat" atly topary üstlerine çozan mesihileriň biridi. Selong we beýleki mesihiler özleriniň üstlerine tizara ak geýimli we ýüzlerine kamuflýaž çalnan "mukaddes esgerleriň" çozjakdyklaryny bilýärdiler. Mesihiler üstünde erkekler gezekli gezegine nobatçylyk edýän iki metr beýiklikdäki diwaryň gurşap duran Nita ýygnagynda ýygnanyşýardylar.

Yslamyň esgerleri gelende, mesihiler parahatlyk bilen boýun bolmaga çalyşdylar. Emma olaryň ak baýdagyny gylyç bilen kesdiler, birnäçe minutdan soň bolsa, gan döküldi. Indoneziýa adalarynda munuň ýaly zatlar ýygy-ýygydan bolýar. Fanatik yslam toparlary zorluk ulanýarlar, ýygnaklary ýakýarlar we mesihileri öldürýärler.

Bagtyna, Sutari Selong ýaly köp sanly indoneziýa mesihileri jehadyň esgerleriniň yslamy kabul etme we Mesihden ýüz öwürme talaplaryna garşy duryarlar.

Biz azajyk ýan beräýsekmikä? Bary-ýogy azajyk? Has erbet bolmaz-a. Musulman fanatikleriniň Sutariniň üstünden gülüşleri ýaly, duşmanyň biziň üstümizden gülmegi mümkin, ýöne Sutari hatda azajyk tabyn bolmakdanam ýüz öwürdi. Edil şunuň ýaly, bizem Hudaý bilen äht baglaşdyk, bize ol ýerde-de, bu ýerde-de synaga ýan berme oňaýlylygyna ýol ýokdur. Duşmanyň öňünde nirede tabyn bolmalydygyny, nirede tabyn bolmaly däldigini biz saýlap bilmeýäris. Bize mydama berkligimize galmak zerurdyr. Berklik duşmana ýan bermäge bizde mümkinçiligiň az bolýandygyny aňlatmaýar. Biz ýan bermez ýaly, Hudaý bize berk ýürek berýär. Bu gün Hudaýdan özüňize berk ýürek bermegini soraň.

"Meniň ýüregim berkdir, eý Hudaý,
ýüregim berkdir".

Zebur 57:7

349-nji gün



“Men bu ýere elimi gowşuryp oturmaga gelmedim. Men Mesih hakda gürlemäge geldim”.

1980-nji ýyllaryň başlarynda Mesih üçin tussag bolan 23 ýaşly Galina Wilçinskaýa. Ony tomusky mesihilik lagerinde çagalary okadany üçin tussag etdiler.

350-nji gün

ADATY BOLMADYK

BAÝRAK

DEMIRGAZYK NIGERIÝA

Demirgazyk Nigeriýada musulmanlar şerigat kanunlaryny — yslamyň iň berk kanunlar toplumyny — düzdüler. Nigeriýanyň ilatynyň aglaba bölegi mesihiler, şonuň üçin yslam ýolbaşçylary munuň diňe musulmanlaryň maşgala durmuşyna degişli bolan kanundygyna ynandyrýarlar. Şeýle-de bolsa, mesihiler aslynda nämäniň bolýandygyny bilýärler. Eger bu kanuny gaýtadan düzjek bolsalar, ony derrew ýakýarlar. Mesihileriň köpüsi ejir çekenler boldular.

Ýygnak ýolbaşçylarynyň biri Demirgazyk Nigeriýadaky Kaduna şäherinde musulman ekstremistleriniň mesihi ýolbaşçylarynyň her biriniň kellesi üçin ýüz müň nair (müň dollara barabar) teklip edip, baýrak belländiklerini gürrüň berýär. Mesihiň kellesi üçinem baýrak bellenilipdi.

Mesihilere howp mydama abanyp dur, şonuň üçin käbirleri nädip gaýtawul bermelidiginiň pikirini edýärler. Öňräk Kadunadaky mesihi ýolbaşçylarynyň biri mesihileri oýlanmaga çagyrdy: "Bu zatlaryň hemmesiniň içinde biz Rebbimiziň ýamanlygy ýagşylyga öwürmelidigini aýdanyny ýada salmaly-da, bolýan zatlaryň öňünde sabyrlylyk bilen görgi görmelidiris. Nigeriýanyň demokratik döwlet hökmünde yglan edilendigi sebäpli, hemme zada deň we adalatly gatnaşygyň bolmagy üçin mesihiler jogapkärçilik çekrýäler".

Mesih iki müň ýyl mundan ozal şuňa meňzeş çagyryşy aýdypdy: "Hudaýyň Rebbi... söý". Şu birinji we iň uly tabşyrykdyr. Ikinji hem şonuň ýaly: "Goňşyňy özüňi söýşüň ýaly söý" (Matta 22:37-39).

Mesihiň ýakynyňy söýmek baradaky tabşyrygyna eýermak aňsat däl. Ýakynlaryň saňa garşy bolanlarynda, muny ýerine ýetirmek hemmesinden-de kyn bolýar. Munuň nähilidigini biziň hemmämizem bilýäris. Belki! Işdeşiňiz işiňizdäki üstünligiňize päsgel berýändir. Belki, mugallymyňyz size mydama hiç zat ýok ýere käýeýändir. Belki, işiňiz tersine bolanda, dostuňyz begenýändir. Görgüleriňizden adamlar lezzet alanlarynda, nähili bolýandygyny Isa şahsy tejribesinden bilýär. Siziň görgi görmegiňiz üçin pul tölemäge-de taýýar bolan adamy nädip söýüp bolýar? Ýöne siziň Rebbiň bu tabşyrygyna tabyn bolmagyňyz — bahasyna ýetip bolmajak zatdyr.

"Emma, eý, Meni diňleýänler, size diýýärin, duşmanlaryňyzy söýüň, özüňizi ýigrenýänlere ýagşylyk ediň. Özüňize gargaýanlar barada ýagşy dilegde boluň, özüňizi ynjydýanlara doga-dileg ediň".

Luka 6:27-28

351-nji gün

ADATY BOLMADYK HYZMATKÄRLER

SAUD ARABYSTAN: ESKINDER MENGIS

Ýarygije döwlet howpsuzlygynyň esgerleri Eskinder bilen aýalyny we üç çagasyny oýardylar. Krowatdan turanlarynda, mesihiler Saud Arabystanyň içeri işler ministrliginiň ofiserleriniň özleriniň öýüni dökýändigini gördüler.

"Siz näme edýärsiňiz? Gijäniň içinde gelip, biziň öýümizi agdar-düňder etmäge siziň hakyňyz ýok".

"Siziň bolsa, Muhammediň ýurdunda öz diniňizi wagyz etmäge hakyňyz ýok! Siz ata-babalaryňyzyň dininden çykanyňyzda, size duýduryş berildi".

Poliseý beýlekiler Mukaddes Kitaplary, aýdym kitaplary, fotoalbomlary, audioýazgylary we subutnama hökmünde ulanmak mümkin bolan zatlaryň hemmesini ýygnaýançalar, Eskinderi gapynyň daşyna itdi.

Eskinderi polisiýa uprawleniýesine sorag etmek üçin getirdiler. Öýünde oňa gorkup oturan aýaly bilen çagalary garaşýardy. Mengisleriň maşgalasy efiopiýaly mesihiler. Olar Saud Arabystanyň ilatynyň üçden bir bölegini düzýän we nebite baý bolan bu ýurtda işleýän daşary ýurtlularynyň sanyna girýärler. Olaryň köpüsi ynam meselesinde ullakan kynçylyklara duş gelýän mesihilerdir.

Musulman ýurduna gidenlerinde, mesihileriň hemmesi öz dinini işjeň ulanmagy niýet edinmeýärler. Ýöne yslamyň gara buludynyň astyna düşenlerinde, olar gökleri gözläp ýokary seredip başlaýarlar we başga imanlylar bilen gatnaşyga zar bolýarlar. Ençeler, hatda, özleriniň musulman ýolbaşçylaryna-da şaýatlyk edip başlaýarlar. Saud Arabystanda musulmançylykdan mesihilige geçeni üçin iki tarapa-da, ölüm howpy abanýar.

Professional missionerlere girmek gadagan bolan ýurtda sahna meýletin mesihi gullukçylary çykýar. Olaryň gullugy gije-de, gündizem bes edilmeýär. Olar dünýäniň iň ýapyk bolan ýurtlarynyň birine üýtgeşik hem ynandyryjy şaýatlygy alyp barýarlar. Bular Saud Arabystanyň nebit çykýan ýerlerinde işleýän ýönekeý inženerleriň Hudaýa wepaly bolanlarydyr. Olaryň missiýasy düşnükli, ýöne usullary gizlindir. Olaryň şaýatlygy güýçli, ýöne gizlin. Olaryň wezipesi — öz durmuşy bilen Hoş Habary görkezmekdir: işde janyny gaýgyrmaýan we zähmetsöýer işdeş we aladaçyl goňşy bolmakdyr. Olary doga-dileg etmek bilen goldamak — biziň wezipämizdir. Biziň hemmämizem hyzmatkärlerdiris, şonuň üçin dünýä Mesihe bolan imany getirmek üçin herimiz özümiziň etmeli işimizi edýäris. Eskinder ýalylar özleriniň wezipesini janypkeşlik bilen ýerine ýetirýärler. Siz öz wezipäňizi ýerine ýetirýärsiňizmi?

"Çünki biz Hudaýyň öňden taýýarlan oňat işlerinde gezer ýaly, Onuň Mesih Isada ýaradylan eseridiris".

Efesliler 2:10

352-nji gün

ADATY BOLMADYK ŞAÝAT

RIM: ZOÝA

"Ony öldüriň! Ýaşasyn Diokletian!" — diýen sözler Zoýa gazaply märekäniň öňünde Kolizeýiň ortasynda duranda, onuň gulagynda ýaňlandy.

Zoýa özüniň näme sebäpden bu ýere düşendigi hakda pikir etdi-de, ýylgyrdy. Ol rim hudaýlaryna gurbanlyk bermekden boýun towlandyklary üçin türme salnan mesihilere garawullyk edýän adamsynyň ýanyna türmä baran gününi ýatlady. Zoýa mesihileriň özleriniň ýalňyşlygy bilen howply ýalan taglymata eýerýändikleri baradaky gürrüňleri eşidip ulaldy. Olar Neron imperatoryň döwründe Rimi otladylar-da, mynasyp bolan jezalaryny aldylar — olary haça çüýlediler we ýolbarslara berdiler.

Ýöne şol gün Zoýa türmede mesihileriň maşgalalarynyň bilelikde: "Merhemetli Reb, bize öz ölümimiz bilen Seni şöhratlandyrmagymyza kömek et. Biz özümizi türmä salanlary bagyşlaýarys" — diýip, Hudaýa dileg edýänlerini gördi. Zoýa türmäniň howlusyndan hiç zada düşünmän çykdy. Bu mesihiler özleriniň tizara ýolbarslaryň öňlerine oklanyljakdyklaryny bilýän bolsalar-da, olara munça rahatlyk nireden gelýärkä?

Zoýa bu maşgala bilen gizlinlikde duşuşyp başlady-da, olaryň ynamy hakda sorady. Tizara ol ýüregini Mesihe berdi.

Zoýanyň täze alan ynamy baradaky gürrüňler derrew ýaýrady, şonuň üçin häkimiýet wekilleri onuň öýüne ynamyndan ýüz öwürmäge we Mars hudaýa gurbanlyk getirmäge mümkinçilik bermek üçin geldiler. Ol boýun towlady. Şonda bu aýaly zynjyrlap, adamsynyň işleýän türmesine alyp bardylar.

Zoýa öz sözünden dänmedi we imanyndan ýüz öwürmedi, şonuň üçin ony asdylar-da, soň hem jesedini ýakyp, külüni-de derýa taşladylar.

Bu taryhda kim adaty bolmadyk şaýat bolýar? Belki, ýolbarslaryň öňüne oklanylmazdan öň Hudaýa doga-dileg eden maşgaladyr? Belki-de, ölüm howp salyp duran bolsa-da, imanyndan ýüz öwürmekden boýun towlan Zoýadyr? Jogap — hawa. Maşgala bu dünýäden gidip barşyna, ýene bir adamy göklere alyp gitdi. Maşgala-da, Zoýa-da taryhyň sahypalarynda öçmejek yz galdyran Mesihiň adaty bolmadyk şaýatlary boldular. Ýogsam, Zoýa butparaz türme garawulynyň aýaly hökmünde näbellilikde ölerdi. Bu maşgala müňlerçe öldürilenleriň içinde göze görünmän giderdi. Ýöne adaty bolmadyk imany bolan adaty adam özüniň ýatlanylmagyna mynasypdyr. Siziň durmuşyňyz özüňizi Isa Mesihiň adaty bolmadyk şaýady hökmünde ýatlamaklyga mynasypmy?

"Siziň-de biziň bilen şärikçiligiňiz bolar ýaly, görenimizi, eşidenimizi size aýdýarys".

1 Ýahýa 1:3

353-nji gün

ADATY BOLMADYK

TUSSAG

HYTAÝ: AL LIN

“Sen gürlemelisi ýaly gürlemeýärsiň — diýip, gaharly garawul garry mesihä öwretdi. — “Mesih däl-de”, “Türmede bolmak gowy” diýmeli.

Al Lin ýylgyrdy. “Ýöne türmede gowy däl-ä. Gepem şunda-da. Men näme üçin ýalan sözlemelimişim?”

“Beýle bolsa, elli gezek otžim etmeli! — diýip, garawul buýruk berdi. — Düýnki ýaly”.

70-ýaşly Al Lin polda näçe otžim etmek buýruk berlen bolsa, şonça-da edip, kümesine dolanyp geldi. Al Liniň adamsy Hoş Habary ýaýradany sebäpli tussag edilip, türmede öldi. Indi bolsa, hytaýly watandaşlaryna Mesihiň söýgüsi hakda gürrüň bereni üçin olam türmededi.

“Iýmit gowy, türmede gowy!” — diýip, atyzlarda uzaga çeken iş gününden soň, tussaglar batly aýtmalydylar. “Isa has-da gowy!” — diýen Al Liniň gaty sesi märekäniň horunyň içinde eşidildi.

“Al Lin, sen bu günem otžim etmek isleýärsiňmi?” — diýip, garawul oňa gygyrdy.

“Men siziň Isanyň özüňizi nähili güýçli söýýänini bilmegiňizi isleýärin” — diýip, ol jopag berdi. Al Lin güýji ýeterden agyr gelýän otžimaniýalary etmeli bolýan bolsa-da, garawullara we beýleki tussaglara Isanyň nähili gowudygy hakda gürrüň berme mümkinçiligine begenýärdi. Tussaglyk möhleti gutaryp, Al Lini azatlyga çykarmaly bolanda, ony ýene bir gezek sorag etmegi makul bildiler.

“Seniň adamyň nirede işleýär?” — diýip, ýaş aňtaýjy sorady.

“Ol Hudaýa gulluk edýär” — diýip, ol jogap berdi. Aňtaýjy aljyrap, eline onuň dokumentlerini aldy.

Ýöne Al Lin ýylgyrdy: “Ol köp ýyl mundan ozal öldi, indem, göklerde Hudaýa gulluk edip ýör”.

Al Lin ylahyýetçi-de däldi, tejribeli oratoram däldi. Şeýle-de bolsa, özüniň sada, berk hem garaşylmadyk jogaplary bilen kommunistleri başagaýlyga salyp bilýärdi. Biz şonuň ýaly ýagdaýlarda näme diýmelidigini oýlap tapybam bilerdik. Biz derrew gerek bolan jogaby tapyp bilerdikmi? Mesihe bolan imanymyzy goramak gerek bolanda, näme diýmelidiginiň aladasyny etmeli däldigimizi bize Isa ýatladýar. Bizden öňünden taýýarlanylan sözlere garaşmaýarlar. Bizden Hudaýa bil baglap, has zerur bolan pursatynda akylly sözleri almaklyk talap edilýär. Şol pursat gelende, Özi hakda hasylly şaýatlyk etmegimiz üçin Hudaý size aýtmaly sözleri berer.

“Munuň üçin berjek jogabyňyzy öňünden gaýgy etmezligi ýüregiňize düwüň. Çünki Men size dil hem akyldarlyk bererin. Size garşy çykýanlaryň hiç biri muňa ne garşy durup biler, ne-de bir zat aýdyp biler”.

Luka 21:14-15

354-nji gün

ADATY BOLMADYK
GÖRGÜLER — 1-NJI BÖLÜM

SUDAN: KAMERINO

Ahyrsoňy mamasy on ýaşly agtygyny iýmit gözlemäge goýberdi. Ol obanyň çäklerinden daşa gitmegiň nähili howpludygyny bilýärdi, şonuň üçin agtygyna garaňky düşmänkä gaýdyp gelmegi tabşyrdy.

Kamerino birnäçe dostlary bilen miwe ýygyp ýörüşlerine birnäçe kilometr geçipdi. Olar birden esgeriň sesini eşitdiler. Çagalar gorkup, uzyn boýly ot ösüp duran atyza ylgap girdiler-de, ýere ýatdylar. Esgerler atyzy ýakdylar-da, oglanlaryň gaçyp çykaryna garaşyp durdular.

Sudanda dini garaýyşlary sebäpli, mesihileri bir ýerden başga ýere göçürýärler. Ençeleri musulmanlaryň gazaply hüjümlerinden zordan gaçyp gutulýarlar.

Ýalyn derrew oglanlaryň ýanyna gelip ýetdi, şol sebäpdenem, janyňy halas etmek üçin gaçmakdan başga ýol galmady. Ýöne diňe üçüsi gaçdy, Kamerino bolsa galdy.

Ot ýanyp bolandan doň, gaçgaklary tutan esgerler Kamerinonyň ýanyna geldiler. Eýmenç agyry zerarly, Kameinonyň bedeni ýumlugyp ýatyrdy. Ol gymyldaman ýatyrdy, şonuň üçin hem, esgerler ony ölendir öýtdüler. "Ýene bir öli mesihi" — diýip, olaryň biri oglany aýagy bilen depip aýtdy.

Esgerler gidenden soň, Kamerino ýanan otlaryň içinden çykanda, ony obadaşlary tapdylar-da, oglany mamasynyň ýanyna alyp gitdiler. Onuň endamy güýçli ýanypdy. Ýakynlary Kamerino hiç hili kömek edip bilmediler-de, diňe onuň üçin Hudaýa doga etdiler.

Sudanly mesihiler doga-dilegiň güýjüne aýratyn daýanmaly bolýarlar. Gündelik görgüler we howplar olary özleriniň güýjüne bil baglama umydyndan mahrum etdi, şol sebäpden hem, olar Hudaýa köp bil baglaýarlar. Köp mesihi maşgalalarda Hudaýa doga etmekden başga hiç zatlaram ýok. Olaryň ýagdaýy hem gorkunç, hem şatlykly. Hudaýdan başga hiç zady galmadyk ýagdaýyna düşýänçä, özüne Hudaýdan başga zadyň gerek däldigini aýtmaga adam meýilli bolmaýar. Biz köplenç özümize daýanýarys. Doga-dileg etmeklik uly gudraty görkezip bilýär, ýöne biz onuň ýaly dilegi az edýäris. Şunuň ýaly adaty bolmadyk wagtda Hudaý sizi adaty bolmadyk doga-dileg etmeklige çagyrýar. Doga-dileg etmekden başga hiç zat edip bilmejek ýaly bolup, siz doga-dileg etmeklige näçe wagtlap bil baglaýarsyňyz?

"Doga-dilegde erjellik ediň, şükür edip, ägä boluň".

Koloseliler 4:2

355-nji gün

ADATY BOLMADYK
GÖRGÜLER — 2-NJI BÖLÜM

SUDAN: KAMERINO

Amerikan missionerleriniň bir topary Sudanda iýmit, ýorgan-düşek hem Mukaddes Kitap paýlady hem-de "Isa" filmini görkezdi. Olaryň ýük maşyny derýada batyp, ony itekläp çykarmaga bütin güni sarp edýänçäler, hemme zat plan boýunça barýardy.

Missionerler dyza çöküp, nämäniň bolýandygyny sorap, Rebbe ýüzlendiler we özlerine ýol görkezmegini haýyş etdiler. Olara ýük maşyny hapanyň içinden, ahyrsoňy, itip çykarmak başardanda, eýýýäm giç bolupdy. Özleriniň uzaga gidip bilmejekdiklerini bilendikleri üçin wagty biderek sarp etmejek bolup, öňden planda bolmadyk ugur bilen goňşy oba barmaklyk kararyna geldiler. Olar oba giren batlaryna, ýanlaryna aýallar gygyryşyp ylgap geldiler-de: "Tizräk bärik ylgaň! Biziň oglumyz! Siz kömek etmelisiňiz! Tizräk" — diýdiler.

Missionerler uly bolmadyk garaňky jaýa tarap aýallaryň yzlaryna düşüp gitdiler. Olar poluň üstünde köne ýorgana dolanylan, ýöne gymyldaman ýatan kiçijik oglanjygy gördüler. Olar ýorgany galdyranlarynda, Kamerinonyň endamyny örtüp duran ýanygy gördüler. Missionerler ony seresaplyk bilen ýüzün maşynynyň kuzowyna mündürdiler-de, obadan segsen km. uzaklykda ýerleşen keselhana alyp gitdiler. Ol ýerde oglanjyk gaýragoýulmasyz kömegi aldy. Bu gün Kamerino doga--dileg etmäniň we Hudaýyň rehiminiň öz janyny halas edişini ýatlanda, onuň gözleri ýaşa dolýar. Kamerino Mesihiň söýgüsini we Onuň şypa bermäge ygtyýarynyň bardygyny bilýär. Keselhanadan çykandan soň, ol köp aýlaryň dowamynda birinji gezek ýylgyryp başlady.

Missionerlerem, Sudandaky şeýle köp ölümiň we görgüleriň içinde özlerine on ýaşly oglanjygyň janyny halas etmäge beren mümkinçiligi üçin Hudaýa minnetdarlyk bildirdiler.

Kamerinonyň taryhy "Yzy bar" diýen sözlere täze many berýär. Oglanjygyň tükeniksiz görgülerde ölmegi ýa-da maýyp bolup galmagy mańlaýyna ýazylan ýaly bolup durdy. Ýöne ikinji bölümiň soňy gowy gutardy-da, Hudaýyň merhemetini ýatladyjy boldy. Kamerinonyň taryhy entek gutarmady. Onuň üçünji bölümi ýazylmagyna garaşýar. Günleriň birinde Kamerino Gökdäki agyry hem görgi bolmadyk öýünde iň doly şypa almany görer. Ýöne Ýer gowy bolmagyndan öňürti, gaty erbet bolar. Şeýle-de bolsa, Hudaý göz öňüne getirip boljak iň erbet ýagdaýyňam içine goşulyp, ezýetleriň hemmesiniň soňuna çykar. Şonda biziň hemmämizem öýümize gideris. Eger häzir siz beýan edip bolmajak agyryny çekýän bolsaňyz, ýada salyň, siziň ýoluňyz haýsy tarapa barýar?

"Ol olaryň gözlerinden ähli ýaşlaryny süpürer. Indi ne ölüm, ne ýas, ne agy, ne-de agyry bolar. Çünki öňki zatlar aradan aýryldy".

Ylham 21:4

356-nji gün



“Diniň düýp özeni öz islegiňi däl-de, Hudaýyň islegini ýerine ýetirmekden ybaratdyr. Biziň jennete ýa dowzaha düşjegimiz hut şuňa baglydyr”.

Sýuzanna Uesli, Jon hem Çarlz Ueslileriň ejesi

357-nji gün

ADATY BOLMADYK

RUHY ÇOPAN — 1-NJI BÖLÜM

DEMIRGAZYK KOREÝA: RUHY ÇOPAN KIM

“Siz meniň tenimi ýok edip bilersiňiz, ýöne janymy ýok edip bilmersiňiz — diýip, demirgaz Koreýaly gizlin mesihilik ýygnagynyň ruhy çopany döwlet howpsuzlygynyň ofiserine aýtdy. — Men öz wagyzlarymda marksistik şygarlary yglan etjek däl. Gijelerine ruhy çopanlary alyp gidip, olary gynaýanyňyzy men bilýärin, ýöne meniň tenime näme edeniňiziň maňa tapawudy ýok”.

Ruhy çopan Kim köp gürledigiçe-de, ofiser gaty gaharlandy. “Eger özüňe nebsiň agyrmaýan bolsa, onda maşgalaň hakda oýlan: olary-da, biziň gurluşymyzyň duşmanynyň kömekçileri hökmünde öldürýärler”. Ruhy çopan bir pursatlyk oýlanyp durdy. Ol çekerden agyr gelýän agyryny çekmäge taýaýrdy, ýöne öz maşgalasy hakda pikirlenmändi. Indi ol has kyn saýlawyň öňünde durdy. Ol pikirlenenden soň: “Olary halas etmek üçin Rebbe dönüklik edenimden, goý, aýalym bilen çagalarym ölübersin, şonda men hemmämiziň Rebbe wepaly bolup galanymyzy bilerin” — diýip, ynamly jogap berdi.

“Ony äkidiň” — diýip, gazaplanan ofiser buýruk berdi. Iki ýylyň dowamynda ruhy çopan Kimi garaňky kamerada sakladylar. Özüne aýratyn gymmatly bolan Mukaddes Kitap aýady oňa aklyny ýitirmän saklamaga kömek etdi. Onuň kiçijik ýekebara kamerasynyň deňinden günde geçýän beýleki tussaglar ruhy çopan Kimiň asudalykdan hem söýgüden doly ses bilen Ýahýa 13:7-ni, ýagny Isanyň: “Meniň edýän işimi sen entek bilmersiň, oňa sen soň düşünersiň” — diýip söz berýän aýadyny gaýtalaýanyny eşidýärdiler.

Soň. Bir pursatda ereýän kofeli, ýyldyrym çaltlygynda geçirilýän pul geçirimleri we şu pursatlyk göwün açmalary bolan häzirki zaman jemgyýetinde “soň” diýen söz göze görnüp duran ýagdaýda könelen bolup görünýär. Köpçülikleýin habar beriş serişdeleri bize durmuşyň ähli ulgamlarynda — syýasatda, ykdysadyýetde, ylymda, sportda we medeniýetde — bolup geçýän maglumatlary her minutda ýetirip durlar. ÝöneWagta tabyn bolmaýan Gudratygüýçli Hudaý entegem, “soň” düzgüni boýunça işleýär. Bu gün biz Oňa bil baglamaga we düşünme pursatyny soňa, belki-de, ebedilige goýmaga taýýarmy? Eger häzir synag başyňyza düşen bolsa, sizde bar bolan iň gymmatly zat — bu düşünme däl-de, ynanmadyr. Hudaýdan öz düşünjek bolmaklyk islegiňizden has agyr bolan ynanma ukybyny bermegini soraň.

“Isa oňa: “Meniň edýän işimi sen entek bilmersiň, oňa sen soň düşünersiň” diýdi”.

Ýahýa 13:7

358-nji gün

ADATY BOLMADYK

RUHY ÇOPAN — 2-NJI BÖLÜM

DEMIRGAZYK KOREÝA: RUHY ÇOPAN KIM

“Men kommunist däl, siz maňa ynanmalysyňyz” — diýip, ruhy çopan Kim 1950-nji ýylyň sentýabrynda Demirgazyk Koreýanyň basyp alan territoriýasy ýene azat edilende aýtdy. Demirgazyk Koreýaly kommunistler Mesihi wagyz edeni we öz wagyzlaryny makrsistik propoganda öwürmekden ýüz öwreni üçin ruhy çopan Kimi ýekebara kamerada sakladylar.

Azat edilme bolan wagtynda, Kim özüniň azatlyga çykjagyna ynanýardy. Ýöne ýalňyşyp, ony kommunistik içalydyr öýdüp, harby tussaglaryň lagerine iberdiler.

Nebsiagyryjy, islendik ýagdaýy Hudaýyň islegi hökmünde kabul edýän adam hökmünde, ruhy çopan Kim ýesirlere wagyz etdi. Olaryň köpüsi Mesihe tarap öwrüldiler. “Hemmeler harby ýesirleriň lagerindäki wagyzçy hakda gürrüň eryärler” — diýip, Koreýa katolik ruhany hökmünde gelen amerikaly missioner öz dostuna aýtdy.

“Ol, ähtimal, ýesirleri gowy tanaýandyr, şonuň üçin hem, men ol bize hoşhabar gullugyny gurnamaga kömek eder diýip pikir edýärin” — diýip, ruhany aýtdy. Hudaý olaryň dilegine jogap berdi.

Amerikan missionerlerine Kimiň ýanyna barmaga rugsat berdiler. “Lager wagyzçysy-da” bütin Günorta Koreýanyň territoriýasyndaky harby ýesirleriň lagerlerinde wagyz edip, olara ýürekden kömek etdi. Onuň gullugynyň arkasyndan müňlerçe kommunistler Mesihe geldiler. Bir ýyldan soň, ýurduň dürli lagerlerinde ertirki doga-dileg edişlige her gün on iki müň ýesir duryardy.

Ruhy çopan Kime, şeýdip, öz maşgalasyny görmek miýesser etmedi, ýöne harby ýesirleriň lagerlerinde müňlerçe adamlar onuň Mesihdäki dogany boldy.

“Munda näme many bar?” Özüniň durmuş ýolunda adalatsyzlyga, görgülere we zalymlyga duş gelen her bir adamda bu sorag ýüze çykýar. Ýöne biz Hudaýyň maksadyny hiç haçanam bilip bilmeýäris. Biz diňe Hudaýyň beýikdigini, Onuň isleginiň ahyr netijesinde biziň bähbidimize gulluk edýänini bilýäris. Biz stoluň üstüne ýaýradylan kelle işletme oýnunyň aýratyn bölejikleri kimindiris. Biz her bölejige seredýäris-de, olar biri-birine gabat gelmeýär diýip pikir edýäris. Biz gorky hem lapykeçlik duýýarys. Ýöne Hudaý şonuň ýaly bölejiklerden ajaýyp suraty düzmäge ussatdyr. Ol şol suraty dolulygyna görýär. Ol biziň durmuşymyzyň bölejikleriniň hemmesini bir wagtda görüp bilýär. Ol olaryň Öz maksady üçin nähili goýulýanyny bilýär. Ynam bilen Ussanyň gözlerine serediň-de, Onuň özüňizi goýan ýerine kaýyl boluň.

“Seniň taglymatyň neneňsi beýik,
işleriň nähili gudratly!”

Ýermeýa 32:19

359-nji gün

ADATY BOLMADYK
ROŽDESTWO TARYHY

RUMYNIÝA: ARISTARH

“Siz haçan hem bolsa bir wagt ter bedäni ysgap görüpdiňizmi? — diýip, oba oglany Aristarh öz gürrüňine başlady. — Onuň ysy şeýle güýçli bolup, terligini ýitirmänkä ýygnalan baharyň arassa hoşboý ysyny ýatladýar. Uzak syýahatdan soň, mal ýatagyna girenlerinde, şol ysy Merýem bilen Ýusubam duýan bolsalar gerek”.

Aristarhyň Mesihiň doglușy barada aňsat hem ýönekeý gürrüň berşini beýleki tussaglaram diňledi. “Megerem, atlaram gulaklaryny keýerdip, Halasgär doglanynda Onuň ilkinji sesine kellelerini öwrüp sereden bolsalar gerek. Olar diňlemegi gaty gowy başarýarlar. Bizem, Isa gürlände, edil şonuň ýaly ünsli bolmalydyrys”.

Rož, Mesihiň doglușy barada aňsat hem ýönekeý gürrüň berşini beýleki tussaglaram diňledi. “Megerem, atlaram gulaklaryny keýerdip, Halasgär doglanynda Onuň ilkinji sesine kellelerini öwrüp sereden bolsalar gerek. Olar diňlemegi gaty gowy başarýarlar. Bizem, Isa gürlände, edil şonuň ýaly ünsli bolmalydyrys”.

Rožde stwonyň öň ýanyndaky gijeki aýaz kesip barýardy. Tyrgul — Oknadaky türmäniň penjireleriniň aňyrsynda iki metre golaý gar bardy. Tussaglaryň eginlerindäki geýim ýukady, iýmiti hem az berýärdiler, ýorgan hemmelere ýetmeýärdi. Tussaglar maşgalalaryny küýseýärdiler. Olar diňe Aristarhyň Mesihiň doglușy hakdaky gürrüňinden teselli tapýardylar. Ol sözüni dowam etdirdi: “Ýyldyzyň ýagtysy aýyň ýagtysyndan güýçli bolan bolmaly. Ähtimal, ol mal ýatagynyň gapysynyň arasyndan geçip, Mesihiň doglanyny yglan etmäge horazy mejbur edendir”. Tussaglar diňlediler we gözýaşlaryny gizläp süpürdiler. Gürrüň gutarandan soň, kimdir biri aýdyma başlady, soň aýdym ýuwaş-ýuwaşdan arassa aýazly howada ýaňlanan ýaňa öwrüldi. Şol gije köçeden geçip barýanlar ajaýyp sesleri eşitmek üçin saklandylar.

Hatda zalym türmede-de, Mesihiň sylagy baradaky waka köp ýürekleri ýylatdy. Mesih — bu hemme zadyň esasydyr, şonuň üçin Rožde stwo ruhuny gulplaryň we gözenekleriň aňyrsynda gizläp bolmaýar.

Rožde stwonyň her ýylda bellenilýän şatlykly baýramçylykdygyny, sowgatlar hem näz-nygmatlar günüdigini hemmelerem bilýär, ýöne Rožde stwo bu zatlaryň hemmesinden has ýokary bolan zatdyr: ol saklanyp, ýylyň islendik wagtynda, Mesihiň dünýä gelmeginiň gudratyny baýramçylyk edip belleýän adamlaryň ýüreklerinde höküm sürýär. Rožde stwo ruhy iň kyn ýagdaýlarda bizi ýyladyp, özümiziň Mesihe bolan umydymyzy ýatladýar. Biz ýerde garyň ýatanyna ýa-da ýatmanyna, dürli reňkdäki çyrajyklary we bezelen arçany görýän ýa-da görmeýänimize garamazdan, Rožde stwony baýramçylyk edip belläp bilýäris. Siz her neneň zady başdan geçirseňizem, Mesih agyr pursatlarda size kömek etmek üçin doguldy. Onuň rehimi bütin ýyla ýaýraýar. Siz haçan soňky gezek Mesihe bolan umydyň öz kalbyňyzda ýaşaýanyny duýduňyz? Bu gün Mesihiň doglanyny — Onuň öz dünýäňize we öz ýüregiňize gelenini — baýramçylyk edip bellemek üçin wagt tapyň.

“Şu gün Dawudyň şäherinde size Halasgär doguldy. Ol Reb Mesihdir”.

Luka 2:11

360-nji gün

ADATY BOLMADYK
GÖRNÜŞIŇ ÝENE BIR MYSALY

GÜNORTA ÝEWROPA: TUSSAG MESIHI ZENAN

Tussag zenan türme bölüminiň başlygynyň — gyzyl ýüzli zalym hem gazaply aýalyň — öňünde durdy. "Sen ýene tussaglara Hudaý hakda gürrüň beripsiň. Men saňa bu bolgusyzlygy bes etmegi buýruk berýärin!" Başlygyň ýüzi Günorta Ýewropa ýurtlarynyň türmeleriniň hemmesinde höküm sürýän çäksiz ýigrenji görkezip durdy.

Ýöne tussag asuda hem berkdi. Ol öz Halasgäri hakda gürrüň bermegi bes etmäge özüni hiç kimiň mejbur edip bilmejekdigini aýdyp jogap berdi.

Başlyk aýal ýumrugy düwülen elini galdyrdy-da, birden saklandy. Ol haýran galyjy hem buýrukly äheňde: "Sen nämä ýylgyrýarsyň?" — diýip sorady.

"Meniň ýylgyrýanymyň sebäbi, özümi siziň gözleriňizde görýärin".

"Hawa, sen ol ýerde näme görýärsiň?"

"Gözleriňizde men özümi görýärin. Birwagtlar menem örän gahary çalt gelýän adamdym. Men hakykatdan söýmäniň nämäni aňladýanyna düşünýänçäm, gaharlandym, uruşdym. Hakyky söýgini bilelim bäri, meniň ýumruklarym hiç haçanam düwülmeýär".

Ol sözüni dowam etdirdi: "Eger siz meniň gözlerime seretseňiz, onda özüňizi Hudaý sizi nähili edip bilýän bolsa, şonuň ýaly şekilde-de görersiňiz. Ol meni-de birwagtlar şeýle edipdi". Tussag zenan geçmişde özüniň mamlalygyny ýumruk bilen subut edenini, öýkä öýke bilen jogap berenini bilýärdi. Emma indi Mesihdäki täze durmuşa eýe bolandan soň, ol diňe ýagşylyk görkezýär. Şeýle etmek bilen ol şaýatlygyny dowam etdirmäge hukuk alýardy.

Başlyk aýal aňk boldy, şeýle-de bolsa, özüne zor edip: "Ýok bol" — diýip bildi.

Tussag zenan tussaglygynyň bütin dowamynda Mesihe şaýatlyk etmegini dowam etdirdi, ýöne başlyk soň oňa päsgel bermedi.

Başlygyň tussag zenana päsgel bermek üçin eden synanyşygy öli adam bilen jedel edene meňzeýärdi. Garşy çykma şeýle bir garaşylmadyk boldy welin, başlyk aýala tussag zenany Mesih nähili keşpde goýan bolsa, şol keşpde — täze ýaradylyş keşbinde hem görmäge kömek etdi. Tussag zenan öňküsi ýaly bolan bolsa, hökman ýigrenje ýigrenç bilen jogap bererdi, ýöne onuň bu tebigaty ýitipdi. Onuň deregine mesihilik asudalygyny we ýagşylygyny şöhlelendirýän zenan durdy. Edil şunuň ýaly bizem, özümizi täze nurda görmelidiris. Biz indi öz duşmanlarymyza dünýewi ýigrenç bilen jogap bermeli däldiris. Biz köne ýaşaýyş üçin öldük. Duşmanlaryňyz siziň göwnüňize degende ýa-da gaharlandyranda, olaryň hereket edişi ýaly hereket etmäň. Gürrüň berlen wakadaky tussag zenandan görelde alyň.

"... köne ýaradylyşy egniňizden çykaryň... Çyn dogrulyk hem mukaddeslikde Hudaýyň meňzeşliginde döredilen täze ýaradylyşy geýniň".

Efesliler 4:22, 24

361-nji gün

ADATY BOLMADYK
DERÝADAN ADATDAN DAŞARY GEÇIŞ

TAILAND: HO DOGAN

Ho dogan syrkawdy, ol dosty bilen Mekong derýanyň buz ýaly suwuna girenlerinde, onuň gyzgyny bardy.

Ho bilen onuň dosty Laosdaky gizlin Mukaddes Kitap mekdebinde Mukaddes Kitaby öwrendiler, ýöne olaryň mekdebine kommunistik režimiň esgerleri çozdy. Olar zordan gaçyp, diri galdylar. Doganlar Tailanda ýola düşdüler. Olar hatda özleriniň maşgalalary bilen hoşlaşybam bilmediler, sebäbi olaryň maşgala agzalary mesihi däldiler, şol sebäpdenem, olary polisiýa aýtmaklary mümkindi. Şonuň üçin olar seslerini çykarman doga-dileg etdiler-de, ýanlaryna iň gymmatly bolan ýüki — sellofana dolanan Mukaddes Kitaby — alyp, sowuk bulançak suwly derýa girdiler. Olar galan zatlaryny kenarda galdyrdylar.

Ho pikirinde doga-dileg edip: "Rebbim, biz öläýen ýagdaýymyzda-da, olar biziň mesihidigimizi bilerler hem-de olar bu Mukaddes Kitaplaryň birini okarlar diýen umyt bar" — diýdi.

Derýadan geçip barýarkalar, ýoluň ýarymynda Honuň dosty ýapyşyp ýüzjek bolup, Mukaddes Kitaply paketini suwa saldy. Garaşylmadyk şalpyldy golaýdaky serhetçileriň ünsüni özüne çekdi, şoňa görä-de, olar derýany prožektor bilen ýagtylandyrdylar. Ýagty Mukaddes Kitaplar dolanan sellofana düşdi, şonuň üçin serhetçiler Aýyň ýagtysyna balyk ýaldyrandyr öýdüp köşeşdiler.

Bu missionerler özleriniň gutulyşynda ýöne bir deri sahaply kitaplara bil baglamadylar. Olar Hudaýa bil bagladylar. Şeýle-de bolsa, olaryň gijäniň içinde derýadan ýüzüp geçişi Mukaddes Kitabyň biziň durmuşymyzda oýnamaly bolan roluny takyk görkezýär. Biz Hudaýyň Sözüne edil ýaşaýşymyzyň özi şoňa bagly ýaly edip bil baglamalydyrys. Biziň bu hakykatyň göni manysynda hakykata öwrüljek ýagdaýyna haçan hem bolsa bir wagt düşjegimiz gümanadyr. Ýöne biz şu göreldäni unutmaly däldiris. Öz janymyzy saklamak üçin biz Hudaýyň Mukaddes Ýazgyda beren wadalaryna gyşarnyksyz eýermelidiris. Biz betbagtçylyga düşenimizde, ondan saplanjak bolup, ýeterlik derejede uzaga ýüzüp bilmeris. Biz Hudaýyň Sözüne "daýanmalydyrys", ýogsam, gark bolarys.

"Gör, men Seniň buýruklaryňy nähili söýýärin; ýa Reb, merhemetiňe laýyklykda meni direlt".

Zebur 119:159

362-nji gün

ADATY BOLMADYK
SYNAG

RUMYNIÝA: SABINA WURMBRAND

Sabina bilelikde ýaşan ýyllarynda öz adamsyna bolan söýgüsine ýekeje gezegem şübhelenmändi. Onuň adamsyndan soňky gezek habar alanyna köp ýyllar geçdi. Riçardyň ölendigi baradaky myş-myşlar bardy. Sabina özüne Hudaýyň saklanmagy we ynanmagy buýruk berýänini duýýardy. Ýöne olar ýene haçan hem bolsa bir wagt bile ýaşarmykalar?

Sabina ýaşdy, oňa ýetginjek ogluny terbiýelemek gerekdi, şonuň üçin hem, bir gün durmuşyny başdan başlamaklyk meýlini duýdy. Ýumşak häsiýetli we sypaty gelşikli Pawel onuň ogluna sapaklaryny etmäge kömek bermäge gelende, Sabinanyň oňa gönüniň gitmegi tebigy zatdy. Käwagt Pawel onuň elinden tutýardy ýa-da gözlerine seredýärdi.

Ahyrsoňy Sabina aňsat bolmadyk karara gelmeli boldy. Ol adamsy bilen duşuşygyň öňdedigine ynanmalydygyny we özüne Hudaýyň wada beren zatlarynda ünsüni jemläp, synagdan gaça durmalydygyny bilýärdi. Ol Pawelden öz öýüne indi gelmezligini haýyş etdi. Ol hemme zada düşündi-de, razy boldy.

Tiz wagtdan Hudaý Sabinanyň wepalylygyny sylaglady. Bir gün irden ol ýygnak binasynda pol ýuwup ýörkä, oňa türmeden hat getirip berdiler. Hat "Wasile Gregoreska" ýazylandy, ýöne ol adamsynyň hatyny derrew tanady.

Sabina: "Wagt hem aralyk kiçi söýgini söndürýändir, uly söýgini bolsa, has-da güýçlendirýändir" diýen sözleri okanda, gözleri ýaşa doldy.

Yzarlanylýan ýygnak baradaky taryh — bu hakyky duýguly hakyky adamlar hakdaky taryhdyr. Bu wakalaryň gahrymanlary ideal ýüreksiz gurjaklar däl. Ejir çekenleriň sesi — bu hakyky sesdir. Adamsynyň yzarlanandygy sebäpli, göni ýolda durup, peýda bolan synaglara ýan bermezlik üçin Sabina az tagalla etmeli we imanda az berk durmaly bolmady. Hawa, Sabinanyň adamsy synaglara duçar edildi, ýöne onuň imany-da, şonuň ýaly synaglara duçar boldy. Yzarlanmalar bize dürli derejelerde degip geçýär. Şeýle-de bolsa, yzarlanmalaryň gysajyna wagtlaýyn düşenler, her neneň täsin bolsa-da, betbagtlykdan başdakysyna seredende, has güýçli bolup çykýarlar. Wurmbrandlaryň düşen ýagdaýyndaky ýaly, yzarlamalaryň kömegi bilen siziň söýgiňiz, eger oňa öz wezipesini ýerine ýetirmäge rugsat berseňiz, güýçli bolýar.

"Her zada döz gelýändir, her zada ynanýandyr, her zada umyt baglaýandyr, her zada çydaýandyr".

1 Korintoslylar 13:7

363-nji gün



“Eger size görnüş berlen bolsa, onda sizi hiç zadam gorkuzmaz. Görnüş bilen bilelikde Hudaý size güýjem berýär. Gorkmaň”.

Eýranly ruhy çopan

364-nji gün

ADATY BOLMADYK

ÝENE BIR ADATY BOLMADYK ÝETGINJEK

PÄKISTAN: TARA

Tara Hudaý hakda köpräk bilmek üçin Mukaddes Kitaby gizlinlikde gaýybana öwrenip başlanda, ýedinji klasda okaýardy. Berk saklanylýan musulman maşgalasynda onuň Isa hakdaky soraglaryna hiç kim hiç haçanam jogap bermezdi, şeýle-de bolsa, ol hakykaty bilmek kararyndan doludy.

Bir gün ene-atasy gyzy mesihilik kitaparyny okap otyrka tutýarlar. Bu bolsa olary gazap atyna mündürýär. 1992-nji ýylyň noýabrynda olar ony şeýle zalymlyk bilen urdular welin, ol bir hepdäniň dowamynda huşundan gidip ýatdy. Tara ahyrsoňy ýerinden galyp, keselhana baryp ýetmäge özüne perişdäniň kömek edendigine ynanýar.

Tara imanda ösmegini dowam etdirdi we 1995-nji ýylda gizlinlikde suwda çokundyrylmany geçdi. Ene-atasy ony musulmana durmuşa çykarmaga taýýarlyk görüp başlanlarynda, gyz ýene boýun bolmakdan ýüz öwürdi, şol sebäpli ýene-de uruldy. Ony birnäçe günläp uklaman durmaga mejbur etdiler. Şu wagtda Tara üç görnüş gördi. Şol görnüşler wagtynda gelen ses oňa: "Men seniň bilendirin. Men seniň Ataň" — diýdi.

Ony ýene zalymlyk bilen ýençdiler welin, ol ýarym öli ýagdaýyna düşdi. Ol üç günden soň oýananda, guran gan lagtasynyň içinde ýatanyny gördi. Şu pursatda ol ýene şol bir ruhlandyryjy sesi eşitdi: "Men seniň Ataň. Men seni goraryn".

Tara öýünden gaçmak başartdy. Häzir ol başga bir ýurtda howpsuzlykda ýaşap, Rebbe gulluk edip ýör.

Mesihilik ýeňlişe alyp barýarmy? Hoş Habara ýapyk bolan ýurtlardaky adamlar Mesihe bolan imanyň üçin görgi görmegiň nämedigini bilýärler. Olar mesihileriň maşgalalaryny ýitirýändiklerini bilýärler. Musulman maşgalalar özleriniň Mesihe iman eden ýakynlaryndan doly geçmek bilen çäklenmän, eýsem, dinden çykan hökmünde, olary özleri yzarlap başlaýarlar. Şeýdip, täze imana gelenler jemgyýetiň ýigrenýän adamy bolýarlar. Ekstremistler tutuş mesihi maşgalalaryny öldürýärler. Iman sebäpli yzarlamalar bilen baglanyşykly bolan ýitgiler ummasyzdyr. Şeýle-de bolsa, bizde Mesihiň wadasy bar. Özümiziň Mesih üçin ýitirýän zatlarymyzy Ol bize göklerdäki ebedi durmuşymyzda jomartlyk bilen gaýtaryp berer. Bu töwekgelçilikli hilegärlik däldir. Bu çirksiz Hudaýyň Sözüne esaslanan oýlanyşykly töwekgelçilikdir.

"Meniň hatyram üçin öýlerini, doganlaryny, uýalaryny, atasyny, enesini, aýalyny, oglan-uşagyny ýa ýerlerini taşlan her kes ýüz esse edip alar, ebedi ýaşaýşyň mirasçysy bolar".

Matta 19:29

365-nji gün

kitabi-knigi.com

Islendik bölümi, tutuş maşgala üçin mugt ekitaplary komputeriňe ýükle we oka.

ADATY BOLMADYK BAGYŞ EDILME

Adaty adam üçin mesihilik pida edijiligi we ejir çekmekligi uzak asyrlardaky mesihiler bilen baglanyşyklydyr. „Ejir çekenleriň sesi“ atly doga etme býuleteni okanymyzda, häzirki döwürde-de, Mesihe bolan imanyň üçin ejir çekmeli bolunýandygyna göz ýetirýäris. Dürli medeniýete we dürli mesihilik konfessiýalaryna degişli bolan, dürli jemgyýetçilik gurluşly dürli ýurtlarda ýaşap, yzarlanmalara duçar edilýänleri adaty bolmadyk bagyş edilme birleşdirýär. Ylaýta-da, çagalaryň özlerini bagyş etmeleri haýran galdyrýar, sebäbi köplenç ene-atalar ikirjiňlenip başlan wagtlarynda, çagalaryň aýgytlylygy aýgytlaýjy roly oýnaýar.

Ýylyň her gününde okamak üçin bir waka berilýär. Onuň üsti Mukaddes Kitap salgylanmasy hem oýlananyňa degýän netije bilen ýetirilendir.

Kitap okyjylaryň giň toparlaryna niýetlenilendir.

TM